# Üns beriň!

Bu kitap hiç-hili görnüşde satuwa degişli däl. Bu kitaby islendik görnüşinde köpçülikde paýlaşylanda, islendik pul birligi ýa-da internet ulgamynda bal ýa-da ş.m. görnüşinde garşylygyny talap etmek gadagan. Kitaby mugt görnüşinde, hiç ýeri üýtgedilmedik ýagdaýynda paýlaşyp bilersiňiz.

Bu kitaby elektron görnüşe geçiren Döwlet Rahmanow we ol bu kitap sebäpli ýüze çykyp biljek islendik meselede jogapkärçiligi öz üstüne almaýar.

Bu kitap barada ýüze çykan soraglar, teklipler we şeýle kitaplaryň köpelmegine maddy hem başga görnüşde ýardam bermek üçin şu salgylar bilen habarlaşyp bilersiňiz:

Rahmanow Döwlet Akmuhammedowiç

E-poçta: statetm@gmail.com

Line ID: statetm

Mobil telefonlar: +993 65 482698  we  +993 69 539804

# BATY
# HAN

*Bile zähmet çekip ýazan şu kitabymyzy men mährem ýan ýoldaşym Mariýa Ýanyň ýagty ýadygärligine bagyşlaýaryn.*

W. Ýan.

# OKYJY!

Bu powestde: “...ynsanyň gaýduwsyz batyrlygy hem mekir ýowuzlyk; azatlyk ugrundaky gazaply göreş hem görülmedik zulum; ýigrenji dönüklik hem wepadar dostluk beýan edilýär. Baty hanyň rehimsiz leşgerleriniň basyp alan ýurtlaryndaky ilaty görlüp-eşidilmedik jebir-sütemlere sezewar edişi, ýüz-müňlerçe atlydan ybarat aýylganç akymyň edil deňiz tolkunlarynyň bölek tagtany gerşinde göterişi ýaly edip, bu hany beýik Itil derýasynyň kenaryna getirişi hem ol garaýagyz, gyýyk gözli hökümdaryň kuwwatly Altyn Orda hanlygyny döredişi barada gürrüň berilýär”.

**(“Hajy Rahymyň ýazgylary”).**

**W. ÝAN**

# BATY HAN



ROMAN

"TÜRKMENISTAN" NEŞIRÝATY
AŞGABAT, 1986

Ýan W.

B a t y   h a n: Roman /*Terjime eden K. Gurbanmyradow.* – A.: Türkmenistan, 1986. 496 s. 2 m. 30 k.

Talantly ýazyjy W. Ýanyň türkmen diline geçirilen «Çingiz han», «Spartak» atly eserleri giň okyjylar köpçüliginiň göwnünden turdy. Eliňizdäki kitap mongol basybalyjylarynyň tozgunçylykly ýörişleri barasyndaky trilogiýanyň ikinji kitaby bolmak bilen, gazaply hem hilegär hökümdaryň – Baty hanyň ordasynyň rus topragyna çozup girişi, watan goragyna aýaga galan edermen rus halkynyň gahrymançylykly göreşi hakynda gürrüň berýär.

*Ян В. Батый. Роман.*

Terjime eden: *Kakabaý Gurbanmyradow.*

Elektron görnüşe geçiren: *Rahmanow Döwlet Akmuhammedowiç (statetm@gmail.com).*

Elektron görnüşe geçirmäge hemaýat eden(ler): *Agajan Hezretgulyýew we www.ertir.com –yň birnäçe agzalary.*

Aýratyn minnetdarlyk: *Kitaby elektron görnüşe geçirmekde uly kömegi degen Kätip v.2.1.2 (http://ajapsozluk.com/) programmasynyň awtory Nazar Mämmedowa we Abby Fine Reader programmasynyň döredijilik toparyna.*

© «Türkmenistan» neşirýaty, 1986 ý.

Elektron görnüşe geçirildi 2016 ý.

# BIRINJI BÖLÜM

## ÇINGIZ HANYŇ WESÝETI



*Eger hasratam ot ýaly burugsaýan bolsady, onda älem-jahan tüssä gaplanardy.*

(Şahit Balhy, IX asyr)

## BIRINJI BAP

### Gündogarly sene ýazyjysynyň külbesinde

Inçejik gamyş galam aşak ujy düýrlenen uzyn kagyzyň ýüzünde ezberlik bilen oýnaýardy. Fakyh[1] kesewi ýaly gara, hor eli bilen ýazýan arapça hatyny eşidiler-eşidilmez hümürdi bilen okaýardy.

Külbäniň içi dym-dyrslykdy. Diňe yzyny kesmän ýagýan ýagşyň gamyşdan edilen üçege degip çykarýan şybyrdysy fakyhyň birsydyrgyn hümürdisi bilen goşulyşýardy.

– “...Çingiz hanyň[2] wesýetiniň anygyna ýetmek üçin men bilýändir öýden adamlarymyň ählisine ýüz tutyp çykdym. Ýöne betbagtlyk labyry üstüme çökdi. Buharada ymamlaryň goluna düşdüm.

Allanyň adyna şek ýetirmekde aýyplap, olar meni içi aňkap duran pessejik kapasa dykdylar. Onuň içinde şagal ýaly dyzanaklap ýörüşime, dik durmaga-da ýagdaýym ýokdy. Geýimlerim aşyklygyň eti ýaly sal-sal bolup gitdi. O ýerini-bu ýerini çigişdirip, zordan tenimi ýapýaryn. Zyndanyň sakçysy gün içinde bir gezek meň üçin goýlan agaç gaba bulanyk suw guýup gidýär. Soňra hatda şonam ýadyndan çykaryp başlady. Kämahal ol eli, aýagy bagly bendini öňüne salyp gelýärdi. Biçäre bendi sögünip, aýagyndaky agyr gandaly bilen meniň kapasamyň hapa poluny çyzyşdyrýardy. Beýleki oturan bendileriň yzlaryndan gelip-gidýän hossarlary maňa – “keramatly ymamlaryň näletlän, bu dünýäde ömürlik ejire, o dünýede bolsa dowzah oduna höküm edilen”... adama üýtgeşik gorky bilen hüşerilişip seredýärdiler...”

Fakyh palçykdan edilen çyranyň peltesini düzedip, ýene-de okamagyny dowam etdi:

“Günleriň bir güni meniň oturan kapasamyň penjiresiniň öňünde üstünden gülünerinden, näletlenerinden heder etmän, gypjaklaryň iň ýigrenýäni – bir ýerde mekan tutman, göçüp-gonup ýören

---

[1] F a k y h – alym, okumyş, kanun öwreniji.

[2] Ç i n g i z h a n (1155 - 1227) – mongol serkerdesi, aziýaly basybalyjylaryň iň ulusy hem Koreýadan Gara deňize çenli aralygy tutýan ägirt imperiýany döreden adam. Çingiz hanyň goşunynyň Jebäniň hem Subudaý batyryň (bular hakynda eserde ýatlanylýar) baştutanlygyndaky öňdäki otrýadlary Dnepriň kenaryna çenli baryp, şol ýerde-de ruslaryň, polowesleriň goşunlary bilen çaknyşýar. Mongollar Azow deňzine çenli yza çekilýärler. Şol ýerde Kalka derýasynyň ýakynynda bolan söweşde (1224) olar rus-polowes goşunlaryny çym-pytrak edýärler. Jebäniň hem Subudaý batyryň bu hüjümleri bütin Ýewropany basyp almak üçin Günbatara ýöriş etmegi ýüregine düwen Çingiz hanyň buýrugy boýunça edilen deslapky (aňtawdy) razwedkady. Çingiz hanyň bu niýetini öz goşunlary bilen Adriatik deňziniň kenarlaryna çenli baryp ýeten agtygy Baty han belli bir derejede amala aşyrdy. Çingiz hanyň Orta Aziýa çozuşy (1220 – 1225) W. Ýanyň bu trilogiýasynyň birinji kitaby bolan “Çingiz han” romanynda beýan edilýär.

otparaz lýuli taýpasyndandygy açyk bildirip duran gyz peýda boldy. Ol gözenekden bir gysym kişmiş bilen hoz oklady-da, derrew gözümden ýitdi. Ertesi ol ýene geldi. Özem ýere degip duran uzyn gara şala dolanypdyr. Gyz zyndanyň diwarynyň gapdalyndan ses-selemsiz geçdi-de, maňa çörek hem bir käse gawun uzatdy. Soňam kümüş ýüzükli garaýagyz elleri bilen penjiräniň gözeneginden gysymlap durşuna içiňden geçip gelýän ýiti gara gözlerini esli wagtlap menden aýyrmady. Yzyndanam eşidiler-eşidilmez pyşyrdady:

– Meň üçin doga oka!

Ol üstümden gülýändir öýdüp, men beýläme öwrüldim. Ertesi gün ýene penjiräniň öňüne gelip, ol öňki haýyşyny gaýtalady:

– Bagtym, arzylym sag-aman geler ýaly, maňa derek doga oka!

– Meniň dogadan başym çykanok. Onsoňam ol nämä derkar? Men bir keramatly ymamlaryň näletlän bendesi!

– Seniň ymam diýýänleriň hilegärlikde Iblisdenem[3] geçiren adamlar. Öz ýanlaryndan hondan bärisi bolşup, donlaryna sygman ýörler. Olar näletlän bolsa, onda sen namazhon, adalatly adamsyň. Meniň üçinem, alysdaky esgerim üçinem kyn görme-de, Alla mynajat et.

Men onuň haýyşyny bitirmäge boýun boldum. Gyz soňam birnäçe gezek geldi. Ony köşeşdirjek bolup, men bagt getirýän dogany her gije dokuz[4] öwra gaýtalaýanymy aýtdym.

Bir gezek ol gyz – ady Bent-Zankyja – ýylgyrma diýlen zady bilmeýän tutuk ýüzli ýigit bilen geldi. Gara saçlary egninde seçelenip duran ol ýigidiň kümüş ýaragy, aýagynda-da ökjesi belent sary ädigi bardy. Ol maňa sessiz seredip durdy-da, gyz tarap öwrülip:

– Bu şol... hile-aldawy bilmeýän kişi... Men muňa kömek ederin! – diýdi.

Biz bir-birimize nazarymyzy dikip, biraz salym durdyk. Işi bulaşdyrmazlyk üçin biz dogandygymyzy ähli zady synlap duran zyndan sakçysyna bildirmejek bolup azara galdyk. Uzyn boýly ýaş ýigit meniň inim Tugandy... Onuň gözümden uçanyna kän wagt geçeni üçin, ýene duşaryn diýen tamamy üzüpdim...

Tugan gyzyň ýüzüne garap, göýä onuň bilen gepleşýän ýaly şeýle diýdi:

– Ymamlaryň näletlän adalatly bendesi, meniň sözlerime gulak goý. Meniň ýanymda üç sany togalak gara zat bar. Sen olary ýuwutmaly. Şonda seniň ruhuň daglaryň depesinden ötüp, salkyn çeşmeli, ýakymly ysly gülleriň mekany bolan jülgä düşer. Ol ýerde gar ýaly ak atlar otlaşyp ýörendir, altyn guşlar adam sesi bilen aýdym aýdýandyr. Ol ýerde sen on alty ýaşly ýigitkäň söýen gyzyňa duşarsyň.

Men onuň sözüni böldüm:

– Oýanamsoň ýene-de şu penjiräniň demir gözenegini gemrip ýatmaly, şeýlemi?.. Maňa beýle düýş derkar däl!..

– Jedeliňi goý-da, yzyny diňle... Ruhuň ak atlar otlap ýören dag jülgesinde lezzet alyp ýörkä, men zyndan sakçysyna seniň öleniňi habar bererin. Adat boýunça, seniň jesediňi dessine gömmek bilen bolarlar. Bendi ussalar gözenegi döwerler-de, seniň bedeniňi gaňyrçaga ildirip, jezalandyrylanlaryň zyňylýan çukuryna süýräp ugrarlar. Şonda her näçe kynam bolsa dişiňi gysyp, gygyrman saklanjak bol! Diridigiňi bildirdigiň, demir şeşper bilen kelläňi pytradarlar... Sen gijäň ýaryna çenli şol ýerde – münder bolup ýatan maslyklaryň arasynda ýatarsyň. Edil şol wagtlar seniň maslygyňy täze görüp, itlerdir şagallar düýt-müýt edip başlamankalar men üç esger bilen häzir bolup duraryn. Soň seni ýapynja dolap, öz bolýan ýerimize alyp gideris. Baraňsoň, deprek kakyp, mis gazanlary takyrdadyp, aýdym aýdarys hem seniň bedeniňi wagtlaýyn terk eden ruhuň gezip ýören gözel jülgesinden yzyna çagyrarys. Ýene-de öňki ýagdaýyňa dolanyp gelersiň. Şuňa ynanaý. Soň bolsa ata atlanyp, alyslara – ýat ülkelere gidersiň. Şol ýerde-de täzeçe ömür sürüp başlarsyň...”

Fakyh birden özüne geldi-de, diňşirgendi. Onuň göwnüne bolmasa külbesiniň ýuka diwarynyň aňyrsyndan şygyrdy eşidilen ýaly boldy. Biraz salym diňşirgenip durdy-da, ol ýene ýazmagyny dowam etdirdi:

“Ähli zat edil aýdyşy ýaly boldy. Onuň batyrgaý kömegi bilen, men oslaman durkam erkinlige çykdym. Ejir çeksemem, çalajanam bolsam – garaz, diri. Otparazlaryň arasynda birnäçe gün

[3] I b l i s – Şeýtan.

[4] Dokuzlyk san Gündogar halklarynyň köpüsinde keramatly hem bagt getiriji diýlip hasaplanýar.

bolanymdan soň Sygnak[5] şäherine tarap ýola rowana boldum. Şol ýerde-de meniň ikinji ömrüm başlandy...”

## IKINJI BAP

### Tümlükden çykan myhman

Fakyh Hajy Rahym ýene diňşirgendi, ýazyp oturan inçejik gamyş galamyny ýalpak mis jama taşlady-da, elini mazaly çal sepen sakgalynyň üstünden ýöredip goýberdi. Ýukajyk diwaryň aňyrsyndan şygyrdy has aýyl-saýyl eşidildi.

“Bu sowuk güýz gijesi entäp ýören kimkä? Kimem bolsa bir erbet zadyň kül-külüne düşendir. Ýogsa, beýle howada sümsünip ýörmezdi...”

Bir üýşmek köne kitabyň üstünde goýlan palçyk çyra garalyp giden nätekiz diwarlary, reňkleri mazaly solan halyny hem sarsman oturan alymyň ejirli ýüzüni zordan ýagtyldýardy. Penjiräniň öňüne gerlen ala-mula tuty çalaja gymyldady.

Gapynyň iç ýüzünde garysyny ýaplanyp ýatan ullakan ak köpek bir zada hüşerildi-de, hyňrandy. Penjireden içerik uzan gara el tutynyň bir çetini galdyrdy. Yzyndanam gyýyk gara gözler ýaldyrap göründi.

– Kim bar? – diýip, ýerinden galan Hajy Rahym topulmaga häzirlenen köpegiň kellesine elini goýup köşeşdirdi. – Akbaý, ýat!

– Ýoluny ýitirene rehim et! Öl-myžžyk bolan eşiklerimi bir guradaýyn! – diýip, nätanyş pessaý gürledi.

“Boluş-a gaty geplemäge çekinýäne çalym edýär... – diýip, fakyh oýlandy. – Jan ynanar ýaly adam bolsa-ha, ne ýagşy”.

– Görýän weli sen kitaphon adam ýaly. Mugallym Hajy Rahym diýilýän sen bolaýma?!

– Ýalňyşmansyň. Şol-a men!

– Onda meni çaltrak öýe sal! Mawerennahyryň beýik weziri Mahmyt Ýalwaç saňa salam iberdi...

– Meniň külbämiň hiç kim üçin açylmaýan gapysy onuň adyndan salam getiren üçin hemişe açykdyr.

Fakyh gapysynyň agaç sokmasyny sogran badyna nätanyş eglip içeri girdi. Egni mongol lybasly, garaýagyz, deşli nätanyş dikeldi-de, töweregine göz aýlady. Entegem hyňranýan itini saklap duran Hajy Rahym onuň bolşuny içgin synlaýardy. Nätanyşyň her bir hereketinde ynamlylyk, hökümlilik aýdyň duýulýardy. Ol guşagyny çözdi-de, üstki geýimlerini çykaryp, agaç çüýden asdy. Soňam öl ädiklerini kynlyk bilen aýyrdy-da, bir çete oklap, sönüp barýan ojagyň gapdalyndaky köne halynyň üstüne çökdi. Edil öz öýünde ýaly, ol ellerini gapdalynda ýatan goýun derisine süpürdi.

– Çyrany söndürmek gerek! – diýdi-de, mongol bada-bat öçügsi ýylpyldap duran peltäniň üstünden barmagy bilen basdy. Içeri tüm garaňky boldy. Diňe tutynyň gowy ýapylmadyk ýerinden çalaja yş görünýärdi.

– Näme üçin beýtdiň? – diýip, fakyh pyşyrdady.

– Meniň yzymdan kakamy öldüren ýaragly ganhorlar kowalap gelýär – diýip, mongol ýuwaşja seslendi. – Olaryň niýeti meni öldürmek. Seniň penjiräniň yşygy uzakdan göze ilýär. Şonuň üçinem, şu garaňkylykda-da öýüňi tapdym... Itiňi kow!

– Bu it meniň ýeke-täk goragçym...

– Ýok et ony! Sesi Sygnagyň ähli ýerine ýaň salýar.

– Mundan gorkasy zat ýok.

– It, goý, öýüň töwereginde aýlanyp, şol nejisler golaýlasa, duýdursyn.

Fakyh hökümli myhmanyň buýrugyna bialaç goýun egip, iti daşaryk çykardy. “Gaçaýsam nähili bolarka?” diýip, öz ýanyndan pikir öwren Hajy Rahymy myhmanyň güýçli penjesi yza çekdi. Soň agaç sokmany ýerine süýşürip, gapyny içnden berkledi. Fakyhy goýbermän durşuna halyň üstünde oturtdy-da, özem onuň gapdalynda dyzyny ýere urdy. Itiň sesi eşidilenden, ol daşaryk diň salyp üzlem-saplam sözleri çalt-çaltdan suňşurmaga başlady:

---

[5] S y g n a k – XIII asyrda Syrderýanyň boýunda ýerleşen baý söwda şäheri, Juçynyň ulusynyň ilkinji paýtagty. Häzir ol ýerde Sygnagyň ozal baý şäher bolandygyna şaýatlyk edýän yns-jynssyz depelerden, çukurlardan, jaýlaryň galyndylarydyr mawzoleýlerden başga zat ýok.

– Gapyny açaýmagyn. Olar gapynyň aňyrsyndan bildirmän diňşirgenerler. Dönüklik bilen meniň kakamyň biloňurgasyny ýazdyryp öldürenem şolar. Men olary gazanda diriligine gaýnadaryn. Şeýtjegime gök asmandan ant içýärin!.. Gaçmaga hyýallandygyň, senem bogup öldürin!..

Öý eýesini bir penjesi bilen berk saklap durşuna nätanyş bir egnine gyşardy. Ony ysytma tutýardy. Birdenem tarsa ýerinden turdy-da, diňşirgenip, diwara tarap çekildi.

– Şolar! – diýip pyşyrdady. – Ajal yzymdan ýetdi. Meniň bardygymy bildiräýseň, oň etmen!

It güýjünde baryny edip üýrýärdi. Kimdir biriniň aýak sesi eşidildi. Soňam jedelleşip başladylar. Güýçli urgudan diwar sarsyp gitdi.

– Eý, hojaýyn! Aç gapyny!

– Gijäniň bir wagty welaýat başlygynyň kätibini bimaza etmäge het edýän kim? – diýip, Hajy Rahym gygyrdy.

– Aç basymyrak. Bolmasa hütdügiňi başyňa ýumrarys! Biz gaçgak jenaýatçyny gözläp ýörüs.

– Men iki gün bäri bitap ýatyryn. Ojakda ot ýakyp, suw gyzdyrmaga-da gelýän adam ýok. Jenaýatçyňyzy hiç kime azarsyz-bizarsyz kitap göçürijiniň öýünden däl-de, gamyşlykdan gözläň.

Olaryň özara jedeli entegem dowam edýärdi. Kimdir biri gapyny ýumruklady. Birdenem ýaraly ýyrtyjynyň arryldysyna meňzeş bir aýylganç ses jedele suw sepilen ýaly etdi. Ah-wahdyr iňňildi eşidildi. Daşardaky gopgun barha uzaklaşyp, ahyry diňdi. Hajy Rahymyň geplejek bolup çemlenenem şoldy welin, myhmanyň eli onuň agzyny tutdy.

– Olaň nähili hilegärdiginden seniň habaryň ýok – diýip, nätanyş öý eýesiniň gulagyna pyşyrdady. – “Şeýtana sapak beren” diýilýänlerem olarça ýokdur. Bir topary bukulmaga gidip, beýlekileriň gapynyň agzynda diňşirgenip duran bolmaklary mümkin. Biraz tagapyl etmeli we söweşe taýyn bolup durmaly.

Olaryň ikisem demlerini alman penjiräniň öňüne baryp daşaryk seretdiler. Gözlerine ilen gara bolmady. Nämäniňkidigini aňşyryp bolmaýan şygyrdylardan hem ýapraklara urulýan ýagşyň şybyrdysyndan başga ses-selem ýokdy.

## ÜÇÜNJI BAP

### Atdyr ýigidiň gaýraty

Ýaňyja dogan günüň ilkinji şöhleleri tutyny elwan reňke boýady. Nätanyş ädigini geýmäge oturdy. Ol-myžžyk bolan uzyn donuny bir burça taşlady. Soňam öý eýesiniň razylygyny-närazylygyny soraman, agaç çüýden asylgy duran köne ýapynjany zordan egnine sokdy.

– Atymyň ýoklugy gaty haýp! Sypmak başardaýsa-ha ne ýagşy... Belki, seniň ýyrtyk ýapynjaň dadyma ýetişer. Entäp ýören gedaýdyr öýdüp, tanamasalar-a bagtymyň geldigi...

Ol şeýle diýdi-de, gapynyň jaýrygyndan daşaryk seretdi. Şol bada hem arkan tesip, diwara ýaplandy. Biraz salym duransoň, gapyny özüň aç diýip fakyha ümledi. Edil şol wagt gapy ýuwaşja tyrkyldady. Hajy Rahym sokmany aýran badyna topugyna düşüp duran uzyn mämişi köýnekli, bugdaý reňk, boýnuna gök monjuk dakynan çepiksije gyz gapyda peýda boldy. Agzyna gök ýaprak goýlan küýzesini egninde göterip duran ol gyz ýylgyrýardy. Ýapragyň üstünde ýaňyja bişirilen üç tegelek çörek bardy.

Keşbinde hiç hili gaýgy-alada bildirmeýän şadyýan gyz:

– Salamaleýik, Hajy Rahym! – diýip ýylgyranda, her ýaňagynda bir kiçijik çukanajyk emele geldi. – Meniň hormatly hojaýynym Nazar Kärizek häzir saglan süýt bilen şu çörekleri saňa iberdi. Ýene-de näme kem zady bolsa sora diýdi.

Hajy Rahym minnetdarlyk bildirip getirilen zatlary aldy-da, gyzyň yzy bilen külbeden çykdy. Diňen ýagşyň damjalary böwürsleniň ýapraklarynda hünji sepilen ýaly ýyldyraşýardy. Gözleri gan guýlan ýaly gyzaryp duran garry Akbaý ýodanyň üstünde garysyny ýassanyp ýatyrdy.

Üstüne araplaryň geýýän çal reňkli ýüň ýapynjasyny ýapynan bir adam çygly otuň üstünde süýji ukuda ýatyrdy. Beýle ýanynda kemende baglanan eýerlengi ak at otlap durdy. Gara gözleri oýnaklaýan at tiz-tizden kellesini göterip, ýüpek ýaly seçelenip duran ýalyny silkip, mör-möjekleri kowýardy.

Fakyh külbesine girdi. Gapynyň agzynda garaşyp duran myhman oňa:

– Hoş, gal, hormatly mugallym Hajy Rahym! – diýdi.

Fakyh onuň ýeňinden ýapyşdy:

– Ýolda iýer ýaly ol-bi zat al!

Gyzgyn çörekleri goltugyna salyp duran nätanyş:

– Sen henizem meniň kimdigimi tanaňok öýdýän?! – diýip, öý eýesine nazaryny dikdi. – On ýyl mundan ozal maňa galam tutmany, çylşyrymly arap sözlerini ýazmany öwredeniň ýadyňdan çykdymy? Men gaty köp zatlary unutdym. Ýöne “Jahangir” sözüniň nämäni aňladýandygy hemişe hakydamda: “Älem-jahany boýun egdiriji!” Meniň kimdigimi basym tanarsyň. Özüm yzyňdan adam ýollaryn...

Ol edil gapyda durdy-da, haýran galmak bilen gyza nazar saldy:

– Seniň adyň kim? Aslyň nireden?

– Adym-a Ýyldyz. Özümem Nazar Kärizegiň öýünde ýaşap ýören ýetimek.

– Sesiň edil tüýdügiň owazy ýaly ýakymly eken. Sen meniň ýolumda dogan bagt ýyldyzym bolarsyň...

Howlukmaç daşary çykan badyna onuň daňylgy duran ak ata gözi düşdi:

– Muny maňa keramatly asman ýollandyr. Çingiz hanyň ýörişde münýän aty bolan Seter ýaly, bu hem meni ýeňişlere äkider. Men ýene öňkim ýaly güýçli.

Ýaş mongol ýyrtyjy haýwan ýaly seresap basyp atyň ýanyna bardy. Usullyk bilen tebläni sogrup, eýere çalasyn jaýlaşdy. Dyzmaç at sähel salymdan ok ýaly bolup, dereklerıň aňyrsynda gözden ýitdi.

Nätanyşyň hereketine haýran galan gyz uçganaklap duran gözlerini Hajy Rahyma dikdi. Sakgalyny gysymlap duran fakyh agyr oýa batypdy.

– Ol adam garakçymy? – diýip, gyz sorady.

– Ýok, ol biziň gözümiz öwrenişen adaty adamlardan däl.

– O nähili? Ol kesekiniň atyny ogurlady ahyryn?

– Şol at bilenem ol kän döwletleri dyza çökerer... Bar gyzym, öýňüze gaýt. Nazar Kärizege meniň minnetdarlygymy, edýän aladalaryny hem ýagşylyklaryny ýadymda saklaýanymy aýt.

Birbada bökjekläp giden gyz birden ädimini haýallatdy. Göze görnen maşgala mahsus salyhatlylyk bilen ýoluny dowam etdirdi.

Çal ýapynja gymyldady. Garry köpek bir gapdala towsup, basyk ses bilen üýrmäge başlady. Ýapynjanyň aşagyndan saçlary seçelenip duran gara gözli ýaş ýigit başyny göterdi. Soňam syçrap ýerinden turdy-da, gök reňkli sellesini sag gaşynyň üstüne gyşardyp geýdi. Ol bili egri gylyçly, guşagyna iki hanjar gysdyrylan nökerdi.

– Hany meniň atym? – diýip gygyrdy-da, ýigit atyny daňan ýerine ylgady. Eglip ýerdäki aýak yzlara syn etdi. – Kimem bolsa, aty ogurlan adamyň aýagyndaky mongol ädigi... Ol meň söweş atymy ogurlady! Ogry gözden ýitensoň, ýalaw ýaly gylyjymdan ne peýda!.. Atym bolmasa, meniň ganaty döwlen laçyndan näme parhym bar? Indi meňki gutardy! – Ol saçlaryny gysymlap, ah çekip ýere ýazyldy.

– Gam çekme! – diýip, fakyh ony köşeşdirjek boldy. – Seni şu güne sezewar eden adam bir atyňy müň edip gaýtarar...

Ýigit sesini çykarmady. Hajy Rahym öňki gürrüňini dowam etdirdi:

– Meniň sözlerime ynanaý. Sen hiç zat ýitireňok-da, tersine – köp zat utdyň...

– Ol at meniň iň wepaly, ynamdar dostumdy ahyryn. Kän söweşlerde bile bolduk. Ençeme gezek meni ajalyň elinden halas etdi. Atsyz meniň nämä derkarym bar?

– Seniň ak atyňy münüp barýan adamy men bilýän. Onuň biriňi müň edip gaýtarjagyna gözüm ýetik. Bu edil meniň adymyň fakyh Hajy Rahymdygynyň dogry bolşy ýaly dogry.

Ýaş ýigit çaltlyk bilen turup, ýapynjasyny ýerden galdyrdy. Soňam alymyň öňünde başyny egdi:

– Eger meniň öňümde duran hakykatdanam, öz bilimi bilen şöhrat gazanan al-Bagdady diýilýän fakyh Hajy Rahym bolsa, onda ähli aýdanlaryňyza ynanýan. Öýüňe hemişe asudalyk, giň tör hem eşret ýar bolsun! Alys Kürdüstänyň daglaryndan gelen gezendä öz merhemetiňizi hem paýhasly maslahatlaryňyzy gysganmaň. Edermenleriň edermeni Jelaleddinden[6] size salam!

– Körpe dostum – diýip, fakyh oňa ýüzlendi: – Sen älem-jahanyň elenip duran şu gorkunç döwründe, ençeme betbagtlyklaryň girdabyndan sag-aman çykyp, maňa alysdaky şöhratly gahrymandan salam getirmek bilen, depämi göge ýetirdiň. Meniň garyp külbäme gadam basmagyňy towakga edýän!

---

[6] J e l a l e d d i n M e ň b u r n y – Horezimiň iň soňky şasynyň ogly. Bütin ömrüni Çingiz hana hem mongol basybalyjylaryna garşy aýgytly göreşe sarp eden gaýratly serkerde.

## DÖRDÜNJI BAP

### Ýigidiň ömür ýodasy

Men özümiň ömrümi hem
asyrymy
Bagladym naýzamyň ýiti
ujuna

*("Jangar" poemasyndan)*

Ýaş ýigit eglip içerik girdi-de, külbäniň insiz gapysynyň agzynda çöküne düşdi. Hajy Rahym bolsa ojagyň ýanyndaky köne halynyň üstünde ornaşdy. Ikisem ellerini ýüzüne sylyp, edep saklap, esli mahal biri-birine seslerini çykarman seredip oturdylar.

Ahyrsoňy fakyh öz ömründe köp zatlary gören adama mahsus hörpde iki eliniň aýasyny tapyşdyryp, şeýle diýdi:

– Kim sen? Haýsy tireden? Ak sakgal kakaň dakan ady näme? Ilki ýola haýsy ýurtda günüň nuruna gözüň düşdi? Gypjaklaryň dilinde gürleseňem, bütin hereketleriň, geýim-gejimiň seniň başga ýerlidigiňi habar berýär.

Nöker sypaýy ardynjyrap, endigan, pessaý ses bilen jogap gaýtardy:

– Meniň adym Arapşa. Ýöne söweşde gözsüz batyrlyk bilen duşmana topulyp, iň howply ýerlere özümi urýanym, garşydaşlarymy ýeňse görkezmäge mejbur edýänim üçin söweşdeş dostlarym maňa "An-Nasyr"[7] diýip lakam goýdular. Saňa adym Arapşa diýenem bolsam, kakamyň dakan adyny, çagalygymyň nirelerde geçenini, eger walla, bilemok. Diňe kölüň boýundaky tokaýda ýaşaýanymyz, kakamyň ýanynda gaýykda oturýanym, onuň tor bilen tutan kümüşsöw balyklaryny sebede guýýanym düýşdäki ýaly çala ýadyma düşjek bolýar. Ejemiň elleriniň ýylysy, aýdýan aýdymlarynyň süýji labzy henizem ýadymda. Kiçijik uýamam bardy... Soňam bary gutardy. Garakçylar üstümize dökülip, uýam ikimizi uly şähere äkitdiler-de, ýelkenli gämidäki adamlara satdylar. Ol ýerde biz ýaly çagalar başga-da gaty kändi. Gämiçiler ählimizi gäminiň goş-golam salynýan jaýyna eltip dykdylar. Ol jaýda bir süri äpet gazlar bar eken. Olar bizi ýolboýy çokalap gaty heläk etdiler. Gämi ilki derýada ýüzüp, soň deňize çykdy. Bizi ilki duş gelen bazarda satdylar. Soň meni olaryň hiç haýsyna, hatda uýama-da duşmadym.

– Bu nejislikleriň ählisi söwdagärleriň baýlygyň ugrunda hars urmaklarynyň netijesi. Altynyň öwüşginine gözi gapylan husyt söwdagärleriň derdinden bigünä çagalaryň hersi bir ýere satylyp, ömürleri gulçulykda ötmeli bolupdyr diýsene! – diýip, fakyh uludan demini aldy.

– Meniň aslymyň demirgazyk ýurtlardan: mordwinlerden, saksinlerden ýa-da uruslardan bolmagy ähtimal – diýip, Arapşa gürrüňini dowam etdi: – Sebäbi, şol halklardan bolan gullar, aýratynam uruslar özlerini güýçlilikleri bilen tapawutlanýar. Allaň eradasy bilen men ullakan gala düşdim. Meniň gul bazarynda satylan ýerim bolan Derbentde Kawkazyň Demir derwezeleri ýerleşýärdi. Belli bir adamyň elinde togtaman kän hojaýyna gul bolmaly boldum. Ulaldygymça buýurýan işlerem barha agraldy: eşegiň gapdalyna goşulyp guýudan suw çykardym, boýnum kündeli daş ýaly gaty ýeri sürdüm, agyr pürsleri daşadym. Gulçulykda geçiren ýyllarymda asmanam meniň gözüme edil sürýän ýerim ýaly gara görünýärdi...

Hajy Rahym nebsagyrjylyk bilen dillendi:

– Ol hojaýynlar aňly-paýhasly guldan mallaryny has gowy görýärler ahyry!

– Ömür ýodam başga tarapa öwrülen mahaly men on ýedi ýaşymdadym. Bir gezek dagda hojaýynym bolan azerbaýjan hanynyň goýunlaryny bakyp ýördüm. Garaşylmadyk ýagdaýda dagyň uçut gaýasynda bir topar atly peýda boldy. Iň öňdäki ajaýyp gara atyň üstünde ýaş urşujy otyrdy. Birden ýagyşdan soň ýumşan ýer çökdi-de, at uçuda tarap süýşüp gaýtdy. Üstündäki urşujy pişik ýaly çalasynlyk bilen çöp-çalamlara ýapyşmaga ýetişdi. Men kemendimiň bir ujuny zyňyp, urşujyny çykaramsoň oňa: "Isleseň, seniň atyňam halas edip bilerin!" diýdim. Şonda ol: "Eger atymy halas etseň, islän zadyňy bereýin!" diýdi. Ýigitleriň uzadan iki kemendiniň birini bilime daňdym-da, uçutdan aşak sallandym. At bir sebäp bilen uçuda sähelçe ýetmän saklanypdyr. Arkaýyn otlap duran dyzmaç at meni görüp gaharly silkindi. Nähilem bolsa, kemendi daşyna oramsoň, ýigitler ony çekip aldylar. Aýagym gandally bolansoň, maňa yzyma çykmak has ejir berdi...

---
[7] A n-N a s y r – ýeňilmezek (arapça).

– Bolsa-da, batyr ýigit ekeniň. Seni Alla gorapdyr! – diýip, Hajy Rahym seslendi.

– Soň ol menden ýol hakynda soraşdyryp başlady. Bilýän ýodalarymyň ählisini ýekän-ýekän aýdyp berdim. Kürtleriň bukuda oturyp, ýolagçylary talaýan ýerlerindenem habardar etdim. Ol ýerlerden sowlup geçmäň tärlerini salgy berdim. Ol maňa: "Göwnüň näme isleýän bolsa çekinme-de aýt" diýdi. Menem: "Azat bolasym gelýär!" diýdim. "Onda meniň yzyma düş. Azatlygy öz gylyjyň tygy bilen gazanarsyň!.." diýdi. Ol urşujy – mongol goşunlaryny Perwananyň[8] ýanynda çym-pytrak eden şöhratly Jelaleddin bolup çykdy. Men şol günden başlap onuň nökeri boldum. Jelaleddin maňa egri gylyç bilen söweş atyny berdi. Ol atam öz bilşiň ýaly, şu gün elden gidirdim – diýip, ýigit ýene ah çekdi.

– Gürrüňiňi dowam et. Atyň dolanyp geler – diýip, fakyh göwünlik berdi.

– Azatlyga çykan adam hökmünde syçrap duran ata atlanyp, şöhratly Jelaleddiniň nökeri bolan şol günüm ähli zat gözlerime başgaça bolup göründi. Asmanam öňki ýaly gara däldi-de, uzak çagalygymda kakam bilen gaýyk münýän döwürlerimdäki ýaly, pöwrize daşynyň reňkini ýadyňa salýardy. Şol gün men dünýäde erkinlikden arzyly zadyň ýokdugyna göz ýetirdim!.. Üç ýyllap men edermen serkerdäniň ýanynda bolup, gazaply söweşlerde ony goraglap gezdim. Dura-bara özümem şöhratlanyp, "An-Nasyr" diýen ada eýe boldum. Jelaleddin maňa mongol zulumyna duçar bolan Horezmde Hajy Rahym al-Bagdady atly sahawatly, ömrüni hakyka gözlegine bagyşlan bir alymy tanaýandygyny kän gezek aýdypdy. "Eger betbagtlyk buludy üstüňe sürünse, meniň adymy aýtsaň, ol saňa dostluk goluny uzadar" diýip ýatladypdy.

Hajy Rahym ýerinden turdy-da, Arapşanyň ýanyna baryp, iki elinem uzatdy:

– Jelaleddiniň ady meniň üçin edil garaňky gijedäki lowurdaýan ýyldyz ýaly. Gel, gapdalymda otyr!

Fakyh bilen Arapşa gadyrly görşüp, köne halynyň üstünde ýanaşyk oturdylar.

– Hany, dostum, Arapşa, indi maňa bir zady aýt: edermen Jelaleddiniň ýanyndan näme üçin aýryldyň? Ol aman-esenmi? Mongollaň penjesine düşen-ä däldir-dä? Ykbal garaşman durka adamyň başyna her hili oýun salýar. Her neneň batyr urşujam kämillige ýetdim diýende bir hililik bilen betbagtlyk uçudyndan gaýdýar-da, ähli zady täzeden başlamaly bolýar duruberýär...

– Menem edil şeýle güne düşdüm – diýip, ýaş ýigit gürrüňi alyp göterdi. – Jelaleddiniň mongollar bilen şowsuz çaknyşygyndan soň, men ýesir düşmän zordan başymy gutardym. Şondan soň alys günbatara giden edermen serkerdäm bilen gaýdyp duşmadym. Men dag ýodalary bilen gündogar tarapa ýola düşdüm. Daglylaryň bir bölek goşuny bilen çaknyşyp, aman sypamsoň, ahyry Horezme barýan kerwene goşuldym. Del ýurtlary görmek arzuwynda men degişli adamlar bilen kerweni goramak hakynda ylalaşyga geldim. Çölden gelýärkäk üstümize garakçylar döküldi. Men gazapdan ýaňa aklymy ýitirip, olaryň birnäçesini çapamsoň, galanlary gaçyp gitdiler. Sag-aman Horezme gelenimizden soň, zähmetime tölän ujypsyzja haklaryna zordan özümi Sygnaga atdym. Bu naýynsaplygy üçin Alla olara göz görkezer. Bu ýerde men ilki bilen seni tapmagy ýüregime düwdüm, paýhasyň, bilimiň çyragy, hormatly Hajy Rahym. Gije seniň öýüňe ýakynlaşanymda, bir topar adamyň gapyny döwere getirip ýumruklaýanlaryny eşitdim-de, gös-göni üstlerine okduryldym. Üçüsini ýaraladym, biriniňem gulagyny kesdim. Galanlary yzyna garaman gaçdylar.

– Ýaraly gaplaň ýaly nagra dartan sen ekeniň-ow onda?

Alym mysapyrsyrap oturan ýigide haýran galyp seretdi.

– Beýle ýagdaýdan soň sen nädip bu ýerde galmaga ýürek edip bildiň? Seniň çaknyşanlaryň mongollar ahyryn. Häzir baryp öz hojaýynlaryna aýdarlar. Olam bizi tutmaga bir topar adam ýollar. Älem-jahanyň täze eýelerine el götermäge het edeniň üçin mongollar seni görülmedik jeza duçar ederler. Haýal etmän gaçmagymyz gerek... Sen-ä ýaş, güýçli ýigit. Gaçsaň gutularsyň. Ysgyn-rowgatsyz ülhit halyma men näderin?

Arapşa ýerinden turdy-da, biline gysdyrylgy gamçysyny görkezip şeýle diýdi:

– Atymdan galan ýeke-täk zat ynha, şü. Atsyz menem uzak gidip bilerin öýdemok. Şeýle-de bolsa "Ýagydan ýaý boýy" diýilşi ýaly, haçan üstümizi basarlaryna garaşyp oturman, bu ýerden saýlanmak gerek. Hormatly Hajy Rahym, sen garram bolsaň, derwüşlik bilen alys ýollar sökmäge endik eden adamsyň. Sähra tarap gaçaly-da, çarwalaryň arasynda gizleneli. Betbagtlyk içýany bir ýerde oturan adamyň üstünden sallanýandyr.

---

[8] P e r w a n a – Owganystanyň demirgazyk böleginde ýerleşýän şäher. Jelaleddin onuň golaýynda özüniňkiden has güýçli bolan mongol goşunlaryny derbi-dagan etdi.

– Hakyky urşujydygyň diýýän sözleriňdenem görnüp dur – diýip, Hajy Rahym makullady. – Ýene-de demir kapasa düşmez ýaly, menem seň bilen gideýin.

Ol çyrany diwardan aýyrdy-da, betbagt kädisini guşagyndan asdy. Kellesine bolsa ak taleýsana[9] derek haja gidip gelen derwüşleriň bilinden ak mata daňylýan ak telpegini geýdi. Soňam uzyn hasasyny eline alyp, köne köwşüni aýagyna sokdy-da, külbesine naýýnjar garap durşuna pessaý seslendi:
– Jahanyň o çetine ýola düşmelem bolsa, men taýyn. Hiç kime ýamanlyk etmedigem bolsam, ömrümiň köp ýylyny edil jenaýatçy ýaly, bukdaklap geçirmäge mejbur boldum... Şol sergezdanlyk ýene başymdan indi. Köne ýapynjamam elden giderdim... Gijeki myhmanyň taşlap giden eşiklerini geýäýmesem, başga zat ýok. – Fakyh gök mongol donuny ýerden göterdi: – Bütin ömrümde meniň beýle ýasalypdyr... Men bu ýurdy başbütin terk edýän. Diňe gyzyl sakgal Çingiz hanyň çozuşy sebäpli Horezimiň başyna düşen adatdan daşary wakalar beýan edilen kitabymy galdyryp gitmäge ýüregim gyýanok!

– Gama batmasaňyzlaň! – diýip, Arapşa Hajy Rahymyň elini öz eline alyp, şu pursatdan başlap oňa meýletin mürit[10] bolýandygynyň alamaty hökmünde gözleriniň üstünden ýöretdi. – Maňa indiden beýläk öz şägirdiňiz bolmaga rugsat ediň. Nirä gitseňiz, yzyňyzdan galmaýyn. Kitabyňyzam goý, mende dursun. Ony goşhaltamda ygtybarly gizlärin.

– Şü-ýä tüýs bolaýdy! – diýip, Hajy Rahym gaýyş sahaply ullakan kitaby hem mis galamdany Arapşa uzatdy. Soň ençeme ýyl özüni penalan külbesine gussaly nazaryny aýlady-da: – Indi çaltrak ugraly! – diýdi.

Ikisem dessine daş çykdy. Hajy Rahym agaç sokma bilen gapyny berkläp:

– Akbaý! Bärik gel! – diýip, itini çagyrdy. – Şu öýe indi senden başga eýe ýok. Meniň bu jelagaýlara dolanyp geljegim gümana!...

Garry ak köpek boýun egijilik bilen gapynyň agzyna süýndi-de, çöle tarap tutduryp ugran iki ýolagçynyň yzyndan gyzyl gözlerini dikip seredip galdy.

## BÄŞINJI BAP

### Mongollar ýöriş şaýyny tutýarlar

> Biziň ýurdumyza giren tatar goşunynyň güýji hem düzgün-nyzamy bir berki welin, bütin dünýä olara tabyn bolar öýdýärsiň.
>
> *(XII asyryň hytaý sene ýazyjysy)*

Parahat oturan Sygnak şäheri kän wagtdan – mongollaryň çozuşyndan[11] bäri öz darajyk köçelerinde şeýle köp kerweni, çar tarapa ýüzin salşyp ýören atlylary, ibirtde-zibirt haýdaşýan adamlary görmändi. Ähli kişi mongollaryň günbatara etjek beýik ýörişi hakyndaky sähra tarapdan gelen habaryň näderejede dogrudygyny bilmäge alňasaýardy.

Darajyk köçede ýüzi çytyk garry aýala meňzäp duran köseleç bir topar mongol urşujysy görnen bada gorjalan ary ketegi ýaly güwläp duran mähelläniň sesine suw sepildi. Güne garalan ýüzleri çyrşak mongollar öz pes boýly, gaharjaň atlarynyň hiç ýerde jylawyny çekmän gorgunladyp gelişlerine ýoluň iki gyrasyndaky ahmalrak duran adamlaryň depesinden gamçyny indirýärdiler.

Atlylaryň ählisiniň ugry şäheriň merkezinde ýerleşýän bazar meýdanyna tarapdy. Ol ýerdäki ýaý görnüşinde salnyp, nagyşly kerpiçler bilen haşamlanan diwaryň aňyrsynda welaýat häkimi Çingiz hanyň ady belli agtygy Tangkutyň köşgi ýerleşýärdi. Atlarynyň uýanyny billerine daňan mongollar meýdanda aýratyn-aýratyn topar bolup ýerleşdiler. Derwezeleriň, jaýlaryň gapylaryny döwüşdirip, agaçlary çapyşdyryp dessine ot ýakdylar. Olar hiç zatdan gypynç etmän, şäherlileriň öýlerine girip, ellerine ilen ähli zady alýardylar, oduň töweregine egrilişip, gazandaky ýagdyr süýt bilen jazlanan, içine dary atylan

---
[9] T a l e ý s a n – araplarda aýratyn bir toparyň kellä geýýän zady. Ony esasanam alymlar geýipdir.
[10] M ü r i t – derwüşler toparynyň kethudasynyň şägirdi. Özlerini derwüş diýip atlandyran (köp halatda bu ýola meýletin düşen) görnükli pars hem arap şahyrlarynyň hem şägirt, müritleri bolupdyr. Arapşa kyn sergezdanlyga baş goşan garra ähli babatda kömek bermek maksady bilen özüni mürit diýip atlandyrýar.
[11] 1220 – 1225-nji ýyllar aralygynda Çingiz hanyň baştutanlygyndaky mongol-tatar ýörişleri. Orta Aziýanyň doly boýun egdirilmegine getirdi.

etli nahary işdämenlik bilen iýýärdiler.

Bular Syganga uzakda – gündogar tarapda ýerleşýän ýurtlaryndan gelen on bir mongol şazadalarynyň – çingizidleriniň[12] öňdäki turgaudlarydy[13]. Mongol-tatar goşunlarynyň[14] esasy bölegi howlukmaçlyk bilen olaryň yzyndan gelýärdi. Olaryň bu gün-erte gara bererine garaşýardylar.

Sygnagyň mongol goşunlaryndan gaty haýygan ilaty olaryň gyýyk gözlerine ilen ähli zady seslerini çykarman berýärdiler. Olar aýylganç Çingiz hanyň on bäş ýyl ozalky çozuşyny henizem unutmandylar. Burugsap ýanýan şäherlerdir obalar, özlerini nirä urjagyny bilmän elewreşýän adamlar bäri-bärde ýatdan çykar ýaly bolmandy. Hiç kimden garaw görmedik mongollar parahat oturan ilaty gyrgyna beripdiler, hünärmentleri gul edip uzakdaky mongol ýurduna ýollapdylar, aýallardyr çagalary edil kanuny mallary ýaly öz aralarynda paýlaşypdylar.

Gyrgynçylyk ýatyşyp, mongol goşunlary gelen ýerlerine – gündogara bakan gidipdi. Olardan gaçyp, daglarda, batgalyklarda mekan tutunan adamlar kem-kemden öz haraba öwrülen tüneklerine ýygnanypdy. Olar gömlen ýaplary arassalap, gyssagara gurlan çalamydar kepbelerinde ýene-de öňki güzeranlary bilen meşgullanyp ugradylar. Baý täjirler mongollaryň halka salýan tölegini ýygnaýjy bolup işe durdular. Sähel wagtdan olar ýene öňküleri ýaly kaşaň, bagly-bakjaly jaý edindiler. Uzyn sakgally tekepbir ymamlar mongollaryň aýak astyna salyp, görer ýaly etmedik metjitlerini täzeden düzetmäge başladylar. Baş wagt namazyny yrman okaýan adamlary her gün irden azançynyň belent minaranyň depesinden ýaňlanýan şaňňy sesi oýardy. Ozalkylary ýaly, namaza sowuk-sala garaýanlaryň, metjide haýal-ýagallyk edýänleriň depesinde gamçy oýnady.

Mongol şazadalary öňdäki atly otrýadlary bilen Sygnakda duýdansyz peýda bolanda[15] şäheriň ilaty gaty gorkdy. Bu ýeriň hökümdary Tangkut han Aziýany basyp alan Çingiz hanyň neberelerini göwnejaý garşylamak üçin ýigitlerini goýun, taý, gymyz hem beýleki zerur zatlary bermeklerini haýyş edip, golaý-goltumdaky hanlaryň üstüne iberdi. Adamlar gündogardan gelen ýeňijileri ýerleşdirmek üçin Seýhun[16] derýasynyň kenarynda birnäçe müň öý dikdiler.

## ALTYNJY BAP

### Ýeňilmez serkerde

Subudaý batyryň[17] Sygnak şäherine alňasap barýan tümeniniň[18] atlarynyň toýnagynyň astyndan göterilen tozan asmany keçe ýaly büräpdi. Öňden ýüz atlydan ybarat aňtawçylar topary arryk çypar atlaryny ýüzin saldyryp barýardy. Olardan känbir galman barýan ýüzlügiň münen atlary akdy. Üçünji toparyň öňüni çekip barýan beýik mongol serkerdesi, ömründe ýeke gezegem ýeňlip görmedik ýekegöz Subudaý batyrdy. Kalka[19] derýasynyň boýundaky söweşde gypjaklary hem urusutlary[20] ýeňen, hytaýyň üç paýtagtyny ýer-ýegsan eden, ýigrimi halky dyza çökeren bu serkerdäniň şöhraty gaty uzaklara ýaýrapdy.

Subudaý guýrugy ýere ýetip duran ýaly gara atyň üstünde büküşip otyrdy. At ýörişini üýtgetmän, birsydyrgyn ýorgalap barýardy.

Entek ýaş ýigitkä gylyç düşüp, damary üzüleni sebäpli, Subudaý batyryň sag eli egridi. Ikinji urgy ýüzüni çapypdy. Sag gözünden dyndaran tygyň yzy gaşyň üsti bilen uzalyp, çekgede gutarýardy. Onuň çep gözi şeýle bir ýiti welin, göýä içiňden geçip, aňryňdaky pikiriňi bilip oturan ýalydy. Urşujylar ony "penjesi ýenjilen bars" diýip atlandyrýardylar. "Gapandan sypan ýaraly bars ýaly, Subudaý

---

[12] Ç i n g i z i d l e r – Çingiz hanyň ogullary ýa-da nesilleri.
[13] T u r g a u d l a r – janpenalar.
[14] M o n g o l-t a t a r g o ş u n y. "Mongollar" hem "tatarlar" ol döwürde aýry-aýry iki halkyň adyny däl-de, şol bir halkyň iki hili adyny aňladypdyr. Has soňrak "tatarlar" diýen gös-göni Gündogar Ýewropanyň türki halklary babatda ulanylyp başlanypdyr. Çingiz hanyň özi Onon we Kerulen derýalarynyň kenarynda ýaşan "mongollar" diýlip atlandyrylan kiçiräk taýpadan. Hanlyga göterilenden soň Çingiz han öz golastyna geçen Merkezi Aziýadaky tatar taýpalarynyň ähliside "mongollar" diýip atlandyrmagy hüküm edipdir.
[15] 1237-nji ýylyň baharynda.
[16] S e ý h u n – Syrderýanyň gadymky ady.
[17] S u b u d a ý b a t y r – Çingiz hanyň iň uly serkerdeleriniň biri.
[18] T ü m e n – 10 000 atlydan ybarat bolan aýratyn korpus.
[19] 1224-nji ýylda.
[20] Urus, oros hem u r u s u t – mongollaryň ruslary atlandyryşy.

abanýan howpy, her neneň gizlin duzaklary-da aňýar. Ol ýanyňda bolsa betbagtlyk golaýyňa gelmez!" diýip ynanýardylar. Şonuň üçinem, Çingiz han Subudaý batyry öz basybalyşlaryny dowam etdirjek ýaş agtygy Baty hana terbiýeçi hem harby işlerde geňeşdar bolmagy tabşyrypdy.

Sygnagyň iň tanymal adamlary bolan uzyn sakgally ymamlar, kazylar, baý söwdagärler şäheriň daşyndaky uly ýoluň ugrunda bir düýp ägirt garagajy saýalap, mongollary garşylamaga taýyn bolup durdular. Olaryň elindäki kümüşden ýasalan ýaýbaň gaplarda her hili nazy-nygmatlar, gymmat bahaly sowgat – top-top ýüpek mata bardy. Töwerekde müňlerçe adam şagalaňa şärik bolmak üçin üýşüşip durdy. Sowgat-serpaýly çykan adamlaryň niýeti şöhrat gazanan serkerdä iň baý söwdagäriň täze salan bezemen jaýynda ýaşamagy mürehet etmekdi. Ol ýerde birenaýy şetdaly bagy, töweregi owadan güller bilen gurşalan serhowuz hem ýatylýan sekileri mermerden edilen hammam bardy.

Subudaý batyryň öňdäki ýüz atlysy gelip, ýanlarynda atyň başyny çekenden, ymam biraz öňe saýlanyp, owadan sözleri ýagdyryp başlady:

– Eý, beýikleriň beýigi! Edermenleriň edermeni!..

Tanymal ýaşulularyň gymmat bahaly geýimlerine-de, ýüpek mata-da, gapdaky nazy-nygmatlara, altyn öwüsýän gawuna-da üns bermän, Subudaý atynyň başyny bir ýana burdy. Onuň hereketine düşüş at şäherden daşlaşyp sähra bakan ýorgalap ugrady.

Köşge göz-gulak bolýan wekil bilen birnäçe han atlaryny ak köpük edip onuň yzyndan zordan ýetdiler. Demi-demine ýetmän gygyrdylar:

– Aýak çek!.. Gyssanma!.. Guýuk han[21] hem Tangkut han saňa möhüm maslahat üçin köşge gelmegi buýurdylar...

Subudaý batyr atynyň badyny gowşatman çapyp barşyna aýdylanlary makullaýan terzde baş atdy-da, basyk sesi bilen gygyrdy:

– Batyr ol ýere barmaz!.. Batyr tylla horazyna iým bermeli.

Subudaý jylawyny çalaja silkenden, at agyzdyrygyny çeýnäp, peýkam ýaly süýndi. Sähradä pytyraňňy duran mongol goşuny hem Sygnagy taşlap, onuň yzyny eýerdi.

Seýhun derýasynyň kenaryndaky tekiz ýerde aýak çeken tümen dessine çadyr gurmaga girişdi. Düýelere ýüklenip getirilen sökülgi gara öýler dessine gurnaldy. Gullar gujak-gujak gury gamyş daşap ot ýakdylar. Misden ýasalan hytaý gazanlarynda tüwüdir taýçanagyň etini ataryp, gazaply hökümdaryň gelerine taýyn bolup oturdylar.

Subudaý batyr özi üçin niýetlenip guralan, gapdalyndaky uzyn naýzanyň ujuna öküziň şahlary hem atyň guýrugy daňlan öýüň ýanynda atdan düşdi. Gapysyna haly tutulan ol öýüň öňünde iki sany tutuk ýüzli sakçy durdy. Gapdalda daňlan iki goýun iti täze etiň ysyny alyp bisabyrlyk bilen çyňsaýardy.

Subudaý batyr öýe girdi. Ortadaky gazanda etli nahar bysyrdap gaýnaýardy.

Bulaşyk çal saçlary egnine dökülip duran, sag gulagy ullakan mis gulakhalkaly, keşbi tutuksy, garry gul aýagyna urlan gandalyny şakyrdadyp, gök jamy oňa uzatdy. Subudaý batyr jamdan bir gysym iým aldy. Öýüň böwründe irkilip ýatan horaz turdy-da, haýbatly guýrugyny güjeňläp, birnäçe ädim ätdi. Onuň aýagy kümüş zynjyrjyk bilen daňylgydy.

Subudaý batyr iými horazyň öňüne dökdi. Horaz nämedir bir zada diň salýan ýaly, boýnuny gyşardyp birsalym durdy. Soňam aýagy bilen pytradyp, däne çokmaga durdy. Subudaý hem oňa öýkünýän ýaly kellesini gyşardyp, arzyly horazynyň ganatlaryny kakyp gygyraryna garaşdy. Onuň gykylygyna lageriň dürli künjeklerinden birnäçe horaz ses goşdy.

– Kiçijik guşam bolsa tutuş goşuny örüzýär[22] – diýip, Subudaý batyr öz ýanyndan göwnühoş boldy. Soňam iki epilip, agsaklap öýüň bir böwründäki itiň hamyndan edilen ýumşak düşegine tarap ugrady.

## ÝEDINJI BAP

### Ymamlar kyn ýagdaýda galdy

Eginlerine gyzyl ýüpek matadan tikilen don geýen iki tekepbir ýaşuly hökümdar Tangkut hanyň

[21] G u ý u k h a n – Çingiz hanyň agtygy, mongol tagtynyň mirasdüşeri.

[22] Ol döwürlerde kerwenbaşylar hem otrýadyň serdarlary uzak ýola gidenlerinde ýanlaryna horaz alypdyrlar. Häzirki sagatlaryň deregini tutan horazlar belli wagtlarda gygyryp, olary oýadypdyrlar.

belent jaýynyň derwezesiniň öňünde aýak çekdiler. Olaryň biriniň elinde gyzyl alma, beýlekisiniň elinde bolsa oňat açylan ak bägül bardy. Özlerem getiren sowgatlaryny şeýle seresaplylyk hem dabara bilen tutýardylar welin, hamala, ellerindäki gymmat bahaly içgiden erňegine çenli gyrmalanan çüýşe gap ýalydy.

Has üýtgeşik hormatyň alamaty hökmünde ýigrimi sany arryk hem aç şägirtler ýüzlerini eňşidip olardan galman gelýärdi. Ýaşulularyň kellesindäki ak sellesi, idegi ýetirilen uzyn sakgallary, aladaly görünýän tekepbir keşpleri ymamlardan ýa-da işanlardandygynyň alamatydy.

Derwezäniň agzyndaky sakçylara kimdigine garamazdan hiç adamy goýbermeli däl diýlip berk tabşyrylandy. Ymamlar baş wekili öz ýanlaryna çagyrmagy haýyş etdiler. Aladasynyň ýetikdigi, tolgunýandygy ýüzünden bildirip duran wekil gelýänçä ep-esli wagt geçdi. Sellesi ýeňsesine süýşen wekil

maňlaýynyň derini barmagy bilen tiz-tizden syryp durşuna köp garaşdyrany üçin ymamlardan ötünç sorady.

– Biler bolsaňyz, Tangkut han maňa mongol şazadalarynyň ähli islegini daş ýany bilen ýerine ýetirmegi tabşyrdy. Ýeke özleri bolsa janyň ujy welin, hersiniň aty, şuňkary, tazysy, hyzmatkärlerem bar. Hemmesini ýerleşdirmeli, garynlaryny doýurmaly... Halys aňkamy aşyrdylar. Siz näme üçin geldiňiz, keramatly ymamlar?

Has garry ymam dessine maksadyny mälim etdi:

– Atly-owazly şazadalaryň Sygnaga gelen gününden başlap, biz olaryň adyny okaýan dogamyza salmaly. Eşidişimize görä, dini başgalaryň üstüne uly ýörişe taýýarlyk görülýämiş. Ady arşa-kürse dolan keremli Alladan şol ýörişi amala aşyrjak ähli şazadalaryň işiniň rowaç bolmagy, edermenlikleriniň dünýä dolmagy üçin mynajat etmeli!

Wekil uludan demini alyp şeýle diýdi:

– Gelen on bir şazadanyň[23] iň ulusyna Guýuk han diýýärler. Ol Kaganyň ogly, bütin mongol patyşalygynyň mirasdüşeri. Özem şeýle bir ynjyk. Ilki bir zat buýurýar, soň başga zat. Çar ýana çapar ýollaýar. Göwni karar tapanok. Ýeri depip gykylyklaýar. Süňk pilçejik bilen gözüne ýek görünýänleriň ählisiniň çekgesine çalýar... Şeýdibem, bar işi bulaşdyrýar. Goşunyň iň uly baştutany şol boljakmyş diýip gürrüň edýärler. Näbileýin-dä, çarbaý gaz laçynlara ygtyýar edip oňararmyka?

– Ondan Allanyň özi saklasyn! – diýip, garrylar seslendiler. – Biziň eşidişimize görä-hä goşunyň başynda ölen Juçy hanyň – ýatan ýeri ýagty bolsun bendäň! – ogly ýaş han Baty bolmaly. Şu gürrüň dogrumy?

– Ähli zat beýik Allanyň emrindedir!.. – diýip, wekil pyşyrdady. – Aýdyşlary çyn bolsa, Guýuk han bilen Baty han hut häziriň özünde biri-biriniň gözüni çykarmaga taýýarmyşlar.

– Nä döwür, nä zamana boldy!

– Baty han şu köşge – dogany Tangkut hanyňka ýanyna bäş atly alyp gelipdir. Emma ol “Geläýdiňmi?” hem diýmändir. Soňam gan guýlan ýaly gözlerini biri-birine ýigrençli dikip, erbet gygyryşypdyrlar. Baty han: “Beýik urşujy Çingiz han ähli çetki günbatar welaýatlary maňa miras galdyrdy. Meniň ýaşlygym hem Hytaýa urşa gidenim üçin bu ýerlere, Tangkut han, sen eýe bolduň... Indem öz ulusymy özüm sorasym gelýär...” diýip maksadyny çürt-kesik mälim edipdir. Tangkut han oňa: “Sen on ýyllap bu jelagaýlara gara bermediň. Yzyňy ýel süpürdi... Bu ýeriň hökümdary men.. Bar, gelen ýeriňe – Hytaýa git!” diýip, öz nökerlerini çagyrypdyr. Baty han oňa: “Sen gaz ýaly gygyrsaňam, sandyraýşyň batgalykda oturan gurbagaňkydan enaýy däl. Öz ornuňy maňa meýletin bermäni kyn görseň, ahyry hyzmatkärim bolmaly bolarsyň!” diýipdir. Töwerekden elleri ýalaňaç gylyçly nökerleriň ylgaşyp gelýänini gören Baty han çykalga tarap okdurylypdyr-da, atyny gamça basypdyr. Nirä gidenem näbellimişin...

Ymamlar ör-gökden geldiler:

– Indi biz kim üçin doga okamaly? Bu iki hanyň haýsysy rüstem çykarka?

---

[23] Günbatara boljak beýik ýörişe gatnaşmak üçin Çingiz handan alyp gaýdýan bäş ugra degişli bolan 11 şazada gelipdir. 1. Onuň uly ogly Juçynyň ogullary – Baty han, Ordu han, Şeýbany han (soňra serkerde hökmünde şöhratlanypdyr) hem Tangukt han; 2. Çingiz hanyň ikinji ogly Jagataýyň ogly Haýdar hem agtygy – Buri; 3. Şol wagtlar patyşalyk süren Kagan Ugedeýiň ogullary Guýuk (soňra az wagtlyk Kagan bolupdyr) hem Kadan; 4. Çingiz hanyň dördünji ogly Tuli hanyň ogullary Bujek hem Mengu (Batynyň dosty, soňra onuň kömegi bilen Kagan bolupdyr); 5. Çingiz hanyň iň soňky ogly Kulkan (soňra Kolomnanyň eteginde ruslar bilen bolan söweşde öldürilýär). Bu şazadalaryň hemmesi ýörişde basylyp alynjak täze ýerlere hökümdar bolmaga bil baglaýardylar.

– O zatlary men bilmen – diýip, wekil dessine derwezäniň aňyrsynda gözden ýitdi.

Ymamlar başlaryny ýaýkap, getiren sowgatlaryny arkalarynda gizlediler. Barmaklaryny dodaklaryna goýup, seslerini çykarman biri-birine seredip durdular.

– Häzirlikçe hiç kim üçin doga okaman, garaşsak oňat bolaýjak ýaly – diýip, ymamlaryň biri seslendi.

– Ätiýajy elden bermeli däl – diýip, beýleki dillendi.

Soňam hersi öz pikirini tekrarlap, yzlaryna gaýtdylar.

## SEKIZINJI BAP

### Guýuk hanyň pilçesi

Ähli mongollaryň kagany Ugedeýiň mirasdar ogly, Çingiz hanyň agtygy Guýuk han Sygankdaky köşgüni birden taşlady-da, şäherden esli daşlykda – sähradaky depäniň üstünde çadyr dikdi. Ol ýerdäki jülgä yzy üzülmän gelen goşunam[24], olaryň aýratyn küren[25] bolup ýerleşişlerem çadyrdan oňat görünýärdi.

Guýuk hanyň çadyrynyň töweregine köp sanly öýler ýygy halka ýaly bolup aýlanyp durdy. Bu öýlerde onuň sakçylary, sähraly feodallaryň atly maşgalalaryndan bolan ýaş, saýlama janpenalar ýaşaýardy. Diýseň saklyk bilen goralýan, içirginiň derdinden diňe gulaklarydyr guýruklary görünýän han altary hem şol halkanyň içindedi. Gabaw awy mahalynda hezil berýän bu seýrek duşýan tohumdan bolan gymmat bahaly atlary Guýuk han aýratyn eý görýärdi.

Guýuk han atasy Çingiz hanyň girizen haýbatly tertibine ähli zatda eýermäge jan edýärdi. Şonuň üçinem, onuň çadyrynyň ýanynda ujuna bäş burçly baýdak berkidilen uzyn syryk dikilgidi. Baýdagyň ýüzünde bolsa altyn sapaklar bilen çekilen atlynyň keşbi – ýyrtyjy haýwanyň ýüzüne çalymdaş mongollaryň uruş hudaýy Suldeniň şekili bardy.

Porhanlaryň ynandyryşyna görä, Sulde hudaý ýörişe gidilende göze görünmän, goşunyň gapdalynda bolup, Çingiz hana uly ýeňişler gazanmakda goltgy berýärmişin. Şol hudaý üçin Çingiz han heniz münülmedik gara gözli ak aty hemişe öz ýanynda saklapdyr. Atasyndan kem galmajak bolýan Guýuk hanyňam çadyrynyň ýanynda şonuň ýaly at durdy. Oňa iki porhan gözlerini aýyrman gözegçilik edýärdi.

Çadyryň öňünde iki ýerde tutaşdyrylan alaw asla öçenokdy. Boýunlaryndan her hili jäjekler asynan, billerinde keçeden edilen gurjaklar sallanyşyp duran porhanlar oduň töwereginde towsup, ullakan deprekleri ýumruklap ala-zenzele turuzdylar.

Dört mongol haýallyk bilen depä galyp ugrady. Gowky aýaklaryna zor salyp, öňe eglip barýan bu adamlaryň arkasyna tutulan elleri peýkamlydy. Alawyň ýanyna baryp olar porhanlara özleriniň kimdiklerini tabynlyk bilen tanatdylar. Porhanlar öz endiklerine görä, gygyryp doga okadylar. Soňam erbet niýetlerini, ýaramaz pikirlerini kowmak üçin olaryň töweregini tüssä gapladylar. Çadyryň agzynda duran iki sakçy naýzalaryny atanaklaýyn tutdy. Soňra çöke düşüp, çadyra girýänleriň düzgüni berjaý edişlerine gözegçilik etdiler: içeri girjek adam gapynyň tutusyny peýkam bilen galdyrmaly, işige aýagyny degirmeli däl. Şu zatlary berjaý edilmese, asmanyň gahar-gazaby çadyryň eýesiniň depesinden inip, gök gürläp ýyldyrym urmagy ahmal.

Urşujylaryň dördüsem atanaklaýyn duran naýzalaryň üstünden ätläp, gezek-gezegine içeri girdiler-de, ýazylgy ak keçäniň üstünde dyzlaryna çöküp, eňeklerini ýere ýetirip tagzym etdiler:

– Ömrüň uzak, ýeňiş baky hemraň bolsun, beýik han!

– Golaýragyma geliň!

Urşujylar dyzanaklaşyp biraz öňe süýşdiler-de dikeldiler.

Süňküň ýüzüne altyn bilen nagyş salnan pessejik, giň tagtyň üstünde garynlak ýaş ýigit

---

[24] Gündogar sene ýazuwynda habar berlişine görä, günbatara edilen bu ýörişe ýerli mongollardan 4 müňe golaý (gwardiýa) urşujy, 30 müň çemesem tatarlardan bolan goşun gatnaşypdyr. Mongollar hem tatarlar goşunyň esasy özenini düzüpdir. Hereket ediş çygryna baglylykda goşuna dürli taýpalardan bolan 200-300 müň atly goşulypdyr. Olaryň arasynda gypjaklar has agdyklyk edipdir. Gypjaklar diýen umumy at, görnüşine görä, gazaklaryň, gyrgyzlaryň hem türki kökden bolan beýleki çarwa taýpalaryň ata-babalarydyr.

[25] K ü r e n – mongol sözi (kýuriýen) soňra rus diline (Zaporožýe kazaklarynyň hem beýlekileriň) ornapdyr. Baştutanyň öýüniň töweregine halka görnüşinde aýlanyp dikilen öýlerden ybarat düşlegi aňladýar.

aýbogdaşyny gurup otyrdy. Onuň mämişi reňkli telpeginde Çingiz hanyň urugyndandygynyň alamaty – "keramatly" hokaryň mymyk ýelekleri galdyrap durdy. Egninde uzaboýuna altyn sapak bilen aždarha çalymdaş aýylganç jandaryň suraty çekilen gyrmyzy reňkli ýeňi kelte ýüpek dony, aýagynda bolsa ökjesi belent gyzyl köwşi bardy. Gapdalynda – çep tarapynda hökümdarlygyň alamaty bolan ýüzi nagyşly altyn şeşper, sagynda – piliň gyýagyndan edilen uzyn pilçe ýatyrdy.

Guýuk han gyýyk gözleri bilen gelen dört mongoly synlady.

– Ýene zat oňarman geldiňizmi? Hany onuň guşagy? Hany telpegi? Hany lagldan edilen ilikleri?..

Dergazap bolan han süňk pilçe bilen mongollaryň çekgesine çalmaga başlady. Olar hakyna kaýyl bolup sarsman otyrdylar. Her urguda kelleleri giň eginleriniň içine ýygrylýardy.

– Älem-jahanyň hökümdary, günämizi geçiň! – diýip, olaryň bary birden seslendiler-de, ýene-de ýüzlerini ýere berdiler.

– Ilki sen geple Munke-Sal![26] Bu ýal ýagylarynyň içinde senden ganymadyragy ýok.

– Häzir baryny aýdaýyn, hökümdarym! Biz alysdaky ýyldyza elini uzadan Baty hanyň Subudaý batyryňkydan ýanyndaky bäş nökeri bilen Sygnaga gidenini eşitdik...

– Ol Subudaý batyr bilen tersleşipmi?

– Onçasyny bilemok...

– Agzyňyzy öweldip ýörseňiz ýogsa-da bilmersiňiz. Nämüçin şol ýerdekä ele salmadyňyz?

– Ol göni dogany Tangkut hanyň ýanyna – köşge gitdi. Bir zadyň üstünde sözleri azaşyp, erbet gygyryşdylar. Tangkut han nökerlerini çagyryp "Ony öldüriň!" diýip buýruk berdi. Baty han oňa nälet okap, atyna mündi-de gaçdy...

– Yzyna düşdüňizmi? Häzir ol nirede?

Mongollar ýene ýüzlerini ýere berdiler.

– Sizdenem bir nöker bormy? Ölen kakasynyň jesedini iýen çypar deýýuslar! Agsak geçiler!.. – diýip, Guýuk han gygyrdy.

Eşidenlerine ynanmaýan ýaly birsalym demini dürsedi-de, ýene küpürsäp başlady:

– Şäheriň töwereklerini agtaryň. Her zat ediň, ýöne duşmanymy tapyň. Egninde alty sany lagl ilikli gök dony bolmaly... Eger onuň ýoguna ýansaňyz, sizi ýüzbaşy, müňbaşy ederin!.. Eger ýene boş gelseňiz, olam serdar – jahangir bolaýsa, peýmanaňyzyň doldugy biläýiň! Jellatlar gulaklaryňyzy kesip, biloňurgalaryňyzy ýazdyrar. Şuny berk belläň! Baryň, ugraň!

Mongollar hasanaklaşyp turdular-da, gapynyň ýüzüne ak leglek çekilen gara tutusynyň aňyrsynda gözden ýitdiler.

## DOKUZYNJY BAP

### Batyr Nazar Kärizek

Garry Nazar Kärizek Sygnagyň bazaryndan öz külbesine gaty howsalaly dolandy.

– Aýdýan zatlaryna hut ynanar ýaly däl – diýip, ol özbaşyna hüňürdeýärdi. – Baýander hanyň ýanyna gidip, eşiden gürrüňlerimiň dogrudygyny-däldigini anyklaýyn.

Ol gyssanmaç geýinmäge durdy.

– Gyzdogmaza görünmän çykyp biläýsem ýagşydyr. Gözüne kaklyşdygyň ýene "işlemän, söw-söw syryp ýörsüň" diýip bizar-petimi çykarar... Aýal jynsynyň hüňürdemeýän-ä ýokdur welin... ýa kak-sok edäýsemmikäm?.. Öýüň eýesi men-ä!..

Ol gara reňkli donuny egnine sokdy. Köneliginden ýaňa zordan tüýdülmän duran donuň üstünden geçi hamyndan edilen possunyny geýip, biline gaýyş kemerini çekdi. Baryp bireýýämler – entek kakasynyň alamana gidende geýýän ökjesi belent köne ädigini aýagyna sokdy. Kellesine geçi derisinden tikilen gulakjynyny geýip, gamçysyny biline gysdyran Nazar, göwnühoş halda özüne syn etdi.

– Ine, indi gazaply Baýander hanyň ýanyna arkaýyn baryp bilerin!.. Beýle wajyp işi soňa goýup bolmaz...

Nazaryň özi ýalylar bilen obaň çetinde taý bakyp ýören kiçi ogly Turgan kakasyna gözi düşenden haýran galyp agzyny açdy: "Bu näme boldugy? Kakamyň bu yssyda possun geýmesi nämäkä? Bir hyýala münen ýaly". Ol "Menem ýanyňa al!" diýjek boldy-da, ýene işi bulaşdyraryn öýdüp, sesini çykarman

[26] M u n k e-S a l – ebedi hem akylly.

saklandy. Soňam gapynyň ýanynda bukulyp, ýiti nazary bilen kakasynyň ähli hereketlerini birin-birin synlamaga durdy. Ýetim gyz – Ýyldyzam onuň ýanynda dyzyna çökdi. Mongollaryň çozuşy döwründe ene-atasyndan mahrum bolan bu gyza Nazar hossar çykyp, şondan bärem öz çagalarynyň biri ýaly saklap ýördi. Ýyldyz tirsegi bilen Turgany çalaja dürtüp Nazara ümledi. Şol wagtam:

– Baýtaly getiriň! – diýip, Nazaryň haýbatly sesi eşidildi.

"Çakym dogry çykdy!" diýip, Turgan içinden begendi-de, aýak aldygyna garry baýtalyň otlap ýören ýerine – käle tarap eňdi. Çakganlyk bilen baýtalyň süňklek arkasyna gondy-da, öýe getirdi.

Nazar keçe bölegi bilen baýtalyň arkasyny süpürdi. Köne içgirini goýup, eýeriniň çekisini çekdi-de, üstüne iki eplenen keçäni atdy. Nazaryň çekini gaty berk çekýänine gahary gelen garny sallanyp ugran baýtal ony dişlejek bolup birnäçe ýola çemlendi.

Nazaryň ýaňaklary içine çöküp giden arryk aýaly Gyzdogmaz gazanyň daşynda aýlanyp ýörşüne onuň nirä hyýallanýanyny sorajak bolup, ýene-de ýürek edip bilmän goýdy. Öz ýanyndan: "Garry haýran-a bir zadyň kül-külüne düşüpdir" diýip oýlandy-da, azajyk hamyr ýugrup, çörek bişirmäge girişdi.

– Kakam nirä hyýallanýarka? – diýip, Ýyldyz Turgana soragly nazaryny dikdi.

– Nirädigi belli – urşa! – diýip, oglan ynamly seslendi.

– Diýýäniň näme? O nähili uruşa? – diýip, olaň gürrüňi gulagyna ýeten ejeleri ör-gökden geldi.

– Oglanlar basym uruş boljak diýýärler. Serediň, serediň, kakam näme edýär!

Nazar öýe girdi-de, asylgy duran gaýyş gynly egri gylyjy aldy. Soňam tekepbirlik bilen possunyň üstünden gylyjy biline daňdy. Aýalydyr çagalary onuň hereketlerini haýran galyp synlaýardylar.

Nazar Kärizek epeýlik bilen agras ädim urup öýden çykdy. Uýanyny yza gaýtaryp, baýtalyna atlandy-da, öýüne nazar aýlady. Ýyldyz ejesiniň ýaglyga dolan gyzgyn çöreklerini ylgaşlap Nazara eltip berdi. Soň ýiti güne süzülen gözlerini eli bilen kölegeledip, näme diýerkä diýen tamada kakasynyň ýygyrt-ýygyrt ýüzüne seretdi. Öz maşgalasyny nähili pikiriň tolgundyrýanyndan Nazar habarlydy. Ýöne şunuň ýaly möhüm işi çözmäge ugrajak bolup durkaň ýüregiňdäkini aýalyňdyr çagalaryňa aýtsaň, nähili bolar? Ol ýaglyga düwülgi çörekleri dabara bilen goltugyna gysdyrdy-da, epeýsiräp şeýle diýdi:

– Men göni Baýander hanyň ýanyna ugraýan!

Ol ökjesi bilen baýtalynyň böwrüne debsiledi. Garry baýtal sähra tarap uzalyp gidýän ýola düşüp, mytdyldap ugrady.

Turgan ejesiniň ýanyna ylgap bardy-da, kakasyna eşitdirmejek bolýan ýaly, gulagyna pyşyrdady:

– Kakamyň yzyndan menem Baýander hanyň ýanyna gidäýeýin. Daş ýerem däl-ä. Ondan öňürti baryp, derrewem gelerin:

– Bolýar. Ýöne kakaňa esewan bolgun!

Gyzdogmaz öýe girdi. Sönüp barýan oduň üstüne gury ýandak atyp tutaşdyrdy.

– Ýene bir zadyň küýüne düşüpdir. Garry halyňa uruş nämäňe gerek? Otur-da, hudaý diý-de. Ilki ýeten ýerindäki gorpa gapgarylyp, meni dul, çagalaram ýetim goýar. Soň biz biçärelere kim garaşyk etsin?.. Turgan, näme henizem köwejekläp dursuň? Bar, kakaň gözüne görünmän, yzyndan garama-gara git. Gözüne ildigiň, tutup ýenjer...

Turgan balagyny çekip, kakasynyň yzyndan eňdi.

## ONUNJY BAP

### Han jomartlygy

Mongollaryň günbatara etjek ýörişi hakdaky habar edil asuda tomus gününde birden başlanyp, gabarak ot-çöplerini köki bilen soguryp, ahmalrak duran öýleri badyna gyşardýan aýylganç harasat ýaly bolup bütin Gypjak sährasyna ýaýrady. Çara tarapa ata salyp giden çaparlar asuda oturan çarwa obalaryň durmuşynda ýüze çykan bu uly wakadan hemmeleri habardar etdiler, beýik gypjak halkynyň bütin on iki arkasyny ýörişe gatnaşmaga çagyrdylar.[27]

[27] G y p j a k l a r – Aral deňzinden Dnepre çenli bolan ägirt uly territoriýany eýelän türki kökden bolan uly taýpa. Ruslaryň gadymy ýazuw çeşmelerinde olary polowesler diýlip atlandyrlypdyrlar. Gündogar ýazyjylary gypjaklaryň ýurduna Deşti Gypjak (Gypjak sährasy) diýseler, ýewropalylar oňa Kumanystan diýipdirler.

Nazar Kärizek hellewleşip oturan derekleriň duşundan geçensoň, hol öňde ýagyşdan soň bulanan Seýhun derýanyň suwy ýalpyldap göründi. Aralykda giň düzlük ýaýylyp ýatyrdy. Dumly-duş gaýda-gaýmalaşykdy: atlylar nirädir bir ýana howlugýardy, üstlerinde sökülen gara öýler, ýüňdür keçe, gazandyr beýleki çarwa goş-golamlary ýüklenen iki örküçli düýeler endigan ädim urýardy. Kerweniň gapdaly bilen aýallardyr çagalar barýardy. Ýarym ýalaňaç gullar goýun hem sygyr sürülerini öňlerine salyp barýardylar. Mundan öň ses-selemsiz asuda meýmiräp ýatan sähranyň goýnuny adatdan daşary howsala gaplap alypdy.

Nazar Kärizek ahyry Baýander hanyň on birinji aýalynyň oturan ýurduna ýetdi. Geň galmaly zat: bu ýerde asudalyk! Töwerekdäki erew-de-berewlige seretmezden, Baýander hanyň şol öňki parahatlygy. Gaýta adamlar şuňkar bilen aw etmäge taýýarlyk görýärdiler. Eýerlenen bezemen atlar bir ýerde takat tapman, toýnaklary bilen ýer peşeýärdi. Sag elleri şuňkarly on sany çakgan ýigit çadyrdan hojaýynyň çykaryna garaşyp hatar tutyp durdy. Temekleri inçe, garynlary hepbik ýaly tazylar şu arada birnäçe gezek garpyşdylar.

Nazar Kärizek arryk baýtalyndan düşüp, onuň öň aýaklaryny duşady-da, depäniň üstünde ýerleşen han öýlerine bakan ugrady.

Agras ädimläp öýden çykan Baýander hanyň ýüzi agyr nahardan soň birhili ýagjaryp durdy. Bütin eginbaşy: ykjam eýlenen deriden tikilen balagynyň içine salynan sary ýüpek köýnegi, burny jaýtaryp duran ädigi, guzy derisinden edilen ak telpegi onuň awa şaýlananyndan habar berýärdi. Ýogyn garny alabeder şal bilen berk guşalyp, oňa-da şirmaýy tutaýy haşamlanan hindi hanjary gysdyrylgydy.

Sähra hökümdary Nazary tanady. Onuň tabynlyk bilen epilen ýagyrnysyna, geçi derisinden tikilen köne possunyna, egri gylyjyna ýiti nazaryny dikdi. “Goja nämedir bir zat soramaga gelen bolarly – diýip, han çak urdy. – Käte garamaýak çarwanyňam möhümini bitirmeli. Eden sähelçe peýdaň öwezine Baýander hanyň jomartlygy hakyndaky ýakymly gürrüň agyzdan-agyza geçip, bütin ile dolýar. Ol hut häzir – hanlaryň topar-topar bolşup alys ýörişe ugramaga taýynlanýan wagtlary has beter zerur...”

– Şöhratyň artsyn, Baýander han! San-sajaksyz ýylky sürüleriň barha köpelip, olary Beýik Alla öz penasynda saklasyn, Baýander han! – diýip, Nazar Kärizek has-da yhlasly epildi. Köne possunynyň aşagyndan onuň süňkleri-de somalyşyp bildirip durdy.

Han elini ala guşagyna gysdyryp, oňa habar gatdy:

– Salawmaleýkim, goja Nazar Kärizek! Posly gylyjyňy süýräp ýola çykypsyň-la. Ugur haýyr bol-a!

– Gypjak sähralaryna bir habar doldy...

– O nä habar?

– Häzir aýdaýyn, han! Sygnagyň bazaryna bardym. Aşhananyň bir çetiräginde ornaşdym-da, beýleräkde oturan epeý kişileriň gürrüňlerine diň saldym. Egni gymmat baha ýüpek donly bir söwdagär şeýle zatlar gürrüň berýär welin, hiý goýaý. Aýtmagyna görä, ol mongol hanlaryna un eltýärmiş. Olar bilen ýygy-ýygydan söhbetdeş bolýarmyş. Äli sarsdyran Çingiz hanyň agtyklary bolan mongol şazadalarynyň Sygnaga gelenini olar söwdagäre habar berenmişler...

Öz getiren täzeliginiň hana nähili täsir edýänini bilmek üçin Nazar sözüne dyngy berdi. Han ähli zada erki ýetýän, ähli zatdan habardar adam ýaly görnüşde şol durkundan üýtgänokdy. Onuň ýanynda duran ýigitler hüşerilişip, bir ädim öňe süýşdiler.

– Aýdýanlaryň ugrunda bar bolaýmagam ahmal. – Baýander han oňa goltgy berdi. – Ýeri, onsoň bazarda başga näme gep-gürrüň bar?

– Ýene şol söwdagär şeý diýdi: Şazadalaryň yzy bilen mongol hem tatar goşunlary süýşüp gelýärmiş. Özem çöpde-çörde san bar, olarda ýokmuş. On günde aňyrsyna çykyp bilseň, zor boldugyň diýýär.

– Mongol şazadalarynyň gelenini menem eşitdim. Ýöne näme niýet bilen gelýärkäler? Biziň ýerlerimiz olaryň tabynlygynda. Olaň garşysyna baş göterýän ýok. Indi näme gerekkä? O hakda hiç zat gulagyňa degmedimi, Nazar Kärizek?

– Ýowuz kagan Çingiz han älemiň ýarsyny basyp alypmyş. Agtyklary onuň galan bölegini boýun egdirjekmişler.

Baýander han başyny ýaýkap:

– Ýeňil iş-ä däldir. Älemde ummasyz kän halk ýaşaýar. Çingiz hanam ýok. Kim oň ýerini tutjak? Oňky ýaly akyl kimde bar? Goşuna akylly ýolbaşçy gerek. Eý, ýigitler, aty getiriň!

– Biraz tagapyl et, şöhratly han! – diýip, Nazar Kärizek elewredi. – Öz köne atbakaryňa rehimdar nazaryňy aýla. Bu giden sähradaky hanlaryň senden güýçlisi ýok. Ýörişe gideniňde menem gözüňden salmazlygyňy towakga edýärin! Gije diýmän, gündiz diýmän, gar bolsun, gaý bolsun – tä garrap sandan düşýänçäm, kyrk ýyllap seniň wepaly hyzmatkäriň boldum. Indi meniň ornumy tutjak bäş sany gerçek oglum bar. Olaram men ýaly şu güne çenli seniň atlaryňa göz-gulak bolup ýörler. Indi çar ýandan beýik gypjak taýpalarynyň: "Uýbas, togtabaýlylar! Dýut, Durutaý batyrlary! Daukara, öňünden çykany agdarýan jersaýlylar! Ýiti gylyjyňyzy biliňize dakyň-da, ata atlanyň, ýörişe goşulyň!" diýen söweş çakylyklary[28] ýaňlanyp başlady...

Öňki bolşundan butnaman duran Baýander hanyň sag gözi çalaja süzülip, begenç uçgunjygy ýylpyldady. Onuňam sebäpkäri – egri gylyjyny depesinde galgadyp, gypjak taýpalarynyň söweş çakylygyny çyna berimsiz gaýtalaýan Nazar Kärizekdi.

– Sen ýeser urşujy, Nazar. Bitiren hyzmatlaryňam ýadymda. Näme islegiň bolsa, aýdyber!

– Meniň ogullarymyň bäşisem seniň şöhratly tuguň astynda söweşe gitmäge taýýar. Saňa gaty kän at ýetişdirip berenem bolsalar, özleri paý-pyýada. Saňa Baýander[29] adyny bilip dakypdyrlar. Gaýrat etde, ogullarymyň hersine bir eýerli at ber. Olar söweşde saňa wepaly goragçy bolarlar. Edil atan peýkamyň ýaly, ýollan taýyňa giderler, buýran zadyňy iki gaýtalatmazlar.

Baýander han üç barmagyny sakgalynyň ujuna ýetirdi.

– Bolýar, wepaly atbakarym Nazar Kärizek! Seniň sözleriňe ynanýan. Ogullaryň hersine bir at bereýin. Ýöne eýerdir uýanyny özleri tapsyn. Meniň hiç zady giden gitdi bermeýänimi bilýänsiň. Her bir nökerime jomartlyk edip ýörsem, gaty uzaklaşman gedaý galjagymyň ujy iki däl. Ogullaryňa aty şeýle şert bilen berýän: ýörişden gelenlerinde hersi üstüne haly ýapylan başga bir ýaş at getirsin. Mundan başga-da, ogullaň söweşde özlerine şöhrat gazanyp ýören wagtlary, goý, olaryň gelinleriniň hersi meniň üçin bir ýumşak haly dokasyn...

– Merhemetli han, haýpyň gelsin. Mende haly dokara ýüň ýog-a.

– Ýüňi meniň iş dolandyryjym berer. Eger sen razy bolsaň, ogullaryň gelsin-de, atlaryny alyp gidibersinler. Olary men öz saýama müň ýigidimiň hataryna goşaryn.

– Eden ýagşylygyň Alladan gaýtsyn! Rysgal-döwletiň yrylmasyn! – diýip, elini garnyna goýup iki epilen Nazar Kärizek eýýäm ata atlanan Baýander hana alkyş okady.

Ol uludan demini aldy, dikeldi. Gylyjyny gynyna saldy-da, esli arany açan hanyň yzyndan seredip başyny ýaýkady. Soň beýlesine öwrülende, Turgana gözi düşdi. Iki dyzyny gujaklap çugutdyryp oturan oglanjyk gara gözlerini gyrpman kakasyna seredýärdi. Onuň gaýgy-hasrata batanyny gören Turgan ylgap ýanyna bardy.

– Näme tukatlanýan, kaka? Men baryny eşitdim. Indi garry baýtalymyzdan başga-da bäş sany atymyz bolar. Husyt hana diýen zatlaryny bermek kyn bolar öýdýärmiň? O hiç-le! Agalam urşa gidýärler-ä. Ol ýerden atlaryň tutuş sürüsinem getirerler.

– Uruş-uruşdyr, oglum. Ol ýerden atlaryň nähili dolanjagyny Alla bilýär. Üstünde şöhratly batyrlar oturjakmy ýa-da uýanlaryny süýräp boş geljeklermi – kim bilýär pelek işini.

– Kaka, derrew git-de, atlary getir! Han birden sözünden dänäýmesin. Menem sen yzyňdan gidäýeýin. Bormy, kaka?

Turgan kakasyna baýtala münmäge kömekleşdi. Soň ikisi Baýander hanyň müňläp ýylky sürüleriniň bakylýan ýerine tarap ugradylar.

## ON BIRINJI BAP

### Atyň yzyny çalyp

Arapşanyň Hajy Rahymy çölüň içi bilen ynamly, ýalňyşman alyp barşy biri-birine meňzeş bu depeleri, çala sudur ýodalary ozal kän gezek torç edene meňzeýärdi. Ol käte aýak çekip, yzlara ser salýardy, depä çykyp töwerege göz aýlaýardy. Agyr ýolda ysgyn-rowgaty gaçan Hajy Rahym çägä tirsegini berdi-de, ýuwaşja seslendi:

[28] Gypjaklarda her taýpanyň, urugyň öz aýratyn söweşjeň şygary ýa-da "urany" bolupdyr. Söweşde ýa-da dawa-jenjel mahaly her taýpanyň adamlary biri-birlerini öz uranlaryny çagyrmak bilen töweregine toplapdyrlar.
[29] B a ý a n d e r – jomart.

– Meni nirä alyp barýaň? Ýene kän ýöremelimi?

– Men öz atymyň yzyny çalyp barýan. Nirede gizlenip boljagyny özüm bilýän. Ýör, çaltrak ugraly!

Ýoda üsti daşly alaňa baryp diredi. Arapşa bir gyra sowlup käle indi. Guran çeşmäniň ýanynda esli salym elendi. Soňam alaňa elini uzadyp:

– Alaňa çykaly-da, daşlary penalaly. Şondan amatlysy ýok. Sähra-da edil eliň aýasynda ýaly – diýdi.

Ýuwaşlyk bilen alaňa dyrmaşdylar-da, daşlaryň ösüp oturan gaba bürmekleri penalap gizlendiler. Bu ýerden töwerekdäki ýaýlyp ýatan tekiz meýdanyň köp ýerini synlap oturmalydy.

– Ýola seret – diýip, Arapşa pyşyrdady. – Şolar ýaly-la... Bir zad-a gözleýärler.

Sähradan dört sany mongol ýallary uzyn, pessejik boýly atlaryny gorgunyna sürüp gelýärdi. Iň öňdäki atly eýerde oturan ýerinden eglip ýere seretdi-de, jylawyny çekdi. Birdenem ählisi atlaryny gamçylap, alaňa dulanyp gözden ýitdiler.

– Olaram meniň ak atymyň yzyny çalyp barýarlar. Kowup ýeteris öýdýändirler. Edil garaşyşym ýaly boldy! Olaryň öwrülip gelmekleri mümkin... Yzymyz bildirmez ýaly, şu daşly ýer bilen ornumyzy üýtgedeli...

Ýolagçylar käliň içi bilen gidip, düzlüge çykdylar. Olaryň barýan ýodasyny uly ýol kesdi. Çopanlar ol ýoldan bir süri goýundyr geçi sürüp gelýärdi.

– Yzymyz-a ýitdi hasap edäý – diýip, Arapşa göwnühoş aýtdy. – Şu ýerden bir garypja çarwa obasyna bararys-da, dem-dynç alarys.

Ýoda ýene bir ullakan depä alyp bardy. Onuň üstüne çyksaň, töwerekdäki düzlükde ýaýraşyp ýören mallara, adamlara gözüň düşýärdi. Topar-topar gylýal sürüleri gök otlaryň arasynda haýallyk bilen ýaýraşyp ýördüler. Atbakarlar ellerindäki uzyn syrtmaklaryny galgadyp ýaş baýtallary, taýçanaklary goraýardy.

Içgysgynç çöli söküp gelen ýolagçylara günüň gytak düşýän şöhleleri bilen nurlanan, goýnunda durmuş gaýnap-joşýan bu düzlük jennetiň bir künji ýaly ýakymly göründi.

Golaýdaky ýaldyrap ýatan kiçeňräk kölüň üstünde ördekler eýläk-beýläk öwrüm edýärdi. Birden ösgün gamyşlygyň içinden çykan eýerlengi ak at çasly kişňäp, otlaşyp ýören bir topar baýtalyň gapdalyndan ýüzini salyp geçdi.

– Seret, hormatly mugallym! Ol meniň ogurlanan atym Akçian ýaly-la. Edil özi... – diýip, Arapşa şadyýan seslendi. Soň torbasyny, ýapynjasyny taşlap, depeden aşak inip barşyna: – Maňa şu ýerde garaş... Häzir ony tutaýyn! – diýip gygyrdy.

Fakyh oturan ýerinden syn etmäge durdy.

Atbakarlar gykylyklaşyp ak atyň yzyndan kowdular. Arapşa ýaşyl düzlükden ylgap barşyna derrew gamyşa siňdi, çeşmejikden geçdi hem ak atyň çapyp ýören gür otlugyna özüni atdy. Aty tutmagyň kül-külüne düşen iki çopanam şol töwerekde aýlanyp ýördi.

Yzyndan eşidilen seslere Hajy Rahym tisginip gitdi... Üç mongol gowky aýaklarynda iki ýana çaýkanşyp göni onuň üstüne gelýärdi. Biri elindäki ýüpüň kültemini çözýärdi. Näme etjegini hakydasyna-da aýlap-aýlamanka, mongollar ony güpbasdy edip, ýüp bilen saradylar.

– Egnindäki lagl ilikli gök ýapynjasyny görýäňmi? Bu hut şonuň özüdir – diýip, olaň biri seslendi.

– Ýok-la, o däl. Bu eňegini tüý basyp giden garry ahyryn. Biziň gözleýänimiz ýaş ýigit bolmaly.

– Han: “Eger gök ýapynjasy lagl ilikli adam duşdugy, janyny jähenneme iber!” diýmedimi? Men başga zady bilemmok.

– Muny hanyň ýanyna äkideli. Goý, özi nätse şeýtsin!

– Mende näme kastyňyz bar? – diýip, Hajy Rahym gygyrdy. – Men kitap ýazýan garyp derwüş.

– Akmagy daşdan gözle. Ýapynjaňdaky lagl ilikler näme? Olaň her birisiniň bahasy bir topar baýtala barabar.

– Ýapynja-da size nesip etsin, iliklerem. Bular meň zadym däl...

– Näme haýal deprenýäňiz? – diýip, edil şol wagt ýetip gelen dördünji mongol gygyrdy. – Hanyň atbakarlary göni bärik gelýär. Gyssanyň. Başyna ýaglyk büräň! Aýaklaryny ýeňsä epläp çatyň!...

Hajy Rahymyň bar eşiden sözleri şular boldy. Güýçli eller oňa gymyldamaga maý bermedi. Şol wagtam ala ýaglyk kellesine büreldi. Nurly gün gözden gaýyp bolup, oňa derek kiçijik uçganaklar gaýmalaşdy. Sesler, gykylyk, itleriň gohy bir salym gulagyna gelen fakyh bütin endamyna ýaýran ýiti agyrydan huşuny ýitirdi.

## ON IKINJI BAP

### Ak at

...Onuň ýüwrük aty düşende ýola;
Pikirden has ýyndam ýarym
sajynda,
Bir sajynda ýetdirenok şemala.

*("Jangar" poemasyndan)*

Parç bolup oturan gök otly sährada erkin otlaşyp ýören müňlerçe at şeýle seredeniňde garym-gatym ýaly görünýärdi. Ýöne olar aralary ýakynam bolsa biri-birine goşulmaýan toparlara bölünendi. Atbakarlar olaryň garyşmazlygy üçin alada baryny edýärdi.

Her topar bir garry baýtaldan hem çyparmy, melemi, dormy – bir reňkden bolan on bäş-ýigrimi sany ýaş atdan ybaratdy. Gaharjaň garry baýtal öz toparyndan aýrylman, saklyk bilen goraglaýardy.

Atbakarlar burny tüňňi arryk ýabylaryny çapdyryp, gykylyklaşyp toparlaryň arasynda aýlanýardylar. Ellerindäki ujy syrtmakly uzyn taýaklaryny bulaýlap, urşup duran taýlary aralaýardylar.

Nazar Kärizegiň bäş oglam atbakarlaryň arasyndady. Iň uly ogly Demir otuz, kiçisi Musuk bolsa on ýedi ýaşyndady. Doganlaryň ikisem ata baş öwretmekde, hiç bir ýaragsyz, diňe syrtmak bilen möjek awlamakda diýseň ussatdy. Gijemi-gündizmi, garmy-gaýmy, parhy ýok – olar ýyllar boýy Baýander hanyň gylýal sürülerini ogrulardan, ýyrtyjy haýwanlardan eserdeň goraýardylar. Hanyň öz wepaly goragçylaryndan göwni hoşdy. Şonda-da onuň ençeme ýyldan bäri söz berip ýören "hana muwapyk sylagynyň" soňy gelenokdy. Atbakarlaryň güne solup giden köne egin-eşikleri, eýlenmedik alaka derilerinden öz tikinen ädikleri näçe ýyl bäri täzelenenokdy. Ösgün, bulaşyk saçlary bolsa telpek deregini tutýardy. Güne garalyp giden bu ýigitler öz bakýan atlary, ýa bolmasa, wepaly kömekçileri bolan tüýlek köpekleri ýaly sähra bilen näçe diýseň öwrenişipdiler. Edil biri-birine sepleşip ýatan alaňlaryň, ýowşanly düzlügiň, şemalyň hem asmanda göç edýän bulutlaryň bir bölegi ýaly bolup gidipdiler.

Arapşa doganlaryň goraýan gylýal sürüsiniň içinde öz ak atyny gördi. Erkinlige keýpi gelip, sürüleriň arasynda ýüzüni salyp ýören at aram-aram taýlar bilen garpyşyp, ýene üm-düzüne tutdurýardy. Ana, ol wagşyýana haýkyryp, çypar taýyň boýnundan agyz saldy-da, bir gapdala zyňdy. Soň ýene sährany külterläp, ýňan ugruna çapyp gitdi. Onuň kümüşsow ýaly şemala birgeňsi seçelenýärdi.

Arapşa sygyrdy. Ak at durdy-da, gulaklaryny keýertdi. Eýesiniň ikinji sykylygyna at kişňäp jogap berdi. Soňam boýnuny tüňňerdip, saldamly çapyş bilen eýesine tarap ýöneldi.

Bu ýagdaýa öňden syn edip duran atbakarlar syrtmaklaryny häzirläp, atyň öňüni gabatlap ylgadylar. Arapşa güýjünde baryny edip atyna tarap eňse-de, gijä galdy. Boýnuna iki syrtmak ilen at eýläk-beýläk näçe urunsa-da, sypyp bilmedi.

– Beýtmäň ony! Goýberiň! Ol meň atym! – diýip, Arapşa gygyrdy.

– Hezzetiň barka basymrak garaňy saýla! At ogrusy deýýus! – diýip, atbakarlar haýbat atdy. Olaryň biri atyndan towsup düşdi-de, Akçianyň uýanyndan ýapyşdy. – Bu etrabyň topragam, atlaram Baýander hanyňky. Tazygyp gelem atam hanyň oljasy bolmaly!..

Arapşa gylyjyny syryp olaryň üstüne heňkirdi:

– Baýander hanyň nalajedeýin gullary, gulak asyň! Siz süriňiziň sanyny kişiň atyny ogurlap köpeltjek bolýaňyzmy? Belkem, bu atyň tenine öz tagmaňyzam basarsyňyz?

– Baýander han öz tagmasyny seniň maňlaýyňa basar – diýip, atbakar jogap gaýtardy. – Nädersiň hol depede maslygyň gurt-guşlara şam bolup ýatsa!

Arapşanyň gany depesine urdy. Şunça sowlup ýetişmedik bolsa, gazap bilen göterilen gylyç atbakary bölek-bölek etjekdi.

Şol wagt çatmadan okdurylyp çykan egni ýyrtyk ýapynjaly garaýagyz daýaw mongol Arapşanyň ýoluny kesdi.

– Saklan, beg ýigit! – diýip, ol parahat seslendi. – Sen öz ýiti gylyjyň bilen dilini sala goýberýän bu gödek atbakary çapmaga her haçanam ýetişersiň. Ýöne ilki meniň diýjek zatlaryma gulak as. Atyňdanam arkaýyn bol. Giden ýeri bolmaz.

Ol eli bilen yşarat eden badyna atbakarlar ak aty syrtmakdan boşatdylar. Mongol burnunyň aşagy ýaňy garalyp ugran ýaş ýigitdi. Gerlip duran gaşlarynyň astyndan ýaldyrap görünýän sowuklaç gyýyk gözlerinde nähilidir hiç wagt ynjalyk bermeýän gizlin pikiriň ýatandygy bildirip durdy. Egnindäki ýapynjasynyň gedaýyňky ýaly sal-saldygyna garamazdan, onuň özüni alyp barşy gaty dogumly, gepi-sözi merdemsidi.

Nätanyşyň höküm ediji hereketlerinden özüni ýitiren Arapşa birden Hajy Rahymyň şu sözlerini ýatlady: “Atyňy alada etme... Ony münip giden – seniň biriňi müň edip gaýtaryp biljek adam...”

– Seniň atyňa hiç kim barmagynam batyryp bilmez – diýip, mongol söze başlady. – Yzymdan duşman kowup gelýärkä, ony münüp gaçan men. Atyňy maňa sat. Näçe altyn dinar bahalaýan bolsaň, çekinme-de aýdaý.

– Akçiany sat diýýäňmi? – diýip, Arapşa ör-gökden geldi. – At – edermen ýigidiň iň gowy dosty ahyryn. Heý, dostuňam bir satyp bolarmy?

– Makul gürrüň aýtdyň – diýip, nätanyş tassyklady.  – Bu asylly ata soltan, han ýa-da kaganyň özi münse gelişýär. Sen batyr ýigit, ýöne bu at saňa mynasyp däl. Men munuň bahasyna onlap gowy at hem ýüpek geýim alar ýaly pul bereýin. Aýt bahasyny.

– Maňa atymdan başga zat gerek däl – diýip, Arapşa arkan tesdi. – Ozalam gaty kynlyk bilen tapdym. Meniň watanym ýok, öýümem ýok, ak sakgally atamam, direnip duran doganymam ýok. Ähli baýlygym gylyjym bilen şu atym. Şonuň üçinem, meni ondan jyda düşürjek bolma. Söweş ody içinde betbagtlyk gorpunyň gyrasyna baramda, meni halas etjek ýalňyz dostumy saňa berip goýberip bilmen.

– Seniň ak atyň maňa gerek. Deregine şu sürüden islän atyňy tut. Razymyň?

Arapşa gözlerini petretdi. Gahary depesine urdy. Ýene-de Hajy Rahymyň sözleri ýadyna düşüp, biraz salym böwrüni diňläp oýa batdy. Soňam seçelenip duran gara saçlaryny silkip şeýle diýdi:

– Eger ýüpek parça bezäp, bazara ýygnan mähellä görkezip, olary aňk etmek üçin däl-de, ýörişe gideňde gazaply jeňlerde münmek üçin gerek bolsa, onda şu at saňa bagş edýän! Bu saňa alysda ýaldyraýan maksat ýyldyzyňa tiz ýetmäge kömek etsin. Goý, bu diňe ýeňijiniň aty bolup, seniň şan-söhradyňy artdyrsyn!

Nätanyş tisginip gitdi. Onuň synçy gözleri bir salym Arapşa dikildi. Soňam atbakarlara tarap öwrüldi-de, göwnübir halda olara ýüzlendi:

– Çakgan ýigitler, hany, aýdyň, süriňizden saýlap tutan atymy maňa satyp bilermisiňiz?

Atbakarlar biri-biriniň ýüzüne seredişip, özara pyşyrdaşdylar. Ahyry güne ýanyp, tomzak ýaly garalan iň kiçi atbakar jogap gaýtardy:

– Atlar biziňki däl, Baýander hanyňky. Hanymyzyň altyny gowy görýäni üçin, seniň öz diýen atyňy satyp bileris. Ýöne bahasy Sygnagyň bazaryndaky söwdagärleriň töleýäninden az bolmasyn. Ýigrimi bäş altyn dinardan kem berjek bolsaň, at ýok. Şuňa razy bolsaň, halan atyňy tutaly. Çeken azabymyz üçin aýratyn töleseň, edil gözüň alnynda münüşem öwredip bereli.

– Men at jellaby däl – diýip, mongol olara ýüzlendi. – Bahasy üçin çekeleşip durman-da, öz islänimi saýlaryn. Ynsap edip näçe bahalasaňyz, men şoňa razy. Onuňam daşyndan heriňize bir altyn dinar berýän.

– Aý, müň ýaşa! – diýip, atbakarlar şatlykly seslendiler. – Haýsy aty tutmaly bolsa, görkez tizräk!

## ON ÜJÜNJI BAP

### Atbakar doganlar

Hanyň bäş at berenine begenjinden ýaňa uçaýjak bolýan Nazar Kärizek bu hoş habary buşlamak üçin arryk baýtalyny debsiläp ogullarynyň ýanyna eňdi. Köplenç mytdyldap, kämahal debsilenmäge çydaman loňkuldap barýan garry baýtal ahyrsoňy eýesini Baýander hanyň atlarynyň otlap ýören jülgesine getirdi.

Towşan ýaly bökjekläp onuň yzyndan galman barýan kiçijik Turgan ýeňillik bilen bir depä çykdy-da, kakasyna gygyrdy:

– Kaka, basymrak bärik gel! Bu ýerde möjek tutýarlar!

Nazar baýtalyny gamçylap depä dyrmaşyp ugrady. Alaňlaryň arasyndaky oýda Baýander hanyň nökerleri gygyryşyp, sygyryşyp dumly-duşdan at salýardylar. Inçe sesleri bilen yzyny üzmän üýrýän

tazylar birnäçe möjegi özlerine salyp kowalaýardy. Möjekler janyny gutarjak bolup atlarynyň aýagynyň aşagyna özlerini urýardy.

Ullakan garry möjegiň töwereginde gidýän söweş has-da üýtgeşikdi. Möjek dişlerini şat-şat edip, öýüň içi ýaly ýerde aýlanyp durşuna çar töwereginden hüjüm edýän itleri ýanyna getirenokdy.

Birden atyny çapdyryp gelen ýigit eýerde oturan ýerinden möjegiň üstüne böküp, onuň gulaklaryndan ýapyşjak boldy. Möjek onuň elinden sypdy-da, töweregini gallap duran itleriň arasyndan togalanyp geçip ümdüzine tutdurdy.

Ýigitler onuň yzyndan at goýdular.

– Nury, tut ony! Sypdyraýma... Gulaklaryndan ýapyş, Nury! – diýşip gygyryşdylar.

At toýnaklaryndan göterilýän tozanyň arasy bilen ala-goh bolşup barýan awçylaram, möjeklerdir itlerem depäniň aňyrsyna duwlandylar.

Birden bas-da-tutlugyň bolan ýerinde endam-jany ýüp bilen saralgy ýatan adama Nazar Kärizegiň gözleri düşdi. Onuň egninde gök reňkli mongol lybasy bardy. Bir gapdala guma bulaşyp ýatan derwüş şyrdagy oňa birhili tanyş göründi. Nazar onuň ýanyna bardy-da, atdan düşdi.

– Bu goňşymyz, alym, fakyh Hajy Rahym-la! Muny şol garry möjek çeýnäýdimikä? Hajy Rahym, diri bolsaň seslen ahyry! Ýa, Alla, özüňden medet! Bu biçärä rehim edeweri!

Ýatan adam usullyk bilen gözlerini açdy-da, öz üstüne eglip duran kişä geň galyp seretdi. Kem-kemden özüne gelip ugran Hajy Rahym eşidiler-eşidilmez pyşyrdady:

– Men dirimi ýa-da Ezraýyl perişde henizem synymdan çekip durmy?.. Awçylaryň hem ýigitleriň ählisi meni depeläp geçdi... Meniň üstümde itler möjek bilen garpyşdy... Nazar Kärizek, sen meni öňem kän gezek açlygyň elinden alypdyň... Şu gezegem dadyma ýetiş. Meni bu ýerde taşlap gitme!..

Nazar onuň endamyna saralan ýüpleri çözdi-de, külterledi.

– Jan ýaly goňşymy şeýle güne salanlary üçin ogullarym günäkärleri şu ýüpden asarlar.

Goja endam-jany syzlaşyp duran derwüşi kynlyk bilen öz baýtalyna mündirdi-de, jylawyndan dartdy. Hajy Rahymyň ah-wahynyň soňy zeýrenje ýazdy:

– Darakyllyk balarynyň yzyndan kowalap barşyna eýýäm awçynyň ýaýyndan sypjak bolup duran peýkamyň öz böwründen sanjyljagyndan bihabar... Awçam beýle ýanynda gaplaňyň özüni tike-tike etmäge häzirlenip duranyny bilenok. Gaplaň öň öljekmi ýa awçy, darakyllyk öň öljekmi ýa-da balary? Bu zatlary öňünden aýtmak çetin... Menem gorkunç mongollaryň elinde amanadymy tabşyraryn öýdüpdim. Hernä garry möjekdir itler dadyma ýetişäýdi...

Depäniň eteginden egrem-bugram bolup akýan dury suwly çeşmäniň boýunda iki sany çalamydar gamyş çatma eginlerini gysyp otyrdy. Olarda Nazar Kärizegiň çopan ogullary ýaşaýardy. Garry çatmalaryň ýanyna baryp aýak çekdi. Hyk-çok edip baýtaldan düşen Hajy Rahym birden tisginip gitdi: onuň öňünde şol ýagyşly gije myhman bolan ýigit durdy.

– Seniň göwnüňe degmäge het edip bilen kim? – diýip, mongol gaşlaryny bürüşdirdi. – Gök ýapynja gara-gäz bolupdyr, özem ýyrtyk... Başyňa nä günler düşdi seň?

Hajy Rahym öz üstüne mongol urşujylarynyň dökülenini gürrüň berdi. Ýaş ýigit gözlerini eli bilen ýapyp birsalym durdy. Soňra Hajy Rahymyň ýeňinden ýapyşyp pyşyrdady:

– Şolardan başga hiç kim däldir! O nejisler meni gözläp, alakjaşyp ýörüşlerine, saňa duşandyrlar. Hajy Rahym! Sen şol gije meni öz külbäňde penalanyň, soňam gaçmaga kömek etdiň. Indem men sebäpli tas ýagty jahan bilen hoşlaşan ekeniň. Olar seniň egniňdäki gök ýapynjanyň meniňkidigini tanandyrlar...

Şol wagt bularyň ýanyna ylgap gelen Arapşa Hajy Rahyma ýüzlendi:

– Hormatly mugallym, günämi geç! Seni ýeke goýanym üçin men günäkär.

– Sen muňa beletmiň? – diýip, mongol Arapşa tarap barmagyny uzatdy. – Hany, aýt, Hajy Rahym, bu ýigide bil baglap bolarmy?

– Arapşa dag barsy ýaly ýürekli, almaz ýaly berk ýigit! Onuň agzyndan bir-ä hiç wagt ýalan söz çykmaz, onsoňam dostuna dönüklik etmez...

– Aýdanlaň dogry bolsa, men gaty şat. Bu ýigidiň özüm gadyryny bilerin!

Olaryň ýanyna gelen atbakarlaryň ulusy edep bilen epilip söze başlady:

– Gulak goý, han! Seniň ne öýüň bar, ne-de atyň. Ýöne gapjygyňda altyn pullar jyňňyrdap dursa, edil häziriň özünde islän atyňy tutup bermek biz bilen.

– Arapşa! – diýip, mongol hökümli seslendi. – Hany, göwnüňe ýaran aty saýla!

Arapşa gylýal sürüsine birsalym seredip durdy-da, ýaş dor aty görkezdi. Dor at beýlekilerden saýyrdyň hem sarç görünýärdi. Töweregindäki atlar peýwagtyna otlaşyp ýörler. Ol bolsa başyny belent tutyp, ýallaryny silkeläp, öz sürüsinden saýlandy-da, beýleki taýlar bilen uruşmaga ugrady.

– O-ho! Ol aňsat tutdurmaz! – diýen, atbakarlar bir-biriniň ýüzüne seredişdiler. – Taý däl-de, duran bir uçgun-la ol. Gözi ýiti, özem gaty tez... Gamçy çalmak gerek däl. Özi adamyň üstüne topulýar.

Nazar Kärizek gürrüňe goşuldy:

– Musuk aty tutar. Körpe oglum Turganam oňa münüş öwreder. Ol bular ýaly aty öňem köp görendir!

Çypar baýtalyň üstünde oturan Turgan edilýän gürrüňleri diňläp hezil edýärdi, göwni göterilýärdi. Dor ata münüş öwretmegiň özüne ynanylanyna buýsançdan ýaňa gözleri uçganaklaýardy.

## ON DÖRDÜNJI BAP

### Tez atyň tabyn edilmegi

Musuk bilini berk guşap, pişik ýaly çalasynlyk bilen arryk atyň üstüne böküp mündi. Uzyn inçe syrtmagyny alyp, dor aty tutmaga ugrady.

Ol ilki daşdan öwrüm etdi. Özüne howp abanýanyndan bihabar dor at töweregindäki taýlar bilen arkaýyn oýnap ýördi.

Özüne golaýlaşyp gelýän atbakara gözi düşenden, onuň ynjalygy gaçdy. Baýtallar öz taýlaryny goraglap, ýuwaşlyk bilen çetleşip, gelýän ata ýol berdiler. Taýlar eneleriniň hereketini eserdeňlik bilen synlap, olar nirä gitse, yzlaryndan galanokdylar.

Atbakaryň özüne tarap ýönelige gelmeýänini aňan dor at birbada üşerilip durdy. Soňam beýleki ýüzlerçe atlaryň arasynda tanalman öýdendir-dä – özüni süriň ortasyna urdy.

Nätse-de, ol Musugyň nazaryndan gizlenip bilmedi. Atbakaram onuň yzy bilen aýak aldygyna gaçyşyp ugran atlarynyň arasyna kürsäp urdy-da, özünden barha daşlaşýan dor atyň söbügine düşdi. Ol birnäçe gezek ata golaýlaşyp, syrtmak ataýmalam boldy. Emma burnuna ýel düşen dor at boýnuny tüňňerdip, seçelenip duran ýallaryny silkeläp, özüni bir gapdala zyňýardy-da, beýleki atlara goşulyp, hiç per berenokdy.

Kellesi gyzan Musuk şol atdan başga dünýäde ähli zady unutdy. Ähli aladasy her zat etmeli welin, aty ele salmaly diýen pikire gelip direýärdi. Olam dilde aňsat! Eýýäm näçe gezek onuň azaby reýgan boldy. Bu atbakaryň peltesine ot berýärdi. Beýleki atlar gulaklaryny keýerdip, bu tomaşa gyzyklanma bilen syn edýärdiler.

Musugyň boýnuna ýapyrylyp çapyp barýan arryk atynyň bolşy göýä eýesiniň içki pikirine düşünýän ýalydy. Ol öz jylawyndan çekilip ugrukdyrylmagyna garaşman, kowalanýan aty süriň içinden tanap, amatyny peýläp, ondan-oňa ýüzin salýardy.

Ahyrsoňy ýaş ýigidiň azaby ýerine gowuşdy. Pursat peýläp zyňylan syrtmak dor atyň boýnundan ildi. Musuk syrtmagyň bir ujuna derrew dyzyny diredi. Ozal ýel ýaly erkana gezip ýören atyň syrtmakdan sypjak bolup çarpaýa galşyny, çar ýana urnuşyny synlamagam baryp ýatan lezzetdi!

Bu ýagdaýy üns bilen synlap duran atbakarlar begençlerine uly goh turuzdylar. Beýleki müňläp atlaram başa-baş söweşde adamyň ýeňiji çykanyna geň galýan ýaly, aňk bolşup üşerilişip durdular.

Boýnuna atylan syrtmagyň ýiti agyrysyny ömründe ilkinji gezek duýan dor at birbada ümsüm durdy. Soňam öň aýaklaryny ýere ykjam diräp, boýnuny tüňňerdip, syrtmagy üzmäge synanyşdy. Atbakaryň berk elinden sypar yn diýen umytda ol özüni bir gapdala bat bilen zyňdy. Emma syrtmak boýnuny hasam gaty gysdy. At art aýaklaryny dik asmana zyňyp, birnäçe gezek towusdy. Netije bolmansoň, burnuny tyzladyp, iki öň aýagyny ýere berdi.

Munuň ýaly ýekme-ýek söweşleriň öňem ençemesini göreni üçin, Musugyň aty duran ýerinde gymyldaman berk durdy. Öz awunyň ähli hereketlerini synlap duran ýaş ýigidiň ýanyna ýoldaşlary ylgaşyp geldiler. Olaryň ikisi atyň gulaklaryndan berk ýapyşdylar, beýlekileri bolsa derrew onuň aýaklaryny kemer bilen daňdylar. Kömege gelenleriň biri atyň agzyna agyzdyryk gysdyrdy. Beýleki duranlaram çakganlyk bilen onuň üstüne eýer atdylar. Şol bada-da aýaklary ýalaňaç, gyzyl köýnekli, balagy çermelgi oglan gorkunç görünýän dor atyň arkasyna gondy. Ol bir eli bilen jylawyndan, beýleki eli bilenem atyň gür ýalyndan ýapyşdy. Töwerekdäkiler atyň aýagyny duşan kemerlerini aýyrdylar-da, bir ýana gaçdylar. Turgan bolsa ata gamçy çalyp, sähra tutdurdy.

Nazar Kärizek agzyny açyp, ellerini bulaýlap durşuna içki buýsanjyny daşyna çykardy:

– Berekella! Oglum hakyky ýigit bolup ýetişjek!..

Oglanyň ýüzin salyp barýan atyň üstünde oturyşy ykjamdy. Eýýäm ol alysda nokat ýaly bolup çala göze ilýärdi. Atbakarlar eger bolmasy bir zat ýüze çykaýsa, kömek bermäge häzir bolup durdylar.

At giň sährada öwrüm edip çapýardy. Özüni bir eýläk-bir beýläk zyňyp, üstündäki oglany duýdansyz ýere pylçajak bolup jan edýärdi. Onuň gahary soňky hetdine ýeteni üçin, kä duran ýerinde asmana towusýardy, artky aýaklarynyň üstünde durup çarpaýa galýardy. Nätse-de, netije çykmansoň, ýene-de sährada ýüzin salýardy.

Bar güýji bilen jylawdan ýapyşyp oturan Turganyň atyň bu oýunlaryna göhi gelýärdi. Ol kä ata gamçy çalýardy, käte-de hoş sözler aýdyp köşeşdirýärdi. Başga çykalga ýokdugyna göz ýetirdi öýdýän – ata ahyry kem-kemden jylawa kaýyl boldy.

Bu atbakarlaryň nazaryndan sypmady. Turganyň agasy Demir sesiniň ýetdiginden gygyrdy:

– Gördüňizmi, at ýeňildi. Ol gaty ýadandyr. Kömek etmek gerek. Özüm ýanyna giderin.

Demir Turgana tarap at goýdy. Näçe diýseň ýadap, halys ysgyndan gaçan dor atyň ýarpyrak eldeki edilenini aňmak kyn däldi. Bu ýagdaýda onuň yzyndan arkaýyn ýetip boljakdy. Öz ýanyna del atlynyň golaýlaşýanyny gören dor at ýene-de gazaba mündi. Özüni iki ýana zyňdy, çarpaýa galdy. Öňki dyzmaçlygyndan zat galmany üçin gorgunlap ugrady. Soňabaka onuň ýörişi hasam endiganlaşyp, gezere ýazdy. Öz ýanlaryna golaýlaşan atyň gününe kaýyl bolup ýuwaşanyna Nazar Kärizegem, beýleki atbakarlaram kemsiz göz ýetirdiler.

Jigisine kömek bermäge gelen Demir olar bilen gapdallaşyp at çapyp gelýärdi. Oglan sag eli bilen atyň ýalyndan tutup çök düşdi-de, derrew dikeldi. Tejribeli atbakar mundan peýdalandy. Ol öz atyny tabyn edilen at bilen ýanaşyk duruzdy-da, çep eli bilen oglany gujaklap, özüne tarap çekdi.

Münüş öwredilen at boýunegijilik bilen agyzdyrygyny çeýnäp durdy. Ýüzi güne garalan atbakar üzeňňä galyp duran oglany tutaklap, çatma öwrülip geldi. Beýleki doganlary ylgap gelişlerine ýadawlykdan ýaňa aýak üstünde zordan durýan oglany gujaklap, ogşap atdan düşürdiler.

Arapşa dor atyň ýanyna baryp, jylawyndan ýapyşdy. Mylaýym sözler aýdyp, boýnuna kakdy. At aýaklaryny giň açyp, göwnübir ýaly başyny aşak salyp durdy.

Garry Nazar Kärizek oňa öwüt berdi:

– Aty entek gün dogmanka gezime çykar. Ýarygijä çenli suw bermegin. Şeýdip ugruna seredip bilseň, bu öňüne at geçirmez.

Bu zatlaryň baryny üns berip synlan ýaş mongol atbakarlara tarap öwrüldi-de, gaýyş gapjygyny çykaryp, altyn dinarlary sanamaga başlady. Ol pullary atbakaryň iň ulusynyň aýasyna guýup, ak atyna böküp mündi. Jylawyny dartyp durşuna şeýle diýdi:

– Köp sag boluň, atbakar ýigitler! Meniň kimdigim basym size äşgär bolar...

Ol atyny debsiledi. Birdenem saklandy-da, uzaklara nazar saldy.

Jülgäniň daşyna halka bolup aýlanan depeleriň üstünde atly goşunyň uzyn hatary gözüne ildi. Egri, ýogyn boýunly, pes boýly atlardan çen tutyp, olaryň mongollardygyny aňmak kyn däldi. Atlylar olaryň duran oýunyň daşyna egrildiler. Olaryň baştutany ýüzi daşdan ýasalan ýaly ýowuz ýaş handy. Üç atly ol nirä ugrasa yzyndan galanokdy. Atlylaryň ortadakysynyň elinde ujuna sary mata daňylan naýza bardy. Ýowuz sypatly han atbakarlaryň ýanyna geldi. Ak atyň üstündäki ýigit bilen nazary çaknyşanda, ol eýeriň gaşyna eglip, şeýle diýdi:

– Mendu,[30] Baty han! Bolsa-da özüňi gaty kän gözletdiň. Näme, egniňe Çingiz hanyň neberesinden bolan şazadalara gelişmeýän eşik geýipsiň-le?

– Guýuk hanyň sarygulak itleri meni kän yzarladylar. Şu garyplaň çatmasy dadyma ýetişäýdi.

– Meniň kakam – hormatly Sududaý batyr hiç ynjalyp bilenok. Haýal etmän öz çadyryna barmagyňyzy haýyş edýär.

Mongollar duran-duran ýerinden atlaryny gamça basyp, derrew alaňdan aşdylar.

Arapşa özünden barha daşlaşýan söýgüli aty Akçiana seretmejek bolup beýlesine öwrüldi. Soňam bir gysym ot bilen täze münüş öwredilen atynyň böwründen derini süpürip durşuna mylaýym pyşyrdady:

– Ýeri, ýüzüňi sallama. Öňki erkinligiňden jyda düşeniňe ahmyr edýäniňi bilip durun. Ine, indi ikimiz dostlaşdyk. Häzire çenli edenimiň ugruna bolan ýeri ýok. Sen meniň geljege ynamymy berkitdiň.

---

[30] M e n d u – salam (mongolça).

Şundan şeýläk adyň “Italmaz” bolar. Bu ady saňa edil it ýaly wepaly, almaz ýaly berk bolmagyňy arzuwlap dakýaryn...

## ON BÄŞINJI BAP

### Adyl kazylar

Gyzdogmaz tiz-tizden öýden çykyp, adamsynyň geljek ýoluna göz dikýärdi. Ahyram halys irdiminämemi, gapynyň ýanynda ýazylan köne hakynyň bir çetinde çökdi-de, dyzlaryny gujaklap oturyşyna nazaryny depesinde gyzgylt çekirtgeler bulut ýaly aýlanyşýan ýalaňaç depä dikdi.

“Oňlulygyň üstünden barmarsyň. Gitme! – diýip, kän ýalbardym o çala. – Gyzdogmaz ýene öz pikirine gümra boldy: – Wah, bir betbagtlygyň üstünden barjagyny süňňüm syzypdy-la... Urşa gitjek diýýär-ä. Sen ýalyny uruş nätsin, garry haýran! Bir halta jöweni dökan-saçan edip, dolulygyna öýe getiren ýeri ýokdur weli... Özem garry geçi ýaly tüýs hötjediň biri...”

Agşam düşüberen uçurlarynda onuň söýgüli perzendi Musuk öýe geldi. Ol atyny duşady-da, otlamaga kowdy. Soňam ýyrtyk çäkmenini hem köýnegini çykaryp, ejesiniň dyzynyň üstüne oklap goýberdi.

– Mende el-aýak ýaly bolup ýören kömekçem-ä ýok. Kim çatsyn bulary? – diýip, Gyzdogmaz käýinjiredi.

Musuk ýerde arkan düşüp ýatyşyna geýimlerini çatmaga başlan ejesiniň ezber elleriniň ýeňillik bilen hereket edişini uzak wagtlap synlady.

– Ýyldyz nirede?

– Nirede bolsun? Meýdanda çekene bakyp ýör. Şindi gelenok.

Ýyldyz onuň öz gyzy däldi. Adynyň Gyzdogmazdygyna garamazdan, ol hemişe “Munça ogluň içinde bir gyzymam bolaýsa...” diýip göwün ýüwürderdi. Gyz maşgala ene-ata rakyp bolýar. Durmuşa çykyp, ýurduny täzelände-de, ol önüp-ösen içerisine oglanlardan ýakyn.

“Ýyldyzy bir barlyrak ýere çykaryp bilsek, bizem sygyrly, ýabyly ýa düýeli borduk. Ýyldyz jan goýun gözleri gülüp duran, şadyýan ýylgyryşly, syrdam boýly owadan gyz. Bir ýetmezi – egin-eşigi horaşaja. Ol hiç-le. Onuň on alty örüm gara saçlaryna sapaga düzülip, gelşikli edilip dakylan çüýşe monjuklar görk berýär. Ýigit barynyň gözi şonda...”

Gyzlygy hakdaky hyýallara gark bolup oturan Gyzdogmaz birden tisginip gitdi. “Wiý, ony Musuk halaýan ýaly-la... Garyp ýigit, özi ýaly pukara, üstesine-de, ýetim gyza öýlense, biz, iki garry ýene ýer ýumruklap galybermeli borus. Musugy entek öýli-işikli etmäge alňasamaly däl. Ýyldyzy bolsa barly çarwadara ýa-da molla bermeli.” Gyzdogmaz bu hakda kän kelle döwse-de, pikiri Musuga baryp dirände uludan demini alyp oturyberýärdi: “Olam edil kakasy ýaly hötjet. Bir zady ýüregine düwse, etmän goýmaz. Wah, bize ömür garyplykdan dynma ýokdur-la...”

Öýüň işiginde ýatan it başyny göterdi-de, ilki hyňrandy, soňam gaty-gaty üýrüp, sähra taýa okduryldy. Beýleräkden geçip barýan atly elini bir tarapa salgap nämedir bir zatlar gygyrýardy. Näme diýýäni eşidilmän galan atly saklanman, sowulman öz ýoly bilen geçip gitdi.

– Ana, Ýyldyzam gelýä! – diýip, ejesi seslendi.

Alaňyň üstünde guzular göründi. Ýodalardan uzyn hatar bolşup gelýän mallaryň aýaklarynyň astyndan ýukajyk tozan göterilýärdi. Olaryň arasy bilen şadyýan aýdyma hiňlenip gelýän horja gyz yza galan guzulary gyssap sürä goşýardy. Onuň sesini eşidip, goňşy öýlerden çykan aýallar sürä tarap haýdap ugradylar. Ýyldyz gujagyna alyp gelýän agsak toklusyny olaryň birine berdi-de, öýlerine tarap ylgady. Ol Musuga bir zatlar edip ýşarat edip, ýanyna çagyrdy-da, sojap gürrüňe başlady:

– Ýaňky geçip barýan atly adam ýoluň ýakasynda biziň baýtalymyzyň otlap ýörenini görüpdir. Golýaýnda hiç kim ýok diýýär. Eýerem garnynyň aşagyndamyş... Kakama bir zat bolan bolaýmasyn? Men-ä ejeme aýtmaga gorkýan.

Musuk usullyk bilen öýden çykdy-da, ejesine bildirmejek bolup onuň arkasyndan aýlanyp, atyna tarap ýöneldi. Birdenem sakga durdy. Sähra taýdan aga çalymdaş inçejik ses gelýärdi.

“Turganyň sesi ýaly-la!”

Yzýanyndan alaňyň üstünde özem göründi. Ylgap gelýän oglan tiz-tizden büdräp ýykylýardy. Ýene zordan dikelip, öňe dyzaýardy. Ylgap baran Musuk oňa söýget berdi.

– Waý, ýetişiň! – diýip, Turgan aglady.

Oglan gepläp bilenokdy. Äň titräp durdy. Tozan siňen çyrşak ýüzünden gözýaşlary syrygýardy.

– Aýt ahyry, näme boldy?

– Ony asýalar...

– Kimi?

– Kakamy!..

Musuk doganyny öýe salyp suw berdi. Oglanyň dişleri agaç susagyň erňegine degip şakyrdaşýardy.

– Şäheriň golaýynda... Kakam bazar barýardy... Ony tutdylar. Ýüp bilen sarap, süýrediler... Oňa kömek berjek boldum. Meni itip goýberdiler. Zyňlyp gitdim...

– Yzynam aýtsana!

– Olar kakama talaňçy diýdiler. Kakam hiç kimi talanok. Gaýta onuň özüni öňýeten talaýar...

– Bu nirede bolan iş?

– Namaz derwezesiniň golaýynda, uzyn dereklериň ýanynda...

Musuk gyny köneliginden ýaňa sap-sary bolup giden egri gylyjyny diwardan kakyp aldy. Şol durşuna – köýneksiz-zatsyz atynyň duşagyny çözdi-de, üstüne özüni atdy. Biraz gidensoň, yzyna gaňrylyp öýdäkilere gygyrdy:

– Ýyldyz!.. Turgan!.. Derrew ylgaň-da, baýtalymyzy tapyň. Men kakamy halas etmäge gitjek..

Sygnap şäheriniň derwezesiniň ýanyndaky bir düýp ullakan garagajyň töwereginde mähelle bary üýşüpdi. Ýogyn şahadan birnäçe adam asylgy durdy. Ol bendeleriň ýalaňaç aýaklary süýnüp hallanlaýardy, ýüzleri elhenç gyşaryp gidipdir. Iki sakçy merduwany agaja söýäp syrtmagy başgalaryň boýnuna dakýardy. Elleri arkasyna towlanyp daňlan pukara geýnüwli gypjaklaryň bir topary agajyň teýinde ýüzlerini agardyp, sandyraşyp çommalyp otyrdylar. Ýüzi nurana, tekepbir molla garry ak atyň üstünde oturan ýerinden gygyryp perman okaýardy:

– Baryňyz üns berip diňläň! Ulusyň hökümdary şeýle perman çykardy: “Yglan edilişi ýaly, ýeňilmejek mongol goşuny gelende, tölemeli salgytdan ýüz dönderen, Sygnak şäheriniň edermen urşujylara zerur bolan undur bugdaýyny gizlän içi güjükli söwdagärler ölüm jezasyna hököm edilýär...”

Oturanlaryň turzan galmagaly molla geplemäge maý bermedi. Ol tertibi bozanlara tarap gaharly nazaryny aýlady. Üç atly öňünden çykany gamçy bilen saýgylap mähelläniň arasy bilen göni oňa tarap gaýtdy. Olaryň öňündäki ýarym ýalaňaç ýigit gaharly gygyryp, gylyjyny çar tarapa bulaýardy.

Onuň bolup gelşine gözi düşen molla dessine atdan agdy.

– Akly çaşan! Edýäniň näme? – diýip, adamlar gygyryşdylar. – Sen ulusyň hökümdarynyň permanyny bozýarsyň!

– Permanyňyzy ite zyňyň! – diýip, ýigit haýkyrdy. – Siz bu ýerde bazaryň tüýkesme ogrularyna derek Baýander hanyň edermen nökerlerini dardan asýaňyz! Häzir ýigitleri bilen onuň özem bärik gelýär. Ähliňizi palaç ýaly ýatyrar!..

Ýigit erjel garşylyk görkezýän garrynyň boýnuna syrtmak atjak bolup duran sakçylara tarap atyny debsedi. Gytak salnan gylyç ýüpi şarta ýoldy. Sakçylaryň ikisem şahadan ýere gaçdylar.

– Garrynyň ellerini derrew çözüň. Bolmasa-da kelläňizi togalaýan!

Töwerekde tomaşa edip duranlar ýatan garryň elindäki ýüpi çözdüler-de, ýerinden galdyrdylar.

– Sag-salamatmyň, kaka? – diýip, ýigit atdan böküp düşdi. – Derrew meň atyma mün. Şunça ýetişmedik bolsak, kakasyz galaýjak ekenik.

– Tüýs jaý wagty geldiň, oglum Musuk! – diýip, garry hamsykjak ýaly etdi. – Bu goýunkellelere zatlaryny gizlän baý söwdagärleri asmaly diýilipdir. Para bilen satyn alnan kazylaram olara derek ýolda duşan garyp-pukaralary tutup asmaly diýip buýruk beripdirler. Menem şolaryň biri! Duruň bakaly, şagallar! Meniň bäş sany direnip duran ogluň atasydygymy siz bilýän dälsiňiz. Üstüňizden göni Baýander hana arz edip, boýnuňyzy kak towlan ýaly etdirerin...

Adamlaryň gopgun-gowry dik asmana göterildi. Boldy bir bulam-bujarlyk! Molla uzyn ýektaýynyň syýyny galdyryp derrew garasyny saýlamak bilen boldy. Sähel haýal-ýagallyk etseler, bir zadyň üstünden barjagyny aňan sakçylaram ondan galmadylar. Zyňylýan keseklerden zordan başlaryny gutaran jellatlar mähelleden gaty tiz daşlaşdylar.

Musuk goltgy berip kakasyny ata mündirdi.

– Iki sany tanyş çopanam kömekleşmäge alyp gaýtdym. Şükür, hälem gijä galmandyrys.

– Menem näme etseler kaýyl bolup duranlardan parhlyrakdyryn görseň. Nazar Kärizek garram bolsa, bazar mähellesine tomaşa bolup, läş ýaly asylyp durjak adamlaryň hilinden däldir. Men urşa gitmekçi. Ol ýerden bir süri aty öňüme salyp, şöhratly batyr bolup dolanyp gelerin!..

## ON ALTYNJY BAP

### Aýal maslahaty

Ölümden aman-esen sypan Nazar Kärizek bir topar gypjagy daşyna üýşürip öýüne dolanyp geldi. Ile belli gazaply kazynyň demir penjesinden ölmän sypan bagtly kişini görmek üçin goňşy obalardanam adamlar ýygnandy. Bili egri gylyçly, egni geçi derisinden tikilen possunly, atyň üstünde elini bykynyna urup, hondan bärisi bolup gelýän Nazary ähli kişiniň göresi, atynyň uýanyndan elläp galasy gelýärdi.

– Nazary halas eden edermen ýigit nirede?

– Ogly Musuk onuň dadyna ýetişdi. Gylyç bilen syrtmagy kesen şol. Soň adamlar jellatlary daşlap kowdular.

– Hany şol ýigit?

– Hanha, onuň bilen gapdallaşyp gelýän ýigidi göreňokmy? Şol-da. Özem Baýander hanyň nökeri!..

– Onda oňa elini batyran bolmaz. Häzir Baýander handan kazydan beter gorkýarlar.

Nazar tekepbirlik hem dabara bilen öz öýüniň işiginde atynyň başyny çekdi. “Bu şöhratyň bilen aýalyň gözüne arkaýyn görünse bolar!” “Garry geçi ýaly bolup hiç ýere aýagyňy ätme. Seň ýalyňam bir bitiren goşy bormy?” diýip igenýän aýaly indem bir görsün äriniň nähilidigini! Onuň häzirki şöhraty, dabarasy Baýander hanyňkydan kemmi?”

Nazar Kärizek her näçe göwnüni aldasa-da, Gyzdogmaz ärine gözi düşenden özi däl-de, maslygy gelen ýaly ulili bilen möňňürmäge başlady.

– Günüň-güni başymyza oýun salyp ýöreniňden seni gara ýer düýnese bolmaýarmy! Uruşda görüň ýok diýip näçeler aýtdym. Etmediň. Entek şähere-de ýetmänkäň boýnuňa syrtmak atypdyrlar. Indiden beýläk öýüňden daşary ýekeje ädim ät, göreýin!

– Saňa heleý däl-de, çarbaý şagal diýerler! – diýip, Nazar sesini gataldy. – Düşünýän zadyň barmy seň? Şol kazyň deminden sypamsoň, indi meň üçin gorkuly zat ýok. Men uruşdan han bolmasamam bir süri saýlama aty öňüme salyp, batyr bolup geljegim-ä bilýän. Şonda maňa ähli kişi: “Salawmaleýkim, şan-şöhratly Nazar batyr!” diýip ýüzlener. Ertiriň özünde mongollaryň iň uly hökümdary Subudaý batyryň ýanyna gitjek. Ol öz goşunynda maňa mynasyp ýer tapar.

– Gep-gürrüňi dagy näteňet. Köwek kädi diýerler saňa.

Gyzdogmaz lapykeçlik bilen elini silkdi-de, öýüne girdi.

Nazar gapynyň agzyndaky keçäň bir gyrasyna çökdi. Ol entegem toparlanşyp duran goňşularyna Baýander hanyň öz saýlama sürüsinden ogullaryna bäş at berşi, hanyň özüni gujaklap uly doganym hem atam diýip atlandyryşy, bäş müň adamly goşunyny haýsy ýol bilen nähili äkitse gowy boljagyny maslahat salşy barada yzyny üzmän gürrüň berýärdi. Onuň ähli aýdanlaryny agyzlaryny açyşyp diňläp duran adamlar öz ýanlaryndan Nazar Kärizegiň baştutanlygynda aýratyn goşun düzmek hakynda oýlanýardylar. Olaryň göwünlerine şol goşun hiç hili şowsuzlyga uçraman, ummasyz olja bilen dolanaýjak ýalydy.

Giç agşam gelen adamlar öýli-öýüne dagady. Gyzdogmaz Nazaryň gapdalyna çökdi-de, onuň elini sypalap ýuwaşja pyşyrdady:

– Näme, urşa gitjek diýip, tanapyňa towsup dursuň? Öýüňde girip-çykyp ýörseň bolmaýarmy?

Nazar tekepbirlik bilen tumşugyny ýokary tutup, hut ertiriň özünde mongollaryň iň ulysy Subudaý batyryň ýanyna gitjekdigini ýene tekrarlady. Ärinden Subudaý batyryň kimdigini, onuň häsiýetleri hakynda soraşdyran Gyzdogmazyň gürrüňi maslahat äheňli boldy:

– Ýanyňa hyýallanýan adamyň baýdyram, atlydyram. Ýöne şonda-da eliň boş gitme. Baý adamlar parany gowy görýär. Ýumurtgajyk elt welin, iki eliňi burnuňa sokup barma. Olar eli boş baranyň habaryny almaz. Oňa näme etseň gowy bolar diýsene: hol uzyn aýak horazymyzy äkidäý. Garram bolsa, ýelekleri ütük-ütügem bolsa, öz-ä buhar horazydyr. Ir bilen gygyranda dagy sesi azançyňkydanam çasly. Belki, şo horaz seň bagtyňy açaýady-da...

## ON ÝEDINJI BAP

### Ýyldyz

Ýyldyz hemişekileri ýaly bu günem ir bilen aýdyma hiňlenip guzularyny örä sürdi. Musugam onuň yzy bilen gitdi. Mallary uzakdaky otluk jülgä kowup, bir alaňyň üstünde esli wagtlap ýanaşyk oturdylar. Ýyldyz ondan uruş hakda soraşdyrdy. Uzaga çekäýmäbilse ýagşydyr diýip howatyrlanýanyny duýdurdy. Onuň ýaňaklary çukanajykly hemişe şadyýan ýüzi salykdy, gaşlary çytylyp durdy. Eýsem näme! Geljekki bile geçirmeli durmuş ýollary hakynda näçe wagt bäri göwün ýüwürdýän juwanlaryň ähli arzuwlary abanyp gelen uruş belasy zerarly ürküzilen guş sürüsi ýaly dargap gider-de, ýüzüň gülermi?! Birden Musuk dolanyp gelmese  nädip bor?.. Ýat ülkelerde, suwsuz çöllerde amanadyny tabşyryp, şagallara şam bolup giden gerçekler azmy näme?!

Musuk onuň tersine – şadyýandy. Sykylyk atýardy, gülýärdi. Edenli ýaş ýigit üçin alaman gorkuly däl. Ýat iller görer, edermenlik görkezip, şan-şöhrata eýe bolar. Ýörişden oljasy oňup dolansa, ähli ilen-çalanlaryna sowgat paýlar. Ýyldyza niýetlenen sowgat ähli kişiniňkiden üýtgeşik bolar. Topugyny ýapyp duran gyzyl reňkli ýüpek köýnek, hünji bilen bezelen reňkli guşak, zümerrede çalymdaş çüýşe monjuklar, lowurdap duran gök gaşly ýüzük – bularyň bary Ýyldyz üçin!

Näzik, ýygra Ýyldyzy köşeşdirmek Musuga iş boldy. Ol gözýaşyna boglup oturyşyna Musugyň sözlerine pitiwa etmän, öz ugruna gürleýärdi:

– Şu hazan alan uruş nämä gerekkä? Gorkunç mongollar gelensoň. Sygnagyň nähili güne düşeni ähli kişä aýan. Olar çem geleni çapyp, öýleri ýakyp, aýallardyr çagalaram Alla bilsin – nirä sürüp äkitdiler. Meň enem-atamam şonda gitdi... Maňa hiç hili sowgat derkar däl. Seň bilen çeşmäň başynda öý dikinip, asuda ýaşamagy arzuw edýärdik ahyryn. Gurbumyzyň çatdygyndan janly edinerdik, täze bişen çörek bilen gurt tapsak, begiň gününi küýsemezdik! Seň bolsa birehim mongollara goşulyp parahat oturan illeri gyrmaga, öýlerini otlap, ellerindäki soňky döwüm nanlaryny kakyp almaga gidesiň gelýär.

Musuk onuň göwnüni götermek üçin gülen bolup şeýle diýdi:

– Ýyldyz, goý, aglama! Sen meniň bagt ýyldyzym ahyryn. Ýörişe gidemde-de, gije-gündiz pikirim sen borsuň... “Giden – getirer, oturan – nyrh sorar” diýipdirler.

Musuk Ýyldyzy gujaklady. Soňam atyna towsup mündi-de, telpegini galgadyp, sähra bilen gönüläp Baýander hanyň gylýal sürülerine tarap gitdi.

Ýolda oňa bir topar atly gabat geldi. Atlar altyn esbaplar bilen birkemsiz bezelendi. Adamlaryň ellerinde şuňkarlary hem ýanlarynda aw tazylary bardy. Uzakda iki ýüz çemesi atly esli meýdana zynjyr ýaly uzalyp, awy olaryň üstüne kowýardy. Musuk gök mongol lybasly bezemen atlylaryň ýanyndan geçip gitdi. Birdenem jeňňellikden dört sany jeren ok ýaly atylyp çykdy-da, enaýy şahly kellelerini arkan gaýşardyp, sähra bilen ümdüzine tutdurdylar. Awçylaram olaryň yzy bilen at goýdy. Olaryň ýüzi Ýyldyzyň guzy bakyp ýören ýerine tarapdy. “Bu mongol hanlary owadan gyzy görüp, atyň öňüne basyp gaýdybermeseler ýagşydyr. Handan her zada garaşaýmalydyr öz-ä...” diýip, Musuk howatyrlandy-da, ýene ýoluny dowam etdi.

Ol ertesi agşamara öýe dolandy. Kakasy hem dört dogany üýşüp otyrdy. Musuk öýe girenden, ählisiniň sesine suw sepilen ýaly boldy. Ýigit adatdaky ýaly salam berdi-de, bir gyrada dyzyny epdi. Ählisi orta gelen etli palawy işdämenlik bilen iýmäge oturdylar.

“Palaw nireden peýda bolduka? – diýip, Musuk oýa batdy. – Soňy düz bolsa ýagşy. Kakam bir elpe-şelpeligiň üstünden barandyr-da...”

Musuk oturanlara göz aýlady. Ejesiniň gabaklary ýellenipdir. Aglan bolara çemeli. Gap-gaçlary gaharly şakyrdadyşam öňküligi däl. Hemişe kakasynyň ýanyndan aýrylmaýan kiçijik Turgan bu gün, näme üçindir, gapa gysylyp otyr, özüniňem nämedir bir zada günäkär ýaly ýüzi salyk.

– Sen näme, birhili çümhörek görünýäň-le, Musuk? – diýip, Demir sorady.

Musuk näme jogap berjegini bilmän özüni ýitirdi. Kellesine gelen howsalaly pikirler ony demikdirdi.

Kakasy çanakdan alan etlerini gezek-gezegine merhemet edip ogullarynyň giň açylan agyzlaryna dykýardy... Bu gün ol öňki Nazar Kärizek däl. Hödür-kerem edere zady bar. Ol bir bölek ýagly eti Musugyň agzyna dykmaga çemlendi.

Ýigit ýüzüni sowdy:

– Uzadybam oturma. Iýjek däl!

Palaw salnan çanak boşansoň, Demir uly adama mahsus agraslyk bilen Musuga ýüzlendi:

– Gulak as, inim Musuk. Hormatly Nazar Kärizegiň ogullary bolanymyz üçin Baýander hanyň goşunyna baran wagtymyzda mes atlarymyz, berk üzeňňimiz, ýiti gylyjymyz bolmaly. Eger baýguş ýaly ütük-ütük bolup barsak, Baýander han ýüzümize-de seretmez... Bu zatlara sen gowy düşünýänsiň...

Musuk tasap gapa tarap çekildi:

– Çaky, siz Ýyldyzy aýagy daňylan towuk ýaly edip satypsyňyz-da? Bu etli palawam garnyny ýag alan baýyň ýa-da söwdagäriň eçilen zady-da? Şeýlemi?

– Gyzmalyk etme-de, oýlanyp gör. Sygnagyň baýlary aw edip ýörkäler Ýyldyzyň üstünden barypdyrlar. “Hanymyza mynasyp gül eken!” diýip göwnüni bete dikipdirler. Galyňyna bolsa kakama ýigrimi dört altyn dinar beripdirler. Ol biz ýaly garyp üçin ummasyz baýlyk ahyryn! Şu dört dinar seň paýyň. Deň paýlaşamyzda saňa ýetýäni şol.

Demir altyn dinarlary Musugyň öňüne taşlady.

Musuk alabeder guşagyna gysdyrylgy pyçagyň sapyndan tutup, jany ýangynly gürledi:

– Şundan şeýläk meniň kakamam ýok, agamam. Ýolda-yzda gabat gelseňizem, menden oňlulyga garaşmaň!

Ol tasap öýden çykdy. Atyna münýänçä ýüzlerini sallap duranlaryň hijisinden ses çykmady. Her kim onuň yzyndan aglaşyp okdurylan ejesidir kiçijik Turgana berjek jogabyna garaşdy.

Jogap gysgadan kesgitli boldy:

– Indi haçan gelersiň, oglum?

– Hiç haçan!

## ON SEKIZINJI BAP

### “Ähli derwüşleri çagyrmaly!”

Subudaý batyr Sygnak şäheriniň çar künjüne nöker[31] ýollap, sene ýazyjy hem şahyr, derwüş Hajy Rahym al-Bagdadyny tapyp getirmegi buýurdy. Emma nökerleriň ählisi: “Şäherde beýle derwüş ýok. Külbesiniň gapysy çüýlengi. Nirä gidenini hiç kim bilenok” diýen habar bilen dolanyp geldiler.

Dergazap bolan Subudaý batyr iki ýüz atla “Ertir irden Sygnagyň ähli derwüşlerini öz keramatly şyhlarydyr pirleri[32] bilen şu ýere ýygnansyn!” diýip buýruk berdi.

Ir bilen mongol atlylary bir topar derwüşi hem geýimleri sal-sal diwanalary diýilen ýere ýygnadylar. Derwüşleriň egninde dürli reňkli ýamalar tikilen giň donlary, billerinde bolsa kendir guşaklary bardy. Olar tozan turzup gelişlerine gamgyn aýdyma gygyrýardylar, güňlenç sesleri bilen goh edýärdiler. Birnäçeleri bolsa ses goşup: “Ýa hu-u! Ýa hak!” diýip irginsiz gaýtalaýardy. Beýleki bir toparlary ýetişibildiginden keramatly dogalary sanaýardy. Birnäçe galandar bolsa mähelläniň öňüne düşüp gelişlerine ik ýaly pyrlanýardy. Bulaşyk saçlary seçelenip duran gara-gäz derwüşiň egninde oturan kiçijik maýmyn töwerekdäki galmagaldan gorkusyna häli-şindi siýdikleýärdi.

Nökerler derwüşleri giň ýarym aýlaw görnüşde duruzdylar. Olaryň gohundan, zeýrençlerdir ahwahlaryndan ses-üýn alşar ýaly däldi. Käbirleri: “Biz keramatlydyrys. Diňe Allanyň buýrugyna boýun synýarys” diýip gygyrýardy. Başga bir toparlary ellerini giňden gerip, seslerini çykarman öwrüm edýärdi.

Kebzesi tüňňeren garry, agsak serkerde öýden çykan ýerinde aýak çekdi. Onuň tutuk, gorkunç keşbini, içinden geçip gelýän ýiti nazaryny görenden ähli goh tapba ýatdy. Ortada aýlanyp tans oýnaýan derwüş edil huşundan giden ýaly bolup Subudaýyň aýagynyň ýanyna ýykyldy. Soňam gözlerini çalaja açyp, şöhratly serkerdäniň her bir hereketini sypdyrman synlamaga başlady.

Egni ala donly, kellesi ak çalmaly dilmaç Subudaý batyryň ýanynda häzir boldy. Onuň gyryljyk ses bilen üzlem-saplam aýdýan sözlerini dilmaç gaty gygyryp terjime edýärdi:

– Siz – keramatly!.. Siz asman bilenem gepleşip bilýäňiz. Baýlygy, maly terk edip, şu ýoly saýlap

---

[31] N ö k e r – gadymy rus knýazlyklaryndaky družinaçylar bilen deň. Nökerler mongol hanlarynyň – feodallarynyň şahsy duržinasy, goragçysy. Hanyň münjek atyny getirmek, jaýa girjek bolanda gapyny açyp bermek we gaýry ş.m. zatlar hem olaryň etmeli işleri. Olar tutuşlygyna hanyň garamagynda bolmak bilen, uzagyndan onuň kömekçilerine, urşa alnan garyp çarwalardan düzülen goşuna baştutanlyk etmek derejesine çekilýärler.

[32] Ş y h, p i r – derwüşleriň toparlanşyklarynyň kethudalarynyň atlandyrylyşy.

alanyňyz üçin siziň eliňizden gelmeýän zat bolmaly däl. Ähli zat size aýan bolmaly...

Derwüşler ses goşup gygyryşdylar:

– Biz hemme zady bilemzok. Iň bärkisi, şu gün hem ertir biziň garnymyzy kimiň doýurjagyndan bihabar!

Subudaý gaharly nazar aýlanda, sesler ýene ýatdy.

– Men bir derwüşi agtarýan. Onuň ady... Ady nämedir-ä şoň? – diýip, Subudaý dilmaja ýüzlendi.

– Bagdatly Hajy Rahym. Haýsyň şony tanaýaň?

– Biz ony bilemzok. Ol bizden däldir! Oňa derek biziň ilsendigimizi saýla-da tutaý. Ak ýürekden, wepaly hyzmat edip bereli.

Subudaý derwüşleriň gowry ýatyşýança garaşdy.

– Siziň ähliňiz onuň bir özüne degeňzok. Şonuň üçinem, ony bilmeýänler sesini çykarmasyn-da, bilýänler gygyrsyn!

– Men bilýän! Men aýdaýyn!

Märekäniň içinden bir garry öňe omzap ugrady. Ol Subudaý batyryň ýanyna bardy-da, sandyraýan elleri bilen gyzyl ýaglygyny çözüp, ýelekleri ütük-ütük horazyny çykardy. Horazyň etlek gyzyl kekeji bir gapdala gyşaryp durdy.

– Sen beýik serkerde! – diýip, garry naýynjar gürläp ugrady. – Sen näçe sähralardan, näçe derýalardan geçmeli borsuň. Dünýäni dyza çökerersiň! Seni iň beýik serkerdeleriň biri diýip tanaýas. Meniň şujagaz sowgadymy kabul et. Munuň sesi edil minaradan namaza gygyrýan keramatly azançynyňky ýaly. Hiç bir horazyň sesiniň munuňkyça ýokdugyna ynanaý. Bu gün dogmazyndan öňürti seniň edermenlikleriňi ile jar eder. Şöhratyňa şöhrat goşar!

Garry horazy Subudaýyň öňünde goýdy. Betgelşik horaz inçe, uzyn aýaklaryny ýokardan aýlap gezmeledi.

Serkerdäniň keşbinde ýylgyrma çalymdaş alamat peýda boldy.

– Men derwüş Hajy Rahym hakda sorapdym gerek?

– Oň nirededigini bilýän. Şu ýakynda. Ol häzir meniň, ýagny siziň sadyk guluňyz, akgöwünli, garry Nazar Kärizegiň öýünde ýaraman ýatyr. Ony kimdir biriniň şeýtandan azan nökerleri urupdyrlar.

Subudaý batyryň gaşlary gerlip gitdi:

– Dilmaç! Iki sany nökeri al-da, şu garryň yzyna düş. Hajy Rahymy meniň ýanyma alyp gel. Eger ýalan sözlän bolsa, mazalyja suwuna degiň.

– Baş üstüne!

Subudaý öýe tarap öwrüldi-de, ýene saklandy.

– Bu ütük horazyňy alýan. Bahasyny aýt.

– Öz ýanyň bilen ýörişe äkitseň, maňa başga hiç zat gerek däl.

– Ilki parasatly Hajy Rahymy bir getir.

Subudaý gapa tarap ugrady.

Derwüşleriň zaryn owazy dik asmana göterildi:

– Bu gün kim bize garaşyk edip, bir döwüm çörek berer? Beýtjek bolsaň nämüçin çagyrdyň?

Subudaý dilmaja nämedir bir zatlar pyşyrdady.

– Ýuwaş! – diýip, dilmaç gygyrdy. – Subudaý batyr ýörişiň şowly bolmagy üçin doga okamagy buýurýar. Kim Günbatara ýörişe gidip biljek bolsa, şaýyny tutsun diýýär. Ýöne her kim iýjek çöregini özi tapmaly.

– Sen hökmürowan! Sen beýik! Buýruk ber – goý, şu gün biziň garnymyzy doýursynlar!

– Meniň sizi ýallara ýagdaýym ýok. Menem öz hakymyň hyzmatynda duran nöker. Siz bir dili senaly keramatly kişiler. Şähere gidiň-de, baý täjirlere: “Mongol goşunynyň baştutany bizi naharlamagy buýurdy” diýiň.

Dewüşler ýene gygyryşyp, aýdym aýdyşyp başly-barat halda yzlaryna – şähere tarap ugradylar.

## ON DOKUZYNJY BAP

### Basybalyjynyň arzuwy

Gam-gussa gark bolar baran ýerimiz,
Çünki, Çingiz hanyň ogullary biz.

*(Gadymy mongol aýdymyndan)*

Baş serkerde Subudaý batyryň öýüne tarap ýönelen geň ýolagçylar mongol sakçylaryny haýran galdyrdy. Çüri telpekli, Mekgä haja gidip geleniniň alamaty bolan ak daňyly arryk derwüş iň öňden barýardy. Egninde töweregine gyzyl çaýylan lagl ilikli giň ýüpek dony bolmadyk bolsa, ony köçede entäp ýören gedaýlaryň biridir öýdäýmelidi. Egnine asan torbasyndan gaýyş sahaply, mis ildirgiçli kitabyň çeti görnüp durdy. Elinde uzyn hasasy hem daşyna gamyş örülen ýogyn mum şemi bardy. Derwüşiň yzyndan egni geçi derisinden tikilen possunly, bili egri gylyçly garry haýdap barýardy. Beýlekileriň biri dilmaç, ikisi bolsa mongol nökeridi. Nökerler ýüregedüşgünç gamgyn aýdyma hiňlenýärdi. Sakçylara ýakynlaşanda olar: “Gulak asýas hem boýun synýas!” diýip gygyrdylar-da, ýene aýdymyny dowam etdiler. Sakçylara golaý baran derwüş telpegini ýeňsä süýşürende, maňlaýynda ýüzüne uçup barýan laçynyň şekili çekilen süýri paýsza[33] ýaldyrap göründi.

Sakçylar geň galyp durşuna:

– Hut öz ýanyna barýarlarmy? – diýişýärdiler.

– Dagy kimiň ýanyna bolsun!

Derwüş Subudaý batyryň öýüniň ýanynda aýak çekdi. Iki sany ullakan goýun iti bulary görenden gaharly üýrüp, zynjyryna towsup başlady.

Derwüş hasasyna söýenip, esli salym oýa batyp durdy. Şol wagtam içerden:

– Mugallym öýe girsin! – diýen ses çykdy.

Gapdalda duran sakçy naýzasy bilen sarsman duran derwüşi gapa tarap itekledi.

Içerde bir topar harby baştutanlar otyrdy. Olaryň bar ünsi ýüzüne daglar, gara çyzyk bilen bellenen derýalar, tegelejik belgi edilen şäherler çekilen karta gönügipdir.

Ýogyn, ýagyrnysy hükgerip duran Subudaý batyr güne garalan ýüzüni az salymlyk galdyrdy-da, derwüşe nazar saldy. Soňam ýene beýlesine öwrülip, keltejik düwün-düwün barmagyny karta dürtdi:

– Görýäňizmi: Sygnak şäherinden beýik Itil[34] derýasyna çenli kerwene kyrk günlük ýol. Biz weli iki-üç esse haýal gitmeli bolarys. Jahangir[35] saýlan badymyza goşun ýola düşer.

– Ýedi gat asmanyň hökümdarlary işimizi ugruna etsin! – diýip, mongollar seslendiler. Yzyndanam ellerini döşlerine goýup ýeke-ýekeden öýden çykyp gitdiler.

Halynyň üstünde Subudaý batyryň bir özi galdy. Onuň ýiti nazar salşy derwüşiň iň gizlin pikirlerini biljek bolýana çalym edýärdi. Hajy Rahym gymyldaman durşuna ýeňişler bilen şöhratlanan, duşmany dyza çökermekde hem parahat oturan şäherleri ýok etmekde aýylganç gazaplylygy bilen at alan ýowuz serkerdäniň ýiti nazaryna arkaýyn döz gelip durdy.

– Eşidişime görä, seniň köp zatdan başyň çykýarmyş. Şeýlemi?

– Men ömrümi bilime sarp etdim – diýip, Hajy Rahym jogap berdi. – Ýöne älem-jahandaky pähim-paýhasyň juda ujypsyzja bölegine akyl ýetirdim.

– Meniň häzir terbiýeleýän ýigidimiň ilkinji mugallymy sen. Men indi on ýyl bäri ony ýanymdan goýman, gaty kän ýurtlaryň içinden geçirdim. Ol urşujylygy hem serkerdeligi atyň üstünde öwrendi. Bulardan sen habardarmyň?

– Eşidip durşum.

– Men öz atasynyň – Älemi sarsdyryjynyň[36] edip ýetişmedik beýik işlerini onuň ýerine

---

[33] P a ý s z a – demirden ýa-da agaçdan ýasalan süýri, ýasy zat. Ol mongol goşunynda ýa-da mongol ýerleriniň ählisinde geçmäge ygtyýar berýän pasport ýaly dokument. Paýszasy bar adam aýratyn hukuklardan peýdalanyp, özüne-de, atyna-da gerek zatlary almaga ygtyýary bar. Paýszalar dürli derejeli bolmak bilen, ýüzüne çekilen haýwanyň ýa-da guşlaryň şekli derejesine görä üýtgeýär. Iň ýokary derejeli paýszanyň ýüzünde gaplaňyň kellesi şekillendirilipdir.

[34] Itil – Wolga derýasy.

[35] J a h a n g i r – Älem-jahanyň hökümdary, baş komanduýuşä dakylýan at (arapça).

[36] Ä l e m i s a r s d y r y j y – Çingiz han.

ýetirmegini isleýärin. Men birçak seniň batyr serkerde Isgender Zülkarneýn[37] hakda beren gürrüňiňi diňläpdim. Olam ýörişe başlanda ýaş ýigit eken. Ýöne ony ýanyndaky harby işde tejribe toplan geňeşdarlary goraglapdyrlar...

Subudaý batyr gözüni süzgekledip birsalym sözüne dyngy berdi. Soňam ýene derwüşe tarap öwrüldi-de, dowam etdi:

– Bir wagtyň özünde birnäçe awa gözi düşen gaplaňyň çar tarapa topulyşy ýaly, häzir Baty hanyňam kalbynda hyjuw, bedeninde gujur gaýnap joşýar. Şonuň üçinem onuň ýanynda wepaly, dogruçyl, hüşgär, ähli zady öňünden bilýän, hakykaty aýtmak dan gorkmaýan geňeşdar gerek.

– Men arap. Bizde ýalan sözlemek külli günä hasap edilýär.

Şol wagt sakçy içerik girdi-de, öýüň tutusyny galdyryp duran ýerinden:

– Gulak asýan hem boýun synýan! – diýip, pessaý seslendi.

Hyk-çok edip ýerinden turan Subudaý batyr agsaklap gapa tarap ugrady. Yzyndan ýagy gelýän ýaly bolup, öýe Baty han girdi. Onuň egninde töweregine gyzyl çaýylan lagl ilikli täze mongol lybasy bardy. Garaýagyz ýüzünde, oýnaklap duran gyýyk gözlerinde alada, howsala alamaty mesaňa-mälim bildirip durdy. ýyrtyjy haýwanyňka çalymdaş syrtaryp duran iri alyn dişleri garaýagyz ýüzünde aýratyn ak görünýärdi.

Subudaý batyr ona iki epilip tagzym etdi.

– Sen parasatly alymy görmek isläpdiň. Ine, ol!

Baty han çalt-çalt ýöräp Hajy Rahymyň ýanyna bardy-da, donunyň lagl ilikleriniň birinden tutup:

– Seň yzyňdan adam iberen men, hormatly mugallymym Hajy Rahym! – diýdi. – Indiden beýläk ikimiz hemişe bile bolarys. Tizden henize çenli görülmedik beýik ýöriş başlanýar. Sen meniň sene ýazyjym bolup, ähli buýruklarymy, dana sözlerimi hem oý-pikirlerimi ýazarsyň. Men öz agtyk-çowluklarymyň ýeňilmezek mongol goşunlarynyň Günbatar ýerlerine ýörişiniň nähili bolanyny bilmeklerini isleýän. Bäriňe bak!

Ol halynyň üstüne çökdi-de, barmagyny kartaň ýüzünden ýöredip başlady.

– Subudaý batyr, sen bu ýerde otur. Hajy Rahym, senem bu ýanymda çök. Ine, Günbatara tarap ganly sapak ýaly uzalyp gidýän şu gyzyl çyzyk şol beýik ýörişiň ýoly bolmaly. Men öz atamyň ýoluny has aňry uzaldaryn. Dünýäň aňyrsyna çykýançam, goşunymy yza dolamaryn...

Baty han barmagyny kartaň ýüzünde gezdirip, bir topar ýerleriň hem şäherleriň atlaryny sanap, geljekki ýöriş hakynda esli salym gürledi. Şu zatlar onuň urşa köp wagt bäri taýynlyk görüp ýörenine güwä geçýärdi.

Subudaý batyr daşdan ýasalan ýaly agras ýüzüni bir gapdala sowdy.

– Atamyň ýüregine düwen zatlaryny men ýerine ýetirerin. Ol "Ýer ýüzünde iň batyr, güýçli hem akylly adamlar mongollardyr" diýipdir. Şonuň üçinem mongollar bütin dünýäde agalyk sürmeli. Beýleki halklaryň bary diri galanlaryna şükür edip, biziň gullarymyz bolup, ähli hyzmatlarymyzy ýerine ýetirmeli. Boýun egesi gelmeýän tekepbir halklaryň ählisi ýer ýüzünden süpürilip aýrylar. Olar mongol alawlaryndan peşmek bolup ýanarlar.

Baty han Subudaý batyra ýüzlendi:

– Ýörişe haçan ugrasak gowy bolar?

Subudaý batyr ukudan oýanan ýaly tisginip gitdi.

– Goşuna keramatly hökümdaryň[38] wesýetini okap, jahangiri tassykladygymyz ugrabermeli. Şoňa çenli gaty häzir, seresaply bolmagyň gerek, Baty han! Köpçülige goşulma. Serhoşlaň üýşmeleňi bolan oturlyşyklardan saklan. Ullakan işiň öň ýanynda bar zady bulaşdyryp oturybermäli. Seň başyňa ýetdikleri goşuna şazada Guýuk han ýa-da Kulkan han baştutanlyk eder. Olardan hiç wagt atalarynyň pikirinde besläni, ýetişip bilmedik zatlaryny ýerine ýetiren bolmaz. Gaýta goşunam dagadarlar.

– Dze, dze![39] Meniň ýanymda hemişe möhüm hem gyssagly zatlardan habardar edip duran wepaly adamyň bolmagy zerur. Ýogsam ähli eşidýänim ýalan sözlerdir boş öwgüler. Hormatly mugallymym Hajy Rahym, sen maňa kömek ber. Maňa öz ak atyny beren edermen ýaş ýigit Arapşanyňam ýanymda bolmagyny isleýän. Subudaý batyr, şony tapmagy buýruk ber. Çakym çak bolsa,

---

[37] Aleksandr Makedonskiý.

[38] K e r a m a t l y h ö k ü m d a r ýa-da u r ş u j y – Çingiz hanyň atlary. Ölenden soň onuň adyny hiç kim daşyndan aýtman hormatyny artdyrýan başga sözler bilen çalşyrypdyrlar.

[39] D z e, d z e – Hawa, hawa! Bolýar! (mongolça)

oňa ähli zatda bil baglasa bolar. Hajy Rahym, sen bolsa şu günden başlap beýik ýörişi beýan etmäge giriş. Başyny meniň şu pendim bilen başla:

"Beýik serkerde syrly hem dymma bolmalydyr. Güýçli bolmak üçin öz töweregiňi syr bilen gurşamaly... beýik töwekgelçilik ýoly bilen ynamly gadam urmaly... ýalňyşlyga ýol bermeli däl... hem öz duşmanlaryňy gazaply ýok etmeli!"

## ÝIGRIMINJI BAP

### Jahangir – älemi boýun egdiriji

Kyrk gün geçdi. Mongol-tatar goşunlary gündogardan şol yzy üzülmän geldi durdy. Olaryň yzyndan gyrgyzlaryň, altaýlaryň, uýgurlaryň hem beýleki çarwa taýpalaryň otrýadlary gelýärdi. Gypjak sährasynyň ähli ýerinde harby lagerleriň alawy lowlaýardy. Taýpalar biri-birine goşulman, ýakynlaşman, kowçum-kowçum bolup düşlediler.

Gylýal sürüleriniň gaharjaň höwür atyň daşyna üýşüşi ýaly, her taýpanyň urşujylaram öz serdarlarynyň töweregine jemlenipdi. Ähli adam günbatara ýörişiň iň soňky çakylygyna – «Otuz batyryň depesiniň» üstünde ýakyljak dokuz alawyň lowlap görünerine garaşýardy. Mongol şazadalary bu kyrk güni şady-horramlykda, keýpi-sapada, her gün gijäň ýarynda bolsa doga okap geçirdiler. Porhanlar tä usurgaýançalar böküşýärdiler, ähli goşunyň baş serdarynyň – jahangiriň saýlanmagy üçin hudaýlaryň rugsat berjek «bagtly aýyň gününi» agtaryp pal atýardylar. Müňläp adam eýýäm diňe Guýuk hanyň jahangir bolmalydygy barada habar ýaýradýardy. «Ol beýik kagan[40] Ugedeýiň mirasdüşeri, heniz ýaşam bolsa ýörişde tejribe toplar, harby şöhrat gazanar... » diýip, häli-şindi tekrarlaýardylar. Ýöne kän urşy başdan geçiren, endam-jany tyg yzlary bilen torlanan tejribeli garry mongollar bu habara seňriklerini ýygryp, başlaryny ýaýkaýardylar.

– Parasatly, ýörişlerde synagdan geçen Subudaý batyr näme diýerkä? Ýaraly bars ýaly gazaply Subudaý, Jebe Noýon, Bogurçy[41] hem Hytaýyň hökümdary Muhury dördüsi ýeňilmezek Çingiz hanyň esasy daýanjy ýa-da onuň üstünde oturan atynyň dört aýagy. Diňe şu dördüsine arka dirände Çingiz hanyň edeni ugruna bolýardy, yzly-yzyna ýeňiş gazanýardy. Biz diňe jahangiri däl, eýsem harby işde tejribe toplan serdarlaram, çep hem sag ganatlaryň ýolbaşçylarynam, duşmanlary aldawa salyp duzaga düşürmegi başarýan öňden ýöreýän aňtawçylar otrýadynyň temniginem[42] saýlamaly... Guýuk hanyň jahangir bolmaga mynasypdygyny ýa-da däldigini, älemi basyp almaly goşuna baştutanlyk etmäge gurby çatjakmy-çatmajakmy – goý, bu zatlary Subudaý batyryň özi çözsün!

Hanlar hem şazadalar kiçiräk meseleleri çözýänçäler geljekki ýörişiň esasy ýolbaşçysy bolan Subudaý batyr hiç ýere çykman, ähli wagtyly öz öýünde oýlanyp geçirdi. Sakçylar onuň ýanyna hiç kimi goýberenokdylar. Örän uzakdan görýän bu garry serkerdäniň edýän pikirinden, işinden hiç kimiň habary ýokdy.

Subudaý batyryňky bilen ýanaşyk ýerleşen öýleriň jarçylar, mongollaryň harby ýolbaşçylary gypjak hanlary häli şindi üýşip-çaşýardylar. Subudaýyň kömekçileri bolan ýurtçularyň[43] ýakynynda keçäň üstünde jaýlaşyp, olara dürli reňkler bilen reňklenen peýkam berýärdiler. Ýurtçular gelen hanlaryň käbirini Subudaýyň ýanyna eltýärdiler. Ol bolsa sussuňy basýan ýeke gözüni garşydaşyna dikip, üzlem-saplam gürleşýärdi. Soň ýa-ha «Beýle adam gerek däl!» diýip, burnuna salyp hüňürdeýärdi ýa-da altyn paýszany eline tutduryp, işi oňyn çözüp goýberýärdi.

Paýsza almak bagtyna eýe bolan otrýad baştutany jahangire gürrüňsiz tabyn bolmaga, onuň ähli buýruklaryny ikirjiňlenmän ýerine ýetirmäge, kellesini etegine salyp agyr söweşlere girmäge kasam edýärdi. Goşunda bir ganatdan beýleki ganata geçmek, özüňe tabşyrylan ýoldan sowulmak, buýrugy ýerine ýetirýän wagtyň haýal-ýagallyk etmek gadagandy. Şolardan sähelçe gyşardygyň, ölümiňi boýun alaýmalydy.

---

[40] B e ý i k  K a g a n – Mongoliýanyň paýtagty Karakorumda ýaşan mongol imperatory (häzir ol paýtagtyň diňe harabalary saklanyp galypdyr).

[41] B o g u r ç y – Çingiz hanyň iň uly serkerdeleriniň biri.

[42] T e m n i k – 10 müň adamdan ybarat goşunyň baştutany.

[43] Ý u r t ç y – mongollarda "Baş ştabyň" işgärleriniň wezipesini ýerine ýetirýän adamlar. Olar jahangiriň buýruklaryny degişli ýerlere iberip, her hili ýazgylary ýöredipdirler, gowuşýan habarlaryň maglumatyny belläpdirler, aýratyn içalylaryň üsti bilen aňtaw işlerini geçiripdirler.

Hanyň ýa-da begiň getiren urşuň ruhuny aňladýan reňkli peýkamy şol müňlügiň wepalylygyny alamatlandyrýardy. Her müňlüge ýörişlerde taplanan bir mongol nökeri berkidilýär. Ol Çingiz hanyň girizen harby düzgünleriniň berk ýerine ýetirilişine, talanyp alnan oljanyň bäşden bir iniň jahangire, beýleki şolar ýaly bölegiň bolsa beýik Kaganyň haýryna uzak mongol ýurduna iberilmegine gözegçilik edýär. Şolardan galan bölek goşunyň arasynda paýlaşylýar. Mongol baştutany dürli otrýadlaryň arasynda duşmançylygyň, dawa-jenjeliň ýüze çykmazlygyna-da esewan bolmaly. Çingiz hanyň beýik «Ýasasynda»[44] ýazylan düzgünlerden azajyk gyşaran adam bada-bat öldürilýär.

Ýöriş wagty esgerler öz sagdyn atlaryna münüp, kemsiz ýaraglanyp gelmeli. Öňden onluklara hem ýüzlüklere bölünip goýlan goşuna onbaşylardyr ýüzbaşylar baştutanlyk edýär.

Porhanlar ahyrsoňy – maslahatyň kyrk birinji güni basym başlanjak ýörişiň serdary bolmaly jahangiri saýlamaga bulutlardanam ýokarda ýaşaýan hudaýlaryň ygtyýar edýändigini yglan etdiler. Bu dabaraly saýlawa diňe belli hanlaryň hem müňbaşylaryň gatnaşmaga hukugy bardy. Beýleki kiçiräk harby ýolbaşçylar öz otrýadlary bilen «Otuz batyryň depesiniň» ýanynda toplanyşyp, hanlaryň çykarjak kararyna garaşmalydy.

Baýander han bu saýlaw baýramçylygyna gatnaşmak üçin öýünden çykyp gaýdanda, entek daňam atmandy. Ýüzüne uçup barýan laçynyň şekili çekilen süýri paýszany ol sary sapak bilen döşünden asypdyr. Bu paýszany edinmek oňa aňsat düşmändi. Dabaranyň öňüsyrasynda Baýander hanyň özi Subudaý batyra reňkli peýkamlaryň bäşisini getirip berdi. Garry serkerde şeýle diýipdi: «Goý, seniň bäş müň gypjak ýigitleriň çozuş wagty edil laçyna topulýan şuňkar ýaly bolsun, özüň gündiz awa çykan möjek ýaly seresap, garaňky gijedäki garga ýaly sabyrly bol. Düşleglerde ýa-da şowhunly oturlyşyklarda seniň gypjaklaryň mongollar bilen edil üç aýlyk göleler ýaly ysnyşykly bolsun. Seniň gypjaklaryň güýç-gaýratyny, wepalylygyny men söweşlerde barlap görerin».

Baýander hanyň gelşi ünsüňi çekerlikdi. Ýüpek geýimli, ak telpekli ýüz ýigit onuň yzyna düşüp gelişlerine depäniň eteginde atyň başyny çekdiler. Harby ýolbaşçylaryň iň atlylary atdan düşüp, depä tarap ugraýardy, beýlekiler bolsa esli beýlede garaşyp durdular.

Baýander hanyň yzy bilen barýan saýlantgylaryň arasynda onuň baýry aýaly, ýogyn, daýaw Burla hatynam bardy. Onuň giň ýüpek geýiminiň epinleri atyň ýalyndan tä guýrugyna çenli bütin aralygy ýapyp durdy. Kiçiräk han aýallary hem hyzmatkär aýallar goltgy berip, ony atdan düşürdiler. Burla hatyn giň ýüpek köýnegini şowurdadyp, haşlap depäniň üstüne ugrady. Serenjam berijiler ony altyn tagtyň daşyndan aýlanmaga mejbur etdiler. Tagtyň öňünde ýazylan keramatly alabeder hala aýagyň degäýmesin diýip berk sargadylar. Soň ol tagtyň sag tarapynda gypjak hanlarynyň özi ýaly ýogyn hem bezemen geýnen aýallarynyň arasynda ornaşdy. Ak ýelekler bilen bezelen selleleriniň aşagynda olaryň ýüzleri görnenok diýen ýalydy.

Burla hatynyň yzy bilen Baýander hanyň iki gyzy hem töwerege gabak astyndan ejaply nazar salşyp, oturmaly ýerlerine geçip oturdylar. Bu garaýagyz gyzlaryň inçe billerindäki altyn guşakdan kiçijik hanjar asylgydy.

Märekäniň pyşyrdysy artdy:

– Bular jahangiriň geljekki aýallary bolmaly... Baýander han bulary görkezmäge getiripdir. Kakalarynyň bagtyna döräýen owadan maşgalalardygyny gör-ä! Mongol hany giýewi bolsa, onuň armany näme?!

## ÝIGRIMI BIRINJI BAP

### Baş serdaryň saýlanylmagy

Günüň dogjak ýeri elwan reňke boýaldy. Ilki altyn ýaly sargylt öwsen gözýetim kem-kemden köze meňzäp gyzardy. Yzýanyndanam ýiti şöhlelerini gezäp, gyrmyzy gün syçrap dogdy. Ol entek ýerden saýlanyp-saýlanmanka uzyn kerneýleriň günleç, güýçli sesi dabaraly baýramçylygyň başlanýandygyny jar etdi. Sähralylaryň gadymdan gelýän däbine eýerip, ähli mongollar telpeklerini çykaryp, guşaklaryny boýunlaryndan asdylar-da, täze dogan güne tagzym edip ýere ýazyldylar.

[44] Ý a s a – Çingiz hanyň düzgünleriniň hem wesýetleriniň Mongol imperiýasynda hökmany kanun diýlip ykrar edilen ýygyndysy.

Porhanlar depreklerini aldygyna takyrdadyp, başly-barat doga okamaga başladylar. Olar bulutlardan ýokarda ýaşaýan hemişe gazaply hudaýlarynyň rehimdar bolmagy, öňde duran ýörişiň üstünlikli hem şowly geçmegine ýardam etmegi, gelen hanlara Çingiz hanyň kowmundan bolan şazadalaryň iň akyllysyny, bagtlysyny jahangir saýlarlary ýaly dury akyl-paýhas eçilmegi üçin mynajat edip ýalbardylar. Çingiz hanyň atynyň jylawyny eline alyp, goşuny älemi basyp almaga ugrukdyryp biljek adam ol orna mynasyp.

Ýaş Guýuk han boş duran altyn tagtyň çep tarapynda oňa iň ýakyn otyrdy. Onuň keşbinde özünden göwnühoşlugyň alamaty, küti dodaklarynda ýylgyryş duýulýardy. Mongol hökümdarlarynyň altyn tagtynyň mirasdary, beýik kaganyň ogly barka jahangirlige başga dalaş edip biljek adam barmy?! Ol beýleki hanlara nazar aýlady. Ýöne ýüzlerindäki ýasama ýylgyryş olaryň içki pikirlerini diýseň ygtybarly perdeleýärdi. Guýuk hany tiz-tizden töweregine seretmäge mejbur edýän zat – Baty hanyň görünmeýänligidi. Diňe onuň doganlary – Urdu, Şeýbany hem Tangkut bir çetde ýüzlerini sallaşyp ýygjam topar bolup otyrdylar.

Porhanlaryň goh-galmagaly birden tapba kesildi. Özüni ähli kişiden belent saýýan Guýuk han geplemek üçin ýerinden turdy. Şol wagtam kerneýleriň boguk sesi ýaňlandy-da, ýene oturmaly boldy. Subudaý batyr bilen bile söweşýän, onuň öňden iberilýän aňtawçylar otrýadynyň ýolbaşçysy, belli serkerde Jebe noýon ýerinden turup, oturanlara birlaý nazar aýlady. Döşi gapak ýaly, güýçli, okgunlylygy üçin «Jebe»[45] diýip at berlen serkerde Çingiz hanyň adatça öz buýrugynyň öňünden aýdýan söýgüli sözlerine batly sesi bilen gygyrdy:

– Edil awuna topulan laçyn ýaly okgunly, ýeňilmezek goşunym, gulak asyň! Beýik kaganyň telpegindäki almazlar ýaly gymmatly goşunlarym, gulak asyň! Daşdan galdyrylan depe ýaly bütewi, jeňňel gamyşy ýaly biri-birine söýenişip duran batyrlarym, gulak asyň! Keramatly hökümdaryň erkine tabyn boluň! Diňe onuň sözleri parasatlydyr, diňe ol ýeňiş getirýändir, diňe onuň buýruklary sizi san-sajaksyz baýlyga, müňläp mal sürülerine hem öçmejek şöhrata eýe edýändir!

Nökerler çar tarapdan gygyryşdylar:

– Keramatly hökümdaryň sözlerini diňläň! Hormat goýup hem galpyldap gulak asyň!

Ähli kişi dyzyna çöküp, ellerini ýere diräp, başlaryny göterip, aýdyljak zatlary diňlemäge taýynlandylar.

Subudaý batyryň biri-birinden şaňňy sesli, başlary ak selleli dört sany uýgur[46] kätibiniň hersi depäniň bir çetinden ör turdy. Ellerindäki uzyn kagyza ýazylan zatlary biri-birinden gaty gygyryp bir wagtda okamaga başladylar:

– Ýeňilmezek esgerler! Keramatly hökümdaryň on ýyl mundan ozal näme hököm edenini eşidiň! Onuň wesýetnamasynda ine, şeýle sözler ýazylypdyr: «Biz günbatar uluslary uly oglum Juçynyň golastyna berip, ony belent han tagtyna çykarypdyk. Biz ýeňilmezek mongol goşunyny günüň batýan ýerine tarap has aňryk alyp gitmegi oňa tabşyrypdyk. Biz oňa mongol atlarynyň aýagynyň ýetip biljek ýerine – älemi boýun egdirip, tä soňky deňze çenli gitmegi tabşyrypdyk. Ýöne gizlin duşman zäherli ýylan ýaly duýdansyz çakyp, Juça hanyň gül ömrüni kül etdi. Meniň wepaly ýaranlarym, batyrlarym hem noýonlarym, gulak asyň! Biz günbatar ýurtlary boýun egdirmäge gitjek mongol goşunynyň baştutanlygyna Juçynyň ogly, meniň batyr, edenli agtygym Baty hany belleýäris. Ol meniň başyny jemlän mongol halkymy täze ýeňişlere äkider hem şöhratlandyrar. Şonuň üçinem, öz söweş atymyň guýrugy daňylan baýdagy oňa berýärin. Biz meniň wepaly kömekçim, harby işde tejribeli Subudaý batyra, meniň agtygym Baty hana altyn uýany berk tutmaga ýardam etmegini buýurýarys. Agtygymyza bolsa ähli meselede parasatly hem ätiýaçly Subudaý batyryň maslahatlaryna gulak asmagyny hököm edýäris. Baty han diňe şeýtse, ähli duşmanlarynyň ýoguna ýanyp, günüň ýaşýan ýerine çenli bolan aralykdaky ýurtlary boýun egdirip biler. Şondan soň gedaýçylyk, açlyk hem gurakçylyk dep bolup, ählumumy dynçlyk emele geler». Gulak asyň, esgerler! Keramatly hökümdaryň islegi şeýle. Bütin mongol halkynyňam islegi şol bolmaly!..

– Goý, şeýle bolsun! – diýşip, dyza çöküp oturan mongollar hem tatarlar gygyryşdylar. – Goý, keramatly hökümdaryň erki bizi başga halklaryň üstüne urşa äkitsin! Goý, Çingiz hanyň atynyň guýrugy dakylan baýdak bize ýol görkezsin! Bize şony görkeziň!

Depäniň eteginde goragçy duran ýüz ýigidiň içinden bir ýaş mongol ak atyny sepjedip öňe saýlandy. Ok ýaly atylyp depä çykyp, dyzmaç atynyň başyny çekenden, başga bir üç atly onuň yzyndan

[45] J e b e – peýkam (mongolça).
[46] U ý g u r l a r – Altaýyň golaýynda ýaşaýan taýpa. Olar aglaba başga taýpalarda kätip hem emeldar bolup gulluk edipdirler.

ýetdi. Olaryň ortakysynyň elinde şemala galgap duran dokuz sany dilkaw mataly bäş burçly baýdak[47] bardy. Baýdagyň altyndan edilen ýiti ujunda Çingiz hanyň ýakyn adamlaryna hem garry mongollaryň ählisine tanyş bolan uzyn at guýrugy galgaýardy.

– Bu Baty han! – diýip gygyryşdylar. Bu şol Juçyň ogly, Çingiz hanyň agtygy Baty han! Onuň münüp oturany beýik uruş hudaýy Suldeniň Seter diýen ak aty! Bizi söweşe alyp git, Baty han!

Towsup duran dyzmaç atyň üstünde ykjam oturan Baty hanyň başyndaky tylla tuwulgasy, egnindäki halka-halka sowudy günüň ýiti nuruna ýaldyraýardy. Ol atynyň altyn uýanyny dartyp, egri gylyjyny depesine göterdi-de, sesiniň ýetdigine gygyrdy:

– Meniň gözlerime dogry seredip bilýän batyrlarym, gulak asyň! «Älemi sarsdyryjy» beýik atam günbatar ýurtlarynyň ählisini tä soňky çäge barýança basyp almagy maňa buýurdy. Deňsiz-taýsyz batyrlarym, ol buýrugy siz bilen ýerine ýetirmäge, gana boýalan uzak ýoly älemiň aňry çetine çenli uzaltmaga kasam edýärin!

Goşunyň makullaýjy, şadyýan güwwüldisi biraz kiparlansoň, ol ýene sözüni dowam etdi:

– Men öz urşujylarymyň garynlaryny ýüpek mata çolamaga söz berýärin! Ýüzlerçe müňläp öküzlerdir goýunlaryň etinden öz goşunymy gerk-gäbe doýurmaga söz berýärin! Hemmäňiz birlaý täze possunly bolarsyňyz. Ýolumyzda parahat durmuşda uruş-gygyryşy ýatdan çykaran baý ýurtlar ýatyr. Batyrlarym, men siz bilen uruşmany başarmaýan gorkak halklaryň baryny dyza çökererin. Siziň gamçylaryňyzyň olaryň ýagdan ýaňa gasyn-gasyn bolup giden ýeňselerinde oýnar!

Şadyýan sesler ýene dik asmana göterildi:

– Sen älemi sarsdyryjynyň hakyky agtygy! Seň bilen ähli halklary dyza çökäris!

Baty hanyň sesi olaryň gowuryny basdy:

– Ýene bir zada söz berýärin! Men öz duşmanlarymy ýatdan çykaramok! Kakamy öldüren sarygulak itleri ýeriň ýarygyna sümenem bolsalar tapyp, gazanda diriligine gowuraryn! Eger şolaryň arasynda doganym bolsa-da, sylamajagyma kasam edýän! Indi haýal-ýagallyga ýol ýok! Ertir daň bilen ýörişe ugramaly. Ähli goşunyň ilkinji ýygnanyşygy beýik Itil deryasynyň kenarynda bolar! Şol ýerdenem beýleki halklardyr taýpalaryň üstüne ýörişe başlarys. Nähili laçyndygyňyzy, nähili şuňkardygyňyzy şondan soň görkeziberiň!

Gypjak tireleriniň hersi öz söweş çakylygyna gygyrdy:

– Manatau! Karabura! Amanjul! Uýbas! Dýuýt! Eebugannamkaid-şulýaým!..

Täze jahangir ak atynyň başyny Subudaý batyryň öýüne tarap öwürdi. Hanlaryň bir topary ylgaşyp, haýal ýöräp barýan atyň altyn uýanyndan ýapyşdylar, olaryň käbiri üzeňňini elläp görse, beýlekileri sakgallaryny Baty hanyň ädigine oýkadylar.

– Beýik Jahangir, saňa haýyşymyz bar. Atdan düş-de, indiden beýläk eýelik etmeli tagtyňa mün! Seniň saýlalanlygyň şanyna biz uly toý tutmakçy. Ähli gypjak hanlary, soltanlary öňüňde ýer öpüp, öz wepalylyklaryny bildirmek isleýärler!

Olaryň haýyşyna yrlan Baty han sypaýy gülümsiräp atdan düşdi. Hanlar iki gapdala çekilip, altyn tagtyň öňünde ýazylan owadan hala tarap geçmek üçin oňa ýol berdiler.

Emma seçelenip duran gara saçlarynyň üstünden ak selle oranan ýaş esger hanlary gaharly iteleşdirip öňe okduryldy-da, tagta barýan ýoly naýzasy bilen bekledi.

– Baty han, aýak çek! Özüňe garaşýan zady bir gör!

Ol naýzasyny bat bilen tagtyň öňünde ýazylgy duran halynyň ortasyna urdy. Naýza halyny parsa deşdi-de, guýa gaçan ýaly boldy. Ýigit halynyň çetinden tutup bir gapdala serpende, aşakda çuň garymyň agzy garalyp göründi.

– Arapşa, yzyma düş! – diýip, Baty han gazaply gygyrdy-da, Subudaý batyryň öýüne tarap okduryldy.

– Beýle mekirlik haýsy nejisiň tapan zadyka? – diýşip, garymyň agzyndan seredip görjek bolup gyslyşyp duran hanlar pyşyrdaşdylar.

– Subudaý batyr gelýär! – diýen ses märekäni tisgindirdi.

---

[47] B a t y n y ň b a ý d a g y – mongol hem hytaý çeşmeleri Çingiz hanyň ak hem gara baýdaklarynyň bolandygyny habar berýär. Ak reňk mongollarda keramatly hasaplanypdyr, gara reňk bolsa ýer astyndaky öçli hudaýlara niýetlenilipdir. "Dokuz guýrukly" hem "dokuz aýakly" baýdak käbir alymlaryň pikirine görä, dokuz sany atyň guýrugy dakylan tug bolmaly. Beýleki bir topar alymlaryň pikirine görä, mongollaryň esasy baýdagy matadan bolup, ýüzünde gara gargany penjesine gysan çal şuňkar şekillendirilen, onuň ujy uzyn mata görnüşinde dokuz diklaw bolup gutarýar. Hytaý baýdaklaram şoňa meňzeş bolmak bilen, serkerdäniň derejesini aňladypdyr.

Ýagyrnysy küýkeren, aýaklary gowky, çep eli towlanan garry serkerde haýal ädimläp tagtyň ýanyna bardy. Gazaply ýeke gözi bilen dymyp duran hanlara, myhmanlara birlaý nazar saldy.

– Bu ýerde bolman, işlere esewan edip bilmedik iki günümde hilegär, gara ýürek manguslara[48] meňzeş, nejisleriň oýlap tapan zady diýerler muňa. Ýöne men dirikäm keramatly hökümdaryň saýlap giden ýaş serdaryny ýok etmek hiç kime başartmaz! Şu işde eli bar adamlaryň ählisiniň dilini gömeýinden sograryn. Jahangire duzak gurmaga het edip bilenleriň meniň bilen ýüzbe-ýüz durmaga gaýratlarynyň çatyşyny göreýin. Biz oň üçin wagt ýitirip durmarys. Ýörüşe ertir däl-de, şu gün, häziriň özünde ugraýarys. Çadyrlaryňyzy çözüň! Atlaryňyzy eýerläň! Nökerler, alaw ýakyň!

Garry serkerde öňküsinden beter hükgerilip öýüne tarap ugrady. Şemal ýatyp, töwerege ümsümlik aralaşdy. Şol wagtam depäniň her ýerinde ýakylan dokuz alawyň goýy tüssesi sütün ýaly bolup asmana göterildi. Subudaý batyryň nökerleri gyssanyşyp, ýaňy tutaşyp başlan alawlara öl saman sepýärdiler. Bu alawlar ähli çarwa taýpalara günbatara beýik ýörişiň başlananyny habar berýärdi.

---

[48] M a n g u s l a r – ertekilerdäki adatdan daşary güýçli, aýylganç döw, arwah ýaly zatlar. Mongol ertekilerinde diňe gahrymanlar, batyrlar olar bilen ýekme-ýek söweşe çykýarlar.

# IKINJI BÖLÜM

## BATY HAN GÜNBATARA UGRADY

*...Mongol ýörişlerini bitertip aziýa ordalarynyň manysyz kürsäp girmegidir diýen pikir howaýýdyr. Bu – harby guramaçylygy öz garşydaşlarynyň goşunlaryndakyndan ep-esli ýokary bolan goşunyň çuň oýlanyşykly hüjümidir*

(Napoleon)

## BIRINJI BAP

### Goşun ýola düşdi

Nazar Kärizegiň öz ütük horazyny daşyna gyzyl mata çolap ýowuz mongol serkerdesine elten gününden bäri ýekegöz serdar Subudaý batyr fakyh Hajy Rahymy hemişe öz ýanynda saklaýardy. Bir gün ol Hajy Rahyma şeýle diýdi:

– Beýik jahangir Baty han köp zatdan habarly mugallymy bolan seniň hemişe öz ýanynda bolmagyňy höküm etdi... Hökmürowan Nurana öz älemiň içinden geçjek ýörişini seniň yhlas bilen ýazmagyňy isleýär. Kagyzdyr syýany islediginçe bereris, günde iki wagtyna şüledir et alarsyň. Sözüm sözdür! Seniň aladaň şu hilegär garryň boýnuna... Birden gaçaýmazyň ýaly gowy bor... Beýleki nökerler ýaly sen dyzmaç atda ýüzin salyp ýörmersiň. Beýtseň, ne kagyzyň galar, ne galamyň!.. Hawa!.. Şonuň üçinem saňa tangut düýesiniň üsti rahat hem amatly bolar. Senem, bu garram meniň yzymdan galmaly däl. Horazçy garry, sen ýadyňda bek sakla: şu kitaphon alym işini göwünli-göwünsiz ýerine ýetirse, ýa-da gaçaýsa, günüňe it aglar. Nökerlerim seniň altmyş ýyllap üst-başyňa siňen çaňyňy birsalymda kakarlar... Jedelleşjek ýa-da jogap berjek bolup azara galma! Jahangiriň diýen zady gürrüňsiz ýerine ýetiriläýmeli. Bu zatlaryň daşyndanam seni öz horazyma sakçy edip belleýärin.

Subudaý beýlesine öwrülen badyna iki mongol Hajy Rahymyň iki goltugyna girip, düýäniň ýanyna idenekledip ugrady. Iki örküçli düýäniň arkasyna iki sebet horjun ýaly taýlanyp atylypdyr. Mongollar düýäni bagyrdyp çökerdiler-de, sebetleriň birine Hajy Rahymy saldylar. Sebediň darlygyndan ýaňa derwüşiň iki dyzy eňegine ýetip durdy.

Sebediň beýleki taýyna jaýlaşan Nazar Kärizek uludan demini alyp:

– Maňa at berseler bolmaýarmy? Sebediň içinde oturmak meň ýaly köne nökere gelişjek zatmy? – diýip, hüňürdäp oturyşyna horazy sebediň bir ýerine mäkäm daňdy. Olaryň münüp oturan düýelerini üstlerine sökülen öýler ýüklenen bir topar düýeleriň ýanyna eltip çökerdiler. Nazar Kärizek bir zadyň pikirini edip oturan Hajy Rahymyň gulagyna pyşyrdady:

– Ýaňky hükgi arwahyň nahar hakyndaky aýdanlaryndan galanynyň ýerine ýetiriljegine ynansa bolar. Ýöne garnymyzyň aladasyny özümiz etmeli bolarys. Ömür aç mongollar bize ýekeje däne tüwinem rowa görmezler. Men ýowuz hökümdarymyzyň aşpeziniň eýdip-beýdip ugruny tapjak bolaýyn... Oň bilen arany sazlap bilsek, aç-hor bolmarys.

Ol sebetden çykdy-da, gözden ýitdi.

Hajy Rahym gowry-galmagaly ýetik harby lageriň bulam-bujarlygyna syn etmäge başlady. Urşujylar erew-de-berew bolşup, ondan-oňa ylgaşýardylar, gygyryşýardylar, biri-birlerini gyssaýardylar. Subudaý batyr eýýäm öz atyny getirmäge buýruk beripdi. Gypjak aýallary aýdyma zowladyşyp öýlerini söküýärdiler, keçeleri düýrleýärdiler, soňam olary bürünç gazanlary, demir taganlary hem çuwallary bilen birlikde düýelere rejeläp ýükleýärdiler. Nökerler içi bugdaýdyr undan doly haltalary getirip iki ýana gaýmalaşýardylar, goýunlary şahlaryndan tutup idirdedýärdiler. Horjunlarynyň iki taýynam gerek zatlaryndan dolduryp, atlary ýüzin saldyryp, düzlükde ýygnanyşýan uly goşunyň içinden öz otrýadlaryna goşulmak üçin şol ýana at salyp gidýärdiler.

Agsaklap, ýanyp gutaryp barýan alawyň ýanyna baran Subudaý batyryň daşyny bir garry hem birnäçe ýaş porhanlar gurşady. Olar deprege batly-batly urup, endam-janlaryndaky jäjeklerini

jaňňyrdadyp çirkin sesleri bilen doga okadylar. Subudaý batyram oda garap oturyşyna zäherlenmekden, peýkamdan hem göz degmekden goraýan dogalary pyşyrdap sanamaga başlady. Şol wagt duýdansyz turan şemal tüssäni Subudaý batyra tarap üfläp, üstüne uçgunly külleri syçratdy.

– Bu gowulygyň alamaty – diýip, töwerekde gyslyşyp duran mongollar seslendiler. – Tüsse betbagtlygy kowýar, keramatly uçgunlar bolsa başlan işiň ugruna boljagyny aňladýar!

Tutuk ýüzüni sallap, gymyldaman çuň oýa batyp duran Subudaý batyryň bütin durky geljekki söweşleri, başly-barat gaçyp barýan mähelläni, älemi boýun egdirmeli Baty hanyň söweş şöhratynyň gün ýaly dogup gelşini göz öňüne getirýäne meňzeýärdi.

Bezemen ak atyny säpjedip, üç-üçden hatar bolup düzülen dokuz sany janpenasyny yzyna tirkäp Baty han ýetip geldi. Olaryň iň öňdäkisiniň elinde bambuk taýagyna berkidilen, gutarýan tarapy dilik-dilik bäş burçly ak baýdak pasyrdaýardy. Baýdagyň ýüzüne ýüpek bilen, gargany penjesine gysyp duran çal şuňkar[49] çekilipdir. Baty hanyň kellesinde kümüşsöw hokgaryň bir çogdam ak ýelegi bilen bezelen ýeňiljek gaýyş tuwulgasy bardy. Egni lagl ilikli gök donly, garaýagyz, çalarak gyýyk gözleri oýnaklap duran ýigidiň at üstünde oturyşy örän gaýymdy. Onuň sag elinde altyn gaşly uýan, çepinde bolsa keltejik gara gamçy bardy.

– Men taýýar! Seret, goşun eýýäm ýerinden gozgandy. Meniň otrýadlarym tizräk beýik Itil derýasynyň kenaryna ýetip, ol ýerdäki gorkusyndan sandyraşyp duran taýpalaryň depesinden harasat bolup inmäge howlugýarlar!

Baty han gamçyly elini günbatara uzatdy. Olaryň duran depesinden ýaýlyp ýatan düzlügiň köp ýeri edil eliň aýasynda ýaly görünýärdi. Ähli ýodalardan atly urşujylaryň otrýadlary günbatara hatar tutuşyp barýardy.

Subudaý oý-pikirlerinden aýňalyp, Baty hana tarap öwrüldi. Ol egildi-de, düwün-düwün barmaklaryny ýere degrip:

– Men öňden bäri taýýar – diýdi. – Özüň dogry aýtdyň: şeýle goşunyň barka, sen älemiň boýnuna syrtmak atyp bilersiň!..

Soň has ýakyn baryp Baty hanyň gulagyna pyşyrdady:

– Menden ýekeje ädimem daşlaşaýma! Seň üstüňe howp günbatardan däl-de, töweregiňde çukur gazýan dönükleriň ýakymly ýylgyrmalaryndan abanýandygyny unutma.

Baty han gaşlaryny çytyp, agzyny gyşartdy. Gamçysyny batly silkip, gaharly gürledi:

– Şolardan bizar boldum! Itil derýasynyň aňyrsyndaky selinli Gypjak sähralaryna haçan ýeteris? Erkin şemal meni ähli zady dönüklige, göriplige hem ýaranjaňlyga ýugrulan bu ýerlerden arany açmaga çagyrýar... – Soň biraz sesini peseldip dowam etdi – Men yzyma garaman gitjek. Soňam gaýdyp bu ýerlere gelmen. Men öňümden çykan halklary tabyn edip, ol ýerde – Karakorumyň berk penjesiniň ýetip bilmejek ýerinde täze, heniz görülmedik patyşalyk guraryn!..

– Ýagşy, ýagşy! – diýip, Subudaý batyr töweregindäki mongollara garap seslendi.

Porhanlar ýanyp duran alawa gury ýowşan okladylar. Ýalnyň sary dilleri uçgun syçradyp asmana göterildi.

Subudaý aýaklary ýogyn gyr atyna atlanyp, gazaply ýüzüni çytyp, Baty hanyň yzyna düşdi. Beýleki mongollaram ýerde galan gazanlaryny atlaryna ýükläp, olardan galmady. Tizden boşap galan depeden ugran uzyn kerwen depesini bulut büräp duran näbelli tarapa – günbatara ýuwaşlyk bilen süýşüp ugrady.

[49] Ş u ň k a r – gargany penjesine gysyp duran çal reňkli aw guşy. Çingiz hanyň kowumlarynyň penakäri hasaplanýar. Onuň ata-babalaryndan biri Boduançar garyp halda ýaşap, öz eldeki şuňkarynyň tutan awy bilen gününi görüpdir.

# IKINJI BAP

## Ýolda

*....Bijin ýylynyň baharynda, Jumada aýynyň ikisinde ähli mongol şazadalary bir wagtda Günbatara ugradylar. Tomsy ýolda geçirip, olar güýzde Bulgar sebitlerinde şol çäklerde hökümdarlyk edýän Batynyň urugy bolan Urdu, Şeýbany hem Tangkut (Juçynyň ogullary) bilen birleşdiler.*

(Reşideddin, sene ýazgysy)

«...Mongol goşunynyň her ädiminiň getirýän hasratynyň, göwnüçökgünliginiň, kepemeýän gözýaşlarynyň duýgudaşlyk hem gahar-gazapdan doly keşbini çeker ýaly lasyrdap gaýnaýan garaýagly gazany nirden tapaýyn, hakyky, tolgundyryjy pikirleriň kümüşsöw balyklara meňzeş toplumyny berk tor bilen haýsy paýhas kölünden susup alaýyn, ýyldyrym ýaly göz gamaşdyryjy, kesgin sözleri haýsy bulutlaryň goýnundan agtaraýyn?.. Bu goşun ýolunda duş gelen ähli zady bokurdakdan geçirýär, ýoguna ýanýar... Aýalmy, çagamy – kim bolsa bolsun, rehim-şepagaty bilmeýän urşujylaryň elinden gurban bolýar... Garşylyk görkezeniň paýy ölüm, boýun egeniňki agyr gulçulyk, garaz, olara duşanyň aman sypýany ýok... Talaňçylyk hem ölüm getirýän mongollaryň dört ýüz müň adamly ordasynyň aýylganç gykylygyndan heder etmän garşy durup biljek edermen urşujylaryň berk hatarlary nirede? Ähli hyjuwlary talaňçylyga hem zorluga ýugrulan sähra ýyrtyjylarynyň kim alkymyndan alarka?»

Bu sözleri Hajy Rahym sebediň içinde iki bükülip oturan ýerinde çal Samarkant kagyzyny dyzynyň üstüne goýup ýazdy. Ol «Sene ýazgylaryny» ýazmagyny yhlas bilen dowam etdirýärdi. Alymyň giň ädimläp barýan düýesi Subudaý batyryň goragçy müň «guduzynyň» yzyndan galman barýardy. Ýekegöz serkerde gyr atyny iň öňden gorgunladyp barşyna beýige çykanda, badyny biraz gowşadyp, düz ýere inende bolsa jylawuny ýazdyrýardy. Şonda düýe-de ädimini çaltlandyryp, sebediň erňeginden ýapyşyp oturan Hajsy Rahym bilen Nazar Kärizegi birsydyrgyn çaýkaýardy.

Hajy Rahym ýazgysyny dowam etdirýär:

«...Sygnakdan baharda çykyp günbatara[50] ugran goşun ýagynsyz, jöwzaly, gurak bütin tomsy ýolda geçirdi. Asyrlaryň dowamynda döwnük edilip sähranyň göwsüni dilip geçýän kiçeňräk derýalaryň üsti bilen uzalyp ýatan bu ýolda ägirt kän atlaram, adamlaram teşnelikden, iýmitden o diýen ejir çekmediler. Ýaz otlary bilen örtülen sähranyň içine çuň aralaşdyklaryça güýçli bahar ýagmyrlaryndan dörän gyrmançaly kölçeler köp duşup başlady. Töweregi gamyşdyr beýleki sähra otlary bilen jäheklenen ol kölçeleriň boýunda tatar atlary üçin ýeterlik iýmit bardy.

Her biri on müň atlydan ybarat, otuz üç tümen, aýylganç sil ýaly, otuz üç ýoly dolduryp barýardy. Şeýle giň aralyga ýaýran ummasyz uly mongol goşunynyň sag ganatyndan iň çetki çep ganatyna ýetjek bolsaň pesinden üç gün dagy gerek boljakdy.

Diňe öz ýodasyny bilýän tümenleriň hersi düşleg mahaly aýratyn lager bolup ýerleşýärdi. Öňden barýan aňtawçylar olara düşlemek üçin amatly bolan gamyşly, otluk öleňleri irgözinden tapyp goýýardy.

Şeýbany han hem Baty hanyň beýleki iki dogany demirgazyk tarapdaky iň çetki çep ganatyň öňüni çekip barýardy. Olaryň hersiniň ýüz tümeni bolup, çaparlar arkaly biri-biri bilen hemişe aragatnaşyk saklaýardylar. «Itiliň goşandy bolan Kama derýasynyň boýunda ýaýylyp ýatan Bulgar patyşalygyny dyza çökermeli!» Olara jahangiriň beren buýrugy şeýledi. Bütin goşunyň ortasyndan Guýuk hanyň, ondan soň sag ganata tarap Çingiz hanyň neberesinden bolan beýleki şazadalaryň tümenleri barýardy. Guýuk hanyň goşunyň ortasyny eýelemeginiň sebäbi bardy: Ol: Baty han wezipesine hetde gelip bilmän aýrylar ýa-da – asman ony öz penasynda saklasyn! – duýdansyz amanadyny tabşyrar. Ana, onsoň gürrüňsiz meni jahangir saýlarlar, ähli goşunyň ygtyýary elime geçer diýen tamasyndan entegem el üzmändi. Baty hanyň haýsy ýerdedigini hiç kim bilenokdy. Ol adatça

[50] Mongol-tatar goşunynyň Şeýbany hanyň baştutanlygynda demirgazyk-günbatara ugran bir bölegi Kama derýasynyň boýunda ýerleşýän Bulgar patyşalygyny derrew dyza çökerdi. Goşunyň beýleki uly bölegi Ural daglarynyň günorta dilkawy hem Kaspiý deňziniň kenary aralykda ýerleşýän çarwa taýpalaryň gadymdan gelýän ýoly bolan Halklaryň derwezesine düşüp günbatara ugrady.

tupan ýaly okgunly hereketleri bilen şöhrat gazanan garry ýekegöz serkerdäniň – Subudaý batyryň ýanynda bolýardy. Jahangir öz tümeni bilen goşunyň kä çep, kä sag ganatynda, käte bolsa ortasynda duýdansyz peýda bolup, gije düşleýärdi-de, ýene näbelli tarapa gürüm-jürüm bolup gidýärdi.

Subudaý batyryň ýany bilen alan ýüki onçakly kän däldi: serkerdäniň sökülen ýöriş çadyry hem gaýyşdan ýasalan ýeňiljek hytaý sandyklary dört sany ýörgür düýä ýüklengidi. Sandyklarda ýüzüne basylyp alynjak ýerleriň çyzgylary çekilen pergamentler saklanýardy. Jahangiriň öz ýalkan adamlaryna berjek altyn, kümüş, agaç paýszalary hem şol ýerdedi...

Mundan başga-da, beýik «atalygyň» şahsy ýükleriniň arasynda onuň ýeňil söweş arabasy[51] hem bardy. Ol daş-töweregi demir bilen örtülen iki sany belent tigriň üstünde ýerleşen sandyk kysmy zatdy. Daş-töwereginde meýdana seretmek üçin hem-de ýaýdan peýkam atar ýaly darajyk deşikler bardy. Her bir ygtyýar edilmedik ýerden araba golaýlaşan adamyň gursagyndan zäherli peýkam parran geçýär. Kämahal ýörişde lüti çykan garry serkerde ýyrtyjy haýwan ýaly eplenip onuň içinde ýatýardy. Hytaý tohumyndan bolan kiçijik güjük öz hojaýynyny eserdeňlik bilen goraýardy: nätanyş adamyň aýak sesini eşitdigi, ol şaňňy sesine bat berip üýrmäge başlaýardy. Demir arabany iki-ikiden taýlanyp goşulan dört at çekýärdi. Öňdäki atlaryň birinde arabakeş oturýardy.

Birden haýynlyk bilen üstüne çozaýmasynlar diýip, öz ýanyndan ätiýaç edýän Subudaý batyr bir gezek Baty hana hem şeýle araba edinmegi maslahat berdi. Jahangir oňa:

– Seniň ýiti gözüň bilen janpenalarymyň wepalylygam maňa ýeterlik! – diýip, gaharly jogap gaýtardy.

Çingiz hanyň neberesinden bolan şazadalary, hakykatdanam, öz otrýadlarynyň baştutanydyr diýip pikir etmek hakykata ters gelýär. Bu diňe göräýmäge şeýle ýaly. Olaryň hersine harby tälimi «Älemi sarsdyran» – ýeňilmezek Çingiz hanyň ýörişlerinde alan on müň atla baştutanlyk edýän tejribeli mongol berkidilendi. Otrýady öz yzlary bilen alyp gidýänem, düşelgäni belleýänem, aňtawçylardyr çaparlary gerek ýerine ýollap, ýörişde ähli goşunyň baş serdary bolan Subudaý batyr bilen aragatnaşyk saklaýanam şolardy. Her dokuz günden ähli tümenlerden gyssagly ýola düşen çaparlar öz otrýadlarynyň nirededigi, şazadalaryň şuňkarda tazy bilen aw awlaýyşlary, iýip-içişleri, wagt geçirişleri, otrýadyň indi haýsy ýol bilen gitjegi,  indi baryljak ýerlerdäki ot-iýmiň ýagdaýy, atlaryň semizlik-horluk derejesi... barada Subudaý batyra birin-birin habar berýärdiler.

Üns bilen gulak asýan Subudaý baş atyp oturyşyna: «Eşidýän, eşidýän!» diýip hümürdeýärdi. Ol hiç haçan hiç kimi öwmezdi. Diňe hüňürdäp, burnuny tyzyladyp oturyşyna çaparlardan, gypjak hanlaryndan kimleriň şazadalaryň ýanyna baş egmäge barýanyny, näme hakda özara hymy-symy edişýänlerini soraşdyrýardy. Eger çapar «bilemok» diýäýse, Subudaý ýumrugy bilen dyzyna gütledip urýardy-da: «Gaýdyp gözüme görnäýme!» diýip, gaharly kowýardy.

Baty hany diňe Subudaý batyr bilen bilelikde görmek bolýar. Bu ýekegöz gazaply serkerdäniň hormat goýujylyk bilen berýän maslahatlaryny ýaş jahangir edil parasatly mugallyma gulak asýan ýaly diňleýärdi. Subudaý batyr Baty hana özünden akyldy hem tejribeli adam ýaly garaýardy. Gürrüň mahaly garry Baty hany «keramatly» hökümdaryň agtygy hökmünde hormatlap, ýere çenli eglip tagzym edýärdi. Jahangiriň özüni goraýan müň sany nökeri bardy. «Ýeňilmezekler» diýip at berilýän ol müň nökeriň ýarsynyň aty çypar, beýlekileriniňki bolsa dordy. Şol dor atlylardan ýüz nökere ýörişiň başyndan bäri ýaş ýigit Arapşa baştutanlyk edýärdi. Baty han jahangir saýlanan gününde özüni ölümden halas eden bu ýigide hormat goýýardy, janyny ynanýardy. Arapşa gündizine Baty han nirä gitse gapdalyndady, gijelerine-de onuň rahatlygyny goraýardy.

Subudaý batyryňam öz tümeni bardy. Onuň özüni goraýan müň atlysy «Guduzlar» diýlip atlandyrylýardy. Olar Subudaý batyr bilen ýörişe gatnaşyp, öz serdarlarynyň iň kyn tabşyryklaryny ýerine ýetirýärdiler. Aýratyn otrýadlara baştutan gerek bolan mahaly şolardan biri bellenýärdi. Şunuň ýaly tertip-düzgüni Subudaý batyr entek «Älemi sarsdyran» Çingiz han bar wagtynda girizipdi...»

## ÜÇÜNJI BAP

### Yza galanyň paýy – ölüm

«Indi meniň ak sakgal atamam ýok, saçyna kümüş çaýylan enemem, ne dogan galdy, ne-de uýa.

[51] Bu demir araba hakynda hytaý sene ýazuwçylary ýatlaýar.

Ählisi edil tüweleýiň demine düşen sypal ýaly gözden gaýyp bolup gitdi! Ýalňyz dostum – olam Baýander hanyň beren ugursyz eýerli aty. Bu giden düzlükde kör böri ýaly kellämiň ugruna ygyp ýörün. Haýsam bolsa bir otrýada goşulasym gelýär. Mende ne gylyç bar, ne-de naýza. Bolgusyz jonnuk pyçagym bilen kim maňa eýe çyksyn? Her taýpa, tire özbaşyna otrýad bolup söweşe barýar. Keseden baryp goşuljak gümanyň ýok... Men ýaly, bimaksadyň baýguşdan, garakçydan ýa-da, sährada selpäp ýören sergezdandan näme tapawudy bar?.. Öňýeten nökeriň atymy, eýerimi, gaýyş goşhaltamy elimden gaňryp almaga haky bar. Amatly zat aňtap ýören at ogrusy diýip aýyp ýöňkese, etjek zadyň ýok...»

Iňläp ýatan uç-gyraksyz sähranyň goýnundan mazar ýaly bolup dömen tümmegiň üstünde boýnuny sallap oturan Musugyň serinde şu hili agyr oýlar at salýardy. Onuň horlugyndan ýaňa gözgyny görünýän dor aty hol beýleräkde – suwy çekilip, guramaga az galan oýtagyň ýanynda otlap ýördi.

Musugyň sähra seçilen gypjak gonalgalaryna aýlanyp, özüni otrýada almaklaryny haýyş edip ýöreninden bäri ençeme gün geçipdi. «Seň alan oljalarymyza şärik bolasyň gelýändir! Munuň göwnüniň isleýänje zadyny görüň! Öz aslyny agtar-da, bar, şolara goşul. Bir ýaramazlyk edip, indem özüniňkilere nä ýüzüne görünjegini bilmän, gaçyp ýören adam diýerler saňa! Şeýle dälmi?..» diýip, baran ýerinde onuň badyny alýardylar...

Ahyry gonalgalaryň birinde telpegindäki daňydan Mekgä haja gidip geleni bildirip duran ýüzi nurana ýaşuly gülümsiräp oňa şeýle diýdi:

– Jahangiriň permanyndan seniň habaryň bardyr. Ýörişe her kim müňlüge, ýüzlüge, onluga bölünen öz taýpasy bilen gitmeli. Her nökeriň daýaw ýabysy, gurat ýaragy bolmaly. Ýörişde şeýle berk düzgün-tertibi bolmadyk goşun çopansyz goýun sürüsine meňzär. Hiç kime goşulman, seň ýaly ýeke gezip ýören atla nähili jeza berilýänini özüň gowy bilýänsiň. Şonuň ýaly permany eşitmänmidiň?.. Ýöne meniň saňa haýpym gelýär. Eger beýlekiler garşy bolmasalar, seni öz taýpamyzyň artykmaç atlaryna seretmäge alaýyn. Görýän welin, seniň ýaragyňam ýok
ýaly-la. Onam berip biljek. Ýöne ýaraga derek atyňy maňa bermeli bolarsyň. Beýle diýsem, gorkup oturma. Oňa, derek başga at bererin. Bu zatlary diňe taňryýalkasyna berýändir öýtme. Beren gylyjym üçin üç sygyr, galkan hem simden örülen sowudym üçin on iki sygyr getirmeli borsuň. Jemi on bäş sygyr![52] Sen ýaly düşbi, edenli ýigit ondan has köpräk mal sürmegiňem hötdesinden geler!...

Musuk kellesini ýaýkady:

– Beýle zat göwnüňize-de gelmesin.

– Saňa birbada ýeke gylyç ýeterlik. Galan gerek ýaraglary duşmandan gaňryp alarsyň. Öňde sansyz söweşler ýatyr!

«Nähilem bolsa öňki günüm kem däl ýaly-la...» diýip, içinden pikir öwren Musuk bu «aşa hoşniýetli» garrydan çaltrak daşlaşanyny kem görmedi.

Şowsuzlyk betbagt adamlary ysnyşdyrýar. Olar edil biri-birini ýitirip tapan ýaly gadyrly bolýarlar. Hol uzakda alaňlaryň arasy bilen gyrbyldaşyp barýan ýedi atla gözi düşen Musuk «Atlar-a halys egbar eken» diýip içini gepletdi. Süňklerinden torba asaýmaly, yşaratyň bar-da. «At» diýmäge dagy diliňem öwrüljek däl. Ol ýabylar bilen samandyr ders daşaýmasaň, başga zada ýarajak gümany ýok.

Atlylaryň hersiniň elinde inçe uzyn naýzalary bardy. Munuň ýaly atlylar bilen sähra ýerde uçraşmak örän hatarly. Musuk alaňdan düşdi-de, atyna münüp, başga tarapa ugrady. Ýarym aýlaw edip, bir depeden aşdam welin, şol ýedi atly onuň golaýjygynda peýda boldy. Özlerem sekiz atly eken. Ýedisi nämedir bir zada gümra bolup, garabaşlaryna gaýdy. Sekizinji bolsa bir alaňyň üstünde gyşaryp, töwerege esewan edýärdi. Hamy soýulan düýäniň etiniň daşyna elleri pyçakly hümer bolup üýşen ýedi adamyň biri gana bulanan elini bulaýlap Musuga gygyrdy:

– Gulak as, eý, ýalňyz böri, algyr bürgüt, gaýduwsyz bars! Biz bilen nahar edinesiň gelýän bolsa, bäri gel!

Musugyň agzyna zat almanyna ikinji günüň içidi. Ol uzak ýaýdanyp durman, atyny duşady-da, çagyranlara tarap ugrady.

– Kellesini sen al! – diýip, olaryň biri seslendi.

– Barybir ählisini äkidip biljek gümanymyz ýok.

---

[52] Orta asyrlarda ýarag örän gymmat bolupdyr. Ähli zerur ýarag bilen üpjün bolasy gelen urşujy olar üçin 15-18 sygryň bahasyna barabar çykdajy edipdir. (Delbrýukyň «Harby sungatyň taryhy» diýen işine seret).

«Özler-ä ykmanda çalym edýär» diýip, Musuk birsalym böwrüni diňledi. Açlyk basmarlan bolsa-da, özüne basalyk berip:

– Bu kimiň düýesi? – diýip sorady.

– Eýesi bu jelagaýlarda däl. Arkaýyn bol – garamaty saňa düşesi ýok...

Uzyn boýly, gyýyk gözli hor ýigit ezberlik bilen düýäň kellesini kesdi-de, Musuga uzatdy:

– Me!

Musuk oňa alkyş okap, kelläni ýaglyga dolap durşuna:

– Siz haýsy otrýaddan? – diýip sorady.

– Baryp ýatan batyr Baýmyradyň otrýadyndan.

– Otrýadyňyz ulumy?

– Uly däl, ýöne edermen. Senem goşulsaň, dokuz adam bolýas. Keramatly sana dogrulanýas duruberýäs.

– Goşulman nirä gitsin? Munuň ýaly ygyp ýören başga-da kändir. Olaram Baýmyradyň ýaşyl baýdagynyň astyna ýygnap bilsek, bir tümen goşun bolýas.

Depäniň üstünde duran garawul gygyrdy:

– Uzakdan bir topar adam görünýär. Düýäň eýesi aç adamlary üstümize küşgüren bolaýmasyn?

Uly gürleşip oturanlar göýä hinine çöp sokulan garynjalara döndüler. Elleriniň ganyny çägä süpürip, her kim duran-duran ýerinden atlarynyň üstüne özlerini oklap, uly ýoldan sowa ýola düşüp ümdüzine gaçdylar.

Gözi gyýyk ýigit Musugyň ýanyna bardy-da, ýagdaýdan habardar etdi:

– Janyňa haýpyň gelýän bolsa, bizden galma! Hojaýyn eliňdäki düýäň kellesine derek, öz kelläňi alar. Maňa şu otrýadyň baştutany Baýmyrat batyr diýerler. Bize goşulsaň, seni özüme kömekçi edip alaýyn.

Musuk «Çagyrylan ýere irinme» diýen nakyly içinden gaýtalady-da, Baýmyradyň yzyna düşdi. Olar sährada eýläk-beýläk kän aýlandylar. Birden Baýmyradyň sykylygyny eşiden beýleki atlylar Musugyň üstüne topulyp, atdan agdardylar. Näme bolanyna akyl ýetirip bilmän, çägäň üstünde süýnüp ýatan Musugyň döşüne iki naýza gezeldi.

– Aç it ýaly ykmanda deýýus, gymyldaýsaň, janyňy jähenneme iberýän. Kelemäňi öwür!

Baýmyrat Musugyň atynyň töweregine aýlanyp ýörşüne, deregine öz ýaramaz ýabymy goýsammykam ýa goýmasammykam diýip pikir öwürýäne çalym edýärdi. Ahyram goýmazlyk kararyna gelip ýabysynyň jylawyny atyň eýerine baglady.

– Baýmyrat batyr! – diýip, Musuk ýalbaryjy äheňde oňa ýüzlendi. – Sen meni öz otrýadyňa aljak diýipdiň-ä? Bu näme etdigiň boldy?

– Men sözümden dändim. Kimdigiňi bilmeýän adamyňa-da heý, jan ynanyp bormy? Belki, sen gije ýatyrkak ählimizi pyçaklarsyň?

– Atymy goýup git! – diýip, döşüne naýzaň ujy çalarak çümen Musuk iňňildedi.

Birden dowul tapan Baýmyrat:

– Gaçalyň! Çaltrak boluň! – diýip gygyrdy.

Iki elini ýüzüne tutup gymyldaman ýatan Musuk barha daşlaşýan atlaryň toýnak sesine diňşirgendi. Ol goýny ýaňkylar ýaly açlykdan aňy giden adamlardyr iýere zat gözläp kaňkaşyp ýören ýyrtyjylardan doly bu iňläp ýatan sährada gutulgysyz ölümini boýnuna alypdy...

Her näçe urunaňda-da dadyňa ýetjek adam ýok...

Birden ol ellerini göterdi-de:

– Eý, keramatly Hydyr ata! – diýip, naýynjar seslendi. – Men biçärä rehmiň gelsin! Şu gezek dadyma ýetiş! Ýoluňa bir semiz goýun!

## DÖRDÜNJI BAP

### Çölde ýalňyz galan adam

Garaňky düşdi. Ýyldyzlar göründi. Alysdan eşidilen möjegiň sesine başga biri uwwuldy bilen jogap gaýtardy. Olaryň sesini şagallaryň birnäçe ýerden çykan çirkin sesleri alyp göterdi.

Musuk gymyldaman oturyşyna bu seslere, hüşgärlik bilen diň salýardy. Uky halys basmarlap, gözleri ýumlup gelýärdi. Ahyry ol çuň uka gitdi.

Düýşünde ol belent depäniň üstünde otyrmyşyn. Daş-töwerekde otlary parç bolup oturan gülli sähra ýaýylyp ýatyr. Reňki ala hem çypar taýlar otlaşyp ýör. Birden ýeriň teýinden gögerip çykan gaba böwürslen Musugyň gözüniň alnynda diýseň çalt ösüp başlady. Onuň şahalary biri-birine çolaşyp, çyrmaşyp dik asmana galdy-da, bütin düzlügiň üstüne ýaý ýaly bolup gerildi. Onuň üstünden edil köprüde ýaly kellesini yrap, boýnundaky jaňjagazyny jyňňyrdadyp ejesiniň sary sygry ýuwaşja ýöräp gelýärdi. Sygryň yzyndan gelýän gyzyň gyzyl köýneginiň etegi şemala galgaýar. Eli deriden edilen süýt sagylýan gaply ol gyzyň Ýyldyzdygyny Musuk bada-bat tanady. Gyzyň usul bilen ýöräp gelşi insiz köprüden ýykylaýmaýyn diýýäne çalym edýärdi. Asmany ýeňiljek ak bulutlar gaplap aldy. Sygyr öz agramyna çöküp ugran köprüniň ortasyna ýetdi-de, naýynjar molady. Ýyldyz bolsa tanyş, çasly sesi bilen «Musuk!» diýip gygyrdy.

Musuk ukuly gabaklaryny kynlyk bilen galdyrdy. Yssy günüň ýiti şöhlelerine onuň gözi gamaşdy. «Musuk!» diýen ses has aýyl-saýyl eşidildi. Elini gözüniň üstüne kölegeledip seredende, owsarlary owadan seçek hem gotaz bilen birkemsiz bezelen bir topar düýä onuň gözi düşdi. Düýeleriň örküjiniň arasyna gülli matadan tuty tutulan iki orunlyk kejebeler goýlupdyr. Kejebelerde gözüň ýagyny iýip barýan ýüpek köýnekli aýallar otyrdy. Un çalnan ýaly ýüzleri, yhlas bilen reňklenen göz-gaşlary olaryň ählisiniň keşbini birmeňzeş görkezýärdi. Aýallar gülşüp, ýüzlerini tutyň aňyrsynda gizlediler. Olaryň biri Musuga bir gysym hurmadyr hoz oklady. Altyn bilezikli inçejik eliň zyňan ýüpek haltajygy Musugyň edil aýagynyň ýanyna düşdi. Şol wagtam uly gykylyk edip mongol atlylary ýetip geldi. Düýeler düwmeleridir jaňlaryny jyňňyrdadyp, boguk sesleri bilen bagyryşyp ädimlerini çaltlandyrdylar. Kerwen alaňlaryň arasynda käte bir görnüp düýş ýaly bolup gözden ýitip gitdi. Ýöne bu düýş däldi! Musuk takyr ýere seçilen hurmalary, hozlary, ýüzüne künji sepilen birnäçe çöregi, agzy ýüplük bilen mäkäm daňylan ala ýüpek haltajygy çöpledi. Haltajygyň içine birnäçe düwür gant,[53] pisse, badam hem dokuz sany altyn teňňe salnypdyr. Haýran galan Musuk bu geň sowgatlary goltugyňa gysdyrdy. Soňam «Keramatly Hydyr aga bu zatlary meniň dilegimi eşidip ýollapdyr» diýip ol öz ýanyndan pikir öwürdi-de, golaýyndaky seýrek ösen otlary gurap giden alanyň üstüne çykdy. Onuň öň ýanyndan Gypjak hem Gyrgyz sähralaryndan başlanyp, günbatara – beýik Itil deryasyna tarap gidýän inçejik söwda ýoly uzalyp ýatyrdy. Düýäň dabanyndan inli bolmadyk ol ýoda ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda kerwen gatnawy zerarly takyr ýerde oýulyp gidýärdi. Käýerde-käýerde agaryp ýatan çakyr süňkler, goýunyň çöri hem güne solan mata bölekleri göze ilýärdi.

«Şu ýerimden gozganmaýyn. Belki, Hydyr ata ýene dadyma ýetişer» diýip oýlandy.

Dymyp ýatan sährada gözüň äginer ýaly hiç zat ýokdy. Çaňjaryp duran asmandaky ýiti gün ýaşjak ýerine golaýlaşyp ugran uçurlarynda alysda bir topar atly göründi. Başlary gara silkme telpekli, elleri uzyn naýzaly ýaraglary gurat on ýigit daýaw atlaryny ýüzin salyp gelýärdi. Iň öňden gelýän ýaş ýigidiň başynda arap sellesi bardy. Onuň at üstünde oturyşy, tutuk keşbi, has beterem, dor aty Musuga birhili tanyş göründi.

Atly Musugyň ýanyna geldi-de, atynyň başyny çekip:

– Adyň näme? Haýsy goşundan borsuň? Näme bu ýerde bulaşyp ýatyrsyň? – diýdi.

Musuk ýerinden turdy-da, janyga-janyga, başdan geçiren agyr günlerini, ýörişe gatnaşasynyň gelýändigini, ýöne Baýmyradyň üýşmeginiň özüni talandygyny gürrüň berdi.

Daşdan ýonulyp ýasalan ýaly agras ýüzünden hiç alamat aňdyrmaýan atly onuň aýdanlaryny üns bilen diňläp, şeýle diýdi:

– Maňa ýüzbaşy Arapşa diýýäler. Seniň Baýander hanyň öňki atbakarydygyňy men tanadym. Saňa bil baglasa bolar. Şonuň üçinem, menden galma. Häzirlikçe synagdan geçýänçäň, atbakarymyz bolarsyň. Soň bolsa özüňe at, naýza, gylyç bereris. Bar, hol çetki atlyň syrtyna mün!

Musuk ata mündi-de, öňde oturan ýigidiň bilinden ýapyşdy. Ýigitler atlaryny gamçylap, derrew ol ýerden arany açdylar. Ömrüniň täze, has bagtly pursatynyň başlanandygy baradaky ýakymly umyt Musugyň kalbyna ganat bekleýärdi.

[53] Ol döwürlerde gant örän gyt hem gymmat eken. Hindistanda hem Müsürde şeker çiňňiriginden alynýan gant dury sary reňkli, kristal görnüşli bolupdyr.

## BÄŞINJI BAP

### «Halklaryň derwezesi»

Birsydyrgyn jygyldap çaýkaýan sebediň içinde iki büklüm bolup oturan Hajy Rahym kitabynyň sahypalaryna çökýän tozana-da üns bermän, yhlas bilen setir yzyndan setir ýazýardy:

«...Nurana Baty hanyň goşuny köneden bäri «Halklaryň derwezesi» diýlip atlandyrylýan ýol bilen günbatara tarap togtaman hereket edýär. Ol ýol düzlük bilen Daş guşakdan[54] günorta taýa hem Abeskun deňzinden[55] demirgazyk tarapa uzalyp gidýär. Bu ýol bilen birçaklar mongollaryň şöhratly ata-babalary – demirgazykdaky halklary gorkudan sandyramaga mejbur eden gündogar sähralarynyň ýaşaýjylary Hun-nulara[56] geçipdirler.

Goşunyň öňünden aňtaýjylar barýar. Ýöne olarsyzam ýolagçy beýik «Halklaryň derwezesiniň» içi bilen geçýän giň sähra ýodalaryny ýalňyşman tapyp biljek. Häli-şindi duşýan nagyşly gap-gaçlaryň döwükleri gadym wagtlarda bu ýerlerde ýaşalandygyndan habar berýär. Uzakda – asman bilen zeminiň tapyşýan ýerinde duýduryş diňi ýaly gök depeler – näbelli taýpalaryň ady-sory ýitip giden batyrlarynyň mazarlary görünýär... ýatan ýerleri ýagty bolsun, bendeleň!..

Çar tarapda suwly kölçejikler ýaldyraşyp, salkyn ýagyşlary bilen otlary suwlaýan bahar paslynda goşunyň hereket edişi häzirkisi ýaly zordan eňek atyp barýan däl-de, birhili dabaralydy. Jöwzaly günler başlanyp, ýakyp-ýandyryp barýan günüň gyzgynyna guran toýunsow toprak ýarylyp ugranda müňlerçe atlaryň toýnagynyň astyndan göterilýän tozan bütin asmany gaplap, adamlaryň demligini daraldyp ugrady. Günüň öňüne perde bolup gerlen goýy tozanyň derdinden wagtyň gündizdigini-gijedigini saýgarar ýaly däldi. Birnäçe ädim aralykdan biri-biriňi tanap bolanokdy. Her bir atla öz onlugynda, ýüzlüginde eýeleýän ornundan gymyldamak gadagandy. Sähelçe bir gyra sowuldygyň, gamyş jeňňelliginde azaşan ýaly, ençeme günläp öz otrýadyňy tapjak gümanyň ýokdy.

Dört ýüz müň atlydan ybarat ägirt goşunyň goýry tozana gaplanyp, ses-selemsiz süýşüp gelşi birhili gorkunçdy. Ýerden diňe adamlaryň hem atlaryň öçügsi kölegeleri barýan ýalydy. Hiç kimden ses çykanokdy. «Ähli zat aýdylan, bar zat belli edilen wagtynda näme hakda gürlejek!» Bir zat diýjek bolup agzyňy açdygyň bada-bat bokurdagyň, burnuň tozandan dolýardy. Adamlaryň töwerekdäki zatlary saýgaryşynyň, eşidişiniň ugry gaçypdy. Her kim basymrak aýak çekilip, bir käse sowuk suw içmegiň arzuwyndady. Üst-başlaryny kakyp, gijäniň sergin şemalynyň asyl-asyl bolup duran tozany kowup, asmany arassalanyny göresleri gelýärdi...

Goşun agşamara kenary seýregräk ot-çöpli derýajygyň boýunda düşledi. Lager derýanyň iki kenary bilen esli meýdana uzalyp gidýärdi. Ýakylan müňlerçe alawyň ýalnyndan ýaňa bütin sähra göýä ot alan ýaly görünýärdi. Endamyna azajyk ýel çalan adamlaryň kimsi aýdym aýdýardy, käbirleri bolsa atlardyr düýeleri bakmak üçin sähra kowýardy. Pessaý şemal kem-kemden tozany bir ýana kowup, gijäň bir wagty sähra ýowşanynyň ysyny getirdi...

Çal tangut düýesi gaharly bagyryp, iki öň dyzyny ýere berdi. Onuň üstündäki sebetlerde oturan fakyh Hajy Rahym bilen garry Nazar Kärizek ýuwaşlyk bilen ýere düşüp, gurşup, agaja dönen endamlaryny ýazdylar. Birnäçe günüň dowamynda üst-başlaryna siňen tozany kakyşdyrdylar. Tutaşan alawy synlap, onuň üstüne garalyp giden gazanyň atarylanyny görmek, ýapynjaňy aşagyňa ýazyp, depäňe gerlip duran çäksiz asmany synlap ýatmak olar üçin aňrybaş şatlykdy.

Ugur tapmaga ökde, iki daşyň arasynda galanda-da başyny çarajak diýilýän adamlaryň hilinden bolan Nazar Kärizek mahabatly sözler bilen Subudaý batyryň aşpeziniň başyny-gözüni aýlap, bir jam şüle ýa-da etli çorba getirýärdi. Käte bolsa özi köze goýup çörek bişirýärdi, dürli ýollar bilen tapan azajyk etini uşak dograp, çişlik edýärdi. Iş başynda ol uzakdan-uzak ertekiler aýdýardy ýa-da gyryljyk sesini endiredip, gadymy gypjak hekaýatlaryna hiňlenýärdi.

Öýi düýäň üstünde bolany üçin Hajy Rahym kerwenden bir ädimem daşlaşyp bilenokdy. Ol goşunyň baştutanlary ýa-da ýönekeý nökerler bilen söhbet edip, olardan eşiden zatlaryny, öz görenlerini bolşy ýaly kagyza geçirmäge jan edýärdi. Beýik geňeşdar Subudaý batyryň hemişe öz tümeniniň içinde ýa-da demir arabasynda busup oturman, goragçy ýüz ýigidi bilen esasy

---

[54] D a ş g u ş a k ýa-da D a ş u l g a m – Ural daglary.

[55] A b e s k u n d e ň z i – gadym döwürlerde kän dürli atlandyrylan Kaspiý deňziniň bir ady.

[56] H u n-n u – biziň eýýamymyzyň I asyrynda Merkezi Aziýadan günbatara gidip, VI asyrda Attilanyň baştutanlygy astynda Günbatar Ýewropa çozup girmek bilen belli bolan türki-mongol kökli taýplalar.

ýoldan sowlup, bir ýerlere gidýänine ol ahyry göz ýetirdi. Käte bolsa bu ýowuz mongol serkerdesi ýaş jahangir bilen ýitirim bolup, birnäçe günläp gara berenokdy. Haçan-da agşamara öňden belli edilen düşleg ýerinde peýda bolanlarynda, Hajy Rahym olaryň duýduryşlaryny ýazmak üçin ýanlaryna barýardy.

Gün gijigiberse, düýeleriň, atlaryň hereketi çaltlanýardy. Düşlegiň ýakynlaşandygyny, suwdan ganyp, dynç almagyň lezzetini adamlarça duýýan haýwanlaryň ädim uruşlary ýeňilleşýärdi. Kerwenbaşy irden bir topar atlyny düşleg üçin amatly ýer gözlemäge iberýärdi. Aňtawçylar amatly ýer tapdyklary uzakdan şertli alamat bilen habar berýärdiler: belent depä çykyp atlaryny iki-üç gezek saga, çepe öwürýärler. Bu urşujylara düşnükli bolan möhüm alamatlardy.

Saýlanyp alnan ýerde düýeleri çökerip, agyr ýükleri düşürýärdiler. Soň olary ýandakly meýdana äkidip, uzak gije erkin otlamaga goýberýärler. Aýratyn ýükçi nerlere öňden taýýarlanyp goýlan iýmit berilýär. Gullar ot ýakyp, bürünçden ýasalan üç aýakly hytaý gazanlarynda nahar atarýarlar. Meşiklerden gazana guýulan suwuň içine dogralan etdir tüwi taşlaýarlar.

Saklawçylar Subudaý batyryň bolýan ýerine başga otrýadlardan hiç kimi goýbermeýärler. Her otrýad beýlekiler bilen garyşman, öz ýoly bilen gitmeli, hersiniň öz aýratyn lageri bolmaly. Subudaý batyryň düşlän ýerinde diňe şahsy müň «guduzy», aňyrrakda bolsa onuň tümeniniň nökerleri ýerleşýär.

Saklaw otrýadynyň esgerleri özbaşlaryna alaw ýakyp, her kim özünde bar zady bilen nahar bişirinýär. Alawyň daşynda keçe ýazynyp, öwrüm berip oturýarlar-da, atlaryny duşaklap meýdana kowýarlar. Atlar toýnaklary bilen ýer köwüp, ösümlikleriň köklerini ýa-da beýleki meýdan otlaryny iýýärler. Tapany bilen mydar edip, iýmit dannamaýan bu janawarlara atlanyp, bütin älemi aýlanyp çykmak mümkin.

Alaňlaryň üstünde garawulçylyk çekýän nökerleriň: «Üns berýän hem boýun synýan!» diýen şertli habarlaşmalary gijäniň ümsümligini häli-şindi bozýar.

Eger düşleg ýerinde çadyr dikiläýse, hemmeler üçin uly şatlyk: bu iki-üç günläp dem-dynç alynjagynyň alamaty. Çadyrlara keçedir haly ýazylýar, ýüpek ýassyklar oklanylýar. Bu hanlaryň maslahatynyň boljagyny ýa-da gabaw awuna taýýarlyk görülýänini aňladýar.

At toýnaklarynyň sesi gijäniň ümsümligini bozýar. Nurana Baty han, onuň ýanynda bolsa öz saýlama nökerleri bilen Subudaý batyr gelýär.

Hemmeler ýekegöz, tutuksy Subudaý batyrdan Baty handan beter gorkýarlar. Iň kiçijik kemçiliklerem Subudaýyň nazaryndan sypanok. Sähelçe ýetmezçilik gördügi, degişli adama ýuwaşlyk bilen birnäçe söz aýtmagy ýeterlik. Çapawullar şobada eňip, günäkäri süýräp getirýärler. Yzýanyndanam iniňi tikeneklediji çirkin ses ýaňlanar...

Baty hanyň maýda kemçilikler bilen işi ýok. Onuň nazary adamlaryň depesinden seredýär, bar pikir-küýi ýüreginde düwen beýik planlary bilen bagly. Ol diňe geljek hakda gürlemäni söýýär. Haçan-da bu iki serkerde sary ýüpek çadyra aýak basanda, iýer-içer ýaly zatlaryň ählisi taýýar bolmaly. «Saçak ýazýan» hem «äberýän» iki elini garnynyň üstünde goýup, tagzym edip, buýruga garaşyp durmaly. Naharlanyşyk diýseň dabaraly geçýär. Baş porhanlaryň üçüsi ol ýerde oturyp, ýuwaşja ses bilen pyşyrdap, olaryň gulagyna hoş ýakýan ýagşy dilegli dogalary sanaýarlar...

## ALTYNJY BAP

### Baty hanyň ýedi ýyldyzy

«Baty hanyň öňden barýan «ýeňilmezek» saýlama müň atlysy bilen birlikde on bäş sany iň gowy tangut düýelerinden ybarat aýratyn kerwen barýar. Sarymtyl-çal, ýarym ýabany hem gaharjaň düýeler örän güýçli, ýyndam. Baty hanyň okgunly geçýän menzillerinde asla yza galmaýarlar.

Otrýadda atlandyryşlary ýaly, ol düýeleriň üstündäkiler Baty hanyň «Ýedi ýyldyzy» bolmaly. Ýagny, ýedi sany iň gözel aýallary. Entek ýörişden öň Sygnakdakalar Baty hanyň parasatly ejesi Ori-Fudžin oglunyň kyrk aýalynyň içinden şu ýedisini saýlap, şeýle diýipdi:

– Sen täze ýurtlary basyp alarsyň. Her basyp alan ýurduň halky özleriniň iň gözel, şol bir wagtyň özünde-de seniň başyňa ýetjek iň hilegär gyzyny saňa sowgat diýip ýollar. Öz ataň – Keramatly hökümdaryň ykbaly hemişe ýadyňda bolsun. Onuň çadyryna tangut şasynyň gyzyny getirenlerinde ol hökümdary ýaralap, onuň ölümini tizleşdiripdir. Ýat adamlaryň gülüm-ýalymyna ynanma, duşmanlaryň

sowgadyndan häzir bol! Garaňky gijä bezeg berýän Ýedigen ýaly, meniň saýlan ýedi gözelimem wepalylyk bilen nur saçyp, saňa bagt hem şatlyk getirer.

Baty han hormat bilen ejesine şeýle diýdi:

– Men öz wepaly geňeşdarym Subudaý batyr bilen gepleşip göreýin.

Ertesi Baty han öz ýany bilen garry serkerdänem getirip, ejesine ýüzlendi:

– Meniň ýörişime ýanym bilen alan sene ýazyjym hem mugallymym Hajy Rahym kitaplary dörüp, Isgender Zülkarneýniň ýörişe aýallarynyň hiç birini almandygyny, ähli aladasynyň diňe duş gelen halklary derbi-dagyn etmek bilen bagly bolandygyny düşündirdi...

Ori-Fudžin pert-pert gürläp ugrady:

– Isgenderiň Parsystany basyp alyp, boýun egdirilen şa Dariniň gyzyna öýleneni, soňam zäher berlip, ýaşka ölendigini men kitapdan görmänimde-de bilýän... Şeýle zatlardan seni asmandakylaryň özi gorawersin!

Garry Subudaý batyr han aýalyň öňünde ýüzin ýykylyp şeýle diýdi:

– Seniň parasatly sözleriň edil gymmat bahaly almaz ýaly lowurdaýar! Sen aladaçyl ene hökmünde ogluň kyrk aýalynyň ähliSiniň hem ýany bilen gitmegini isleýän bolsaň, meniň otrýadymda olaryň biriniňem bitiniň burnam ganamaz. Edil seniň ulusyňda boluşlary ýaly ähliSiniň janlary sag, sanlary tükel bolar. Seniň buýrugyň – çakmak daşy, men – urup alan uçgunyň. Eger jahangir harby aladalara gümra bolup, öz göz gamaşdyryjy ýyldyzlaryny häzir göresi gelmeýänem bolsa, belki, ýolda göwni islär. Ol wagt isläni bilenem, juda uzakda galan ýyldyzlardan haýyr bolmaz. Şonuň üçinem, olary öz ýany bilen äkitse gowy bolar!

Ori-Fudžin baş egende, dür bilen bezelen telpeginiň ýelekleri oglunyň tozan siňen gaýyş ädigine degdi.

– Sen – hökümdar, sen – jahangir, buýurmak seniň bilen!

Baty han göwünli-göwünsiz gürledi:

– Goý, siziň diýeniňiz bolsun! Ýöne şol ýediň birini özüm saýlajak. Ol gyzyň ady Ýyldyz bolmaly... Subudaý batyr, sen gözle-de, şony maňa tapyp getir!

Şol günüň ertesi Subudaý batyryň nökerleri Sygnakdan Ýyldyz atly gyzlaryň ençemesini gözläp tapdylar. Gorkularyndan ýaňa sandyraşyp duran ol gyzlaryň ähliSini Baty hanyň ýanyna getirdiler. Ol biçärelere birlaý nazar saldy-da, kirpiklerinde gözýaşy buldurap duran hor gyzjagaza barmagyny uzatdy. Gyzy ýüpek ýapynja çolap, garry han aýaly Ori-Fudžiniň ýanyna eltdiler. Han aýaly ony ýalaňaçlamagy buýrup, synlady. Soňam gyzyň arryk eginlerini, gapyrgalaryny barlaşdyryp, daş keşbinden hiç hili kem tapman, Ýyldyz salyhatly, owadan, gözleri ýiti, ýaňaklary çukanakly, hor hem ýabany ördek ýaly sarç diýen netijä geldi. Soňam:

– Näme başarýan zadyň bar? – diýip sorady.

– Men... süsek sygry sagyp bilýän – diýip, Ýyldyz zordan jogap gaýtardy.

– Ol ýeňil iş däl – diýip, Ori-Fudžin makullady-da, erkek kişiňkä meňzeş pessaý sesi bilen güldi. – Oň üçin gaty sabyrly bolmaly. Ýene näme başarýan zadyň bar?

– Başga... guzy bakyp bilýän, gülli jorap örüp bilýän, közde kişmişli çörek ýapmagy başarýan...

– Ýol ýagdaýynda bularyň ähliSi zerur – diýip, han aýaly ýene makullady-da, gülüp durşuna gyza mähirli nazar saldy. – Hany, ýene näme başarýan bolsaň aýt, eşideli!

Ýuwaşlyk bilen bildirmän gelen Baty han Ýyldyzyň jogabyny eşitdi.

– Hany, aýt, eliňden başga näme gelýär?

– Öz gypjak aýdymlarymyzy aýdyp bilýän, Hydyr ata hakdaky ertekileri, sygyrýan jynlar hem edermen ýigitler baradaky ertekileri aýtmagy başarýan...

Baty han makullaýan terzde gözlerini güldürip, ejesi bilen seredişdi.

Ori-Fudžin aýdylanlary unaýany üçin baş atyp makullady:

– Muny ýanyňyza alsaňyz bolar!..

## ÝEDINJI BAP

### Ýedinji ýyldyz

Tatar-mongol goşuny ýörişe ugran mahalynda Ýyldyzy Ori-Fudžiniň buýrugy bilen ýedinji düýäniň üstüne oturdyp, ýanyna-da hytaý gyrnagyny goşdular. Ýyldyz töweregi ýüpek perdeli kejebede

tuty ýapynyp otyrdy. Ýörişiň ilkinji güni ol birden gozgalaň tapdy. Uzak gün gutyň aňyrsyndan kellesini çykarman oturşyna agşamara öz gyrnagyna şeýle diýdi:

– Düýäň üstündäki hol garry bilen ýanyndaky derwüşi görýärmiň? Eger olar men hakda bir zat soraýsalar, hiç hili jogap bermegin. Men ol garrydan howatyr edýän. Ol öňem bir betbagtlygyň üstünden eltipdi... Her zat et, ýöne meniň kimdigimi bildirme...

Aýal emellerine näçe diýseň ökdelän hytaýly gyrnak bir düşlegde Ýyldyzyň ýüzüni, ýaňaklaryny, göz-gaşyny şeýle bir bezedi welin, aýna seredende öz-özüni tanamady.

«Ýedi ýyldyz» ýolda aýratyn kerwende bolup, ýanlary özbaşdak saklawlydy. Öňden barýan dört düýäniň hersinde bir mongol beginiň gyzy otyrdy. Atly ýeriň maşgalalary bolan Batynyň bu aýallary beýlekilerden dolmuşlygy hem ýere ýetip duran uzyn saçlary bilen tapawutlanýardy. Olaryň yzyndan barýan iki gypjak aýalynyň biri Baýander hanyň gyzydy. Bir düýä artlaşyp münen ol ikisi yzyny üzmän ýaňraşyp, gülşüp barýardylar. Beýleki düýede bolsa olaryň hyzmatkärleri otyrdy. Düşlegleriň birinde ol ikisi Ýyldyzyň ýanyna gelip, hersi öz çapylýan atynyň bardygyny, çapyşyk ýa-da baýramçylyk awy bolsa gatnaşjakdyklaryny aýdyp magtapdylar.

– Sen biziň «tur, otur – kersen getirimiz» bolmalysyň-da. Seniň ne atyň bar, ne-de baýlygyň. Egniňdäki eşikleriňem, şaý-sepleriňem Ori-Fudžin berdi. Baty han saňa gabagynam galdyrmaz. Biziň nahar iýen gaplarymyzy ýalap gün görmeli borsuň.

Ýyldyz näme diýjegini bilmän ýygrylyp, hytaýly gyrnaga gysmyljyrap oturyşyna ol iki şerraý aýaly boýdan-başa synlady.

– Näme agzyňa suw alan ýaly dymyp otyrsyň! Diliň lal açaýan-a däldir? Iň bolmanda sygyr ýaly molaý! – diýip, olaryň biri ýene çöwjäp ugrady.

Ýyldyz nämedir bir zat diýjek bolup çemlendi-de, ýene dil ýarman saklandy... Ol ýüpek ýaglygyna elini ýetirip, adaty endik boýunça çarwa gyzlarynyň edişi ýaly, togalap, gurjak ýasady. Güýmenip oturyşyna ahyrsoňy dogrulap olaryň jogabyny berdi:

– Hany, şu ýerden garaňyzy saýlaň! Hojaýynym buýursa gap-çanagam ýuwaryn, her zadam ederin. Buýruk berse, sizem sygyr ýaly çybyk bilen ýenjip meýdana kowaryn...

– Bu entek samsyjak çaga meňzeýär-le – diýip, olaryň biri agzyny-burnuny towlady.

– Ömürboýy samsyklygyna-da galar – diýip beýlekem oň aýdanynyň üstüni ýetirdi. Soňam hikirdeşip öz ýerlerine bakan ugradylar.

Ertesi gün düşleg mahaly Baty hanyň mongol aýallarynyň iň baýrysy hem esasysy bolan Burakçinden beýlekileri Ýyldyzyň ýanyna geldiler. Olar garaw gaýtmajagyny bilensoňlar, Ýyldyzyň inçe ellerini, egin-eşiklerini, hatda dişlerinem barlaşdyryp, elleşdirip gördüler.

Ýyldyz olar näme etseler, sesini çykarman, ýylgyryp durdy. Mongol aýallary onuň ýaňagyndaky çukanajyklara çenli gezek-gezegine barmaklaryny degrip çykdylar. Olaryň ulusy birbada agras ýaly görünse-de, soň kem-kemden açyldy. Han aýallary Ýyldyzyň ýaglykdan ýasan gurjagyny ellerine alyp, nädip çaga üwrejeklerine, emdirjeklerine öýkünip keýpden çykdylar. Soňam süýji dillilik bilen mylakatly hoşlaşdylar. Olaryň iň ýaşy yzyna öwrülip, Ýyldyzyň gulagyna pyşyrdady:

– Men dördünji düýede barýan. Diliň keýpini göreýin diýseň, ýanyma baraý!

Ýyldyz ýeke özi galansoň, gurjak eden ýaglygyny çözdi-de, ýüzüni şoňa berip aglamaga başlady. Kakasy bilen uly dogany Demiriň özüni gyrnaklaryň kerwensaraýyna eltip, gara sakgally, gyzyl donly, kelem kellesi ýaly ullakan selleli täjire satan günlerinden bäri ol aglamaga endik edip gidipdi. Özüni edil satlyk goýun ýaly elleşdirip görülmegi oňa gaty ýokuş degipdi. Beýder ýaly biçäräň günäsi näme? Ol çeşmäň boýunda dikilen, tüsseden ýaňa garalyp giden öýde Musuk bilen ýaşamagy arzuw edýärdi. Her gün agşam onuň süriň ýagdaýy, taýçanaklaň urşuşy, nähili taýyň doglany, olara gözüni dikip gelen möjekleri kowşy hakyndaky gürrüňlerini eşidip dursa, oňa başga zat gerek däldi...

Kimdir biriniň barmaklary onuň egnine çalaja galtaşyp, yzyndanam ýuwaşja pyşyrdy eşidildi.

– Näme gözýaş dökýäň, Ýyldyzjyk? Bular dagy hiç. Uly hasrat entek öňde.

Bu onuň gyrnagy I La-hedi. Ol Ýyldyzyň gaşynda çöke düşdi-de, adaty mylakatlylygy bilen ellerini hala goýup, çalt-çalt baş egdi.

– Uly hasrat diýýäniň haçan bolmaly?

– Ony bagryňdan öndüren çagaň ölende bilersiň.

– Sen şeýle güne düşüp gördüňmi?

Hytaýly gyrnak edil dyňzap gelen gözýaşlaryny süpürýän ýaly, kiçijik ellerini gözleriniň üstünden ýöredip, töwerege ýaltaklady. Töwerekde ýanýan alawlaryň ýagtysynda ýatan hem oturan esgerleri

arkaýyn saýgaryp bolýardy. Kiçijik ýumşak halyçada oturan bu iki naçar biri-birine gysmyljyraşdy. Olar özlerini ýaraglaryny şakyrdadyp, aýdym aýdyşyp, gygyryşyp ýören, ýöne häzirlikçe agyr ýoldan ýadap uka batan bu giden mähelläniň içinde azaşan ýaly duýýardylar.

Hytaýly gyrnak öz başyndan geçenleri gürrüň bermäge başlady:

– Başymdan geçen hasratlary ýatlasam, agym tutýar. Şonda-da gulak goý! Meniň görmedigim görde galdy. Öz öýümizde, kakamyň ýanyndakam men bagtlydym, hiç hili gaýgy-aladam ýokdy. Ol her ýyldyzyň ähmiýetini bilip, olaryň hereketi boýunça adamlaryň geljegini öňünden aýdýardy. Kakam her gijesini Szin[57] imperatorynyň köşgünde geçirip, ýyldyzlaryň hereketi hem kesişişi barada ähli bilýän zatlaryny ullakan kitaba ýazýardy. Irden ol kitaby köşgüň baş serenjamçysyna görkezýärdi. Ol bolsa ähli möhüm zatlary Hytaý hökümdarynyň özüne gürrüň berýärdi. Kämillik ýaşyna ýetemde kakam meni iki ýüz elli atlynyň baştutany bolan şadyýan häsiýetli baý birine äre berdi. Ärim menden ýigrimi ýaş ulam bolsa, biz bagtly ýaşaýardyk. Bizden iki çaga dünýä indi. Gapdaly bagly, lotos güli ösüp, altyn balyklar ýüzüşip ýören howuzly kiçiräk jaýda ömür sürüp ýördük. Birden garaşylman durka Çingiz hanyň atlylary şähere kürsäp girdiler. Mongol otrýadynyň baştutany Baty han bilen tirkeşip ýören şu ýekegöz serkerdedi. Meniň ärimem öz otrýady bilen söweşe girdi-de, dolanyp gelmedi. Mongollar ejemi öldürip, çagalarymam alyp gitdiler. Gorkunç wagşy mongol ýüzbaşysy meni özüne gyrnak aldy. Her hili ýol bilen onuň göwnüni tapmaga çalyşdym. Sebäbi ýaşasym, çagalarymy gözläp tapasym gelýärdi. Täze hojaýynyma meniň bişirýän bally külçelerim hem içi kömelekli gutaplarym ýaraýardy. Ol meni hemişe ýanynda saklap, erkinlige goý bermek ýa-da satmak hakda pikirem edenokdy. Soň ol meni han aýaly Ori-Fudžine sowgat berdi. Şeýdip, onuň çadyryna düşdüm. Indem han aýaly meni saňa berkitdi. Men saňa köşkdäki atly aýallaryňky ýaly ýöremegi, aýdym aýtmagy, baş egmegi, näzijek ses bilen gürlemegi, owadan hereketler bilen käselere çaý guýmagy öwretmek üçin goýuldym...[58] Seniň şu zatlary öwrenesiň gelýärmi?

– Eger zerur gerek bolsa, hemmesini öwrenerin – diýip, Ýyldyz jogap berdi.

– Bularam entek ýeterlik däl! Men saňa gyzykly, gorkunç hem şadyýan ertekileri aýtmagy öwrederin welin, äriň häli-şindi diňlejek bolup ýanyňa gatnar durar. Şonda sen näme arzyň bolsa aýdyp bilersiň. Men saňa asman ýollarynda garlawaç goşulan ulagda gezýän adamlar, aýylganç jandara şäher saldyryp, adamlary bagtly ýaşadan garyp çopan hakynda hem başga-da kän ertekiler aýdyp bererin...

Şol günden başlap Ýyldyz özüni öňküsi ýaly ýalňyz däl-de, ýoldaşly duýup başlady. Hytaýly gyrnagy öz penakäri ýaly görüp, onuň ähli görkezmelerini, maslahatlaryny, ertekilerini diňledi. Bularyň bary Baty hanyň öz altyn reňkli çadyryna Hajy Rahymy çagyrmagy üçin gerekdi.

## SEKIZINJI BAP

### Jahangir bilen söhbet

...Hajy Rahym ýazyp otyr. (Başyna inýän agyr külpetlerden ony Allaň özi aman saklasyn!..)

...Rebi ikinji[59] aýynyň on bäşinji güni ir bilen nurana Baty han Hajy Rahymy öz altyn reňkli çadyryna çagyrdy.

Baty han ýumşak eýran halysynyň üstüne oklanan ýönekeý garamtyl keçäniň üstünde otyrdy. Onuň gapdalynda üç sany gyzyl peýkamly okdan,[60] ýaý hem egri gylyç ýatyrdy, depesinde bolsa bürünç galkan asylgy durdy. Jahangir eli bilen yşarat edip, fakyhy ýanyna çagyrdy. Dyza çöküp oturan fakyhyň bütin görnüşi jahangiriň agzyndan çykan sözleri bada-bat kagyza geçirmäge taýyn bolup oturana meňzeýärdi.

Jahangir pyşyrdap gepleýärdi. Onuň aýdýan sözleri tertipsiz hem şeýle çalt bolany üçin ýazyp ýetişmek Hajy Rahyma kyn düşýärdi. Şeýle-de bolsa çyr-çytyr ýatda saklamaga çalyşýardy.

---

[57] Ol wagtlarda Hytaý Demirgazykda – Szin, Günortada – Sun atlandyrylýan iki patyşalykdan ybarat bolupdyr.

[58] Gündogarda atly maşgalalardan bolan gyzlara ýörüte terbiýe berlipdir. Olara aýratyn ýygy ädimler bilen ýöremegi, guşuňky ýaly inçejik ses bilen geplemegi öwredipdirler. Şonuň ýaly nepisligi, özboluşlylygy erkek kişiler gowy görüpdirler. Aýallaryň gepleýiş dili üçin hatda aýratyn sözlügem bolupdyr. Ondaky ýörite hem gadymy sözleri, aňlatmalary erkekler gepleşikde ulanmandyrlar.

[59] Rebi ikinji aý – iýun aýy.

[60] Ýokary aristokratlardan bolan adamlar öz okdanlarynda peýkamy belli bir möçberde saklapdyrlar. Derejesi näçe belent bolsa, okam şonça az bolupdyr. Diňe ýönekeý nökerler peýkamdan doly okdan götermäge borçly edilipdir.

– Şu gün hanlaryň beýik maslahaty bolýar... Eger akylyndan azaşan mongollar biri-birini çapyp başlasalar, onuň soňunyň gan bilen gutarmagy mümkin... Şonda «Halklaryň derwezesiniň» ugrunda täze gök depeler – mazarlar dörär... Hawa, şeýle bolar!.. Meniň atam, ýeňilmezek Çingiz hanyň beýik gurultaýy[61] ýadyňa düşýärmi? Men ol wagtlar ýedi ýaşymda-da bolsam, bolan zatlaryň ählisi ýadymda... Ilki Keramatly hökümdar howlukman sorag etdi. Hanlaryň ählisi yhlas hem gorky bilen biri-biriniň sözüni bölmän jogap berdiler. Her kim öz jogabyny hüşgärlik terezisinde çekip görýärdi. Haçan-da Älemi boýun egdiriji gürläp başlanda onuň sözleri ýüreklere ýyldyrym ýaly, gylyjyň bady ýaly, atyň uçutdan böküşi ýaly yzyna gaýtaryp bolmajak täsir galdyrýardy... Taýýarlanylýan ýöriş hakyndaky başgaça pikirini ýa-da şübhesini daşyna çykarmaga hiç kim het edip bilmändi. Häzir hanlar ol ýeke-täk, paýhasly hökümdaryň beýik düzgünlerini unutdylar. Olar ýene-de Keramatly hökümdaryň özlerini kuwwatly penjesine gysan döwründen ozalky mongol sähralarynda däp bolan birek-birek bilen gan-da-pyçak derejesine ýetdiler... Şu günki beýik maslahatda Mengu handan hem doganlarymdan beýleki hanlaryň ählisi meni gülkünç, ejiz göresleri gelýär, böwründen peýkam sanjylan ýekegapan ýaly gorkyma gaçyp gamyşlyga urarymy isleýär... Ähli zat olaryň isleginiň tersine bolar! Ýa-ha men öňümde ýeri ogşamadyklaryň ählisini palaç ýaly kerçärin, ýa-da özüm bölek-bölek edilip amanadymy tabşyraryn... Men olaryň biloňurgasyny birçak ýazdyryp bilýärdim. Ýöne atamyň «öz neslimiň arasynda bulaşyklyk döretmeli däl» diýen wesýeti ýadymda bolansoň saklanaýýan. Älem-jahana höküm etmek şolaryňkyda däl-de, eýsem kimiň elinde? Näme üçin olar Çingiz hanyň urugynyň çadyryny saklap duran sütünleri yrgyldadýarlar, oňa gylyç salýarlar?.. Öz atamyň dokuz guýrukly tuguny götermäge hakymyň bardygyny-ýokdugyny şu gün olara görkezerin!..

Gapynyň tutusy yrgyldady. Usullyk bilen içeri sokulan ullakan, kuwwatly penje gapynyň gapdal pürsünden ýapyşdy. Gaharly gykylyklar eşidildi.

– Bu ýat adam! Biziňki däl! – diýip, Baty han pyşyrdady-da, hasyr-husur gapdalda ýatan ýaýyna ýapyşdy. Bat bilen goýberilen gyzyl peýkam penjeden parran geçip, agaja çümdi-de, birsalym yrgyldap durdy. Gan sarkyp duran penje peýkam bilen birlikde peýda bolşy ýaly, ýene tuta dulandy.

Sesler ýatyşdy. Baty han tokmak bilen bürünç galkana batly urdy. Uzyn mongol geýimli, ýeňse tarapy esli sallanyp duran gaýyş tuwulgaly, eli keltejik naýzaly garawul gapyda häzir boldy.

– Bu ýere girmäge het eden kim?

– Guýuk hanyň çapary. Ol maňa altyn paýszasyny görkezdi-de, rugsat soraman, döşümden itip çadyra topuldy. Men gylyjyň sapy bilen onuň owurdyna ýelmedim. Eger ýene bir ädim ädäýseň, gylyjy iki gapyrgaň ortasyndan boýa-boý goýbererin diýdim...

– Sen dogry edipsiň! – diýip, Baty han hoş boldy. – Sen ýaly wepaly nökeriň gadyryny bilmek gerek. Ýüzbaşy Arapşa nirede?

– Ol çapary öz öýüne äkitdi.

– Näme üçin?

– Onuň çep gulagyny kesmek üçin bolaýmasa...

Baty han pikire çümdi. Birden gyýyk gözlerini süzüp, hezil edip güldi.

– Seň adyň näme?

– Musuk.

– Seni bir ýerde gören ýaly-la?

– Seň üçin dor aty tutup beremde görensiňiz. Häzir ony ýüzbaşy Arapşa münýär. Ol menem öz atlylaryna goşdy.

– Arapşa belet. Oň garşysyna çykanyň gününe it aglar. Ol özüne ýagşylyk edeniň gadyryny bilmegi başarýan ýigit. Bar, gidäý.

Garawul gitdi. Baty han Hajy Rahyma ýüzlenip, gürrüňini dowam etdi:

– Günbatara goşun çekmek bilen, men ol ýerde özüme nämeleriň garaşýanyny bilýän. Meniň urusutlaryň ýurduna iberen aňtawçylarym hem söwdagärlerim hali-şindi habar ýollap durlar... Men urusutlary hem olardan aňyrda ýaşaýan halklary boýun egdirerin. Bu urusutlary – tokaý aýylaryny dyza çökermek kyn däl. Birgiden maýda taýpalara bölünen bu halkyň han-knýazlaram öz aralarynda it-de-pişik ýaly. Häzire çenli olaryň ählisiniň başyny jemlän öz Çingiz hanlary ýok. Olaryň şäherlerinde salgyt ýygnaýjylarymy galdyraryn-da, özüm duş gelen halklary atymyň toýnagynyň astyna ýykyp, aňryk – soňky deňze çenli giderin!.. Şonda mongol penjesi bütin älemiň depesinden basar.

[61] G u r u l t a ý – Mongol döwletiniň ýokary gatlak wekilleriniň, aristokrat-feodallaryň hem harby ýolbaşçylaryň maslahaty.

Agyr göwreli, daýaw Subudaý batyr usullyk bilen çadyra girdi. Ol iç işikden dessine yzyna öwrülip, ullakan gulagyna elini ýetirip, üns bilen diň saldy. Oturanlara onuň gök ýapynjasynda ýagly menekler besse-besse bolup bildirip duran hükgi, giň ýagyrnysy görünýärdi. Soň ol Hajy Rahyma nägilelik bilen gözüniň gytagyny aýlady-da, egri aýaklaryny tagaşyksyz basyp, üsgürinjiräp Baty hanyň ýanynda dyzyna çökdi. Baty han ol özüne tagzym edýänçä garaşdy-da, soň gapdalynda oturmaga ýer görkezdi.

Subudaý ýene Hajy Rahyma nägile nazar salyp, uludan demini aldy.

– Bilýän zatlaryňy hiç zatdan çekinme-de aýdyber. Mugallymym maňa wepaly hem ýolda ýatan daş ýaly dymma, syr saklagandyr.

– Saňa öňki aýdanlarymyň bary dogry bolup barýar. Guýuk han öz müň atlysyny bärik – biziň lagerimize getirdi. Men goragy güýçlendirmäge hem hiç kimi golaýa goýbermezlige buýruk berdim. Beýleki hanlaram buýruga boýun egmän, ýanlarynyň birnäçe ýüz atlysy bilen geldiler. Olaryň has uly otrýadlary şu golaýda dur. Eger hanlar topalaň turuzaýsalar, onda goşun bada-bat bärik döküler.

– Näme etmeli? Uruşmalymy?

– Näme etmelidigi şu gün agşam belli bolar. «Guduzlar» hem «Ýeňilmezekler» taýyn bolup durlar...

## DOKUZYNJY BAP

### Çingiz hanyň nebereleriniň beýik maslahaty

*Bu halkyň tebigatynda ýigrenç, gazap hem göriplik agdyklyk edýär.*

(Reşideddin)

Ýelsiz asuda agşam düşdi. Şabrap gelen ýagyş az salymlygam bolsa adam barynyň ýüregine düşen tozany ýatyrdy. Lowlap ýanýan alawlara atarylan gazanlardan gowrulan goýun ýagynyň ysy töwerege ýaýraýardy. Gelýän hanlaryň gülküleri serhoşyňka çalym edýärdi, gep-sözleri gödekdi. Sakçylar naýzalaryny gezeşip aňryk goýbermeýäni üçin, olar altyn reňk çadyra on ädim ýetmän atlaryndan düşýärdiler. Hanlar üýşmegi bilen çadyra tarap ugrajak bolanlarynda baş porhanlaryň üçüsi olaryň ýoluna böwet boldular.

– Oduň arasyndan geçiň. Biz sizi keramatly tüssä gabsarys. Ol siziň kalbyňyzdaky bet niýetleriňizi ýok eder, tümlügiň gara ruhlaryny umma kowar.

Garawullar çadyra barýan ýodanyň gyrasynda iki hatar bolup durdular. Hanlar hem olaryň harby ýolbaşçylary daşdan, palçykdan edilen sekize golaý sadaka ýeriniň ýanynda aýak çekip, haýal ýöräp barýardylar. Sadaka ýerleriniň üstünde ot ýakylgydy. Porhanlar ellerindäki gamyşdan ýasalan ýelpewaçlary bilen ody alyşdyryp, tüssäni hanlaryň üstüne ugrukdyrjak bolup jan edýärdiler. Olaryň beýleki bir topary bolsa depregi batly urup, gadymy dogalara gygyrýardy.

Çadyryň agzynda gapa gerlen tutyny naýzalary bilen galdyryp duran iki garawul eglip, içeri girýänleriň aýagynyň keramatly bosaga degmezligine esewan edýärdi.

Çadyryň içinde bürünçden edilen uzyn direglerde ýanýan çyralardan daş-töwerege müşk-anbar hem aloe gülüniň ysy ýaýraýardy. Dürli reňkli halylaryň üstünde sagry hem ýüpek ýassyklar ýatyrdy. Çadyryň bir böwründe ýüzüne altyn sapaklar bilen guşlaryň hem gülleriň şekili keşdelenen goýy gyrmyzy tuty gerlip durdy.

Egnine hytaýlylaryň altyn bezegleri lowurdap duran lybasyny geýnen Subudaý batyr gapynyň agzynda durup, içeri girýänleriň ýaraglaryny taşladýardy, soň bolsa töre geçip, sag gapdalda oturmaga erada berýärdi. Mengu han bilen Batynyň dört dogany çep tarapda ýerleşdiler. Hanlaryň arasynda olaryň has atly harby ýolbaşçylary, noýonlary[62] hem batyrlary özlerine orun tapdylar.

Ökjesi belent gyzyl reňkli sagry ädikli Guýuk han ýygjam basyp iň soňundan girdi. Onuň äpet garnyna oran parça guşagyna sapy ýaşyl nefrit daşyndan edilen hytaý hanjary gysdyrylgydy. Gök ýüpek ýapynjasynyň ullakan lagl ilikleri ildirilgidi. Ýapynjanyň aşagyndan ýüzi aždarhalaryň altyn şekili bilen nagyşlanan gyrmyzy reňkli ýeňi kelte lybasy görünýärdi.

[62] N o ý o n – Knýaz.

Guýuk han oturanlara göwnüýetmezçilik bilen ýyljyraklap nazar saldy-da, töre geçip agyr göwresini ýere goýberdi. Onuň yzy bilen içerik giren üç janpena gözi düşen Subudaý batyr:

– Dolanyň yza! Hanlaryň maslahaty geçýän ýere girmäge kim size rugsat etdi? – diýip heňkirdi.

– Goý, otursynlar. Döwleti dolandyrmagy öwrenerler – diýip, Guýuk han ara goşuldy.

– Arapşa! Ýok et bulary! – diýip, Subudaý has aýylganç gygyrdy.

Üç janpena erjellik bilen Guýuk hanyň ýanyna geçjek bolup dyrjaşdylar. Arka tarapdan gelen Arapşa olaryň birini, Baty hanyň doganlary bolsa beýleki ikisini südürläp çadyrdan çykardylar.

Giň hytaý lybasyna giren üç gul nagyşly ýaýbaň altyn gaplarda, berýoza agajynyň kökünden ýasalan käselere guýlan köpürjikläp duran gymyz getirdiler. Erňekleri gädilen bu çal käseleri Baty han keramatly zat hökmünde aýap saklaýardy. Sebäbi olar birwagt beýik Çingiz hanyň gymyz içen käseleridi. Diňe garyp mongollaryň öýlerinde duşýan bu käselere oturanlar hormat bilen nazar saldylar. Olar Çingiz hanyň nebereleri bilen sandaş on bir käsedi. Gullar ýaýbaň gaplary dik ýokary göterip gymyldaman durdular.

Subudaý çadyryň törüne geçdi-de, gyrmyzy tutyny usullyk bilen bir ýana syrdy. Onuň aňyrsynda altyn haşamlar bilen bezelen giň, pessejik tagtyň üstünde gazaply Baty han gymyldaman otyrdy. Egnine dürli uçgunlary biri-birine goşulyşyp, ýaldyraýan örme polat lybas geýen Baty hanyň başynda hytaýlylaryň yz tarapy kebzä çenli uzalyp gidýän altyn tuwulgasy bardy. Tuwulganyň ýokary eteginde ululygy towugyň ýumurtgasy ýaly almaz lowurdaýardy. Onuň her ýerräginden dört sany gara-goňur tilkiniň guýrugy sallanyp durdy.

Baty han ýüzünde gazaply arlap duran gaplaňyň kellesi şekillendirilen ullakan süýri paýszany altyn zynjyr bilen döşünden asypdyr. Bu paýszany Baty hanyň kakasy, gazaply hem edermen Juçy hana Çingiz han öz eli bilen beripdir. Gaplaňyň kellesi Kaganyň: «Edil özüm buýurýan ýaly, şu paýszany saklaýan adama hemmeler boýun synmaly» diýen buýrugyny aňladýardy. Baty hanyň dyzynyň üstünde sapy almaz bilen bezelen uzyn hytaý gylyjy ýatyrdy.

Ýüzi ýagmazak bulut ýaly gamaşyp duran jahangire gözi düşen hanlaryň ählisiniň dili tutuldy. Ol ýerde bolup geçýän zatlara perwaýsyz görnüşde gaşlaryny gerip, adamlaryň üstaşyry uzaklara seredip otyrdy.

Guýuk han birsalym parahat oturdy-da, soň gapdalyndaky Kulkan hanyň gulagyna hemmelere eşidiler ýaly edip pyşyrdady:

– Özüni ýolbarsdyryn öýdüp oturan alakany neneň görýän?

Subudaý batyr tagtyň öňünde dyza çöküp, şeýle diýdi:

– Bu ýörişde Baty han jahangir diýlip yglan edildi. Ol adalatly, sap ýürekli hem batyr! Ýaş jahangir «Söýün han» – edermen diýen ady götermäge mynasyp! Onuň gapak ýaly döşünden asylgy altyn paýszanyn ýüzüne çekilen gaplaňyň kellesine serediň Siziň öňüňizde Keramatly Hökümdaryň hut özi oturan ýaly, Baty hany hormatlaň. Eger bütin goşun ýeke-täk hem beýikleriň beýigi Çingiz hana boýun egişi ýaly Söýün hana boýun egse, onda bütin älemi atlarymyzyň toýnagynyň astyna ýykarys. Jahangiriň öňünde baş egiň!

Baty hanyň doganlary ýerlerinden turdular-da, ellerini döşlerine goýup ýüzin ýykyldylar. Olaryň yzyndan Mengu han hem garry serkerdeleriň birnäçesi baş egip, halyny ogşadylar. Ýedi şazada Guýuk handan gözlerini aýyrman öňküleri ýaly otyrdy.

Baty hanyň dodaklary çalaja gymyldady:

– Käseleri paýlaň!

Subudaý öňküsindenem beter hükgerilip, gullara yşarat etdi. Olar ýeňil hereket bilen Çingiz hanyň nebereleriniň ählisiniň ellerine içi gymyzly agaç käseleri tutdurdylar. Edil beýlekileriňki ýaly käsäni elinde tutup duran Baty han doga okamaga häzirlendi.

Guýuk han ondan öňürtdi. Ol özüni beýik kaganlaryň tagtynyň mirasdary, şu ýygnakda oturan hanlaryň iň beýigi hökmünde görkezjek bolup, çalt-çalt gürledi:

– Bu gadymy keramatly käselere guýulan urugçylyk gymyzymyzyň ilkinji damjalaryny biz ähli mongollaryň hem özüne boýun egen beýleki ýüz ýetmiş halkyň beýik hökümdary, ruhy baky gök asmanda gaýyp ýören Ugedeý kaganyň[63] rowaçlygy, beýikligi, saglygy, kuwwaty üçin içeliň...

Hanlaryň käbiri käsäni agzyna ýetirip içmäge durdy, beýleki birnäçesi bolsa Baty hana seredip, içmän saklandylar. Jahangir öňküsi ýaly gymyldaman oturyşyna ümsümlik aralaşan badyna sesine bat

[63] U g e d e ý – Guýuk hanyň kakasy, mongollaryň kagany (imperatory).

berip şeýle diýdi:

– Ilkinji käse gymyzy biz mongol adyny jahanyň aňry çäklerine çenli ýetirmäge, şu ýörişi başlamaga buýruk beren iň beýik urşujynyň, biziň aramyzdan asman şalygyny soramaga giden Keramatly Hökümdaryň hatyrasyna içeliň!..

Baty han käsäni ahyryna çenli içdi-de, düýbünde galan damjalary aýasyna döküp, döşüni sypalady. Ähli şazadalar käsäni agyzlaryna ýetirdiler: Çingiz hanyň hatyrasyna heý, içmän bolarmy!

Gullar kümüşden ýasalan ýaýbaň gaplarda altyn bulgurlardyr dürli görnüşli käseleri getirip, gapynyň ýanynda asylgy duran göle hamyndan edilen ullakan meşikden doldurdylar. Hemmeler mongol döwletini döreden beýik Çingiz han hem geljekki ýeňişler üçin içdiler.

Baty han ýene pessaý gürläp başlady. Onuň kesgitli aýdýan sözleri çadyrda oturanlaryň ählisine gowy eşidilýärdi. Çingiz hanyň nebereleriniň içlerinde dykyn alyp duran gizlin gazabyny daşyna çykarjak wagtynyň ýakynlaşýandygyny duýýan adamlar ses-üýnsüz gymyldaman otyrdylar.

– Biz häzir şu ýöriş üçin peýdaly hem gerek däl zatlar hakynda gürrüň ederis. Meniň size aýdasym gelýän zadym ine, şu...

Guýuk han gozgalaň tapdy. Gapdalynda oturan hanlaryň ikisiniň gulagyna nämedir bir zatlar pyşyrdady. Ol gündizem serhoş ediji aýrandan ep-esli içeni üçin gözleri gan guýmady. Birden ol boguk sesine bat berip gazaply gygyrdy:

– Ýeri, sen bize näme aýdyp biljek? Seniň gepiňi diňlejek adam barmy? Tagta çykyp goşuna ýolbaşçylyk etjegem senmi? – Guýuk han gülkä boglup, beýleki hanlara gözüni aýlady: – Dogry-da walla. Baty hanyň eňegine sakgal biten heleýden näme parhy bar! Iň nalajedeýin nökerime buýursamam muny taýak bilen urup öldir!

Guýuk hanyň ýakyn adamlaryndan biri bolan Buri serkerde sesiniň ýetdiginden gygyryp, onuň aýdanyny alyp göterdi:

– Hä! Hä! Baty han bilen hasaplaşmagy mana tabşyr! Ony ökjäm bilen mynjyradaýyn!

Şazada Kulkan serhoş halda samahyllap, töweregini gallap oturan hanlaryň arasyndan geçjek bolup dyzap durşuna sesine bat berdi:

– Bu sakgally heleýe agaç guýruk oturtmak gerek. Goýberiň meni. Özüm hakyndan çykaýyn!

Guýuk hanyň yşarat etmegi bilen, onuň tarapyny çalýanlaryň ählisi guşaklaryna gysdyrylgy pyçaklaryny sogrup, biri-birini basgylap, tagta tarap okduryldylar.

Baty han duşmanynyň üstüne topuljak ýyrtyjy ýaly düýrülip, dişlerini syrtartdy. Gyýyk gözleri hasam süzülip, sowuk ýaldyrady. Birdenem dikeldi-de, gylyjyny bir gapdala zyňyp, gonjuna gysdyrylgy kelte gamçyny sogrup aldy. Batly inýän gamçy biri-birinden öňe geçjek bolup dyzaýan hanlaryň depesinde oýnap başlady.

– Men ýöriş wagtynda jahangire boýun egmeýänleri näletleýärin! Guýuk han, sen beýik han bolmak tamaňdan el üzäý! Towugyň bulutdan ýokarda uçup ýörenini entek gören ýok! Yza çekiliň! Dyza çöküň!

Birden Subudaý batyryň gazaply, boguk sesi ýaňlandy:

– Urýanh-Kadan! Dessine «guduzlar» bilen «ýeňilmezekleri» çagyr!

Ýaş ýigidiň dury sesi çasly çykdy:

– «Ýeňilmezekler», «guduzlar», bärik geliň!

Tutularyň aňyrsyndan, gaýyş sandyklardan, togalanyp goýlan halylaryň arasyndan çykan mongol nökerleri Baty hana ýapyşdylar-da, göterip äkitdiler. Beýlekileri elewräp başlan hanlaryň gözi, burny diýmän ýumruk salyp ýere ýazdylar. Soňam aýaklaryndan tutup, süýräp çadyrdan daşaryk çykarýardylar.

Bürünçden edilen ýaýbaň gaplar üstündäki çyralary bilen birlikde geýdirilişip duran hanlaryň depesinden indi. Çadyryň içi tüm garaňky boldy. Soňa galan hanlardyr noýonlar garaňkyň içinde süssenekleşip gapyny gözleýärdiler.

Hanlar hem olaryň ýanyndaky adamlar agzyna gelenini gargynyşyp çadyryň ýanyna üýşdüler. Içeriden batly degýän ýumruklaryň gütdüldisi, döwülýän gap-gaçlaryň şaňňyrdysy entegem eşidilýärdi. Hanalaryň käbiri ýyrtylan eşiklerini düzedişdirip, burunlaryndan zogdurylýan gany süpürişdirip, ýaňadan çadyra girmäge hyýallandy. Sakçylar olary naýza bilen gödeksi itekläp, içerik goýbermedi.

Çadyryň bir böwründen çykan Subudaý batyryň elinde Baty hanyň aljyraňňylykda ýadyndan çykaran miras galan almaz saply egri gylyjy bardy. Garry serkerdäniň töweregine «guduzlar» hem «ýeňilmezekler» berk hatar bolup düzüldi. Ondan-mundan täze gelen nökerlerem olara goşuldy.

Subudaý batyr öz ogly Urýanh-Kadanyň beýleki urşujylar bilen birlikde ent-ment bolup ýören Guýuk hany göterip çykarmagyna garaşýardy. Oňa gözi düşenden Subudaý üsgürinjiräp baş egdi, dyzyna çökdi-de, maňlaýyny ýere degirdi. Beýleki duranlar yza çekmedik bolsalar, Guýuk han gyzyl sagry ädigi bilen Subudaýyň ýüzüne jaýdar depjekdi.

Garry serkerde ýerinden turdy-da, kaddyny dikläp:

– Beýik kaganyň ogluna gulak asýan hem boýun synýan! Size wepalydygymy näme bilen subut edin bilerin? – diýdi.

– Nirede ol? – diýip, Guýuk han gygyrdy. – Men oň öz ýüzüni pers-ala edeýin! Jahangir däl, alaka diýerler oňa!..

Subudaýyň gyzyl gözleri süzüldi:

– Keramatly hökümdar häzir gaý-tupanly bulutlaryň ýokarsynda asman ýaşaýjylary bilen söhbet edýär. Ýörişiň şowly gidişini, ýeňilmäni bilmeýän mongol goşunynyň günbatara hereket edişini ol ýokardan synlaýar!.. Ýöne agtyklarynyň bolşy nähili?! Onuň batyrlarynyň arasynda dawa-jenjel, duşmançylyk bolmaly däl... Hawa! Hemmeler gür tokaýdaky agaçlar ýaly biri-birine ýakyn durmaly, möjek sürüsi ýaly agzybir bolmaly. Hawa, hawa! Agzybir! – Soňky sözleri Subudaý wagşy sesi bilen gygyryp aýtdy.

Subudaýyň sesi ähli hanlary dymmaga mejbur etdi. Bu ýekegöz garry serkerdäniň tersine gidip, aklyk almajagyna akyl ýetiren Guýuk hanam ýuwaşady.

– «Ýeňilmezekler», taýyn boluň! – diýip, Subudaý gygyrdy.

Nökerler bada-bat iniňi tikeneklediji ses bilen egri gylyçlaryny gynyndan sogurdylar.

Subudaý Guýuk hanyň üstüne abanyp, ýene sesini gataltdy:

– Ýeňilmezek beýik goşuny keramatly urşujy tarapyndan bellenen Baty alyp barýar. Saňa bolsa, Guýuk han, häziriň özünde demiňi dürsemän beýik Itil derýasyna tarap ýola düşüp, özüňe Ýeruslan[64] derýajygynyň guýýan ýerinde garaşmagy buýurýar.

Guýuk hanyň gahary ýene soňky hetde ýetdi:

– Sen maňa – altyn tagtyň mirasdaryna beýle sözler diýmäge neneň het etdiň?! Meniň kakam rehim edip öz penasyna almanka sen degdi it ýaly entäp ýören çopandyň. Gözi gyşyk, maýyp deýýus, demiňi alma! Özüňem häziriň özünde menden ötünç sora!

Subudaý demi ýetmeýän ýaly gazaply haşlap, duran ýerinde iki gezek bökdi. Şol pursatda gören nökerler soň Subudaýyň ganguýma gözleriniň edil otda gyzardylan çüý ýaly uçganaklap, deşip gelýän görnüşe girendigini biri-birlerine gürrüň berýärdiler. Garry serkerde gaharyna basalyk berip, ýuwaş gürledi:

– Hawa! Men nöker! Men özüm hem sizin ähliňiz üçin ýeke-täk hökümdar bolan jahangir Baty hanyň erkine boýun! Men onuň üçin nöker hem hyzmatkär! Kimde-kim buýrugy ýerine ýetirmekden boýun towlasa, dokuz bölek edilip kerçeler! Eý, «ýeňilmezekler», on sanyň geliň! Serhoşlykdan akylyny ýitiren Guýuk hany ata mündüriň-de, ellerini arkasyna towlap daňyň! Ol entek juda gögele bolany üçin aýran başyny aýlaýandyr. Ýaş hany haýal etmän öz lagerine eltip, Burundaý noýonyň eline tabşyryň-da, dessine yza dolanyň! Eger meni bu ýerden tapmasaňyz, haýal etmän yzymdan ýetiň! Urragh! Urragh![65]

Nökerler edil aýdylyşy ýaly, dessine Guýuk hanyň ellerini towlap, atyň üstüne gondurdylar. Subudaý batyr yzyna seretdi. Ýalaňaç gylyçlaryny sag eginlerine goýan nökerler sarsman durdy. Hanlardyr noýonlar özara hümürdeşip, dargamak bilen boldular. Subudaý tutuk ýüzli, ähli zada göwnübir ýaly seredip duran Arapşany ýanyna çagyrdy:

– Jahangir nirede?

– Seniň çadyryňa eltdik. Men onuň daşyndaky saklawy güýçlendirdim.

– Dogry edipsiň. Häzir her zada garaşaýmaly. Surnaýçylara hem deprekçilere daňyň düýbi çyzylyp, horazlaryň ilki sesi çykan badyna goşuny ýörişe örüzmäge buýruk ber!

---

[64] Ý e r u s l a n – Wolganyň sag goşandy. Kamyşinonyň 40 kilometrlik ýokary tarapynda. Ýeruslanyň Wolga guýýan ýeriniň ýakynyndaky belent düzlükdäki 17 sany depe-mazarlaryň biri aýratyn uly. Bu ýerde tatar öwülýäsi ýa-da söweş meýdany bolup, ölen urşujylaryň jesedi jaýlanypdyr diýen çaklama bar. («Russiýa», Semýonowyň redaksiýasy bilen, VI tom, 602-nji sahypa).

[65] U r r a g h – öňe! (mongolça).

## ONUNJY BAP

### Itil derýasynyň kenarynda

*Şeýle döwür boldy: ýowuz tatarlar*
*Geçdiler Wolganyň çäk-serhedinden.*

(Orest Miller)

Baharyň başynda Sygnakdan çykyp gaýdan mongol goşuny Itil derýasynyň kenaryna güýzüň ahyrlarynda geldi. Sähranyň içi bilen rus ýerleriniň, bulgarlaryň hem boýun egdirilmedik beýleki halklaryň ýerleriniň serhedine ýetmek olaryň ýarym ýyl wagtyny aldy. Baty han hem «onuň üzeňňisiniň ýanyndaky» Subudaý batyr beýik Itil derýasynyň kenaryna «ýeňilmezekleriň» öňdäki müňlügine baş bolup geldiler. Üst-başlary tozana gömülen atlylar tertip-düzgüni ýatdan çykaryp, çägesöw kenarda ýaýraşyp, erkana akyp ýatan bol suwly kuwwatly derýanyň howuňy basýan görnüşini aňk bolup synladylar.

– Eger şuňa böwet basaýsaň, suw bir günüň içinde asmana çenli galardy! – diýip, mongollar pikir ýöredýärdiler.

Alaňlaryň üstünde duran urşujylar derlän atlaryny derýadan suw içmäge goýbermän zordan saklaýardylar.

– Bu biziň ap-aňsatja ýüzüp geçäýýän gök Kerulenimiz ýa-da altyn Ononymyz däl... Seredeňde başyň aýlanýar... Eger Subudaý batyr şundan geçmegi ýüregine düwen bolsa, goşunyň ýarysyny suwuň teýine goýbär welin, bizi ýüzmäge mejbur eder...

Başy gaýyş tuwulgaly, ýapynja çolanan Baty han endamyna tozan ornan ak atyny derýanyň kenaryndan inderdi.

Aşyrym-aşyrym bolup gelýän çal tolkunlar şemala endiräp duran köpürjikleri, şagraşyp ýatan ala-mula balykgulaklary kenara zyňýardy.

Baty han ýanyna gelen Subudaýa ýüzlendi:

– Şu ýerde biziň mongol sähralarymyz gutarýar. Derýadan aňyrdaky ähli zat biz üçin täze. Ol ýerde biziň şöhratymyz şugla saçar!

Derýanyň aňyrky kenaryndaky uzalyp gidýän ýapgyt depeler meňzine güýzüň altyn öwşüni çaýylyp ugran gür tokaý bilen örtülendi. Goýy gyrmyzy reňkli gyrymsy osinalar tokaýyň synasyna ýelmenen tegmil ýaly bolup aýratyn saýlanýardy. Alaňyň üstünde pürslerden salnan iki sany gözegçilik diňi seňňerläp görünýärdi. Uzalyp gidýän çägesöw gatlak ýaşyl öwsüp oturan kenardan aýyl-saýyl bildirýärdi. Çuluklaryň, ördekdir beýleki guşlaryň sürüsi derýanyň depesinde eýläk-beýläk öwrüm edýärdi.

Görünýän belent gaýaly çal dagyň aňyrsyndan gür tokaý başlanýardy. Dagda birhili geň sütünler bilen gezekleşýän ullakan gara deşikler görünýärdi. Birnäçe sygyr kenardan ýaltalyk bilen ýöräp barýardy. Dagdan ylgaşlap çykan iki aýal sygyrlary çybyklap tokaýa kowdy.

– Hurşumyz-a bizden daşlaşýar – diýip, mongol urşujylarynyň biri seslendi.

Tutuksy görünýän dagyň üstüne üýşen mähelle aýagy bişen ýaly erew-berewdi.

Bir süri ak çarlak derýanyň üstünde öwrüm edip akyp barýan pürslere gondular-da, oňuşman, gygyryşyp ýene asmana göterildiler.

– Olar pürs däl ýaly-la?! Gowuja seret, jesede meňzeýär... Şeýbany hanyň işidir... Ol ähli ýerde mongol düzgünini girizmegi halaýar...

Akyp barýan jeset gaty kändi. Ýüzi göm-gök bolup çişen jesetleriň biri şemaldyr tolkunyň bady bilen kenara golaý gelip, saý ýerde çaýkanyp ýatdy.

Goşuna üç gün dynç almaga rugsat berildi. Sähranyň göwsünde müňlerçe ýerde ýakylan alawlaryň ýalny asmana göterildi. Ertesi ýüzbaşy Arapşa Musuga şeýle diýdi:

– Müňbaşy Kunžynyň buýrugy boýunça saňa möhüm tabşyryk bar: her zat etmeli welin, şu töwerekde ýaşaýan adamlardan birini tutup getirmeli. Gök salyp oturan ekinlerden, kenara berkidilip goýlan torlardan çen tutsaň, bu töwerekde balykçylar ýa-da arpa ekip ýören adamlar köp bolmaly. O kenarda inçe uzyn gara gaýyklar görünýär. Derýaň boýy bilen git-de, kenara çykan balykçyny ele saljak bol. Kömekleşer ýaly nökerlerden ýanyňa adam goşaryn.

Musuk hem ýene bäş mongol kenardan ýowşanly sähra tarap ugradylar. Bir ýodajyga düşüp gidip baryşlaryna tas düýpsüz batga gidipdiler, biri-birini kement bilen çekip, zordan aman sypdylar. Soň ýene kenara golaýlaşyp gamyşlygyň içi bilen atlarynyň jylawyndan idip gitdiler. Iki gezek kenaryň golaýjygyndan ýüzüp barýan gaýykly adamlary gördüler. Olaryň birini ak egin-eşikleri gyzyl jähek bilen jäheklenen aýallar küreкläp barýardy. Beýleki gaýykda bir garry bilen oglanjyk otyrdy. Ikisiniňem küregi pil ýaly keltedi. Gaýyklar juda insiz bolany üçin biri-birini kowalap gelýän çal tolkunlaryň goýnuna agdarylman saklanmak üçin aýratyn ussatlyk gerekdi.

Musuk şol garry bilen oglanjygy «ogurlajagyny» ýoldaşlaryna duýdurdy. Olaryň gowy görýän ýalpak ýeri bolmaly, şoňa çykarlar diýip Musuk oýlandy. Nökerleriň biri atlaryň ýanynda galdy, beýlekileri derýaň boýy bilen gidip, çöp-çalama bukuldylar-da, Musugyň etjek ýşaratyna garaşdylar. Eli kelte naýzaly Musuk kenardan ot-çöpleri penalap barşyna akymyň tersine haýallyk bilen galkyjaklap barýan gaýygy gözünden ýitirmejek bolup jan edýärdi. Şo barmana onuň öňünden iki sany kiçijik derýa çykdy. Ol suwy kekirdegiňden bolan derýajygy boýlap barşyna jojuklary bilen aýlanyp ýören mekejini ürküzdi.

Gaýyk birnäçe gezek onuň gözünden ýitdi. Birdenem garry derýanyň ortasyndaky adany nazarlap, kenardan daşlaşyp başlady. Olar adada torlaryny barlaşdyryp uzak güýmendiler, düşen balyklary gaýyga atdylar.

Üst-başy öl-myžžyk bolan Musuk gaýygy gözden sypdyrman, çägäniň üstünde ýüzin düşüp ýatyrdy. Gaýyk akymyň ugry bilen ýene kenara tarap ýöneldi. Onuň gidişi öňküsinden has çalt bolany üçin derrew gözden ýitdi. Musuk iki sany batgaly derýajykdan yzyna geçdi-de, kenara çykdy. Birden onuň edil alkymyndan diýen ýaly adamlaryň hümürdisi eşidildi. Ol şygyrdysyny eşitdirmejek bolup, juda seresaplylyk bilen süýşüp ugrady.

Musuk gamyşlaryň arasyndan kiçiräk aýlagy hem süýrelip çägeli kenara çykarylan gaýygy saýgardy. Garry bilen oglanjyk oduň başynda gyşaryp ýatyrdylar. Oda atarylan gara gapdan balygyň guýrugy görnüp durdy. Gaty gaýnaýan naharyň köpürjigi gabyň erňeginden dökülýärdi. Oglanjyk oda birnäçe çybyk oklady, garry bolsa ellerini kellesiniň aşagyna goýup, aýaklaryny uzatdy. Garrynyň sakgaly syh-syh bolup durdy. Soň ol gözlerini ýumdy-da, hor çekmäge başlady. Garrynyň dyzyna ýetip duran ýamaly kendir köýnegi, dyzlary mazaly süzülen epin-epin giň balagy, mis tokaly gaýyş guşagy hem ondan asylgy agaç gynly pyçagy Musuga aýyl-saýyl görünýärdi. Oglanjyk birden ýerinden turdy-da, töweregine howsalaly ýaltaklap başlady.

Musuk gamyşlary şagyrdadyp öňe okduryldy-da, barşyna garryny basa düşdi. Aňk-taňk bolan oglanjyk gaýyga tarap eňdi-de, barşyna ony derýa itekledi. Çaltlyk bilen böküp münensoň, sesiniň ýetdigine gygyrdy:

– Ata, ata! Çaltrak bärik gel, gaýyga mün!

Musuk bu süňkleri somalyşyp duran arryk gojany derrew birýaňalyk ederin öýdüpdi. Ol garrynyň sähel böwşeňlik bolsa pyçagyna uzatjak bolup dyrjaşýan ellerini goýbermän, kemer bilen daňjak bolýardy. Garry oňa per bererli däldi. Güýjünde baryny edip dyzaýardy. Ol bir elini sypdyrdy-da, gapdalda ýatan daş bilen Musugyň edil gözüne ýelmedi. Jaýdar urgudan hyrra başy aýlanan Musuk birbada özüni ýitirdi. Ot, gamyşlar, derýa onuň daşynda aýlanýan ýaly boldy. Ýöne «dil» getirmeli diýlen buýruk ýadyna düşende, ýene güýjüni tijäp, özüni ele aldy. Wagşy haýwan ýaly gazaba münen garry agzy ýeten ýerini dişleşdirip, haşlap ýatyşyna gygyrýardy:

– Ah, senimi! Sen ýaly agzysary güjükden basyljak adamlardan däldirin men!

Kynlyk bilen beýlesine öwrülen garry dyzyna galjak bolup dyrjaşdy. Musuk onuň ellerini towlap bar güýji bilen gysýardy. Garry oglana gygyrdy:

– Kirpa, gitme! Häzir bu enesi ýalamadygy dünýä inmedik ýaly ederin!

Böwrüne batly degen ýumrukdan demi içine dolan Musuk iňläp bir gapdala agdy. Gykylygy eşiden mongollar öz ýoldaşlaryna kömek bermäge ylgadylar. Olaryň ikisi Musugyň soňky demine ýetişdiler. Garşydaşynyň garnyna münüp, pyçagyna ýaňy elini ýetiren garryny güpbasdy etdiler. Ahmyrly yňranyp, sypjak bolup urunýan garrynyň elleri arkasyna kemer bilen mäkäm towlanyp daňyldy. Bu zatlary görüp duran oglanjyk gaýygy dessine günüň nuruna ergin kümüş ýaly ýaldyraýan derýaň ortasyna gönükdirdi.

Mongollar garrynyň agzyna ýaprakdyr ot dykyp, ýüzüni esgi bilen saradylar.

Ýokary tarapdan akym ugruna okdurylyp gelýän ullakan gaýyk göründi. Dört adam tolkunlaryň üstünden taýyp gelýän gaýygy uzyn kürekleri bilen ýetişibildiklerinden kürekleýärdi. Gaýygyň yz

tarapyndaky ugrukdyrylýan kürek ýüzüne gülleriň şekili altyn sapaklar bilen çekilen goýy gyzyl mahmal köýnekli, göräýmäge atly adama meňzeýän daýaw pyýadanyň elindedi. Onuň edil ýanynda – gaýygyň düýbünde guşaklaryna uzyn pyçak gysdyrylan iki ýigit otyrdy.

Gaýyk batly gelşine çäge kenara süsňäp girdi. Küreklerini taşlap, ellerine naýza alan kürekçiler derrew towsup düşdüler-de, gaýygy kenara çekdiler.

Uzyn mahmal köýnekli adam hökümli sesine bat berip tatarça gygyrdy:

– Awçylara salam! Tutanyňyz nähili jandar? Öldürmäge howlukmaň! Ol köp zatdan habardar goja – biziň iň gowy balykçymyz. Ol bu töwerekdäki balykly ýerleriň baryna belet... Siz kim? Haýsy taýpadan borsuňyz?

Musuk haşlap kynlyk bilen ýerinden turdy. Onuň daş degen gözüne gan inipdi. Mongollaryň biri soraga jogap gaýtardy:

– Biz jahangir Baty hanyň nökerleri! Sen näme biziň aw işlerimize goşulýaň?

– Men beýik Rýazan taýpasynyň ilçisi. Adyma knýaz Gleb Wolodimirowiç diýýärler. Siziň beýik hanyňyz bilen salama hem şowlulyk, uzak wagtlap şalyk sürmegini arzuw etmäge barýaryn... Onuň ýanyna ýetmek üçin ýene kän ýöremelimi?

– Eger biziň aýagymyza eýerip gitseň, onda Baty hanyň huzuryna ýene üç günden bararsyň. Howlukmaç bolsaň, onda ýüz gündenem ýetmersiň. Gaýta üç ýoluň çatrygynda mazaryň galar.

– Beýle bolsa siz bilen gidenim gowy. Maňa ýol görkezseňiz, gadyryňyzy bilerin!

Demini dürsän Musuk derýaň suwuna ýarasyny ýuwup, köýneginden ýyrtyp alan esgisi bilen agyrysy ýüregine düşüp gelýän gözüni sarady. Soň abat gözi bilen gaýykda oturan atly adama nazar saldy. Knýaz ýaş-ýeleň däldi. Giň döşüni ýapyp duran torba ýaly sakgalyndan mazaly ak giripdir. Etegine samyr derisi aýlanan mahmal telpeginiň köp geýilmekden ýaňa reňki solup ugrapdyr. Owadan gülli uzyn eşiginde hem täzelikden nyşan ýokdy. Ýowuz ýüzünde hem dykgatly seredýän gara gözlerinde mähir alamaty duýlanokdy. Çaky, bu adam bir wagtlar ullakan hormat-sylagyň, döwletiň eýesi bolup, häzir baryndan el ýuwana meňzeýär. Bütin keşbi kän ejir çekip, durmuşyň elinde owulana çalym edýär.

Knýaz ýol ýagdaýlary barada mongollar bilen kän çekeleşdi. Ahyry şeýle karara geldiler: ilçi gaýykly mongollar bolsa atly kenary ýakalap gitmeli.

Çalajan Musugy ata mündürdiler. Agzy dykylyp, boýnuna kemer daňylan ýesir garry bolsa öňden barýan nökeriň gapdaly bilen ýöräp gitdi.

## ON BIRINJI BAP

### Goja Wawila

Baty han Hajy Rahyma öz altyn reňk çadyryna gelmegi hem başga halklardan bolan adamlar bilen etjek söhbedine gatnaşmagy buýruk berdi. Ol parçadan tikilen uzyn köýnekli, ähli barmaklary almaz ýüzükli çadyryň töründe ýaldyrap otyrdy. Onuň sag gapdalynda Subudaý batyr hem beýleki esasy harby ýolbaşçylar öz iň oňat geýimlerinde epeý görnüşe girip, sessiz otyrdylar. Çep tarapda oturan uzyn telpekleri dür bilen bezelen, altyn sapaklar bilen nagyşlanan ýüpek köýnekli Baty hanyň dört mongol aýaly ertekilerde taryp edilýän guşlara meňzeýärdi. Häzirki ýaly gizlinlikde saklanmaly möhüm maslahata ýygnanylanda hemişe şeýle bolýardy: maslahata diňe mongol aýallarynyň gatnaşmaga haky bardy. Gypjaklary, has beterem, aýallaryny ýaňra hem ýalançy hasap edýäni üçin jahangir beýle maslahatlardan çetde saklaýardy.

Gullar gymmat bahaly käselerde gymyz getirdiler. Tebt alyp ýatan sähraň içi bilen geçilen uzak ýoldan soň köpürjikläp duran sowuk, turşumtyk gymyz içmek aýratyn lezzetlidi.

Çadyra ilki «ýeňilmezekleriň» ýolbaşçysy ýüzbaşy Arapşa girdi. Ol mongollaryň daşyna eplenýän telpegine derek hindileriň bir ujy egnine düşüp duran zagpyran reňkli sellesini geýipdir. Araplaryň ýüň çäkmeni onuň inçesagt synasyny, dik kaddyny hem göni eginlerini has-da aýyl-saýyl görkezýärdi. Arapşanyň ýanyp duran gara gözleri hemişe dogry seredýärdi. Bu tekepbir, buýsançly nökeriň ala-ýaz bolup gülenini gören adam ýokdy.

Arapşanyň yzyndan içeri giren Musugyň ýaraly gözi hem ýüzüniň esli ýeri reňkli mata bilen saralypdyr. Maslahatyň öňüsyrasynda Hajy Rahym Bagdatda alan ähli bilimini ulanyp, onuň ýaralaryny ajy çaý bilen ýuwupdy, gerekli ýesiri tutjak bolanda persala edilen ýüzüniň hamlaryny tikişdiripdi. Bu

hakdaky habar gulagyna ýetenden Baty handa Musugyň hem Itil derýasynyň kenarynda ýaşaýan adamyň gürrüňlerini diňlemek islegi döräpdi.

Gür çal sakgally, kellesi takyr garryny içerik saldylar. Onuň elleri arkasyna daňylgydy, beýleki ujy mongol urşujysynyň eline oralan kemer boýnuny gysýardy. Garrynyň güne garalan ýüzi, takyr kellesi ýüzi gyrpaklan ýara bilen örtülendi. Sarsman duran garrynyň keşbinde aýdyň gözlerinde gorky-ürküden nam-nyşan ýokdy.

Girenleriň ählisi altyn tagtyň öňünde dyza çökdüler. Garrynyň ýanynda duran iki dilmaç onuň jogaplaryny terjime etmäge taýýar bolup durdular. Olaryň biri garra ýüzlendi:

– Älemi boýun egdirijiniň seniň kimdigiňi, adyňy, doglan ýeriňi hem bu ýerlere nähili düşeniňi bilesi gelýär.

– Men keramatly Urak daglaryny saklaýjy beýik jadygöý hem münejjim Gazugyň hyzmatkäri. Men onuň sadyk guly... Tenimde onuň tagmasam bar...

Baty han baş atdy:

– Görkez!

– Kyrk ýyl mundan ozal ony meniň buduma daglap basypdylar.

Mongol urşujysy garrynyň kendir balagyny aşak çekenden, ol öz arryk buduny Baty hana tarap öwürdi. Edil geçiňki ýaly iki şahly tegelek tagma aýyl-saýyl görünýärdi.

– Beýle tagma nämäni aňladýar? Şahlar näme?

Garry ýanynda duran mongola tarap öwrülip, herreldi:

– Sypyrdyňmy – özüňem daň balagymy. Ellerimi gozgap bilmän duranymy görýäň-ä!

Mongol balagyny düzedensoň, garry Baty hana ýüzlendi:

– Derýaň o tarapyndaky çal dagy gördüňmi? Bizde oňa Urak hanyň şäherjigi diýilýär. Ol ýerde garry jadygöý Gazuk ýaşaýar. Onuň ýaşy ýüzdenem aňyrda. Men oň agtygy ýaly adam. Ir döwürlerde bolup geçen wakalar ýadynda bolansoň, şol zatlar hakynda kän gürrüň berýär. Her gezek aý dolanda dagda suw hem gök gürrüldisiniň hudaýlarynyň şanyna doga okalýar. Şonda çar tarapdan kumanlar hem beýleki sähraýy halklar gelip, gara geçilerini soýýarlar, aýran içýärler. Gazugyň tagmasynyň şekili, ana, şondan galan...

– Seniň adyň näme?

– Maňa Wawila ata diýýärler. Doglan ýerim Rýazan. Tokaýda ary balyny gözlemek bilen meşgullanýardym. Bir gün bal gözläp ýörkäm nowgorodlylar aldaw bilen meni tutdular-da, derýanyň aşak akymlarynda bir söwdagäre satdylar. Olam uzak saklaman başga birine satdy. Şeýdip, men tä jadygöý Gazuga duşýançam elden-ele geçdim.

Subudaý batyr onuň sözüni böldi:

– Saklan! Sen diňe özüňden soralýan zatlara jogap ber.

Baty han soragy dowam etdi:

– O tarapdaky goşun nähili? Näçe pyýada, näçe atly urşujy bar?

– Men balykçy. Gamyşlygyň içinde gezip ýörşüme näme göreýin?

– Hiç zat eşideňogammy?

– Kuman hanlarynyň ýaňy-ýakynlaram şu golaý-goltumda göçüp-gonýanlary-ha gulagyma degdi. Soňam gorkularyna ähli mal-garalaryny sürüp, öýlerini söküp, ýene öz sähralaryna gitdiler. Mundan ozal olaryň beýle basa-baslyga düşüp gaçanyny gören ýok...

– Haýsy tarapa gaçýarlar?

– Lukomorýä – Gök deňze tarap.

Garrynyň ýüzi agraslandy, çal, gür gaşlary gerildi.

Subudaý:

– Şu töwerekde göçüp-gonan kuman hanlarynyň atlaryny bileňokmy? – diýip sorady.

Garry dişlerini gyjyrdatdy:

– Gör muny! Göwnüniň isleýän zadyna bakyň-a! Atlaryny biler ýaly men näme olar bilen söwda etdimmi? At çalyşdymmy? Sen gowusy, menden derýadaky balyklaryň ýagdaýyny sora. Bekre, çüý hem garabalygyň haýsy ýerräklerde köp bolýanyny aýdyp biljek. Bu meselede men edil suw hudaýynyňkyda myhmançylykda bolup gelen ýaly.

– Suw hudaýy diýýäniň kim? – diýip, Baty han gyzyklandy.

– Şonam bileňokmy? Ol deňiz şasy. Suwuň düýbünde oturýar. Onuň kaşaň köşklerem şol ýerde. Şol köşklerde onuň suw perisi atlandyrylýan ýüz gyzy ýaşaýar.

– Sen olary gördüňmi?

– Kyrk ýyllap şu derýada balyk tutubam, heý görmenmi? Diňe görmek däl, seslerinem eşitdim. Suw perileri gijelerine aýdym aýdýarlar, aňkaw ýolagçylary ýanlaryna çagyrýarlar, gülüşýärler. Şol wagt olara aldanyp kenara golaýlaşdygyň, işiň gaýtdygy. Gyjyklap, bir köwe sokarlar welin, soň gaýdyp çykmarsyň...

Mongollar haýran galyşyp «bä-de-bä!» boluşdylar. Han aýallary ellerini galgadyşyp, özara pyşyrdaşyp ugradylar.

Baty han sorady:

– Sen suw hudaýynam gördüňmi?

– Birem däl, kän gezek gördüm. Ol gamyşlaryň arasyndan meň ýüzüm ýaly tüý bolup duran kellesini çykaryp, eýläk-beýläk aýlaýar. Leňňejiňki ýaly güberilip çykyp duran gözlerini töwerege aýlap: «Urak han! Urak han!» diýip güňleç seslenýär.

Subudaý batyr Baty hana ýüzlendi:

– Nurana! Iki agyz söz diýmäge rugsat et! Bu köpi gören gojaň bilýän zatlarynyň aňyrsy-bärsi ýok ýaly. Bir käse aýran dagy beräýsek, birnäçe günläp erteki aýdyp bererdi. Muny jezalandyrman, ýanymyzda saklamak gerek. Urusut ýerlerine ýöriş etsek, gaty gerek bolar. Küýsän wagtyň çagyrsaň, ol erteki aýdyp, seniň göwnüňi açardy. Bu ýaňy kuman hanlarynyň mallaryny sürüp gaçýany barada biz üçin möhüm habar aýtdy. Şonuň üçinem, olar gaty uzak gitmänkä gyssanmak gerek. Ýadaw goşunymyzy naharlar ýaly näçe süri mal bolsa-da, bize köplük edenok. Çaltrak Itil derýasyndan aňryk geçmäň aladasyny etmeli.

– Goý, seň diýeniň bolsun! – diýip, Baty han makullady. – Ýüzbaşy Arapşa! Garryň ellerini çöz, boýnundaky kemerini aýyr. Demini dürsäp, özüne gelsin.

Arapşa ýerinden turup, guşagyna gysdyrylan pyçak bilen garryň elini baglap duran kemeri kesdi, boýnundaky gaýyş syrtmagy aýyrdy.

– Jahangire minnetdarlyk bildir! – diýip, Arapşa garra ýüzlendi. – Diri galanyň üçin Nurana baş eg! Eger wepaly gulluk etseň, ol seni öz balyk tutujysy, ertekiçisi hem dilmajy edip ýanynda saklar. Baş eg! Ýeri öp!..

Garrynyň gaty gurşup, ten bilmez bolan elleri eplenmedi. Mongollar ýerli-ýerden oňa ýapyşdylar-da, çadyrdan çykardylar. Soň Baty han Musukdan balykçyny nähili ele salşyny soraşdyrdy. Nökeriniň yhlasyndan hoş bolup, oňa sylag hökmünde ýüpek geýim bermeli diýip buýruk berdi.

## ON IKINJI BAP

### Itil derýasyndan geçiş

Itiliň kenaryna ýygnanan ähli mongol-tatar goşuny jahangirden üç günüň içinde derýaň o kenaryna geçmeli diýen buýruk aldy. Buýrugy jar edýän çaparlar lagerleriň arasynda iki-baka at salýardylar. Öňi-ardy bilinmeýän agyr goşunyň birnäçe otrýady güne ýanyp ýatan sährada ýola düşmäge ýaňy taýýarlyk görüp ugrapdylar. Karakorumda nahar wagtynda öz görip garyndaşlarynyň elinden zäherlenip ölen Çingiz hanyň iň soňky alan gözel aýaly Kulan hatyndan bolan iň körpe ogly Kulkan Itil derýasynyň kenaryna ilkinjileriň biri bolup geldi.

Edil ejesi ýaly uzyn boýly, görmegeý, çalarak gyýyk gözli, hemişe şady-horram, ýarym serhoş Kulkan çapara: «Bu ýerde aw edere näçe diýseň guş, jeren, saýgaklar kän. Men derýadan aňryk aw gutaransoň geçerin» diýdi.

Kulkan ejesi Kulan hatynyň Çingiz hany kabul eden belli öýüni Itil derýasynyň kenarynda dikdi. Öýüň ähli ýerine keçä derek dag barsynyň menek-menek hamlary hem samyr derileri tutulandy. Bu ýerde Kulkan han her gününi öz deň-duşlary hem atly mongol hanlary bilen meýlis gurap geçirýärdi.

Tizden Subudaý batyryň ýüz «guduzy» bilen ikinji çapar onuň ýanyna geldi. Gazaply serkerde meýlishalar ýaş hanyň üstüne olary «buýrugy ýerine ýetirmedigiň paýy ölüm, derýadan geçmäge haýal-ýagallyk eden iň pes wezipä geçirilip, onuň ýerini has gallawrak biri eýelär...» diýen duýduryş bilen iberipdi. Çapar bu duýduryşyň üstüne eger Kulkan han bu gezegem öňküsi ýaly hötjetlik eden ýagdaýynda «ýeňilmezeklere» hem ýene müň sany saýlama nökere ata atlanmaga buýruk berlendigi baradaky habary-da goşdy.

Kulkan hanyň serhoşlygy zym uçan ýaly boldy. Ähli noýonlarydyr batyrlaryny ýygnady. Olar şunuň ýaly ýagdaý ýüze çykanda, Çingiz hanyň nähili hereket edýänini ýatladylar. Ýüregine dowul düşen mongollar dessine goýundyr geçileri soýmaga başladylar. Mallaryň hamlaryny abat alyp, bokurdagyny siňir bilen daňyp, meşik ýasadylar Olar ýöriş wagtynda hereket etmäge päsgel berjek birgiden goş-kötellerini nätjeklerini bilmän uly alada galdylar. Kulkanyň urşujylary meşiklerden sal, syryklardan kürek ýasanmaga girişdiler. Ýaş han beýleki otrýadlaryň derýadan geçmäge taýýarlanýandyklaryny ýa-da däldiklerini bilmek üçin çar ýana çapar ýollady.

Subudaý batyr köp zadyň aladasyny öňünden edipdi. Ýokary tarapdan – Bulgar[66] şalygyndan daşyna garaýag çalnan hersi ýigrimi kürekli müň sany gaýyk geldi. Bulary ýekegöz serkerdäniň haýyşy boýunça Şeýbany han öz dogany Baty hana sowgat iberipdi. Gaýyklarda ýakyp-ýandyryp barýan günüň derdinden sosna agajynyň gabygy ýaly garalan ýarym ýalaňaç kürekçi bulgarlar otyrdy.

Gaýyklar Ýeruslanyň Itil derýasyna guýýan ýerinde saklandylar. Subudaý batyr ýüz gaýygy hersine ýigrimi nöker münmeli, ýanlaryna eýerden, horjundan hem ata üç güne ýeter ýaly arpadan başga hiç zat almaly däl diýip buýurdy. Derýadan atlaryň özi ýüzüp geçer.

Güýz gününiň açyk säheri maýyldy. Dury suwy gün şöhlesine ýaldyraýan derýa asuda akyp ýatyrdy. Olaryň bu duran ýerlerinde derýa gaty giňdi. Bu giden aralygy atlar ýüzüp geçip bilermikä?

Arapşa öz ýüz atlysy bilen derýadan ilki geçmelidi. Ol çäge kenarda durşuna derýanyň giňligini gözi bilen ölçäp: «Girmäge gaýrat-a çatar welin, ýöne güýç ýetermikä?» diýip oýlanýardy. Onuň ýanyna uzyn ýapynjasynyň synlary ýere degip duran daýaw, ýaş mongol geldi. Onuň etekleri eplenen keçe telpeginiň astyndan garaýan gyýyk gözleri hökümli hem sowuklaç ýaldyraýardy. Bu hytaýlylar bilen bolan uruşda aýgytlylykda hem batyrlykda özüni tanadan Subudaý batyryň ogly Urýanh-Kadandy.

– Hormatly kakamyň derýadan geçmegi ilki saňa tabşyrjagyny bilýärdim – diýip, ol söze başlady. – Diňe geçeniň bilen iş bitdigi däl. Söweşe taýýarlygyň nähili? O tarapda görülmedik atlylar ýygnanyşýar. Olaryň näçedigini hudaý bilsin. Kim olar – saksinlermi, kumanlarmy, burtaslarmy[67] ýa-da urusutlarmy – biz üçin parhy ýok! Esasy mesele olary kowmakda, kenary eýeläp, gaýyklary bärik ugratmakda. Yza gaýdanlarynda her gaýykda bäş nöker otursyn. Ýogsa bulgarlaryň gaýygam alyp, ümdüzine tutdurmaklaram daş däl. Atlaryň agyzdyrygyny ýa-da üzeňňisini aýyrman, çemmer bilen baglamaly. Ysgynsyz atlary gaýygyň gapdaly bilen ýüzdürip, jylawyny elden sypdyrmaly däl. Kakam öz gyr atyny saňa berýär. Ol garram bolsa daýaw at. Beýleki atlara nähili ýüzmelidigini görkezer. Ol ozal kümüşsöw Ulug-Kem[68] deýasy bilen köp suwly Jeýhuny ýüzüp geçen at.

– Men belli bahasy ýok ol aty aýaryn – diýip Arapşa onuň sözüni böldi. – Ýöne, yza gaýdylanda, kürekçilere seretmäge bäş nöker ibermek gaty kän dälmi? Olar üçin bir mongolam ýeterlik ahyryn!

– Uly işde hüşgärlik zyýan etmez! – diýip Urýanh-Kadan oňa seretdi.

Subudaý batyr hükgerilip golaýdaky kenarda öz omuzlak ýaly gara, guýrugy uzyn gyr atynyň ýanynda durdy. Ol söýgüli atynyň ýogyn, damarlak boýnuny sypalaýardy, tüýlek gulagyna pyşyrdap, hoşamaýlyk bilen bir zatlar diýýärdi, gypjaklaryň darydan bişirilen çöregini agzyna tutdurýardy.

Töwereginde hyň berýän çybyn-çirkeýleri kowýan gyr atyň kellesini silkişi mongol atynyň nähilidigini görkezmäge razylyk berýän ýalydy.

Musuk ägirt derýany ilki ýüzüp geçmeli ýüzlügiň içindedi. «Haýsynda bolaňda näme – barybir geçmelimi – geçmeli!» diýip, ol özüni köşeşdirýärdi. Eýer onuň aýagynyň ýanynda ýatyrdy, gapdalynda bolsa Arapşanyň sowgat beren gypjak aty boýnuny sallap durdy. Orta daýawlykdaky at juda ýadaw görünýärdi.

Ýetip gelen Arapşa Musuga ýüzlendi:

– Nähili, başarmyň?

– Ýüzüp geçerin-le...

Arapşa atyň gapyrgalaryny, gözüniň ýokarsyndaky çukanagy elledi-de, başyny ýaýkap şeýle diýdi:

– Atyň ugr-a ýok. Ýüzüp geçmäge ýaramasa gerek. Gaýygyň yzynda otur-da, atyn jylawyndan berk ýapyşyp, ýüzmäge kömek et. Özüňem häzir bol – gulagyna suw giräýmesin. Eger jylaw üzülip, at gark bolaýsa, günä özüňde. Berkiräk jylawyň aladasyny öňräkden etmeli ekeniň.

Arapşanyň ýüpek ýally, dok, daýaw dor atyny synlan Subudaý batyr ony öz söýgüli gyr atynyň

---

[66] B u l g a r l a r – Kama derýasynyň aşak akymynda ýaşan halk.
[67] S a k s i n l e r  h e m  b u r t a s l a r – Wolganyň aşak akymlarynda ýaşap, soň ýok bolup giden taýpalar.
[68] U l u g-K e m – Ýeniseý derýasy.

jylawyna baglamaga göwnühoşlyk bilen rugsat berdi.

Subudaý aty bilen birlikde suwa az-kem girdi. Soň gulagyna bir zatlar pyşyrdady-da, aýasy bilen atyň sagrysyna şarpyldatdy:

– Urragh! Öňe!..

At kellesini egip, suwy ysgady, burnuny tazlatdy. Soňam aýgytlylyk bilen özüni suwa urdy. Arapşanyň gelşikli dor aty hem ondan galman barýardy. Ýüzlügiň beýleki esgerleriniň atlary olaryň yzyna düşdüler.

Mongollaryň müňlerçesi kenardaky alaňlara çykyp atlaryň ýüzüşine syn etmäge durdular.

Ilki düýbi çägesöw ýalpak ýerden geçilensoň, derýa birden çuňaldy.

Ilki gyr at, soň dor at batly akýan suwa özlerini urdular. Ýene iki-üç at olaryň yzyna düşdi. Ara kän wagt salman bütin süri tolkunlaryň goýnuna doldy. Keýerip barýan gulaklary, käte görnüp gidýän kelleleri Itiliň kuwwatly akymyna hötde geljek bolup olaryň jan edýändiklerinden habar berýärdi.

Şol wagt Ýeruslan derýasynyň Itile guýýan ýerinden dört sany ullakan gaýyk beýlekilerden saýlandy. Olara howlukmaçlyk bilen münen ýaragly nökerleriň käbiri öz ysgynsyzrak atynyň jylawyndan tutup durdy. Kürekçiler uzyn ak küreklerini suwa goýberdiler. Gaýyklar ýuwaşja süýşüp ugrady.

Gaýygyň yzynda oturan Musuk öz müçesi kiçi atynyň ýüzüşine syn edýärdi. Gaýygyň gidişi çalt bolansoň, at yza galyp, jylaw barha dartylýardy. «Kemer üzüläýse, at suwuň düýbüne gider. Ýene köne atbakarlygym bilen bolubermeli borun...» diýip oýlanan Musuk kürekçilere gygyrdy:

– Ýuwaşrak küreklaň! Aty gark edýäňiz.

Batly akýan derýa gaýyklary, atlary esli aralyga akdyryp äkitdi. Derýany ortalaberenlerinde Musuk atynyň ýadap, iki gezek gapdala gyşaranyny gördi. Ol gorky bilen:

– Gulagyna suw giräýse, iş pyrryk! – diýip hümürdedi – Ýene azajyk gaýrat et! Güýjüňi tije! – diýip göwünlik berdi-de, jylawdan batly dartdy. At biraz dikelip, ugrukjak ýaly etse-de, kän ugry bolmady. Bir gapdala gyşaran atyň agymtyl-sary garny suwdan ýokary saýlandy. Musuk onuň kellesini suwa çümdürmejek bolup jan edýärdi.

Ol töweregine garanjaklady. Çep kenar indi uzakda däldi. Çägesöw kert kenar, gamyşa meňzeş kümüş reňk otlar barha ýakynlaşýar. Olaryň aňry ýanynda kiçijik ýaýlardan peýkam atyp, başly-barat gaçýan adamlar görünýär. Atylan peýkamlaryň birnäçesi gaýyga çümdi, köpüsi suwa gaçdy. Gaýykdaky mongollaryň uly ýaýlardan mergenlik bilen goýberen uzyn peýkamlary golaýdaky adamlary pürreledi.

Gaýygyň düýbi ýere degenden, nökerler eýerleri ellerine alyp, kenara golaýlaşan atlaryna tarap okduryldylar. Musugyň aty ýalpak ýere gelenini duýandan, güýjüni tijäp aýak üstüne galmaga synanyşdy. Şol wagtam şuwlap gelen iki peýkam onuň garnyndan sümdi. Töweregindäki suwy gana boýan janawar bir gapdala agdy.

Subudaýyň gyr atynyň yzy bilen ýüzüp gelýän süri başyny bozman ýalpak ýere çykdy. Mongollar dessine olaryň ýaldyrap duran öl arkalaryna eýer taşlap, atlandylar-da, bada-bat söweşe okduryldylar.

Gaýykdan böküp düşen Arapşa töweregini synlady.

Ýaldyrap ýatan tekiz derýanyň ho-ol alysda görünýän sag kenarynda ägirt mongol-tatar goşunynyň pyýada, atly nökerleri garynja ýaly gyrbyldaşýardy. Gara gaýyklar ak küreklerini galgadyp o kenara ugradylar. Tekiz suwuň ýüzünde bärik ugran gaýyklar hem temeklerini suwa batyrmajak bolup jan edýän atlaryň gulaklary görünýärdi.

Arapşa batly ses bilen buýruk berdi:

– Atlara atlanyň! Çaltrak! Taýyn boluň! Öňe!..

Mongollar wagşy gykylyk bilen bitertip gaçyşyp barýan urşujylaryň yzyndan okduryldylar.

## ON ÜÇÜNJI BAP

### Süýnen ýyldyz

Itil derýasynyň sag kenarynda duran iki örküçli düýeler tüýlek kellelerini dik tutup, aşaky dodaklaryny salpardyp ägirt meýdany eýeläp akyp ýatan derýa hem adamlaryň adatdakydan üýtgeşik gaýda-gaýmalaşygyna tekepbirlik bilen göwnübir nazar salýardylar.

Sebetde iki bükülip oturan Hajy Rahym kitaby dyzlarynyň üstünde goýup, ýazgysyny yhlas bilen dowam etdirýärdi:

«...Haçan-da asmanam, sähra-da, bütin älem-jahanam dabaraly ümsümligiň goýnunda meýmireýärkä, bu ber-başagaýlygyň nämä geregi bar? Üýtgeýän zat ýok, zeminiň düzlükleri çäksiz. Ony alňasaman, kerweniň endigan ädimi bilen geçeniň has akyllylyk dälmi-kä? Ata atlanyp, tüweleý ýaly okdurylyp gidenem ahyrsoňunda düýeliň alňasaman, keremara ädim urup ýetjek ýerine barmaýarmy?..»

Düýede şemala galgaýan tutynyň aşagynda oturan Ýyldyz köp müňlük goşunyň uly gykylyk bilen derýadan geçişini haýran galyp synlaýardy. Gaýyklary, ýüzüp barýan atlary synlap durka-da onuň gözleri derýa tarap inen atlylaryň arasyndan uzyn boýly ýaş ýigidi agtarýardy. Nökerleriň käbiri onuň gözleýän ýigidine meňzeş bolup görünse-de, bu ýagdaý uzaga çekenokdy. Onuň pişik ýaly çalasyn hereketli Musugy hiç ýerde görnenokdy... «Başy dik gezip ýören bolsa-ha bir ýerden gara bermeli. Ýa iňläp ýatan sähraň bir ýerlerinde atdan agyp, gurt-guşlara şam bolaýdymyka?..» Hasrat käte gahar bilen ornuny çalyşýardy: Men satylmagymda oňam eli bar bolaýmasyn? Maňa kesilen bahadan at-ýarag edinip, ýörişe gatnaşmak islan-ä däldir-dä?! Eger şeýle bolsa, goý, onuň gözüni haram guşlar çoksun. Goý, ýanyp ýatan çölde suwsuz galyp, teşnelikden ýaryk-ýaryk bolan dodaklaryny bir damja suw bilen ölläre adam tapylmasyn!..

Beýleki sebetde oturan hytaýly gyrnak elini usullyk bilen Ýyldyzyň egnine degrip:

– Jahangir bize seredýär! – diýdi.

Ak atyň üstünde ykjam oturan Baty han çägeli kenar bilen köp atla baş bolup gelýärdi. Ol atynyň başyny bir gapdala burdy-da, alaňa çykdy. Duran ýerinden elini derýanyň beýleki kenaryna uzadyp bir zatlar diýdi. Birnäçe atly üýşmekden saýlanyp, buýrugy ýerine ýetirmäge alňasady.

Egni arap ýapynjaly, başy selleli ýaş nöker düýeleriň ýanyna geldi. Sähraň içi bilen geçilen uzak ýolda Ýyldyz ony kän gezek görüpdi. Onuň hemişe Baty hanyň ýanynda bolýan ýüzbaşy Arapşa Al-Nasyrdygyny Ýyldyz bilýärdi. Aňry kenardan ýap-ýaňy gelen ýigit çägäň üstünde dynç alyp oturan ugradyjylara buýruk berdi. Olar böküp turdular-da, düýeleriň owsaryndan ýapyşyp, derýa tarap idip ugradylar.

Uzyn, gara gaýyklar ýakynlaşýardy. Kürekçiler olary üç-üçden ýanaşyk goýdular-da, uzyn tagtalary keseligine atyp, ýüp bilen mäkäm saradylar. Şeýdibem, üsti giň, berk sallar emele geldi.

Arapşanyň howlukman, pert-pert berýän buýruklary tiz hem gürrüňsiz ýerine ýetirilýärdi. Tagtadyr gazyk daşaýan gullaryň işleýşi gaty çalasyndy. Olar palta bilen gazyklary kakyp, daşyna çybyk aýlaýardylar. Hemmeleriň gyssagy özüne ýetikdi. Tizden kenardan derýanyň esli içine süsňäp girýän köprüler taýyn boldy. Olara sallary berkitdiler.

Agaç ussalaryna görkezme berýän uzyn boýly, garynlak adamy halparyp duran eşigi birhili geň görkezýärdi. Kiçiräk gök telpegine berkidilen uzyn ýelek arkasynda sallanyp durdy. Ol işiň gidişine esewan edip kenarda gymyldaman duran Arapşanyň ýamyna baryp, häli-şindi bir zatlar soraşdyrýardy.

Hytaýly gyrnak ýene pyşyrdady:

– Hol telpegi uzyn ýelekli adamyň ady Li Tun-po. Ile belli ussa. Ol jaý, köpri, kaşaň köşklerdir gaýry şuňa meňzeş zatlary gurmagyň baryp ýatan ussady. Men onuň: «Bu ýer meň ýaşajak ýerim däl! Bu nälet siňen wagşy ýurt halys degnama degdi!» diýip, biziň dilimizde uludan dem alyp sögünenini eşitdim. Bu ýesir hytaýly – ullakan alym. Ol hakda men entek öz ýurdumdakamam eşidipdim...

Jahangiriň baýry aýallary inçejik, guş sesleri bilen jedirdeşdiler:

– Birden gaýyklar agdarylaýsa nätjek? Biziň gidesimiz gelenok! Goý, ilki kimem bolsa başga biri gitsin!

Arapşa han aýallarynyň ýüzlerine-de seretmän, geplerine-de gulak asman, gullara düýeleri ýeke-ýekeden sala mündürmegi buýurdy. Aýallar ýene çarbaýlygyna başladylar:

– Goý, ilki gara gyrnak, hyzmatkär aýal gitsin! Şol gark bolmasa, biz soň geçäýeris.

Arapşa ugradyjylara Ýyldyz bilen hytaýly hyzmatkäriň oturan çetki – ýedinji düýesini sala mündürmegi buýurdy. Haçan-da düýe Arapşanyň gapdalyna gelende I La-he oňa şeýle diýdi:

– Han aýaly Ýyldyz bilen gitmäge ussa Li Tun-po buýruk beriň!

Arapşa hytaýly gyrnaga sowuk, ynamsyz nazar saldy-da, beýlesine öwrüldi.

Düýe köprüniň ýanynda çökdi. Hytaýly gyrnak bilen ýyldyz ýygjam ädimläp sala mündüler. «Gorkmaň, arkaýyn geliberiň!» diýýän ýaly, hytaýly ussa ilatyň öňüne düşüp barýardy. Olardan soň ugradyjylar ullakan, tüýlek düýäni sala mündürdiler. Kellesini eýläk-beýläk öwrüp bagyrýan düýe janawaryň sallanyp duran erninden parça-parça ak köpük syçraýardy. Düýe salda çökmän, san-sajaksyz goşunyň giň derýadan geçişine syn edýän ýaly äwmezlik bilen iki-baka garanjaklap birsalym durdy.

Ullakan zagpyran reňkli ýaglyk bilen ýüzüni ýapan Ýyldyz salyň bir burçunda ýazylan halyçanyň üstünde oturdy. Onuň yzynda dik duran I La-heniň ýeňiljek ýüpek matadan tikilen melewşe geýimi şemala birgeňsi galgaýardy. Kürekçiler kürekleri suwa goýberen batlaryna, gullar ýüpi çözläp ugradylar.

– «Duruň!» diýen sesler ýaňlandy.

Ak atyny münüp köpriň ýanyna gelen Baty han eýerden ýeňillik bilen böküp düşdi. Soňam jylawdan berk tutup, ädim urmakdan gorkup duran atyny idip sala geçirdi-de, düýäň gapdalynda duruzdy. Jahangirden soň Arapşada sala mündi. Münjek bolup sala tarap eňen bir topar mongoly Arapşa yzlaryna kowdy. Olaryň biri yza tesip, suwa ýykyldy. Agyr sal haýallyk bilen köprüden saýlanyp ugrady.

Baty han öz aty bilen çöküp oturan düýäniň aralygynda durdy. Öňünde basyp alaýsam öçmejek şöhrada eýe bolaryn diýip göwün ýüwürdýän ýerleri ýaýylyp ýatansoň, Jahangiriň keýpi kök, ýüzi ýagtydy... Ol ýüpek örtünjä çolanyp oturan çepiksije aýala ýüzlendi:

– Seniň adyň näme?

– Ýyldyz, meniň hökümdarym.

– Bu oňat, şowlulyk getirýän at.

Hytaýly gurluşykçy Li Tun-po olaryň ýanyna geldi-de, gürrüňiň üstüni ýetirdi:

– Bu gün – beýik gün. Nurana, sen günbatary gündogardan aýryp duran äpet derýany kesip geçýäň. Ajaýyp atyňam, ýolagçyň ýakyn hemrasy bolan kuwwatly düýäňem bu ýüzüşde seniň ýakyňda. Edil gaşyňda bolsa saňa şowlulyk getirjek Ýyldyzyň ýaldyrap otyr.

I La-he hiç kime duýdurman Ýyldyzyň gulagyna bir zat pyşyrdady.

Garry han aýaly Ori-Fudjiniň hytaýly hyzmatkäre gulak asmak barada beren buýrugy ýadyna düşen Ýyldyz kaýyllyk bilen ýerinden turdy-da tolgunmadan ýaňa gyzaryp, sesini gataldyp, Baty hana ýüzlendi:

– Seniň adyň edil süýnen ýagty ýyldyz ýaly garamtyl-gök asmany dilip geçer. Ol göz gamaşdyryjy ýeňişler bilen mongol goşunynyň ýoluna şugla salar!..

Sähel salym ýüzüne ýylgyryş çaýylyp, gaşlary gerlen Baty han ýene-de öňki agras keşbine girdi.

– Men mongollaryň mizemez häkimligini älem-jahanyň aňry çägine çenli giňeltmek baradaky beýik tabşyrygy ýerine ýetirmegiň hötdesinden gelerin.

Gözüniň gytagy bilen tolkunlara garap duran ak at uzyn kürekler her gezek galgap suwa degende aýaklaryny gezekli-gezegine çalşyrýardy. Tekepbir düýe bolsa onuň tersine ümsüm çöküp oturyşyna çarpynyp ýatan bu ummasyz suwa nazar salýardy.

Garşydaky kenar golaýlaşýardy. Ol ýerde elleri naýzaly hatara duran ýüz sany mongol nökeriniň reňkli matadan edilen belgileri şemala ýuwaşja galgaýardy.

Tüýdügiň endirewük, çirkin sesinde: «Gulak asýas hem boýun synýas!» diýen many bardy.

Beýik mongol-tatar goşunynyň ählisiniň Itil derýasyndan geçmegi birnäçe güne çekdi. Daşyna garaýag çalnan ululy-kiçili gaýyklar urşujylary, olaryň ýöriş wagty gerek boljak goşlaryny, sökülen öýleri, bugdaýly haltalary hem gaýry zatlary yzyny üzmän daşadylar. Gaýyk ýetmezçilik edensoň, pürslerden hem ýel berlip çişirilen meşiklerden sal ýasap, düýelerdir beýleki mallary olara ýüklediler. Derýaň çep kenaryny nazarlap barýan sallaryň üstündäki bagyrýan düýeleriň, mäleşýän goýun-geçileriň garyşyk sesleri esli aralykdan eşidilýärdi.

Baty han biraz wagt Urak dagynyň golaýynda goş basdy. Ol derýadan geçen öňdäki otrýadlaryna haýal etmän beýik Polowes sährasyna ugrap, günbatara hem günorta çaltlyk bilen gaçýan polowes taýpalarynyň yzyndan kowmagy buýurdy.

– Garşylyk görkezeni ýok ediň! – diýip, Baty han berk tabşyrdy. – Duş gelen hanlaryň haýsy biri öz soraýan ulusy bilen boýun egse, goý, biziň goşunymyza goşulsyn. Ýöne olara ähli mallarynyň hem emläkleriniň mongol urşujylarynyň harby oljasy bolmalydygyny duýduryň. Gypjaklardyr beýleki taýpalar üçin öz urşujylary bilen meniň kuwwatly goşunyma goşulmak – ýetdirgisiz bagt. Olaryň ýeňişleri öz baýlyklaryny artdyrar...

## ON DÖRDÜNJI BAP

### Urak dagynyň jadygöýi

634-nji Bijin ýylynyň[69] güýzünde Baty hanyň ştaby Itil derýasynyň çep kenarynda, onuň sag goşandy bolan Ýeruslanyň guýýan ýeriniň garşysynda, Urak hanyň[70] dagynyň golaýynda ýerleşipdi.

Jahangiriň çür başynda gupba şekilli altyny ýaldyrap duran sary çadyry tutuk görnüşli dagyň düýbünden akýan çeşmäniň boýunda dikilipdi. Çadyryň ýanynda dokuz sany saýlama at daňylgy durdy. Jahaigiriň ak aty owadanlygy hem hereketleriniň ýeňilligi bilen beýlekilerden saýlanýardy. Ondan aňyrda Baty hanyň ýedi ýyldyzynyň – gözel aýallarynyň çadyrlary nal görnüşinde ýerleşdirilipdir. Jahangiriň çadyrynyň ýokarsynda hytaý nagyşlary salnan bambuk syrygyna berkidilen bäş burçly, dokuz guýrukly tug pasyrdaýardy.

Çingiz hanyň neberesinden bolan beýleki şazadalar öz çadyrlaryny derýanyň kenarynda dikipdi. Hanlaryň çadyrlary ortada ýerleşip, olaryň töweregine janpena-sakçylaryň, porhanlaryň, tebipleriň, laçyn hem tazy bilen aw edýänleriň, aşpezleriň, tüýdükçileriň, surnaýçylardyr gaýry kärdäki adamlaryň öýleri halkalaýyn aýlanandy.

Derýanyň iki kenaryndan mongol-tatar goşunyna goşulan dürli halklardyr taýpalaryň otrýadlarynyň goh-galmagaly dik asmana göterilýän uzyn lagerleri ýerleşýärdi.

Gaýyklardyr sallar urşujylary, atlary, mallary hem ýükleri yzyny üzmän daşaýardy.

Derýanyň sag kenarynda ýaýylyp ýatan ýaşyl öleňlikde entek derýadan geçip ýetişmedik otrýadlaryň dürli reňkli atlary otlaşyp ýördi.

Geçişiň üçünji güni entek tabyn edilmedik näbelli halklaryň ýerleriniň başlanýan tarapyna – derýanyň çep kenaryna geçilmeginiň hormatyna Nadam[71] baýramçylygy yglan edildi.

Otrýadlaryň baştutanlary gelen batlaryna öz söweş baýdaklaryny Urak dagynyň belent gerşinde dikdiler. Açyk reňkli, gülli matalar hazlap ösýän güýz şemalyna pasyrdaýardy. Gaty kän baýdaklaryň arasyndan Çingiz hanyň neberesinden bolan on bir şazadanyň reňkli ýüpek baýdaklary aýratyn saýlanýardy.

Güýçli şemala kuwwatly derýanyň çal tolkunlary barha möwç alýardy. Uzyn gara gaýyklar o kenardaky urşujylary beýik mongol goşunynyň dabaraly baýramçylygyna ýetişdirjek bolup aldygyna daşaýardy.

Urak dagynda ýaşaýan jadygöýleriň harasat turuzaryndan ätiýaç edýän Baty han öz ýakyn hanlary bilen birnäçe gezek maslahatlaşdy. Eger harasat turup, derýa joşaýsa, öz kenarynda goş basan çagyrylmadyk myhmanlary sähel salymda syryp-süpürip äkitjeginiň ujy iki däldi.

Mongollar Urak dagyndan gizlenip oturan jadygöýleri tapdylar. Baş jadygöý Gazuk dagyň gowagynda gorkusyna busup oturyşyna gelen goşunyň serdary bilen salamlaşmaga-da çykmady. Gowagyň agzyny saklap duran kömekçiler onuň ýanyna hiç kimi goýberenokdy.

Baty han jadygöýlere hormat goýmak, olaryň gaharyny getirmezlik hakynda ähli urşujylaryna berk tabşyryk berdi.

Eger asman ýaşaýjysy – gök gürrüldisiniň hudaýy Hohodoý-Morgonyň gahary geläýse, onda ýerdäki hiç bir güýç onuň ýyldyrymynyň öňüni saklap bilmez. Ähli halklaryň jadygöýlerini, porhanlaryny goramaly, hormat goýmaly. Goý, olar mongol goşunynyň ýeňişlerine kömek bermekleri üçin hoşniýetli hem gazaply hudaýlara mynajat edip doga okasynlar.

Baty han Gazuk bilen baş porhan Hohodoý-Morgonyň baýramçylyga gatnaşyp, özi üçin doga okamagyny buýurdy. «Gazuk müňdenem kän ýaşan ülhit garry. Şunça wagtyň içinde ýere kök urup gideni üçin, ony ýerinden gozgar ýaly däl» diýip jadygöýler jogap berdi.

Baty han öz parasatly geňeşdary Subudaý batyra sala saldy:

– Keçje Gazugy görmeli hem onuň gowakda näme iş bilen meşgullanýanyny bilmeli. Belki, ol biziň garşymyza bir işler etjek bolýandyr? Sygyrmy, atmy – garaz, garryň göwnüniň isleýän zady sowgat berilse nähili bolarka? Ýa-da ýoguna ýanmalymy – nätmeli?

Subudaý batyr oýlanyşykly jogap berdi:

---

[69] B i j i n  ý y l y – balykgulak ýyly – 1237-nji ýyl.

[70] Urak dagynyň şol gadymy ady häzire çenlem saklanyp gelýär. Onuň töweregindäki ýerlerden gaty kän gadymy zatlar tapyldy.

[71] N a d a m – mongollaryň milli baýramçylygy. Ol häzire çenli dowam edýär.

– Gaty garran adamlaryň göwni ähli zatdan beter hormat küýseýär. Çakym çak bolsa onuň şunça wagtyň içinde özüne dahylly adamlardan ýygnan altyny seniň ähli ýörişleriňden ýygnanyňdan köpdür.

Baty han gözlerini süzgekletdi:

– Men ony hormat bilen düýä mündürip getirerin.

– Örän ýagşy! Örän ýagşy!

Subudaý ýüzbaşy Arapşany çagyrmaklaryny buýurdy. Ol bada-bat peýda bolup, ýekegöz serkerdäniň aýdanlaryny üns bilen diňledi-de, şeýle diýdi:

– Meniň bir özümiň elimden geljek zat ýok.

– Biziň porhanlarymyz saňa kömek eder.

– Bu işde olara derek ýüz sany nöker gowy bolaýmasa?

– Gerek bolsa, üç ýüz al! Ýöne ähli gazaply ruhlaryň Gazugyň tarapyndadygyny ýatdan çykarma! Borça bolsa, olaryň gaharyny getirme. Özüňem gaty seresap bol!

Subudaý iki ýüzbaşyny çagyrdyp, Arapşanyň olara diýýän zatlaryna gulak asdy.

– Biz bu dagyň gowagyndan keramatly, ähli zada güýji ýetýän hem örän mekir jadygöý Gazugy bitiniň burnuny ganatman çykarmaly. Aýdyşlaryna görä, ol aýa, ýylana, alaka, hatda gurçuga-da öwrülip bilýärmiş. Ýöne gorkmaň! Biz üçin urşuň beýik hudaýy Suldeniň penakärliginde ýaşaýan Subudaý batyryň buýrugy ähli asman ýaşaýjylarynyňkydan güýçli!

– Dogry! – diýip, Subudaý tassyklady.

– Öz-ä hatarly iş – diýip, ýüzbaşylar pyşyrdaşdylar. – Ýüzbe-ýüz durup uruşmak biz üçin gorkuly däl. Ýöne... henize çenli ýylana, gurçuga öwrülip bilýän jadygöý bilen iş salşyp görmämizsoň...

– Şu gün iş salşyp görersiňiz. Eger işiňiz şowuna bolaýsa, Baty handan ullakan baýraga garaşyberiň!

– Hawa, hawa! Baýragyň işi haýyr! – diýip, Subudaý batyr baş atdy.

– Özüňizi edil gara-goňur tilki ýa-da mekir torsuk awlaýan mahalyňyzdaky ýaly alyp baryň! – diýip, Arapşa olara maslahat berdi. – Alaňlarda hin edinen ol haýwanlaryňam eger it yzyndan giräýse, çykyp gaçar ýaly birgiden deşigi bar...

– Düşnükli!

– Ýanyňyz bilen it alyň. Gerek bolar. Men uly gowagyň esasy girelgesiniň agzynda durup, Gazugyň kömekçi jadygöýleriniň näme iş edýändiklerine syn etjek.

Üç ýüz atly aňtawçy ilki ýola düşdi. Sylagdan hantama bolany üçin olaryň ählisi jadygöýleriň Urak dagynda gizlän altynyny tapmagy arzuw edýärdi. Dagyň töweregine zynjyr ýaly halkalaýyn aýlanan atlylar her düýp oty, hinleri ünsli barlaýardy.

Arapşa esasy gowaga girilýän agyzda garaşyp durdy. Girelge ullakan ýasy daş hem oňa görä kiçiräk daşlar bilen beklenipdir. Kiçijik deşikden garanda başy deriden tikilen çüri telpekli, gyzyl gözleri ýaşaryp duran çal sakgally adama onuň gözi düşdi. Garrynyň dişsiz agzy nämedir bir düşnüksiz zatlar pyşyrdaýardy.

– Şu oturan baş jadygöými? – diýip, Arapşa sorady.

– Ýok, bu onuň ýuwlugy! Gazugyň özi gowagyň düýbünde otyr. Aýaklaryndan ösen ýogyn kökler ýere girip gideni üçin, ol oturan ýerinden gymyldap bilenok.

Jadygöýiň kömekçileri: «Gowaga hiç hili ýol bilen girip bolanok. Onuň bar agzy şujagaz deşik, Gazuk gijelerine ýaryganata öwrülip şu deşikden çykyp gidýär» diýip, muşakgat baryny ýagdyrdylar.

Arapşanyň buýrugy bilen gowagyň ýanyna elleri küdüňli, pilli bendileri sürüp getirdiler. Olar girelgäniň agzyny gazmaga başladylar. Arapşa deşigiň ýanynda durup, etmeli işler hakynda görkezme berýärdi. Birden deşikde peýda bolan baýguş ullakan gözlerini tegeläp biraz salym oturdy.

– Güm bol-da, uç-da! – diýip, Arapşa ony penjeledi-de, ýokaryk zyňdy. Ganatlaryny batly galgadyp, ýeri gyratlap uçan baýguş dessine kümüşsöw deregiň gür şahalaryna gondy.

Jadygöýleriň biri Arapşa şeýle diýdi:

– Gazugyň gahary gelip, baýguşa öwrülenini gördüňmi? Indi her hili betbagtçylyga garaşybermelidir. Şu gün gije derýada görülmedik tupan turar...

– Gowy-da tursa – diýip, Arapşa onuň tersine gopdy.

– Aýdanyň dogry çyksa, ähliňiziň biziň goşunymyzyň tersine işleýändigiňiz, başarsaňyz, zyýan ýetirjek bolýandygyňyz äşgär bolar. Eger şeýle bolaýsa, baryňyzy diriligiňize oda oklarys!

– Ýok, ýok! Gaýtmyşym etdik. Beýtmäweriň! – diýip, jadygöýleriň zähresi ýaryldy. – Biz siziň janyňyzyň sag, işiňiziň rowaç bolmagy üçin doga okaýarys... Siz üçin elimizden gelen ýagşylygy ederis!

Bendiler ullakan ýasy daşyň düýbüni köwüp, yrgyldatdylar. Ahyram daş gürpüldäp bir ýana agdy-da, gowagyň agzy açyldy. Arapşa ýanyna iki nökeri alyp gowaga girdi, galanlary girelgäniň ýanynda garaşdylar. Endam-janlary ýüp bilen saralan jadygöýler ilki goh turzup, soňam eňreşmäge başladylar.

– Indi asman ýere çöküp, ahyrzaman turar. Gazuga azar bermäň!

Gowagyň çygly diwaryndaky sekiniň üstüne birnäçe syryk atylyp, üstünden deri ýazylypdyr. Ortada duran üç aýak bürünç gazanyň aşagynda közler gyzaryp durdy. Beýleräkde agzy açyk gaýyş sandyklar görünýärdi. Olaryň töwereginde bolsa gyssagara taşlanyp gidilen geýimler, deriler, mis käselerdir küýzeler pytraşyp ýatyrdy. Gowagyň bir burçunda daş heýkel garalyp görünýärdi.

Arapşa üýşmek duran berýoza gabyklarynyň birnäçesini közüň üstüne taşlady-da, üfläp tutaşdyrdy. Gowak ýagtylanda iki elini dyzynyň üstüne goýup oturan, gözleri peträp duran iki adam boýy ululykdaky daş heýkele onuň gözi düşdi.

– Gazuk gaçypdyr! – diýip, nökerleriň biri seslendi.

– Gaçyp uzaga giden däldir – diýip, beýleki biri ynamly aýtdy.

Arapşa ýerde ýaýrap ýatan pullara ümlän badyna nökerler ýerli-ýerden topulyp, dessine çöplediler. Sürlüp giden gadymy teňňeleriň ýüzüne sadaka berilýän ýerdäki ýanyp duran oduň şekili çekilendi.

Arapşa heýkele nazaryny dikdi. Ol daşyň üstünde oturdylypdyr. Ýasy daşyň sürçek ýerleri açyk bildirip durdy. Arapşa heýkele elini degrenden ol okunyň daşynda ýeňillik bilen öwrüldi. Birdenem:

– Meni öldürmäň! Rehim ediň! – diýen ses eşidildi.

– Ýeriň aşagyna gidýän gowagyň girelgesi açyldy. Ol ýerde oturan garry aýal ellerini naýynjar gerip, iki büklüm bolup otyrdy.

– Sen kim? Gazuk nirede?

– Ol ýalançy, kezzap! – diýip, aýal janyýangynly seslendi. – Ol meni özi bilen äkitmäge söz berdi... soňam şu ýere saldy-da... gaçyp gitdi... Ýanyna diňe ähli altynlaryny hem ýaş aýalyny aldy...

Kempir aglap, hyk-çok edip çukurdan çykdy-da, sandygy süýşürdi. Onuň aşagynda kiçiräk gapy göründi.

– Bu gapydan diňe emedekläp girmeli. Müň ädim ýöränsoň, gür tokaýa çykylýan deşik bardyr. Ol ýerde Gazuga taýyn atlar garaşyp dur.

Arapşa daş heýkeli öňküsi ýaly goýdy-da, nökerlere kempiri hem gowagy garawullamagy tabşyryp, özi Subudaý batyryň ýanyna howlukmaç ugrady.

Uzak garaşmaly bolmady. Aňtawa iberilen nökerler dolanyp geldi. Olar üstüne gaýyş horjun atylan bir topar aty sürüp gelýärdiler. Atlaryň biriniň üstünde egni aýy derisinden tikilen possunly garry iki bükülip otyrdy. Gaty ösen sakgal-murtunyň derdinden gözleri çala ýyldyrap görünýärdi, ugruna seredilmedik çal saçlary eginlerini örtüp durdy. Ol hiç kime üns bermän, altyn tutaýly hasasyny bulaýlap gelşine gyryk sesi bilen näbelli dilde uzyn aýdyma hiňlenýärdi. Başga bir atyň üstünde gara gözlerinden gahar uçgunlary syçrap duran garaýagyz ýaş aýal otyrdy. Töwerege gabak astyndan nazar salyp gelşine ol hümürdäp gargyş edýärdi, golaýyna gelen adamlara dişlerini gyjap, jabjynýardy.

«Müň ýaşly» jadygöýe seretmek üçin çadyryndan çykan Subudaý batyr ýanynda duranlara tabşyryk berdi:

– Meniň adamlarym bu mekir garrynyň öz ýany bilen getiren zatlarynyň ählisini gözden geçirip, bolşy ýaly ýazsynlar. Eger gymmat bahaly zatlar bar bolsa, olar Jahangiriňki. Agşam bu jadygöýi Baty hanyň ýanyna eltiň. Jahangir onuň bu ýerlerde müň ýyl ozal bolan zatlar hakyndaky gürrüňlerini diňlemek isleýär... Herki zady bilen ýagşy... Älemiň beýik hökümdaryndan indiden beýläk gizlenmez ýaly jadygöýüň ellerine gandal uruň! Goý, beýlekilerem görüp, sapak alsyn!

## ON BÄŞINJI BAP

### Mongol goşunynyň baýramy

Itil derýasyndan şowly geçişden hoş bolan Baty han goşuna üç günlük dynç alyş yglan edip, Urak dagynyň golaýyndaky öleňlikde urşujylary üçin dabaraly baýramçylyk gurady. Belleşilen gün ol

ýere müňläp atly ýygnandy. Urşujylar giň meýdanda ýaý berip, dyzlaryna çöküp oturdylar. Olaryň yzynda pes boýly, çakgan atly çapyksuwarlar gyslyşyp durdy. Baty han hem beýleki hanlar Urak dagynyň ýapgydynda ýazylan halylaryň, at içirgileriniň üstünde ornaşdylar.

Uzyn surnaýlaryň boguk, güňleç sesleri töwerege ýaň saldy. Jarçylar bogazlaryna bat berip gygyrdylar:

– Göreş tutmaga meýilliň orta çykyň! Gorkmaň, çekinmäň! Özüne göwni ýetýän güýjüni, başarnygyny görkezibermeli!

Men diýen pälwanlar atlaryny ýoldaşlaryna tabşyryp, giň aýmança çykdylar. Meýdançanyň her çetinde duran pälwanlaryň hersiniň daşynda birnäçe adam hümer bolup durdy. Her pälwany öz ygtybarly dostlary orta çykarýardy. Göreşiň gaharlanyşmasyz, dişleşmesiz, birn-biriňe şikest ýetirmesiz, ölüm-ýitimsiz geçmegine göz-gulak bolmak şolaryň boýnunady.

– Başlaň! Başlaň ahyryn! – diýip, jarçylar gygyrdylar. – Jahangir Baty han size seredip dur. Ol üstün çykanyň baýragyny ýetirer! Her bir pälwan üç gezek bil tutuşmaly! Üç gezekde kimiň egni ýere degmese, şolam batyr diýlip yglan ediljekdir! Diňe biziň ýurdumyzyň däl, asyl ähli iliň düzgüni, däbi şeýle! Asylly işe zowal ýok, arassa asmana tutuklyk gelişmeýär!

Ilki bilen uzyn boýly, eginlek ýigitleriň ýigrimisi öňe çykdy. Her otrýad öz içlerinden men diýen pälwany öňünden saýlap goýupdyr. Beýleki bäsdeşler öz nobatlaryna garaşyp meýdançanyň gyrasynda ornaşdylar.

Göreşe çykanlar duran ýerlerinde böküşip, bir aýagyndan beýleki aýagyna geçişip, dyzlaryny epip, ellerini guşuň ganaty ýaly galgadyşyp başladylar. Olar gummy, otmy – ellerine ilen zady ýokaryk zyňyp, bürgüt böküşi bilen biri-birine golaýlaşyp başladylar.

Alty jüp pälwan bir wagtda tutluşdy. Olar biri-biriniň egninden, elinden, aýagyndan, boýnundan ýapyşyp, aýlanyşyp ýörüşlerine garşydaşynyň aýagyny ýerden üzüp, badak salmaga amatly pursat araýardylar. Her jüp pälwanyň töwereginde olaryň dostlary aýlanyşyp, gykylyk bilen göreşýänleriň ruhuny göterýärdiler.

Ýykylyp, endamy ýere degen pälwan şobada ýaryşdan çykarylýardy. Ol ýüzüni sallap barşyna dostlaryny yzyna tirkäp göreş meýdançasyny terk edýärdi. Üstün çykan pälwan bolsa galkyjaklap ýaryşyň netijesini çözýän adamlara tarap ugraýardy. Ol ýerde kökeden doly haltalar durdy. Ýeňiji kökelerden goşawjyny doldurýardy-da, ilki iýjek ýaly agzyna golaýlaşdyryp, soňam dostlarynyň etegine guýýardy, bir toparyny bolsa özüne ýeňiş getiren hudaýlaryň hormatyna meýdana seçýärdi.

Pälwanlar gezek-gezegine tutluşýardy. Ýeňilenler gidensoň, üstün çykanlar göreşi özara dowam etdirýärdiler.

Uzyn boýly, äpet, gorkunç sypatly Togrul atly mongol ähli garşydaşlaryny ýeňip, ýaryşyň iň uly pälwany boldy. Ol iň soňky tutluşan garşydaşyny depesine göterip, dabaraly, wagşy ses bilen gygyrdy-da, ýere pylçady. Ozal köp garşydaşyny ýeňen pälwan bu gezekki şowsuzlygy üçin gymyldaman ýatyşyna namys edip aglaýardy. Onuň ýanyna baran Togrul aýaklaryny giň gerip durdy-da:

– Näme beýle gama batýaň? – diýip sorady.

– Eger ölen bolsam, häzirkimden has gowy bordy. Galan ömrümi ahmyr bilen geçirmeli boldum.

Togrul ony usullyk bilen ýerden galdyrdy-da, şeýle diýdi:

– Mongol döwletiniň şan-şöhraty üçin hormatly işi ýerine ýetireli!

Olar biri-biriniň pyçagynyň ýüzüni ýaladylar, çekgelerini ysgadylar-da, meýdançadan «anda» (dogan) bolup, gujaklaşyp çykyp gitdiler.

Bir atly nöker olaryň ýanyna gelin, şeýle diýdi:

– Nurana Baty hanyň ikiňize-de göwni ýetdi. Sizi özüni goraýan müň nökerine goşýandygyny aýtmagy maňa tabşyrdy.

Göreşden soň at çapyşdylar, ýaý atyşdylar. Ýöne şaglap gelen güýçli ýagyş olara ýaryşy dowam etmäge maý bermedi. Tupan güýçlendi. Derýanyň äpet tolkunlary kenara batly urlup, duş gelen zatlaryň ählisini bada-bat süpürip alyp gidýärdi. Gaýykçylar aýylganç nagra dartýan derýa girmäge ýürek etmedi. Baýramçylyga gelenleriň ählisi atlaryna gyssanmaç atlandylar-da, lagerlerine tarap eňdiler.

– Tupany turzan şu ýerdäki jadygöýlerdir – diýşip, mongollar köpbilmişsirediler. – Gije has erbet bela-beter gopaýmasa ýagşydy. Urusutlaryň ýurdunda bize nämeleriň garaşýanyny bir hudaý bilýär!..

## ON ALTYNJY BAP

### Ýowuz gije

*Sen nireden geldiň edermen ýigit,*
*Sen haýsy toprakdan, haýsy ordadan?*
*Eneň-ataň dakan ady nämedir?*
*Haýsy il guwanyp ösdürdi seni?..*

(Gadymy hekaýatdan)

Agşama ýakyn tupan hasam güýçlendi. Itil derýasynyň äpet tolkunlary kert kenara gazap bilen urulýardy. Güýçli şemal çadyrlaryň başyna oýun salyp, näçe diýseň elesledýärdi. Sähel salymdanam şemal gatyşykly güýçli ýagyş guýup başlady.

Sönüp barýan oduň başynda dygdyraşyp oturan urşujylar öz başlaryndan sowuk hem tupan inderen gaharjaň urusut hudaýlaryna nälet okaýardylar.

Çadyrlaryň içi sowuk, çygly hem alagaraňkydy. Ýagyş geçmez ýaly öýleriň serpigi çekilipdi. Öçügsi çyralaryň dili her gezek batly şemal öwsende iki baka yranyp öçäýjek bolýardy. Içerdäkileriň yrgyldap duran kölegeleri uzyn hem gorkunçdy.

Arapşa çadyrlaryň gapdaly bilen goragda duran nökerleri barlamaga ugrady. Ýöremek juda kyndy. Gözedürtme garaňkyda iki ädim gapdalyňdaky zadam saýgarjak gümanyň ýokdy. Köwsarlap öwüsýän şemal aýagyňdan alyp ýykaýjak bolýardy. Arapşa nökerlere tabşyryk berýärdi:

– Bu ýowuz gijäni penalap, duşmanlar üstümize döküläýmesin. Olaryň tüýs isleýäni şunuň ýaly başagaýlykdyr. Hüşgär boluň!

Soň ol Jahangiriň çadyryna girdi.

Baty han ýumşak derileriň üstünde, Subudaý batyr bilen gürleşip otyrdy. Arapşa hormat bilen gapyň agzynda aýak çekdi.

– Gazaply urusut hudaýlary baýramymyzy bozdy – diýip, Baty han söze başlady. – Olar bizi öz ýerlerine goýbermezlik üçin, meniň batyr urşujylarymy gorkuzmak üçin üstümize tupan, çagba, sowuk inderdi.

Güýçli şemal çadyryň diwarlaryny elesletdi. Baty han kellesini galdyryp:

– Itiliň nagra dartyşyny eşidýärmiň? Nähili gazaplam bolsa biz ondan geçdik – diýdi.

Baty han tolkunlaryň güwwüldisine diň salyp, sözüni kesdi. Şemal bilen gatyşyp, jedelleşýän adamlaryň sesleri eşidildi.

Dessine çadyrdan çykan Arapşa ýene yzy bilen içerik girip ýagdaýdan habardar etdi:

– Nurana, bir nätanyş adam seni görmek isleýär. Möhüm habar aýtjakmyş.

– Goý, girsin!

Arapşa gapyny çalaja açandan kürsäp uran şemal tutyny batly serpip, içerik ýagyş gatyşykly sowuk demini üfledi. Çyranyň dili ikibaka urnup, tapba öçdi.

Täzeden ýakylan çyra ýene çadyra öçügsi ýagty saldy. Gapynyň agzynda uzyn boýly, hor adamyň sudury göründi.

Nätanyş gyrasyna samyr derisi tutulan telpegini çykardy-da, silkdi. Soňam birnäçe ädim ädip, halyň üstüne çökdi-de, gyryk, pessaý sesi bilen:

– Mungallaryň beýik patyşasyna baş egýärin! Seniň şöhradyň öz kuwwatly goşunyňdan has öňe düşüp, alyslara ýaýrady! – diýdi.

– Hoş gördük! – diýip, Baty han mylaýym seslendi. – Munuň ýaly bulaşyk howada seni bu ýere gelmäge mejbur eden zat näme?

Mongollar bu biwagt gelen myhmana geň galyp seredişdiler. Ol tatarça gürlese-de, özüniň tatar däldigi bildirip durdy. Ullakan egri burny onuň hor, süňkleri somalyşyp duran ýüzüni birhili wagşyýana görkezýärdi. Gür gaşlarynyň aşagyndan ýyldyrap görünýän gara gözleri hanasynyň içine çöküpdir. Onuň düwün-düwün hor elleri häli-şindi ortasyndan çal zolak geçen uzyn, gara sakgalyna uzaýardy.

– Beýik han! Seniň gaşyňda duran gezip ýören ykmanda ýolagçy däl-de, baý, güýçli adam. Men Rýazanyň beýik knýazy Gleb Wladimirowiç diýilýän bolmaly!

Baty han gözlerini süzdi:

– Konaz Galib, sen Rezandan gelen ilçi-hä dälsiň? Nämüçin ýeke özüň geldiň?

Knýaz Gleb ýüzüni kürşertdi:

– Ýok, beýik han! Men seň ýanyňa ilçi bolup däl-de, ýaran bolmak niýeti bilen geldim.

– Ol näme boldugy?

– Men beýik Rus topragynyň ähli ýollaryna, şäherlerine belet. Saňa degse, peýdam deger.

– Subudaý batyr, konaza urusutlaň ýerlerini görkez!

Subudaý düýrlenen kagyzy halyň üstüne ýazdy.

– Ine, konaz, seret: bu Itil, ine, bu seniň Rezanyň, bu bolsa Uldemir![72] Munuň ýüzünde urusut topragyndaky şäherleriň, derýalaryň, ýollaryň ählisi bardyr.

– Rus ýerleriniň kartasy! Bu nireden saňa düşdi? Öz kelläňden çykjak zad-a däl?!

– Meň başarmaýan zadym ýok! – diýip, Baty han elini kagyzyň ýüzüne goýdy.– Men urusut ýerlerini şeýdip elimiň astyna alaryn! Ähli adamy özüme boýun egmäge mejbur ederin! Urusut konazy, belki, senem şoň üçin gelensiň?

Haýran galan knýazyň sesine suw sepilen ýaly boldy. Baty han açyk bildirýän göwnüýetmezçilik bilen sözüni dowam etdi:

– Hany, seniň bir aýdanyňy iki diýdirmän edýän nökerleriň? Hany, halkyň? Hany, getiren sowgatlaryň, beýik konaz Galib?!

Knýaz Gleb çal saçly kellesini silkdi.

– Mende halkam, goşunam, baýlygam galmady! Duşmanlar ählisinden el ýuwdurdylar. Özümem gaçyp, zordan başymy gutardym. Indi ençeme ýyl bäri polowesleriň arasynda gaçyp-tezip gün görýän.

Baty hanyň gaşlary çytyldy.

– Beýle bolsa, menden näme isleýän?

– Men sana öz duşmanlarymy ýok etmäge kömek beresim gelýär.

– Seniň duşmanlaryň kimler?

– Rýazanyň häzirki knýazlary.

– Maňa duşmanlarymy ýok etmek üçin kişiň kömegi gerek däl. Biziň aýagymyzyň düşen ýerinde ne konazlaryňyz galar, ne-de beýleki halkyňyz.

– Men Rýazanyň halkyny tutuşlygyna ýigrenýän. Olaryň weçesi[73] meni ýurdumdan kowdy.

Baty han sesini çykarman oturan Subudaý batyryň ýüzüne seretdi:

– Parasatly geňeşdarym, sen näme aýtjak?

– Seniň beýik ataň geljekki nesillerine wesýet üçin «Jasak» atlandyrylýan parasatly kanunlary galdyryp gitdi. Şol kanunlaryň birinde şeýle sözler bar: «Içalylar, ýalan maglumat berýänler, ýigrenji häsiýetli adamlaryň ählisi, şeýle hem jadygöýler ölüm jezasyna höküm edilmeli».[74]

Knýaz Gleb tisginip gitdi. Baty han gözlerini süzüp oňa garady-da, şeýle diýdi:

– Konaz Galib! Sen meniň ýaranym däl-de, näme buýursam ylgap ýören nökerim bolarsyň. Eger sähelçe aldajak bolýanyňy aňaýsam, şo bada janyňy jähenneme ibärin! Bar, gidiber! Arapşa, özüň ugruna seret!

Baş egip tagzym eden knýaz Gleb Baty handan hoş söz hantamaçylygy bilen biraz salym eglendi. Baty han beýlesine öwrüldi. Subudaý batyr bolsa gözüni gyrpman bir nokada seredip durdy. Arapşa tutuk ýüzüni hasam agraslandyryp gapa elini ýetirdi.

Garaşan zady tersine bolup çykan knýaz Gleb gahardan ýaňa näderini bilmän, göwsünde harasat gopýan garaňkylyga tarap ädim urdy.

---

[72] U l d e m i r – Wladimir şäheri

[73] Rýazanyň knýazy Gleb Wladimirowiç bir bütewi döwlete eýe bolmak maksady bilen öz doganlaryny hem garyndaşlaryny toýa çagyrypdyr. Şol ýerde-de hakyna tutulan polowesleriň kömegine daýanyp, olaryň ählisini gyrypdyr. Bu waka örän gahary gelen halkyň gazabyndan gorkusyna ol polowesleriň arasyna özüni atyp, birnäçe ýyllap şol ýerde gaçgak halda gün görüpdir.

[74] Çingiz hanyň Jasagy, 57-nji madda.

# ON ÝEDINJI BAP

## Itil han hakynda erteki

*...Günbatara barýan Hun-nu taýpasynyň serdary Çi-çi şeýle diýipdir:*
*– Ömrümizi at üstünde söweşlerde geçiren adamlar bolan biz diňe adynyň özi ähli wagşy taýpalara wehim salýan halky düzýäris... Biz öläýenimizde-de, edermenliklerimiziň şöhraty uzak wagtlap ýaşar, biziň çagalarymyz hem agtyklarymyz beýleki halklaryň serdarlary bolarlar.*

(Gündogar sene ýazgysyndan)

Güýçli tupan baýramçylyga ýygnanan mongol hanlarynyň ählisini ýerli-ýerine dargatdy. Agşamky bolmaly ullakan şagalaň soňa galdyryldy. Baty han agşamy birnäçe söhbetdeşi bilen öz ýedinji ýyldyzy – Ýyldyz hatynyň çadyrynda geçirmek pikiriniň bardygyny aýdyp, ol ýerde meýlis üçin ähli zatlary taýýarlamagy baurşa[75] buýruk berdi.

– Näçe adamlyk taýynlamaly? – diýip, baurşy hormat bilen ýuwaşja sorady.

Baty han gözlerini süzüp: «Hi-hi!» etdi-de, beýlesine öwrüldi.

Baurşy öz kömekçileriniň ýanyna eňip, olara taýýar bolup durmagy tabşyrdy. Meýlise näçe adamyň ýygnanjagyna garamazdan, altyn gaplar, içgiler, taýçanagyň etinden edilen kakmaç, tagamly kökelerdir Sygnakdan getirilen kişmiş – hemmesi eliň aşagynda taýýar edilip goýulmaly...

Meýlis ediljek öý kiçiräk belentligiň üstünde gurlup, ýagşyň suwy girmez ýaly töweregine kiçijik joýa aýlanandy. Hytaýly hyzmatkär I La-he Ýyldyza nähili geýinmelidigi, nähili garşylamalydygy, nämeler diýmelidigi barada soňky maslahatlaryny berýärdi.

– Men seň töwereginde bolup, gerek wagty näme etmelidigini pyşyrdaryn. Gorkma! Göwrümiňi giň tut!

Jahangiriň buýrugy bilen ilki Hajy Rahym geldi. Ýyldyz birbada gorkdy. Soňam öz agardylan ýüzüni, reňk çalnan göz-gaşyny alymyň tanamanyna begenip, ynjaldy. Ol iç işikde duran Hajy Rahyma hormat bilen salam berdi. I La-he myhmana gaýyş ýassyk oklap, ondan Itilde birçaklar – müň ýyl ozal nämeleriň bolany hakynda sorady. Alym soralýan zatlara jikme-jik jogap berýärdi. Hyzmatkär onuň aýdanlaryna üns berip, hormat bilen gulak asýardy.

At toýnaklarynyň sesi eşidildi. Bu Baty han dagydy. Bezemen geýnüwli, aýagy ýumşak deriden tikilen gyzyl ädikli jahangir öňden gelýärdi. Onuň ýanynda Subudaý batyr hem nahar wagtynda hemişe ýanynda saklaýan ülpetleri bolan beýleki hanlaryň birnäçesi bardy. Egni ýüpek hytaý geýimli, belent mahmal telpeginiň daşyna altyn şaýlar aýlanan ýyldyz myhmanlary garşylamaga taýyn bolup durdy. Baty han öýe girende, ol edep bilen egildi.

– Ýyldyz hatyn! – diýip, ýanyp duran alawyň aňyrsyndaky sagry ýassyklaryň biriniň üstüne çöken Baty han seslendi. – Seniň erteki aýtmaga ökdedigiň birden ýadyma düşäýdi. Şonuň üçinem, diňe ertekilerde duş gelýän täsin adamlaryň birini saňa görkezmegi ýüregime düwdüm. Ol jadygöýüň adyna Gazuk diýýärler. Aýdyşlaryna görä, onuň ýaşy müň dagy barmyş. Häzir ähli adam aldamany gowy görýär. Şoňa görä-de, onuň şonça ýaşanyna men-ä känbir ynanyp baramok.

I La-he gulagyna bir zatlar pyşyrdansoň, Ýyldyz şeýle diýdi:

– Eger ol garrynyň müň ýaşany çyn bolsa, onda Itil derýasynyň boýunda ýaşan Hun-nu diýilýän halky hem olaryň belli serdary Itil patyşany[76] hökman bilmeli.

– Sen gowy zat oýlap tapdyň – diýip, Baty han tassyklady. – Göreli bakaly, garry bu sowala nähili jogap taparka.

Nökerler jadygöý Gazugy getirdiler. Ýaş aýaly bilen birlikde zynjyra daňylan, bölek-bölek bolup duran ak sakgally arryk gojanyň sypaty oturanlary geň galdyrdy. Jadygöýüň ösgün çal gaşlarynyň

---

[75] B a u r ş y – hojalyk işlerini alyp barýan adam, serenjamçy.

[76] I t i l p a t y ş a – Gunnlaryň serdary Atilla, ýagny, "Itilli" ("Wolgaly") diýmek.

astyndan gorky hem ýigrenç bilen garaýan gözleri içiňden geçip gelýärdi. Bendileriň ikisem öýüň bir gyrasynda dyzyna çöküp oturdylar.

Hemmeleriň geň galyjy nazary olara gönükdi. Jadygöý ak kirpikli gabagyny sallap, sesini çykarman otyrdy. Käte gabagyny çalaja galdyryp, töweregindäkilere içgin nazar aýlaýardy. Garrynyň kellesinde gadymy şaýy pullar bilen bezelen çüri telpek bardy. Onuň içine deri tutulan uzyn geými her hili nagyşlar hem düşnüksiz ýazgylar bilen bezelendi. Aýagynda uzyn ujy ýokaryk jaýtaryp duran giň sagry ädigi bardy. Jadygöý tekepbirlik bilen ädigini çykardy-da, dolagyny çözlemäge başlady. Onuň guran gabyk ýaly egrelip giden uçursyz ösgün dyrnaklaryna gözi düşen adamlar haýran galyp, içlerini çekdiler. Egri-bugry köke meňzeş barmaklarynyň arasyna gatan gurbagalar gysdyrylgydy. Beýle adamy ömürlerinde ilkinji gezek görýän mongollar geň galyp agyzlaryny açdylar.

– Garry, sen näçe ýaşyňda? – diýip, Baty han sorady.

– Ýaş ýatdan çykdy. Geçen uzak ýyllaryň daşyny duman aldy. Ýaşym belki, müňdür, belki-de, köpräkdir...

– Beýle bolsa, şu derýaň boýunda bireýýämler ýaşan Hun-nu diýilýän halky bilýärmiň? Olaryň patyşasy Itil hakynda gürrüň berip biljekmi?

Garry kellesini arkanrak ýaplap, aýagynyň gorkunç barmaklaryny gymyldadanda, syňragynyň arasynda gatan gurbagalar ýakymsyz şagyrdaşdy.

– Itil patyşa hakyndaky ertekini men eşidipdim. Ony birçaklar biziň batyl hekaýatçylarymyz gürrüň bererdiler.

– Hany, şol ertekini aýdyp ber!

Gazuk gözlerini ýumdy-da, ýuwaşlyk bilen yranyp ugrady. Birsalymdan soň pessaý hiňlenip, ähli kişiň sabyrsyz garaşýan gürrüňine başlady:

– Bireýýämler geçip giden ajaýyp on mün asyr bilen täze başlanan müň asyryň aralygyndaky oňat, diýseň asuda döwürde – garadan gaýtmaz, şöhratly, batyr ýigitleriň kän zamanynda şu derýanyň boýunda, şu dagda Urak han döwran sürüp geçipdir. Ol güýç-kuwwaty zyýada, şan-şöhratly han eken. Hanyň köşgi dagyň depesinde ýerleşip, töweregi äpet dub agaçlary aýlanan haýat bilen gurşalypdyr. Onuň söweşlerde başyny alan duşmanlarynyň kelleleri şol agaçlara sanjylgy durmuşyn.

Hanyň athanasynda hemişe ýüz sany altyn ýally taý saklanýarmyş. Sährada bakylyp ýörlen gylýal sürüleri çenden köp bolany üçin, olaryň sanyny özem bilenokmyş. Derýanyň ýokary hem aşak akymlarynda ýaşaýan halklaryň ählisi Urak hana tabyn bolany üçin, onuň bilen bäsleşip biljek adam ýokmuş. Derýada uzak Arabystandan hem ýylyň ýarysy gije bolýan sowuk Warangystandan[77] gaýdan täjirleriň dürli geň-enaýy harytlardan mas ýüklenen gämileri ýüzýärmiş. Gämileriň ählisi Urak dagynyň golaýynda saklanyp, hana sowgat gowşurýarmyş. Şeýlelik bilenem ol barha baýlaşyp, depseň deprenmez döwletli han bolupdyr.

Bir gezek derýada aýylganç tupan turupdyr. Ähli jadygöýler hudaýlaryň gaharyny ýatyrjak bolup doga okasalar-da peýdasy bolman, tupan barha möwjäpdir. Äpet tolkunlar gämileri kenara zyňyp, çym-pytrak edipdir. Derýanyň kenarymdaky gaýanyň üstünde gije-gündiz doga okap oturan baş jadygöý ahyry Urak hamyň ýanyna gelip, şeýle diýipdir:

«Geçen gije tupan birneme köşeşip, aýyň ýüzünden bulut syrylanda men derýada suw patyşasyny gördüm. Onuň saçlary uzyn, sakgaly bolsa dyzyna ýetip durdy, guýrugy balygyňky ýaly, barmaklarynyň arasy perdelidi. Kellesindäki altyn täjiniň almaz daşy edil ýyldyz ýaly lowurdaýardy. Ol towlanjyrap,her gezek guýrugyny şarpyldadyp uranda äpet tolkunlar büklüm bolup kenara sürünýär. Ol maňa şeýle diýdi: «Siziň patyşaňyz Uragyň yrsgy, kuwwaty derýa bilen bagly. Onuň ähli baýlygy Itilde ýüzüp ýören gämileriň eýeleriniň berýän sowgatlarynyň hasabyna artýar. Maňa – suw patyşasyna welin hiç kim hiç zat berenok. Besdir, mundan beter çydap biljek däl. Goý, Urak han her ýyl maňa öz gyzyny sowgat bersin! Eger şuňa razy bolmasa, deňiz baryny söküp gelýän täjirleriň ähli gämilerini gark edip, birinem getirmerin.»

Şondan soň Urak han suw patyşasy bilen arany sazlap, oňa baş jadygöýden gymmat bahaly sowgatlar ýollapdyr. Jadygöý üýtgeşik dogalar okap suw patyşasyny çagyryp, içi gymmat bahaly sowgatlardan doly sandygy Itil derýasyna oklaýan eken. Her ýyl güýzlük bugdaý orlup gutaranyndan soň han gyzlarynyň birini suw patyşasyna beripdir. Günleriň birinde Urak hanyň ogly bolýar. Beýik derýanyň patyşasynyň hormatyna ol ogluna Itil diýip at goýýar.

---

[77] W a r a n g y s t a n – warýaglaryň ýurdy.

Ýaş Itil han ýigit çykanda suw patyşasy köşgüň ýanyna ýüzüp barypdyr-da, kellesini suwdan çykaryp, şeýle diýip gygyrypdyr:

– Eý, Urak han! Seň ogluň ulalyp, hakyky batyr ýigit bolup ýetişipdir diýýärler. Ony meniň ýanyma iber. Goý, gyzlarymdan islänini saýlap tutsun! Goý, ol meniň suwasty patyşalygymda galyp, ölemsoň tagtyma eýe bolsun! Eger ol meniň ýanyma barmakdan boýun towlasa, şeýle bir görülmedik tupan turzaryn, tolkunlarym bilen köşgüňem, bütin şalygyňam süpürip taşlaryn!»

«Bolýar. Ýene üç günden myhmanlara garaşyber!» diýip, Urak han jogap beripdir.

Ýaş Itil han ol wagtlar derýanyň aňyrsyndaky sährada laçyn bilen aw awlaýar eken. Öýe gelende, garry Urak han oňa şeýle diýipdir:

«Suw patyşasy seni öz ýanyna çagyryp, gyzlarynyň birini gelinlik berjek bolýar. Sowgat-serpaýlaryňy hem sawçylary iber-de, toýa taýynlyk gör!» Itil han kakasyna şeýle diýipdir:

«Sen on bäş ýyldan bäri suw patyşasyna her  ýyl bir gyzyny berýäň. Heý, gidenleri bäri şolaryň biri seň ýanyňa görme-görşe ýa-da agtyklaryňy görkezmäge geldimi? Meňem täleýim şolaňkydan enaýy bolmaz. Bir derýaň düýbüne özümi urup, suw patyşasynyň köşgüne baramsoň, bütin öňki durmuşymy, atam-enemi, ýoldaşlarymy hem mähriban öýümi ebedilik terk etmeli bolaryn! Ýok! Ol ýerden ýaýylyp ýatan sähra, ýel ýaly atlar hem gaý-tupan men gözüme has yssy görünýär! Gowusy, men ýigitlerimi ýanyma alyp, başga halklary özüme tabyn etmäge gideýin!»

Ertekini üns bilen diňläp oturan Baty han gürrüň berýän garra tarap egildi-de, şatlykly seslendi:

– Ana, bu tüýs batyr ýigidiň gepi! Eger başga halklary boýun egdirmäge ugrasa, ullakan işler bitirer!

– Hany, soňuna gulak as! – diýip, Gazuk gürrüňini dowam etdi.

Urak han ogluna şeýle jogap beripdir:

«Uruş diýeniň – howply zat! Ýat illeri boýun egdirjek bolup, läşi çölde serlip galýanlar az däl. Gowusy, öýde gal-da, meniň şalygymy berkit. Itil derýasynyň ýüz dilkaw bolup bölünýän ýerinde özüňe täze köşk sal. Şol ýerde täze ajaýyp şäher gurun, daşyna berk gala aýla. Köşgüňde syrçaly kerpiçlerden içi arassa suwly otag gurmak kyn zat däl-ä? Öz gelniňi – suw perisini şol jaýda saklarsyň. Gaýynyň – suw patyşasy myhmançylyga barsa-da, şol ýerde kabul edersiň.»

«Näme etjegimi özüm bilýän!» diýip, Itil jogap beripdir. Soň ol gaty kän uzyn tor ýasamagy buýrupdyr. Öz toýuny bahanalap, müň ýigit bilen müň sany balykçyny çagyrypdyr. Jadygöýler derýanyň kenarynda ullakan alawlaryň başynda aýdym aýdyp, deprek kakypdyrlar. Olar suw patyşasyny çagyryp: «Şazada Itil öz dostlary bilen suwasty köşge myhmançylyga barýar» diýip gygyryşypdyrlar.

Itil han üstünde eginleri parça geýimli ýigrimi kürekçi oturan ullakan gaýyga münüpdir. Egni gyzyl ýapynjaly, başy samyr derisinden tikilen telpekli ýaş han gaýygyň yz tarapynda ornaşypdyr. Onuň ýanynda duran beýik weziriň elinde suw patyşasynyň gyzy üçin alnyp barylýan sowgatlar salnan sandyk barmyş.

Gaýyk derýanyň iň çuň ýerine baranda, Itil han suw patyşasyny çagyryp, gygyrmaga başlapdyr. Üçünji gezek gygyranda, birden derýa çyrpynyp, tolkunlar örküç-örküç bolup kenara sürnüp ugrapdyr. Tupan turup, güýçli ýyldyrymlar bulutlary para-para edipdir. Içi sowgatly sandygy elinde saklap, egilip duran Itil han suw patyşasynyň golaýraga gelerine garaşypdyr. Şol wagt uzyn torlaryny suwa taşlan müň balykçy çar tarapdan Itil hana tarap gaýyklaryny kürekläp ugrapdyrlar.

Asmany, Zemini gapyşdyryp has aýylganç gök gürlän mahaly wezir Itil hanyň arkasyndan pyçagy dikip, ony suwa itipdir. Muny gören gaýykçylar weziriň üstüne topulypdyrlar-da, kürek bilen eýini ýetirip, derýa oklapdyrlar.

Şol wagt balykçylar ýetişip, olaryň ikisinem suwdan çykarypdyrlar. Itil hana hiç zadam bolman eken: ol özüne weziriň şeýle dönüklik etjegini öňünden aňyp, ýapynjasynyň aşagyndan demir halkalardan örülen geýim geýipdir. Ýenjilip, süňkleri kül-owram edilen wezir öli eken. Suw perisine niýetlenilip getirilýän ähli gymmat baha zatlar onuň jübülerinden, goltugyndan çykypdyr. Balykçylar sandygy tapyp, içini açyp görseler, daşdan başga hiç zat ýokmuş...

Gaýygyň ýanyna dolanyp gelen Itil han balykçylara gygyrypdyr:

«Torlary çuňa oklaň-da, maňa suw patyşasyny tutup beriň!»

Tora äpet doky balygy düşdi. Gaty garran balygyň kellesinde täje meňzeş ösüntgiler bardy, uzyn murtlary hem sakgaly çalaryp gidipdir. Doky bar güýji bilen dyzap, tory gyraýjak bolýardy.

– Ýagşy, ýagşy! – diýip, diňläp oturanlaryň arasyndan ses çykdy.

Itil han şeýle diýipdir:

– Suw patyşasy diýilýän, belki, şudur? Gaýynymyň etinden çorba edip iýmek birhili öz-ä! – Ol balykçylara gygyrypdyr: – Dokyny tordan sypdyryň! Goý, ýene birneme ýaşasyn!»

Balyk suwa goýberilensoň, tupan hasam möwjedi. Gaýa ýaly tolkunlar kenara urlup, gaýyklardyr adamlary, öküzlerdir at goşulgy duran arabalary öz goýnuna düýrläp aldy. Yzyny üzmän gök gürleýärdi, ýagşyň aldygyna guýup durşy ähli janly-jandaryň kastyna çykana meňzeýärdi. Bu suw patyşasynyň emri bilen gök gürrüldisiniň hudaýynyň Urak handan ar alşydy. Güýçli çakan ýyldyrymlaryň birnäçesi bat bilen Urak dagynyň üstünde ýerleşen köşgüň depesinden indi. Bada-bat tutaşan köşk düýp-teýkaryna çenli ýandy. Äpet tolkunlar Urak dagynyň üstaşyry inip, ähli galan-gaçan zatlary süpürip äkidensoň tupanam ýatdy.

Bu bolup geçen zatlardan eýmenen Urak han duran ýerinde daş gaýa öwrülipdir. Töwereginde tolkunlar möwç urýan ol gaýa gözlerini petredip, öz ähli hany-manynyň ýok bolşuna sessiz seredip durmuş. Tupan Itil hanyň münüp oturan gabygyny kenardan esli daşlaşdyryp, bir garry berýoza agajynyň depesine taşlapdyr. Şeýdip ýaş han hem onuň wepaly dostlary ölmän galypdyrlar. Tupan mazaly sowlansoň, ýaş han ölen kakasynyň hormatyna dabaraly ýas meýlisini gurapdyr. Urşujylaryň hersi bir telpek gum getirip, ony Urak dagynyň depesine çykaryp, daş gaýa öwrülen hanyň üstünden guýupdyr. Dagda şeýdip dörän ullakan depede her ýyl Urak ülkesiniň adamlaryny gazabyna duçar etmezleri ýaly, suw hem gök gürrüldisiniň hudaýlaryna ýalbaryp doga okalýar...

Jadygöý Gazuk sesini kesdi. Ähli kişi dymyp otyrdy. Diňe garry barmaklaryny gymyldadanda gatan gurbagalaryň şygyrdysy eşidilýärdi.

Baty han sowal berdi:

– Ýaş Itil handan näme habar? Täze şäher gurupmy? Başga ýurtlary basyp almaga gidipmi-gitmänmi?

– «Haçan başlamda näme?!» diýip oýlanan Itil han täze şäher gurmak pikirini birbada goýbolsun edipdir. Soňam uly goşun toplap, günbatarda ýaşaýan halklaryň üstüne ugrapdyr. Öküzdir düýeler goşulan arabalar goşunyň yzy bilen uzyn hatar bolup barýarmyş. Olaryň üstünde aýallar, çagalar hem haldan gaçan garrylar otyrmyş. Goşun gaty uzaga – on ýyllyk ýola gidenmiş. Itil han öňünden çykan halklaryň ählisini ýok edip, togsan dokuz patyşalygy basyp alypdyr. Ýöne onuň ölümi welin «hudaý görkezmesin!» diýilýänlerden. Öňem üç ýüz aýalynyň bardygyna garamazdan, ol iň soňky boýun egdiren patyşasynyň gyzyna öýlenmegi ýüregine düwüpdir. Toý sowlup, iki-çäk galan ilkinji gijeleri ol gyz edermenleriň edermeni bolan Itil hanyň damagyny çalyp öldüripdir... Urşujylary onuň jesedini Dunaý derýasynyň kenarynda otlamagy karar edipdirler. Gije aý şuglasyna derýadan çykan suw perisi Itil hanyň jesedini saklap duran urşujylara şeýle diýipdir:

«Men suw patyşasynyň gyzy. Adaglym Idil han maňa öýlenmäge söz beripdi. Onuň jesedini çüýşe tabyda salyň-da, derýaň düýbüne goýberiň. Men öz adaglymy goraryn hem joralarym bilen oňa aýdym aýdyp bererin...»

Urşujylar onuň aýdyşy ýaly edip, Itil hanyň jesedi salnan çüýşe tabydy Dunaý derýasynyň düýbüne goýberipdirler. Şol wagt suw patyşasynyň gyzy suwdan kellesini çykaryp, zaryn aglapdyr-da, ýene gözden ýitip gidipdir.

– Günbatara tarap gaty uzaga giden Hun-nu halkyna näme bolupdyr? Soň yzlaryna dolanypmydyrlar ýa-da gidişleri gidiş bolaýypmy?

– Hansyz galan halk birgiden maýda taýpalara bölünip, beýleki milletler bilen urşy dowam etdiripdir. Kem-kemden azalyp, ahyram ýitip gidipdirler. Batyr Itil han hem onuň daşa öwrülen kakasy Urak han hakynda diňe ertekilerdir aýdymlar galypdyr.

Baty han hytaýly I La-he gysylyp, pikire batyp oturan Ýyldyza ýüzlendi:

– Nähili, erteki saňa ýaradymy?

– Ýok, hökümdarym. Ýaramady. Gaty gynançly eken. Ýöne ondan has gowy erteki ýaňy başlapdy. Itil handan has batyr hem güýçli adamy hemmämiz görüp otyrys. Ol – sen, beýik Baty han! Sen mongollaryň ýeňişli ýoluna nurly ýyldyz bolup şugla saçarsyň!

Baty han ýumrugy bilen dyzyna gütletdi.

– Hawa! Men ony başaryn! Baky gök asmandan ant içýän! Men dünýäni dyza çökärin! Mongollaryň adyny äleme ýaýaryn!

Ähli hanlar ör turup, duran-duran ýerlerinden gyýgyryşdylar:

– Sen bir döräýen adam! Seň deňiň-taýyn ýok! Sen – mongollaryň ýüregi!..

Baty han gapynyň agzynda duran Arapşa barmagy bilen garry jadygöýi äkitmegi yşarat etdi. Baurşy bilen nazary kaklyşan jahangir çep gaşyny oýnadyp, iýer-içer ýaly zatlary äbermäge rugsat berdi.

# ÜÇÜNJI BÖLÜM

## MONGOLLAR RUSUŇ ÜSTÜNE SÜÝŞÜP UGRADY

*Şol aýylganç belaň öňüsyrasy*
*Derýaň aňyrsynda tokaýlar ýandy*
*Ýandy ok geçmejek sümme tokaýlar*
*Gara tüsse Günüň öňün bekledi...*
*Çabyraýan ýalnyň, tüssäň derdinden*
*Guşlaram asmana galyp bilmedi...*
*Şonda il içine dolup ugrady*
*Gorkuly habarlar, jeň habarlary...*

(Iw. Rukawişnikow. «Gün hudaýy»)

## BIRINJI BAP

### Ýaşuly tokaýçy

Dikoros[78] lakamly garasöýmez, tutuk Saweliý Sewrýuk asyrlar boýy adam aýagy düşmedik gür tokaýlygyň içinde ýaldyrap ýatan kölüň gyrasynda ýaşaýardy. Tokaýyň ortasyndaky açyk meýdançada bäş-alty öýden ybarat oba hem kiçijik agaç buthana bardy. Perunow Bor diýlip atlandyrylýan bu çola obanyň hem meýdançanyň töweregünde böwürslen, malina, smorodina jeňňel bolup otyrdy.

«Bu ýerde ozal jadygöýler ýaşaýardy, özlerem agaç heýkellere çokunýardylar» diýip, ýaşuly adamlar gürrüň berýärdiler. Esli bölegi ýere gömlüp, owranyp ugran şeýle heýkeliň biri malinaçylygyň içinde henize çenli hem çüýräp, ýere siňip ýatyrdy.

Obanyň çar tarapyna ýaýrap ýatan düýpsüz batgalyklarda çala saýgardýan ýodajyklardan diňe towşanlar bolaýmasa, başga janly-jandar geçmäge milt edip bilenokdy. Batgalygyň her ýerräklerinde zümerret daşy ýaly ýaldyrap ýatan özüne çekiji kölçelere aldanyp, hüşgärligi elden beren awçylaryň köpüsiniň kazasy şu ýerlerde dolupdy.

Obada Dikorosdan başga ýene-de birnäçe tokaýçy daýhanlar ýaşaýardy. Onuň çep tarapdaky duldegşir goňşusyna Waula diýýärdiler. Asly mordwaly bolsa-da, ol gowy güzeran hantamaçylygy bilen ýurduny terk edenleriň biridi. Orta boýly, gara saçly, ýüzüni mama dişän Waulanyň aýalynyňam boýy, ýüz-keşbi edil äriniňki ýalydy. Öz aralarynda mordwaça gürleşýänleri sebäpli oňa «Waula» (peltek) diýip lakam goýupdyrlar. Olaryň gol doly çagalary bolup, ählisem edil syçan ýaly kiçijik, çalasyn hem gara gözlüdi.

Dikorosyň beýleki goňşusy Zwýaganyň asly rýazanlydy. Özem uzyn boýly, arryk, süňklek adamdy. Onuň üsti berýoza agajynyň gabygy bilen örtülen kiçiräk külbesiniň esasy ýerini palçyk peç tutýardy. Çagalary köpdi, ählisem çypardy. Gapynyň ýokarsynda tüsse çykar ýaly deşik goýlup, turbasyz peç bilen bolşuna görä oňňut edýänleri üçin ähli çagalarynyň üst-başlary, ýüzleri gurumdan ýaňa hüýt-gara bolup durdy. Zwýaganyň özi ýaly uzyn boýly, arryk aýaly uzak gününi hojalyk işlerine güýmenip geçirýärdi. Onuň daşyndan tomus wagty ärine äpet sosnadyr ýolka agaçlaryny çapmaga, gyşda bolsa olary buzuň üsti bilen ýakyndaky buthana äkitmäge hem kömek berýärdi.

Obada ýaşaýan ýene bir daýhanyň adyna Lihar Kudrýaş diýýärdiler. Ol ýaş gelni bilen bu ýere Suzdal topragyndan hemmeden soň göçüp gelipdi. Är-aýal göni ösen sosna agaçlaryny çapyp, meýdança daşadylar-da, ilki jaý, soňam mallary üçin agyl salyndylar. Täze ýurtda tutan jaýlarynda dünýä inen gyz perzendine Weşnýanka diýip at dakdylar. Kudrýaşyň aýaly gyzzyrma keseline uçransoň,

---

[78] XIII asyrda rus adamlarynyň hristian atlarynyň daşyndan adatça (mysal üçin, Bulatko, Gnewaş, Şoloh, Prokuda, Şestak we başgalar) gadymy slawýan lakamlary bolupdyr. Soň-soňlar dokumente şolaryň ikisem ýazylypdyr. Şol atlardan Sewrýukow, Waulin, Prokudin, Zwýaginsýew, Şestakow, Şolohow we ş.m. familiýalar emele gelipdir. Diňe butparazçylykdan galan lakamlar däl, hatda beýleki hristian atlary-da ikinji at hökmünde ulanylypdyr. Ol döwürlerde doga-tumara, «ýaman göze» ynanmak güýçli bolupdyr. Şol sebäplem, çaganyň çokundyrylan wagty dakylan adyny «göz degmesin» üçin gizlin saklap, öz aralarynda onuň diňe ikinji adyny tutupdyrlar. Dikoros («ýabany ösen» diýen manyda) hem şeýle atlaryň biri.

uzak ýatman, ýagty jahan bilen hoşlaşdy. Kudrýaş lipa agajyny köwüp, tabyt ýasady-da, ýaş aýalyny berýozanyň düýbünde jaýlady. Şeýlelikde, ýaňy ile goşulan mahaly kiçijik gyzy bilen dul galdy. Kudrýaş sygryň ýelnine emzik geýdirip, gyzyna şondan süýt içirýärdi. Soňra ol tiz-tizden gurluşykda işlemek üçin Rýazana ýa-da Wagşy meýdana[79] – polowesleriň barýan ýeri bolan gorag zastawasyna söwda-satlyk etmäge giderdi. Bolmasa-da hepdeläp tokaýda ýitirim bolup, çirtmekdir duzak gurup, belka, gornostaý, samyr hem beýleki sütük derili jandarlary awlamak bilen meşgullanardy. Kakasy näçe wagtlap gelmese-de. Weşnýankany öz gyzlary ýaly eý görüp saklaýan Dikorosyň maşgalasy oňa çagasynyň azaryny ýetirmezdi.

Kiçijik obanyň adamlary bu ýerde ilki ýurt tutan Saweliý Dikorosy öz ýaşulülary hökmünde sylaýardylar. Köpi gören Saweliý ähli meselede obadaşlaryna nusga görkezerdi: ýer sürmäge haçan başlamaly, haçan tohum sepmeli, doňan batgalygyň üsti bilen töp balygyny, suwa ezilen miwelerdir duza ýatyrylan kömelekleri buthana nähili äkitmeli – bularyň bary onuň maslahaty bilen edilerdi. Dikoros saçy maňlaýyna dökülip duran çytyk garaýyşly, süňkleri iri, daýaw adamdy. Onuň atasy, babasy äpet töňňeleri köwläp, otlap gür tokaýyň içinden ýer arçapdylar. Ilki sürlüp, soň kül sepilen tarp meýdana başda süle, soňky ýyllarda bolsa çowdarydyr zygyr ekipdirler.

Tokaýyň has içirägine gidip, gözden, dilden daşrakda näler işläsi gelýän Dikorosy saklap duran bir zat bardy: nirä gideňde-de, buthananyň hem knýazyň salgyt ýygnaýjylarynyň ýiti gözünden sypyp biljek gümanyň ýok. Ahyry ysyrganyşyp sürlen ýeriň üstünden bararlaram, öňki-soňky ýazylyp-ýaýranyňy burnuňdan alarlar. Gahardan ýaňa sandyrap, it hamyndan tikilen telpegini ýere bulap urup, sesine bat berip gygyrarsyň:

– Töle diýip dyzap durmaň-da, biraz tagapyl ediň. At haýwanam welin, ýöne çapyp ýörmän, käte meýdana otlamaga goýberip, bir dem berýärler. Biriniň üstünden düşseňiz, halys eýerläp münäýýäňiz. Ýeke özümiň gije-gündiz depämden gum sowrup ýörenim-ä görýäňiz. Käşgä kömekçim bar bolsa. Oguljygym bar, ýöne ol munuň ýaly agyr işe özüni urardan ýaş.

Gygyryp ýüregi biraz düşüşen Dikoros ýene azalyň tutaýyna agramyny atar ýa-da paltasyny ele alar-da, köneden öwrendikli işine başlar: äpet agaçlary ýykar, gür tokaýda agaç çapyp ýol açar, guşaklygyna çenli lüýge girip, batgalykdan ýap çeker.

Dikorosyň bar umydy ýalňyz oglundady. Has çagaka ol ogluny Gluzdyr[80] diýip atlandyrýardy. Biraz ese-boýa galansoň ýumuşçylygy, düşbüligi hem çalasynlygy üçin goňşulary oglanjyga Toropka diýip lakam dakdylar. Oglanjyga popuň dakan asyl ady Anempodistdi. Aýtmasy kyn bu ady dakan pop öňräk dünýeden ötüpdi. Uzyn boýly, saçlary hüžžerip duran, ýüzi menekli ýigdekçäniň işe topulyşy edil kakasyna meňzäp durdy. Agaç çapmakda-da, ýer sürmekde-de, şahadan-şaha towsup ýören şadyýan belkany ýaý bilen atyp urmakda-da ezberligi kakasyna çalym edýärdi.

Perunow Borda Opalýoniha atly dul aýal ýaşaýardy. Aýalam bolsa onuň ýer sürüşi, odun çapyşy, tor bilen zagara hem töp balyklaryny tutuşy erkek kişileriňkiden kem däldi.

Opalýoniha Oka derýasynyň aşak akymynda powolželi galtamanlar iki çagasyny – oglanjygyny hem gyzjagazyny elinden zor bilen alyp, bulgar söwdagärlerine satanlarynda dul galypdy. Onuň, çagalaryny halas etjek bolup topulan ärini galtamanlar oda taşlapdylar. Bendäniň ajalyna sebäp bolan şol ot boldy. Opalýoniha[81] diýen lakam ona şondan soň galypdy. Perunow Bora göçüp gelen biçäre agyr hasratyny iş bilen egisjek boldy. Birnäçe goýun edindi. Illeň mallary gözüniň alnynda ölýärkä-de, onuň goýunlary ýyl-ýyldan köpelýärdi.

Çagalary onuň hiç ýadyndan çykanokdy. Şonuň üçinem Weşnýankanyň üstünde beýleki ähli goňşulardan beter kökenekdi. Açlyk ýyly[82] ol öwlüýäde aýlanyp ýören iki sany ýetim çagany ýygnap, olara edil öz perzentleri ýaly seredip ugrady.

---

[79] W a g ş y  m e ý d a n – Polowes hanlarynyň müňlerçe başdan ybarat goýundyr gylýal sürüleri bilen çarwaçylyk edýän ýerleri – Rýzan knýazlygyndan günortada ýaýylyp ýatan giň sähra şeýle atlandyrylypdyr. Polowesler Rýzanyň serhet zastawasynyň hem gorag galasynyň golaýynda gurlan wagtlaýyn posýoloklara gelip, alyş-çalyş söwdasyny edipdirler: olar deri, goýun, öküz, at, ýüň berip, ruslardan galla, un, sütükli derile, tokaý baly hem gaýry şuňa meňzeş zatlary alypdyrlar.

[80] G l u z d y r – guş çagasy.

[81] O p a l ý o n i h a – oda daglanan diýen manyda.

[82] Tatarlaryň çozuşyndan sekiz ýyl ozal aýylganç gurakçylyk bolup, ähli ekinler gurapdyr. Soňam iki ýyla çeken gyrgyn we açlyk başlanypdyr.

## IKINJI BAP

### «Uly ilden» gelenler

Uly ýoldan sowa ýerleşýän Perunow Bor gelim-gidimli oba däldi. Adamlara garanda haýwanlaryň ýoly ol ýere has köpräk düşýärdi: käte şahlary şaha-şaha bolup duran sugun yzyna ene suguny hem çagasyny tirkäp gelerdi, käte tagaşyksyz aýy köw urup giderdi, ýyrtyjy haýwandan gaçyp barýan menekli sugun ok ýaly zymdyrylyp geçerdi, gyşyna möjek sürüsi jaýlaryň töwereginde aýlanardy, towşan yzlary her ädimde göze kaklyşardy.

Gyş döwründe batgalygyň üstki gatlagy mäkäm doňup, gatnaw gowulaşan mahallary «uly ilden»[83] iki sany geň atly ýanynyň hyzmatkäri bilen bu çola oba myhman düşdi. Saýlama atlaryň üstünde oturan del adamlaryň ellerinde kümüş çaýylan ýaraglary bardy. Olaryň biri – daýaw we gujurly ýaş ýigit häli-şindi henek atyp, alçaksyrap, obanyň adamlary bilen tiz dostlaşdy. Beýlekisi tutuk keşpli, uzyn saçlary mazaly çal sepen gartaň monahdy. Ol ruhanylaryň gara eşiginiň üstünden geýlen kelte possunly, kellesinde ujy çüri telpeklidi.

Olar Kudrýaş bilen Dikorosdan ýabany haýwanlar, aýylaryň sürenleri, sugunlaryň geçýän ýodalary barada soraşdyrdylar. Soňam aw üçin ykjamrak geýimlerini geýdiler. Monah uzyp eşigini taşlap, towşan derisinden tikilen telpegini, kelte possunyny geýip, eline aýy awlamak üçin ulanylýan uzyn naýzasyny aldy. Soňam aýaklaryna lyža baglap Dikoros, Kudrýaş hem Toropka bilen sugundyr aýy gözleginde tokaýa siňdiler. Uzak gün aýlanansoňlar, ahyry bir sugun awlap, öýe dolandylar.

Gije Dikorosyň öýünde sugun etinden garynlaryny otaryp, awçylykda başdan geçirenlerini gürrüň edip otyrkalar, öý eýesi amatyny peýläp garry monaha ýüzlendi:

– Epimah ata, egniňe ruhanylaryň gara lybasyny geýipsiň-le? Saňa gylyç ýa-da naýza has gelişäýjek ýaly. Aýy awlamaly bolsa-ha sen, tüweleme, hiç kişiden kem oturaňok. Buthanada sežde edip oturanyňdan söweşde güýjüňi görkezäýseň, göwnejaý bormuka diýýän.

Monah nagt jogap gaýtardy:

– Sen näme, mana – polowesleriň sähralaryndaky söweşlerde «Ratibor pälwan» diýip at alan adama uruş enjamlarym bilen hoşlaşmak ýeňil düşendir öýdýärmiň? Buthanaň dört diwaryna öz erkime gabalyp oturmajagym-a sen bilýänsiň. Bu meň käbiriniň nähakyna «däl» diýip düşen günüm boldy... Bolar-bolmaz knýazjyklar gaty köpeldi. Hersiniňem gözi ýaglyrak oljada. Sähel asgyndygyny bilseler, biri-biriniň damagyny dişleri bilen çaljak. Men buthanaň hüjresinde oturyp öz gowgaly ömrümden ýadyma düşýän zatlary hem gulagyma degýän gürrüňleri sene ýazgysyna geçirýärin... Haçan ýaş pälwan Ýewpatiý üstümden gelse, häzirkim ýaly gazyň ýelegini bir gapdala oklaýan-da, elime aýy awlanýan naýzamy alýan... Bedenimiň gurşugyny ýazyp, aýy bilen ýekme-ýek garpyşmak tüýs halaýan zadym-da...

– Eger üstümize duşmanlar döküläýse, sen şonda-da hüjräňden çykman oturjakmy? – diýip, Dikoros sorady.

– Beýle ýagdaýda meni buthananyň daş diwarlaram baş ruhanyň özem ol ýerde saklap bilmez. Edenli pälwan Ýewpatiniň goşunyna goşulyp, ýönekeý urşujy hökmünde-de bolsa öz keramatly rus topragymyz üçin baş goýaryn.

Bir gezek gyşda Perunow Bora töweregi tal çybygyndan çeten örülen gar arabasyna iki sany tüýlek at goşulan gezende söwdagäriň ýoly düşdi. Onuň ýanynda iňňe, reňkli lenta, sapak, güllі ýaglyklar, çüýşe monjuklar, bally kökeler bardy. Söwdagär pul alman, öz harytlaryny tilki, samyr hem beýleki sütükli haýwanlaryň derileri bilen çalyşdy, Toropka ondan birtopar belka derisine derek alan ýaşyl çüýşe monjuklaryny Weşnýanka sowgat berdi.

Söwdagäriň rus däldigi bildirip durdy. Zömmek telpeginiň daşyna ak polotense oralypdyr, ädiginiň gonjy bölek-bölek reňkli sagrydan tikilipdir, daşky uzyn donunyň biçüwini bu obaň adamlary ilkinji gezek görýärdi. Onuň donunyň ilikleriniň hristianlaryňky ýaly sagda däl-de, musulmanlaryňky ýaly çep tarapdadygy aýallaryň derrew gözüne ildi.

Gündogar tarapdan aýylganç belanyň gelýändigini, olaryň hiç kime rehim etmän, ähli adamy gyryp, oba-şäherleri otlaýandyklaryny Perunow Boruň ilaty şol söwdagärden eşitdiler.

[83] Tokaýlaryň içinde oturan obalaryň adamlary ilatyň köp ýaşaýan ýerlerini «uly il» diýip atlandyrypdyrlar. Öz tokaýlaryndan çykyp, uly oba ýa-da şähere ugrana «uly ile» gitdi», gelene «uly ilden» geldi» ýa-da «uly ilde» näme gep-gürrüň bar?» diýip soraşypdyrlar.

– Ol zalymlar hakda başga-da näme bilýän bolsaň aýt, eşideli!

– Olar biz bulgarlaryň Kama derýasynyň boýundaky Bilýar şäherimize döküldiler – diýip, söwdagär gürrüňe başlady. – Gündiziň günortany depämizden doly ýaly bolup inen ol bela Çagoniziň[84] agtygy Şeýbany hanyň öňdäki goşuny eken. Atlaryna-da tatarlar hem mungallar diýilýär. Olar şäherimizi talap, hünarment adamlaryň ählisini näbelli bir ýurda tarap sürdüler. Diňe tokaýda gizlenip ýetişenler gutuldy... Tatarlar agalyk etmek üçin bäş şäherde otrýadlaryny goýup, esasy goşuny polowes sähralaryna tarap sürdüler... Garşysyna çykar ýaly güýç bolmansoň, hiç ýerde garaw görmän gidip otyrlar. Basym siziňem alkymyňyzda peýda bolarlar. Özlerem şeýle bir kän – edil batgalygyň çybynlary ýaly. Wagşy sesleri bilen gygyryşyp, müň-müňden topbak hüjüm edýärler. Sypatlary gorkunç. Eginlerinde-de kirli possunlary bar... Gepiň keltesi, bir üstüňden inseler, gutulma ýok-da!

– Olar siz – bulgarlar üçin gorkunçdyr diýip, Dikoros ara goşuldy. – Size söwda et, ädik tik diýseň oňarýaňyz. Heý, öňde-soňda urşup gönendiren wagtyňyz barmy?

– Tatarlar gelsin bakaly. Siziňem nähili uruşýanyňyzy görüberis! – diýip, söwdagär gatyrgandy.

– Häk, diliňe bismil çyksyn! – diýip, Opalýoniha oň üstüne heňkirdi. – Hany, şol gäbazanlar şu töwerege bir burnuny uzadyp görsünler! Biz olaň Çagonizini ýalaw ýaly paltaly garşylarys!.. Uruşmaly bolsa aýallaram erkeklerden kem oturmaz.

– Goý, tatarlar wagşy gykylyk bilen üstümize dökülibersinler – diýip, Dikoros merdemsi sözledi. – Agyr göwresini naýzaň üstüne atmanka aýam aýylganç arlaýar. Poloweslerem hüjüme geçenlerinde gykylyk bilen gorkuzjak bolýarlar... Biziň goşunymyz o zatlara birçak öwrendikli bolan. Nätselerem yzlaryna kowmaga güýjümiz ýetipdi. Tatarlar näme, şolardanam betermişmi?

## ÜÇÜNJI BAP

### Ilkinji howsala

Söwdagär gidensoň, adamlar Çagoniziň tatarlary, mongollary hakynda biraz gürrüň etdiler-de, «Bu ýer olaryň aýagy ýeterden daş. Bärik geleslerem ýok-la...» diýen karara gelip, ýene işli-işi bilen boldular. Şondan ýarym ýyl geçensoň, ýigrimi werst daşlykda tokaýyň çetinde ýerleşýän iň golaý Ýarustowo obasy tarapdan aldyrany bar ýaly eňip gelen çaparyň demi-demine ýetenokdy. Ol doňan batgalygyň üstünden çala saýgardýan doň ýodalar bilen gönüläp gaýdypdyr. Çapar her jaýyň penjiresiniň deňine baryp: «Men Rýazan knýazynyň buýrugyny getirdim! Ähliňiz diňlemäge ýygnanyň!» diýip gygyrýardy.

Adamlar ýygnanyşýança, çapar bir üýşmek pürse ýaplanyp garaşdy. Diňe erkekler däl, hatda aýal-oglan-uşaklara çenli ýygnansoň, ol söze başlady:

– Rýazanyň knýazy Ýuriý Ingwarewiç, biziň atamyz...

– O nähili atamyzmyş? – diýip, Kudrýaş onuň sözüni böldi. – Gören-eşiden bendämiz däl!..

Çapar oňa üns bermän, ýeňi bilen burnuny süpürdi-de, sözüni dowam etdi:

– Knýaz adamlary ýörişe ýygnamaga çagyrýar. Aýylganç duşman Rýazanyň üstüne eňip gelýär. Dini başgalar Wagşy meýdandan biziň zastawalarymyza ýetýänçä öňlerinden çykyp, bärik goýbermeli däl...

– Sen ony nirden eşitdiň? – diýip, Zwýaga sorady. – Asla seni biziň üstümize ýollan kim – wolostyň hojaýynymy, popmy ýa başga birimi? Näme adam barynyň ýüregine dowul salýaň?

– Knýazyň iş dolandyryjysy ýanynyň ýigrimi sany goragçysy bilen biziň Ýarustowomyza geldi. Özlerem daýaw atly, bezemen geýnüwli adamlar. Obaň ýaşulysy olary öýlere dargatdy. Indi iki gün bäri olar biziň myhmanymyz. Nahar iýişleri dagy edil açlykdan çykan ýaly! Tatarlar diýilýän görülmedik halkyň goşun çekip gelýänini adamlara habar berenem şol iş dolandyryjy. Ol ähli uly adamlara hem on alty ýaşdan uly ýetginjeklere paltamy, naýzamy – tapan ýaraglaryny alyp, Rýazana ýygnanmagy buýurdy. Knýaz ol ýerde «uly polk»[85] ýygnap, baranlara gylyç, naýza hem aýpalta paýlaýarmyş. Knýaz çar tarapa çapar ýollaýar: Zaraýskä-de, Muroma-da, Wladimire – beýik Suzdal knýazynyň üstüne-de çapar ugradylyp, halky ýygnanmaga çagyrýar...

Aýdylýan zatlary ýüzüni çytyp diňläp duran Dikoros ardynjyrap, oňa ýüzlendi:

---

[84] Ç a g o n i z – ruslar Çingiz hany şeýle atlandyrýarlar.

[85] U l y p o l k – goşunyň esasy bölegi, özeni.

– Sen adyň näme, ýaş ýigit?

– Ýaşka Breh!

– Kimlerden borsuň? Pahom balykçylardan-a dälsiň?!

– Hut şolardan. Pahom Terentýewiç meň kakam.

– Biz oň bilen dogan okaşypdyk. Sen bize ýakymsyz habar getirdiň. Knýaz näme beýle giç deprenýär? Tatarlar eýýäm Rýazan topragyna golaý gelipdir, siz bolsa halka ýaňy habar edip ugraýaňyz. Irräkden gopsaňyz bolmaýarmy? Nämüçin Wagşy meýdandaky gorag zastawasyna suzdallylaryň polky gelmändir? Olaryň goşuny biziň rýazanlylarymyzyňkydan has güýçli ahyryn. Ine, indi tatarlar-a biziň üstümize labyryny atar, suzdallylar bolsa galalaryndan çykman: «Garagyňyz aksyn! Size geregem şoldy!» diýşip heşelle kakarlar. Bize bir zat bolsa, olaryn hemişe içi gülýär. Nämüçin hemmämiz bir bütewi gala ýaly birleşip, duşmanyň öňünden çykyp bilemzok?

– Muň göwnüniň isleýän zadyna bakyň-a! – diýip, Zwýaga ara goşuldy. – Biri-biriniň bokurdagyny çeýnemäge taýýar knýazlaryňam heý, agzy birigermi?

Dikoros çapara şeýle diýdi:

– Sen özüňi ýumuşa ýollanlara şu obanyň eli ýarag tutýan erkek göbeklileriniň ählisiniň ertir Rýazana barjagyny aýt. Ýarustowoda men kakaň ýanyna hökman bararyn. Galan zatlaryň maslahatyny şol ýerde ederis.

Bada-bat yzyna ugran çapar gar bilen basyrynyp oturan ýolkalaryň arasyndan uzalyp gidýän insizje ýoda düşüp, sähel wagtdan gözden ýitdi.

## DÖRDÜNJI BAP

### Wagşy meýdana ugradylar

Saweliý Dikoros ýörişe gitmek üçin şaýyny tutup ugrady. Soňky tutan belkalaryny soýup, hamyny çöwürdi-de, ammaryň ýokarsyndan asyp goýdy.

– Bilip bolmaz, agyr güne uçrasaňyz, belkalary iýer ýaly zatlar bilen çalyşaýyn – diýip, aýalyna sargady.

Soň ol aýy awlaýan uzyn naýzasynyň ujuna berkidilen demir pyçaga serenjam berip, siňir bilen gaýtadan berkläp daňdy. Agyr paltasyna has uzyn sap oturtdy. Aýalyna peç ýakanda döwmesi, aýyrmasy aňsat bolar ýaly tokaýdan gury çybyklary daşap üýşürdi. Maňňalyň döwgünden Toropka üçinem bir naýza ýasady. Öz ussaçylyk edende ulanýan ýeňiljek paltasyny bolsa hojalykda ulanar ýaly aýalyna gadyrdy.

Onuň aýaly Marisa Weşnýanka bilen çowdarynyň unundan üç sany çörek ýapdylar, ep-esli köke bişirdiler. Soňam çörekleri ýukajyk kesip, peçde guratdylar. Guradylan çörekleriň gapdalyna sogan, buglanyp bişirilen turp, matajyga dolap bir gysym duz saldylar.

– Duzumyzam gutaryp barýar – diýip, Marisa seslendi. – Uly iliň arasyna barýaňyz. Ol ýerde duzsuz kösenmersiňiz.

Daňdanlar, ukuly ýaly başlaryny egişip oturan ýolka agaçlarynyň aňyrsyna şapagyň elwan perdesi gerlende, adamlar Dikorosyň jaýynyň ýanyna ýygnandylar. Her kimiň arkasynda içine ýolda iýer ýaly azyk salnan amatly goş haltasy, guşaklaryna gysdyrylan paltasy, aýaklarynda bolsa agaç gabygyndan örülen çaryga meňzeş köwüşleri bardy.

Hemişe geýip ýören zipunlaryny[86] egnine atan aýallar söweş şaýyny tutan erkek kişileri üstüne paýapyl ýaly bolup duran üç agaç oklanan doňmaýan çeşmä çenli ugratdylar. Ol ýere ýeten batlaryna aýallar ärleriniň boýnundan asylyp, eňreşip başladylar:

– Şum täleýimizde nä günler, barka! Indi kim bize penakär bolar? Bizi kime taşlap gidýäňiz?!

Dikoros Marisany ýerden göterdi-de, şeýle diýdi:

– Näme beýle eňreýäň? Aýy awlamaga gidemde-hä beýle urnaňokdyň. Bu-da şonuň ýaly bir zatdyr-da... Gnedka – ýabymyza esewan bol... Erbet haýwanlardan hem päli bozuk adamlardan ägä boluň... Hudaý işimizi ugruna etse, öýe daýaw tatar atyny münüp gelerin, saňa ýüzüne mahmal tutulan zipun, tüý bilen jäheklengi fofudýa hem köwüş getirerin...

– Gözümiň nury, Sawa jan! Özüň sag-aman dolanyp gelseň bolýar. Maňa başga zat gerek däl. Ol

[86] Z i p u n – aýallaryň üstki iş geými.

nälet siňenler başyňa ýetseler, mazaryňda gözýaş dökere adamam tapylmaz! Bu zatlar biz aýallaryn kysmatymyza ýazylandyr! Ogluňy goragyn! Dünýä inderip, ak süýt berip ulaldaňsonam şeýdip gidibermeli bolarmy? Oguljygymyzy ýanyňa almaň näme? Biz ony tokaýda gizläp saklardyk-da. Eziz balam, seni ýene görmek barmyka?

Gözýaşa gark bolan Marisa Toropkany gujaklap eňredi.

Dikoros elini aýalynyň egnine goýup, özüne mahsus bolmadyk mähir-mylakat bilen ýuwaş gepledi:

– Goý, ezizim, köşeş! Maňa gulak as! Saňa diýjek sözüm bar!

Marisa biraz köşeşdi.

– Eger bu töwereklerde ýaşamak kynlaşsa ýa-da ýyrtyjy haýwanlar köpelip, her ädimiň howp-hatarly bolsa, jaýyň gapysyny çüýläp, Ýarustowo obasyna – balykçy Pahom Terentýewiçiň ýanyna bar-da, şol ýerde ýaşaber. Menem käte ýanyňa baryp gaýdaryn...

Erkekler asylyşyp duran aýallarynyň ellerinden zordan sypyp, çeşmäň üsti bilen tokaýa tarap hatar tutuşyp ugradylar. Yzlaryna garaman gidip baryşlaryna säher çagynyň goýy dumanyna gaplanan tutuk tokaýyň içine esli aralaşýançalar, çeşmäň boýunda galan aýallaryň agy sesleri gulaklaryna geldi durdy.

Weşnýanka-da ugratmaga baran aýallaryň arasyndady. Ol aglaman, gözlerini giň açyp alyslara seredip durdy. Aýallar horkuldaşyp oba dolandylar. Weşnýanka Dikorosyň saraýyna girip, ol ýerdäki garry ýabynyň ýanyna bardy. Onuň boýnundan gujaklap, tüýlek gulagyna pyşyrdady:

– Ikimizem ýetim galdyk, Gnedkam! Öz penakärlerimizi ýene gaýdyp görermikäk? Ýa-da olar orulan çöp ýaly bolup meýdanda ýitip gidermikäler? Uçup barýan garga-da olaryň habaryny getirmezmikä?

Garry ýaby kellesini yrap, ýumşak dodaklary bilen Weşnýankanyň egninden çalaja dişledi.

## BÄŞINJI BAP

### Halk başagaýlygy

Perunow bordan çykyp gaýdan adamlar entek gün günorta bolmanka Muromdan Rýazana barýan uly ýoluň ugrunda ýerleşýän Ýarustowo obasyna geldiler. Bir wagt uly il bolup ýeke günde pürslerden salnan buthana haçlary biri-birine degşip diýen ýaly oturan mazarlaryň ortasynda garalyp durdy. Haçlaryň aralary elleri çarşakly, naýzaly, aýpaltaly adamlardan ýaňa hyň berýärdi. Mähelläniň gykylygy, güwwüldisi uzaklardan eşidilýärdi. Mis jaňyň sesi müňlerçe adamyň depesinde howsalaly ýaňlanýardy.

Buthananyň ýerleşen depesiniň düýbünden iki gyrasy gar bilen örtülen çeşme garamtyl öwsüp akyp ýatyrdy. Onuň kenarynda başly-barat taşlanan göç ýaýrap ýatyrdy. Alawlaryň töwereginde gyslyşyp, uly gowur edip oturan ýüz çemesi adamyň geýnişi üýtgeşikdi: erkekleriň kellesinde daşy gyzyl zolakly keçe telpekleri bardy. Aýallaryň egnindäki açyk reňkli şaburlary,[87] başlaryndaky sary hem gök reňkli ýaglyklary mähelläni alabeder görkezýärdi. Ýarym ýalaňaç çagalaryň geýimleri aşyklyň eti ýaly salkam-sajakdy.

Geçip barýan adamlar göçüň ýanynda aýak çekdikleri, ýanlaryna kül oýnap, gara-gäz bolan ýalaňaç ellerini serişip çagalar eňişip gelýärdi, ýer bagyrtlap ýuwaşja süýşýän aýallaram olara goşulýardy. Ählisiniňem dilegi birdi:

– Nan beräýiň-dä!.. Açlykdan ölüp gelýäs!.. Biziňki adam bulgar... Tatarlar çapdy...

Ötegçiler bu biçärelere barjasyndan eçilip, ädimlerini çaltlandyrýardylar.

– Ýene bulgarlar! Gaçyp gelýänler gaty kän welin, ne bela uçradylarka?

Reňklenen kendirden tikilen melewşe geýimine sapak bilen sary haçlar çekilen garry ruhany buthananyň işigindäki basgançaklarda peýda boldy. Ol kiçiräk mis haçy iki elinde ýokary göterip, sandyrawuk sesi bilen üýşüp duran adamlara pata berdi:

– Başyňyzy birikdiriň, prawoslawlar! Hudaýsyz Batyga hanyň ýolbaşçylygynda atbakar mungallaryň goşuny Rusuň üstüne eňip gelýär. Duşman goşunynyň gelýän ýeri Wagşy meýdanmyş. Olary Woronež derýasynda-da görüpdirler.

---

[87] Ş a b u r – aýallaryň öýde dokalýan ýüň matadan tikilýän üstki geými.

Şaňňy sesine bat berip gygyrýan ruhanynyň gürrüňini adamlar ünsli diňleýärdiler.

– Rehim-şepagatsyz hem zalym Batyga hanyň öz atbakarlaryny Rýazan topragynyň serhedine getirendigini biziň atamyz knýaz Ýuriý Ingwarýewiçem eşidipdir. Biziň knýazymyz öz doganlaryna Muroma, Kolomna, Krasna, Zaraýskdäki ogly Fedor Ýurýewiçiň hem Pronskdäki beýleki ogly Wsewolod Ýurýewiçiň üstüne çapar ýollapdyr. Ähli knýazlar öz goşunlary bilen kömege gelýändiklerini, biziň topragymyz üçin rýazanlylar bilen deň durup söweşjekdiklerini habar beripdirler.

Ruhany sözüne dyngy berdi. Bulgarlaryň göçünden ýene-de naýynjar sesler eşidilip ugrady:

– Çörek beräýiň-da! Rehim ediň!

Dikoros adamlaryň arasynda naýzasyna söýenip durdy. Onuň gapdalynda duran Toropka aşaklykdan kakasynyň ýüzüne seredýärdi. Dikorosyň gaharly agyp-dönýän gözleri onuň agyr oýa batanyndan habar berýärdi.

– Kaka! – diýip, Toropka onuň ýeňinden çekip ýuwaşja seslendi. – Atbakarlaryň biziň üstümize çozup gelýäni dogrumyka ýa-da bu goja ýalan sözleýärmikä?

– Başa geleni görübermeli bor – diýip, Dikoros jogap gaýtardy. – Kudrýaş, seň pikiriň nähili?

Kudrýaş gussaly baş yrap, şeýle diýdi:

– Çeşmäň boýunda goş basyp ýatan gedaý bulgarlara nebsim agyrýar. Hemişe olar geýnüwlidi, aýaklarynda gaýyş ädikleri bolardy. Myhmançylyga gaýyk münüp gelerdiler. Şular ýaly aýak ýalaň, baş açyk öz sähramyzdan alyslarda sergezdanlyk çekmek biziňem başymyzda bar bolaýmasyn? Ýöne gaçaýyn diýeňde nirä gaçjak?

– Başyňyz jem bolsun, prawoslawlar! Nälet siňen Batyga rus topragyny depelemäge ýol bermäň! – diýip, ruhany sesiniň ýetdigine gygyrýardy. – Ähliňiz knýaz Ýuriý Ingwarýewiçiň uly polkuna goşulyň!

– Nirä gitmeli? Ýygnanyşylýan ýer nirede? – diýip, Dikoros ýogyn sesine bat berdi.

Märekeniň her ýerinden çykan sesler onuň sowalyny alyp göterdi:

– Nirede ýygnanyşmaly? Baştutanymyz kim?

Ruhany şeýle diýdi:

– Häzir Rýazan knýazynyň družinnigi, şöhratly pälwan Ýewpatiý Kolowratyn size diýjek sözi bar! – Ruhany mis haçyny goltugyna gysdyrdy-da, üşän ellerini giň ýeňine sokdy.

Egni kelte possunly, başy demir tuwulgaly uzyn boýly urşujy buthananyň öňündäki meýdança çykdy. Onuň ykjam dakylan kemerinden ýaşyl gynly uzyn egri gylyç sallanyp durdy. Ýigit kertigine gyzyl çaýylan çemeli söweş paltasyny ýokary göterdi-de, kaddyny dikläp, adamlara şadyýan nazar aýlady. Soňam üç tarapa yhlas bilen epilip tagzym etdi:

– Rýazan topragynyň batyr urşujylary, aýy awlamakda deňi-taýy bolmadyk edermenler! Birnäçe söz aýtmaga sizden baş egip, idin soraýan!

– Aýt, aýt, Ýewpatiý! Gulagymyz sende!

– Atbakar tatarlaryň kimdigine men belet! Olary men öz gözlerim bilen gördüm, şu ellerim bilen biloňurgalarynam omurdym. Olaram meň tenime birneme ýara saldylar. Ine, şu demir tuwulga bilen egri gylyjy kül-uşak edilen tatar knýazyndan sypyryp aldym!

– Görüň, biziň Ýewpatiý Kolowratymyzyň zordugyny!

– On iki ýyl ozal – bu siziň köpüňiziň ýadyňyzdadyr – men rostowly družinaçylar bilen ýowuz tatarlara garşy söweşe girip gördüm. Biz gaty uzaga – Gök deňize çenli gidip, Kalka derýasynyň kenarynda tatar goşunlary bilen garpyşdyk. Olaryň nähili çozýanyny, söweşde at salyp, göräýmäge bizden gorkup gaçýan ýaly yzlaryndan kowaladyp, gabawa salyşlaryny men ilkinji gezek şonda gördüm. Uruşda olar gözsüz batyr. Ýöne durnukly däl. Sähelçe bir zat boldugy, yzlaryny garaman gaçýarlar-da, esli arany açyp ýene toplanýarlar...

Kudrýaş Dikorosyň böwrüne hürsekledi:

– Tatarlaryň näme edýänini eşitdiňmi? Öňüňden bilip goýan ýagşy...

– Urşa gideniňe görä baştutanyň şu aýy awlap ýören Ýewpatimiz ýaly bolaýsa! Biz munuň bilen aýy awlamaga bilen giderdik. Tatarlary ýepbeklemäge-de bile gitsek, gowy bolaýjak welin...

Ýewpatiý ýene birnäçe kalba batnykly sözler aýtdy, ähli adamlary Rýazana – knýazyň köşgüne baryp, Uly polka goşulmaga çagyrdy. Meýdançadan düşüp, özüne ýol beren mähelläniň içi bilen geçip barýarka onuň nazary Dikorosa kaklyşdy.

– Salam, Saweliý! – diýip, ol şadyýan seslendi. – Näme, uruşmaga şaýlandyňmy?

– Elbetde. Ine, oglumam alyp geldim. Goňşularymyňam bary şu ýerde. Hemmämiz seň družinaňda söweşmek isleýäs.

– Bolýar. Ondan arkaýyn bol! Rýazana baryberiň. Meni knýazyň köşgünden taparsyňyz.

Iki družinaçy syçrap duran ullakan aty getirdi. Ýewpatiý ata böküp mündi-de, Rýazana tarap ýüzin salyp gitdi.

## ALTYNJY BAP

### Rýazan maslahaty

*...Şanly şäher, senden sorajak zadym!*
*Birçaklar gül açan belent şöhradyň*
*Ullakan geňeşler bolan çaglary,*
*Diňläp knýazlaryň hökümli sesin,*
*Nirde ganly jeňe atlanyp, seniň*
*Erkinligiňi goran arkadaglaryň?*

(Dm. Wenewitinow)

Jaňyň güňleç sesi ertirden bäri adamlary weçä – maslahata çagyrýardy. Asuda, sowuk howada birsydyrgyn ýaňlanýan ol ses daş-töwerege howsala salyp, golaý-goltumdaky obalara-da baryp ýetýärdi. Ony eşidenden jaýyň sekisine çykan adamlar howlukmaçlyk bilen mawut çäkmenleridir kelte possunlaryny egnine atyp, telpeklerini garbap alýardylar-da, daşaryk ýönelýärdiler. Derýanyň iki kenaryndaky gara basyrynyp ýatan ekin meýdanlarynyň içi bilen şähere tarap süýşüp gelýän adamlaryň uzyn hatarlary garalyp görünýärdi.

– Jaňyň sesi howsalaly çykýar welin, bir bolmasyz zat bolupdyr öýdýän? – diýip, adamlar haýdap gelişlerine pikir öwürýärdiler.

Oka derýasynyň belent kert kenarynda ýerleşen köne Rýazan şäheri ähli ýerini basyran galyň gardan ýaňa kümüşsöw öwüsýärdi. Şäheriň daşyna halkalaýyn aýlanan belent gum seňňeri, töweregi ýüz ýaşly dub agaçlary kesilip edilen haýatlar hem saklaw diňleri bilen berkidilen içerki şäher oňa haýbatly görnüş berýärdi.

«Çar ýany näçe diýseň berkidilen Rýazan her hili howp-hatara hötde gelip biljek ahyryn. Onda bu jaň sesiniň yzyny üzmän ýaňlanmasy nämedenkä? Ýa-da ýene knýazlaryň agyzlary alaraýdymyka? Ýigrimi ýyl mundan ozal Lipisa derýasynyň kenarynda bolşy ýaly, ýene adamlary biri-birini gyrmaga küşgürjeklermikä? Belki, başga zat üçindir?! Bir knýazy boýunlaryndan düşürip, başga birini mündürjek bolaýmasynlar? Knýazlaryň öz aralarynda alagöz bolanlary owarram. Ýöne halky gyrgyna bermek nämä gerekkä?»

Sokol dagynda, Fotýanow sütüniniň ýanynda ýerleşen meýdan adatça bazar günlerinde daýhanlaryň bugdaýly, unly haltalaryndan, doňdurylan doňuz hem göle etlerinden, toýun gap-gaçlardan, agaç çeleklerdir gaýry zatlardan gym-gyrç bolardy. Bu gün welin ýaňky meýdana üýşen adamlaryň derdinden ol zatlaryň birem görnenokdy. Çar tarapdan meýdana ýygnanan daýhanlardyr şäher ilaty maslahatda knýazlaryň hem olaryň ogullarynyň söz sözleýän ýeri bolan Uspenýe ybadathanasynyň öňündäki aýmança golaýlaşjak bolup jan edýärdi.

Dikoros hem onuň Perunow Bordan bile gaýdan ýoldaşlary aýmançanyň edil alkymynda durdular. Ol ýerde iki sany men diýen ýigit telpeklerini hem kelte possunlaryny bir ýana taşlap, buthananyň ýanynda eşegarka edilip dikilen pürslere berkidilen ullakan mis jaňyň dilini iki ýana aldygyna urýardy.

Kiçijik jaňlaryň şaňňy sesleri ýatan badyna egni ruhany geýimli, saçy ýeňsesinde örülgi hyzmatkär buthanadan ylgap çykdy-da, uly jaňy kakýan iki ýigide gyzyl ýaglygyny bulaýlady. Olar jan kakmalaryny bes edip, ýeňleri bilen maňlaýynyň derini çaldylar. Mähelle aýmança tarap hasam gysylyşdy. Bu howsalanyň sebäbini bilesi gelip, içini it ýyrtýan daýhanlaryň köpüsi üýşüp ýatan goşlardyr at goşmak üçin gerekli esbaplaryň üstünde ornaşdylar.

Buthanadan seslerini sogduryp aýdyma gygyrýan aýdymçylaryň bir topary çykdy. Olaryň yzyndan buthana gullukçylarynyň geýmine giren dört dýakon tüsseläp duran kadilolaryny iki ýana hallanladyp gelýärdi. Soň eginlerine altyn riza geýen, elleri kümüş hem mis haçly dabaraly ýöräp gelýän

on sany ruhany göründi. Ahyry ýepiskopyň özem çykdy. Monah bolmaga taýýarlanýan iki oglanjyk oňa goltugyndan söýget berip gelýärdi.

Ruhanylaryň yzyndan egni dür hem beýleki gymmat bahaly daşlar bilen bezelen gyzyl ýapynjaly Rýazan knýazy Ýuriý Ingwarýewiç çykdy. Onuň družinaçylary – ýalaňaçlanan göni gylyçlaryny eginlerine ýaplap duran ýigrimi ýigit knýazy goraglap, meýdançanyň töweregini gurşan adamlary gaty ýakyna goýbermän saklaýardy. Onuň yzyndan öz ýedi ogullarydyr ýegenleriniň gelinlerini daşyna egrip knýaz aýaly Agrippina Rostislawna, uly boýarlar hem knýazyň ýakyn adamlary çykdylar. Ýuriý Ingwarýewiç uly jaňyň ýakynyndaky daşdan edilen belent ýere çykdy, onuň yzyndaky adamlardyr ruhanylar bolsa meýdançanyň gapdalynda hatar tutup durdular.

Onuň beýle tarapynda şäheriň dürli künjeginden hem ýakyn obalardan gelen ýaşulular ýerleşdiler. Eginlerine kelte possundyr söwdagärleriň öýde dokalýan mawutdan tikilen uzyn etekli donuny geýen ol adamlar tekepbirlik bilen seslerini çykarman durdular. Olaryň biri – aşaky obadan gelen ak sakgally, ýüzi nurana ýaşuly knýaza hem onuň aýalyna aýratyn tagzym etdi-de, samyr gulakjynyny döşüne gysyp durşuna şeýle diýdi:

– Şan-şöhradyň egsilmesin, atamyz Ýuriý Ingwarýewiç! Seniň Agrippina Rostislawna bilen saglykda, wagtyhoşlukda ýaşap ýörmegiňizi hem sadyk bendeleriň bolan bizi ýadyňyzdan çykarmazlygyňyzy isleýäris! Bir zat soramaga maňa ygtyýar ediň. Halky bu ýere ýygnamagyň, jaň kakmaga buýruk bermegiň sebäbi näme? Belki, Rýazan halkyna diýjek-goýjak zatlaryň bardyr?

Märekä tutuk nazar salyp duran knýaz çal sepen uzyn saçlaryny silkip, tekepbirlik bilen üç tarapa eglip tagzym etdi.

– Gulak asyň, prawoslawlar! – diýip, ol ýadaw, basyk ses bilen söze başlady. – Men sizi möhüm iş bilen çagyrdym. Ertirden bäri ýaňlanýan jaň sesiniň ýöne ýere däldigini guman edýän bolsaňyz gerek. Biziň ählimiziň birleşip, bir erke, bir kalba tabyn bolup, gaýragoýulmasyz işleri çözmegimiz gerek...

– Göwnüňde näme bolsa, çekinme-de aýdyber, knýaz! – diýen sesler eşidildi.

– Birwagtdan, baryp ýaz aýyndan bäri Wagşy meýdandan ýakymsyz habarlar gelip dur. Polowes hanlarynyň arasynda başly-baratlyk ýüze çykyp, olaryň goşunlary uzakdan – Wolganyň aňyrsyndan gelen näbelli bir halk bilen garpyşýarmyş. Aýdylyşyna görä, ýowuz hem güýçli ol halk olary zat goýman talap, oturymly ýerlerinden kowup ummadan çykarypdyr...

– Eşidýäňizmi, prawoslawlar? Nähili halkkan-aýt, olar?

– Olar iň bir golasygmaz hanlaram ulukjyn aldyryp, özlerine atbakar edipdirler.

– Be, ýeser adamlar eken-ow! Adynam aýdyň-da o halkyň! Ýa olaram atbakarmy?

Knýaz sözüni dowam etdi:

– Ol gelmişek hudaýsyz halka mungallar hem tatarlar diýilýär. Olar polowesleriň öýlerini başlaryna ýumrup, ähli öküzleridir goýunlaryny garabokurdaklaryndan ötürip, indem biziň tarapymyza ýygyn dartýarmyşlar. Häzir olar Woronež derýasynyň ýakynyndaky zastawalaryň golaýynda üýşüp durmuşlar. Çaky, biz bilen urşa girmek hyýallary bar ýaly. Tatarlar bize ilçilerinem iberipdirler. Ilçileriň ikisi erkek kişi, birem gorkunç sypatly aýal maşgala. Olar bar zady soraşdyrýarlar, ähli zatlary aňjak bolup oda-köze düşýärler...

– Şolar bir bäri çyksyn, bizem synlaly. Belki, yzlaryna gider ýaly ýol salgy bermelidir...

– Hany, olary bärik alyp geliň! – diýip, knýaz družinaçylaryna buýurdy. – Ýöne bu duran adamlar birden bir zat edäýmezleri ýaly, olary pugta goraglaň. Her näme-de bolsa olar kuwwatly tatar şasy Batyganyň ýollan adamlary ahyryn.

## ÝEDINJI BAP

### Tatar ilçileri

Knýazyň öýüne tarap ýüwrüp giden družinaçylar öňlerine salyp gelen tatar ilçilerini jaňyň golaýyndaky sekiniň üstüne getirdiler. Ilçiler üç sanydy. Olaryň birinjisi – başyndaky deri telpegi ak mata bilen daňlan, tilki hamyndan tikilen possuny ýere ýetip duran garrydy, beýlekisi – aşak etegi eplenen keçe telpekli, uzyn gök donly, guşagyndan egri gylyjy sallanyp duran deşli ýaş esgerdi. Bu ýigidiň kelte boýny, pälwanyňky ýaly ýaýbaň eginleri, tutuk, ýylçyr ýüzi hem hökümli garaýşy birhili sussuňy basýardy. Onuň töweregindäkilere parahat, biparh seredişi buýurmaga, jeza bermäge ýa-da rehim etmäge öwrenişen adamyň bolşuny ýadyňa salýardy. Üçünji ilçiniň keşbi ähli adamlary geň

galdyrdy. Ol ýüzi ýellenen, däli gözleri oýnaklap duran garry aýaldy. Egnine aýy hamyny atynan, başyna ziňňirt börük geýen bu yşaradyň bilindäki kemerinden aýyň dyrnaklarydyr dişleri, balykgulaklar, uzyn inçe pyçaklar hem ýüzüne ýyldyzlaryň suraty çekilen ullakan deprek asylgydy. Ol bir salymam parahat durup bilenokdy. Nämedir bir zat gözleýän ýaly daş-töweregine ýaltaklaýardy, nähilidir bir geň sözleri eşidiler-eşidilmez pyşyrdaýardy.

– Bu baryp ýatan jadygöý ýaly-la! – diýip, adamlaryň käbiri seslendi.

– Knýaz, bu ilçileriň näme isleýäninden bizem habardar et! Olara bizden näme gerekmiş?

Knýaz ýakynynda duran boýara ýüzlendi:

– Işi özüň alyp bar. Goý, olar biziň şäherimize näme üçin gelenlerini halka habar bersinler!

Ilçileriň gapdalynda dilmaç häzir boldy.

Lihar Kudrýaş Dikorosyň böwrüne hürsekledi:

– Dilmajy tanaýarmyň? Hany, gowuja seret. Bu şol biziň obamyza baryp, ýaglyklaryny, iňňedir monjuklaryny derä çalşyp gaýdan täjir bulgardan başga hiç kim däl. Çaky, bu olaryň jansyzy bolup ýollary öwrenmäge iberilipdir-dä. Päliňden tapasyň hernä, nejis!

Ilçiler bilen ýuwaş gürleşýän dilmaç olaryň jogaplaryny boýara ýetirýärdi. Ol bolsa gaty gygyryp, aýdylanlary märekä eşitdirýärdi:

– Knýaz hem knýaz aýaly, prawoslaw halk, mungallaryň bizden näme talap edýänine gulak asyň! Aýdyşlaryna görä, bularyň şasy Batyga Juçyýewiç ähli knýazlardan beýikmiş, şalaryň şasymyşyn. Onuň atasy Çagoniz hana ähli halklar boýun bolupmyş. Büýem şondan galan zatlaryň baryny öz eline alypmyş. Bu bihepbe çaparlar indi rus halky Batyga Juçyýewiçe boýun egmeli diýýär. Eger boýun egmeseler, ähli polowes hanlaryny özüne çopandyr atbakar edişi ýaly, bizi-de at toýnagynyň astynda mynjyratjakmyş...

– Öwünme diý şolara! Beýdäýmek dilde aňsat! – diýip, knýazyň golaýynda duran Ýewpatiý gygyrdy.

– Dil bir öl ýere biten zat-da – diýip, Ýuriý Ingwarýewiç boýara ýüzlendi. – Sen olara düşündir. Haýbat atyp durman, Rýazan topragyndan näme gerekdigini düşnükli edip aýtsynlar.

Boýar ýene dilmaja, dilmaç bolsa ilçilere ýüzlendi. Ýaş mongol egri gylyjynyň sapyndan tutup durşuna ýer depip, haýbatly gürlemegini dowam etdirdi. Garry ilçi iki eliniň aýasyny tapyşdyryp, gymyldaman durdy. Gorkunç jadygöý aýal towlanjyrap, bökjekläp, düşnüksiz sözler samyrdaýardy.

Boýar ýene söze başlady:

– Knýaz, bu mungal ilçileriniň dillerine alýan haýasyz sözlerini bolşy ýaly aýtsam, gaharyňyz gelmesin. Bular ähli zadyň ondan birini bermegimizi berk talap edýärler. Knýazlardanam, beýleki adamlardanam, ak, goňur, çypar, al atlarymyzyňam ondan biri şularyňky bolmalymyş...

Tupanyň öňüsyrasynda bolşy ýaly, märekä ümsümlik aralaşdy. Knýazyň pert sözleri ýaňlandy:

– Biziň hemmämiz ýok bolanymyzdan soň, goý, ähli zat şolaryňky bolsun!

Mähelle gorjalan ary ketegi ýaly güwwüldedi. Her ýerden sesler çykdy, gülki eşidildi:

– Ho-ho-ho! Işdäleri sogan alýar-ow bularyň! Hany, golanyna bir gelsinler! Knýaz, olary gelen ýerlerine – Wagşy meýdana kowup, yzyndanam itleri boşatmak gerek!

Ilçiler gaharly göreçlerini gygyryşýan adamlara dikip, seslerini çykarman durdular.

Knýaz ýüzüni Ýewpatä tarap öwrüp, şeýle diýdi:

– Öz gykylykçylarymyz bilen gürleşmäge sen ökdesiň. Birden ilçileri düýt-müýt edäýmänkäler köşeşdir olary!

Ýewpatiý ýeňillik bilen tagta sekä çykdy-da, sesine bat berip gygyrdy. Onuň aýyl-saýyl sesi üsti bede ýükli arabalaryň üstünde oturan daýhanlara-da aýdyň eşidildi:

– Rýazanyň halky, maňa gulak asyň! Ozallar Rýazan oba hasaplanýardy. Indi bolsa ullakan şähere öwrüldi... Şäheriň ilatam oba daýhanlary ýaly haýwantak, gödeksi däl-de, mylakatly, sypaýy bolmaly... Başga ýerden gelen ilçileri sögünç bilen ugradyp, yzyndan it küşgürmek bize gelişjek zat däl. Tüweleme, siziň baryňyz Rýazanyň men diýen ýigitleri. Ätiýajy elden bermäň. Öte geçip, abraýyňyzy ýere çalmajak boluň...

Märekeden gülki sesleri eşidildi:

– Ho-ho-ho! Gör, biziň Ýewpatimiz nireleri tozadýar!

– Mungal ilçileriniň soraýan zatlary, elbetde, çökder. Eýsem polowes atbakarlary at satanlarynda üç esse artyk bahalamaýarmydylar?! Biz olara şeýle diýýärdik: eden teklibiňiz üçin sag boluň, hormatly myhmanlar! Bu işi biz çözemzok. Munça baha tölemäge erkimiz ýok! Wladimir-

Suzdalskiý şäherinde, bizden has ýokarrakda oturan eýämiz – beýik knýaz Georgiý Wsewolodowiç bar. Mongol şasy Batyganyň ilçilerinem biz şonuň ýanyna ugradarys. Olary düwmeleri, jaňjagazlary owaz edip duran üç at goşulan ýaýbaň gar arabasynda halyň üstünde oturdarys-da, eginlerine-de üşemezleri ýaly aýy derisinden edilen possun atyp: «Baryň, ýoluňyz ak bolsun!» diýeris. Tatarlara soran zatlaryny häzir bermelimi ýa-da biraz soňrakmy – goý, ony Suzdalyň beýik knýazy Georgiý Wsewolodowiçiň özi aýtsyn.

– Hak aýdýaň, Ýewpatiý! Gaty dogry!

– Myhmanlary Wladimir şäherine ugratmaly!

– Häzir bolsa knýaz Ýuriý Ingwarçewiç gadyrly myhmanlary duz-çörekdir tagam dadyp gitmekleri üçin öz öýüne çagyrýar – diýip, Ýewpatiý ilçilere ýüzlendi.

Ilçiler tagta sekiden düşüp gidenlerinden soň esli wagt geçse-de, adamlar dargaşman durdular. Hemmeleriň gürrüňi mähriban ýeriň goragynda döş gerip durmak, ýigrenji duşmanlary Rýazan topragyna girmänkä yzyna kowmak hakyndady.

Knýaz tatar ilçilerini dürli-dümen nygmatlar bilen bol-elin hezzetledi. Hyzmatkärler tagamly naharlary yzyny üzmän daşaýardy. Boýarlardyr garry družinaçylaram olar bilen birlikde naharlanýardylar. Ilçileriň iýip egisýän zatlary ýokdy. Birden awy sepilen bolaýmasyn diýen gorky olaryn aňyndan çykanokdy. Iýjek zatlaryny ilki ysgap görýärdiler. Çakyrdyr baldan-a asla datmadylaram.

Agşam şamyndan soň örülip ýasalan, içine tüýi ösgün deriler ýazylan pesräk gar arabasyny getirdiler. Ýöne ilçiler onda gitmekden boýun towlap, öz atlaryny getirmeklerini talap etdiler-de, atlanyp ýola düşdüler. Knýaz ilçiler ýatmak isleseler gerek bolar ýaly gar arabasyny sürýäne olardan galman gitmegi buýurdy. Olary goramagy bolsa elli sany atly družinaça tabşyrdy.

Knýaz ilçileri derwezä çenli ugradansoň, Ýewpatini çagyryp şeýle diýdi:

– Wagşy meýdandan gara bulut ýaly süýşüp gelýän ýagy ýöne-möne däl bolsa gerek. Süňňüm bir erbet zady syzýar. Eli gylyç tutmaga ýaraýanlaryň ählisini kömege çagyrmaly. Mongol ilçileriniň ýany bilen men doganymy hem ýolladym. Ol beýik knýaz Georgiý Wsewolodowiçden Suzdalyň, Rostowyň hem Belozeryn ähli halkyny aýaga galdyrmagy haýyş eder. Beýik Nowgorody kömege çagyrar. Biz gepleşikleri gutarýançak ol tatarlaryň garşysyna çykjak uly goşun bilen bärik ugrar. Wagşy meýdana – tatar şasynyň ýanyna birgiden sowgat-serpaý bilen öz oglum Fedory hem ugur-ýol tapmaga ökde boýarlarymy ibermekçi. Ýewpatiý, sen bolsa Çernigowa git-de, knýaz Mihaile baş egip, onuň goşunyny kömek bermek üçin bärik alyp gaýt! Ol ýere seni ibermegimiň sebäbi bar: başga birini ibersem, özem ýitip gider, goşunam gelmez öýdüp gorkýan... Şu iş üçin senden ygtybarly adam ýok. Öz ganybir doganlaryň bolan rýazanlylar üçin seniň eliňden gelenini gaýgyrmajagyňa hem kömek bilen wagtynda ýetişjegiňe ynanýan. Meniň athanamdan näçe at gerek bolsa al-da, tizräk dolanyp gel!

Ýewpatiý şol gijäniň özünde Çernigowa tarap gyssanmaç ýola düşdi.

## SEKIZINJI BAP

### Wagşy meýdanda

Günorta tarap ugranyna üç gün geçen goşun Wagşy meýdanyň göwsüne barha çuň aralaşýardy. Rus topragynyň öň hatardaky daýanjy bolan Rýazan öz howsalasy hem bulam-bujarlygy bilen alyslarda galdy. Knýaz Wsewolod Pronskiniň baştutanlygyndaky atly otrýad ilkinji bolup barýardy. Sähranyň göwsünden asyrlar boýy depgilenen ýoly dolduryp barýan atlylaryň uzyn hatary esli aralyga uzalyp gidýärdi. Has öňde – gözýetimiň golaýynda duşman otrýadlaryny aňtamaga iberilen atlylar göze çala kaklyşýardy. Olar ýapgyt alaňlaryň hem ýeke özleri somalyp oturan depeleriň üstüne çykyp, telpeklerini ýokaryk zyňyp, bir duran ýerlerinde aýlanyp şertli alamat berýärdiler-de, ýene aňyrlygyna at goýýardylar.

Daş-töwerekde yns-jynssyz, uç-gyraksyz gara basyrynyp ýatan düzlükden başga gözüňe ilýän zat ýokdy. Käýerde alaňlaryň ýapgydynda entek gyzyl ýapraklary doly gaçyp gutarmadyk osinalar, ýeri mazaly gazyp akýan derýajygyň kenarynda garalyp görünýän dublaryň hatary göze ilýärdi.

Günorta-gündogara uzalyp gidýän bu ýoluň iki gyrasy alys Surożdan[88] gaýdan kerwenleriň, goýundyr ýylky sürüleriniň, topar-topar bolup kaňkaşyp ýören ýyrtyjy haýwanlaryň ýasan ýodalaryndan

---

[88] S u r o ž – Krymda deňiz ýakasynda ýerleşen söwda şäheri. Häzirki ady Sudak.

ýaňa edil torlanan ýalydy. Olaryň ählisi şol wagtlarda Zalesýe diýlip atlandyrylan Demirgazyk Rusa barýardy. Adamlaryň birnäçesi haryt çalyşmak ýa-da söwda etmek üçin gitse, beýleki bir topary alaman hem talaňçylyk niýeti bilen gidýärdi.

Ýoda bilen ýöräp barýan Toropka öňdäki atlylara gözügidijilik bilen nazar salýardy. Uly adamlaryň hatarynda ilkinji gezek ýörişe gatnaşýanyna öz ýanyndan monça bolýan ýigdekçe ýaýylyp ýatan garly düzlere keýp edip barşyna howp-hatary kän ýadyna salanokdy. Entek görmedik adamlary – gorkunç tatarlar bilen garpyşmaly boljagy hakynda oýlananda, onuň kalbynda hem-ä şatlyk, hemem howsala ýakyn duýgy peýda bolýardy. Hudaý ugruna etse, belki, ol beýleki urşujylardan saýlanyp, uly edermenlik görkezer, şöhrat gazanar. Ýörişe ugralmazynyň öňüsyrasynda kakasy oňa şeýle diýipdi: «Biz seň bilen aýy awlamaga kän gitdik. Şonda bir zady pikir edip gördüňmi: entek üstünden barmankaň, awlajak haýwanyň has gorkunç ýaly görünýändir. Duşanyňdan soň bolsa bar pikir-küýüň ony sypdyrmazlykdyr. Tatarlar diýilýänem bizden güýçli adam däl. Söweşe girende, gykylyklap çozýar. Gorkýany üçin gykylyk bilen howuňy basjak bolýar. Öňe zomanda-da şoň ýaly. Gorkudan ýaňa gözi peträp dur. Gözüň töweregiňde bolsun. Sähel ýöwselleýäniňi duýdugy, duşmanyň güýjüne güýç goşular. Paltaňy batly inderdigiňçe, naýzaňy berk sançdygyňça duşmanyň aýagy tibirdär».

«Kakamyň söweş düzgünlerinden gowy başy çykýar – diýip, Toropka oýlandy. – Ol suzdallylar bilenem urşup görüpdir. Wagşy meýdana-da kän gezek söweşe giripdir. Näçe sapar ýarasyna saran sargysynyň gatap giden gany bilen öýe dolanyp geldi».

Toropkanyň hasabyna görä, družinada iki müňe basalykly urşujy bardy. Ýüzlüklere bölünen goşun belli bir tertipsiz halan ýerinden gidip barýardy. Biri-birine egin deňläp barýan her toparyň adamlary beýleki ýüzlükdäkiler bilen goşulanokdy. Her topary knýazyň družinasyndan bolan ýüzbaşy alyp barýardy. Ýüzbaşynyň münüp barýan daýaw atynyň esbabyny bezeýän mis halkalardyr zynjyrlar ony beýlekilerden saýlaýardy. Käbir ýüzlükleriň öňünden ozal Wagşy meýdana gidip gören, ýagdaýa belet adamlar barýardy.

Her ýüzlügiň yzyndaky esli aralyga uzalyp gidýän arabalarda örülen sebetleriň içinde arpa çörekler, unly, daryly haltalar hem doňuz ýagy bardy. Urşujylara ýöremek ýeňil bolar ýaly demir halkalardan örülip edilen köýnekler, sowutlar, ýaraglardyr possunlaram şol arabalara basylypdy. Ýapgyt inişlerdir dar öwrümlerde urşujylar arabalary agdarylaýmaz ýaly söýget berip geçirýärdiler.

Perunow Bordan gaýdan urşujylaryň ähli̇si ýarustowoly daýhanlar bilen bir ýüzlükde barýardylar. Iň öňden aýagy agaç gabygyndan örülen köwüşli, pes boýly, eginlek mordwin Waulanyň gyrbyldap barýany görünýärdi. Ol öz dilinde aýdyma gygyryp barşyna ozal görmedik nätanyş zadyna gözi düşdügi sesini tapba kesýärdi. Ömrüni tokaýda geçiren Waulanyň sähra ilkinji ýola çykyşydy. Birden oýdan çykan bir süri saýgagyň adamlardan ürküp, egri şahlaryny arkan taşlap ok ýaly atylanyny gören Waula haýran galmakdan ýaňa iki buduny şapbatlan, aşak çökäýdi.

Arryk hem şilliň uzyn Zwýaga öz howsalaly pikirlerine gümra bolup onuň yzy bilen barýardy. Waulanyň oňa degesi geldi:

– Hany, uzynak, olaň yzyndan ýetip, guýrugyndan towlap tutsana!

– Aý, ýok. Sen başarmajak zadymy aýtma! Gaçyp barýan towşany kowalap gulagyndan tutmaga siz – mordwinler ökde. Özüň bir synanyp gör!

Bir gyradan barýan Lihar Kudrýaş tiz-tizden depäň üstüne çykyp, uzaklara garap durşuna düşündiriş berýärdi:

– O ýerde gündogardan Sosnowaýa Rýasa, günbatardan bolsa Ýagodnaýa Rýasa derýajyklary akýar. Olaryň ikisem Woronež derýasyna guýýar. Ana, o ýerdäki çuň jaryň eteginde geçen ýyl polowes hanlarynyň ak öýleri dikilgidi. Satmak üçin goýundyr öküzleri sürerdiler... Men olaň arasynda on iki gün ýaşadym, hanyň arabasyna demir tutaý, tigrine bolsa halka dakyp berdim. Erbet adamlar däldi! Dillerinem az-kem öwrendim. Özlerini «komanlar» diýip atlandyrýan ol adamlaryň arasynda meniň dogan okuşanlarym, gardaşlarymam bar... Sähra bahar aýynda juda gözel. Adam boýundanam ýokary otlaryň arasynda öküziň şaham görnenok. Ýazda atbakarlaryň süýdi bolaýar. Maýda malyň süýdünden peýnir, baýtalyň süýdünden bolsa başyňy aýlaýan gymyz edýärler. Ýazyna bol-elinlikden ýaňa keýpleri kökelýän polowesler şatlanyşyp, oduň başynda aýdym aýdyp, tans edýärler...

Agras ýüzüni sallap sesini çykarman, içini hümledip barýan Dikoros iki gezek Toropka ýüzlenip şeýle diýdi:

– Öýe aman-esen dolanyp bararysmy-barmarysmy – bir hudaý bilýär...

Garaňky gatlyşyp ugranda ýüzlük derýajygyň ýapgyt kenarynyň golaýyndaky kälde düşledi. Beýleki kenar belent hem kertdi. Saklawa iberilen adamlar garaňkylygy penalanyp şol ýerde gizlendiler. Gar arabalaryny töwerege hatar aýlap, ortada ot ýakdylar. Gündizden üýşürilip goýlan bürmek, syrkyn ýaly çöpler ody uzyn gije söndürmän ýakmaga ýetjekdi. Duşaklanyp goýberilen atlar golaýdaky geçen ýyldan galan ot-çöplerdir gamyşa agyz urup, peýwagtyna otlaşyp ýördüler.

Arabadan possunlaryny getirip onuň başynda gyşaran obalylar köpi gören adamlaryň Wagşy meýdan, polowes hanlarynyň elinde horluk çeken, aýagy gandally rus bendileriniň durmuşy hem gaçyşlary baradaky gürrüňlerini diňleýärdiler.

Gijäniň ýarynda kakasy Toropkany oýardy-da, belent depäniň üstünde daň atýança saklawda durmagy tabşyrdy.

– Şol ýerde gizlen-de, gymyldaman otur, ýeriňdenem turma! Oturanyny aňdyklary tatarlar assyrynlyk bilen gelip, damagyňy çalarlar. Olary gördügiň gygyr-da, bizi kömege çagyr!

Toropka depä çykdy-da, gurap giden bürmegiň arasynda gizlendi. Töwerek tüm-garaňkylykdy. Derýajygyň golaýyndaky kälde ýakylan otlaryň ýalny kem-kemden peselýärdi. Oduň töwereginde parahat uklap ýatyrdylar. Atlar ýyrtyjy haýwanyň golaýlaşýanyny duýýan ýaly burunlaryny tazzyldadýardylar.

Toropka hüşgärlik bilen naýzasyny berk gysymlap otyrdy. Gözlerine uky gelenokdy, ýadawlygy zym uçan ýaly bolupdy. Onuň göwnüne uzyn pyçagyny dişi bilen tutup gelýän tatar özüne golaýlaşýan ýalydy. Garaňkyda asyl-asyl bolup duran bulutlaryň käýerinden uşak ýyldyzlar göze kaklyşýardy. Gury syrkynlar ýuwaşja şygyrdaşýardy. Pikire batyp oturan Toropka ejesiniň soňky gezek gujaklanyny, aýdan sözlerini, ýörişe ugran erkekleriň boýunyndan asylyp duran aýallaryň naýynjar seslerini, bir gyrada gözlerini gyrpman duran Weşnýankany ýatlady. Sähradan ýüzin salyp barýan ýeňil, owadan polowes aty göz öňüne gelende ol Weşnýankany bir salym ýadyndan çykardy. Ol hyýalynda ýel ýaly süýnüp barýan şol atyň üstünde gizlenip oturan tatary gözleýärdi. Toropkanyň bar pikir-küýüni şu oý büs-bütin gaýalap alypdy.

Ümsüm sährada sogup ýaňlanan basyk ses ony özüne getirdi. Kämahal tokaýda hüwi şonuň ýaly ses edýär. Ýene bir inçe ses has ýakyndan eşidildi. Bu nämekä? Möjek bolaýmasyn? Belki, golaýa gelen tatar aňtawçylary garaňkyda biri-biri bilen habarlaşýandyr?..

Gije garaňkam bolsa asmanyň symgylt ýagtysyna guran bürmegiň şahalary açyk-aýdyň bildirýärdi. Birden şahalaryň biri yranyp gitdi. O-ho! Bu ýöne ýere däl bolsa gerek. Belki, adam-gara bardyr? Ana, bir adamyň kellesi göründi... Ol ör turdy-da, töweregine garanyp, ýene göwresini otlaň arasynda gizledi... Özümiziňkileriň birimikä ýa-da duşmanmyka?.. Gygyryp, kömege çagyrsammykam? Beýtsem duşman gaçar. Men-ä gygyrsam, olam özümiziňkileriň biri bolup çyksa – ile gülki borun.

Her şygyrda diň salýan Toropka ýaňky kelle ýene görünäýmezmikä diýip garaşyp otyr. Ana, ol!.. Ýöne bu gezek çep tarapdan – has ýakyndan göründi. Garaşyp duran Toropkanyň gulagyna sag tarapdan edil haýwanyňky ýaly boguk ses eşidildi... Burnuna goýun ýüňüniň ýiti ysy urdy. Birdenem pyşyrdy eşidildi... Rus-a däl... Öz-ä düşnüksiz dil... Olaryň biri juda golaýa gelip aşak egildi... Belki, gylyç salmaga çemelenýändir? Ýa-da peýkam atjakmyka?.. Haýal-ýagallyk etmeli däl!.. Öňürtmek gerek...

«Edermenlik görkezip bilsem, ýaşulularyň öňünde abraýym artar» diýen pikir Toropkanyň aňynda ýene peýda boldy. «Ötgür naýzam elimde. Diňe...»

Toropka bar güýjüni jemläp öňe okduryldy. Naýza nähilidir bir ýumşak zada sanjyldy... Iňňildi, hykgyldy eşidildi. Hiç kime eşitdirmejek bolýan ýaly naýynjar iňňildi ýene gaýtalandy... Naýzaň zarbyna duçar bolanyň göwresi aýagynyň ýanymda süýnen badyna başga biri Toropkanyň üstüne özüni oklady. Ýüzünden penjelän gaty eller ýaş ýigidiň burnuny, agzyny baglap, dem almasyny kynlaşdyrdy...

Toropkanyň sypjak bolup iki ýana urunany peýda bermedi. Gaýta beterleşdi. Dem gelmesi hasam kynaldy... ne iňläp bilýär, ne-de gygyryp. Ony süýräp uradylar. Kakama habar edip bolsady! Ol ogluny bu beladan sypdyrardy... Toropka gygyrmag-a däl, dem almagam hyllalla... Ony süýräp barýarlar. Gury bürmekler onuň eşiklerini sal-sal edip, emdamyny dyrnaýar. Güýçli, gaty elleriň ysam nätanyş. Onuň agzyna mata dykyp, ýüzüni esgi bilen daňdylar... Aýakdyr elleri bolsa berk ýüp bilen mäkäm saraldy...

## DOKUZYNJY BAP

### Tatarlar ugrady

*Dünýäniň döredileninden bäri 6745-nji (1237) ýylyň tomsunda hudaýsyz Baty han rus topragyna girdi hem köp sanly tatar urşujylary bilen Rýazan ýeriniň golaýyndaky Woronež derýasynyň kenarynda aýak çekdi.*

(Sene ýazgysy)

Tatarlar demirgazyga Don hem Dones derýalarynyň arasyny bölüp duran geçidiň üsti bilen ugradylar. (Soňra Krym tatarlarynyň kän geçen bu ýoluna Kalmius ýoly diýlip at berildi.) Bu ýoldan gitmek amatly hem ýeňildi. Köp suwly derýalardan ýüzüp geçjek bolup wagt ýitirmeli däldi. Giçki ýagan gar sähranyň ýüzünde ak örtük bolup ýatyrdy. Käýerlerde syrgyn zerarly üýşen gar depejikleri göze kaklyşýardy. Alaw ýakmaga bürmekdir syrkyn näçe diýseň bardy. Sährada güýz ýangynlary bolmany üçin ýagyş ýykan gury otlar dannawsyz tatar atlaryna bol iýmit bolup biljekdi.

Poloweslerden bolan ýolbeletler tatarlaryň öňüne düşüp barýardy.

Aýratyn otrýadlara, urugdyr arkalara bölünen müňlerçe atlydan ybarat tatar goşuny iki tarapa ullakan ganat ýaly gerlipdi. Aýratyn otrýadlardyr taýpalar biri-birine gabanç hem bäsdeşlik bilen seredýärdiler. Subudaý batyryň gatyşmazlyk, başga toparyň arasynda görünmezlik baradaky gazaply buýruklary berk ýerine ýetirilýärdi.

Nähilidir bir sebäp bilen özüniňkilerden galyp, başga lagere düşen tatar atlysy ähli kişä gülki bolýardy:

– O-ho, bu sergezdan, ykmanda serediň-ä! Haýsy taýpadan borsuň?

Soralýan adam diňe öz toparyna degişli söweş çakylygyny («Uýbas» ýa-da hemmä düşnükli bolan başga bir belli alamat) aýtmalydy. Şony bildikleri onuň jogaby taýyndy.

– Togsabaýlardan diýsene! Guýrugy soň tikilen aty satyn alanlardandyr bü! Görnübem dur-la!.. Juznaýlylar öz guşagyna gysdyran gamçysyny tapman, ile gülki bolup ýörendir!.. Garabirklilerem olardan idili däl. At ogurlap, özlerem üstünde uklaýarlar. Atam ogryny göni eýesiniň üstüne alyp gelýär.

Her otrýad ýörite çapar arkaly öz hany bilen aragatnaşyk saklaýardy, Han bolsa öz gezeginde ähli goşuna ýolbaşçylyk edýän jahangir Baty hanyň hem onuň ýekegöz harby geňeşdary Subudaý batyryň oturan düýp merkezi bilen häli-şindi habarlaşyp durýardy.

Çingiz hanyň neberesinden bolan on bir şazadanyň hersi on müň atlydan ybarat aýratyn tümeni bilen gidip barýardy. Ähli urşujylaryň ygtyýary şazadalara berkidilen aýratyn harby geňeşdarlaryň elindedi. Gazaply Çingiz hanyň ýörişlerinde ýowuz söweş mekdebini geçen şol geňeşdarlara bil baglaýan şazadalar tazydyr şunkar bilen aw aýlaşyp, günlerini keýp-sapada geçirýärdiler.

Baty han ähli goşuny Subudaý batyryň berk görkezmesi esasynda öňünden bellenen ýerlerdäki aýratyn ýodalardan demirgazyga tarap alyp barýardy. Mongol sakçylary bilen daşlary goralýan gypjýak ýolbeletleri öz janlaryndan gorkularyna düşleg üçin amatly ýerleri agtaryp tapýardylar.

Demirgazyga süýşüp barýan üç ýüz müň atlydan ybarat bu goşunyň içinde hakyky mongollar azdy.

Dürli dilde gepleýän köpmilletden bolan goşunda olaryň sany bary-ýogy dört müň çemesidi. Ýöne ýolbaşçylyk, harby geňeşdarlyk Çingiz hanyň neberleriniň janpenalary bolanlary üçin goşunda esasy rol şolara degişlidi. Düýp merkezden berilýän buýruklaryň ýerine ýetirilişine hem tertip-düzgüne esewan edýänem şolardy.

Atlylaryň ýaragyndan başga artykmaç ýükleri ýokdy. Düşleg mahaly olar otlap ýören atlarynyň ýakynynda ýatýardylar. Sebäbi ýöriş wagtynda atyňy ýitirmek gutulgysyz ölümdi. Urşujylaryň köpüsinde iki ýa-da ondanam kän at bolup, uzak ýolda gezekleşip münýärdiler.

Çadyr hem gurnama öýlerde ýaşamak diňe iň atla hanlara rugsat edilýärdi: sebäbi olar ýönekeý urşujylara häli-şindi görünmegi, alaw başynda ýanaşyk oturmagy özleri üçin peslik hasap edýärdiler. Gandally bendilerden bolan hyzmatkärler üstüne bölünip ýüklenen çadyrlary, öýleri, nagyşly keçeleri, mis gazanlary, unly haltalary, tüwini, kişmişi, kakadylan ýaby etini hem duzlanan ýagy göterip barýan onlarça düýäniň owsaryndan idip barýardylar.

Olar düşleg mahaly zynjyrlaryny şakyrdadyp hanyň özi, aýallary, harby geňeşdarlar, tebip, münejjim, mürze, porhan, molla hem hanyň esasy ýal ýagylary üçin öý gurup, nahar taýýarlaýardylar.

Urşujylaryň naharyna seredýän ýokdy. Olar näme tapsalar, şoň bilenem mydar edýärdiler. Öňünden çykan zady ýalmawuz ýaly syryp-süpürip barýan agyr goşunyň bir ýerde uzak durarlygy ýokdy. Olary tizlik bilen menzil aşmaga mejbur edýän esasy güýç – açlykdy.

Baýander han öz bäş müň adamly gypjak otrýady bilen mongol-tatar goşunynyň öňünden barýardy. Sähra gözegçilik etmek, aňtawçylary ýollap, ruslaryň öňdäki gorag postlarynyň ýerleşýän ýerlerini bilmek, «dil» tutup, onam gyssagly Subudaý batyryň çadyryna ugratmak oňa tabşyrylypdy.

Baýanderiň, öz otrýadyndan saýlan dört ýüz sany men diýen nökeri alyslara at salyp, ony ähli zatdan habardar edýärdi. Poloweslerıň ozalky mülki bilen rus tokaýlarynyň aralygyndaky ýaýylyp ýatan düzlükde bolup geçýän zatlaryň hiç biri olaryn ýiti nazaryndan sypanokdy.

Ýaýbaň depelerden, derýanyň akym ugrunda ösen bökek dub jeňňelliklerinden, kiçiräk jarlardyr köllerden ybarat bu meýdan hiç tarapa-da degişli däldi. O ýerler bukulyp, sähralda bolup geçýän zatlara gözegçilik etmek üçin diýseň amatlydy. Jarlar garşydaşyna garaşýan tutuş polklary hiç kime görkezmän gizläp biljekdi. Şonuň üçinem, Baýander hanyň otrýady juda seresaplylyk bilen hereket edýärdi. Gabawa düşäýmäýin diýen gorky bilen olar gijelerine derýajyklaryň kert kenaryny penalap düşleýärdiler. Ätiýaç üçin has edenli nökerlerden öňe aňtawçy iberýärdiler.

Her gün at salyp gelýän çaparlar Subudaý batyryň: «Ýesir tutuň!», «Dil» iberiň!» diýen buýrugyny getirýärdiler. «Eger ýesir tutmagy oňarmaýan bolsa Baýander hany goşunyň yzyna geçirerin. Iň yzda süýrenip, geljekki ýeňişleriň galyndysy bilen gün göresi gelýän bolsa, bileninden galmasyn!»

Baýander han aýagy oda bişen ýaly zowzuldap müňbaşylaryny çagyryp, üstlerine nagarasyny döwýärdi. Müňbaşylar bolsa ýüzbaşylaryň başyna ala ýabylynyň gününi salýardy. Ýüzbaşylaram öz gezeginde gaharyny onbaşylardan çykarýardy.

Nazar Kärizegiň ogullarynyň dördüsem öňdäki ýüz atlynyň içindedi. Ýüzbaşy – Baýander hanyň ozalky şuňkaryna seredip ýören nökeri Tulapbergen bir gün doganlaryň dördüsinem ýanyna çagyrdy.

– Siz sähra möjekleri, çalasyn ýigitler! – diýip, turuwbaşdan olaryň uguny ýekeläp ugrady. – Siz çägede edil suwulgan ýaly gizlenmäni oňarýaňyz! Şu gün gije hol alysda görünýän dub jeňňelligine tarap ýola düşüň... Ol ýerde şu gün urusut atlylaryny görüpdirler. Bukuda garawullap, olary gözden sypdyrmaly däl. Jaryň içi bilen tä jeňňellige çenli görünmän gidiň. Ol ýerde gizlenip, iň bolmanda urusutlaryň birini ýesir aljak boluň. El-aýagyny saraň-da, diri getiriň...

Ýüzbaşy ýaldyrap duran gara sakgalyny sypalap dört dogany gabak astyndan synlady.

Doganlar ýüzlerini sallaşyp durdy: berlen buýruk göwünlerine ýakmadyk bolara çemli.

– Näme jogap bereňzok?

Doganlaryň iň ulusy Demir jogap gaýtardy:

– Eger biz ýesir alyp geläýsek, sylagymyz näme bolmaly?

– Siz hakda Baýander hana gürrüň bererin. Onsoň näme sylag berse, özi biler.

– Ýok, munyňa kaýyl däl. Herimize goýun derisinden tikilen bir possun ber! Ýalazy meýdanda ýyrtyk donumyzy ýapynyp mydar edýänimizi özüň görüp dursuň. Ses ýanyňda bolsa gypjaklardan alan ullakan iki daňy possunyň bar. Biz-ä sowugyň derdinden dygdyrap ýörüs, senem...

– Bolýar, ertir ýesir getiriň. Heriňe bir possun bereýin.

– Ýöne sözüň söz bolsun!

Doganlaryň ikinjisi Börübaý şeýle diýdi:

– Sen bize jeňňellige çenli bukdaklap pyýada gidiň diýýäň. Munyň bolanok! Bize pyýadalyk urusutlardan has beter gorkuly. Ömür at üstünde gezip ýören adamlar-a biz. Jeňňellige ýetmänkäk köwşümiz dargar. Ol ýere gijäň garaňkysyny penalap atly gidiň diýseň, başga gep. Atlary buky ýerde gizläris-de, özümiz jeňňelligi barlap ugrarys. Ot ýakyp oturan sakçylaryň üstünden barsag-a bagtymyzyň getirdigi. Üstlerine duýdansyz dökülip, işimizi bitiräýmeli... Birden olar köplük bolaýsa, nädip başymyzy gutaraly? Özüň pyýada bolup gutuljak gümanyň barmy? Atlar bize ana, şoň ýaly ýagdaýda gerek!

– Onda atly gidäýiň. Şowlulyk hemişe kölege ýaly edermen adamyň yzynda bormuş. Ýöne iki eliňizi burnuňyza sokup geläýseňiz, eşitdim-eşitmedim diýmän. Getiren ýesiriňiz çalajan bolsa ýa-da gelensoň öläýse, mendenem, Baýander handanam el ýalamarsyňyz! Ähli bilýänini lakgyldar ýaly, biz oň dabanyna ot basarys. Baryň, alla ýaryňyz bolsun!

## ONUNJY BAP

### Tatarlaryň öňdäki ýüzlüginde

Tulapbergeniň öňdäki ýüzlügi «Ykmanda merhumlaryň jülgesinde» ýerleşýärdi. Bu ýerden akýan çeşmejik gijelerine hasam güýjeýän aýaza ýukarak buz gatlagy bilen örtülipdi. Jülgede töweregine ganawdyr agaç haýat aýlanan ýerkümeleriň birnäçesi saklanyp galypdyr. Öňler bu jaýlarda rýazanlylaryň garawul postunda durýan adamlary düşleýän eken. Olar häzir tatarlaryň gelýänini eşidip, demirgazyga çekilipdirler. Bu ýere rus söwdagärleri hem gelip ýaz harytlaryny çarwalaryň sürüp getirýän mallary bilen çalşypdyrlar. Töwerekde ýaýrap ýatan at tezekleridir goýun gumalaklary hem şondan habar berýärdi.

Ýüzbaşy Tulapbergeniň atlylarynyň bu jülgede burny baýguşyň çüňki ýaly egri, uçganakly gara gözleri ýyldyrap duran, horlugyndan ýasa hamy süňküne ýelmeşen bir kempirden başga janly-jemendä gözleri düşmedi. Ol ýarysy ýykylan ýerkümäniň agzynda töweregine biperwaý ser salyp otyrdy. Tatarlar içerini akan-dökän edip, kempiriň derde ýarar ýaly zatlarynyň ählisini aldylar. Bendede giň balagyndan, ýyrtyk donundan hem çeşmeden suw alýan moýly küýzesinden başga zat goýmadylar. Gije tatarlar uka gidenden soň garry pahyr alawyň ýanyna gelip, aç ölmezlik üçin galak-gaçaklary çöpläp ýene ýerkümesiniň agzyna baryp oturdy.

– Kim sen? – diýip, ýüz atla ýolbelet edilip goşulan Sentýak atly gypjak oňa azm urdy.

– Men ýesir gyrnak... Aslym Pýatigorýeden.[89] Entek güýç-kuwwatym barka meni elimi-aýagymy zynjyrlap işletdiler. Haçan-da garrap, tapdan düşemde bolsa: «Bar, dört tarapyň açyk!» diýdiler. Men bu halda iňläp ýatan sähraň içi bilen nirä gideýin?

Töwerekde ýaýylyp ýatan ýalazy sähradan başga hiç zat göze ilenokdy. Diňe ýuka garyň üstünde saýgaklaryň, tilkidir möjekleriň aýak yzlaryndan başga zat ýokdy.

Çygly hem harabaň öňüni dolan ýerkümäniň içiňde gezişip ýören eşekýassyklara, kyrkaýaklara gözi düşen atlylar ol ýerde ýaşamak tamalaryndan el üzüp, odun golaýynda agaç dikişdirip, örülen gamyşlardan çatma şekilli sümelge edinmegi müwessa bildiler. Olar kä oduň gapdalynda ýatyp, käte bolsa depäň üstündäki gurap giden ot-çöpleriň arasyndan sährany synlap günlerini geçirýärdiler.

Duşaklanan atlaryň bir topary köwde gögerip oturan gamyşlaryň arasynda bakylýardy, beýleki topary bolsa haçan atlanylsa taýyn bolup durdy.

Ýüzbaşy Tulapbergeniň ýerleşen ýerkümesi beýlekilere garanda ganymatdy. Onuň içinde ruslaryň salan ullakan palçyk peji hem abat durdy. Ýüzbaşy pejiň ýanyndaky tagta sekiniň üstünde possunyny ýasgynjak alyp, aýbogdaşyny gurup oturyşyna oduň sary dillerine uzak wagtlap syn edýärdi.

Nökerler «Ykmanda merhumlaryň jülgesi» diýlip gorkunç at berlen bu ýeri näletleýärdiler:

– Baýander han bizi getirip dykara şundan başga ýer tapmadymyka? Şu giden sährada agtarylan mazar ýaly bolup ýatan ýerkümelerden ibaly düşelge ýokmuşmy? Bu arryk kempirem biziň ölümimize garaşyp garawullan oturan ýaly. Garyň, aýazyň derdinden geýmiňi guradyp ýetişip bolanok. Ýanýan şäherleriň gyzgynyna haçan çoýunarkak? Urusutlaryň samyr derisinden tikilen possunlary haçan endamymyzy ýyladarka?

Yrymçy nökerler ody uzak gijeläp söndürenokdylar, depäniň üstünde gözegçilik edýänler bolsa bu ýerlerde baş goýup, jaýlanman taşlanyp gidilen urşujylaryň ruhlary gezip ýören bolmasyn diýip gorkularyna sandyraşýardylar. Bu ýüzlüge Sygnakda goşulan Abdyresul mollanyň gorkunç gürrüňleri olaryn oduna ýag guýýardy. Gür çypar sakgally arryk molla bäş wagt namazyňyzy okaň diýip nökerlere ýazylganlyk berenokdy. Amatly wagt tapdygy ol uzyndan-uzyn dogalary okardy. Onuň Allanyň ýoluny tutýanlary her hili mekirlikler bilen azdyrýan Iblis, sährada ygyşyp ýören ölüler hem gijelerine uçup, ukuda ýatanlaryň ganyny içýän jynlar hakynda berýän gürrüňlerini eşiden nökerler gorkularyna gözlerini tegeleýärdiler. Arwah-jynlardan halas bolar ýaly molla insizje kagyzlara doga ýazardy. «Hälem men bar. Ýogsam dagy her hili bela-beterlerden, keselden ölüp, ýok bolup giderdiňiz» diýip häli-şindi tekrarlaýardy.

Abdyresul molla ýüzbaşynyň ýerkümesinde sekiniň üstünde ýatardy. Onuň ukusy agyram bolsa, ys alyşy gowudy. Iýer ýaly zat taýýarlanyp ugradygy ol bada-bat oýanardy. Oduň başyna çöküp, «Iýmäge taýyn!» diýen terzde gultunar oturardy. Iýer ýaly azyk barha azalýardy. Poloweslerden alnan

---

[89] P ý a t i g o r e – Demirgazyk Kawkazda ýeriň ady.

goýunlaryň ählisi gara bokurdakdan ötürilipdi. Şonuň üçinem nökerler bu iýermen mollany kän halamazdylar. Içi darydan edilen şüleli ýa-da gowurdakly gazany orta alyp, töwereginde näçe gyslyşyp otursalaram, molla erjellik bilen doga okap, her hili ýol bilen olaryn arasyndan sümülerdi.

Tulapbergen iki onbaşysyny – Kadyr bilen Jepbary ýanyna çagyrdy:

– Dört doganyň gideninden bäri eýýäm iki gije-gündiz wagt geçdi. Bir erbetlige uçran bolaýmasynlar? Olaryň barmaly ýerleri ho-ol alysdan görünýän dub jeňňelligi bolmaly. Yzlary bilen gidip, näme bolanyny anyklamak gerek. Kadyr, sen atlaryň yzyny çalyp git! Jepbar, sen bolsa birneme böwür berip git-de, şol jeňňellige bar. Eger ol ýerde urusutlar gizlenip oturan bolsa, haýsyňyzy ilki görseler, şonuňam yzyndan kowalarlar. Siz gaçan boluň-da, olary bärik getiriň. Men ýüz atlym bilen olaryň üstüne dökülerin. Birdir-ýarymdyr «dil» alyp bolaýsa-ha, bagtymyzyň geldigi. Bu Baty hanyň tabşyrygy. Biz her zat edip ony ýerine ýetirmeli. Tiz ýola düşüň!

Ýüzbaşy Tulapbergen ýerkümäniň işigindäki sütüne ýaplanyp, sähra taýa tutuksy nazar salyp durdy. Ýüzi çytyk, dymma häsiýetli bu daýaw pyýadanyň boýnuna kement atylan aty känbir azap çekmän saklap bilýän güýji bardy. Onuň ýaňaklary syrylgy, eňegine biten sakgaly bolsa kepje ýaly edilip bejerilendi. Özüni onuň wepaly nökeri diýip yglan eden ýigitleriň biri ýüzbaşynyň sakgalyna hem dor atynyň ýalyna timar berýärdi. Nöker näme buýruk berilse ýerine ýetirmäge taýýar görnüşde ýüzbaşynyň iki ädim gapdalynda çöküne düşüp otyrdy. Tulapbergen depäniň dilkawyndan sähra seredip oturyşyna öňlerine ýesir urusuty salyp gelýän dört dogan görünmezmikä diýip göwün ýüwürdýärdi.

Ýakyndaky odun başynda oturan ýigitler Abdyresul mollanyň gürrüňine gulak asýardy:

– Sähra diýýäniňiz – gum-guk mazarystanlykdyr. Bu ýerlerde kän halklar biri-biri bilen garpyşyp, şol jeňlerde baş goýan ýigitleriň jesedi jaýlanman taşlanyp gidilendir. Gijelerine olaryň zaryn iňňildilerem eşidilýär, käte topar-topar bolup aýlanýarlaram. Olar salgym ýaly atlara münüp, källeriň düýbünden ýeňiljek duman görnüşinde asmana göterilýär. Ses-selemsiz tirkeşip meýdanlaryň üstünden göç edýärler. Käte bolsa başga otrýadlar bilen çaknyşýarlar... Ana, şonda demir sowuda degýän gylyçlaryň sesi aýyl-saýyl eşidilýär.

Alys bir ýerden gykylyk eşidildi. Biraz salym arasy kesilip, ol ýene gaýtalandy.

– Ody öçüriň! – diýip, ýüzbaşy pessaý ses bilen buýruk berdi.

Ýigitler ýerli-ýerden gum oklap ody öçürensoňlar, töwerek gözedürtme garaňkylyga gaplandy. Soň olar seslerini çykarman depä tarap çekildiler.

Uzakdan toýnak sesleri eşidildi. Atlar ýel ýala okdurylyp golaýa geldiler. Aýyň çal bulutlaryň arasyndan düşýän solak şöhlelerine golaýlaşýan kölegeler göründi.

– Ölüler ýaly-la?! – diýip, kimdir biri howsalaly seslendi.

– Sesiňi çykarma-da, gowuja seret! – diýip, beýleki biri jogap gaýtardy.

Bir süri at jara tarap güpürdeşip geçdi. Biraz salym saklanjak ýaly etdiler-de, ýene çeşmä taýa okduryldylar. Toýnak sesleri, suwuň pažžyldysy hem çeşmä eňek basan atlaryň hokranmasy eşidildi.

Birden olar tebil tapdy. Biri-birini itekläp garaňkynyň içinde jaryň ýapgydyndan tarap tapyrdaşyp ugradylar-da, sähra taýa tutdurdylýar... Golaý bir ýerden çekeleşik zerarly çykýan hasyrdy hem toýnak sesleri eşidildi.

– Alaw ýakyň! Tiz meň ýanyma geliň! Syrtmagy çekiň! – diýip, ýüzbaşy gygyrýardy.

Ýigitler aljyrap eýläk-de-beýläk ylgaşdylar. Täzeden ýakylan oduň ýagtysyna iki-baka urunýan ala at göründi. Boýnuna atylan syrtmak at bar güýji bilen dyzany üçin kiriş ýaly dartylyp durdy. Ýüzbaşy syrtmagyň bir ujuny rýabina agajynyň şahasyna daňjak bolup jan edýärdi. At her towsanda agaç elenip-elenip gidýärdi.

– Aty öldüriň! – diýip, ýüzbaşy syrtmagy dartyp durşuna gygyrdy.

Ýigitler güýjünde baryny edip iki ýana urunýan dyzmaç atyň ýanyna ylgaşyp geldiler. Üç sany gyzyl ýelekli peýkam atyň böwründen sümdi. Öň aýaklarynyň üstüne ýykylan at ýene turjak bolup dyzady. Şol wagt ýigitleriň biri ylgap bardy-da, onuň damagyny çaldy.

– Bu bize Hydyr atаň hemaýat etdigidir! – diýip, molla gürrüňe başlady. Gije-gündiz doga okasaňyz, oraza tutsaňyz, gudraty güýçlüň Özi rysgyňyzy ýetirer!

Ýigitler ellerini çermäp, dessine atyň hamyny sypyrdylar-da, etlerini şakgaladylar. Hamyň üstünde depe bolup ýatan bol ete gözleri düşen ýigitleriň gürruňleri-de şadyýandy:

– Göz degmesin, biziň şu ýüzbaşymyz gaty zor adam-aýt! Biz tapyrdaşyp gelýänleri ölülerdir öýdüp sazanaklaşyp durkak, bu eýýäm bir atyň boýuna syrtmak atyp ýetişipdir. Özem bir eli bilen

saklap dur-aýt, zaluwat. Agzymyzy öweldip durmadyk bolsak, ýene birnäçesini tutup biljek ekenik welin...

– Olary dogrudanam, ýabany atlardyr öýdýäňizmi? – diýip, ýolbelet Septýak dillendi. – Tatarlar geleli bäri gypjaklaryň süri-süri atlary sähra ýaýrap, ýabany ýaly bolup gitdiler. Şu soýan ikiýaşar ala atyňyzam şolaryň biri. Tagmasam Kotýan hanyňky... Hakyky ýabany atlaryn reňki sargylt, arkasynda-da oňurgasy bilen ugurdaş gidýän garamtyl zolagy bolmaly. Ýöne biz bu ala aty ýabana berimsiz edip halallap iýeris.

## ON BIRINJI BAP

### Ilkinji rus ýesiri

Ýolbelet Sentýak gypjaklaryň rus Zalesýesine çozandyklary hakynda gürrüň berip otyrka gije ýarym bolupdy. Oduň töwereginde gyşaryşyp ýatan ýigitler onuň gürrüňine ýarym ukuly halda gulak asýardylar. Aýaz güýjeýärdi. Ýeri gyratlap tozaýan gar ýatanlaryň üstüne sowrulýardy. Ýigitleriň arasynda egnine goýun derisinden tikilen possunyny atyp oturan ýüzbaşy gözüni gyrpman odun ýalynynyň şahalarda oýnaýşyna syn edýärdi. Alys bir ýerden möjegiň uwwuldysy eşidildi. Düz meýdanda ýene kölegeler peýda boldy. Haýwanmyka ýa adammyka? Duşmanmyka ýa-da dostmuka?

– On ýigit ýerinden tursun! – diýip, gymyldaman oturan ýüzbaşy gygyrdy.

Ýigitleriň onusy böküp turdy-da, atlaryna bakan ugrady. Ýapyýokarylygyna biraz ýöränlerinden soň, olar tiz gözden ýitdiler.

Ýüzbaşy öz ýerkümesine tarap çekildi. Beýleki ýigitler ýaraglaryny häzirläp, odun başynda hüşerilişip otyrdy.

– Biziňkiler ýaly-la! – diýip, kimdir biri seslendi.

Alaňyň üstünde dört sany atlynyň sudury göründi. Öňdäki atlyň ýany bilen başy açyk, elleri arkasyna daňylan ýesir ýöräp gelýärdi. Onuň sargylt saçlary maňlaýynda topbak tutup durdy. Gaharly ýüzi çytykdy. Aýaklary zordan ädilýärdi. Ikinji atly atynyň boýnuna ýaplanyp oturyşyna:

– Waý, ölýän!.. Içim ot alyp gelýär. Sowuk suw beriň, dadyma ýetişiň! – diýip samraýardy.

Ýapgytdan ýuwaşlyk bilen aşak inen atlylar oduň başyna geldiler. Gelenleriň dört dogandygyna 0göz ýetiren ýüzbaşy iki elini bykynyna urup, ýesiri üns bilen synlamaga durdy. Uzyn boýly, arryk ýigidiň aýagynda kendir dolagy, egninde ýyrtyk köýnegi bardy. Ol heýkel ýaly gymyldaman durşuna töwerege biperwaý nazar salyp, käwagt çapylan dodagynyň ganyny ýalaýardy. Ol golaýynda duran ýüzbaşa garady-da, ýene ünsüni başga ýana sowdy.

Atdan böküp düşen üç ýigit dördünji ýaraly doganlaryny usullyk bilen düşürip, oduň ýanyndaky keçäniň üstünde ýatyrdylar... Gözlerini süzüp, arkan düşüp ýatan ýaralynyň ýüzüniň hamy çekilişip, burny inçelen ýaly görünýärdi. Agzy gyşaryp, dodaklary nämedir bir zatlar pyşyrdaýardy.

Abdyresul molla ýaralynyň gapdalynda çöküne düşüp oturdy-da, onuň ýüzüne seredip, kesgitli sözledi:

– Yzym bilen gaýtala: «Lailaha illalla...»

Tulapbergen ýaralynyň ýanynda çep gaşyny gerip durşuna onuň damarlary çekilişip gidýän ganpetsiz ýüzüne esli salym syn edip, umydyny ýitiren halda elini silkdi. Soňam egnindäki possunyny çykaryp, ýagty jahan bilen baky hoşlaşmagyna az galan ýigidiň üstüne ýapdy.

Doganlaryň ikinjisi – Börübaý ýüzbaşynyň ýanyna gelşinden gürrüňe başlady:

– Ses buýruşyň ýaly biz jaryň içi bilen dub jeňňelligine bardyk. Atlary pesde goýup, özümiz depä çykdyk. Urusutlaryň lagerine gözümiz düşdi. Müň töweregi atly hor çekişip ýatyr eken. Biz ukuda ýatanlaryň iň bolmanda birini ele salyp bilmezmikäk diýen pikir bilen olara golaýlaşdyk. Demir öňden barýany üçin şu oglanjyga ilki sataşan şol boldy. Oglanjyk böküp turdy-da, Demiriň garnyndan naýzany sokdy. Eger seniň diri getirmeli diýen buýrugyň bolmadyk bolsa bujagaz agzy sarynyň şol ýeriň özünde bellisini edýärdik. Ýabany atlary özüne tabyn edip bilýän edenli doganymyň gel-gel şujagaz burny sümükliň elinden ölenine janym ýanýar. Eger-de Demir agyrysyna çydaman gygyraýan bolsa, ählimiz ele düşýärdik. Urusutlar gaty ýakyndady. Ýöne agam her näçe kynam bolsa özüne zor salyp çydady... Biz amatly pursata garaşyp ol ýerde bir gije-gündiz oturdyk. Iki tarapymyzdanam urusutlaryň otrýadlary geçip durdy. Ine, ýesir-ä gaşyňa getirdik! Tabşyrygyň ýerine ýetdi. Demirem demini sanap ýatyr. Hany, indi senem beren sözüňde tapyl-da!

Ýüzbaşy agras seslendi:

– Demir batyr ýigitdi! Jaýy jennet bolsun-da hernä... Meň possunym onuň üstünde ýatyr. Nämüçin ýesiriň egin-eşigini eýýäm sypyrypsyňyz? Ne dony bar, ne-de köwşi. Bu durşuna ol Baýander hanyň ýanyna ýetmänkä şu gije sowuk alyp öler!

Üç dogan hüňürdeşip, sögünişip ýesirden sypyran zatlaryny ýene geýdirmäge durdular. Ýolbelet Sentýak az-kem rusça bilýäni üçin ýesirden rus goşunlarynyň sanyny, olaryň uruşasynyň gelýänini-gelmeýänini soramaga başlady.

Ýesir gysga hem üzlem-saplam jogap gaýtarýardy. Ol gaharly garap durşuna häli-şindi çapylan dodagyny ýalaýardy.

Sentýak eşiden zatlaryny ýüzbaşa ýetirdi:

– Munuň ady Toropka. Tokaýyň içinde ýerleşýän Perunow Bor obasyndan. Goşunyň sanyny bilenok. Tatarlar bilen uruşmaga oruslaryň ählisi döwtalap diýýär...

Sentýagyň aýdanlaryny üns berip diňlän ýüzbaşy ähli eşidenlerini ýazmagy Abdyresul molla tabşyrdy. Dilmaç tizden rusça bilýän ähli sözlerini aýdyp gutarsa-da, ýesirden üýtgeşik eşiden zady bolmady. Depesinden birnäçe ýola zarp bilen gamçy inse-de, oglanjyk dil ýarmady.

Ýesiri Baýander hanyň ýanyna ýüzbaşynyň özi äkidermen boldy. Onuň birçak eýerlenen ala aty ýerkümäniň ýanynda daňylgy durdy. Onuň gapdaly bilen on ýigit goragçy gitmelidi. Ýöne gijäň birwagty syrgynda ýola düşmek üçin uly täwekgellik gerekdi. Ýollar gar bilen gömlüp, harasat barha güýjeýärdi. Daň ataryna çenli garaşmagy müwessa bilip, ýüzbaşy ýerkümesine gitdi.

Toropka oduň ýakynynda ýerde otyrdy. Arkasyna towlanyp daňylan elleriniň agyrysy ýüregine düşüp gelýärdi. Gapdaldan gaýyp gelýän gar kellesinde, egninde üýşüp dursa-da, silkip aýyrmaga ýagdaýy ýokdy. Onuň bokurdagyny bogup duran syrtmagyň beýleki ujy gapdalynda oturan ýigidiň elindedi. Beýle gapdalda atyň içirgisiniň üstünde Demiriň jesedi ýatyrdy. Üstüne possun ýapylan Demir iňňildisini goýup, hemişelik sesini kesipdi.

Ep-esli wagt geçdi. Odunlar ýanyp, üýşmek köz bolup durdy, çala ýylpyldaýan közleriň öçügsi ýagtysy sähelçe ýere ýetýärdi. Bütin lager uka gidipdi. Diňe ýesirlikden nädip gaçmagyň pikirini edýän Toropka bilen arryk kempiriň gözüne çiş kakylan ýalydy. Kempir öz ýykyk ýerkümesiniň agzynda gaharly gara gözlerini oda dikip otyrdy... Ol ýesiri garawullap oturan ýigidiň uklaryna garaşýardy. Ýigit bir gapdala agansoň, kempir usullyk bilen oda golaýlaşdy. Onuň bolşy galak-gaçak iýmit gözleýäne meňzänokdy. Eýýäm hor çekip ugran ýigidiň üstüne egildi-de, tisginip, Toropka tarap bir ädim ätdi. Epin-epin gök balagynyň bir ýerinden döwük pyçagyny çykardy-da, gyldan işilip edilen ýüpi usullyk bilen kesdi. Soňam eli bilen ýüzbaşynyň atynyň duran ýerine ümläp, sessiz-üýnsüz garasyny saýlady.

Toropka ýüpüň gowşanyny duýsa-da, birbada gurşan ellerini hereketlendirip bilmedi. Kem-kemden gany ýöreşip, barmaklary çalaja gymyldap başlady. Soň ýatan ýigide seretdi-de, ýumşak gary basgy- dap, ýuwaşlyk bilen ata tarap ýöneldi. Sandyrap duran elleri bilen uýany çözüp, göwresini eýere atdy...

Yzyndan gykylyk-gopgun eşidilip ugranda, ol eýýäm alaňa çykypdy. Gulaklarynyň düýbünde ýel sygyryp, gar tozgalary ýüzüne urulýardy. Mes at sessiz dymyp ýatan uç-gyraksyz düzlügiň içi bilen ümdüzüne tutduryp barýardy.

# DÖRDÜNJI BÖLÜM

## MONGOLLAR BILEN ILKINJI ÇAKNYŞYKLAR

*Tas ähli Rus ýerleriniň üstünden geçip, ýüz müňläp ynsan ömrüniň tanapyny gyran, Watanymyzy ýangyndyr harabalyklar bilen örtüp, aman galan ilaty ýigrenji tatar zulmuna sezewar eden şu aýylganç ýalmawuz tupandan beter ata-babalarymyzyň aňyny sarsdyran ýowuz waka biziň bütin taryhymyzda bolmandy.*

(Wsew. Miller, Hekaýatlar)

### BIRINJI BAP

#### Rus ilçileri Baty hanyňkyda

Tatar leşgerleriniň hüjümi hakyndaky howsalaly habarlar knýaz Fedory ymykly oýlanmaga hem Wagşy meýdana ugramazdan öňürti ähli zat barada mazaly aladalanmaga mejbur etdi. Entek ýaşam bolsa hojalygyň abyny-tabyny alany üçin hiç bir zat onuň ýiti gözünden sypanokdy. Ol boýarlar bilenem, ýurduň dürli künjünden gelen knýazlardyr woýewodalar bilenem, öz ýükleri bilen şäher meýdanyny dolduran garamaýak daýhanlar bilenem gürrüňdeş bolup gördi. Oýlanyşykly hereket etmegi halaýan knýaz janyny barlap görýärdi: olaryň Rus topragy üçin döş gerip durjaklaryny-durmajaklaryny anyklasy gelýärdi. Bu oňa tatarlaryň patyşasy bilen näme hakynda hem nähili şertnama baglaşjagyny öňünden bilmek üçin gerekdi.

Ýagdaý onuň garaşyşyndanam gowy boldy. Ähli adam şol bir zady tekrarlady: «Bizden arkaýyn bolaý! Ilkinji zarbany döşümizi gerip garşylarys! Goňşymyzam bolsa, suzdallylardan-a bize bulut ýakyn. Öňem kömek berip gönendiren ýerleri ýok. Gaýta ejizleýänimizi aňsalar içleri güler. Olaryň nämä bil baglaýany belli: Wladimiriň knýazy tapdan düşen Rýazan topragyny tutuşlygyna öz golastyna geçirip, garry boýarlaryň ählisini atbakar eder öýdýärler. Şolaryň diýeni bolsa görýäs-dä bizem!»

Wladimiriň beýik knýazy tekepbir Georgiý Wsewolodowiçiň dymma hem tutuk tatar ilçileri bilen näme maslahat edeninden, öz haýryna näme gazananyndan, gyýyk gözli jansyzlaryň oňa nähili zatlary wada berenlerinden hiç kimiň habary ýokdy.

Wagşy meýdandan ýarym-ýalaňaç halda talaňa düşüp gelen polowes hanlary tatarlardyr mungallar hakynda: «Olarda rehim-şepagat diýilýän zatdan nam-nyşan ýok. Beren sözleriniňem yzynda duranoklar» diýip gürrüň edýärdiler. Öň müňlerçe baş gylýaly bolan, indem baryndan el ýuwup, üç at hem hyzmatkäri bilen zordan başyny gutaran bir polowes hany şeýle diýdi:

– Tatarlar öz çaparlaryny ýollap: «Erkimize tabyn bolup, biziň tarapymyza geçseňiz, size hiç zat degmeris! Ähli mallaryňyzyň eýesi özüňiz borsuňyz!» diýip wada baryny berdiler. Olara ynanyp, Baty hanyň aýagyna ýykylanlaryň ählisini edil şol günüň özünde towuk ýaly ütdüler. Tatarlar olary özlerinde atbakar bolup işlemäge mejbur etdiler. Öz göwün diýenleri bolansoňam «Biz Gypjak sähralarynda dynç alyp, atlarymyzy bakýas hem urusutlaryň üstüne çozmaga taýynlyk görýäs. Biz urusutlaryň şäherleriniň daşyna syrtmak ýaly aýlanyp gysarys-da, ähli baýlyklaryny zat goýman süpürip alarys!» diýip öwnüp başladylar. Eý, rýazanly dostlar, aldym-berdimli söweşe taýyn boluň! Tatarlaryň sözüne ynanaýdygyňyz, işiňiz gaýdar!

Knýaz Fedor Ýurýewiç gorky-ürküni bilmeýän edenli adamdy. Ýaşlygyndan aýydyr beýleki ýyrtyjy haýwanlary awlamakda özüni tanadypdy. Her hili howp-hatar bilen öwrenişeni üçin ol: «Güýç bilen başarmadyk ýeriňde mekirligi ulanmak aýyp däldir» diýen akyldan ugur alyp, Baty hanyň lagerine ugramagy ýüregine düwdi.

Ähli zat ýola taýyn edildi, knýazlar hemme meseläni mazaly ölçerip-dökdüler. Äkidiljek sowgatlar saýlanyp, gaýyş sandyklardyr horjunlara salyndy. Olaryň bir bölegini atlara ýükläp, beýlekilerini gar arabasyna basdylar. Içi serhoş ediji baldan doldurylyp, agzy möhürlenen küýzeleri hem

piwoly kiçiräk çelekleri yhlas bilen daşyna keçe orap, samanyň üstünde ýerleşdirdiler. Göledir doňuzlaryň böleklenmän şol durşuna doňdurylan etleri somalyşyp ýüküň daşyndan görnüp durdy.

Gaçyp gelen poloweslerden on sany mongol şazadasynyň Baty bilen birleşenini eşiden knýaz Fedor kakasynyň maslahaty boýunça ýüpek ýallary seçelenip duran, guýrukman atlardan on birisini sowgat üçin saýlady. Atlary ýuwup, ýallaryny kwas bilen ölllediler-de, gyzyl lenta daňdylar. Arkalaryna bolsa owadan, şemahan halylaryny ýapdylar. Knýaz Fedor on ikinji aty Batynyň baş serkerdesi hem sag eli bolan «müňbaşy Sebýadýaýa» sowgat bermegi ýüregine düwdi.

Knýaz Fedor, näme üçindir, köw-söw edip, ugramaga howluganokdy. Ýükem, guýruklary, ýallary örülen on iki atam tejribeli atbakarlaryň goragy astynda eýýäm ýola düşdi. Polowes hanynyň sowgat beren ýel ýaly ýeňil owadan çypar aty hem knýazyň jaýynyň ýeňünde agyzdyrygyny çeýnäp dur. Fedoryn ýoldaşlary – Ižeslawl şäheriniň knýazy hem onuň ýanyndaky dört sany içinden ýalyn geçen mekir boýarlaram kelte possunlarydyr samyr derisinden tikilen telpeklerini geýip, jaýyň işiginde üýşüp durlar. Diňe knýaz Fedor öz otagyna girip-çykyp, aladaly halda zowzuldap, tiz-tizden töweregine garanjaklaýardy.

Kimdir biri:

– Ana, köp garaşdyran arzylam gelýär! – diýip, gygyrdy.

Meýdanyň aňry çetinden jaýyň burçundan öwrülen bir topar atly olara tarap ýüzin salyp gaýtdy. Bady bilen gar tozadyp gelýän atlar edil jaýyň ýanyna gelip togtadylar. Družinaçylaryň ikisi dessine baryp endamy menekli çal ýorganyň jylawyndan ýapyşdy. Şol bada-da egni goýup derisinden tikilen kelte possunly, başy aşak etegine samyr derisi aýlanan ýaşyl mahmal telpekli ýaş gelin atdan ýeňillik bilen böküp düşdi. Gonjy uzyn sagry ädigini, kemerinden asylyp duran kelte gylyjyny göreniňde oňa ýaş ýigitdir öýdäýmelidi. Onuň şadyýan gülküsi, gyzaryp duran ýaňaklary, uçganakly goýun gözleri kemmelere tanyşdy. Rýazanlylar deňiziň aňyrsyndan getirilen[90] bu ýaş gelni – grek şasynyň gyzy Ýewpraksiýany ybadathanada knýaz Fedoryň hemişe gapdalynda görýärdiler.

Ýaş gelin oglanjyk ýaly bökjekläp, üçekden düşüp gelýän Fedora tarap okduryldy-da, barşyna boýnuna bökdi.

– Gijä galarmykam diýip gaty gorkdum, Fedor! Ýolboýy atlary çalşyp, gyssanyp gelşim! Gitmäňde bolmaýarmy?

Fedor Ýewpraksiýanyň egninden gujaklap, eýwana çykdy. Knýazyň ejesi Agrippina egni howul-hara atylan tilki possunly olara tarap haýdap gelýärdi. Ol sandyrap duran elleri bilen gelnini gujaklady-da, ikisem gözýaşa boguldy.

– Ewpraksiýa jan, özüňi dürse! – diýip, Fedor gelnini köşeşdirjek boldy. – Men urşa däl-de, berk ýaraşyk baglaşmaga gidýän ahyryn. Işimiz ugruna bolar. Köpi gören maslahatçylarymam tatar patyşasy Batygany pälinden gaýtarmaga maňa kömek bererler. Hany, biziň Wanýajygymyz nirede?

– Ol ýük bilen gelýär. Men gyssanamsoň, öňe düşüp gaýdyberdim.

– Gyzjagaz bol-a! – diýip, knýazyň garry ejesi Agrippina gelnine seretdi. – Henizem towşan ýaly bökjekläp ýör-dä!

– Menem şony diýýän-dä – diýip, Fedor ejesiniň gürrüňini alyp göterdi. – Täzeden gyzlara goşulyp aýdym aýdaýmak galypdyr. Bir kemiň şol! Soň gelnine tarap egildi-de, gulagyna pyşyrdady: – Birden göwnüňe alaýma. Şu zatlaň üçin seni has beter söýýän. Meň bilen awa gitmäge-de, meýdanda ýoldaş bolmaga-da taýyndygyňy bilýän ahyryn!

– Fedor, menem özüň bilen äkit! Ýakymly söz ýa degişme bilen tatar patyşasynyň ýüregini ýumşatmak, belki, maňa başardar.

Fedor gelniniň balkyldap duran gara gözli näzik ýüzüni özüne tarap egdi-de, leblerinden öpdi. Soňam onuň özüne berk ýapyşan ellerini usullyk bilen aýyrdy-da, ejesine ümledi. Ejesi gelniniň arkasyndan mäkäm gujaklady. Ýaş gelin kelte possunynyň iliklerini gyssanmaç ýazdyryp durşuna çalt-çalt gürledi:

– Fedor, biraz aýak çek! Meniň Sargraddan getirilen eý görýän dür monjugymy alyp git. Belki, ol tatar patyşasynyň aýalynyň göwnüne ýarap, äriniň gaharyny ýumşatmaga kömek eder. Gel, men saňa ak pata bilen mukaddes dogamy hem bereýin...

---

[90] Mongol zulumyndan ozal ruslar köp halatlarda Günbatar Ýewropadan bolan şalaryň hem gersoglaryň gyzlaryna öýlenipdirler. Şonuň ýaly rus knýazlarynyň gyzlary hem Günbatar Ýewropanyň hökümdar adamlaryna durmuşa çykypdyrlar. Umuman gadymy Rus mongol çozuşyna çenli Günbatar bilen örän ýakyn aragatnaşykda bolupdyr. Ol döwürlerde Rus döwletiniň abraýy Ýewropada örän belent derejede goýlupdyr.

Ol kümüş zynjyrdan dakylan dogasyny boýnundan sypyrdy. Fedor telpegini çykaryp saçy ikiýana bölünip daralan kellesini gelnine tarap egdi. Gelni dogasyny boýnuna dakansoň Fedor Ýewpraksiýanyň alnyndan soňky gezek öpdi. Soňam tizlik bilen yzyna öwrüldi-de, ökjesi nally gyzyl ädigini dözümli basyp, bitakat bökjekleýän atyna tarap ugrady.

Ýewpraksiýa gaýyn enesiniň gujagynda aglap-eňräp iki ýana urunýardy. Fedor güýçli atynyň jylawyndan dartyp, hiç tarapa seretmän gara basyrnyp ýatan meýdanyň ortasy bilen ýola düşdi. Ol gaşlaryny gerip, öňde çalaryp ýatan dumanly giňişlige nazar saldy. Şäher meýdanyndan hem galanyň seňňerinden seretseň, käýerinde topbajyk jeňňeller garalyp duran garly düzlügiň köp ýeri aýyl-saýyl görünýärdi. Yns-jynssyz meýdanlaryň üstünden pessaý çal bulutlar ýuwaşlyk bilen göç edýärdi. Şemalyň zaryn şuwwuldysy hem Wagşy meýdana uzalyp gidýän giň ýoluň üstünden uçup barýan alahekekleriň ýakymsyz jakyrdysy, gargalaryň gyryk gagyldysy eşidildi.

Rýazan ilçileri Batynyň lagerine çenli dört günläp ýol ýörediler. Şunça wagtyň içinde olara ruslaryň saklaw jaýlarynyň birnäçesi gabat geldi.

Knýaz Fedor ýany bilen çadyr alanam bolsa ony uzakdan tatar postlary görnenden soň – dördünji gün diýlende dikdi. Fedor aşagyna goýun derisinden tikilen possunyny düşän, oduň gapdalynda gyşardy, beýleki ýoldaşlary bilen deň iýip-içdi. Tatarlaryň her hili dönükliginden ätiýaç edeni üçin saklawy uzyn gije aýyrmady.

Ruslaryň iň soňky saklaw jaýynda oňa naýza bilen bir tatary öldüren, soňam ýesir düşüp, gije tatar garawullaryny aldap, gowy ata atlanyp, yzyna gaçyp gelen ýaş urşujy hakynda gürrüň berdiler.

Knýaz Fedor ony haýyş edip getirtdi-de, adyny, kakasynyň kimdigini, haýsy obadandygyny soraşdyrdy. Edermenligine göwni ýeteni üçin oňa berekella aýdyp, täzeje gaýyş ädik sylag bermegi buýurdy.

– Toropka zor ýigit! – diýip, ony öwdi. – Göz degmesin! Eger uruşmaly bolaýsa, munuň ýaly edenli ýigitler başga-da kän tapylar. Hany, onsoň gözleri ýarydan deşilen ýaly deýýuslaryň bizi mynjyradyşyny görýäs-dä!..

## IKINJI BAP

### Woronež derýasynyň boýundaky tatar lagerinde

Hajy Rahym ýazgysyny dowam etdirýär: «Edil harasadyň öňýanyndaky gara bulutlar ýaly çar tarapdan abanyp gelýän bela-beterlerden gezendäni asmanyň özi penalasyn!»

Baty han Woronež derýasynyň kenaryndaky dub jeňňeliginiň ortasynda ullakan lager bolup ýerleşdi. Ýazyna ösgün otlar bilen örtülýän giň sährada gyşda-da tatar atlary üçin iýmit tapylýardy. Hiç zat dannamaýan atlar ajygyberse, toýnaklary bilen gar peşäp, baslygyp ýatan gury ota agyz urýardy.

Çingiz hanyň neslinden bolan beýleki şazadalaryň lagerleri gündogar tarapa uzyn hatar bolup uzalyp gidýärdi.

Urşujylaryň esasy gürrüňi basym rus topragyna başlanjak çozuşlar, ol ýerdäki bol iýmitdir erkinlik hakyndady. Iň bir ýönekeý nökerem ol ýerlerden talap aljak oljasyny göz öňüne getirip, özüni müň sany hyzmatkärli tutuş ulusyň eýesi däldirin öýdenokdy.

Ruslar hakynda «olar güýçli, möjek ýaly gaharjaň, söweşde erjel hem durnukly halkmyş. Olar öz ekin meýdanlaryny, mallaryny söweşsiz bermezler» diýip gürrüň edýärdiler.

Garaşylman durka rus ilçileri geldi. Baştutanlaram Rýazan knýazynyň ogly, ýaş Fedor. Baty han mertebesini hasam belent görkezjek bolup wekiliň üsti bilen özüňiň döwlet işleri bilen eliniň degmeýändigini, knýaz Fedory ýene birnäçe günden kabul etjekdigini habar berdi.

Ruslaram derýanyň kenarynda öz çadyrlaryny dikdiler. Olaryň depesi altyn gupba şekilli bezelen ullakany – knýazyňky, alabeder Buhara matasyndan tikilen üç sany kiçiräk çadyr bolsa onuň ýanyndakylaryňkydy. Subudaý batyr çadyrlara girip, eline ilen zatlary süpläp başlan tatar urşujylaryndan goramak üçni ruslaryň lageriniň daşyna sakçylary aýlady. Ilki bada ruslar tatarlar bilen birnäçe ýola garpyşdylar. Ahyrsoňy Subudaýyň «guduzlary» çadyra dyzaýanlary naýzaň sap tarapy bilem urup, tertibi ýola goýdular.

Ruslary kabul etmäge taýynlyk görýän Baty han Subudaý batyryň Rýazan topragynda aýlanyp, köp zatlary synlap, ýap-ýaňy dolanyp gelen ogly Urýanh-Kadan bilen uzak wagtlap gürrüňdeş boldy.

Onuň ýany bilen giden jadygöý kempir Kerinkeý-Zadan ruslaryň üstüne gorkudyr kesel baryny ýollap, elinde baryny edip doga okaýardy.

Urýanh-Kadan Rýazan hem Uldemir şäherlerinde gören zatlary barada şeýle gürrüň berdi:

«Biziň gözümiziň öwrenişenleri ýaly däl-de, berk galaly ol şäherleri almak bize aňsat düşmese gerek. Galyň, belent diwarlary ýumurjak bolsak, gaty kän şaty göreris. Tomsuna urusutlaryň ýollary edil duzak ýaly: ähli ýerde çeşmelerdir düýpsüz batgalyklar. Ol ýerlere diňe gyşyna doňan buzuň üsti bilen baryp bolýar. Tomsuna urusutlar biri-biriniňkä gaýykly barýarlar. Çar ýanyn durşuna tokaýlyk. Şol tokaýlar olaryň berk galalary. Şoň üçinem, urusutlaryň üstüne gyşda – derýalar doňansoň gidilse gowy bolar».

Baty han ruslaryň getiren sowgatlaryny görmek isläp, özlerini birbada kabul etmedi.

Rus urşujylary gözleri gyzaryp duran ajaýyp atlaryň on ikisiniňem jylawyndan tutup alyp geldiler. Jylawy, eýeri altyn, dur hem parça bilen näçe diýseň bezelen gara at aýratyn saýlanyp durdy. Ol Baty hana getirilen sowgatdy. Beýleki atlaryň ýeke-täk bezegi diňe üstlerine ýapylan halydy.

Arabalaryň üstünde bezegi mahmaldyr parçadan edilip, tilki, samyr Derisinden tikilen possunlar üýşüp ýatyrdy. On sany urşujynyň hersi iň gowy gara samyr derilerinden bir daňyny alyp geçdi.

Baty hana getirilen sowgatlar başga-da kändi: tutaýy gyzyldan ýasalan göni gylyç, kümüş gap-gaçlardyr käseler, gaýry birgiden zatlar bardy. Gymmat baha daşlar bilen bezelen ildirgiçdir egme kysmy şaý-sepler, gyzyldan monjuklar, ýüzükdir bilezikler belent mertebeli hanyň aýallary üçin niýetlenendi.

Baty han närazy görnüşde ýüzüni eňşidip çadyryň ýanynda durdy. Gapdalyndan alnyp geçilýän sowgat-serpaýlara göwnübir ýaly biperwaý seredýärdi. Gymmat bahaly zatlaryň ählisini onuň çadyryndaky halynyň üstüne üýşürýärdiler. Ol diňe: «Hytaý köşgünden getirilen sowgatlar bilen deňeşdireniňde bular dagy hiç zat» diýdi. Haçan-da öňünden biri-birinden ajaýyp on iki aty geçirenlerinde, hanyň meňzine şatlyk alamaty çaýyldy. Her atyň kümüş zynjyrly jylawyndan iki atbakar tutup barýardy. Ýylanyň damagyndan çykan ýaly syrdam atlaryn sagrylary bir enaýy ýaldyraýardy, ýallary, guýruklary tolkun atyp durdy. Käte oýun edip, käte bolsa çarpaýa galanlarynda atbakarlaryňam aýaklary ýerden ep-esli saýlanýardy.

Baty han özüne aýaklary dyzyna çenli ak, galan ýeri şar gara aty saýlady. Gözleri uçganaklap duran ol at sagrysyny gysyp, gyýa garap durşuna özüni saklap duran atbakarlary dişlemäge hyýal edýärdi. Baty han atlaryň galanyny beýleki şazadalaryň ýanyna eltmegi buýurdy.

Jahangir ahyrsoňy rus ilçilerini kabul etdi. Onuň çadyryna Çingiz hanyň nebereleri hem baş harby ýolbaşçylar ýygnandy. Altyn tagtyň üstünde oturan Baty hanyň başynda ullakan almaz lowurdaýan telpek, egninde bolsa aždarhanyň şekili altyn sapaklar bilen çekilen lybasy bardy. Ol ruslara ynanman geýminiň içinden polat sowudyny geýipdi. Sag tarapdaky halynyň üstünde onuň aýallary – «Ýedi ýyldyzy» ornaşypdy. Olar eýýäm Rýazan knýazynyň sowgat getiren şaý-sepleri bilen bezenmäge ýetişipdirler. Hanyň baýry aýalynyň boýnunda ullakan dürler, lowurdaşýan monjuk bardy. Beýlekileriň goşarlary altyn bileziklidi. Dür hem zerden örülen sümsüle iň kiçi aýalynyň maňlaýynda şugla saçýardy. Tagtyň çep tarapynda hanlardyr harby ýolbaşçylar otyrdylar.

Görseler – Rýazan knýazy Fedor orta boýly, kaddy dik, eginlek ýaş urşujy bolup çykdy. Onuň buýsançly kaddyny dik tutup, göni gözleriňe seredip tekepbirlik bilen durşy erkana laçymy ýadyňa salýardy. Çadyra girende nökerler alyp galany üçin onuň ýanynda hiç hili ýaragy ýokdy. Knýazyň yzy bilen giren alty sany ýakyn adamy hem geňeşdary bolan dört boýar iki hatar bolup durdular. Fedor samyr derisinden tikilen telpegini çykardy-da, barmaklaryny hala çenli ýetirip, Baty hana baş egdi. Ýanyndakylaram onuň hereketini gaýtaladylar.

Fedor şeýle diýdi:

– Tatar ýurtlarynyň patyşasyna hem batyr tatar goşunynyň serdaryna uzak ömür dileýäris!

Baty han esli wagtlap dymyp oturdy. Soňra gözlerini süzüp, öz aýagynyň ýanynda çugutdyryp oturan Rýazan knýazy Gleb Wladimirowiçiň gulagyna pyşyrdady:

– Bu biýedebiň tagzym edişi näteňet? Oňa meniň deňim däl-de, hyzmatkärimdigini ýatlat!

Çöküne düşüp, laýykatlyk bilen tagta gysmyljyrap oturan Gleb Wladimirowiç ilçilere ýüzlendi:

– Knýaz Fedor Ýurýewiç! Seň kimiň gaşynda duranyňdan habaryň barmy? Mongollaryň belentliginiň öňünde dyz epmezlik baryp ýatan gabahatlykdyr. Baty hanyň älem-jahanyň ýarysyny sorap oturanyny, onuň ähli gündogar ýerleriniň hökümdary bolan Çingiz hanyň agtygydygyny sen,

belki, ýadyňdan çykaransyň?! Häziriň özünde ýüzüňi ýere ber-de, onuň mertebesine hormat goýýanyňy subut et!

– Seň keşbiň birhili maňa tanyş ýaly-la! – diýip, Fedor oňa çiňerildi. – Knýaz Gleb Wladimirowiç-ä dälsiň-dä? Öz doganlaryňy toýa çagyryp, haýynlyk bilen ählisiniň başyna ýeten nejis diýerler saňa. Indem bärik gaçyp gelip, tatarlara rus topragyny depgilemäge kömek berýärmiň? Sen hristianlar bolan biziň haçan-da asman patyşasyna mynažat edenimizde, diňe keramatly ikonanyň öňünde bil epip tagzym edýänimizi öz täze hojaýynyňa düşündir! Bizi beýtmäge mejbur eden patyşa entek ýeriň üstünde döremändi! Bolýa-da, knýaz!.. Saňa şu ýerde däl-de, söweş meýdanynda duşaýan bolsam, başkaça gürleşerdim welin... Arman!..

Boýarlar özara pyşyrdaşdylar:

– Gör, bu deýýus nirelerde başyny çarap ýör!

Gleb Fedoryň aýdanlaryny gylyny gyşartman terjime etdi. Dergazap bolan Baty han agzyny köpürjikledip, sesine bat berdi:

– Meniň atamyň aýagyna bütin älem-jahan ýykylypdy. Ol dirikä mongollaryň adyndan bütin dünýä eýmenýärdi. Biz bilen oýnuňyz deň geler öýdýäňizmi? Biz erkimize garşy çykan halklaryň ählisini atyň tozuna gardyk! Siz näme, bizden güýçlüdiris öýdüp boýnuýogynlyk edýäňizmi?

Fedor sowukganlylyk bilen jogap gaýtardy:

– Seniň beýik ataň Çagoniz han hakynda men eşitdim. Men ol beýik urşuja-da, onuň agtygy bolan saňa-da hormat goýýan. Seniň uzak ýyllar rowaçlykda ömür sürmegiňi arzuw edýän. Ýöne şeýle derejede baý hem güýçli adam bolan saňa garyp Rýazan topragymyz nämä gerek? Siz bir sähraýy adamlar, atlaryňyzam halaýan oty selin. Biz bolsa aýy ýaly tokaýda gün görün, tütünli jaýlarda mydar edýäs. Biz hiç hili dawa-jenjelsiz hoşniýetli goňşulykda-da ýaşap biljek ahyryn!

Gleb dişini gyjap, onuň sözüni böldi:

– Agzyndan süýt ysy gitmedik guşkelle! Ýeňilmezek mongollaryň hökümdaryna beýle gaýtargy bermäge neneň het etdiň?

Baty han çep eliniň ýanynda oturan Subudaýa bir zatlar diýdi, Fedor bu ýeke gözi içiňden geçip gelýän garry, ýogyn mongolyň tatar patyşasynyň geňeşdary, şöhrat gazanan serkerde Sebýadýaý batyr diýilýänidigini aňdy.

Subudaý şeýle diýdi:

– Asmanda ýeke günüň bolşy ýaly, ýerde-de ýeke-täk hökümdar – mongol hany bar. Ähli kişi şoňa tagzym edip, topragy ogşamaly. Siz, urusutlar, şony isleseňizem etmeli borsuňyz, islemeseňizem. Haçan-da Baty han öz keramatly ädigi bilen boýnuňyzdan basanda, siz onuň adyny dogalaryňyzda şöhratlandyrmaly bolarsyňyz, üstesine, salgydam tölärsiňiz. Şu wagta çenli oňa tabyn bolman, tekepbirlik edip ýörsüňiz.

Şol wagt serenjamçy içerik girdi-de, ýüzüni ýere berip pyşyrdady:

– Nahar taýýar! Meýlisiňiz üçin taýynlanan zatlary getirmäge rugsat ediň, Nurana!

– Getir! – diýip, Baty han ornundan gobsundy-da, ýene öňküsi ýaly tagtynda ornaşdy.

Fedor hem onuň ýanyndakylar öňküleri ýaly aýak üstünde durdy. Olar göýä beýlekileriň ýadyndan çykan ýalydy.

Knýaz Gleb ak sepen gara sakgalyny sypalap, rus ilçilerine garap içýakgyç ýyrşardy. Egnindäki uzyn etekli köne lybasy ony aýagyna zynjyr urlan, ýelekleri ütülip ugrandygyna garamazdan, entegem gorkunç görünýän sähra bürgüdine çalymdaş görkezýärdi.

Ol rus ilçilerine ýüzlendi:

– Gadyrly myhmanlar, näme aýak üstünde dursňyz? Sizi çagyran adam ýok. Öz islegiňiz bilen, onda-da meýlisiň üstüne geldiňiz. Hödür-kerem etdigimiz bolsun. Şol duran ýeriňizde çökäýiň.

Daýaw, syrdam Iželsawl knýazy gapdalynda duran Fedoryň gulagyna pyşyrdady:

– Rus topragynyň haky üçin geçirimlilik edäýmesek alaç ýok. Öz namysyňy hem biziň namysymyzy goramaga çalyş, knýaz Fedor! Ganygyzgynlyk edip, öýe dolanmak aňsat. Ýöne biz tatarlar bilen birgiden zat barada şertnama baglaşmaga gelipdik ahyryn!

Muromyň ýaş knýazy şeýle diýdi:

– Biziň hiç haýsymyza öýe dolanyp barmak nesip etmezmikä diýýän, Süňňüm bir ýaramaz zady syzýar. Hany, oturalyň. Tatarlaryň hödür-keremi datlymyka?

– Oturyň! Baty han size nahar edinmegi mürehet edýär – diýip, serenjamçy olara ýüzlendi.

Rus ilçileri çadyryň diwaryna tarap çekildiler-de, aýaklaryny aşaklaryna ýygnap, halyň üstüne çökdüler.

Knýaz Fedoram, ýoldaşlaram polowes hanlarynyňkyda kän gezek myhmançylykda bolansoňlar, olaryň däp-dessurlaryna beletdiler. Uly meýlislerde her bölek etiň berilýän adamsyna edilýän hormatyň derejesini görkezýäni üçin öz ähmiýeti, berliş tertibi bardy. Şonuň üçinem, ruslar ilçi hökmünde özlerine ediljek hormatyň nähiliräk boljagyna gözegçilik etmäge başladylar.

Tatarlaryň dessury boýunça goýunmy, taýçanakmy ýa-da ýabany geçimi – islendik malyň gaýnadylyp bişirilen eti gadymdan gelýän aýratyn düzgün boýunça böleklere bölünýär. Bölmek bu möhüm işde ýeterlik tejribe toplan ýörite adama tabşyrylýar. Haýwanyň läşi göni ikä bölünip, her bölegi aýratyn gaba salynýar. Läş ýigrimi dört bölege bölünip, ol bölekler myhmanlaryň sanyna görä, ýigrimi dört ýa-da on iki gaba ýerleşdirilýär. Soňra ýagdaýa görä, her myhmana aýratyn tabak goýulýar. Myhman köp bolan halatynda iki ýa-da üç bolup bir tabagyň başyna çökýärler.

Çadyra dabara bilen goşalanyp giren hyzmatkärleriň biriniň elinde ýekeje altyn tabak, galanlarynyňkyda bolsa kümüş tabak bardy.

Serenjamçy hyzmatkäriň elinden altyn tabagy aldy-da, Baty hanyň gaşyna baryp dyza çökdi. Tabakda etleri sypyrylmadyk ullakan omaçalar hem-de goýnuň kellesi bardy.

Baty han tabagy iki eli bilen alyp öz öňünde goýdy. Ol guşagyna gysdyrylgy insizje pyçagy sogrup, goýnuň bir gulagyny kesip aldy-da, kelläni çep tarapynda oturan dogany Şeýbany hana geçirdi. Şol wagtam işine çulum hyzmatkärler myhmanlaryň arasynda ses-üýnsüz aýlanyşyp, tabaklary goýuşdyrdylar. Myhmanlaryň dördüsine aýratyn tabak berildi. Bu – iň ýokary hormatyň alamatydy. Galanlary iki-ikiden bir tabagyň daşynda ýerleşdiler.

Getirilýän tabaklara üns bilen syn edip oturan rus ilçileri olaryň äberilişinden ýagdaýa düşünýärdiler: ana, çep hem sag pilçäni gemirýän iki han goşunyň çep hem sag ganatynyň baştutany bolmaly. Goýunyň dyz süňklerini çekeläp oturan ol adamlaryň öňdäki otrýaddandygyny soraman biläýmeli.

Döş eti baýry aýala berildi. Galan maýda bölekleri beýleki aýallar paýlaşdylar.

Serenjamçy doga okansoň, tatarlaryň ählisi nahara başlady.

Ilçilere barmysyňyzam diýmediler. Ahyry iki tabak getirip olaryn öňünde goýdular. Olaryň paýyna düşen goýnuň aýaklarynyň galak-gaçak ýerleri, içegedir türre süňkleridi.

Bu zatlaryň özlerini masgaralamak üçin bilgeşlän edilýändigine ilçiler gowy düşünýärdiler. Olaryň öňünde goýlan zatlar in pes hyzmatkärlere – goýnuň garyn-içegesini arassalan aýallardyr gazanyň aşagyna ot salan oglanjyklara berilýärdi. Ruslaryň hiç biri tabaga elini uzatman, beýlekileriň nahar iýişlerine syn edip oturdylar. Öz üstlerinden gülnüp aýdylýan sözleriňem käbirine olar düşünýärdi.

Iki han bilen bir tabakdan nahar iýip oturan knýaz Gleb ilçilere tarap öwrülip:

– Gadyrly myhmanlar, näme işdä saklaýarsyňyz? Beýtseňiz hojaýyn halamaz – diýdi.

Pronskiniň knýazy oň jogabyny berdi:

– Poloweslerde «Toýa barsaň, doýup bar» diýen nakyl bar. Hoşgylaw hojaýyna bol-telki hödür-keremi üçin minnetdarlyk bildirýäris!

Ahyrsoňy nahar başyndakylaryň ählisi öňlerine goýlan etleri bir ýüzli edip, elleriniň ýagyny polotensä, possunlarynyň syýyna, sag ädikleriniň gonjuna süpürdiler. Hyzmatkärler kümüşden edilen ýaýbaň gaplaryň üstünde dürli ululykdaky altyn käselerde serhoş ediji içgileri getirdiler. Gymyzdyr beýleki içgilerden her kim öz göwnüniň halanyna elini uzatdy. Içgiden doly käseleri rus ilçilerine-de getirdiler.

Serenjamçy Baty hanyň öňünde dyza çökdi-de, minnetdarlyk dogasyny okamaga başlady:

«Myhmanperwerlik bilen edýän hödür-keremiň üçin asman edermenlikde öňüne adam geçip bilmejek han bolan saňa rowaçlyk indersin!

Penakär hudaýymyz bolan Sulde bagt guşuna öwrülip biziň şu oturan altyn çadyrymyza girsin!

Goý, şu çadyryň bezegi bolap hatynlaryň hersi on iki çaga dogrup, her gezek hem ogla düşen gözleri şatlykdan ýitelsin!

Baýlygyň hemişe ýere-göge sygmasyn! Hudaýyň saňa beren bagtyny hiç kim depelemesin!

Seniň çadyryň töweregini semizliginden ýaňa yzky örküçleri sallanyp duran müňlerçe düýeler, biri-biri bilen çasly kişňeşip oýun edýän owadan atlardyr gulanlar, süri-süri goýunlar, ýagly sygyrlardyr öküzler gurşasyn!

Eger kimde-kim saňa ýamanlyk etjek bolsa, goý onuň ýöriş wagtynda aty ölsün, äriniň dolanyp gelenini görmäge ýetişmän aýaly amanadyny tabşyrsyn, ol göribiň öýi şatyrdap çöksün-de, uklary ýagyrnysyndan sanjylsyn!..»

Hemmeler ellerindäki käsäni başyna çekdiler Ruslaram içmäge hyýallanyp, käsäni agyzlaryna ýetiren wagtynda hanlaryň biriniň gödek sesi ýaňlandy:

– Goý, urusutlar düýäniň dabanynyň astyna düşen çekirtge ýaly ölsünler!

Beýleki hanlaryňam käbiri onuň aýdanyny alyp göterdi:

– Goý, urusutlar gyrgy gören serçeler ýaly, goýun itini gören şagallar ýaly dyr-pytrak bolsun!

Ilçiler käselerini ýerde goýdular.

Ruslaryň içmeýänine gözi düşen Baty han olaryň çetine deger ýaly ýoknasyz sözlerini atdy:

– Nämüçin ýeke özüňiz gaýdypsyňyz? Aýallaryňyzam alyp gelseňiz bolmaýarmy?

Töwerekdäkilere goşulyp hezil edip gülýän knýaz Gleb şeýle diýdi:

– Aýratynam knýaz Fedor öz ýaş gelni Ýewpraksiýany getiräýen bolsa, tüýs ýerine düşäýjek eken. Deňiziň aňyrsyndan getirilen ol gözeliň owadanlykda dabarasy dag aşýar.

Içgiň humaryndan mazaly başy aýlanan Baty han Fedoryň üstüne süründi:

– Häziriň özünde öýüňe tarap at goý-da, gelniňi getir. Goý, ol bize aýdym aýdyp bersin, tans oýnasyn! Gözelligi bilen göwnümizi açsyn.

Knýaz Fedor oňa parahat jogap gaýtardy:

– Munyňyz birhili gelşiksiz bolýar. Eger-da uruşda bizden üstün çyksaň, ähli zadymyz seňki bolar.

Rus knýazynyň jogabyna düşünensoňlar, Baty hanyň heýkel ýaly gymyldaman oturan aýallary gozgalaň tapdy. Olardan ikisi hatda çapagam çaldy. Kiçisiniň bolsa:

– Bu batyr urusut mert adam ekeni – diýeni eşidildi.

Iželawl knýazy Fedoryň gulagyna pyşyrdady:

– Görýän welin, bu ýerde bizlik iş gutaran ýaly.

– Ony menem aňýan.

Ýerinden turan knýaz Fedora Baty han gözlerini süzüp syn etdi.

– Meni bagyşla, şöhratly han. Biz öýe dolanaýsak diýýäs...

– Näme beýle birden turuberdiniz? Arkaýyn oturyň-da, gymyz içiň!

– Biz seň bilen dostlukda, hoşniýetli goňşulykda ýaşaşmak barada bozulmaz şertnama baglaşmak niýeti bilen gelipdik. Ýöne bizde: «Zoraýakdan özüňi haladyp bolmaz» diýen nakyl bar. Tamamyz tersine boldy. Hiç wagtda saňa gul bolmajagymyzy berk ýadyňda sakla. Eger üstümize goşun çekip baraýsaň, onda jedeli gylyç çözer.

Fedoram, beýleki ilçilerem telpeklerini çykaryp, Baty hana tagzym etdiler. Soň Fedor dikeldi-de, ýüzüne dökülen saçyny silkip, Baty hanyň özüni öwen ýaş aýalyna nazaryny dikdi. Ýüzi iş edilip agardylan, gözlerine sürme çekilen gelin ýalpyldawuk parça çolanyp otyrdy. Knýaz samyr derisinden tikilen telpegini gaşlarynyň üstüne süýşürdi-de, batyrgaý ädim urup, çadyrdan çykdy. Baty han Subudaý batyryn gulagyna bir zatlar pyşyrdady. Ýekegöz serkerde üsgürinjiräp, şolbada gapa tarap ýöneldi.

Baty han tagtyň tutaýyndan ýapyşyp gymyldaman otyrdy. Ähli kişi nämedir bir zada diňşirgenip, düşnüksiz ýagdaýda doňup durdy. At toýnaklarynyň sesi eşidildi... Atlylar çadyryň gapdalyndan howlukmaç geçip gitdiler.

Az salym geçensoň, gazaply sesler eşidildi... Basyk, kynlyk bilen çykýan iňňildiler, batly çakyşýan gylyçlaryň jarkyldysy sähelçe wagt mundan öňki ümsümligi gaplap aldy...

Baty han ozalkysy ýaly gymyldaman otyrdy. Töwerekdäkileriňem hiç biri gozganmaga ýa-da ýerinden turmaga milt etmedi.

Çadyra giren Subudaýyň ýeke gözi gazaply ýaldyraýardy, ýüzünden der akyp, bütin göwresi bilen haşlaýardy.

– Nähili? – diýip, Baty han oňa ýüzlendi.

– Ählisiniň janyny jähenneme iberdik!.. Bir hyzmatkär garry diri galdy. Ol biziň nökerlerimiziň birinden alan gylyjy bilen öz jenaby – knýaz Fedoryň jesediniň üstünde mertlerçe söweşdi. Garry henizem eli gylyçly şol ýerinden butnaman dur. Men oňa degmäň diýip tabşyrdym. Seniň ataň – keramatly urşujy hemişe: «Eger onuň jenaby seniň duşmanyňam bolsa, wepaly hyzmatkäriň sarpasyny belent tutuň» diýerdi.

– Ony göresim gelýär. Konaz Galib, bar alyp gel!

Knýaz Gleb Wladimirowiç ýerinden turdy-da, mongollaryň özi ýaly yza tesip çadyrdan çykdy. Tizdenem uzyn boýly, çal saç gojany öňüne salyp geldi. Iki sany mongol urşujysy gojanyň tirseginden tutup durdy. Ýüzi çapylan garrynyň ak sakgalyndan gan syrygýardy.

– Sen kim borsuň? – diýip, Baty han sorady.

– Knýaz Fedor Ýurýewiçiň hyzmatkäri.

– Adyň näme?

– Aponisa.

– Maňa hyzmatkär bolasyň gelýärmi? Sylagyňy ýetirin!..

– Meni kerçgäýiň. Ýöne saňa hyzmat etmen.

Baty hanyň kiçi aýaly Ýyldyz ysgynsyz sesini endiredip şeýle diýdi:

– Jahangir, ony goýber!

Baty han makullaýjylyk bilen baş atyp şeýle diýdi:

– Ygrarly adam bolanyň üçin seniň günäňi geçýän. Atam bereýin. Yzyna gitmäge-de rugsat edýän. Bar-da, Rezanyň konazyna: «Seniň ogluň älem-jahanyň patyşasynyň öňünde gödeklik edeni üçin jezalandyryldy» diý. Subudaý batyr, iň ygtybarly nökerleriň dördüsini bu urusutyň ýanyna goş. Özlerine-de öldüräýmäň, urusutlaryň ilkinji saklaw postuna çenli ugratmaklaryny berk tabşyr.

Mongollar Aponisany çadyrdan alyp çykdylar.

Baty han hem onuň myhmanlary meýlisi dowam etdirip, rus ýerlerine hüjümiň planyny maslahatlaşmaga girişdiler.

## ÜÇÜNJI BAP

### Mongollar bilen parahat duşuşyk

Toropkapyň gürüm-jürüm bolanyny aňan öňdäki aňtaýjylar toparynyň urşujylarynyň arasyna dowul düşdi. Saweliý Dikoros hem şolaryň içindedi. Olar alaňyň töwereginde yz çalyp ýörüşlerine ahyry kiçijik kölçe bolup ýatan ganyň üstünden bardylar. Her kim bir pikiri orta atyp, çekeleşip, ahyram şu ýerde tutluşyk bolupdyr diýen netijä geldiler. Garyň üstünden uzalyp gidýän gan damjalary olary dört sany atyň yzlary açyk-aýdyň bildirip duran ýere alyp bardy. Yzlar tatarlaryň bolýan ýerine bakan gidýärdi. Hemişe ýüzi çytyk, agras Saweliý şondan soň hasam garasöýmez boldy. Sährada ýeke özi aýlanmany çykardy. Ýatanda-da içini hümledip, uzak gijäni uklaman geçirýärdi. Küýi-köçesi tatarlardan birini ele salyp, Toropkanyň nä güne düşenini anyklamakdy. Lihar Kudrýaş oňa göwünlik berýärdi:

– Eger Toropkany öldüren bolsalar, onda eşiklerini sypyryp, jesedini taşlap giderdiler. Ony diri ele salyp, özleri bilen äkidendirler.

Çakyr aýaz barha güýjeýärdi. Ykyrdap ýatan kepek ýaly gar aşyrym-aşyrym hazlap öwüsýän şemalyň demine düşüp tozaýardy. Asmanda bulutdan nam-nyşan ýokdy. Gözýetime çenli gar örtünip ýatan sährada janly-jemende göze ilenokdy. Ozallar gara görnümde alakjaşyp görünýän tatar atlylaryny indi üç gün bäri edil ýer hopan ýalydy.

Saweliý öz ýoldaşlaryna öňe süýşmegi teklip etdi.

– Geliň, janymyzy barlap göreliň! Belkem, biziň knýazlarymyz patyşa Batyga bilen şertnama baglaşyp, tatarlaryň öz ýyly ýurtlaryna dolanan bolmaklary mümkin. Eger şeýle bolsa, biziň bu ýerde sowuga daňlyp durmagymyzyň haýry näme?

Perunow Bordan gaýdan urşujylar onuň teklibini makulladylar. Kudrýaş ýoldaşlaryny birçaklar özüniň polowesler bilen mal söwdasyny edýän ýeri bolan bir kowçum öýden ybarat oba alyp barmaga boýun boldy. Beýleki otrýad dub jeňňelliginde olara garaşmaly diýlen karara gelindi.

Kudrýaş, Waula, Zwýaga hem Saweliý dördüsi paltalaryny guşaklaryna gysdyryp, gijäniň garaňkysyny penalap ýola düşdüler. Töwerekdäki depelere, källere ýetik belet bolansoňlar aý aýdyň gijede olaryň azaşar gorkusy ýokdy. Ýanlarynda-da birnäçe güne ýeter ýaly nanlary bar. Bir oýa ýetip, çöp-çalamlaryň arasynda gizlendiler. Daň atar ýerde atmady. Olaryň nazarlap ugran obasy oýuň ortasynda – kiçijik derýanyň bir gyrasynda ýerleşýärdi...

Goýy dumana tutuksy gyrmyzy şöhle salyp, ahyry gün dogdy. Gögüň ýüzünde topbak çal bulutlar peýda boldy.

Depäniň aňyrsyndan eli inçe naýzaly atly tatar çykdy. Onuň aty tüýlekdi, çypardy. Egnindäki possuny köneliginden ýaňa garamtyl görünýärdi. Obany nazarlap barşyna ol tiz-tizden töweregine

howatyrly garanjaklaýardy. Dört obadaşyň gizlenip oturan çöp-çalamlygynyň deňine ýetip, ol atyna gamçy çaldy. Biraz arany açyp, ýene az-kem diňşirgendi-de, atynyň başyny oýa tarap burdy. Atyň toýnagynyň astynda ýukajyk buzuň şytyrdap döwlüşi-de açyk eşidilýärdi. Birden ol şytyrdy galdy. Atyny suwa ýakýan bolsa gerek. Oýda-da togtaman, gar örtünip ýatan sähranyň içi bilen atyny gorgunladyp barşyna, tizden alaňlaryň asyrsynda gözden ýitdi.

Saweliý ýoldaşlaryna ýüzlendi:

– Obada janly-jemende ýok bolara çemeli. Ýogsam ýaňky gyýýk göz ugrubir geçip gitmezdi. Olaryň gürrüňlerinem bu ýerden eşidip boljak.

– Seniň öz Toropkaňdan nyşan tapjak bolup içiňi it ýyrtýar – diýip, gapdalda gyşaryp ýatan Zwýaga dillendi. – Öldürendirler öýdüp özüňi horlap ýörme. Ol ählimizden kän ýaşamaly ahyryn.

– Ýüregim hiç ynjalanok – diýip, Saweliý uludan dem aldy. – Gije-gündiz pikir-küýüm şol. Maslahat bilseňiz, men häzir ýeke özüm oba tarap ugrajak. Howp-hatara duş gelsem, gygyraryn. Şonda ýetişseňiz bor.

Bukdaklap oýa inen Saweliniň daýaw göwresi dessine gözden dulanyp, esli mahallap görünmedi. Lemmer bulutlar barha gürelip, tizden bütin asmany gaplady. Gar güýjäp, gözýetim öňküsinden has golaýa geldi.

Üç obadaş henizem garaşyp otyrdylar.

Birden çöp-çalamlaryň aňyrsyndan Saweliniň göwresi göründi.

– Syrgyn turjak bolýar – diýip, Saweliý töwerege göz aýlap durşuna seslendi. – Bir başlasa, iki günläp ýeri-gögi gapyşdyr. Obada çapylyp taşlanan kempiriň jesedinden başga hiç kim ýok. Ol ýerdäki üçegi abat saraýa özümizi atalyň. Nanymyz ýeterlik. Bu ýalazy meýdanda syrgyna üstümizi aldyrsak – dat günümize.

Gar dynman ýagýardy. Köwsar urýan şemalyň sowurýan garyndan ýaňa gözüňi açmak hyllallady. Olar biri-birine söýget berip, oýa indiler. Ýykyk-ýumruk kümeler boş haňlaşyp ýatyrdy. Saraýlaryň birinde diwara söýelgi bir kempir otyrdy. Onuň ýaglyk atylan çal kellesini gylyç dogry iki bölüpdir. Bir gözüniň seredişi edil janly ýalydy. Saraýdan okdurylyp çykan çal reňkli haýwan guýrugyny ýamzyna gysyp, ýapa tarap tutduryp barşyna dessine alaňdan aşdy.

– Möjek! – diýip, Saweliý seslendi. – Menem ikisini dagy ürküzdim. Olar bu ýerdäki iýlip taşlanan atyň süňküni gazamaga gelýändirler.

Üçegi abat palçyk jaýa girdiler-de, gapyny içinden berkitdiler. Içerä imisalalyk aralaşdy. Diňe daşarda güýjeýän şemalyň şuwwuldysy eşidilýärdi.

– Jaýa girsegem-ä girdik welin, bu bolşumyza tatarlara ap-aňsat olja bolaýmasak biridir.

– Men gapyň daş ýüzünde garawullyk çekäýerin. Uklar öýdüb-ä göwnüňize getirmän. Ýöne syrgyn gömäýse, çekip alaweriň. Ogluň dereksiz ýiter de, heý, gözüňe uky gelermi?

Ertesi irden gara mazaly gömlen Sawelini çekip aldylar. Ol üst-başynyň garyny kakyp durşuna:

– Sizi bu ýere getiren men. Garawullamasam meň boýnuma – diýdi.

Aýdanyna garaman, ony içerik saldylar-da, üstünde bulamak gaýnap duran oduň başynda oturtdylar.

Daşardan gelen ses olary hüşerilmäge mejbur etdi. Kimdir biri gyryljyk ses bilen gygyrdy:

– Içerde janly-jemende bar bolsa ses beriň. Ýogsam zor bilen gireris!

Içerdäkiler paltalaryny berk gysymlap, gapyň agzyna bardylar-da, işigi itip goýberdiler. Üst-başyny gyraw örten goja öýe girdi. Onuň ýüzi, ak sakgaly durşuna gandy. Gojanyň yzy bilen dört sany tatar gapynyň agzynda peýda boldy.

– Öýüňiz abat bolsun! Demimizi dürsäp, oduňyza ýylynmaga ygtyýar ediň. Uzak gije sährada entäp, tas doňup ölüpdik. Maňa Aponisa diýýärler. Rýazanyň knýazy Fedor Ýurýewiçiň hyzmatkäri men. Bu tatarlardan gorkmaň. Meni ilki duşan rus zastawasyna çenli ugratmak üçin ýanyma goşulan adamlar bular. Size barmaklarynam batyryp bilmezler.

Heşerlenişip duran adamlar biraz arkaýynlaşyp, paltalaryny ýygnadylar. Kudrýaş olara polowes dilinde ýüzlendi:

– Giriň, duz dadyň!

Gapynyň agzynda topar tutup duran tatarlar bada-bat içeri giräýmän, öz aralarynda bir zatlar hümürdeşdiler. Soň olaryň ikisi atlary duşaklamaga gitdi, beýleki ikisi bolsa öýe girip, gap-gara ellerini döşünde atanaklaýyn gowşuryp, tagzym etdi.

Olar oduň başynda gyslyşyp ýekedyz oturyşlaryna biri-birinden nazaryny aýyrman oda çoýunmaga başladylar. Kudrýaş ýantorbasyndan çykaran nanyny pyçak bilen bölekleşdirdi-de, tatarlara uzadyp durşuna goja ýüzlendi:

– Nirden gelip, nirä barýaň, Aponisa? Kim seni bu güne saldy?

Aponisa rus ilçileriniň başyna düşen haýhatly wakany, patyşa Batyganyň Rýazana baryp, knýaz Ýuriý Ingwarýewiçe oglunyň öldürilendigi hakyndaky habary ýetirmegi özüne ygtyýar edendigini gürrüň berdi. «Bu nälet siňenleriň aýap goýany bir men», Indi sag-aman Rýazana dolanyp barsam gerek» diýip, uludan dem aldy.

– Batyga diýilýän nähili adam? Hut özüni gördüňmi?

Tatarlar barada gaty kän aýylganç gürrüňler eşiden ruslar ýanlarynda oturan dört gelmişege ýiti-ýiti seredişdiler. Ine, olar häzir edil gapdallarynda hezil edip gaty nany gemrip otyrlar. Eginlerinde goýun derisinden tüýi daşyna edilip tikilen uzyn possunlary, aýaklarynda-da ýabyň hamyndan tikilen giň balaklary bar. Iç ýüzüne keçe tutulan ädikleri ullakan. Itin hamyndan edilen gulakjynlarynyň ýeňse tarapy kebzelerini ýapyp dur. Billerinde uzyn, egri gylyçlary hem ujuna zynjyr bilen tokga demir berkidilen serdesseleri bar.

Tatarlaryň biri goltugyndan çykaran kiçiräk agaç çanagyna gaty nany owratdy-da, peçde gaýnap duran bulamaga tarap ümledi. Waula onuň çanagyna bulamak guýup durşuna sowal berdi:

– Öýüň daşdamy?

Kudrýaş onuň sowalyny polowesçe gaýtalady.

Mongol az salym oýlanyp duransoň, näme soralýanyna düşünip, elini silkdi:

– Iki ýyllyk ýol.

– Näçe ýyl bäri urşup ýörşüň?

– Ýigrimi ýyl boldy.

Onuň gara-ört ýüzi edil sosna agajynyň gabygy ýaly ýygyrt-ýygyrtdy. Seýrek murtlary agzynyň üstüne sallanyp durdy.

Tatar dogran nanlaryny iýip bolansoň, galan bulamagy başyna çekdi. Soňam çanagy dili bilen ýalaşdyryp, ýanyndaky ýoldaşyna uzatdy. Oňa edilen hezzeti beýlekä-de gaýtalamaly boldy.

Ýüzleri gara-ört tatarlaryň ählisiniň keşbi tutukdy, gyýyk, gara gezleri ruslary başdan-aýak synlaýardy.

Olaryň bu bolşy maňzyna batmadyk Kudrýaş dillendi:

– Özler-ä biziň nanymyzy iýýä, üstesine-de damagymyzy çalmaga taýyn. Siz usullyk bilen bu ýerden garaňyzy saýlaň. Aponisany özümiz gerek ýerine elteris.

Mongollar gözleri bilen ruslara ümläp, öz aralarynda bir zatlar pyşyrdaşdylar. Olar ýeke-ekeden çykyp ugranlarynda mongollaram ujy gaňyrçakly naýzalaryny alyp, daşaryk okduryldylar.

– Bu gaňyrçak olaryň bizi atdan agdarmak üçin tapan zatlary – diýip, Kudrýaş düşündirdi.

Aponisa atyna mündi. Mongollaram öz müçesi kiçi atlaryna atlandylar.

– Hany, prawoslawlar, ýola düşeliň! – diýip, Aponisa seslendi. – Ýöne häzir boluň. Bular bir bet hyýala-ha mündi.

Ruslar dyzdan garda zordan ädim urup, belent ýapa tarap ugradylar.

Oýdan düz meýdana çykansoňlar, olar Aponisanyň yzyndan hatar tutup ýola düşdüler. Mongollar atlarynyň başyny çekip, bir duran ýerlerinde aýlanmaga başladylar. Birdenem atlarynyň boýnuna ýapyrylyşyp ruslaryň üstüne okduryldylar-da, edil golaýlaryna gelip saklandylar. Mongollar yzlaryna at goýanda, näme bolanyny ruslar şol wagt bilip galdylar. Iki syrtmak daşyna oralan Waula garyň üstünden süýrenip barşyna:

– Kömek ediň, doganlar! – diýip gygyrýardy.

Mongollar barha arany açýardy.

– Bagtygara Waula! – diýip, Zwýaga seslendi.

– Bary menden boldy! – diýip, Saweliý uludan dem aldy.

– Olary bu ýere getirmek nämä gerekdi diýsene?!

Alysdaky depäniň üstünde aýak çeken mongollar Waulany ýerden göterdiler. Boýny syrtmakly biçäre hatar tutup barýan atlylaryň öňüne düşüp ugrady.

Aponisanyň ýadaw aty üýşmek gardan aýaklaryny zordan çekip alýardy. Onuň töweregine garanjaklaşyp barýan çytyk ýüzli ýoldaşlary özara hümürdeşýärdiler:

– Bu zatlar aýylganç betbagtçylyklaryň, gaňdöküşikli uruşlaryň başlangyjydyr. Knýaz Fedory hem beýleki ilçileri çapyp taşlan bolsalar, tatarlardan hiç hili ýaraşyga, dostluga garaşasy iş ýok!

## DÖRDÜNJI BAP

### Tatar düşelgesiniň üstünde gopan harasat

Ýüzüne altyn sapaklar bilen ajdarhanyň şekili çekilen sary çadyr töweregindäkilerden göz-görtele saýlanýardy. Ol ýokarsy tokga misli gazyklara gyldan işilen tanaplar bilen berkidilendi. Çadyrda her gün hanlaryň maslahaty geçirilip, agşamlaryna bolsa meýlis guralýardy. Baty hanyň töweregi öz jan ynanýan ülpetlerinden, aýran şeraby, gymyz hem Rýazan ilçileriniň getiren baldan ýasalan içgilerine höweseklerden doludy.

Howa sowugam bolsa asmandan ýaldyrap nur saçýan günüň ujypsyz howry azda-kände duýulýardy. Tatar lagerinde şadyýanlyk höküm sürýärdi, adamlar gaýda-gaýmalaşykdy.

Atlar hiç mahal orakdyr çalgy görmedik giň sährada ýaýnaşyp ýördi. Wagşy meýdanyň ýaýylyp ýatan giňişliklerinde hanlaryň diňe depesi ak, galan ýeri gara ullakan telpege meňzeş öýleri görünýärdi, onda-munda ýakylan alawlaryň tüssesi burugsap asmana göterilýärdi. Käýerde gypjaklardan olja düşen ak öýlerem göze kaklyşýardy.

Garyň günüň ýylysyna erän üstki gatlagy gijäň aýazyna şatlap doňýardy. Demirgazykdan öwüsýän teniňi kesip gelýän çapgyn şemalyň badyna sürçek buzuň üstünden ses edip süýşýän doň gyrawlardan ertire çenli ep-esli depeler döreýärdi. Käte bolsa köwsar urýan şemal ol buzlary oduň başynda çugutdyryşyp ýa-da öýlere gyslyşyp oturan mongol urşujylarynyň üstüne sowurýardy. Agşama ýakyn has-da güýjän şemalyň soňy harasada ýazdy. Gowşagrak berkidilen öýleriň birnäçesi iki ýana elenip, ençemesini ýel südürläp äkitdi. Güýçli ýel Baty hanyň altyn reňk çadyrynam goparyp, golaýdaky alawyň üstüne taşlady. Hyzmatkärler altyn tagty, çadyry hem onuň içindäki gymmat baha zatlary ýygnajak bolup azara galdylar. Baty han şemalyň derdinden tüssesi ýer bilen aýlanýan, ýörişde gurnamak üçin amatly gara öýe geçdi. Çapgyn ýel ähli ýere kürsäp urup, öýleriň töweregine gar baryny üýşürýärdi.

Öz ýurtlaryndaky harasada öwrenişen mongollar possunlarynyň yzyna eplenen ýeňini ýazyp, üýşmek gardan hin ýaly ykyşak pena ýasanyp, çugutdyryp oturan ýerlerinden göwnübir halda ýeliň gazaply şuwwuldysyna diň salýardylar.

Daň atyberende olar penalap oturan ýerlerinden turdular-da, üst-başlarynyň garyny kakyşdyryp kimsi öýlere, kimsi käldir jarlara tarap öz taýpa daşlarnyň gözlegine ugradylar. Oduň başynda ornaşansoňlar, agaç çanaklaryna bulamak guýunyp, garynlaryny otardylar. Iýmit gaty azalypdy. Gypjaklardan talanyp alnan zatlaryň düýbi görnüp duransoň, urşujylaryň gürrüňi ýörişe ugramak hakyndady. Olar atlaryna atlanyp, harasatda, hudaý bilsin – nirelerden çykan gylýal sürülerini tapmak üçin sähra dargadylar.

Ähli kişiň nazary Subudaý batyryň ak öýüne gönügendi. Ol öýe Baty hanyň öz şahsy goşunlarynyň baş tümenlerine degişli bolan, ujunda atyň guýrugy sallanyp duran dokuz tug berkidilendi. Haçan ol tuglar onlarça müň atlyny öz yzyna düşürip, demirgazyk taýa – erjel, özdiýenli hem gaharjaň urusutlaryň näbelli ýurduna tarap ugrarka?

Ak öýden çykan iki mongol atlarynyň duşagyny çözüp, eýere böküp mündüler-de, hersi bir ýana ugradylar. Olaryň yzynda atlaryň toýnagynyň zarbyndan howa göterilen gar tozgalary akjaryp görünýärdi.

Soňra egnine polýar tilkisiniň derisinden tikilen, ýüzüne sary hytaý ýüpegi çekilen possunly Baty han daşary çykdy. Şahsy gorag otrýadyndan bolan nökerler ýanyna Rýazan knýazynyň sowgat beren atyny getirdiler.

Baty han jaryň içinde dikilen kiçiräk ak öýi nazarlap ugrady. Barjak ýerine ýetensoň, ol atyndan böküp düşdi-de, haly eňsini galdyryp içerik girdi. Elleri naýzaly iki nöker gapynyň agzynda sakçy durdular. Beýlekiler gara aty bir ýana çekip, dyzlaryny epdiler-de, özara ýuwaşja gürleşip başladylar:

– Bu ýerde kim ýaşaýar?

– «Ýedinji ýyldyz».

– Köp garaşmaly bormuka?

– Maslahat boljak ýaly. Noýonlar eýýäm ýygnanyşdy.

– Nämäň maslahatyka, bileňokmy?
– Ýörişe ugramak hakda bolaýmasa?!
– Yza dolanmak hakda dälmikä?
– Sem bol, eşidäýseler, bogup öldirler?
– Beýdip garaşyp ýatmak bolmaz-a. Atlara-da iýere zat galmady.
– Urusutlaň ýurdunda ýylynarys.
– Şäherleriniň odunamy?..
– Atlarymyzy nan bilen bakarys.
Mis galkan birnäçe gezek güňleç zarňyldady. Her urgyny sanap oturan nökerleriň biri:
– Dokuz! Gardi-Gel, seni çagyrýarlar! – diýdi.
Oturanlaryň biri sary possunynyň çep ýeňini çermedi-de, eňsini galdyryp, içerik boýnuny uzatdy. Berlen buýrugy diňläp bolansoň, nökerlere tarap ýüzüni öwrüp:
– E-heý, Oru-Zan! Nurana häziriň özünde porhan Kerinkeý-Zadany getirmegi talap edýär! – diýdi. – Bile gitmesek, ol bir özüme baş bermez.
Ýasy ýüz, burmy maşşaryp duran ýaş nöker başyny ýaýkady:
– Men-ä gitjek däl. Ol kempiriň dişiniň awsyna çydar ýalymy?
– Aýdylany etseň, gowy bor. Seň nä dişiň ýokmy? Oru-Zan ýerinden galdy. Iki nöker dyzdan garyň içi bilen batyp-çomup ýalňyz dub agajynyň düýbünde garalyp oturan öýe tarap ugrady. Dub agajynyň şahalarda ýarysy galan sary ýapraklary şemala şagyrdaşyp seslenýärdi.
Şu sowukda-da tüsse çykmany üçin öýde adam bardyr diýip pikir eder ýaly däldi. Özem gap biline çenli gara gömlüpdir. Oru-Zan bilen Gardi-Gel porhanyň adyny tutup birnäçe gezek gygyrsalaram, hiç hili jogap bolmady. Olar galyň gary elleri bilen peşäp, gapa golaýlanlarynda, içerden itiň hyňranmasyna çalymdaş basyk ses eşidildi. Ýene iki mongol kömege ýetişensoňlar gapyny itdiler. Öýüň ortasynda depe bolup ýatan keçelerdir goýun derileriniň aşagyndan çykýan sögünç sesi açyk eşidilip ugrady. Keçeleri iki ýana serpip ugran nökerler ahyry porhany tapdylar. Gara gözleri ýanyp duran, saçlara hüžžük kempir gaharly hüňürdeýärdi:
– Öň tarapyny gözýaşdyr gyllyk çüýreden, yz tarapyny gündür şemal daglan agzy sary peläketler! Öz samsyk atlaryňyzy bir aýdyň maňa? Näme zeruryýetlik bilen bu ýere geldiňiz?
Uly nöker sypaýylygy elden bermän, şelaýyn jogap gaýtardy:
– Kimlik işimiz bolansoň, haýyş hem tagzym bilen şoň ýanyna-da geldik. Kiçijik adamlar bolan bizi Nurananyň hut özi ähli zatdan habardar, ruhlar bilen gepleşip bilýän beýik porhan Kerinke-Zadan, seniň ýanyňa iberdi. Ol agyr alada, möhüm iş bilen häziriň özünde seniň öz çadyryna barmagyňy isleýär.
Keçeleriň aşagyndan sogrulyp çykan arryk kempir iki dyzyny gujaklap, çommalyp oturan ýerinden ýene gargap başlady:
– Ölen atasynyň jesedini iýen tentekler! Çagyr diýlende, şeýdilýänmidir? Keçeleri sypyryşdyryp, öýi başyma ýumuraýjak bolýaňyz. Bir ejiz aýaly şunuň ýaly sowuga taşlamaga neneň ynsabyňyz çatdy. Ilki ot ýakyp, meniň elimi, aýagymy ýyladarlar! Üç gün bäri keçeleriň aşagynda tas doňup ölüpdim. Men biçärä aç ölmesin diýip, gaty nan getiren gara-da bolmady. Mis çüňkli, demir dyrnakly bir süri gargany depäňizden indermänkäm, häziriň özünde güm boluň şu ýerden!..
Nökerleriň biri dessine çakmak bilen ot ýakmaga girişdi. Ikinjisi tutaşdyrlyk getirse, üçünji nöker öýüň ortasyna arça şahalaryny üýşürdi. Olaryň iň ulusy Gardi-Gel bolsa ýene-de erjellik bilen öňki ýatan ýerine sümülýän kempiriň üstündäki gat-gat keçeleri aýryşdyrýardy.
Tizden ot tutaşyp, şahalaryň şatyrdysy eşidilip başlady. Gardi-Gel Kerinkeý-Zadanyň golundan tutup oduň başynda oturtdy. Porhan kempiriň garaýagyz ýüzüne gyzyl hem gök çyzyklar çyrşalandy. Birnäçe örüm edilip goýberilen çal saçlary hor eginleriniň üstünde ýylan ýaly towlanyşyp durdy. Kempir osal duran Gardi-Geliň elinden agyz salan badyna ol elini aýyrdy. Porhan şondan soň çarýany uzyn çüňkli guş kelleleridir tilki guýrugy bilen bezelen telpegini geýdi, ýagyrnysyny aýy hamy bilen örtdi, döşünden ýaýbaň mis jamyny asdy-da, biline keçeden ýasalan hudaýlaryň inçejik şekilleri sallanyşyp duran kemerini guşandy. Soňam ullakan depregine hem ony kakýan taýaklaryna elini ýetirdi, tüýdük, goýunyň pilçesidir geçiniň öň aýagy çykyp duran torbasyny boýnundan asdy.
Ol bu işlere çalasynlyk bilen güýmenip ýörşüne şadyýan towsaklaýardy, aýdyma hiňlenýärdi, burnuna salyp, doga sanaýardy.

Oduň töwereginde egele gurap oturan nökerler onuň bolşuna gorky bilen seredýärdiler. Ahyry sabyr käsesi püre-pür bolan Gardi-Gel ýerinden turdy-da:

– Hany, indi Baty hanyň huzuryna ugralyň! – diýdi.

– Baş porhan Bekisiz men aýagymam ätmen.

– Oru-Zan! Bol, elinden tut. Beýik porhanymyzy hormat bilen Baty hanyň ýanyna elteliň.

Dört nöker Kerinkeý-Zadanyň haýyna-waýyna garaman, otyrýerine dyzlary bilen hürsekläp, dessine öýden çykardy.

Olar ellerinden sypjak bolup dyzaýan porhan kempiri idirdedip Baty hanyň «ýeňilmezekleriniň» sakçylyk çekýän öýüne alyp bardylar. Gapyň agzynda duran kempir birden üýtgedi, tekepbirlendi. Keramatly ruhlar bilen gürleşmegi başarýan, geljekde bolmaly zatlary öňünden bilýän, asmanyň erkinden habardar belli porhana mahsus görnüşe girip, gapydan ätledi.

Ot ýanyp duran ýyly öýde esasy hanlar ýygnanypdyr. Oduň aňyrsynda halyň üstünde aýagy gyzyl sagry ädikli Baty han otyrdy. Onuň porhan aýala içgin seredýän gözleri süzükdi. Kempir iç işikde duran ýerinden üst-başyndan sallanyşyp duran jäjeklerini şagyrdadyp tagzym etdi-de, ýüzin ýykyldy.

Soňam ala şagyrdy bolup han gelniniň ýanyna haýdady. Gelin tisginip diwara gysyldy. Oňa mähri gidenliginiň iň ýokary alamaty hökmünde kempir zenanyň iki gulagyndan tutup, ýaňaklaryndan ysgady. Gözleriniň ýanyny ýalady. Sypaşdyryp-sermeşdirip, soňam ýanyndajyk çökdi.

Porhan yşnaksyz nazaryny Baty hana dikdi-de, dabara bilen söze başlady:

– Sen ähli kişiň göwnüniň şady, sahawatlylaryň sahawatlysy, edermenleriň edermeni, Söýün han! Sen – şaglap inen çalasyn bürgüdiň bady! Sen – dagyň gaýalarynda mahal-mahal hyňranyp seresap ädim urýan ala bars! Sen – al-asmanda awuny peýläp ganat ýaýyp ýören ýiti gözli gyrgy! Sen – bütin halkyň ýüregi! Näme zerurýet bilen çagyranyňy maňa aýan et! Saňa gerek bolsa meniň elimden gelmejek zat ýokdur!..

– Hawa, men seni çagyrdym, beýik porhan Kerinkeý-Zadan! – diýip, Baty han dillendi. – Seniň geýýän telpegiňem adamlaryň kalbyna gulgula, hasrat salýar. Men şu gün oraşan düýş gördüm.

– Beýle bolsa, aýdyp otur!..

– Gören düýşüm aňymy bulaşdyryp, ýüregime dowul saldy. Meniň indiki ýolum şonuň ýorgudyna bagly. Sen älem-jahanyň ýetmiş tarapyndaky gazaply sary ruhlar bilen gürleşmegi başarýaň. Olary çagyr-da, bir zady anyk aýdyp ber: men şu harasatda uzyn sakgal urusutlaryň tokaýlaryna tarap ýola düşmelimi ýa-da garaşanym gowumy? Ýa-da atyň başyny günorta burup, Gök deňiziň ýyly kenarlarynda mesgen tutmalymy? Rýazana ugranym gowumy ýa-da günorta – Kiwamen[91] şäherine tarap ýola düşeýinmi?

Depesine garap, gözleriniň garasyny gabagynda gizlän porhan kempir iki ýana çaýkanyp «Aýun-ee! Aýun-ee!» diýip uwlady. Soňra torbasyndan gaýyş haltajyk çykardy-da, onuň içindäki gök reňkli külke zady oda sepdi. Otdan mawy tüsse göterilip öýi sähra otlarynyň ysy gaplap aldy.

– Düýşüňi gürrüň ber. Men ýetmiş sany sary ruhy çagyryp, sana nämäniň bagt, üstünlik, nämäniň bolsa hasrat, gözýaş getirjekdigini soraýyn.

Baty han porhana tarap egildi-de, pessaý ses bilen gürrüňe başlady:

– Düýşümde edil asmandaky çal bulutlaryň goýnundan köz gaçan ýaly süýr depäm gyzýar. Onuň gyzgynyna edil ýüregim agzymdan çykaýjak bolýar. Meniň dokuz guýrukly baýdagymam ýykylýan ýaly, egrelen ýaly görünýär. Ähli sürülerim hem golastymdaky beýleki emläklerim çig et ýaly çym-gyzyl, gazaply duşmanlarymyň eline geçýärmikä diýýän. Olar düýelerime sütem edýärler, öýleri ýeke-ýekeden goparyp, zorluk bilen alys bir ýerlere göçürýärler. Kerinkeý-Zadan, şu gören düýşümi ýorup ber! Belki, bu zatlar maňa asmandan iberilen alamatdyr?

Tasap ýerinden turan porhan depregini ýüzüne tutup, oňa batly urup başlady, möjege, aýa, hüwä meňzeş sesler bilen uwlap hem arlap ugrady. Ilki duran ýerinde towsaklady, soňam bir aýagynda böküp öýden çykdy. Nökerlerem onuň yzyndan okduryldylar. Ýalňyz ösen dub agajynyň ýanyna ýüwrüp baran porhan haýran galaýmaly çalasynlyk bilen onuň depesine dyrmaşdy. Şol oturan ýerinde-de ol depregini taýaklap gygyrmagyny dowam edýärdi, gaýyş torbasyndan çykarýan süňklerini demirgazyga – rus ýurdunyň ýerleşýän tarapyna zyňýardy. Soň ol agaçdan tizlik bilen syrylyp düşdi-de, garyň üstünden öňküsi ýaly towsaklap, öýe tarap eňdi. Porhan kempiriň ähli hereketini gapynyň agzynda synlap duran Baty han ony içerik goýberdi-de, ýene halyň üstünde ornaşdy.

---

[91] K i w a m e n – Kiýew.

Porhan dyzyny epip, depregini ýüzüne tutdy-da, erkek adamyňka meňzeş gyryk ses bilen şeýle diýdi:

– Men agajyň depesine çykdym. Bulutlardanam belende göterildim. Doga okadym. Ruhlar meniň yzym bilen bu ýere geldiler. Häzir olaň özleri dillenip, gören düýşüňi ýorup bererler.

Ol sesini üýtgedip gürrüňini dowam etdi:

– Ähli halklaryň hökümdary! Rýazan topragynyň eýesi bolan ýaş hem edenli konaz tagzym bilen seniň ýanyňa gelipdi. Özem ähli zada üns berip, näçe goşunyň bardygyny anyklapdy. Ol saňa on iki sany ajaýyp aty sowgat diýip getiripdi. Olaryň arasynda diňe sary ruhlar münse ýaraşjak bir gara at bardy. Şol aty sen nätdiň?

Baty han: «Seň näme diýjek bolýanyňy bilýän!» diýen terzde elini silkip, gözlerini süzgekletdi-de, birnäçe gezek başyny yrady. Soňam şeýle diýdi:

– Aty näme etdiň diýýärmiň? Rezanyň konazyn-a öldürdim. Atynam özüm münjek.

Porhan kempir ýene sesini peseldip söze başlady:

– Beýik sary ruh, hany, Baty hanyň düýşüniň manysyny aýdyp ber! Betbagtlygyň alamaty-ha däldir-dä hernä? Belki, üstümize sürünýän bela-beterleri kowmak üçin doga okamalydyr?

Ol başga bir ruh gepleýän ýaly, sesini möjegiň uwwuldysyna meňzedip sözüni dowam etdi:

– Ugrajak ýörişiňiz agyr bolar. Sakgallak urusutlar – çig et ýaly sargylt-gyzyl ruhuň ogullarydyr. Olar bilen uruşmak howply. Kesilen bir başyň deregine ikisi, ikiň deregine dördüsi döreýär. Olar bilen uruşmak üçin dogan güýjüne daýanmaly. Endamynda gara reňkden başga hiç hili tegmili bolmadyk atlaryň, öküzleriň, goýundyr geçileriň togsan dokuzysyny hudaý ýoluna gurban etmeli. Ilki bilen Rezan konazynyň sowgat beren gara atynyň damagyny çalmaly... – Soňky sözleri porhan kempir has ýuwaş aýdany üçin ol ses öýüň depesinden gelýän ýaly bolup eşidildi. Soň ol aşak egildi-de, bir egnine ýykyldy.

Öýi dym-dyrslyk gaplap aldy. Ähli kişi Baty hanyň näme diýerine garaşdy. Ol gözlerini süzüp şeýle diýdi:

– Sen garry möjek ýaly akylly, gapana düşüp sypan tilki ýaly mekir! Hany, sen aýt, belki, men demirgazyga – urusutlaryň tokaýlaryna tarap ýola düşmegi ýüregime düwüp, ýalňyşýandyryn? Belki, men ol ýerde ähli goşunymdan el üzmeli bolaryn? Belki, meniň dokuz guýrukly baýdagym düýbüne gylyç salnan ýaly ýykylyp, adamlarym başga halklaryň gandally gullaryna öwrüler?

Porhan sesini çykarmady.

Baty han sözüni dowam etdi:

– Gorkusyndan galdyrap duran ýöwsel adamlar maňa: «Urusutlaň üstüne gitmek nämä gerek? Ol tarapdaky geçip bolmajak sümme tokaýlarda jadygöýler hem olaryň hyzmatkärleri bolan aýylar ýaşaýar. Gowusy, ösgün otlary şemala tolkun atyp, goýnunda öküzler, goýun-geçiler ýaýnaýan sähranyň ýaýylyp ýatan ýerine – Gök deňize tarap gitmek gerek...» diýýärler. Sen bu diýýän sözleriňi şol gorkak nalajedeýinlerden öwrenen bolaýma, Kerinkeý-Zadan? Meniň halypam Hajy Rahym nirede?

Mongol hanlarynyň ýaýbaň kebzeleriniň aňyrsyndan başyna derwüşleriň zömmek sopbajyny geýen, çal sepen uzyn sakgally, ýadawdygy ýüzünden bildirip duran arryk Hajy Rahym ör turdy.

Iki elini garnynyň üstünde atanaklaýyn tutup durşuna ol sypaýylyk bilen baş egdi:

– Gulak asýan hem boýun synýan! Aýdyber, Baty hat!

– Iki şahly Isgenderi ýörişe ugrajak bolanda öňi bilen gyzyklandyran zat näme? Otluk öri meýdanlarymy ýa-da başga zatlarmy?

– Ýok, jahangir, ol diňe öz duşmanlarynyň goşunyny gözläpdir. Gördügem, edil bürgüt ýaly topular eken.

– Ol urşuň öňýanynda öz söýgüli gara atyny iýipmi?

– Ýok, jahangir, ol öz söýgüli gara aty Busefala hatda garrap güýji gaçan wagtynda-da mydama ýörişe ýany bilen äkidipdir.

– Sag bol, parasatly hem wepadar mugallymym Hajy Rahym! Indi meniň söweş halypam Subudaý batyryňam pikirini eşideliň? Biz urusutlaryň üstüne ugramalymy ýa-da dynç almak üçin Gök deňze tarap çekilmelimi?

Subudaý batyr gazaply ýaldyraýan ýeke gözüni töweregine ynamsyzlyk bilen aýlap, şeýle diýdi:

– Goşunymyz bu ýerde kän durdy. Iýer-içer ýaly zatlar gutardy. Harasadam barha güýjeýär. Şonuň üçinem tizräk urusutlaň şäherlerine özümizi atmak gerek. Şeýtsek, adamlarymyzam, atlarymyzam doýa bolar. Hatda ýetmiş ýedi müň ruh garşyňa çykaýanda-da, sen Rýazan şäherine onuň öňki konazynyň sowgat beren gara atyny münüp girmeli. Aç horlanmazy ýaly porhan Kerinkeý-Zadana

rýazanlylaryň doňduryp getiren ýaby ýaly ullakan gara doňzunyň etini şol durşuna bermeli. Ýetmiş ýedi sary ruha berjek gurbanymyz hakynda Uldemir şäherini alyp, urusutlaryň sürülerine eýe bolanymyzdan soň oýlanarys. Kerinkeý-Zadan gowusy, ruhlaryna şu harasady dep etmegini ýalbaryp doga okasyn! Ýogsam, bu galyň garda ýola düşmek kyn bolar. Eger şu harasat ýene dokuz gün dagy dowam etse, onda ählimiz garyň aşagynda hemişelik galýas.

Subudaý batyr sözüne dyngy berdi-de, sag aýagynyň balagyny ýokary çekip, bit dişlän çöpürlek injigini yhlas bilen gaşamaga başlady. Biri-birine seredişýän harby baştutanlaryň gözlerinde begenç uçgunlary ýylpyldaýardy.

– Sag bol, Subudaý batyr! Hemişe paýhasly adam bolanyň üçin senden hut şu sözlere-de garaşýardym. Biz ertir bu düşlsgimiz bilen hoşlaşýas. Togsan dokuz şaha bölünen goşun Rýazan topragyna kürsäp girer. Men öz maňlaýy ak ýyldyzly gara atymy münmekçi. Ol maňa bagt, üstünlik getirer. Meniň ak atym Akçiany gypjak atbakarlary Gök deňize tarap alyp gider. Arabystanda doglan at aýylaryň öwrenişen sowugyna çydamaz. Biz urusutlaryň öz gara güni bilen gydyrdapyp ýören daýhanlaryny gyrgyna bermeris. Şäher galalaryna hüjüm edenimizde öňe salar ýaly, olary köpräk ýesir almak gerek.

– Olara iýere näme berjek? – diýip, hanlaryň biri sorady.

– Ýesire iýmit nämä gerek? Goý, özleri gününi görsün! Ölen atlary iýibem mydar ederler. Bu gün dünýäni undup dynç alalyň! Ertir bolsa ganly şagalaň täzeden başlanar.

## BÄŞINJI BAP

### Mongollar hüjüme geçýär

Ýeri-gögi gapyşdyran syrgynda ilkinji bolup Subudaý batyryň «guduzlar» diýlip atlandyrylýan tümeni ýola düşdi. Menzil aşmakda ile özüni tanadan ýowuz serkerde ýolda atlaryny çalşyryp, gar depelerinden kynlyk bilen geçip, öňe barýardy. Ol ýesir polowesleriňem birnäçesini ýolbelet edip ýanyna alypdy. Ýesirler çala sudur bolup görünýän sähra ýodalaryny tapmaga ökdedi. Subudaý olardan özüne nätanyş, geň bolup görünýän ähli zatlar barada soraşdyrýardy.

Subudaý batyryn önden barýan bir kowçum atlysy tokaýda aw awlap ýören üç awçyny ele saldy. Kemerlerinden ýigrimä golaý belkanyň hamy sallanyp duran awçylaryň ýanynda tüýlek gara güjükleri bardy. Olary dor atyň üstünde oturan Subudaýyň ýanyna alyp bardylar. Serkerdäniň ösgün tüýli gulakjynynyň astyndan ýaldyrap görünýän ýeke gözi edil içiňden geçip gelýärdi.

– Näme işläp ýörsüňiz? – diýip, Subudaý polawes dilmajynyň üsti bilen olara ýüzlendi.

– Belka awlaýas.

Dilmaç olaryň duzak bilen nähili edip belka awlaýyşlaryny Subudaýa düşündirdi.

– Gijäni nirede geçirýäňiz? Öýüňize gidýäňizmi? Öýüňiz nirede, daşdamy?

– Awa çyksak, biziň öýümiz tokaý. Külbämiz agşamlyk dolanyp barardan daşda.

– Daş diýýäniňiz nähiliräk aralyk bolýar?

– On alty günlük ýol.

– Tokaýda nädip gijäni geçirýäňiz? Ýa-da towşanyň garda ýatyşy ýalymy?

– Ýok, başgaçarak. Biz gardan tä ýere çenli çukur gazynýarys. Gury, doň ýerde ot ýakýarys-da, edil oduň gapdalynda ýatýarys. Közleri süýşürip, şonuň ýerinde ýatsaňam bolýar.

– Ýylymy?

– Öýde pejiň üstünde ýatan ýaly-da. Kelte possunyňy egniňe atyp ýatybermeli.

– Nädip ot ýakýaňyz? Guran şahalary çöpleýäňizmi?

– Ýok. Üç agajy ýanaşyk ýykýas-da, ortasyndan ot berýäs. Olar kem-kemden tutaşyp, uzyn gije sönenok. Oýanan wagtyň agaçlary oduň üstüne süýşürip, ýene ýatybermeli.

– Agaç çapmak kynmy?

– Kyn zady ýok. Öwrenişen işimiz.

– Hany, nähili çapýanyňyzy görkeziň.

– Görkezäýeris.

– Awçylar arka taraplarynda guşaga gysdyrylan paltalaryny sogrup aldylar-da, ellerine tüýkürdiler. Olaryň biri possunyny çykarjak bolanda beýlekisi hüňürdedi:

– Egniňde dursun. Ogurlasalar bildiňmi?

Awçylar çalasynlyk bilen üç sany ýolka agajyny ýykdylar-da, pudap, ýanaşyk goýdular. Soňam çakmak bilen tutaşdyrlyk üçin üýşüren şahadyr gabyklaryna ot berdiler.

Olaryň hereketini üns bilen synlap duran Subudaý ýanyndakylara ýüzlendi:

– Urusutlary öldürmeli däl-de, köpräk ýesir alyp öňden kowmaly. Bu awçylar ýesirlere tokaýy çapyp, ýol arçamagy öwrederler. Bize ol ýol Rýazana hytaýlylaň daş zyňýan maşynlaryny eltmek üçin gerek. Ýogsam galalar aldyrmaz.

Subudaý eýesiniň aýagyna gysylyp, mongollara hyňranýan tüýlek güjüge barmagyny çommaltdy:

– Urusutlaň dilinde bu jandara päme diýilýär?.

– Aý, güjük-dä.

Subudaý beýleki awça-da şol sowalyny berdi.

– Žuçka! Týutka! – diýip, awçy bada-bat jogap gaýtardy. Subudaý üçünji awçydan soranda, ol:

– Laýka! Aw iti-dä – diýdi.

Subudaý başyny ýaýkady:

– Urusutlaň dili kyn eken-ow. Mongolça «nohoý» diýseň bes. Hemme kişi şoň itdigine düşünýär. Urusutlaňka düşer ýaly däl. Her kim bir hili atlandyrýar. Şonuň üçin biri-birine-de düşünmän ýörler.

## ALTYNJY BAP

### Knýaz aýaly Ýewpraksiýa

Günler tirkeş gurap geçip durdy. Tatarlar bilen gepleşige giden ilçilerden welin habar-hatyr ýokdy. Rýazanyň ilatynyň ýüregine dowul düşüp ugrady. «Ilçilerimize näme bolduka? Näme üçin çapar ibermeýärkäler? Özleri haçan gelerkä?» Şu sowallar olara ynjalyk berenokdy.

Knýaz aýaly Ýewpraksiýa elewräp, bir ýerde karar tapanokdy.

– Fedory goýbermesem bolmaýamy? Ýany bilen giden bolsam, bela-beterden gorap saklamaga nepim degerdi diýip, özüni oda-köze urýardy.

Ol köşgüň ýokarky otagynda uzak wagtlap oturardy. «Gözümi ýolda goýan ýolagçylar gara bermezmikä?» diýip, irginsizlik bilen gar örtünip ýatan düzlüge serederdi.

Göwsünde iňlär siňek görünmeýän uç-gyraksyz meýdan kalbyňa gussa salýardy. Adam-gara gözüne ilmänsoň, Ýewpraksnýanyň haly hasam teňleşýärdi. Balkyldap duran gözleriniň önüni duman tutup, owadan meňzi agarýardy. Gözýaşa gark bolup, mejalsyz halda başyny elleriniň aýasyna ýaplardy.

– Mähribanym, beýdip özüňi horlap ýörme ähyryn! – diýip, garry enekesi oňa göwünlik berýärdi. – Munyňdan boluş bolmaz. Bu ýagdaýda knýaza nädip görünjek? Özüňe haýpyň gelsin. Halys gurap barýaň-la?

– Özüme erkim ýetenok. Ýüregim bir şumlugy syzýan ýaly...

– Go-ýa, diýýän gepiň näme? Päliňi düzüw tut...

Öz ýanyndan howpurgan eneke burçda duran ikonanyň öňüne baryp, yhlas bilen çokundy.

Agyr gaýgy-hasrata, alada gark bolup, köşgüň içinde aýlanyp ýören Ýewpraksiýa knýazlaryň, boýarlardyr goşun başlyklarynyň maslahata ýygnanan jaýyna golaýlady. Içerdäki jedelleşýän adamlaryň gohy, gaharly gykylyklary ony aýak çekmäge mejbur etdi. Biri bir zat diýse, beýleki onuň tersinden turýardy. Bir çukura tüýkürip, maslahaty çugdamlap bilenokdylar. Uzyn stoluň üstündäki bol-telki naz-nygmatlardan iýip-içip oturyşlaryna ýene-de jedele girýärdiler.

– Uly şäherleriň ählisine ýene bir gezek çapar ýollamak gerek – diýip, çytyk ýüzli, garry knýaz söze başlady. – Ähli knýazlary, bütin halky bir ýere jemläp, tatarlaryň garşysyna agzybirlik bilen çykmaly.

– O diýýäniň dilde aňsat – diýip, Ýuriý Ingwarýewiç onuň sözüni böldi. – Men Wladnmir-Suzdalskiý şäheriniň knýazy Georgä çapar iberdim. Hiç hili netije ýok. Hatda jogabam bermedi.

– Wladimiriň beýik knýazynyň henizem şol öňki tekepbirligimikä? Şunuň ýaly ýagdanda öz goşunyny kömege ibermän saklanaýarmyka?

– Men-ä kömek berip gönendirer öýdemok. Biziň başymyza bela inse, ol hezil etjek. Onuň köpden bäri Rýazan topragyna göz gyzdyrýandygyny men bilip durun...

Garry knýaz gaşlaryny gerip, çal başyny ýaýkady:

– Özara dawa-jenjelleriň soňuna çykmasak, işimiziň ugruna bolmajag-a köre hasa zat. Bu agzalalygymyz bilen tatarlar ýeke ýekeden ýogumyza ýanarlar. Olara diňe başymyzy birleşdiren halatymyzda hötde gelip bileris. Şoň üçinem birleşmegimiz, bir kelle bolup pikirlenmegimiz gerek!..

Bir ýaş knýaz edil endamyna ot ýapyşan ýaly syçrap ýerinden galdy:

– Belki, hemmämiziň sen agzyňa aňkarmagymyz gerekdir?

– Men garran adam. Ony başarman.

– Saňa beletdirin! Köpden bäri şo pikiriň göwnüňde baryny bilýän. Ýöne bilip goý: seň golastyňda bolman!

– Jedeliňizi bes ediň! – diýip, Ýuriý Ingwarýewiç ara goşuldy. – Batyganyň golastyna düşsek, onça-da bolmaz. Men öz rýazanlylarym bilen Wagşy meýdana – tatarlaryň garşysyna çykyp, Wladimir şäherinden kömek gelýänçä olary saklamagyň pikirini edýän.

– Rýazanlylaryň bir özi az bolar – diýip, garry knýaz ona garşy çykdy. – Obaly, şäherli diýmän, rus topragynyň ähli halkyny aýaga galdyrmak gerek.

– Ekin-tikinden başga zady bilmeýän daýhanlary aýaga galdyranyňda näme haýyr bar? – diýip, goşun başlyklarynyň biri gyzmaçlyk etdi.

– Belki, olar käbir goşun başlyklaryndan köpräk haýyr berer? – diýip, ýaş knýaz içi güjükli söz oklady.

Oturanlar tarsa ýerlerinden turup, birm-biriniň ýakasyndan ýapyşdylar.

– Knýazlar, utanyň! – diýip, Ýuriý Ingwarýewiç olary köşeşdirjek boldy. – Aklyňyza aýlanyň! Betbagtlygyň gara ganaty ählimiziň üstümize gerlip dur! Edýäniňiz näme?

– Sen öz edýäniň näme? – diýip, gyzma biri sesine bat berdi.

– Men ogluma-da haýpym gelmän, ony tatarlaryň üstüne iberdim! – diýip, Ýuriý Ingwarýewiç içki buýsanjyny daşyna çykardy. – Olaryň nä güne düşenini hudaý bilsin! Häzire çenli hiç hili habar-hatyr ýok! Düýbi düz bolsa ýagşydyr...

– Belki, oňa patyşa Batygany yrmak başardandyr? Şeýle bolaýsa-ha, tatar belasyndan dyndygymyz.

– Biz näme sebäbe görä tatarlardan eýmenmelimişik? Olaryň nähilidigini gören barmy? Belki, özlerini gerseň, gorkar ýaly zadam ýokdur?

Knýazlar ýene biri-birine gezek bermän gygyryşdylar, jedelleşdiler.

Gapynyň agzynda durup, olaryň gopgunyny diňlän Ýewpraksiýa agyr gussa batyp, öz otagyna dolandy. Bu ýagdaý onuň öňki derdiniň üstüne urna boldy.

Ol enekesinden palçyny çagyrmagy haýyş etdi. Egnine keşdeli ýaglyk atynan palçy gele-gelmäne öz öwrendekli hünärine başlady: ilki däne sepeledi, soň mum guýdy, yzyndanam kölegä seretdi...

– Basym seňkä myhman gelýär, keýgim! Görülmedik sowgat-serpaýlar getirýär. Şatlygyň ýere-göge syganok. Bir zad-a seni ynjalykdan gaçyrýar. Kalbyň alys bir ýerlerde perwaz urýar. Ýüregiň bir edenli ýaş ýigit bilen gidipdir... Seni uzyn gije ýatyrmaýan alada şoň gaýgysymy? Ondan arkaýyn bol! Hiç hili betbagtçylyga uçraman, gidişi ýaly sag-aman dolanyp gelýär. Ýöne geçmeli ýoly çakdan aşa uzak. Maňa ynanmaýan bolsaň, gel, özüň seredip gör! Ine, seň laçynyň, büýem oň geçmeli alys ýoly!..

Ýewpraksiýa seredende, polotensanyň ýüzünde salgym atýan kölege dogrudanam, onuň mähriban adamsyna çalymdaş göründi. Ol palçynyň serpaýyny ýetirip, öýüne ugratdy. Enekesi görgülem şatlandy.

– Gördüňmi – aýdanym rast çykdy gerek? Gaýa-gopuz ýok ýerinden biderek howsala düşme diýdim-ä men saňa! Knýazymyz gelmeli. Ýöne ýol daş diýýä.

Ýewpraksiýa boýdaşlaryny çagyryp, adamsy gelýänçä täze owadan köýnek tikinmek üçin höwes bilen işe girişdi. Gelniniň bezemen geýinmegi knýaz Fedora-da hoş ýakýardy. Ol her hili geýimdekä kesesinden synlap, göwnüni hoşlaýardy. Gyzlar aýdym aýdyp, ýumşak ýüpek mata ýygy epinler salýardylar. Ýewpraksiýanyň işe ezber elleri bolsa söwer ýary üçin atlaz köýnek tikip, dürli reňkdäki ýüpek sapaklardan ussatlyk bilen keşde çekýärdi.

Iki günläp gyzgalaňly dowam eden iş birden togtady. Eli işden sowan Ýewpraksiýanyň kalbyny ýene gussa gaplady. Ol ýene adam-gara görünmeýän ýola nazar dikip, erksiz gözýaş dökmäge başlady. Gaýyn enesi bolsa öz gaýgysyna basalyk berip, söýgüli gelnini köşeşdirjek bolup jan edýärdi. Joralarynyňam onuň göwnüni açjak bolup eden synanyşyklary netijesiz boldy. Köşgüň haňlap ýatan jaýlarynyň arasynda maksatsyz gezim edip ýörşüne, kalbynda berç bolup ýatan agyr oýlaryndan aýňalyp bilenokdy.

«Bu knýazlardan-a bulut ýakyn. Fedoryňam şol gidişi. Tatarlar üstümize döküläýse, bizi penalar ýaly kim bar? Knýazlaryň öz gohlary özlerine ýetik. Bar aladalary biri-birini basmak... Bu boluşlaryna rus topragynyň bagtyna gara çekerler. Tatarlar gelse, ählimizi kerçärler ýa-da öz iline sürüp äkiderler».

Patdyk-putduk basyp, onuň ýanyna kiçijik oguljygy geldi. Gysmyljyrap durşuna kakasynyňka meňzeş gözlerini ejesine dikdi. Ümbilmez çaga diýjeksiň – ejesiniň bir derdiniň bardygyny şolam bilýär. Oguljygyny bagryna basan Ýewpraksiýa dyňzap gelen gözýaşyny zordan saklady.

– Ýok! Seni tatarlara bermen, Wanýa jan! Fedoryň ogly duşmanyň elinde gul bolmaz! Ýewpraksiýa-da olar bilen bir düşekde ýatanyndan gara ýere dulananyny eý görer!

Aşakdan üýtgeşik galmagal eşidildi. Gapylar batly jarkyldap, yzyndanam iniňi tikenekledýän ahy-perýat başlandy.

Ýewpraksiýanyň ýüregi erbet sançdy. Ol dünýäni unudyp, goltugy çagaly aşak ylgady... Aglaşýan aýallar ellerinde bagyryp urunýan garry knýaz aýaly Agrippinany saklaýardylar. Knýaz Ýuriniň bolşy aklyndan azaşana çalym edýärdi. Ol geýimlerini çäk-çäk edip:

– Baryna men günäkär! Men!.. – diýip gygyrýardy.

Öňde knýaz Fedoryň wepaly hyzmatkäri, garry Aponisa durdy. Kirli geýimleri sal-sal, ýaralaryndan akan ganlary ýüzünde doňup duran hor hem ysgynsyz garry gözýaş edip, durşuna samraýardy:

– Nälet siňenler ony kerçediler! Diri adam goýmadylar. Bolan işi size habar berer ýaly bir meni goýberdiler. Laçynymyz meň öz ellerimde jan berdi!

Ýewpraksiýa ýaka ýyrtyp eňremedem, Hudaýa-da nalyş etmedi. Ogluny gujagyna gysyp, sesini çykarman yzyna dolandy. Aýlaw-aýlaw basgançak bilen öz ýokarky otagyna galdy. Soňam penjiräniň ýanyna bardy. Ony giň açyp, ogluny bagryna basdy-da, onuň bilen birlikde ho-ol aşakda garalyp görünýän daşlaryň üstüne özüni oklady...

## ÝEDINJI BAP

### Ýesir mongollar

Wagşy meýdanyň içi bilen ep-esli ýol geçen Rýazan goşuny harasada üstüni aldyransoň, açyk sährada söweşjeň lager bolup ornaşmaly boldy.

Çadyrdaky ullakan halynyň üstünde gyslyşyp oturan knýazlardyr goşun başlyklary rus topragyny sürnüp gelýän aýylganç beladan nädip goramagyň pikirini edýärdi. Çadyryň daşynda harasat güýjäp, şemal şuwlaýardy. Ýanyp duran iki kesindiniň ýalny tebil tapyp, gaçýan közler aşakda goýlan suwly gaba düşüp jazyrdaýardy. Dyzyna çöküp oturan hyzmatkäriň bar ünsi otdady... Munuň ýaly gaýly gijede duşmanyň çozmajagy aýdyňdy.

Daşarda at aýagynyň sesi eşidilip, kimdir biri knýazyň nirededigini sorady. Yzýanyndanam çadyryň agzyna gerlen agyr tuty birýana serpilip, üsti-başy durşuna gar bolup duran egni possunly ýetginjek içeri girdi. Ol gar basan telpegini çykardy-da, habaryny mälim etdi:

– Garry goşun başlygy Ratibor geldi. Möhüm habar getirdim diýýär. Ertire çenli garaşmaga ýagdaýy ýokmuşyn.

– Oň goşun başlygy bolaýşyny! – diýip, Ratiboryň kowumlary bilen köneden öçli knýazlaryň biri seslendi. – Iki jahan owarrasy diýerler oň ýala. Ybadathanada doga okap oturmaly halyna gijäň içinde arwah ýaly entäp ýörmesi nämekä? Günäsi çökder bolansoň, gijelerine gözüne uky gelýän däldir.

– Gepiňi oýlanyp aýtsaň bolmaýarmy? Agzy ýellini hudaýam halaýan däldir – diýip, burçda oturan biri ony haýykdyrjak boldy. – Goç ýigidiň zor bilen ýerzemine dykylyp, monah bolmaga mejbur edileninden sen näme, bihabarmy?

– Köne saman sowurmaň! – diýip, üçünji biri seslendi. Ýaňy bir agzymyz birikdimikä diýsek, ýene başlaýaňyz!

Ses-selem galdy. Ýetginjek gapyň tutusyny birýana galdyransoň pälwan sypat, daýaw Ratibor içerik girdi. Telpegini çykaryp, possunynyň iliklerini ýazdyrdy. Bulaşan uzyn ak sakgalyna timar berdi. Ilki burçda gaýyş sandygyň üstündäki geýmine altyn çaýylan keramatlynyň şekiline üç gezek çokundy, soňam Rýazan knýazyna bil epip tagzym etdi.

– Gel, Ratibor ata! – diýip, knýaz Ýuriý Ingwarýewiç mürehet etdi. – Hany, ornaş! Agyr pikirleriň astyndan çykyp bilmän otyrys. Belki, sen gulaga ýakymly habar aýdarsyň?

Ratibor halynyň üstüne çökdi-de, gürrüňe başlady:

– Men öz ýüz adamdan ybarat družinam bilei tatarlardan bir-iki sanysyny ele salmak üçin gamyş jeňňelliginde bukulyp durdum. Tutup, olarys näme hyýala münenini anyklasym gelýärdi. Harasadyň derdinden tas gara gömlüpdik. Iki eliňi burnuňa sokup, boş dolanmagam birhili. Bagtymyza, birden tatarlaryň iki sanysy görnäýdi. Ýa-ha azaşandyrlar ýa-da bizden ýesir almak üçin şaýlanan adamlardyr diýip pikir etdik. Topbagymyz bilen üstlerine eňdik. Olar başly-barat gaçdylar. Ikisini atdan agdarmagy başardyk. Bir-ä gününe kaýyl bolup dur, beýlekisi welin tabyn bolasy gelmän kän çekeleşdi. Uzyn saply palta bilen amana getirip, elini daňdyk.

– Özleri diri gerek?

– Hawa. Ony-muny soraşdyrdygam. Öz-ä köp zat bilýäne meňzeş. Ýöne aýtmajak bolýar.

– Gepletmäň ugruny bilýän dälsiň. Meň elime bir tabşyr, nädersiň saýraberse! – diýip, oturanlaň biri seslendi.

– Tabşyrylan ýaly-da. Gapyň aňyrsynda durlar.

– Hany, getiriň bäri! – diýip, knýaz buýurdy.

Ýetginjekler mongol ýesirlerini çadyra saldylar.

Olaryň elleri kemer bilen arkalaryna mäkäm saralgydy. Olaryň biri gurplurak bolmaga çemeli: egninde bagana ýakaly mawut çäkmeni, aýagynda ak gaýyş ädigi bardy. Çaňjaryp duran ýüzi gyzyl misden ýasalan ýalydy, sypaty gahary gelen hüwini ýatladýardy. Ol tekepbir garaýan gazaply ýiti gözleri bilen çadyrda oturanlary birlaý synlap çykdy. Ýesiriň bütin durky bir söý bilen gabawa düşüp, garpyşmaga ýa-da azatlyga çykmaga sähelçe maý boldugy bökmäge taýýar ýyrtyja çalym edýärdi.

Beýleki ýesir on ýedi ýaşlaryndaky ýigitdi. Şyry çykan possunynyň üstünden geýen dokama çäkmeni meňki bolsun diýer ýaly däldi. Aýagyna-da köwüş deregine bölek-büçek deri orapdyr. Ol Baty hanyň goşun çekip gaýdan ýurdunyň adamlary bolan urusutlary ilkinji gezek görýäni üçin töwerekdäkileri gorka hem bilesigeliji nazar bilen synlaýardy.

Knýaz Lihar Kudrýaşy çagyrmagy buýurdy.

– Sen soralýan zatlara jogap berjekmi, ýokmy? – diýip, içeri giren Lihar Kudrýaş ýesirleriň ulusyna ýüzlendi.

Ýesir oňa seretdi-de, beýlesine öwrüldi.

– Teniňe ot basylansoň-a dil açarsyň.

– Bolýar, jogap bereýin.

– Kim sen? Adyň näme?

– Men ýüzbaşy Urýanh-Kadan. Baty hanyň tümeninden.

– Goşunyňyzyň sany näçe?

– Baty hanyň goşunynyň sanyny togsan dokuz ýylda-da sanap gutaryp bilmersiň.

– Baty hanyň özi nirede?

– Golaýda. Peýkam ýeterden uzakda däl. Goşunyň iň öňünde gelýär.

– Oň ugry nirä?

– Urusutlary boýun egdirip, gandally gula öwürmek üçin bärik gelýär.

– Ol näme öňe süýşmän, bir duran ýerinde dur? Ýa bizden gorkýarmy?

– Baty hanyň gorkýan zady ýok. Diňe harasadyň ýataryna garaşýar. Urusutlaryň gaharjaň ruhlary ýüzümize gar tozadyp, bizi öz ýerlerine goýbermejek bolýarlar. Haçan-da biziň ruhlarymyz siziňkini ýeňse, Baty han göni Rýazan şäherine goşun çekip ugrar.

– Mongollaryň esasy goşunbaşylary kimler?

– Olar kän. Iň esasylary – beýik urşujy Çingiz hanyň kowmundan bolan on bir şazada.

– Olaň bary Rýazanyň üstüne ugraýarmy?

– Hemmesi gaýdaýsa, goşunlara ýer, atlara azygam ýetmez. Şoň üçinem, goşunlar edil gabalyp aw edilendäki ýaly giň ganatlara ýaýrap, ýanaşyk hereket edýär. Iň çepdäkisiniň ýolbaşçysy Şeýbany han, sagdakysynyňky Guýuk han.

– Rýazana olaň haýsy gaýtmakçy?

– Ilki Guýuk han ugraýar, oň yzyndanam Baty hanyň özi.

– Beýleki goşun başlyklary näme işleýär?

– Olar urusutlaň beýleki şäherlerine ugramaly.

Knýaz Ýuriý Ingwarýewiç beýleki ýaş ýesire ýüzlendi:

– Seň adyň näme?

– Adym Musuk. Nazar Kärizegiň ogly.

– Öz ýoldaşyň Urýanh-Kadanyň aýdýan zatlary dogrumy?

– Hemmesi bolmasa-da, umuman, dogry.

– Nämesi dogry däl?

– Ony özüňiz oýlanyp görüň. Men aýdyp oturmaýyn.

– Bu seň başlygyňmy?

– Hawa, onda-da uly başlygym.

– Nädip ýesir düşdüňiz?

– Başlygym bilen urusutlaň goşunlarynyň nirededigini bileli diýip ugrapdyk. Soňam azaşdyk. Aýlanyp ýörkägem bizi ýesir aldylar.

Knýazam, goşun başlyklaram agyr oýa batdylar. Gara bulut ýaly süýşüp gelýän tatar goşunlaryna garşy göreşiň juda agyr boljagy hakyndaky pikir olaryň ählisiniň aňynda köwsarlaýardy.

– Göwün göteriji, degerli maslahat berip biljegiň barmy? – diýip, knýaz Ýuriý Ingwarýewiç sorady.

Mongol ýesiriniň ýüzünde ýaňsa çalymdaş ýylgyrma peýda boldy. Knýaz Kudrýaşa ýüzlendi:

– Şu iki ýesiri berkräk sakla. Aýaklaryny gaýyş kemer bilen sara. Bujagaz ýüpüňi olar dişleri bilenem kertip gaçarlar. Häzirem äkit bu ýerden!

Kudrýaş ýesirleri öňüne salyp daş çykdy. Sakgalyny dyrmalaýan Ratibor edil bogulýan ýaly ardynjyrap, uludan dem alýardy.

Goşun başlyklary ümsüm otyrdylar. Knýaz Ratibora ýüzlendi:

– Ratibor ata, sen birneme döwüş gören adam. Ýaňky ýesirleriň aýdan zatlary baradaky pikiriňi eşideli!

– Özler-ä öwünjeňräk eken peläketleň. Ýöne goşunlarynyň uludygy-ha çynmyka diýýän. Bu özleri üçin hem gowy, hem erbet. Beýle uly goşun bir ýerde köp durup bilmez. Mongol atlary eýýäm ähli ot-çöpi köklerine çenli köwläp iýendir. Ýene birnäçe gün şeýle ýagdaý dowam etse, atlar biri-biriniň guýrugyny gemrip başlar. Şoň üçinem, olaryň bary Rýazanyň üstüne gaýtman, galladyr bede tapmak üçin bölünip, beýleki şäherleriň üstüne ugrarlar. Eger biziň knýazlarymyz agzybirlik bilen başlaryny bir ýere jemleseler, mongollardan heder etmese bolar.

– Onda ýesirleň aýdany ugrunda bar-da?

– Tatar goşunlaryny sanap çykmak üçin togsan dokuz ýyl gerek diýýänleri – çypdyrma, galanlary dogry.

– Seň pikiriňçe, biz näme etsek gowy boljak?

– Mungal goşuny şu ýerden tä Pronskä çenli uzalyp gidýär. Olaryň ählisi biziň üstümize gaýtmaz. Eger ýaňky ýesir aldamaýan bolsa, onda biziň garşymyzda Guýuk han bilen Batyga hanyň otrýadlary dur. Şol sebäbe görä-de, wagt ýitirmän, öňe süýşüp, Guýuk handyr Baty hanyň goşunlarynyň arasyny bölmeli. Bu harasatda olar biziň barýanymyzam aňmazlar. Ilki Guýuk hanyň goşunynyň üstüne dökülip, ýoguna ýanmaly. Soňam Batyganyň goşuny bilen bir ýaňalyk etmeli. Bu ýeňil iş däl. Ýöne mungallaryň özi üstümize dökülse, mundanam kyn bolar. Onda tepbedimiziň okaldygy biläýiň! Diňe goranýan adam uzak gidýän däldir. Olaň öz üstüne hüjüm etmek gerek...

Goşun başlyklarynyň gowry ýene dik asmana göterildi, her kim bir maslahat berdi. Ahyry Ratiboryň aýdan pikirini goldan knýaz Ýuriý Ingwarýewiç hemmelere goşunlary daňdan örüzip, tatarlaryň çep ganatyna çozmaga taýyn bolup durmagy buýruk berdi.

## SEKIZINJI BAP

### Wagşy meýdandaky söweş

*...Ugry idelmänsoň, ýowşan bilen örtülen ýalazy meýdanda garda, buzda doňup galan adamlaryň jesetleri gurda-guşa şam bolup ýaýraşyp ýatyrlar. Bu üýşüp ýatanlaryň bary ajal şerbetinden içen bendeler.*

(«Baty hanyň gelşi hakyndaky powest». XIII asyr)

Daň atyberen uçurlarynda polklar eýýäm taýyn bolup durdy. Družinaçylar gijäni garyň üstünde geçirdiler. Harasat kiparlap, diňe iri gar tozgalary uçganaklaýardy. Alaňlaryň aňyrsyna şapagyň gyrmyzy reňki çaýylyp ugrady. Üst-başlarynyň garyny silkip turan urşujylar gylyçlaryny, uzyn saply paltalarydyr naýzalaryny aldylar. Sowudy barlar sowudyny geýindi.

Urşujylar sap-sap bolup, egin deňleşip durdular. Goşunyň öňünde aýlanyp ýören knýaz Ýuriý Ingwarýewiçiň sesi açyk howada aýyl-saýyl ýaňlandy:

– Inilerim, gaýratly, edermen urşujylar, rýazanly goçaklar, agyr jeňe ykjam taýynlanyň! Nälet siňen duşman biziň erkinligimizi elimizden aljak bolýar! Urşa taýynlanyň! Asuda, parahat günümizi bulamaga gelen mekir duşmanyň niýeti belli. Polowesleriň bütin ýurdy eýýäm olaryň elinde. Duşman biziň topragymyzam şeýle güne sezewar etmek isleýär. Olaryň aýagy düşen ýurt ot-ýalyna gabsalyp, ýer bilen ýegsan bolýar. Mähriban şäherimiz Rýazanyň, onuň hasylly topragynyň, söýgüli perzentlerimiziň, aýallarymyzdyr ene-atalarymyzyň ykbaly diňe siziň edermenligiňize bagly. Ýowuz duşman amatly pursata garaşýar. Ol şäherimizi otlap ýylynmaga, emlägimize eýe bolmaga howlugýar. Duşman uzakda däl, edil alkymymyzda dur. Basym söweş başlanar. Olara göz görkeziň!.. Siziň agaňyz bolan men, gerek bolsa ajal şerabyny ilki içmek üçin öňüňize düşüp ugraýan! Atamyz Ingwar Swýatoslawowiçiň erkin ýurduny gorap, jandan geçmäge taýyn boluň!

Knýazyň ýüzi çytykdy, gaharly gözlerinde gaýrat uçgunlary ýylpyldaýardy. Ol bir eli bilen gylyjynyň sapyny mäkäm gysymlap durşuna beýleki eli bilen bir ýerde karar tapman towsaklaýan atynyň jylawyny çekýärdi.

Urşujylar onuň sözlerine gysga jogap gaýtardylar:

– Döş gerip durarys! Bizden arkaýyn bol! Oka derýasynyň suwy tersine akar diýseler ynan, ýöne biziň yza dönjegimize ynanma!

Otrýadlaryny gözden geçirip ýören müňbaşylardyr ýüzbaşylar öz urşujylaryna şeýle diýdiler:

– Häzir ýigrenji mungallar bilen söweşe ugraýarys! Ortalaryndan urup, olary ikä böljek bolmaly. Bir ganatyny ýok edenimizden soň beýlekiniň üstüne topularys. Berk duruň! Mungallar edil garry möjek ýaly mekirdir. Biziň polklarymyzy gabawa düşürmek üçin, guýruklaryny ýamzyna gysyp gaçan bolarlar. Aldawa düşüp, yzlaryndam kowalaýmaň. Öňkiňiz ýaly, egin-egne berip berk duruň-da, ikinji urga gaýtawul bermäge taýynlyk görüň! Diňe şeýtsek, olary yza serpikdirip bileris...

Üstleriniň gary henizem oňly aýrylmadyk urşujylar ýaraglaryna söýenişip duruşlaryna aýdylýan zatlary parahat diňlediler. Olaryň üstünden köp wagtyň geçmegi hem gar-gaý sebäpli könelişen kelte possunlarydyr mawutdan tikilen çäkmenleriniň bili inçejik kemer bilen guşalgydy. Agaç gynly pyçaklary, agajyň gabygyndan edilen köwüşleri, dyzlaryna çenli oralyp, inçejik ýüp bilen saralan dolaklary olaryň ýetne-ýütne güzeranyndan, her günki çekýän agyr zähmetinden habar berýärdi. Rýazan topragynyň goragyna galan bu adamlaryň ähli pikiri – janlaryny orta goýmalam bolsa, yzda galan mähriban külbelerine duşmanyň aýagyny sekdirmezlikdi.

Goşun haýal süýşüp, alaňlaryň ýapgydy bilen öňe ugrady. Ençe günläp köwsarlan harasadyň üýşüren dyzdan garynda ýöremek kyndy.

Öňdäki hatarlar depä çykyp, aýak çekdiler. Şo barmana:

– Urusutlar! Urusutlar! – diýen şaňňy ses dartgynly ümsümligi bozdy.

Ol ses Ratiboryň gapdalyndan barýan elleri daňylgy ýesirleriň özleriniňkä beren duýduryşydy. Çar tarapdan alnyp göterilen ol gykylyk tiz wagtdan uzak aralyklara ýaýrady. Galyň gara basyrynan, daşyndan göräýmäge yns-jyns ýok ýaly görünýän sähra birden janlandy. Dumly-duşdan ýokary göterilen gara göwreler dumanlap duran sähranyň içi bilen başly-barat gaçyp baryşlaryna esli arany açdylar. Soň goh ýatyşyp, diňe ondan-mundan iki-eke gykylyk çykyp ugrady. Ahyry olam ýatdy...

– Äl, bu nälet siňen tatarlary! Gaçmalary nämekä? Bizden gorkup, gaçan kişi bolýan bolaýmasynlar? Yzlaryna düşürmek isleýändirler. Aldaýmasaň gerek!

Ýüzbaşylar aýlanyp, urşujylaryna bolmaly ýerlerini görkezýärdiler.

Rus urşujylary biri-birine gysylyp, gar bagyrtlaşyp indiki çozuşa taýyn bolup ýatyrdylar. Gyp-gyzyl günüň elwan şöhleleri pesdäki bulutlardan parran geçip, gar basyrynyp ýatan düzlüge nur çaýdy. Alysda mongol atlylarynyň egri hatary göründi. Naýzalaryny öňlerine kese basyp, ýalaňaç gylyçlaryny sag eginlerine goýan ol atlylaryň ýüzi bärikdi.

Družinaçylar alaňlary penalap, garyň üstünde seslerini çykarman ýatyrdylar.

Tapyrdaşyp gelýän mongol atlarynyň toýnak sesleri eşidilip başlapdy. Onlarça müň atyň toýnaklaryndan çykýan ol ses bütin sährany elendirip, güwläp duran ýalydy. Tozaýan garyň hem gyzan atlaryň agyzlaryndan çykýan buguň içinde çala saýgardýan mongollar:

– Khu, khu, khu, urragh! – diýip, wagşyýana ses bilen gygyryşýardylar.

Tatarlar ruslaryň gizlenip ýatan alaňyna dyrmaşyp ugradylar. Birnäçe at taýyp, pese gaýtdy. Beýlekileriň bitertip ýagdaýda şol eňip gelşidi. Duşman on iki ädim çemesi golaýa gelende, rýazanly urşujylar bukuda oturan ýerlerinden böküp turdular-da:

– Rýazanyň gerçekleri! Ata Watanyň azatlygy üçin öňe! – diýip, tatarlaryň üstüne topuldylar. Garaşylmadyk ýagdaýda edil alkymyndan turlansoň, atlaryň birnäçesi ürküp, çarpaýa galdy-da, üstündäkileri bulap urdy. Beýleki çozup gelýän atlylar paltadyr serdessäniň urgusynyň astyna düşdüler.

Gazaply hüjüm edýän ruslaryň urgusyndan tatarlaryň possunlary bölek-bölek bolup, demir tuwulgalary pytraýardy. Duşmanam egri gylyjyny aldygyna işledýärdi. Soň olar ujy polat peýkamly uzyn oklaryna elini ýetirip ýaý atyp başladylar. Rus urşujylary ýykylyp-sürşüp gazaply hüjümi dowam etdirýärdiler. Mongol atlylary yzly-yzyna alaňdan aşak togalanýardy.

Mongollaryň urgusyna hötde gelýän rus urşujylary dişlerini gysyp, gazaply gygyryşyp, diýseň erjel söweşýärdiler. Çaltlyk bilen gaýmalaşýan duşman atlylarynyň arasyndan ganly ýol ýasap, öňe süýşýärdiler.

Birden sährada mis galkanlara degýän batly urgynyň yzy bilen mongol ýüzbaşylarynyň gazaply gykylyklary ýaňlandy. Bu sesler gulagyna degende mongol atlylary bada-bat yza serpikdiler-de, adam jesetleridir at maslyklary bilen örtülen garly depelerden gara tolkun ýaly bolup aşak gaýtdylar. Tenine ölüm ýarasy düşen at janawarlar ýerlerinden turjak bolup çabalanýardy. Atlaryň büdräp ýykylanlary aýagyny üzeňňiden aýryp ýetişmedik eýesini süýräp, ummadan çykarýardy.

Hatarlary mazaly seýreklän rus urşuljylary haýallyk bilen yza gaýtdylar. Aýylganç garpyşykda amanadyny tabşyran bendeler alaňlaryň eteginde açyk gözlerini sähranyň depesine gerilip duran çad bulutlara dikip ýatyrdylar.

## DOKUZYNJY BAP

### Rýazanyň üstüne ýöriş

Baty han demirgazyga goşun dartyp ugrady. Hemişelik aragatnaşyk saklar ýaly, ol otrýadlaryň käbirine aýratyn çaparlar ugratdy. Her iki günden jahangiriň bolýan ýerine gyssanmaç nökerler gelýärdi. Olar getiren habarlaryny aýdyp, täze buýruklary alyp, ýene ýola düşýärdiler.

Harasat çaparlaryň enter-pelegini öwürýärdi. Otrýadlar gitmeli ýoluny ýitirip, kyn güne düşdüler. Basym Baty hanyň öz «ýeňilmezekler» tümeni hem Subudaý batyryň «guduzlar» tümeninden beýleki goşun bilen aragatnaşygy kesildi.

Bu ýagdaýda ýörişi dowam etmek mümkin däldigine görä, goşun togtady. Atlara iýere zat ýokdy. Janawarlar galyň gary toýnaklary bilen gazyp, guran ot-çöpleri iýip mydar edýärdiler. Baty han ýükleri çözüp, öz şahsy goragçylarynyň atlarynyň hersine bir jam däne bermegi buýurdy. Eger syrgyn ýene birnäçe güne çekäýse, atlaryň ölüp, mongol goşunynyň bütinleý gyryljagy gümansyzdy.

– Basymrak Rýazana ýeteliň! – diýip, urşujylar gyssanýardy.

Baty hanyň hem beýleki atly hanlaryň öýlerini ýaňadandan dikdiler. Oduň gapdalynda gyşaraýmasaň, oturmaga mümkinçilik ýokdy. Gar öýüň depesinden aldygyna eňterýärdi. Içerde ýer bilen aýlanýan ajy tüsse gözüňi açmaga maý berenokdy.

Baty han ýüzin düşüp ýatyşyna bar ünsüni öňünde ýazylgy duran kagyza beripdi. Ol kagyz – rus topragynyň esasy şäherleri, ýollary hem derýalary emelsiz çekilen kartady. Baty han howlukmaç

geçmeli boljak ýollarynyň uzynlygyny anyklajak bolup jan edýärdi. Onuň ýanynda müňbaşylardyr beýleki hanlar gyslyşyp durdy. Baty han näme diýse, olaram şoňa görä baş atýardylar.

Subudaý batyryň ýollan ilçileri gelip, atdan düşdi. Başy ýyrtyk gulakjynly, egnindäki goýnuň derisinden edilen possuny kemer bilen ykjam guşalan garry nöker içeri girdi. Ol possunynyň eteklerini ýygnap, odun başynda çökdi. Uzyn ýeňini çermäp, arryk ellerini oda gerdi.

Garry Baty hana habaryny berdi:

– Golaýda jaryň içinde rus goşunlary bukulyp otyrlar. Olaryň şunuň ýaly garaňky gijäni peýläp üstümize döküläýmekleri ahmal.

– Başga näme aýtjak zadyň bar?

– Ýakynda, çep tarapymyzdan Guýuk hanyň iki tümen goşuny barýar. Nökerleriň ýol ýöräsi gelenok. «Tupan sowulýança gara gömlüp ýatylsa gowy boljak» diýip hüňürdeşýärler. Atlaryň ýagdaýy olaňkydanam harap. Guýuk han olary gyssap, şeýle diýýär: «Biz Rýazany Baty handan öňürti almaly. Ol ýerde nan, çakyr, gelin-gyz, altyn kän. Yza galsak bize hiç zat ýetmez».

Göwnübir ýaly diňläp oturan Baty han şeýle diýdi:

– Ähli beýleki tümenlere nusga bolup, Guýuk hanyň Rýazana dyzamagy gowy zat. Diýmek, onuň urusutlaryň bu uly şäherini ilki talasy gelýäni çyn. Edil häzir Guýuk hanyň nirededigini bilýärmiň? Gerek bolsa tapmagy başararmyň?

– Elbetde, bilýän! Tapybam bererin!

– Subudaý batyr saňa meň möhürim basylan bir kagyz berer. Sen Guýuk hanyň ýanyna bar-da, oňa: «Jahangir saňa çaltrak hereket edip, öňümizde garaşyp ýatan urusutlaryň goşunyny ýok etmegi tabşyrdy» diý. Eger ony başarmajak bolsa, bada-bad maňa habar etsin. Subudaý batyryň tümenini ibersem urusutlaryň goşunyny Guýuk hansyzam çym-pytrak eder.

Gapdalda gyşaryp ýatan Subudaý batyr goltugyndan içi möhürli hem gyzyl reňkli altyn gutyny çykardy. Soňam insiz bölek kagyza jahangiriň ady ýazylan möhüri basdy. Garry nöker kagyzy gulakjynynyň epinine saldy-da, öýden çykdy.

Gijäniň ýarynda egni gök çäkmenli, gara gözli ýaş çapar Baty hanyňka geldi. Inçemik, eginleri gös-göni ol ýaş ýigit çöküne düşüp oturyşyna, öýdäkileriň hemmesine ýiti nazaryny aýlap:

– Subudaý batyr nirede? – diýip sorady.

Goýnuň hamyndan tikilen possun gymyldap, onuň aşagyndan ýüzi gyzyl, ýeke gözi peträp duran biri kellesini çykardy.

– Meni näme etjek?

– Saňa şum habar getirdim. Ýöne ganymy geç.

– Aýt! – diýip, Baty han sesine bat berdi.

– Guýuk hanyň ýanyna barýarkam ýolda maňa Subudaý batyryň ogly, edermen Urýanh-Kadan gabat geldi. Onuň ýanynda dört nöker bardy...

– Dokuz nöker bolmaly.

– Biz jara inip, atlarymyzy ýuwaş sürüp barýardyk. Birden kän urusut üstümize çozdy. Atym meni ol basda-tutlukdan alyp çykdy. Atymy beýikde daňdym-da, ýene jara düşdüm. Nökerleriň bir topary öli ýatyr. Içlerinde seň ogluň ýok. Belki, ýesir alandyrlar? Musuk atly ýaş gypjagam onuň bilen bile ýitdi.

Subudaý batyr gahardan ýaňa üýtgän gyzyl ýüzüni sallap, iki bükülip oturdy. Onuň peträp duran gözi kem-kemden süzülip, kiçijik yşa öwrüldi. Ondan çykan bir damja gözýaş ýygyrt-ýygyrt çekgeden syrygyp aşak gaýtdy...

## ONUNJY BAP

### Öli meýdan

*Meýdan, meýdan, kimdir seniň*
*Göwsüňe çakyr süňk eken?*

(Puşkin)

Gan ýaly gyzaryp dogan günüň şuglasy gar örtünip ýatan giň düzlüge çaýyldy. Baty hanyň ýanyna gyssanmaç gelen çaparlar Guýuk hanyň urusutlaryň goşunynyň üstüne çozandygy baradaky

habary getirdiler. «Urusutlaryň urşuşy zadyň çeni däl. Paltalary bilen atlaram, adamlaram kerçäp taşlaýarlar. Guýuk hanyň goşuny urusutlaryň hüjümine hötde gelip bilmän gaty kän adamyny ýitirip, yza gaçdy» diýip, bolan wakany bolşy ýaly beýan etdiler.

Baty han ilki beýleki hanlaryň, soňundanam Subudaý batyryň bu baradaky pikirini sorady. Hemmeler edil dilleşen ýaly «Guýuk hany ýene-de urusutlaryň üstüne çozdurmaly» diýdiler. Baty han olara şeýle diýdi:

– Urusutlaryň bir bölek goşuny ýerleşen depäni eýeläp bilmedik Guýuk hanyň belent hem berk galaly Rýazany alyp biljegine ynamym ýok. Ol mongol adynyň şöhratyny hem adamlaryň ýüregine salýan dowluny ýere çaldy. Goý, ol ilki urusutlar bilen söweşde böldüren balagyny ýamasyn. Meniň «ýeňilmezeklerime» hem Subudaý batyryň «guduzlaryna» häziriň özünde urusutlaryň ýerleşen alaňyna çozup, olary ýok edensoňlaram haýal etmän Rýazana ugramaklaryny buýurýaryn! Guýuk hana garaşyp durmaga wagt ýok. «Ýeňilmezeklerime» özüm baş bolaryn. Söweşiň gidişinem özüm synlamakçy. Ýesir almaly däl! Söweş meýdanynda saklanmak bolanok! Diňe ýolda atlar dynjyny alar ýaly az wagtlyk düşleg ederis. Hanlara öýlerini Rýazanyň diwarlaryna ýetmän dikmegi gadagan edýän!

Harasat birden diňdi. Çal bulutlary şemal sürüp äkidensoň, günüň nury töwerege bolluk bilen seçildi.

Galyň garyň astynda müňläp ölini, ýaralyny gizlän düzlük nura gaplanyp, gözýetime çenli ýaldyrap ýatyrdy.

Kiriş ýaly göni ýoda bilen aýaklaryny biri-biriniň yzyna basyp seňkildeşip barýan möjek sürüsiniň ugry ganyň ýiti ysy gelýän ýere – söweş bolan meýdana tarapdy.

Garyň üstünde garalyp ýatan jeset kändi. Möjekler olaryň golaýyna bardy. Çalajan ýatan adam gymyldanda sürüniň öňüni çekip barýan möjek bir ädim gapdala towsup, ugruny üýtgedýärdi.

Söweş bolan meýdana gara gargalardyr alahekekleriň sürüsi uçup geldi. Olar ilki biraz daşrakda gonup, ýuwaşjadan jesetlere golaýlaşdylar. Iň soňky deminde ýatan bende elini gymyldatsa, gargalar basyk sesleri bilen gagyldaşyp, başga ýana ýönelýärdiler.

Ugruny üýtgedip, ýaňy jara inip başlan möjekler birden yza serpikdiler. Olaryň gabat garşysyndan sowudy, polat tuwulgasy günüň nuruna ýalpyldaýan ýaş urşujy atyny gorgunyna sürüp gelýärdi. Münüp oturanyndan başga bir mongol atynyňam jylawyndan idip gelýän ýigit birden saklandy-da, töwerege nazar salmaga durdy. Golaýda ýatan uzyn ak sakgally pälwan sypat urşujynyň iňňildisi onuň ünsüni çekdi.

Ol atyndan böküp düşdi-de, ýatanyň üstüne egildi.

– Ratibor! Dirimiň sen, Ratibor?

Ol dessine toýundan edilen suw gabyny alyp, ýaralynyň agzyna tutdy.

Suwdan teşnelik bilen owurtlan Ratibor uludan demini alyp, gözlerini açdy.

– Tur, Ratibor! Hany, aýňal çaltrak! Mongollar golaýda...

– Sen kim?

– Men Rýazan knýazynyň ogly Roman... Ýadyňdamy, bile aýy awlapdyk?

– Turup bilerin öýdemok. Hany, kömek ber... Roman goltgy berensoň, Ratibor hyk-çok edip ýerinden galdy-da, mongol atyna özüni atdy. Iki atly jaryň içinde dessine gözden ýitdi.

Gum-guk meýdanda eýemsiräp galan möjeklerdir gargalar öz ganly meýlisleri bilen başlaryna gaýdy.

# BÄŞINJI BÖLÜM

## RÝAZAN TOPRAGY OT IÇINDE

---

*...Eý, mukaddes Watanym!*
*Tolgunmazmy ýüregi*
*Seni taryp edeniň!...*

(W. Žukowskiý)

## BIRINJI BAP

### Paltanyň sapyny berk tutuň!

Merdemsi ädim urup barýan Saweliý Dikorosyň ýüzi demirgazyga – Rýazana tarapdy. Käýeri jeňňelli, käýerini gar basan jarlar kesip geçýän giň düzlükde janly-jandar göze ilenokdy. Setanda-seýranda alysda çala garalyp görünýän adamlara nazaryň kaklyşýardy. Rýazan goşunyndan bolup, saý-sebäp bilen diri galan ol adamlaryňam ugry şäher taýady.

Birçaklar uly ýoluň ugrundaky sähraýy halklar bilen söwda eden bu kiçijik obalaryň ugursyzja jaýlary indi gugaryp galypdyr. Haňlap ýatan boş jaýlarda diňe şemal şuwlaýar. Ol ýere düşen bir süri gargadyr alahekge iýere zat tapman, gagyldaşyp ýene asmana galdy.

Ýolda mongol atlylaryna uçramadyk Saweliý: «Uruşdan soň dynç alýan bolmaklary mümkin. Belki, olar öz ýaralanan urşujylaryny çöpläp, biziň merhumlarymyzy bolsa talaýandyrlar» diýip öz ýanyndan oýlandy.

Ýaly ösgün, daýaw atlar goşulan birnäçe gar arabasy onuň yzyndan ýetdi. Yzynda sygyr, göle, goýun bary sürrek bolşup gelýän ol arabalaryň örme sebedinde çagajyklar otyrdy. Yzdan gelýän erkek kişilerdir aýallar ellerindäki çybyk bilen ýadap tapdan düşen mallary gyssaýardy.

– Nirden gelip, nirä barýaňyz? – diýip, Saweliý olara habar gatdy.

– Pronskiniň aňyrsyndaky zastawadan – diýip, barýanlaryň biri jogap gaýtardy. – Hälem wagtynda ugraýan ekenik. Sähralylardan arany açan badymyza gije düşüp, yzam harasada ýazdy-da, bizi gözden gizläýdi. Penalar ýaly, Rýazana howlugyp barşymyz. Bu ýerde galmak howply. Tatarlara duşdugyň – bagtyň ýatdygy! Çüw, Alam! Haýda, Çyparym!

Saweliý tokaýda ýa-da kündäň yzynda ýöreýşi ýaly, howlukman, birsydyrgyn ädim urup barýar. Ol gije diýmän, gündiz diýmän ýol söküp barşyna käýerde az salym dynç alyp, «Birden tatarlara uçraýmaýyn?» diýen gorky bilen her şygyrda diň salýar. Şo barmana bir gün säher bilen asyl-asyl bolup duran bulutlaryň astynda Rýazanyň gar basan belent seňňeri hem agaç germewleri salgymlap göründi. Olardan aňyrda ybadathanalaryň dürli reňkli gümmezleri ýaldyraşýardy. Şäheriň etegindäki jaýlaryň gögümtil tüssesi burum-burum bolup asmana göterilýärdi. Eginleri kelte possunly aýallar sygyrlardyr atlary derýanyň buzy döwlen ýerden suwa ýakmak üçin sürüp barýardy. Bu adaty görnüşi synlanyňda hemme zat asuda, hatda Wagşy meýdandaky aýylganç söweşlerem bolmadyk ýaly duýgy döreýärdi.

Şäheriň açyk duran derwezesine ýeten Saweliý egni possunly, başlary gupba şekilli demir tuwulgaly sakçylar saklady. Uzyn saply paltalaryna ýaplanyşyp duran sakçylar:

– Kim sen? Niräň adamy? Rýazana näme niýet bilen gelýäň? – diýip, oňa sorag baryny ýagdyrdy.

Saweliniň Rýazan polklarynyň gyrlan ýeri bolan Wagşy meýdandan gelýänini eşiden sakçylar bir ýetginjegi çagyryp, ony goşun başlygynyň ýanyna alyp barmagy tabşyrdylar. Şäheriň köçeleri bu ýere pena gözläp gelen bosgunyň üstüne bede, däne, odundyr gaýry zerur zatlar ýüklenen arabalardan doludy.

Possunyny bir egnine ýasgynjak alan çytyk ýüzli garry goşun başlygy pürslerden gurlan jaýyň eýwanynda oturyşyna söweşden sag-aman sypyp gelen urşujylaryň gürrüňini hasrat bilen başyny ýaýkap ünsli diňleýärdi. Ol urşujylaram kileň ýaralydy kimsiniň kellesinde, kimsiniň egninde, ýene biriniň elinde gany doňup galan sargylar bardy.

– Gaty kyn boldy! – diýip, telpeksiz kellesi saralan tüýlek adam gürrüň berýärdi. – Biz berk durup söweşdigem welin, tatarlar gaty köplük bolansoň, eýgertmedi. Birimiziň üstümize onusy çozýar. Olar bilen bellisini edip, az salym demiňi dürsejek bolýaň welin, ýene çozup gelýäler. Gykylyklaram adamyňka meňzänok. «Khu, khu! Urragh!» diýşip okdurylyşyp gelýä, nälet siňenler. Köpüsin-ä kerçedigem welin, biziňkilerem gyrlyp gutardy diýen ýaly. Hökümdarymyz knýaz Ýuriý Ingwarýewiçem Wagşy meýdanda jan berdi.

– Sen nädip aman sypdyň?

– Gije düşensoň tatarlar çozuşy bes etdiler. Men jara girdim-de, köýnegim bilen kellämi sarap gara gömüldim. Daňa ýakyn möjekler uwlaşyp başlady. Men Pronskä barýan ýoldan gitmän, demirgazyk taýa ugradym. Soňam gaçyp gelýän mähellä goşuldym.

Goşun başlygy telpegini çykardy-da, ybadathananyň altyn çaýylan hajyna çokunyp durşuna şeýle diýdi:

– Mähriban topragymyz üçin janyny gurban edenlere ebedilik şöhrat bolsun! Agtyklarymyz hem çowluklarymyz Wagşy meýdanda dökülen ganlary unutmazlar! Biz tatarlaryň üstüne çozamzok. Olar öýlerimizi otlamaga, baýlygymyza eýe bolmaga göz dikip, biziň üstümize geldi. Bizi öldürip, aýallarymyzy dul galdyrmak, çagalarymyzy ýetim-ýesir etmek isleýänem olar. Berk duralyň, doganlar! Mähriban topragymyzy duşmana depeletmäliň!

Duranlaryň ählisiniň aýgytly keşbi onuň sözlerini makullaýardy. Kimdir biri batly seslendi:

– Bir ädimem yza çekilmeris! Berk durup söweşeris!

Goşun başlygy sözüni dowam etdi:

– Eger biz söweşde gurban bolaýanymyzda-da, çagalarymyz tokaýda gizlenip aman galarlar. Olar ulalyp, patyşa Batyganyň nesli bilen haklaşarlar. Basym tatarlaryň Rýazanyň diwarlarynyň alkymynda peýda boljagyny süňňüm syzýar. Olar diňe Rýazan bilen çäklenmän, Suzdal, Rostow, Nowgorod şäherlerini hem basyp almaga ugrarlar. Ýöne tatarlar biziň şäherlerimizde uzak eglenerler öýdemok… Ýer sürüp, ekin ekmek, batgalygy guratmak, agaç çapyp, äpet töňňeleri goparmak – biziň halaýan işimiz. Tatarlar munuň ýaly işlere ellerini garmaz. Olar gözüne ilen zatlary talap, ýene öz sähralaryna çekilseler gerek. Olaryň sähra otuny iýmäge endik eden atlary biziň batgalyklarymyza çydamaz, künde-de çekip bilmezler. Bir başa bir ölüm bardyr, doganlar, paltaňyzyň sapyny berk tutuň! Şäheriň galasyna baryň-da, söweşe taýyn bolup duruň! Hudaý işimizi ugruna etsin!

## IKINJI BAP

*Bize parahat günde däl,*
*Jeň güni umyt nur saçýar!*

(Köne tragediýadan)

### Rýazanyň diwarlarynyň öňünde

Oka derýasynyň belent kert kenarynda ýerleşen Rýazan şeýle seredeniňde, golaýyna baryp bolmajak ýaly görünýärdi. Şäheriň daşyna guşak bolup aýlanan gum seňňer dub agaçlaryndan edilen haýat bilen gurşalandy. Seňňeriň ýapgyt tarapy suw sepilýäni üçin buz gatlagy bilen örtülip, üstüne çykyp bolmaz ýaly derejede sürçekdi.

Şäheriň öz ilaty bilen birlikde golaýdaky obalaryň adamlaram Rýazany goramaga aýaga galdylar. Goraýjylar birçaklar şäheri gaban polowesler hem öz rus doganlaryny talan suzdallylar bilen bolup geçen wakalary ýatlaýardylar. Depäňden gaýnag suwdur ergin garaýag eňterip durkalar, şäheri zabt edip alaýmak aňsat iş däldi. Esasy zat – hemmäň bir adam ýaly bolup agzybir durmak gerek. Goşun başlygydyr boýarlaryň çakylygyna garaşyp durman ilatyň özi şäheriň goragyna galdy. Gylyçmy, paltamy, naýzamy, ýaýmy – garaz, her kim tapan ýaragy alyp, belli bir adamyň töweregine toplanýardylar. Polat gyzdyryp, gylyç ýasaýan ussalaryň çekijiniň sesi gije-gündiz ýaňlanýardy. Tuwulga, sowut, galkan, peýkam ýasaýan hunärmentlerem olardan kem galanokdy.

Uzak wagta çekjek kyn gabawa öňünden taýynlyk görülýärdi.

Saweliý Dikorosa gorag mahaly durmaly diýlip görkezilen ýer – şäher diwarynyň derýanyň üstüne kert bolup, abanyp duran bölegidi. Goşun başlygynyň özi ony şol ýeri goramaly elli adama ýolbaşçy belledi. Saweliniň işi başyndan agdykdy. Ol özüne berkidilen urşujylaryň peýkamlarynyň ýeterlik bolmagy, olardan daşary üýşürilen daşlaryň mukdary bilen gyzyklanýardy. Uzyn saply agyr

paltalardyr beýleki gerek ýaraglary tapyp, taýyn edip goýdy. Ýoldaşlary bilen howa erbet wagty penalanar ýaly ýerdöle-de gazyndy.

Nowgorodly Žiwila Ýurýatiçiň tüýdülen kenep, duz, nan hem gaýry zerur zatlar saklanýan saraýy Saweliniň bolýan ýeriniň golaýyndady. Bolşuny halamansoň, bir gün ol söwdagäre berkräk daramagy ýüregine düwdi:

– Žiwila Ýurýatiç, sen bu ýyljak ýeriňden çykyp, käte biziň näme iş bilen gümradygymyza seredäýseň kem bolmazdy! Biz-ä gijesi-gündizi ýok, şu erbet howada galaň goragynda durus. Şonda-da gyzgyn nahar dişimize degenok. Sen, heý, bir zada delalatyňy degirjekmi?

Egni tilki derisinden tikilen possunly, uzyn boýly, garynlak söwdagär näme diýjegini bilmän, biraz ýaýdanjyrap durdy-da, halymsyrady:

– Men-ä, biler bolsaň, bu ýerlem däl, nowgorodly. Onsoňam içi ergin garaýagly çelegi togalamda, birhili göbegimiň ýany buruldy-da, şondan bäri garnym awap dur. Gowusy, men özümdäki dogumly oglanlary siziň ýanyňyza goşaýsam nädýär? Bu ýeriniň işine özümem hötde gelerin-le. Knýaz Ýuriý Ingwarýewiçe-de şunuň ýaly möhüm işe goşant üçin on gaýyk galla sowgat beripdim. Bar zadymy sizdenem gaýgyrmajagym çyn. Hut şu günden başlap seniň ýigitleriňe her gün bir gazan çorba bilen bir gazan ýarma bermegi aşpez aýallara buýuraryn. Günälerimi şeýdip ýuwaýmasam, başga elimden geljek zat barmy meň?...

Galanyň diwarynda possuna çolanyp gyşaran Saweliý uzak gijäni çirim etmän geçirdi. Tatarlar ýetip gelýän bolaýmasyn diýen pikir oňa ynjalyk berenokdy. Tiz-tizde turup, töweregini diňşirgenýärdi, dumana örtülen sähra nazar salýardy.

Ir bilen polowesleriň geýmine giren iki atly galanyň düýbüne geldi. Olaryň biri:

– Saweliý, näme, meni tanamajak bolýarmyň? – diýip gygyrdy.

– Kudrýaş? Senmi-aýt bi ?! Geýnişiň dagy bir täsin-le seň!

– Polowes gardaşym bilen Wagşy meýdana barýan. Goşun başlygymyz knýaz Fýodoryň jesedini gözläp tapyň diýip tabşyrdy. Ugrumyz Batyganyň öňki düşlän ýerine – Woronež derýasynyň kenaryna tarap. O ýerde häzir tatarlar ýok. Diňe ýel öwsüp, möjekler uwlaýar. Adam gatnamaýanrak ýollardan aýlanyp, knýazyň jesedini Zaraýskä elteris. Ony aýaly Ýewpraksiýanyň hem kiçijik oglunyň gapdalynda jaýlamakçy bolýarlar.

Saweliý telpegini çykaryp çokundy:

– Jaýlary jennet bolsun, ylaýym! Işiňiz ugruna bolaýsa-ha ýagşy welin... Ýollarda talara adam gözläp kaňkaşyp ýören tatar köpmükän diýýän. Eşidişime görä, patyşa Batyga ähli arabasydyr düýeleri bilen ýygyn dartyp üstümize gelýärmiş. Olaň eline düşäýseň-ä hamyňy sypyrlar.

– Munyň boş gep! – diýip, Kudrýaş badyhowa gürledi. – Duş gelse, Batyganam göräýeris. Oňam eli iki, meňem. Bu gün bu ýerde bolup, ertire bir çykaly. Geçere ýol ýokmy – töweregime ýigitleri üýşürip, olaň söbügine düşeris. Ýa-ha biz olary ýere sokarys, ýa-da olar biz bilen bellisini eder. Giderin diýseň-ä, düş yzyma, Saweliý!

Saweliý biraz oýlanyp durdy-da, şeýle diýdi:

– Ýok, Kudrýaş! Maňa şu ýerini goramaly diýdiler. Tabşyrylan işi taşlap gitmegi başarman. Sen at üstünde, men bolsa elim paltaly şu ýerde duşman bilen garpyşmaly bolarys.

– Beýle bolsa, hoş gal, Saweliý!

Kudrýaş birnäçe ädim ýöräp, birden yzyna öwrüldi:

– Tasdan esasy zady aýtmagy ýadymdan çykaran ekenim. Biler bolsaň, ogluň Toropkany gördüm. Ol tatar atyny münüp ýesirlikden gaçyp geldi. Aty welin tüýs atjan. Toýnagyndan ot syçraýar.

Garaşylmadyk hoş habara diýseň begenen Saweliý Kudrýaşy garsa gujaklady:

– Göreniň çynmy? Aldaňok gerek? Ýa maňa göwünlik berjek bolýamyň?

– Gara çynym! Aldamok! Toropkany Pronskiniň knýazy çapar edip ýollapdyr. Iberilen haty gowşurdy-da, ýene gyssanmaç yzyna gitdi. Gürleşip durmaga kän wagt bolmady. Ol maňa: «Kakam Saweliý Mikitiçi görseň, salam ýetir. Abraýyny ýere çalan däldirin. Tatarlaň eline bir gezek düşemsoň, indi ahmal bolman...» diýdi. Bolýar onda, hoş gal, Saweliý! Hudaý ugruna etse, ýene görşeris. Zamanaň bulaşanyny özüň görüp dursuň!..

Kudrýaş gamçysyny bulaýlap, ýoldaşy bilen atyny ýüzin salyp gitdi. Oglunyň diri habaryny eşidip ynjalan Saweliý öz durmaly ýerine dolandy. Hoş habara göwni göterileni üçin oňa gar öňküsinden ak, gözýetim bolsa has giňelen ýaly göründi... Diwara ýaplanyp, kellesini ellerine goýan gojanyň göwnüne ýüzi meňekli ogly özüne ýylgyryp seredip duran ýaly duýuldy. «Diýmek, Toropkam Ýegoriý batyra

çalymdaş ýigit bolup ýetişipdir. Aýagynyň astynda daýaw atam barmyşyn...» diýip, Saweliý göwnühoş halda öz ýanyndan pikir öwürdi.

## ÜÇÜNJI BAP

### «Tatarlar gelýär!»

Rýazan şäheri aýratyn durmuş, aýratyn tertip bilen dem alýardy.

Şäheriň çar künjünden ýygnanan adamlar galanyň özlerine berkidilen böleginde duşmana gaýtawul bermek üçin taýynlyk görýärdi. Agaç ussalary, daş ýonujylar, deri eýleýjiler hem demirçi ussalar ýaly hünärmentler bilen birlikde beýleki garamaýak adamlaram galada öz ýerlerini eýelediler. Söwdagärler öz başlaryna aýratyn topar bolup üýşüp durdular. Bu ýerde hiç haýsyndan däl garyşyk mähelle-de bardy. Şäheri goramak baradaky işleriň ählisine Wadim Kofa gözegçilik edýärdi. Ullakan ýygnakda – weçede şäheriň ähli halky ony söweşde görkezen edermenlikleri, dogry gepliligi hem iş başarjaňlygy üçin bu käre saýlapdy. Wagşy meýdana ugrajak bolup durka knýaz Ýuriý Ingwarýewiçem bu işi oňa tabşyrypdy.

Seçelenip duran çal saçly, sakgalyna mazaly kümüş sepen boýar – Wadim Danilyç Kofa özüne kybapdaş ösgün ýally garry ak atyny münüp, gijesi-gündizi ýok – şäheriň ähli ýerine aýlanýardy, goraýjylaryň öz berkidilen ýerlerinde duranyny-durmanyny barlaýardy. Zyňmak üçin näçeräk mukdarda daş üýşürilipdir, gylyçlar daşa çalynypmy-çalynmanmy, ýasalan peýkamlar ýeterlikmi-dälmi, derýadan suw getirilipmi-ýokmy – şu zatlaryň aladasyndan ýaňa oňa dynuw-daýanuw ýokdy.

– Eňňide suwy köpräk döküň! – diýip, ol adamlara sargaýardy. – Buz ykjam doňup, aýak basar ýaly bolmasyn. Gaýnag suwly gazanlar el astyňyzda taýyn bolup dursun, çelekleriň suwy egsilmesin, odun şaýyňyz mäkäm tutulgy bolsun. Her kim duran ýerinde öz işi bilen meşgullansyn, tabşyrylan ornuňyzy taşlap gidäýmäň. Diňe öz ýanyňyza däl, töwerekleriňize-de esewan boluň. Duşman mekirdir – gündiz gizlenip, gijäniň garaňkysyna bukulyp geläýmegi mümkin. Garaz, ätiýajy elden bermäň!

– Bu ýere gelip bilesleri ýok! – diýip, urşujylar arkaýyn jogap gaýtardy. – Sürçek ýerden ýapyýokary çykjak bolsalar, birneme ejir göräýseler gerek.

Kofa gala haçan aýlansa, Saweliý iş bilen başagaýdy: bir görseň – agaç togalap gelýärdi ýene bir seretseň galtakly suw daşap ýördi ýa-da gujak-gujak edip, aýrylan odunlary daşaýardy. Bir gezek nämedir bir zada gaty gahary gelen Kofa Saweliniň ýanynda atynyň başyny çekdi. Birsalym elini gözüniň üstüne kölegeledip Rýazanyň gar basyp ýatan meýdanlaryny synlady-da, uludan dem alyp, oňa ýüzlendi:

– Tüýs görgi görmek üçin doglan adam diýerler bize. Bular dagy hiç! Hasrat çekip, gan ýuwutjak wagtymyz entek öňde.

– Näme beýle, eýýämden gan eňräp başladyň? – diýip, Saweliý onuň bolşuny oňlamady. – Goşun başlygymyz halyňa sen beýdip dowla düşüp, ah urup otursaň, biz dagy nätmeli? Entek Rýazanyň üstünde gün nur saçyp durka, sähraň erkin, sowuk howasyndan dem alýarkak, golumyzyň güýji öňki halyndaka mähriban ýerimiz üçin döş gerip durup bilmesek, bizden adam bolmaz!

– Aýdýanyň dogry. Ýöne hany Rýazanyň goşuny? Hany meň üç oglum, giýewim? Hany edermen knýaz Ýuriý Ingwarýewiç? Rýazanyň men diýen batyr, pälwan ýigitleri hany? Men şolaň gürrüňini edýän.

Saweliý uludan demini aldy:

– Belkem, tatarlar bizden sowlup geçer?

– Ýok! Olar göni biziň üstümize gelýär. Ýurdumyzy depeläp, ganymyzdan gerk-gäbe doýýançalar giderler öýdemok.

– Hernä dep bolaýadylar-da!

Saweliý bütin gijäni şäher diwarynda gözegçilik edip geçirdi. Daňa ýakyn gabagyna münen ukyny erjellik bilen kowup, öňküsi ýaly garly düzlüge nazar salyp durdy. Altynsow-gyrmyzy bulutlaryň aňyrsyndan dogan günüň şöhleleri äleme çaýyldy. Şäheriň belent seňňeriniň üstündäki adama göwsünde käýerde garalyp duran dub agaçlaryndan başga zat ösmedik düzlügiň alys aralyklary mesaňa-mälim görünýärdi.

Birden Saweliniň nazaryna nämedir bir zat kaklyşyp giden ýaly boldy. Ol gözlerini owkalap, dumanlap duran alyslyga has dykgat bilen garady. Garly düzlükde gaty köp gara nokatlaryň

gaýmalaşýany aýyl-saýyl bildirdi. Edil ak matanyň üstündäki garynjalar ýaly, olaram erew-de-berewdi. Ilki uzyn hatarlara düzülip, dürli taraplara ugur alan ol garalaryň haýdaşyp gelýän atlylardygy tizden mälim boldy.

«Tatarlar! Hut şolar!» diýip, Saweliý içinden pikir öwürdi-de, şäheriň boş köçeleri bilen goşun başlygynyň öýüne tarap aýak aldygyna eňdi. Ýetip barýarka ak atly boýaryň özi onuň öňünden çykaýdy.

– Tatarlar! – diýip, Saweliý demi-demine etmän gygyrdy. – Hut şolaryň özi... Giden düzlügi dolduryp eňip gelýäler!

– Ybadathana ylga! – diýip, goşun başlygy oňa görkezme berdi. – Jaň kakýany turuz! Goý, ol ilaty örüzsin!

Saweliý ylgawyny ýazman ybadathana bardy. Esasy gapylar açykdy. Ortadaky ikonalaryň öňünde gyzyl hem kümüş gaplarda goýlan şemler parahat ýanyp durdy. Saçy inçejik edilip örülen uzyn geýimli garry ybadathana gullukçysy eli sübseli daş poly süpürýärdi.

– Hany, jaň kakýan nirede? Dessine uly jaňy kakyň!

– Jaň kakýanlaň ikisem galaň üstünde gözegçilik edýä. Atamyz protopopyň özi ygtyýar etmese, jaňyň ýanyna baryp bilmeris.

– Tatarlar çozup gelýär! Düşüň ahyry! Sen bolsa atamyz diýip, beýleki diýip, ýok gürrüň tapýaň! Hany jaň kakýan? – Saweliý gojaň elinden tutup idirdedip ugrady.

– Haý, peläket, bolşuň nähili seň? Näme mejalsyz garryny südürleýäň?

– Jaň kakýany tap! Tiz bol! Bolmasa-da özüm kakaryn!

– Biziň ozalky jaň kakýanymyz-a anha! – diýip, Saweliniň güýçli penjesinden sypjak bolup dyrjaşýan garry burça tarap ümledi. – Ýöne o bende batyl bolansoň, indi jaňyň ýanyna baranok.

Içi şemli gabyň ýanynda giňden açyk gözleri gülli goja otyrdy. Olaryň gürrüňini eşiden batyl goja elleri bilen töweregi sermeläp Savelä tarap ugrady.

– Jaň kakyp bilermiň? – diýip, Saweliý oňa ýüzlendi.

– Beter ederin! Kyrk ýyllap kakdym. Haýsy ýüpüň haýsy jaňyňkydygy hakydamda dur...

Üç bolup jaň kakylýan jaýa tarap haýdap ugradylar. Üçegiň aşak ýanyndaky gözenekden dürli ýogynlykdaky ýüpler sallanyşyp durdy. Batyl goja ýüpleri sermeläp, iň ýogynyna ýapyşdy-da:

– Iň güňlejini kakaýynmy? Atamyz protopop bir zat diýäýmesin? – diýip howatyrlandy.

– Seň ol ataň jaň kakýanlaryň ýerinde tapylmaýany üçinem mazaly suwuna degilse gerek!

– Bol, çaltrak! Güýjüňde baryny edip kak!

– Uly ýangyn bolanda kakylyşy ýalymy?

– Hawa, onda-da iň uly ýangyndaky ýaly!

Batyl goja köne endigine görä, iki eli bilen ýüplere ýapyşdy-da, çekip ugrady. Ýokarda uly jaňyň töwerege dowul salyp, kalbyňda abanyp gelýän betbagtlygyň, hasratyň ezýetli duýgusyny oýarýan sesi güňleç ýaňlanyp ugrady.

Ukuda ýatan şähere dessine jan girdi. Jaňyň sesi garaşylýan betbagtlygyň abanyp gelendigini habar berip, hemmeleri şäheri goramak üçin gala ugramaga çagyrýardy.

Açylyp-ýapylýan gapylaryň sesi, howlulardaky itleriň üznüksiz üýrmeleri galagoplygyň has-da üstüni ýetirdi. Köçelere haýdaşyp çykýan adamlar az salym jaňyň sesine üşerilip durýardylar-da, gala tarap ylgaýardylar. Ilki ýaňlanan uly jaňyň sesini şäheriň beýleki çetlerindäki buthanalaryň jaňlaram alyp göterdi. Olaryň yzýanyndanam Rýazanyň golaýynda ýerleşen obalardaky buthanalaryň jaňlara ýaňlanyp, adamlary gylyçdyr palta ýapyşmaga çagyryp ugrady.

Ylgawyny ýazman ýene öňki ornuna gelen Saweliý uzyn saply paltasyna ýaplanyp, naýzalaryny somaldyp gelýän sansyz atlylaryň uzyn hatarlaryny synlamaga başlady. Derýanyň o kenaryndaky öýlerden tasaşyp çykýan adamlaryň sähra tarap ellerini salgap, başly-barat ylgaşýany-da görnüp durdy. Olaryň birnäçesi Rýazanyň derwezesine tarap ylgasa, beýleki bir topary arkalary düwünçekli pyýada ýa-da gar arabasyna münüp, mallaryny öňüne salyp, derýanyň ýokary akymyna – gara basyrynyp ýatan tokaýlyga tarap haýdaýardy.

Tatarlaryň gelşi çaltdy. Şähere golaýladyklaryça atlarynyň ýörişi has-da tizleşýärdi. Ahyry iň öňdäki otrýad çypar atlaryny debsiläp, wagşyýana gygyryşyp, sygyryşyp Rýazan galasynyň edil düýbüne geldi. Mazaly gyzan atlaryň agzyndan çykýan bug bulut ýaly bolup töwerege ýaýraýardy. Soň olar seslerini kesip, şäheriň daşyna aýlanyp gidýän buz bilen örtülen seňňeri, onuň üstündäki dub agaçlaryndan edilen haýaty synladylar. Diwaryň darajyk yşlaryndan Rýazany goraýjylar görünýärdi.

Tatar atlylary birden gozgalaň tapdy. Üýşüp duranlardan saýlanan ýüz atly üç-üçden hatara bölünip, şäheriň daşyna aýlanmaga ugrady. Iň öňdäki mongolyň elinde ujuna çypar at guýrugy berkidilen uzyn naýza bardy. Egni altyn çaýylan sowutly, başynda lowurdaýan kümüş tuwulgasyna guşuň bir çugdam ak ýelegi berkidilen atly bolsa onuň yzyndady.

Beýleki hatar tutup barýan atlylaryňam ählisi sowutly, keltejik naýzaly, çep ellerinde-de tegelek galkanlary bardy.

Başga bir ýüz atly umumy topardan saýlanyp, jaňy henizem galagoply zarňyldaýan golaýdaky oba tarap ugrady. Tiz wagtdan jaňyň sesi kesilip, otlanan öýlerden göterilýän goýy gara tüsse göge gadyp ugrady.

Mongollaryň başga bir ýüz atlysy Oka derýasynyň beýleki kenarynda duran ýerinden Rýazanyň galasynda alnyp barylýan işlere syn edýärdi. Ol otrýaddan on atly bölündi-de, doňan derýanyň buzunyň üsti bilen şäheriň dub agajyndan edilen derwezesine tarap ýokary galyp ugrady.

Rýazanlylar gorkyny ýatdan çykaryp, haýatyň üstünden, galanyň gözaralaryndan henize çenli görmedik adamlary bolan tatarlara bilesigelijilik bilen seredýärdiler. Tatarlaryň ählisiniň egninde ýere degip duran uzyn köne possunlary bardy. Birnäçesiniň döşünde kiçiräk galkan şekilli demir ýa-da mis bölegi sowuklaç ýaldyraýardy.[92] Içi ýaýly hem birnäçe gyzyl peýkamly sagdaklar atyň eýerine berkidilendi. Mongollaryň aýallaryňka meňzeş tüýsüz ýüzleri edil sosna agajynyň gabygy ýaly garamtyl görünýärdi.

Tatar atlylaryndan bolan uzyn sakgally garry derwezäniň ýanyna bardy-da, gapyny gamçysynyň sapy bilen birnäçe gezek tyrkyldadyp, diwaryň üstündäkilere rus dilinde gygyrdy:

– Salam, rýazanlylar! Ähli halklary boýuň egdiren Baty han siziň üstüňize geldi. Onuň ýanyna duz çörek bilen ilçileriňizi ýollaň. Özüňizem oňa baş egip, hormat hem tagzym bilen öňünden çykyň...

– Ol biziň tagzymymyza köp garaşmaly bolaýmasa!.. – diýip, galadakylaryň biri gygyrdy. – Gowusy, patyşa Batygaňyzam alyp, gelen ýeriňize güm boluň!.. Sen bulaň arasyna nirden düşüp ýörsüň, nälet siňen garry haramzada? Aslyň rýazanly bolaýmasyn seň?

– Derwezäni tizräk açyň-da, gadyrly myhmanlary garşylaň! – diýip, sakgallak atly gygyrmagyny dowam etdi. – Eger boýun synsaňyz, hiç hili betbagtlyga uçramarsyňyz! Hötjetlik edip, aýdylana gulak asmasaňyz, tatarlar ähliňizi gylyçdan geçirer, şäheriňiz ýalyna gabsalyp, külbeleriňiz başyňyza ýumrular!

– Rus topragyny satanyň üçin, hojaýynyň birneme eçildimi, nälet siňen dönük?

Ýokardan şuwlap inýän peýkamlardyr mähnet daşlardan elheder alan tatar atlylary galadan tizräk daşlaşmak bilen boldular.

## DÖRDÜNJI BAP

### Rýazanyň gabalmagy

Hajy Rahym ýazgysyny dowam edýär: «Nä döwür, nä zamana geldi – gözüňi aýlan tarapyň zalymlyk, hasrat! Batyr Rýazan goşuny bilen Gypjak sährasynda bolan söweşden soň Baty hanyň garaşasy, dynç alasy gelmedi. Ol Guýuk hana çapar ýollap Rýazana ilki çozmagy buýruk berdi. Jahangirden öňürdip, bu baý şäheri talamak baradaky ýaşyryň meýil Guýuk hanyň özünde-de bardy. Haçan-da itden beter ýigrenýän adamy bolan Baty handan şeýle buýruk gelende, Guýuk han tekepbirlik bilen gabarylyp çaparlara şeýle diýdi: «Men şanly söweşde ýadap, ysgyndan gaçan goşunyma dynç almaga rugsat bermekçi. Söweşe şondan soň girerin. Rýazanyň menden sypyp gitjek ýeri ýok.»

Guýuk hany şeýle jogap bermäge mejbur eden ýagdaý onuň tümeniniň urusutlar bilen söweşde mazaly çagşamagydy. Porhanlaryň ýaraly nökerlere em edişleri-de o diýen öwerlik däldi.

Baty han indi näme etmelidigi barada Subudaý batyr bilen maslahatlaşdy. Aýylganç harasatdan soň sähra ýene asudalyk aralaşdy. Kümüşsöw alyslyklara günüň nury bolluk bilen seçilýärdi. Harasat sebäpli aragatnaşyk kesilen otrýadlardan ýene-de möhüm habarly çaparlar gelip ugrady. Burundaý Pronskä barýandygy, ýöne dar ýodalardyr gür tokaý zerarly ýol aşmagyň kyndygy barada habar berýärdi. «Bu ýoldan biziň ýükli arabalarymyz bilen geçer ýaly däl. Gala ýykýan maşynlary geçirmegiň ýagdaýy hasam kyn» diýip zeýrenýärdi.

[92] Mongollaryň düşünjesine görä, urşujy diňe döşüni okdan goramaly. Ýeňsäňi goramak diňe gaçyp barýan gorkaklara mahsus häsiýet hasap edilýär.

Burundaýa Baty hanyň adyndan Subudaý şeýle jogap ýollady: «Sen batyr, emma ugur tapyjy däl! Ýesir urusutlara üç hatar ýük ýanaşyk ýörände-de geçip bolar ýaly giňlikde tokaý çapdyr. Pronskini alanyňdan soň haýal etmän Rýazana ugra. Ýesir alan urusutlaryňam ählisini şol ýere sür. Tatar goşunlary Rýazanyň töwereginde duşuşarlar. Buýrugy ýerine ýetirmedigiň ýa-da gijä galanyň kellesi alnar.»

Baty han hem Subudaý batyr jogaba-da garaşman, tizlik bilen demirgazyga ugradylar. Ýaralylaryň ählisi ýükli arabalardyr düýeleriň üstündedi.

«Rýazany meniň özüm almakçy!» diýip Baty han yglan etdi.

Şondan iki gün geçensoň, Baty han öz «ýeňilmezekleriniň» başyny çekip, Rýazanyň derwezesine ýetdi. Jahangir öz ýanyna gaçyp geçen dilmaç, Rýazanyň bir wagtky knýazy Glebi on atly bilen şäher derwezesine ýollady. Knýaz galany goraýjylara şäheri söweşsiz tabşyryň diýip ýüzlendi. Depesinden daş ýagyp başlansoňam çapylan ýüzüniň ganyny ýaglygy bilen süpürip, sögünjiräp yzyna dolandy.

Baty han rýazanlylaryň gözüni gorkuzmak niýeti bilen töwerekdäki obalary otlamagy buýurdy. Onuň özi knýaz Gleb bilen Rýazanyň daşyna aýlanyp galanyň niresini böwsüp ýa-da gazyp girip boljagy barada maslahatlaşdy. Daş-töweregi buz bolup ýatan seňňer gurşany üçin şähere giräýmek ýeňil iş däldi.

Mongollar ýenjilip ysgyn-mydary alnan, ýarym ýalaňaç ýesir ruslary sürüp getirdiler. Ol görgülileri gamçy bilen saýgylap, hüjüm edilende dyrmaşar ýaly merduwan ýasamaga mejbur etdiler. Iki gün bäri duz datmadyk aç ýesirler garynlaryny doýurmaklaryny haýyş edenlerinde, tatarlar şeýle jogap berdi:

– Biz atlary münýäs, beýleki haýwanlara ýük çekdirýäs. Heý, şolar bizden iýmit dileýärlermi? Sizem ot-çöpleň köküni gazyp çeýnäň ýa-da atlaryň tezegini iýiň – ýöne merduwan ýasaň.

Tatarlar ýesir biçäreleriň kellesine taýak ýa-da serdesse bilen urup işletdiler. Açlykdan ýaňa garaört bolan gyňyr ýüzli ýesirler seslerini çykarman, taşlanyp gidilen öýlerden paltadyr byçgy gözlemäge girişdiler. Jaýlaryň agaçlaryny goparyp, merduwan ýasadylar. Ertesi pürsleriň üstünde berkidip gala ýykýan maşynlaryň birini getirdiler. Ony şäher derwezesiniň öňüne eltdiler. Maşyn äpet daşlary derwezä ýagdyryp ugrady. Gala ýykýan maşynlaryň beýlekileri derýadan geçirip gelýärkäler buz döwlüp, suwuň düýbüne gitdi. Suwa çümüp, olary çykarmak ýene ýesir ruslaryň başyna düşdi...

«Gudraty güýçli alla! Baty hanyň hötjetligi aýylganç wakalaryň ýüze çykmagyna alyp barsa gerek!»

## BÄŞINJI BAP

### «Itleriň üýrüşlerini eşidýärmiň?»

Perunow Bor obasy kümüşsöw nura gaplanan aýly gijäniň goýnunda meýmiräp oturdy. Gadymy tokaýyň gyrasynda hatara ýerleşen jaýlar gar depeleriniň arasynda çala görünýärdi. Şahalardan örülip edilen haýatyň ýa-da bolmasa sowuga çydaman çat açýan agaçlaryň şatdyldysy kämahal bu ümsümligi bozýardy. Sesini goýan itlerem ýumak ýaly düýrülip uka gitdi.

Üstüni galyň gar örten ot küdeleri, ýalaňaç agaçlaryň garamtyl sudury hem obanyň ýaşulysynyň öýüniň ýanyndaky ujuna ýolka agajynyň şahalary çugdamlanyp daňlan belent syryk aýyň gögümtil ýagtysynda çala saýgardýardy.

Obanyň çetinden ilki üzlem-saplam çykan it sesi soňabaka güýjedi. Onuň sesini birbada golaý-goltumdakylar, az salymdan bolsa Perunow Boruň ähi iti alyp göterdi. Bir ýerlerde batly kakylýan gapynyň düňküldisi, yzyndanam atyň çasly kişňemesi eşidildi.

Çetki öýde ýarym ukuly ýatan Opalýoniha ýerinden syçrap turdy-da, usullyk bilen penjiräniň tutusyny birýana serpip, daşaryk äňetdi. Gyraw bilen örtülen tutuksy penjireden üns berip garaňda örme haýatyň üstünde uzyn possunly, geň telpekli bir garanyň oturanyny saýgardy. Ol haýdaşlap däne döwülýän ýere bardy-da:

– Weşnýanka, turaweri! – diýip, süýji ukuda ýatan gyzy yralady. – Itleriň üýräýşini eşidýärmiň? Üstümize ýagy dökülendir. Daşarda del adam bar... Ýaňy samanhana girdi... Otlaýmasa ýagşydyr... Obada erkek düşnügi ýok. Biziň elimizden geljek zat barmy?

Ikisi dessine ädiklerini geýip, ýaglyklaryny daňyndylar-da, kelte possunlaryny ýeňlendiler. Usullyk bilen penjireden daşaryk garadylar. Aýyň kümüş nuruna gark bolan daş-töwerek göräýmäge ümsümlikdi. Diňe ýüpden boşanjak bolup urunýan itleriň sesi barha batlanýardy.

– Opalýoniha daýza, men-ä gorkýan! – diýip, gyzjagaz sandyrap durşuna pyşyrdady.

Howlukmaçlyk bilen guşagyny guşanan Opalýoninha elligini dişinde saklap durşuna ýaglyga nan düwýärdi. Soňam kürsiniň aşagynda ýatan paltany çykardy.

– Çakym çak bolsa, bu gelenler tatarlardyr. Bar, senem nan kesilýän pyçagy, agaç çanagy al! Çakmak daşynam ýadyňdan çykarma!..

Soň ikisi ýuwaşlyk bilen daş çykyp, jaýyň garaňky taýynda bukuldylar. Seretseler – Opalýonihanyň gören del adamy ot basylan saraýyň ýanynda çakmagyndan uçgun syçradyp, başagaý bolup otyr.

Birden obanyň o çetinden çykan aýylganç ses bütin töwerege ýaň saldy. Ol kesilip-kesilmänkä ýene bir agyr ýara düşen aýalyň iniňi düýrükdiriji çirkin sesi çykdy.

Ukuda ýatan oba dessine ördi. Derwezeler jygyldaşyp, atlaryň zarply aýak sesleri eşidilip ugrady. Şo barmana-da kellesi ýalaňaç, egni possunsyz garry eýerlenmedik atyny çapdyryp gelşine:

– Oduň içinde galdyk! Tatarlar çozdy! Tizräk başyňyzy gutaryň! – diýip, sesiniň ýetdigine gygyryp geçip gitdi.

Opalýoniha bukdaklap üýşmek otuň ýanynda başagaý bolup oturan nätanyşa golaýlady.

Opalýoniha aýyň ýagtysyna nätanyşyň egnindäki uzyn possunyny, itiň hamyndan tikilen ak ädigini, sallanyp duran egri gylyjyny saýgardy. Bir zat aňan ýaly yzyna gaňryljak bolan nätanyşy depesinden jaýdar inen palta ýere ýazdy... Ýüzin düşüp ýatan gelmişegiň gany garyň üstünde garamtyl yz galdyryp akýardy.

– Çaltrak bu ýerden garamyzy saýlaly! – diýip, Opalýoniha pyşyrdady. – Bakjaň içine özümizi atsak, hiç kim görmez...

Eýýäm gizlenerden geçdi. Possunlarynyň syýy guşaklaryna gysdyrylan tatarlaryň bir topary agaç haýatdan aşdy. Iki aýal şobada üýşüp ýatan şahalary penalap ýapyryldy.

Bir wagtyň özünde obanyň ençeme ýerinden ýalyn asmana göterildi. Diňe jaýlar däl, basylyp goýlan küdelere-de ot düşdi.

Ýalnyň äpet dilleri töwerege ýagty salyp, goýy tüsse burugsap dik asmana göterilýärdi.

Sygyrlar naýynjar molaşyp, gider ugruny ýitiren atlar çar-ýana okdurylýardy. Dumly-duşdan ýaralananlaryň iňňildisi, aýallaryň zaryn sesleri çykyp ugrady. Nirä gaçjagyny, nämä ýapyşjagyny bilmän aljyran aýallar ýanýan jaýlardan yzyny üzmän aglaýan çagalary, gallaly haltalary süýräp çykarýardylar.

Tokaý tarapdan henize çenli eşidilmedik gorkunç sesler barha ýakynlaşýardy:

– Khu, khu, khu! Urragh!

Kürsäp giren nökerleriň döreden başagaýlygy, atlaryň kişňemesi, birsyhly gaýtalanýan basyk sesler, görülmedik gorkunç halkyň ýiti ysy bütin obany gaplap aldy.

Janygyp üýrýän itleriň öňünden eňip gelýän atlylar kim duşsa gylyçdan geçirýärdi, gaçyp barýan aýallaryň boýnuna kement atyp süýreýärdi.

Iki tarapdan kürsäp giren tatarlar adamlaryň ählisini obanyň ýaşulysynyň jaýynyň ýanyndaky boş meýdana kowup ýygnaýardylar.

## ALTYNJY BAP

### Şäher etegindäki obada

Şäher diwaryny aýlanyp çykan Baty han derýanyň gabat garşydaky kenarynda ýerleşýän oba dolanyp geldi. Eýeleri gaçyp giden jaýlarda tatar esgerleri iki ýana alakjaýardy. Olar jaýlaryň depesine basylan otlary gujak-gujak edip, zat dannamaýan atlarynyň öňüne dökýärdiler. Öýleriň ählisiniň peçlerinden tüsse çykýardy. Tatarlar ýesir alan aýallaryna külçedir süle nanyny bişirdýärdiler.

Baty han maňlaýy ak tegmilli, aýaklaryndan galan ýeri gara atyny münüp, obanyň içinden geçip barýardy. Jahangiriň garaýagyz ýüzünde şatlygyň ýa-da aladanyň alamaty ýokdy, süzük gözleri adamlaryň üstaşyry nirädir bir ýerlere seredýärdi. Onuň yzy bilen iň ynamdar hanlar üç hatar bolup barýardy. Müňbaşy ýa-da on müň atlynyň baştutany diýen belent ady göterseler-de, olaryň özbaşyna goşuny ýokdy. Ähli edýän işleri nahar wagty Baty hanyň gapdalynda oturyp, gülküli gürrüň tapmakdan,

birçak öten şöhratly pälwanlar hakynda ertekä berimsiz hekaýatlar aýtmakdan ybaratdy. Haçan Baty han bilen ýüzbe-ýüz galanlarynda bolsa, olaryň hersi nahar başynda dyz degşirişip oturýan beýleki hanlarynyň gybatyny edýärdiler. Hökümdar olaryň hersini ýekelikde diňläp oturyşyna «Ýagşy, ýagşy!» diýip göwnühoşlyk bilen gözlerini süzýärdi. Ol öz golaýynda, daşda hem beýleki tümenlerde bolýan zatlary bilmek üçin ol hanlary ýakyn adamlary hökmünde ýanyndan aýranokdy.

Obada hojalyk işlerine serenjam berýän adam Baty hana dynç alar ýaly giň jaýy hödür etdi.

– Bu agaç jaýda öň kim ýaşapdyr? – diýip, Baty han gyzyklandy.

– Urusutlaň porhanynyň öýi bolmaly. Özleri oňa «pop» diýýärler.

Baty han gaharly siltenjiredi.

Gara ýally gyr atyny münüp gelen beýik geňeşdar Subudaý batyr ara goşulyp, basyk sesi bilen şeýle diýdi:

– Porhanyň, onda-da urusut porhanynyň öýünde ýaşamak jahangire muwapyk zatmydyr? Ol görünýän nähili jaý? – Ol gamçysy bilen üçegi çüri, depesi altyn çaýylan haçly belent jaýy görkezdi.

– Ol urusutlaň hudaýynyň jaýy.

– Jahangire hudaýyň jaýynda ýaşamak gelişýär – diýip, Subudaý batyr meseläni çöp döwlen ýaly etdi.

Baty han ilki aýdany oňlanmany üçin ýygrylyp duran serenjamça, soňam beýik geňeşdaryň sözlerini ýerli-ýerden makullaşyp baş atýan hanlara seretdi-de, atynyň başyny ybadathana tarap öwürdi.

Oň öňüne düşüp ugran serenjamçy ybadathana golaýlaşanda gapynyň agzynda dört sany mongol urşujysynyň oturanyny gördi.

– Bu ýere girmek gadagan! – diýip, urşujylaryň biri seslendi.

Serenjamçy olar bilen çekeleşip durka ýetip gelen Subudaý batyr:

– Kim size bu ýeri saklamagy buýurdy? – diýip, nökerlere ýüzlendi.

– Guýuk hanyň ýüzbaşysy Munke-Sal buýurdy.

– Baryň-da, şol ýüzbaşyňyza aýdyň – goý, öz hany üçin başga ýer gözlesin! Çaltrak ýok boluň!

Nökerler biri-biriniň ýüzüne garap çalaja sykylyk çekdiler. Soňam uzyn possunlarynyň etegini guşagyna gysdyryp, agyr garda batyp-çomup, buthananyň daşyndaky agaç haýata iltenen atlaryna tarap ugradylar. Olaryň biri yzyna gaňrylyp Subudaý batyra şeýle diýdi:

– Guýuk han gaharyna goýnuň pilçesi bilen çekgämize çalyp ugranda, seň beýtme diýmejegiň belli.

– Öň bir gulagyň kesilenini az görýämiň? Ahmal bolsaň, beýlekiňdenem dyndyraryn! – diýip, Arapşa kesgitli aýtdy.

Mongol dişini syrtardyp, gylyjyny gynyndan sogurdy, ýene yzyna itdi. Soňam çaltlyk bilen atyna mündi-de:

– Meň günüm seňem başyňa geler! – diýip, çapyp barýarka gygyrdy.

Arapşa onuň yzyndan gaharly garap durşuna:

– Guýuk han ýene-de jahangiriň kastyna adam iberip başlapdyr-ow! – diýdi.

Nökerler buthananyň saklaw jaýlarynyň birinden tapylan gojany öňlerine salyp geldiler. Başy itiň hamyndan tikilen telpekli, aýagy kendir balakly, agaç gabygyndan örülen çarykly, sowukdan ýaňa titreýän ol gojanyň ýüzünde gorky alamaty ýokdy. Soň ol açar bilen buthananyň agzyndaky gulpy açdy. Serenjamçy ilki içeri girdi-de, gapynyň agzynda gol gowşuryp durdy. Baty han atdan düşüp, gurşan aýaklaryny ýazansoň, buthana girdi. Iç ýüzi balygyň teňňelerine çalymdaş gözenekli darajyk penjirelerden içerik öçügsi ýagty düşýärdi. Öňde esasy çokunylýan ýer – altyn mährap ýaldyraýardy. Ol ýer bilen aralykda oýulyp nagyşlanan gapylar bardy. Käbir ikonalaryň öňünde duran şemler keramatlylalaryň tutuk keşbine ýagty salýardy.

Mähraba giren Baty han oturylýan bezegli kürsiniň daşyndan öwrüldi. Bir kiçijik stoluň gyrasynda dini baýramçylyklarda bişirilýän bäş sany tegelek köke ýatyrdy. Awy gatylan bolaýmasyn diýip ätiýaç eden Baty han yzyndan gelýän serenjamça olary dadyp görmegi buýurdy. Serenjamçy bir döwüm alyp çeýnäp durşuna:

– Asmandaky penakärler senem öz penasynda aman saklasyn! Köke gaty tagamly! – diýdi.

Baty han buthananyň ortasynda atyň içirgisini ýazyp oturdy. Hanlaram ýarym aýlaw bolup onuň töwereginde ornaşdylar.

– Şu ýerde ot ýakyň-da, maňa çaý[93] demläp beriň! – diýip, Baty han seslendi.

Elewräp ýören serenjamçy dilmaçdyr ýesir goja bilen bir zatlar gürleşensoň, tagzym edip, ýagdaýy, düşündirdi:

– Bu ýerde ot ýakmak bolmaýarmyş. Urusutlaryň hudaýynyň gahary gelip, jaýy otlaýmagy mümkinmiş.

Subudaý batyr porhanyň öýüne öz harby kömekçileri bolan ýurtçulary ýerleşdirdi. Ýokarky gatda ýerleşýän iki agaç jaýyň hersiniň koridory aýratyndy. Daşdan salnan ullakan inedördül peç olaryň ikisinem deň ýyladýardy.

Jaýlaryň birinde dört mongol ýurtçusy bilen iki hatdat uýgur ýerleşdi. Beýleki jaýy Subudaý batyr özüne aldy. Knýaz Glebiň öz ýurtçulary bilen oturanyny gören serkerde oňa ýüzlendi:

– Greçkadan edilen külçe nähili bolýar?

– Ony düşündirmek kyn. Iýip görmek gerek. Ýanyňda bir baba sakla. Ol saňa her gün soraýan zadyňy bişirip berer, hem özüň hezil edersiň.

– «Baba» diýýäniň näme?

– Daşarda seň nökerleň biri şolaryň iki sanysyny satjak bolup dur. Al-da!

– Näçe bahalaýar?

– Häzir ýanyňa getireýin.

Gleb daş çykdy-da, bir garry mongoly alyp geldi. Mongol girmejek bolup arkan gaýyşýan iki aýaly itekläp, zor bilen içeri saljak bolýardy. Olaryň biri uzyn boýly, daýaw gök köýnekli aýal içeri giren badyna burçdaky soýulyp aýrylan ikonalaryň çarçuwasyna gözi düşenden üç gezek çokundy. Soňam ellerini gaba göwüsleriniň üstüne goýup, ortada atyň içirgisiniň üstünde oturan Subudaý batyra üns bilen nazar saldy. Gözleri gorky bilen balkyldaýan sary saçly gyz ol aýala gysmyljyrap durdy. Ýyrtylan kelte possunynyň aşagyndan onuň gyzyl köýneginiň etegi görnüp durdy.

– Ine, saňa men diýen iki sany heleý! – diýip, knýaz Gleb tatarça düşündirdi. – Ulus-a ökde aşpez, ýanyndakam ýaňy açylyp gelýän gunça-da.

Subudaý batyr olara howul-hara nazar saldy-da, beýlesine öwrüldi.

– Dyza çöküň! – diýip, knýaz Gleb iki naçara dazaryldy. – Bu oturan uly han. Şu günden başlap siz onuň gyrnaklary.

– Bolsa bolupdyr-da uly han. Şoň üçin dyza çökmelimişmi? Bu haram ölmüşleriň derdinden poluň üstem edil doňuz depelän ýaly hapa.

– Öz hojaýynyňa baş eg diýýän men saňa!

– Meň hojaýynymyň ölenine on ýyl boldy. Weşnýanka, gel, bolmasa baş egen bolaýaly-la.

Olar eglip, barmaklaryny pola ýetirdiler.

Aýallara üns bilen seredip oturan serkerde gözüni süzdi. Soňam dub agajyndan ýasalan oturgyçda oturan knýaz Glebe garap ýerinden turdy. Atyň içirgisini oturgyjyň üstüne ýazdy-da, aýbogdaşyny gurap ornaşdy.

– Atlary näme? – diýip, ol Glebe ýüzlendi. Olam sowaly aýallara terjime etdi

– Maňa Opalýoniha diýýärler, munuň ady Weşnýanka.

– Gyzyňmy?

– Ýok, goňşymyzyň ýetim galan gyzy. Eneli-gyz ýaly ýaşap ýörüs.

– Näme üçin saňa beýle at dakypdyrlar? – diýip, Subudaý soragyny dowam etdi.

– Ärimi oda ýakanlary üçin meňem adymy şoňa görä üýtgetdiler.

– Ýakan kim? Meň adamlarymmy?

– Ýok-la. Biziň nowgorodlylar diýibem bir ýagymyz bar. Şolaň edeni. Ana, şondan bärem adym Opalýoniha boldy. Ýazda doglany üçin muňa Weşnýanka diýýäs. Özem edil ýaz ýaly.

– Urusutlaň ady kyn. Ýatda saklar ýaly däl – diýip, Subudaý seslendi. – Maňa hyzmat edermisiňiz ýa-da başga gözläýinmi?

– Ömrümizi onuň-munuň hyzmatyny edip geçirdik. Biz görgülileň takdyrymyz şeýle-dä!

– Onda külçedir çörek bişirip, meň hyzmatymda boluberiň!

– Arpa kwasydyr[94] un tapylsa, o zatlaň işi haýyr-la.

---

[93] XIII asyr hytaý sene ýazgysynda berilýän maglumata görä, mongollaryň ýokary gatlak wekilleri baryp şol döwürlerde çaýy ulanyp başlapdyrlar. Çaý Hytaýdan getirilip, mongollar ony deri, ýüň, mal hem şulara meňzeş gaýry zatlar bilen alyş-çalyş edipdirler. (XIII asyr hytaý sene ýazgysyndan)

[94] Ol döwürde hamyrturşy bolmansoň, nany kwasda aldyryp ýapypdyrlar.

– Garry Saklab sizi gerek zatlar bilen üpjün eder – diýip, knýaz ara goşuldy. – Ol rusça gürlemäni ýadyndan çykaran däldir-dä herne?

Aýallar Subudaý batyryň gapynyň agzynda duran garry hyzmatkärine seredişdiler.

– Sen biziň adamymyzmy? Rýazanlymyň? Ýesirmiň?

– Kyrk ýyl bäri bendelikde ejir çekýän. Şonça wagtlap aýagym gandally gezip ýörün. Sizem meň günüme sezewar ederler. Bu ýagdaýdan diňe ölüp dynaýmasaň, başga alaç ýok... – Garry uludan dem aldy. – Ine, size un, ine-de kwas!.. – Ol bir halta bilen palçykdan edilen çüýşäni peje tarap süýşürende, aýagyndaky zynjyr şaňňyrdady.

– Hudaý görkezmesin! – diýip, Opalýoniha ýakasyny tutdy. – Heý, kyrk ýyl bärem aýagyň gandally gezmek bolarmy?! – Opalýoniha özüne tiňkesini dikip oturan Subudaý batyra barmagyny çommaldyp haýbat atdy.

– Ýeri, bolýa... Soň gürleşibereris... Häzir odun getireýin – diýip, garry gapa ýöneldi.

– Hany, Weşnýanka, uruşam uruşdyr welin biz hamyrymyz bilen bolaly.

Ýesir alyp gelen mongol peje tarap ýönelen Opalýonihanyň boýnundaky ýüpden çekip saklady. Opalýoniha özüne seredenden, Subudaý mongola ýüzlendi:

– Sen bu aýallary nireden tutduň?

– Men şäheriň daşyna aýlanmaga iberilen ýüz atlynyň içindedim. Tokaýyň içi bilen barýardyk. Görsek, bir topar adam gaçyp barýar. Köpüsem aýallar. Olaň birentegini çapdyk, beýlekilerem öz lagerimize sürdük.

– Şeýle!

– Bu ikisini özüm boýunlaryna kement atyp tutdum.

– Şeýle!

– Indem satjak bolýan.

– Şeýle!

– Meň ädigim köne, ýyrtyk. Aýaklam üşeýär...

– Şeýle!

– Urusutlarda-da gaýyş ädik görmedim. Hemmesi agaç gabygyndan edilen köwüş bilen mydar edip ýörler ýaly.

– Şeýle!

– Bulary bir jüp täze ädige çalşaýsam diýýän.

– Onda men aýagymdaky ädigi çykaryp, saňa bermeli-dä? Şeýlemi? Sana öz hojaýynyny talamagy ýüregine düwen adam diýerler. Şu bolşuň bilen häzir nä güne sezewar boljagyňdan habaryň barmy?

Gorkusyndan ýaňa eňegindäki bir çugdam ak sakgaly titräp ugran garry mongolyň gözleri peträp, agzy öweldi.

– Walla, men beýle niýetim ýok, beýik han! Bular saňa menden peşgeş bolsun! Goý, seni baky gök asman öz penasynda aman saklasyn!

Mongol aýallaryň boýnundaky kemerini çözdi-de, Subudaýdan gözlerini aýyrman, yza tesip, tiz öýden çykdy.

## ÝEDINJI BAP

### «Biz haýwana-da rehim edýäs»

Gyr at Subudaý batyryň ýaşaýan jaýynyň eýwanynyň agajyna daňylgy durdy. Onuň öňüne bir goltuk otdur saman dökülgidi.

Nökerleriň biri Baty hanyň çakylygyna ugramakçy bolup duran Subudaý batyryň atyny getirdi. «Aýagyňy ýere basyp, pyýada ýöremek han adama gelişýän zat däl» diýip oýlanyp barýan serkerde köçäni kesip geçdi. Ep-esli öňden başy gyraw baglan gulakjynly mongol gara agynan ýaly aty münüp, başga bir atyňam jylawyndan idip gelýärdi. Nökerleriň bir topary gygyryşyp, biri-birini iteleşip ol atla tarap eňdiler. Yzdaky atyň eýerine keseligine daňylan adam bihuşdy, sowukdan ýaňa agaran ýüzüni göreniňde jany bardyr öýder ýaly däldi.

Subudaý birden edil dälirän ýaly bagyrdy. Ol atyny gamçylap, märekäniň arasyna sümüldi. Atdan özüni goýberdi-de, bihuş adama tarap ylgady.

– Urýanh-Kadan, saňa näme boldy? Hany, gözleriňi aç! Aýdanymy eşidýärmiň? – diýip, Subudaý batyr ýüzüni doňan adamyň egnine ýaplap samrady, oglunyň gan-petsiz ýüzüni sypalady...

– Bu Subudaý batyryň ogly! – diýip, märekäniň içinden sesler eşidildi. – Ogluny gowy görýän bolara çemeli. Ýaşam bolsa, gaty batyr ýigitdi.

– Nirä eltmeli? – diýip, atly mongol töwerekdäkilere ýüzlendi. – Şu durşuna odunyň üstüne oklaga-da, ýakyp goýberilse gowy bormuka diýýän. Ýa eýýäm ölendir, eger demi baram bolsa, barybir adam bolmaz.

Subudaý batyr onuň elindäki jylawy silkip aldy-da, aty öz bolýan jaýyna baka idip ugrady. Şol barşyna ol sojap samraýardy:

– Urýanh-Kadan! Sen ölmeli däl, oglum! Häzir agzyňa üfläýin. Goý, meniň ruhum seň bedeniňe girsin! Öz ýüregimi sogrup, seň doňan ýüregiň bilen çalşyraýyn! Men garran adam. Gowusy, men öleýin! Sen täze ýeňişler bilen şöhratlanmaly ýaş ýigit, ahyryn entek! Dünýe bilen hoşlaşmaga gyssanma, oglum!..

Goh-galmagal gulagyna degen Opalýoniha eýwana çykdy. Eňräp gelýän Subudaý batyra gözi düşenden, ol nämäň-nämedigini aňdy: «Gyýyk gözüň ogluna bir zat bolan bolmaga çemeli...»

Ol dessine basgançakdan düşdi-de, güýçli elleri bilen Subudaýy oglundan çekip aýyrdy. Soňam ynamly hereket bilen Urýanh-Kadany eýerden aldy-da, egninde göterip, jaýa tarap ýöneldi. Basgançakdan usullyk bilen çykyp, ony samanyň üstünde ýatyrdy.

Knýaz Glebem onuň gapdalynda durdy. Opalýoniha dyzyna çöküp, doňan ýigidiň geýimleriniň bagyny çözüp oturyşyna öz ýanyndan hümürdeýärdi:

– Enteg-ä demi gelip-gidýär bendäň. Munuň ýaly ýagdaýa düşeni indi görmeli däl-le. Hany, mawut, keçe, ýag hem bir jam gar äkeliň! Muny şu ýagdaýda ýyly öýe salsak, näme boljagyny bilýämiň, gyýyk göz? Etleri edil lagta-lagta gopaýar.

Opalýonihanyň hökümli hereketlerinden haýygan Subudaý batyr hereketsiz ýatan oglunyň gapdalynda barmagyny dişläp ümsüm otyrdy.

Opalýoniha Urýanh-Kadanyň aýagyndaky gaýyş gutulyny[95] çykardy-da, ap-ak dabanyna keçäni ynamly sürtäp ugrady. Onuň hereketini synlap oturan mongollaryň ikisi ýaş ýigidiň eliniň barmaklaryna em edip ugrady. Opalýoniha gezek-gezegine bedeniň bir böleginden beýleki bölegine geçip ahyry kellä ýetdi.

Öýüň eýesi keramatly ruhany Subudaý batyryň ýüzüne howatyrly garap:

– Al, balam, guwuň ýagy bilen sürteseň gowy bolar – diýip, agaç jamy Opalýoniha uzatdy. – Agzyna bir azajyk çakyr guýsaňam, peýdasy kändir.

Opalýoniha esli iş edindi. Garaňkyran jaýa üýşüp duran nökerleriň alýan deminden dymyklyk aralaşdy. Ahyrsoňy ýigit gözlerini açdy. Onuň dumanly nazary üýşüp duranlara biparh garap, Subudaý batyryň keşbinde saklandy. Birhili aňy ýerine gelen ýaly üzlem-saplam pyşyrdady:

– Kaka! Eşit... urusutlar – möjek ýaly... Olary gyrmak gerek... Olar tabyn bolanoklar!..

– Näme gördüň, oglum? Başyňa ne gün düşdi? Kim seni bu ýagdaýa saldy? Aýtsaň bolany. Öz elim bilen kerçäp, içimi sowadaryn.

– Men ýesir düşdüm.

Urýanh-Kadan ýene huşundan gitdi.

Subudaý batyr ony yralajak boldy.

– Degme! – diýip, Opalýoniha onuň elini gaharly itdi. – Işiň bolmasyn!

– Urusut aýaly, maňa gulak as! – diýip, Subudaý batyr çekinjeňlik bilen Opalýoniha ýüzlendi: – Meň batyr oglum Urýanh-Kadanyň janyny halas et! Seni azat edeýin, düýşuňe-de girmedik sowgat-serpaý ýapaýyn!

– Seň serpaýyň derkar däl. Şeýle-de elimde baryny edeýin. Belki, şowuna bolaýady-da. Bu-ýä adam. Biz haýwana-da rehim edýäs. Dini başga bolsa-da, bu ýatanam hudaýyň bendesi...

Subudaiý howla çykyp, atynyň ýanyna bardy. Gulagyna pyşyrdap, burnuna üfläp, gyr atynyň bolşuny siňe synlady.

– Wepaly ýoldaşym, maňa bir alamat ber: ol hökümli aýalyň kellesini alaýynmy ýa-da ýüpek-parça çolaýynmy? Indiki ýörişlere ýanym bilen äkideýinmi ýa-da çüw-ýalaňaç edip tokaýa kowaýynmy? Beýle-de edenli aýal boljak eken-ow. Şu ömrümde munuň ýaly aýala duşan ýerim ýok...

---

[95] G u t u l – mongollaryň içine keçe tutulan mesä meňzeş ökjesiz ädigi.

At onuň aýdanlaryny makullaýan terzde başyny atyp, ýumşak dodaklary bilen eýesiniň ýeňinden çekýärdi.

## SEKIZINJI BAP

### Galagoply gijeler

*Duşman duşmanyň pikirini bilmez.*

(Gündogar nakyly)

Saweliý bütin gijäni galagoply geçirdi. Gallanyň gözarasyndan uzaklara garaýardy, gorjalan ary ketegi ýaly güwläp duran şäheriň gowruna diň salýardy. Rýazanyň ozalky asuda gijeleri nirädir sumat boldy. Galanyň düýbünde, derýanyň aňyrsyndaky düzlükde ýylpyldaşýan müňlerçe ody göreniňde kimdir biri giden meýdana jomartlyk bilen köz sependir öýdýärsiň. Ol otlary taşlanan jaýlary, saraýlardyr agaç haýatlary uzak gije rehimsizlik bilen ýumrup, odun deregine daşan tatarlar ýakýardy. Alyp gözýetimde alawlaýan äpet ýangynlaryň şöhlesi pessaý bulutlara düşüp, endiräp görünýärdi.

Saweliniň ýanyna gelen urşujylaryň biri ýangyna seredip durşuna seslendi:

– Ana, Pronsk ýanýar!

– Goýsana! Ol elli werst dagy daşlykda ahyry.

– O ýalyn nämäňki onda?

– Dogrudanam, Pronsk ýaly-la...

– Serediň, Sobolewkanam otlapdyrlar!

– Doganlar, doganlar!.. Ana, Uhorskidenem ýalyn göterildi...

– Hany.

– Anha, tokaýyň aňyrsynda...

– Ol ýanýan, belki, Perewolokadyr?

– Ýok, entek oň-a degenoklar...

– Heý, beýle-de bir zat bormy, doganlar?! Wagşy nejisler diýs-ä!..

– Ana, ýene ýalyn çykdy. Anha, görýäňizmi?

– Ol Ýarustowodyr...

– O nähili Ýarustowo? – diýip, Saweliý tisgindi. – Oň Rýazandan daşlygy otuz werst dagy bar-a. – Birden «Kyn güne galsaňyz, Ýarustowoda Pahom balykçy bardyr. Şoňka baraýyn» diýip, çagalaryna sargany onuň ýadyna düşdi.

– Tatarlar Rýazany alýançalar garaşar durarlar öýdýäňizmi? Olaň ýanynda otuz werst aralyk dagy näme? Gör-ä olaň kändigini! Giden meýdany tutup ýatyrlar. Bir bölegi bolsa obalary ilki talap, soňam otlaýandyr...

Ýarustowo tarapdaky ýangyn hasam güýçlüdi. Äpet oduň sary dilleri al-asmana çabrap, bulutlary ýalap gaýdýardy.

– Samsyklar! – diýip, bir ýaş urşujy seslendi. – Olar ot küdelerini ýakandyrlar. Öz atlaryňyz aç gyrylaýmazmyka!

– Beýle däl! – diýip, Saweliý oňa garşy çykdy. – Tatarlar üçin ot küdeleri nandanam gymmatly. Küdelerem ýakaýsalar, özleriniň dat gününe! Küdeleri olara nesip etmesin diýip, biziňkiler otlapdyr. Bizem şeýtsek, tatarlara bu ýerde durarlyk galanok...

– Hawa, şunyň-a jaý maslahat. Bizem-ä olara tabyn bolaýmarys!

Gala sakçylary gijäni çirim etmän geçirdiler. Säher bilen derýanyň aňyrsynda horazlar gygyrdy. Rýazanyň horazlaram olara ses goşdular. Geýimleri gyraw baglan urşujylar şapagy synlap durdular. Tatarlaryň ýakan müňlerçe alawy henizem ýylpyldap görünýärdi.

Alysda gök mahmal ýaly bolup görünýän tokaýlaryň depesinden parlap galan günüň nurlary garly düzlüge ýaýrap, gara akyma meňzäp şähere tarap süýşüp ugran tatar otrýadlaryny-da mazaly saýgarmaga mümkinçilik döretdi.

Atlar, adamlar üstüne pürslerdir tagta ýüklenen gar arabalaryny çekip gelýärdi. Şäher diwarynyň üstünde üýşüp duran rýazanlylar bilesigelijilik hem tolgunma bilen tatarlaryň nähili hokga çykarjagy hakynda pikir öwürýärdiler. Sürlüp gelinýän ýesirleriň daşynda aýlanýan atly tatarlar

ýoldaşlaryna eýermän yza galýanlary gamçy bilen saýgylaýardy. Galanyň üstünde duranlar eýýäm tatarlaryň köpüsiniň rus geýmine girendiklerini saýgardylar. Ýesirler ýarym ýalaňaç diýen ýalydy, köpüsiniň aýagynda diňe dolagy, egninde bolsa ýyrtyk köýnegi bardy. Zordan yrgyldaşyp gelýän ýesirleriň käbiri ysgyndan gaçyp ýykylýardy. Olar ýa-ha tatarlaryň gamçysyna çydaman turýardylar ýa-da ýagty jahan bilen ömürlik hoşlaşýardylar.

Ýesirler jaýlary söküp alan pürsleridir tagtalaryndan şäheriň daşyna haýat salyp ugradylar.

– Gör olary! Goýna agyl salýan däldirin öýdenoklar – diýip, duranlaryň biri seslendi.

– Entek näme görýäň? Goýun ýaly hamyňam sypyrlar...

– Onçasyny görübiris. Bärik bir burunlaryny uzatsynlar bakaly!..

Derwezäniň agzyna bir topar atly geldi. Knýaz Glebem şolaryň arasyndady. Ol sesiniň ýetdigine gygyryp, rýazanlylary bal kölüne batyrýardy:

– Derwezäni açyň-da, baryňyz meýdana çykyň! Diňe öýňüzdäki mal-mülküňize degmäň. Nirä gidesiňiz gelse – ýoluňyz açyk. Tatarlar size barmagynam batyrmaz.

– Bu Gleb Wladimirowiç ýaly-la?! – diýip, galada duranlar biri-birine seredişdi. – Öz dogan-garyndaşlaryny al salyp öldüren nejis diýerler saňa!.. Adyňa ýöne ýere nälet okalanok seň, lagnaty!

– Doganlaň-a başyna ýetdiň. Indi Watanyňam satdyňmy? Seni bir osina agajyndan edilen gazygyň üstünde oturtsaň-da!..

Diwarda duranlar peýkam ýagdyrdylar. Biriniň türgenlik bilen zyňan daşy Glebi ýaralady. Ol howul-hara atyny yzyna öwürdi-de, ümdüzine gaçdy.

Daş zyňýan maşynlary şäher derwezesiniň golaýyna getirdiler. Daşdyr peýkamdan ullakan agaç galkanlary bilen goranýan tatarlar maşynlary işledip başladylar. Olar ujy demir guýguçly ýogyn pürsi bar güýçleri bilen yza çekip, oňa ullakan daş goýýardylar. Zarp bilen sypdyrylyp goýberilen pürs ala-zenzele turzup, äpet daşy allaowarra zyňýardy. Golaýda – jaýlaryň harabasyna dulanyp bukuda duran tatar atlylary derwezeden kim çyksa, üstüne çozmaga häzir bolşup durdular.

Goşun başlygy Kofa özüniňkilere:

– Güýjüňizi bölmäň! Gala dyrmaşýanlary urup ýykyňda, özüňiz derwezeden çykaýmaň! Duşman hilegärdir. Çykdygyňyz güpbasdy ederler – diýip, berkden berk tabşyrypdy.

## DOKUZYNJY BAP

### «Kimiň hudaýy has güýçli?»

Rýazana hüjüme başlanmagynyň öň ýanyndaky güni Baty han ozalky ýerleşen buthanasynda geçirdi. Ýurtçular otrýadlara iň soňky buýruklary iberýärdi. Şol buýruklarda: «Iň elhenç jeza şähere çozulan mahalynda gorkaklyk edip, yza tesenleriň başyndan iner!» diýlip görkezilýärdi.

Subudaý batyr Baty hanyň gapdalynda ýüzüni çytyp, geplemän otyrdy. Özünden bir zat soralsa, ol makullaýan bolsa başyny atýardy, bolmasa-da, bir barmagyny galdyryp, aýdylany ynamaýanyny aňladýardy. Ahyry ol şeýle diýdi:

– Nurana, sen şu gün hüjüm etmek hakda buýruk berdiň. Ýaýdan sypan peýkam yzyna dolanmaýar. Şoňa görä-de, ýeňiş baýramy hem meýlis üçin palçykdan müň sany dzagolma[96] ýasamaly diýip ertiriň özünde buýruk ber. Bu gün bolsa ýatyp, ertirki söweş üçin güýç toplamak gerek.

Baty hanyň töwereginde oturan hanlar baş atyp, adaty arzuwlaryny beýan etdiler:

– Goý, ganly söweşde hem şagalaňly meýlisde biziň hiç bir kem zadymyz bolmasyn!

Baty han birden gozgalaň tapdy:

– Men öz mugallymym, mürze Hajy Rahymy getiriň diýipdim-le?

– Ol şu ýerde – seň çadyryň ýanynda. Kese ýerli musulmanlary gorap dur.

– Olary goramak oň işi däl. Men çagyrdymmy hökman şu ýerde bolaýmaly.

– Hökmürowan! Onuň özüniň gelmäge ýagdaýy ýok.

Baty han tarsa ýerinden turdy-da, ybadathanadan çykdy. Daşky diwaryň ýanynda başlary ullakan selleli, alabeder pagtaly donlarynyň gyrasyna bagana tutulan bir topar adam gysylyşyp otyrdy.

Kimsi bir zatlar samraýardy, birnäçeleri bolsa doga okaýardy. Olaryň ýanynda duran Hajy Rahymyň ýokary göterilen elindäki altyn paýza aýyň ýagty nuruna ýaldyraýardy.

---

[96] D z a g o l m a – palçykdan salnan tamdyr kysmy peç.

Olaryň sähelçe beýle ýanynda bir topar mongol urşujysy ýalaňaç gylyçlaryny depelerine göterip durdy. Olar sähelçe gymyldanda oturanlar dat-bidat edip gygyryşyp başlaýardylar, Hajy Rahym bolsa elindäki tylla paýszany ýokarrak göterýärdi.

Baty han ýanynda duran dilmaja bir zatlar diýdi. Ýalaňaç gylyçly mongollar alagowur bolşup sürnüp ugranda, garaňkydan gylyçlaryny gezeşip çykan «ýeňilmezekler» olaryň öňüne böwet boldy.

Dilmaç mongollara ýüzlendi:

– Ölen atasynyň jesedini iýen sarygulak samsyklar! Enteşip ýören degdi itler! Jahangiriň öýüniň ýanynda siziň nä görüňiz bar? Gylça janyňyza haýpyňyz gelenokmy?

Mongollar biri-biriniň agzyndan kakyp, goh turuzdylar:

– Bulary biz tutduk. Olja biziňki... Ýöne bize bermejek bolýarlar. Bulaň bary söwdagär... Ählisini gylyçdan geçirip, altyn-kümüşlerini özümiz aljak. Olar urusutlaryň ýanyndady! Bu uzyn sakgally musulman jadygöýi keramatly urşujynyň altyn naýzasyny depämize götereni üçin biz näläç durus. Ol elini ýatyrdygy, söwdagärler bilen bellisini edip, oljany paýlaşarys...

Baty han gazap bilen ýer depdi:

– Siz häzir meň çykarjak kararyma garaşyň. Musulmanlar, hany maňa jogap beriň! Siziň watanyňyz nirede? Adyňyz näme? Näme zeruryýet bilen bu ýere düşdüňiz? Çaltrak jogap beriň!

Dyzlaryny ýere urup oturan söwdagärler maňlaýlaryny ýere degrip tagzym etdiler. Olaryň arasyndan uzyn gara sakgally, nurana keşpli biri kaddyny dikläp, şeýle diýdi:

– Biz dürli ýurtlaryň adamlary. Ýöne dini ygtykadymyz boýunça hemmämiz Muhammet pygamberiň ýoluny tutýas. Seň goşunyň bilen söwda etmäge geldik. Altyn-kümüşimiz umumy bähbide ýarar diýen niýetimiz bar. Biz urşujylardan näme satsalar, şonam alýas. Harydymyzam kişmiş, pisse, süýji kök, çakyr, nan diýen ýaly kileň edermen urşujylaryň isläýjek zatlary.

Baty han Hajy Rahyma tarap ümläp:

– Bu adamy ozal tanaýarmydyňyz? – diýdi.

– Ýok, biziň muny depämize elindäki gudratly altyn bölegini galdyran wagty ilki ýola görüp durşumyz.

– Siz muňa para-peşgeş wada berdiňizmi?

– Biz başda-da wada berdik, janymyzy halas edeni üçin ýene-de wada berýäs. Ýöne ol «Derwüşler mal-dünýä bilen gyzykmaýar hem altyny ýigrenýär» diýip hiç zat alanok.

Hajy Rahym onuň sözüni böldi:

– Hawa, hökmürowan, derwüşler seň adyň ýazylan şu paýzadan gaýry altyny ýigrenýär.

Baty han kesgitli gepledi:

– Söwdagärler, gulak asyň! Baty han dürli ýurtlaryň içinden geçip, halklary özüne tabyn edýär. Maňa boýun egmedikler janyndan umyt üzýär. Kim siz ýaly bulagaýlyk etse – ol mongollara barmagyny çommaltdy, – Meiň «ýeňilmezeklerim» olaryň biloňurgasyny ýazdyrýar...

Mongollar ýüzlerini gara berip, zarynlap ýalbardylar:

– Beýik jahangir, biziň günämizi öt!

– Söwdagärler, siz häzir Subudaý batyryň ýanyna baryň! Ol haýsyňyzyň çyn söwdagärdigiňizi anyklar. Synagdan geçenlere altyn paýza berlip, meniň goşunym bilen gitmäge we erkin, söwda etmäge ygtyýar ediler. Ynamy ödemedik ýalançylar biloňurgasy ýazdyrylyp, itiň öňüne oklanar. Öz otrýadyndan aýrylyp, degdi it ýaly enteşip ýören binamyslar, siz haýsy tümenden?

– Beýik kaganyň ogly Guýuk hanyň tümeninden.

– Özümem şeýle çak edipdim. Siz geljekki kaganyň goşunyndadygyňyzyň gadyryny bileňzok, Guýuk hanyň adyna ysnat getirýäňiz. Subudaý batyr, bu ykmandalaryň haýsy otrýaddadygyny anyklap, hersiniň çep gulagyny kes! Soňam ýanlaryna saklaw goşup, yzlaryna – Guýuk hanyň lagerine ugrat!

Mongollar ýene-de günäleriniň geçilmegini sorap uwlaşdylar. Baty han olara üns bermän, Hajy Rahymyň ýeňinden tutdy-da, yzyna düşürip äkitdi...

Buthananyň giňden açyk derwezeleriniň ýanynda ep-esli ýere halydyr possun ýazylyp goýlupdyr. Baty han şol ýerde aýbogdaşyny gurap çökdi-de, ýanynda oturan Hajy Rahymyň berýän gürrüňini bir hili aljyraňňy görnüşde baş atyp diňlemäge başlady. Derwüşiň egninde Baty hanyň beren sowgady – ruslaryň kelte possuny bilen gaýyş ädik bardy.

Döşündäki kümüş hajyny eli bilen tutup, buthananyň içinde ýuwaşja gezim edýän pop çokunyp, her ikonanyň öňünde mum şemiň birini goýýardy. Ol bu zatlary mongol hökümdarynyň buýrugy boýunça edýärdi. Sebäbi Baty han oňa dilmajyň üsti bilen: «Meniň urusut hudaýlarynyň hersine öz

hormatymy bildiresim gelýär. Men haýsydyr bir urusut hudaýynyň özüme gahar edip, işimi bulaşdyryp ýörmegini islämok» diýipdi.

Keramatly ruhany kämahal sesini çykarman oturan Baty hana gözüniň gytagyny aýlaýardy.

Hajy Rahym jahangire ýüzlendi:

– Meni öz ugruma goýbermegiňi ýene bir gezek ýalbaryp haýyş edýän. Meniň bu gan deňziniň içinde gezesim gelenok. Näme üçin sen parahat hem erkin ýaşamak isleýän munça halky gyrgyna berip ýörsüň?

– Goý, olar öz azatlygyny gylyçlaryna daýanyp gazansynlar! Mongollar olaň baryndan güýçli. Bütin älem meniň atamyň – keramatly urşujynyň nesillerine tabyn bolmalydyr.

– Meni näme üçin saklap ýöreniňe düşünemok. Käşgä nepim degýän bolsa…

– Ýok, seni ýanymdan goýup bilmen. Meniň ähli eşidýänim mahabat beriji ýalan sözler. Hakykaty diňe Subudaý batyrdan, Ýyldyz hatyndan hem senden eşidýän… Men hemişe haykaty sözleýän adamyň ýanymda bolmagyny isleýän. Ýöne sen şol hakykaty maňa diňe ikiçäk galan wagtymyzda aýtmalysyň. Köpçülikde aýbymy açaýdygyň, özgelere sapak bolar ýaly, biloňurgaňy ýazdyraryn…

– Hakykaty sözleýäniň öz ajalyna ölýäni-hä ýokdur öz-ä…

Baty han buthananyň içinde ýuwaşlyk bilen aýlanyp ýören keramatly ruhana ýüzlendi:

– Bu ýakymly ys näme?

– Men keramatly ikonalaryň öňünde hoşboý ysly tüsse aýladym.

– O nähili zat? Hany, görkez!

Keramatly ruhany elindäki zynjyr bagjagazdan asylgy ýörite demir gutynyň içindäki köze ladan sepdi-de, ikonalaryň öňünde iki ýana hallanlatdy.

Baty han hoş bolup:

– Ýagşy, ýagşy! Gowy zat eken! Hany, meňem öňüm-de hallanlat! – diýdi...

Ruhany gorkusyna çokunmaga başlady.

– Gudraty güýçli hudaý! Bendäň günäsini geçeweri!.. – Soň ol demir gutyny Baty hanyň öňünde eýläk-beýläk hallanlatdy.

– Kimiň hudaýy has güýçli? – diýip, Baty han sorady. – Urusutlaňkymy ýa-da mongollaňky?

– Hudaý birdir.

– Ýalan! Siziň diwarlaryňyzdan asyp goýan hudaýlaryňyzam birgiden bar. Hudaý kän. Olaň rehimlisem bar, gazaplysam. Ýöne iň güýçlüsi – biziň uruş hudaýymyz Sulde bolmaly. Ol biziň ýeňşimize medet berer, ähli halklar biziň gylyjymyza tabyn bolar. Şonda mongollar bütin älem-jahana öz hökmüni ýöreder!..

## ONUNJY BAP

### Rýazanyň iň soňky günleri

*...Rýazan şäheri weýran boldy, ýurduň öňki durkundan nam-nyşan galman, gözüňi aýlan tarapyň tüsse, haraba hem kül bolup ýatyr.*

(«Baty hanyň gelşi hakynda powest». XIII asyr)

Tatarlar ir bilen merduwanlaryny süýräp, Rýazanyň diwarlaryna has golaý geldiler. Bölek-büçek tagtalardan, sosna agajydyr uzyn nawlardan howul-hara ýasalan ol merduwanlar dürli ululykdady.

Şäher diwarynyň düýbi tatarlaryň gykylygyndan, depesinde gamçy oýnaýan ýesirleriň iňňildisinden palta sesleridir hüjümiň öň ýanynda urşujylaryň ruhuny götermek üçin çalynýan tüýdügiň çirkin owazyndan ýana ala-zenzeledi.

Bir wagtyň özünde çar tarapdan diwara söýelen merduwanlara ilki bolup ýeňselerinden naýza bilen itelenýän rus ýesirleri dyrmaşyp ugrady. Çyplaň eşikleri sal-sal ýarym-ýalaňaç, sowugyň derdinden elleri, ýüzleri gögeren ýesirler merduwanlara çykyp baryşlaryna özlerine rehim etmeklerini sorap, Rýazany goraýjylara ýalbarýardylar.

– Bize rehimiňiz insin, doganlar! Siziň ýanyňyza özümizi atyp bilsek, tatarlara garşy bile urşarys... Ýagdaýymyza düşüniň. Öz erkimize däldigimizi görýäňiz-ä...

Olaryň ýalbarmasy galada duranlara täsir etmedi.

– Yza dönüň, gorkak haramzadalar! Tatarlaň ellerinden gylyjyny alyp, özlerini çapyň! Merduwanlary döwüň!

Ýesirleriň käbiri öz ildeşleri bilen urşasy gelmän, merduwandan aşak böküp, sürçek eňňitden taýyp gaýdýardy. Pesde tatarlar bilen garpyşyp, tä depesinden gylyç inýänçä söweşýärdi.

Ähli ýerde güýçli söweş gidýärdi.

Uzyn saply palta bilen ýaraglanan Saweliý golaýyna geleniň kellesini pytratmaga taýýar bolup durdy. Onuň edil alkymyndan söýelen merduwanlaryň üçüsindenem adamlar bosuşyp gelýärdi. «Biziňkilermikä ýa-da tatarlarmyka?» diýip oýlanan Saweliniň nazary gelýänleriň sal-sal geýimlerini saýgardy. Olaryň gykylygyndan ýaňa nä dilde geplenýänini aňşyrar ýaly däldi.

– Kimdigiňizi mälim ediň! Ýogsa-da, kelemäňizi öwrüň! – diýip, Saweliý gygyrdy.

Iň öňden gelýän oňa jogap gaýtarman, wagşyýana gygyryp, depesine tutup gelýän taýagy bilen Sawelini urjak boldy. Şo barmana-da taýagy bir ýana zyňlyp, özem merduwandan gaýtdy.

Onuň yzyndan gelýän adam:

– Dikoros! Bize degme... Men Waula! Yzymdakam Zwýaga... – diýip gygyrdy.

Saweliniň paltaly eli howada doňdy. Ol ikisi dub agajyndan edilen haýatyň aňyrsyna kynlyk bilen geçdiler. Edil yzlarydan gelýän eli gylyçly ýaş tatary batly inen paltanyň zarby ýagty jahandan el üzdürdi. Saweliniň tokaýda äpet ýolka agaçlaryny çapmaga endik eden güýçli goly paltany diýseň gazaply hem ynamly işledýärdi.

Zwýaga hem Waula Saweliniň gapdalynda durup, merduwana dyrmaşýanlary uzyn syryk bilen yza itýärdiler. Beýleki rýazanlylaram gözi ýok ýaly hüjüm edýän duşmana garşy näçe diýseň gazaply söweşýärdi.

Aýallaram olardan pes oturanokdylar. Bosup gelýän ýagynyň depesinden gaýnag suwy bedreläp eňterýärdiler. Doly ýaly ýagýan ullakan daşdyr buz böleklerem degen adamsyny aşak togalaýardy.

Günortanlar hüjüm yza serpikdirildi. Bady gaçan tatarlar galadan arany açdylar. Galanyň düýbünde ysgynsyz towlanjyrap, jan ajygyna emedekleşýän ýaralylaryň naýynjar sesleri gulagyny kamata getirýärdi. Olaryň arasynda aýlanyp ýören tatarlar öz adamlaryny ýygnap, ruslary bolsa gören ýerlerinde öldürýärdiler.

Täzeden başlanan hüjümiň bäş gije-gündizläp yzy üzülmedi. Öz ýerlerinde berk durup söweşýän rýazanlylaryň sany kem-kemden azalyp, öleniň öwezini dolara erkek kişi tapylmady. Äpet daşlaryň zarbyndan ýa-da peýkamdan ölen ärleriniň ornuny aýallar eýeledi. Tatarlar hüjüme barha täze otrýadlary sürýärdiler. Öňürti girip, şäheri talamak pikiri bilen ölerini-galaryny bilmän dyzaýan tatarlaryň hüjüm edişi gaty erjeldi.

Saweliý, Zwýaga hem Waula üçüsi biri-biri bilen arka-döş bolup söweşýärdiler. Hüjüm togtap, sähelçe böwşeňlik aralaşdygy, olar az salymlygam bolsa gözleriniň awusyny alýardylar.

Daş zyňýan maşynlaryň yzy bilen derwezäniň agzyna iki sany taran[97] getirildi. Berk edilip asylan äpet pürsleriň ujuna demir geýdirilendi. Olaryň ýanyndaky bir topar mongollardyr ýesirler gaýyş galkanlara dulanyp, pürsleri batly hallanladyp, aýylganç güýç bilen şäher derwezesine urýardylar. Dub agaçlaryndan ýasalan derweze yzy kesilmeýän urgularyň zarbyndan jaýryk atyp, ownujak bölekleri dumly-duşa pytraýardy. Duşmanyň depesinden gaýnag suw, ergin garaýag guýýardylar, peýkamlardyr her hili ululykdaky daşlar aldygyna ýagýardy.

Erjellik bilen yzy üzülmän urulýan taran ahyry derwezäniň esli ýerini oýdy.

Ondan dabaraly gykylyk bilen kürsäp giren tatarlaryň öňünde girelgäni tutuşlygyna ýapyp durýan galyň daş diwar keserdi. Ol diwary duşmanyň hüjümi barha güýjeýän günlerde rýazanly aýallardyr çagalar örüpdiler.

Tatarlar hüjümi bes eder ýaly däldi. Merduwanlaryň sanyny has-da köpeldip, şäheri goraýjylary amana getirmek üçin gala täze-täze güýçleri sürýärdiler.

Rýazanlylar öz güýçleriniň asgynlaýandygyna, duşmana uzak gaýtawul berip bolmajagyna barha açyk göz ýetirip ugradylar.

---

[97] T a r a n – gala ýykmak üçin ulanylan gadymy diwar.

Dekabryň ýigrimisinde Rýazan knýazynyň dul galan aýaly Agrippina öz gelinleri hem ýakyp boýar aýallary bilen ybadathana girdi. Olar gutulgysyz ölüme şol ýerde garaşmagy makul bildiler. Başga-da rýazanly aýallaryň uly topary bilen daşlary gurşalan bu naçarlara ýepiskop hem keramatly ruhanylar doga okady. Özlerini ejirli ölüme sezewar edenleriň ählisiniň jaýynyň jennet bolmagy üçin hudaýa mynajat etdiler.

Jaň kakýan kör goja ullakan jaňy kakmagyny ýadawsyzlyk bilen dowam edýärdi. Birsydyrgyn ýaňlanýan güňleç owaz göreşiň dowam edýändigini, rus adamlarynyň duşmana tabyn bolman, öz ata-baba ýurtlary üçin jandan geçmäge taýýardyklaryny habar berýärdi.

Gabawyň altynjy güni – 21-nji dekabrda elleri otly kesindili tatarlar ýene merduwanlara dyrmaşyp başladylar. Duşmanyň yzy kesilmeýän akymy bir wagtyň özünde ähli tarapdan hüjüme geçip, gylyç hem peýkam bilen galany goraýjylary gysyp ugrady. Ahyry olaryň agdyk güýçleri rüstem geldi.

Şäheriň ähli künçlerinden wagşy, şadyýan sesler ýaňlandy. Köçelerde iki ýana at salýan duşman esgerleri öýlere kürsäp urýardylar, garrymy-ýaşmy – tapawudy ýok – öňlerinden çykany gylyçdan geçirýärdiler.

Buthananyň gapysyny döwüp, ol ýerde üýşüp duran aýallardyr ruhanylary çapdylar, jaýa ot berdiler. Ýaş aýallaryň goltugyndaky kiçijik çagalary oda oklap, özlerini bolsa hemmeleriň gözüniň alnynda zorlaýardylar, soňam gylyç bilen garynlaryny ýaryp, taşlap gidýärdiler.

Agşama çenli Rýazanda ýekeje-de diri adam galmady. Şol aýylgançlyklary gözi bilen göreniň biri şeýle ýazýar:

«Çagalarynyň agysyny aglara ene-ata, ene-atasynyň jesediniň üstünde gözýaş dökere perzent, doganynyň ýasyny tutar ýaly dogan... asla hiç kim galmady. Ählisi ajal meýinden deň içip, jeset bolup ýaýrap ýatyr...»

Şol aýylganç gün gorap duran diwaryndan aşak sereden Saweliniň huşy başyndan uçdy. Onuň edil gabadyna sekiz merduwan direlip goýlupdyr. Olaryň ýanynda hüjüme geçmäge taýýarlanýan tatarlaryň uly topary garalyp görünýärdi. Saweliý olaryň birinden dyndym diýse, tatarlar sagdan-da, çepden-de bosuşyp gelýärdi. Ahyry gala münen duşman esgerleriniň bir topary Sawelä ünsem bermän, biri-birinden öňürtjek bolup, knýazyň her dürli zatlarynyňdyr mallarynyň saklanýan jaýlaryna tarap okduryldylar.

Saweliý tatarlar bilen çaknyşyp, galanyň derýanyň üstüne howala bolup duran ýerine tarap çekilýän ildeşleriniň arasyna düşdi. Soň olar galadan düşdüler-de, sürçek eňňitden taýyp, derýanyň buzy döwlen ýere ýetdiler. Derýadan ýüzüp geçmäge güýji ýetenler o kenara geçip, tokaýa özlerini atdylar.

Talaňçylygyň yşgyna düşüp, özge zady unudan tatarlar olary görselerem: «Gaçyp gitjek ýerleri ýok. Barybir, ahyry elimize düşerler» diýip, üns bermediler.

Derýanyň buzly suwuna özüni urup, başyny gutaran az sanly adamyň içinde Saweliý hem bardy. Geými öl-myžžyk, paltasyny guşagyna gysdyran Saweliý derýanyň beýleki kenarynda duran ýerinden Rýazana soňky gezek nazar saldy.

Sary dilleri bilen howany ýalap towlanýan ýalnyň hem dumly-duşda burugsaýan tüssäniň arasynda ýanýan buthanalaryň, jaňlarynyň direglerini açyk saýgaryp bolýardy. Ýalňyz özi galan ullakan jaňyň sesi tatarlaryň goh-galmagalyny basyp, entegem ýaňlanýardy.

Batyl goja soňky demine çenli – tä duşmanyň gylyjy depesinden inýänçä, rus adamlaryny Watan goragyna aýaga galmaga çagyryp, jaň kakmagyny dowam etdi.

## ON BIRINJI BAP

### Ölenler bilen hoşlaşyk

Hüjüm gutardy. Ýangyn söndi. Oda garalan harabalary gije ýagan garyň astynda galan Rýazan şäheri ilki aýylganç masgaraçylyk bilen öldürilip, soňam üstüne ak örtük ýapylyp gidilen zenan maşgalany ýada salýardy.

Baty han boýun egdiren şäheriniň içinden geçip görmegi ýüregine düwdi. Çaparlar golaýdaky otrýadlaryň üstüne at salyp, «ýeňilmezekler» ertir gün dogmanka Rýazanyň derwezesiniň agzynda nyzama durmaly» diýen buýrugy ýaýratdy.

Tatar otrýadlarynyň egri hatarlary doňan Oka derýasynyň kenary bilen uzalyp gidýärdi. Her bölegi ýüz atlydan ybarat goşun on hatar bolup düzüldi. Her elli atla baş bolup eli naýzaly, tapawutlylyk nyşany hökmünde reňkli mata dakynan batyr durdy. Ýüz-ýüzden duran atlylara öz golastyndakylar babatda doly ygtyýar berlen ýüzbaşy baştutanlyk edýärdi. Olardan yzda deprekçi, söweş mahalynda üfläp çalmaly guraly egninden asylgy tüýdükçi hem eli tegelek mis galkanly gongçy[98] sarsman durdy.

Ýüzlüklerden jesedi jeň meýdanynda galanlaryň kändigi mesaňa-mälim bildirýärdi. Onluklaryňam käsinde bir, käsinde bolsa üç atly ýetenokdy. Hatara duranlaryňam ençemesi rus gylyçlarydyr peýkamlarynyň awusyny dadan ýaratylardy.

Derýanyň kenarynda, şäher seňňeriniň ýapgydynda ýa-da ýoluň ugrunda ýaýrap ýatan jesetler göze ilýärdi. Kem-käsleýin gar basan ol jesetleriň ýatyşy dürli-dürlüdi: kimsi – iki bükülip, kimsi – elini-aýagyny serip, kimsi bolsa çukura başaşak gapgarylyp ýatyrdy. Olaryň gardan ýokary çykyp duran ýalaňaç aýaklaryna gonan gargalaryň gygyldysy uzaklardan eşidilýärdi.

«Ýeňilmezekleriň» müň atlydan ybarat otrýady bireýýäm derýanyň kenarynda hatarlanyşyp durdy. Bir ýerde uzak togtamany ýokuş görýän atlar jylawlaryny silkip, gozgalaň tapýardy. Uzakdan söwşe tüýdüginiň sesi ýaňlandy. Ony beýleki tüýdükçilerem alyp göterdi. Ilkinji duran ýüz atlynyň baştutany sesine bat berip gygyrdy:

– Gulak asýarys we boýun synýarys!

– Gulak asýarys we boýun synýarys! – diýip, onuň yzy bilen beýleki ýüzbaşylardyr onbaşylaram seslendi. Özlerini tijäp, jylawy ellerine alan müň atly dartgynly ýagdaýda garaşyp, sarsman durdy.

Ýanman galan buthananyň ýerleşýän obasyndan çykyp ugran bir topar atly göni olara tarap gaýtdy. Iň öňden gelýän üç atlynyň ortakysy ujuna dokuz sany dürli reňkli ýasy dilkaw mata dakylan bäşburç ak baýdagy göterip gelýärdi. Naýzanyň altyn tygynyň aşak ýanynda Çingiz hanyň atynyň çypar guýrugy sallanyp durdy. Baýdagyň ýüzüne gargany penjesine gysyp duran şuňkaryň şekili altyn sapaklar bilen çekilipdir.

Onuň yzyndan gelýän atlynyň elindäki naýza Rýazanyň goşun başlygy Wadim Danilyç Kofanyň kellesi sanjylypdyr. Onuň gözleri ýumukdy, ýüz keşbi asudady, uzyn çal sakgalyny hem kümüş reňk saçyny şemal galgadýardy.

Olardan soň egnindäki lybaslary gaýyş, ädikleri ak, başlaryna porhanlaryňky ýaly telpek geýen iki pyýada gara gözleri uçganaklap duran, juda owadan ak atyň jylawyndan tutup gelýärdi. At boýnuny ýaý ýaly egreldip, toýnagy gara aýaklaryny ýeňil basyp, olaryň ellerinden sypjak bolýan ýaly oýnaklaýardy. Arkasyna altyn sapaklar bilen keşdelenen içirgi ýapylan at säher güneşiniň nurlaryna ýalpyldap, göz gamaşdyrýardy.

Atyň üstünde hiç kime görünmän, uruş hudaýy Suldeniň oturandygyna, onuň özlerini gowy göreni üçin täze ýeňiş bagyşlandygyna ynanýan mongollar ak ata hormat bilen garap durdular.

– Baty han özerklidir – diýip, mongollar pyşyrdaşýardy. – Bu gün ol ak aty Sulde bagyşlan bolsa, ertir özüniň münäýmegi-de daş däl. Häzir ol urusutlaryň gara atynyň üstünde otyr, ertir, belki, goňur aýynyň gerşinde göreris.

Öz söýgüli gara atyna atlanan jahangiriň egninde günüň nuruna ýalpyldap duran kümüşsöw sowudy, başynda uzyn ak ýelekler gysdyrylan tylla tuwulgasy bardy. Onuň atyny bezeýän gyzyl hem kümüş utgaşdyrylyp ýasalan esbaplar, eýeriň aşagyndaky altyn bilen bezelen kiçiräk içirgi – rus ussalarynyň el hünärleriniň önümidi. Rus knýazlary hem adatça atlaryny şeýle bezeýärdiler.

Jahangiriň yzy bilen bezemen atly hanlar gelýärdi. Ýönekeý gaýyş esbaply gyr atynyň üstünde bükülip oturan ýogyn Subudaý batyr beýlekilerden tapawutlanýardy.

Baty han goşunyň öňünden geçip barýarka tatarlardyr mongollar: «Urragh!» diýip gygyrdylar. Olardan kem galmajak bolýan gypjaklylaryňam: «Ýaşasyn!» diýen sesleri ýaňlandy.

Jahangir yzyna dolandy. «Ýeňilmezeklerden» saýlanan ýüz atly onuň yzyna düşdi. Soň olar üstünde buzunyň döwlen ýerleri hem adam jesetleri garalyp görünýän derýadan geçdiler.

Şäher derwezesiniň töweregi eýýäm arassalanypdyr. Galanyň düýbünde işleşip duran ýesirleriň gapdalynda ýalaňaç gylyçlaryny sag eginlerine goýan mongol urşujylary olara gözegçilik edýärdi.

Düýpgöter weýran edilen şäheriň agaç jaýlary küle dönüpdir. Depe bolup ýatan ýogyn pürsler henizem tüsseläp durdy. Howadan ýanyk etiň ýakymsyz ysy gelýärdi. Entegem doly sönmedik tümmekleriň teýinden hapa bulaklar akýardy.

[98] G o n g – çalt ýygnanmaly ýa-da yza çekilmeli bolan halatynda batly urlup, urşujylara duýduryş bermek üçin ulanylýan mis galkan.

Haraba dönen buthananyň ýanyna baran Baty han öňler töweregine adamlaryň ýygnanýan daş sekisine çykdy. Bu ýerde söýget berýän agaçlary ýanan ullakan jaň henizem bir gapdala gyşaryp ýatyrdy. Aýylganç bir görnüş mongol hökümdarynyň ünsüni çekdi. Meýdanyň ortasynda agaç, tagta, gapy, penjire, tigir, araba, arş belent edilip üýşürilipdir. Onuň üstünde bolsa Baty hanyň Rýazana hüjüm edilende gurban bolan tatar, mongol, gypjak esgerleri biri-birine degşip, hatar tutup ýatyrdy.

Olaryň sany näçe? Bilýän ýok! Nirede dünýä inen adamlar? Olaryň alysda galan öýlerinde atdyr düýelere ummasyz olja ýükläp gelmäge söz berip giden ogluna, kakasyna, doganyna garaşyp, gözi ýolda galan biçäreleriň başyna indi nä günler geler?

Ýaralarynyň gany endamlarynda gatan, reňki öçen ýüzleri ejirli çytylan ol adamlar açyk gözlerini ýat ýurduň sowuk asmanyna dikip ýatyrdy.

Jahangiriň ýanyndaky hemişe şady-horram adamlaram ýap-ýaňy diri gezip ýören ýoldaşlarynyň häzirki ýagdaýyna gözleri düşende seslerine suw sepilen ýaly boldy. Bular indi asmandaky näbelli dünýä ýol şaýyny tutan adamlar. Gurban bolan esgerleriň ählisi bulutlaryň ýokarsynda kölege ýaly gaýyşyp, keramatly urşujynyň – Çingiz hanyň goşunyna goşulýarmyşlar. Porhanlaryň öwredişi şeýle...

Ölen esgerleriň hemmesi öz adaty geýmindedi. Hiç kim merhumlaryň eşigini sypyryp almaga het etmändir. Sebäbi gurban bolan urşujylar Çingiz hanyň huzuryna öz geýminde barmalydy. Olaryň köpüsiniň döşünde içi doly bugdaýly ýa-da bir bölek etli mis hem agaç jamlar goýlupdyr.

Has şöhrat gazanan batyrlar bolsa ertekiler hem aýdymlar dünýäsine sowan ellerine daňylan egri gylyçlary bilen ugramalydy.

Dymyşlygy odun ýaly örülip basylan jesetleriň orta gürpünden çykan naýynjar iňňildi bozdy Ýene-de gaýtalanan şol ses:

– Agyr... Suw!.. – diýip zarynlady.

Mongollar gozgalaň tapdy:

– Mukaddes alawy dargatmak günädir!

Doňan ýaly bolup duran Baty han:

– Başlaň çaltrak! – diýip buýruk berdi.

Oňa ýakyn bolan hanlaryň biri doga okaýan ýaly sesini süýndürdi:

– Mongol il-ulusynyň rowaçlygy üçin başyny goýan batyrlar bilen mukaddes alawyň tüssesine çolanyp asmana uçanlar bagtyýardyr! Olar Sulde hudaýyň bulutlaryň ýokarsyndaky almazdan bina edilen köşgüne bararlar!

Depreklerıň güňleç gübürdisi, tüýdükleriň zaryn sesi töwerege ýaň saldy. Ak geýimli, eginlerine atyň hamy atylan otuz porhan deprek kakyp, towsuşyp, çirkin-çirkin uwlaşyp äpet alawyň daşynda aýlanmaga başlady. Ölenleriň arasynda öz ýakyn adamlary bolan mongollaň käbiri adat boýunça keşdeli ýüpek ýaglygyny çep elinde tutup, porhanlara goşulyp bökmäge durdy.

Hytaý ussalary ellerindäki ýaga batyrylan tutaşdyrlyklaryny üýşmek odunyň sekiz ýerinde goýup ot berdiler. Goýy gara tüsse burugsap asmana galdy. Agaçlar gury bolany üçin çalt tutaşan oduň sary dilleri hatarlanyşyp ýatan jesetleri goýnuna gysyp barha alyşýardy.

Alawyň gyzgyny güýçlenýärdi. Nökerleri bilen hoşlaşýan jahangir gymyldaman dymyp duransoň, beýlekileriň hiç biri otdan gaýrarak çekilmäge milt edip bilenokdy. Baty han öz wepaly nökerleri hoşlaşyk salamyny ýollaýançalar garaşmagy ýüregine düwüpdi.

Jesetler ýalna gabsaldy. Ýag sepilen geýimler gaty çalt tutaşýardy. Jesetler oduň zarbyndan gymyldamaga başlady. Käsiniň eli hereketlense, käbiri towlanjyraýardy. Äpet göwreli mongol ýüzbaşysy oduň içinden dikelip, söweşdeş ýoldaşlary bilen hoşlaşýan ýaly, kellesini olara tarap aýlady.

Urşujylar ellerini gözüne tutup, barmaklarynyň arasyndan mazaly tutaşan oda hem çal tüssä syn edýärdiler. Olaryň göwnüne, çabraýan gyrmyzy ýalyn kelte aýak mongol atlarynyň üstünde oturan urşujylara meňzäp, hökümdar Çingiz hanyň bulutlaryň ýokarsyndaky mukaddes şalygyna tarap uçup barýan ýalydy...

Bütin meýdana ýaýran gyzgynyň derdinden durar ýaly bolmady. Oduň içinden gaty agaçdyr tagta bölekleri göge zyňylýardy.

Ýeňi bilen ýüzüni ýapyp duran Baty han:

– Baý-aralla, baatr dzoriggeý![99] – diýip, gygyrdy-da, tüssäň içi bilen derýa tarap atyny gamça basdy. Tertip bozulansoň biri-birine çakyşyp, ýaraglaryny şakyrdadyp atlaryny debsileýän mongollar:

[99] Sag boluň, edermen batyrlar! (mongolça).

– Baýartaý! Baýartaý![100] – diýip, gygyryp hoşlaşdylar-da, jahangiriň yzy bilen eňdiler.

Hoşlaşyk alawy Rýazana ikinji gezek ot berdi. Kä onda, kä munda tutaşýan ýalyn wagty bilen sönmedi. Ýanýan jesetleriň ysy demikdirip gelýärdi.

Goşun ondan-mundan sürlüp getirilen mallary iýip, üç gün dynç aldy. Hanlar taýçanagyň etini bol-telki iýip, Rýazan knýazynyň aşaky jaýlaryndan tapylan çakyrlary içip mes boldular. Sygyr ýagy hem un bilen gaýnadylan çaýy içip oturan nökerler öz aralarynda pyşyrdaşýardy:

– Eý-ho-o-o! Her şähere hüjüm edilende şunça adam ölse, näçämize watana dolanmak miýesser eder-kä?!. Aý, ertiriň gaýgysyny etmäliň-le. Şu gün şatlanalyň, iýeliň, içeliň!..

[100] B a ý a r t a ý – ýene görüşýänçäk! (mongolça).

# ALTYNJY BÖLÜM

## RUS TOPRAGYNA ABANAN GARA BULUT

*Şum habar gelip… adamlar*
*aljyraňňylyga düşdi.*

(Sene ýazgysy)

## BIRINJI BAP

### «Jygyldaýar!»

Uzak gyş gijeleriniň birinde garawul goýlan adam Wladimir-Suzdalsk şäheriniň daş diwarynyň üstünde gezmeleýärdi. Ol kelte possunynyň üstünden gara çäkmen geýipdir. Aýaklaryny biri-birine tarpyldadyp, bir gözaradan beýlekä aýlanyp ýören garawulyň aýagyndaky agaç gabygyndan örülen köwşi galyň garda jygyldap ses edýärdi. Onuň itiň hamyndan tikilen gulakjynynyň gulaklary aşak goýberilgidi. Gataňsy sakgaly gyrawdan ýaňa kümüşsöw öwüsýän goja daş-töweregine, aýyň öçügsi nuruna garalyşyp görünýän alysdaky gara basyrynyp ýatan gür tokaýlara içgin esewan edýärdi.

Garawul Şibalkanyň bar ünsi günorta – Rýazan şäherine tarap gidýän ýola gönügendi. Aýdyşlaryna görä, ol ýerde uruş gidýärmiş. Ýagdaýy bileýin diýseň, hiç hili habar-hatyr ýok. Rýazanlylar Wagşy meýdandan gelen hudaýsyz tatarlary yzyna serpikdirip bildilermikä ýa-da duşman olaryň daşyndan böwür berip, indem garly meýdany depeläp Suzdal obalarynyň üstaşyry göni Wladimire tarap haýdap gelýärmikä?

Garranam bolsa, Şibalkanyň aýalary gabarçakdan doly gaty elleri naýzany öňküsi ýaly berk tutýar. Ol entegem mähriban topragyna howp abanan mahaly ikirjiňlenmän, söweş meýdanyna gitmäge taýýar. Köne esgeriň aňynda häzir edil asmanda göç edýän çal bulutlar ýaly agyr pikirler gaýmalaýar.

Şäher rahat ukuda ýatyr. Şemalsyz sowuk howada ses gelen eşidilenok.

Aşakdan – gala diwarynyň düýbünden gojanyň gulagyna çaganyňka çalymdaş inçejik ses gelen ýaly boldy. Gulak salyp duran Şibalka ol sesleriň ýakynlaşýanyny aňşyrdy. Bir burçdan çykan üç kölege diwaryň ýüzünden süýşüp gelýärdi. Olar – eginleri uzyn possunly, biri-birine gysylyşyp ädimlerini ýygjam basyp gelýän üç sany oglanjyk bolup çykdy.

– Kim bu gelýänler? Özüňizi tanadyň, bolmasa kerçärin! – diýip, Şibalka naýzasyny ýere dürküldedip, gyryljyk sesine bat berdi.

– Şibalka ata, gazaba münmäň! Bu men – Bulatka. Ýanymdakylaram goňşularymyzyň çagalary – Pospelka bilen Nezamaýka! – diýip, olaryň biri seslendi.

– Hä, şeýtanjyk, bu senmi asyl? Gijäniň içinde biwagt galanyň üstünde aýlanyp ýörmäň, ýatsaňyz bolmaýarmy? Beýdip ýöreniňizi knýaz biläýse, almytyňyzy alarsyňyz.

– Ata, biz jygyldaýan zadyň nämedigini bileli diýip geldik.

– Näme?

– Ine, şu Nezamaýka ýerden jygyldy eşidilýär diýýär. Menem bu gelýän ses tatarlaryňkydyr diýdim. Eger tatarlar geläýse, ýaşymyza garaman, bizem uruşmakçy. Biz indi o diýen kiçem däl ahyry. Jygyldaýanyň nämedigini bileliň-le.

– Gör, muň tapýan zadyny! O nähili jygyldymyş? – diýip, Şibalka sorady.

– Telpegiňi çykar, şonda eşidersiň!

Şibalka gulakjynyny aýryp, diň saldy.

Aýyň gögümtil nuruna gaplanan ümsüm gijede alys bir ýerlerden yzy üzülmeýän jygyldy, inçejik ahy-perýada çalymdaş basyk sesler açyk-aýdyň eşidilýärdi.

Uzaklara nazar dikip duran goja gar basan giň sähradan gelýän bu aga meňzeş sesleriň nämedigini aňşyrmaga synanyşdy.

– Ata, bu tarapa serediň!

Şibalka elini silkip:

– E-eý, oglanlar, siz entek ýaş bolýaňyz! – diýdi. – Gijelerine jaýlaň üçegini takyrdadyp, peç ýakmak üçin aýallary örüzip ýören, aýy hamyny egnine atyp meýdanlarda aýlanýan gyş diýerler muňa. Gyşyň yzyndan galman ýören syrgynam özüne iş gözleýär. Meýdanda galan ýükleri gara gömmek ýa-da azaşan ýolagçyny doňňara daş edip taşlamak – onuň başarýan işidir... Gyş tokaýdan geçende öňünden gyraw seçýär, derýadan ötende bolsa suwy bäş garyş galyňlykda doňduryp gidýär... Bu jygyldy – çat açýan buzlardan başga zat däl. Aga meňzeşem – aýal sesi bilen uwlaýan harasatdyr!..

Çagalar munuň bilen ynjalmady. Uzaga seredip duruşlaryna, olaryň biri seslendi:

– Ata, ho-ol beýläk, derýa seret!..

Bulutdan çykan aýyň nuruna derýany ýakalap gaýdýan tekiz ýoldan gymyldaşyp gelýän atlar, arabalardyr pyýada adamlar açyk-aýdyň görünýärdi. Tigirleriň yzy üzülmeýän naýynjar jygyldysy, horkuldylar hem agy sesleri aýazly gijäniň dabaraly ümsümligini bozýardy. Adamlaryň hem atlaryň öňdäki topary gögümtil dumana duwlanansoň, kölege ýaly sessiz süýşüp gelýän ýük arabalarynyň täze topary göründi.

– Bu gelýänler kimkä? – diýip, oglanlaryň biri sorady.

– Bular... tokaýda gizlenip janyny gutarjak bolýan bosgunlarmyka diýýän. Çaky tatarlar golaýda bolmaly...

– Ata! Tatarlar nähili bolýar? Sen olary gördüňmi?

– Göremok, ýöne adamçylyk paýhasyndan mahrum ýabany adamlarmyş diýip eşitdim. Oturymly ýerleri Wagşy meýdanmyş. Olaryň gahar-gazaby ähli adamyňkydan üstün çykýarmyşyn.

– Olar bizdenem üstün çykarlarmy? Bu ýere gelermikäler?

– Gelmeklerem mümkin. Belki-de, rýazanlylar olary yzlaryna kowandyr. Ol atbakarlar bilen edil aýy bilen söweşeniňdäki ýaly bolmaly; ýeňsäňi görkezdigiň – ol yzyňdan ýetip, düýt-müýt edýär, eger batyrgaýlyk bilen naýzaňy gezäp, üstüne sürnägeden agdaryp bilseň, aýy hamy seňki.

– Seret, bosgunlar bärik gelýär. Yzlarynda-da atly urşujylar bar. Tatarlar bolaýmasyn?

Gar arabalarynyň uzyn hatary şäher derwezesine tarap ýöneldi. Bir kowçum atly hem olardan galman barýardy. Aý şuglasy olaryň kelte naýzalarynda, ýokarsy çüri demir telpekleridir balygyň teňňeleri ýaly döşlerini ýapyp duran demir halkalarda oýnaýardy.

Şibalka tokmak bilen gözaralaryň arasynda asylyp goýlan çoýun bölegini batly urmaga başlady. Bu onuň galany goraýjylary örüzip, adamlary howpdan habardar etdigidi.

Üsti ýükli gar arabalary hem ýigrimi töweregi atly şäheriň «Altyn derweze» atlandyrylýan derwezesiniň agzyna baryp togtadylar.

Olaryň gürrüňi ýokarda duranlara açyk eşidilýärdi. Atlylaryň käbiri ýere düşüp, derwezäni kakmaga başlady.

Birnäçe urşujy ylgap gala çykdy. Olaryň yzy bilen egni aýy hamyndan tikilen possunly epeý ýüzbaşy göwünli-göwünsiz ädimläp gelşine:

– Kim bolarsyňyz? – diýip gygyrdy.

– Men knýaz Roman Ingwarýewiç! Rýazandan möhüm habar bilen geldim.

– Ýanyňdakylar kim bolmaly?

– Bizi şähere goýberiň. Hudaýsyz tatarlar başymyza oýun saldy. Biz – asuda ýer gözläp gelen bosgun.

– Bu ýerde-de asudalyk ýok. Ýagy döküläýmesin diýip, her gün gözümiz ýolda. Knýazy ýanynyň saklawy bilen şähere goýberýäs. Galanlaryňyz uzakdaky obalara gidiň-de, şol ýerde dynç alyň...

Arabalaryň birnäçesinden gykylyk hem agy sesleri eşidildi. Gala diwaryna üýşen esgerleriň sany artdy. Olaryň bir bölegi derwezä tarap ugrady. Agyr dub pürsler aýrylyp, atlylar içeri giren badyna derweze ýene ýapyldy.

Bosgunlar wladimirlilere hem olaryň knýazy Georgiý Wsewolodowiçe agzyna gelenini gargap, penalanar ýaly arkaýyn ýer gözleginde galadan daşlaşdylar.

## IKINJI BAP

### Knýazyň eli uzyn, özi husyt

Suzdalyň knýazy Georgiý Wsewolodowiç uzyn boýly, eginlek, daýaw adamdy. Onuň ýaňy agaryp ugran gür gara sakgaly pälwan kükregini ýapyp durdy. Gara gaşlarynyň astyndan ýitilik bilen

garaýan ötgür gözleri garşydaşynyň içinden parran geçip, ony gorkusyndan saňňyldamaga mejbur edýärdi. Haçan-da knýaz ybadathanada ökjesi kümüş nally sagry ädikli uzyn şemahan halysynyň üstünde durup, çep eli bilen tylla kemerini gysymlap, ýüzükli sag elini bolsa yhlas bilen ilki açyk maňlaýyna, soň donunyň altyn ilikleri ýaldyrap duran garnyna hem iki egnine ýetirip çokunanda, beýleki adamlar onuň dabaraly hereketlerini, ýüzüne dökülýän uzyn saçlaryny yza gaýtaryşyny haýran galyp synlaýardylar.

Il içinde ol barada «Hiç kime hakyny iýdirmeýän, ederini bilýän berk hem husyt adam» diýip gürrüň edýärdiler. Haçan-da öz soraýan knýazlygyna aýlanmaga ýola düşende, hiç kim onuň gözüne çöp atyp, tölemeli salgydydyr bermeli sowgadyndan kemip ýa-da ýüz döndürip bilmeýärdi. Ol her duşandan bir penje ýüň alýardy welin, garaz, boş sypdyrmaýardy.

Özüni ähli kişiden akylly hem tap bilen adamdyryn öýdüp hasaplaýan knýaz hemmä akyl öwretmegi halaýardy, ýek ýigrendigi jedelkeşlerdi.

– Sen entek meniň gaňryşyma gaýdardan ýaşsyň. Meniň ýerimde oturyp görmäniň üçin sen bärden gaýdýaň, köp zatlara düşüneňok. Bu dereje hem adamlara ygtyýar etmek maňa hudaý tarapyn berlen zat – diýerdi.

Bulgar patyşalygyna görülmedik tatar hem mungal taýpalarynyň çozandygy hakyndaky habarlar ilki gulagyna degende, soň bolsa ýanlaryna aýallarydyr çagalaryny alan bulgar bosgunlary Suzdal knýazlygyna gaçyp gelende içi gülen knýaz Georgiý Wsewolodowiç şeýle diýdi:

– Görýäňizmi! Bulgarlaryň başyndan bela inmegi meň üçin bähbitli boldy. Deri eýlemekde olara taý ýok. Şoň üçinem, güler ýüz bilen garşylarys. Barsyna ýer taparys. Asyl meň gözläp ýörenim şolar ýaly goly hünärli adamlar. Olary bölüşdirip, dürli şäherlere dargadaryn. Goý, şol ýerde özlerine gerek zatlaryny gurnap, deri eýlesinler, ädik tiksinler. Ýene bir ýyldan görseň, ähli boýarlarym hem družinamdakylar häzirki köwüşlerini zyňyp, ädikli bolarlar.

Knýaz aýdyşy ýalam etdi: bulgarlary Kineşma hem beýleki şäherlere ýerleşdirdi. Olar öküziň, ýabynyň, geçiniň, ýekegapanyň hamlaryny eýläp, erkek hem ökjesi belent aýal ädiklerini, dürli köwüşleri tikmäge başladylar.

Wagşy meýdanda Rýazanyň golaýynda tatarlaryň peýda bolany hakynda ýaýran täze habara knýaz gaşyny çytsa-da, o diýen howsala düşmedi.

– Rýazanlylar hemişe tumşugyny göge tutýarlar, knýazlaryny «hökümdar» diýip atlandyran bolýarlar. Biz, suzdallylar rýazanlylaryň gözünde ot ýakdyk, şäherlerini oda gabsap, knýazlarydyr boýarlaryny ýesir aldyk, daýhanlaryny bolsa öz uzakdaky obalarymyzda ýerleşdirdik. Rýazan hiç haçan öňki kaddyna gelmez öýdüpdik. Görüp dursuňyz – çakymyz ters çykdy. Oňa ýene-de halk ýygnandy. Rýazan – otlanandan soň öňküsindenem beter ösýän haşal ot ýaly has-da güýçlendi...

Rýazanlylar özlerine gelen tatar ilçilerini – iki içaly bilen bir jadygöý kempiri – Wladimir şäherine ýollanlarynda, knýaz Georgiý Wsewolodowiç olary hormatlap kabul etdi, öz baýlygyny hem kuwwatyny görkezdi. Altyn çaýylan kürsüde oturan bezemen geýnüwli knýaz öz boýarlarydyr olaryň aýallaryna-da ýüpek-parçadan gymmatbaha geýimler geýmegi tabşyrdy. Ilçiler bilen olaryň göwnüne ýaraýjak ýakymly söz sözläp oturman, badyhowa gürleşdi. Olary ugradanda eçilen sowgat-serpaýam meňki bolsun diýer ýaly däldi.

Rýazanlylar öz arzy-hallaryny beýan etmek üçin onuň ýanyna adam iberdiler. Gelenler öz ynsan mertebelerini peseldip, oňa kömek sorap ýüz tutdular!

– Siz hemaýat bermeseňiz, ýagdaýymyz agyr. Goşunyňyzy iberiň! Goşunyňa özüň baş bol, rýazanlylaram seň buýrugyňa tabyn bolmaga kaýyl. Güýçlerimizi birleşdirmesek, duşmana hötde gelip bilmeris. Polowesleriň aýtmaklaryna görä, çöpde-çörde san bar, tatar goşunynda san ýokmuş. Palta tutmaga ýaraýanlaryň ählisi birleşip duşmanyň garşysyna döş gerip çykmasa, olar rus topragyny küle öwrerler.

– Gör, gorkularyna bularyň tapýan geplerini! – diýip, olaryň gepini ýaňsa alan Georgiý Wsewolodowiçiň özi gitmekden boýun towlady, goşunyndan bir adamam ibermedi. Gaýta içiňi ýakaýyn diýen ýaly olara şeýle diýdi:

– Siz, rýazanlylar, Wladimir hem Suzdal bilen dostlukda ýaşamak hakynda öňräk oýlanyp, bulaşyklygy azrak eden bolsaňyz gowy bolardy! Eger tatarlardyr mongollar meniň üstüme gelse, özüm bir alaç ederin.

Rýazanlylar iki ellerini burunlaryna sokup, boş gaýtdylar. Şeýdibem, rýazanly, pronskili hem muromly esgerleriň bir özleri tatar hüjümine garşy durmak üçin Wagşy meýdana çykmaly boldular.

Boýarlar usullyk bilen eger tatarlar Wladimiriň üstüne döküläýse näme etjegini knýazdan soradylar. Georgiý Wsewolodowiç gözleriniň agyny köpeldip şeýle diýdi:

– Olardan gorkmak maňa gelişmeýär! Ol atbakar batyrlaryň gylygyna men belet: obalaryň içinde eýläk-beýläk at salyp, gözlerine ýaran zatlary alarlar-da, bize salgyt tölemegi teklip ederler. Biz olaryň ilçilerini ak balykdyr somsadan doýurarys, baldan ýasalan köne şerapdan näçe içseler bereris. Gyzyl ädiklerden müň jübüt, samyr hem beýleki gymmatbaha derilerden tikilen possunlardan ýüz sanysyny, sandyklarymyzdyr beýleki gizlin ýerlerdäki gowy zatlaram hanyň aýallaryna sowgat üçin olaryň gapdalyna goşarys. Eger tatarlar gerek diýseler, gara, çypar, ala hem beýleki reňkdäki atlaram bermek bolar. Oň üçin garyp galasymyz ýok. Şäherimiziň diwarlary belent, derwezeleri berk. Sähralylaryň olardan atly geçip bilmejekleri, kellelerini urup, döwüp bilmejekleri hak.

Şeýle-de bolsa knýaz Georgiý Wsewolodowiç belki bir derejede taýýarlyk görmegi makul tapdy. Öz iň gowy atlaryny uzak – demirgazyk tarapda ýerleşýän şäherlere ugratdy, derýanyň beýleki kenarynda ýerleşýän galladyr bedeleri şähere daşatdy, saklawy güýçlendirdi, şäherdäki höwesek adamlaryň ählisini goşuna girmäge çagyrdy. Ýeremeý Glebowiçi goşun başlygy wezipesine belledi. Nowgorod, Rostow, Belozersk hem beýleki şäherleriň knýazlaryna hat ýollap, ilkinji çakylykda rus topragyny duşmandan goramak üçin Wladimir şäherine tarap ýola düşmäge taýyn bolup durmagy tabşyrdy.

Ol hemmelere: «Gorkar ýaly zat ýok. Men ähli zady mazaly oýlandym, öňünden ölçerip-dökdüm. Tatar atbakarlary üç ýyllap diwary ýumruklasalaram, girip bilmän, ahyry gelen ýerlerine bakan ýumlugarlar» diýip düşündirdi.

## ÜÇÜNJI BAP

### Tatarlar golaýda

Ýylyň onunjy Studen[101] aýynyň ýigrimi üçüdi. Knýaz Georgiý Wsewolodowiç gowrulan gaz hem turşy kelem bilen agşamlyk naharyny edinip, yzyndanam gyş üçin saklanýan almadan iki sanysyny iýdi-de, üstüne goýun derisi ýazylan ýerine geçip gyşardy.

Gijäniň bir wagty ony garry nöker usullyk bilen yralap oýardy. Mazaly gyzan pejiň üstünde ykjam uka giden knýaz kynlyk bilen gözüni açdy. Wladimiriň iň beýik ruhanysy, ýowuz hem hökmürowan Mitrofan ybadat edýän wagtyndaky geýminde onuň düýşüne girdi. Ol münberde duran ýerinden barmagyny çommaldyp: «Tur, gözüňi aç! Gyş gutaryp, ýaz çykdy. Gowakda ýatan aýylaram bir egninden beýlekisine öwrüldi...» diýip, knýaza haýbat hem haýýş gatyşykly sözler diýýärdi.

– Beýle bolsa menem öwürläýerin! – diýip, knýaz ukynyň arasynda samyrdap towlanjyrady. Ýöne nökeriň güýçli eli onuň çigninden berk tutupdy.

– Turuň, knýaz hezretleri, gözüňizi açyň! – diýip, wepaly garry nöker ony yralaýardy. – Rýazandan gelen çaparlar erbet habar getirdiler.

– O nä çapar? Nähili habar? – diýip, knýaz zordan özüni dürsäp sorady.

– Rýazandan knýaz Roman Ingwarýewiç geldi. Biz ony şähere goýberdik.

– Ol näme diýýär?

– Ýagdaýy siziň özüňize aýtmakçymyş.

– Rýazandan geldi diýdiňmi? Ol ýerde nämeler gopduka? – diýip, ädigini geýip duran knýaz ýene sorady.

– Rýazanyň diňe ady galypdyr.

– Go-ýa? Sen öz akylyňdamy beri? Knýaz Roman nirede?

– Şu ýerde – myhman otagynda otyr.

Nöker belka derisinden tikilen possuny knýazyň egnine atdy.

Güýçli gollary sandyraýan knýaz wagty bilen possuny ýeňlenip bilmedi.

Georgiý Wsewolodowiç adatça boýarlar bilen söhbet edýän ýerine – myhman otagyna girdi. Ol ýere eýýäm ýakyn geňeşdarlaryň birnäçesi ýygnanypdyr.

Garalyp giden köne ikonalaryň öňünde goýlan çyralar käýerine mawutdyr haly gerlen agaç jaýa

---

[101] XV asyra çenli dekabr, ýagny, gadymy ruslaryň atlandyryşlary boýunça Studen ýylyň onunjy aýy hasaplanypdyr. Ýyl mart aýynyň 1-nden başlanypdyr.

öçügsi ýagty saçýardy. Ses-selemsiz sömelişip duran boýarlaryň öňünde gijäniň bir wagty maslahata howlukmaç gelen knýaz ogullary – Wladimir hem Wsewolod durdy.

Goşun başlyklary Žiroslaw Mihaýlowiçiň, Ýeremeý Glebowiçiň hem Petr Oslýadýukowiçiň durşy arkaýyndy. Öz uzak ömürlerinde kän söweşleri başdan geçiren bu adamlar üçin beýle ýagdaý adaty bir zada öwrülip gidipdi.

Stoluň aňyrsyndaky üstüne haly atylan oturgyçda, Rýazandan gelen knýaz Roman buýra saçly kellesini eliniň üstüne goýup otyrdy, Atlary çalşyň, uzak gije ýatman ýol söken knýaz ýadawlykdan ýaňa berk uka gidipdir.

Knýaz Georgiý Wsewolodowiç içeri girip gelşine ýogyn, hökümli sesine bat berdi:

– Rýazandan näme habar getiren bolsaň, bizem eşideli. Tatarlar oň başyna nä gün saldy? Rýazanlylar döş gerip durdularmy ýa-da gorkularyna «Assa gaçan namart» edip, şäheri duşmana taşladylarmy?

Knýaz Roman Ingwarýewiç onuň sözlerini eşitmän, gözüni ýumup, öňküsi ýaly gymyldaman otyrdy. Gijäniň ümsümliginde penjiredäki aýna deregine goýlan açyk reňkli zadyň typyrdysy hem ukuda ýatan adamyýň endigan dem alyşy eşidilýärdi.

– Men senden rýazanlylaryň nähili urşanyny soraýan! Belki, eýýäm şäheri elden giderensiňiz?

Soňky sözleri eşiden knýaz Roman ukudan oýandy. Ol syçrap ýerinden turdy-da, dyňzap duran gazabyna basalyk berip, knýaz Georginiň üstüne towusjak ýaly eglip durşuna basyk sesi bilen gygyrdy:

– Sen nä ýüzüňe beýle sözler diýip bilýäň? Nädip bu zatlary bizden soramaga diliň aýlandy? Kyn günde bizden ýüz öwren sen dälmi? Ne özüň bardyň, ne-de kömek iberdiň... Rýazan weýran boldy! Ony mungallar otlady, tüsseläp duran harabalaryň arasynda ähli rýazanlylar başyny goýdy! Ýöne hiç kim yza tesmedi, şäherimizi meýletin bermedik. Nälet siňen mungallar şähere diňe biziň maslygymyzy basgylap girdi!

– Knýaz Ýuriý Ingwarýewiçden näme habar?

– Ol Wagşy meýdanda jeňde öldürildi…

– Pronskiniň knýazy, Muromskiniň knýazy, Wasiliý Krasnyý, Kolomnanyň knýazy Gleb Mihaýlowiç dagy nähili?

– Hemmesi söweşip gurban boldy!.. Suzdallylar, rostowlylar, nowgorodlylar kömege gelenoklarmyka diýip, töwereklerine umydygär garaşyp, gözlerini ebedilik ýumdular. Olardan kömek nire, zat nire? Biz ol ýerde jan alyp, jan berýärkak, siz galalaryňyzy mäkäm gulplap, ýyly pejiň üstünde meýmiräp ýatyşyňyza saçakçylar bilen söweşýärdiňiz.

– Hetdiňi tanap, diýjek gepiňi oýlanyp geple! – diýip, Wladimiriň knýazy sesine bat berdi,

– Siz, suzdallylara «garnyýaglylar», «gyzylinjikler» diýip, il ýöne ýere lakam dakan däldir. Öz batgalygyňyzda oturyp, heý, bitiren goşuňyz barmy?

– Demiň degirmen aýlaýa-la seň! – diýip, dergazap bolan knýaz Georgiý gygyrdy.

– Sen rýazanlylar barada agzyňy onda-munda urma. Olaryň ählisiniň meýdi garly meýdanda ýaýrap ýatyr. Üstlerine bir gysym gum atara adam galmady. Ýeke ýeke agyz içi güjükli sözüňi eşidäýsem, kelläňi pytradaryn!..

Knýaz Roman gapdalynda ýatan gylyjyna ýapyşandan boýarlardyr knýazyň iki ogly topulyp, agzy alaranlaryň ellerine ýapyşdylar. Diwardan asylgy duran gylyjyna tarap dyzaýan knýaz Georgiý:

– Maňa akyl öwrederçe sen kim bolupsyň? Häziriň özünde tike-tike ederin! Öz-ä ilsiz-günsüz gedaý halyna menden kömek soramaga gelibem, ýene garga ýaly gagyldap durmasy näme?! – diýip, gygyrdy.

– Kaka, beýdip durma! Nähilem bolsa myhman hatyrasyny sakla – diýip, knýazyň iki ogly ony köşeşdirjek bolýardy.

Şol wagt bir ýerden eşidilen zoňtar ses olaryň gowruna suw sepilen ýaly etdi. Süýkdürilip labyz bilen aýdylýan sözlere hemmeler üşerildi:

– Bu öýe dynçlyk, eşret hem bereket ýar bolsun!

Hemmeleriň nazary gapynyň agzyndaky topugyny ýapyp duran geými, zömmek telpegi gara, uzyn boýly, arryk monaha gönükdi. Çal sepip ugran uzyn gara sakgaly, ullakan tüňňi burny, gür gaşlarynyň astyndan ýyldyraýan gara gözleri ol monahy tutuk hem garasöýmez görkezýärdi. Onuň çep elinde mis haç, sagynda bolsa uzyn hasa bardy.

– Meniň görşüme, eşidişime görä, knýazyň belent jaýlarynda agzalalyk bara meňzeýär. Häzir dawa-jenjeliň wagty däl! Men ýanýan şäherleriň tüssesinden ýaňa asmanyň garalyp, gorkunç halkyň üstümize ýygyn dartyp, äleme ajal hem bela-beteriň tohumyny sepeleýän ýerinden geldim...

– Kim sen? Niräň adamy? Näme gerek saňa? – diýip, knýaz Georgiý Wsewolodowiç oňa sorag baryny ýagdyrdy.

– Men hudaýyň bendesi, jahankeşde Feofil Newrýuýdyryn. Aslym nowgorodly. Mukaddes ýerlerden, Ýerusalim şäherinden gelýän. Ol ýerde hezreti Isanyň tabydyna hem dirilik paýlaýjy haja zyýarat etdim. Wagşy meýdanda rehimsiz tatarlaryň eline düşdüm. Hudaýyň eradasy bilen bendilikden halas bolup, şöhratly Wladimir şäherine aýak basdym. Men size: «Wagtyňyz barka toba ediň!» diýmäge geldim. Düýelidir ýükli arabalary bilen süýşüp gelýän mungallar diýilýän halk san-sajaksyz. Olaryň ýykyp bilmejek galasy, basyp alyp, otlamajak şäheri ýok... Tatarlar hem mungallar edil çekirtge ýaly köp bolup, hudaý olary adamlaryň günäsiniň köpeleni sebäpli jeza hökmünde iberipdir. Basym bizem edil obrelar[102] ýaly ýok bolup gideris, adamlar hatda bir wagt keramatly Rus diýlen döwletiň bolandygyny hem unudarlar!

– Ýakymsyz gürrüňiňi bes et! – diýip, garry goşun başlygy Žiroslaw azgyryldy.

– Biziň sürüp ekin ekýän meýdanlarymyzy haşal ot-çöpler tutar. Bu dünýä ýene bary-ýogy üç aý üç günden ýok bolar. Hemmämiz amanadymyzy tabşyranymyzdan soň Esrapyl perişdäniň emri bilen ýer-gök lerzan urup, sil gelip, tatar ordalaryny ýer bilen ýegsan eder. Ölüler direlip, ahyrzaman bolar. Toba ediň!...

Monah üç gezek çokundy-da, mis hajyny öpdi.

– Ähli aýdanlarymyň hakykatdygyna şu keramatly haçdan ant içýän. Bu syry maňa Afon dagynda oturan keramatly ýaşulular açdy...

Knýaz Georgiý Wsewolodowiç çokundy-da, mis hajy öpüp, monaha şeýle diýdi:

– Feofil ata! Biz serhet işleri barada söhbet edip otyrys. Saňa elimiz ýeter ýaly däl. Wagtam giç. Seň biwagt aýlanyp ýörmäň näme? Seni bu ýere kim goýberdi? Baryň, dalana geçiň. Şol ýerde nökerlerim saňa ýyly jaý tapyp bererler. Ertir özüm yzyňdan adam ibärin.

Monah:

– Öýňüz abat bolsun! – diýdi-de, epeý basyp daş çykdy.

Gahary köşeşen Georgiý Wsewolodowiç adatdaky hökümli sesi bilen söze başlady:

– Paýhaslanman diýen agyr-artyk sözüm üçin günäkärdigimi duýýan. Keramatly rus topragy üçin janyny gurban edenlere ebedilik şan-şöhrat bolsun! Olaryň elinden gaçan parlak gylyjy götereliň. Söweşi dowam edeliň. Öz knýazlygymyzdan tatar talaňçylaryny kowup, ol nälet siňen taýpanyň ýoguna ýanalyň. Men öz polklarymy böleklere bölmekçi. Uly oglum, knýaz Wsewolod, sen bir bölegine baş bolup, Kolomna gidersiň, kiçi oglum Wladimir beýleki bölegi bilen Moskwa tarap ugrar. Kömek berer ýaly, goşun başlygy Filip Nýankany onuň ýanyna goşýaryn. Gaty çalt ugramasaňyz – tatarlaryň sizden öňürtmegi mümkin... Bu ýerde – Wladimirde meniň deregime wagtlaýynça Petr Oslýadýukowiç goşun başlygy bolup galar...

Şunuň ýaly howsalaly wagtda knýazyň Wladimiri taşlap gitmek islegine akyly haýran bolan adamlar seslerini çykarman durdular. Knýazyň uly ogly Wsewolod şeýle diýdi:

– Kaka, biz seň aýdanyňy ýerine ýetiris. Mähriban topragymyz üçin bir ädimem yza tesmän, güýjümizde baryny edip söweşeris.

Knýaz Georgiý Wsewolodowiç ýerinden turup, ikonalar goýulýan tekjä garady-da, dabaraly çokunyp, doga okamaga başlady:

– Eý, hökmürowan, rehimdar perwerdigär! Rus goşunlaryny ýygnamaga hem olaryň kalbyna batyrlyk duýgusyny guýmaga maňa ýardam et! Olaryň dini başga tatarlaryň garşysyna bir bütewi, kuwwatly gala ýaly bolup durmagy üçin delalatyňy degir! Bu ýowuz taýpany gelen ýerlerine kowmaga özüň medet ber!..

Knýaz ogullaryna tarap öwrüldi-de, olary bagryna basdy. Soňam goşun başlyklaryna ýakynrak gelmegi yşarat etdi. Gapdaldaky jaýda oturan aýallar eşitmez ýaly, ýuwaş gürledi:

– Men ýegenlerim bilen Wolganyň boýuna – Ýaroslawl, Kostroma, Ugliç şäherlerine gitmekçi. Ol ýerde gür tokaýlaryň ortasyndan gizlin ýer tapyp, söweş lagerini gurmak pikirim bar. Täze kuwwatly, ýeňilmez goşun toplasym gelýär. Ýakyndaky hem alysdaky knýazlar, beloozerowlylaram, pskowlylaram,

[102] Obrelar-awarlar. Gara deňziň kenaryndaky sähralarda ýaşap uruşgan goňşulary tarapyndan ýok edilen gadymy taýpa.

smolenskililerdir nowgorodlylaram – hemmesi özleriniň iň gowy esgerlerini meniň ýanyma ibererler. Tatarlar Suzdal şäheriniň daşyny gabap, güýçlerini eýläk-beýläk bölen wagty men täze, kuwwatly goşunym bilen olaryň üstlerine dökülerin. Olar eýýäm bölek-bölek otrýadlara bölünip, biziň ýerlerimizde kaňkaşyp ýörler. Men olary güýçlerini täzeden toplap ýetişmänkäler gapyl basaryn. Bölekleýin ýok ederin. Öwünjeň rýazanlylaryň elinden gelmedik zady – patyşa Batygadan üstün çykmagy men başararyn!

– Agzyňdan hudaý eşitsin! Işiň oň bolsun! – diýip, töwerekdäkiler seslendiler.

Goşun başlyklary knýazdan Wladimir şäherinde nähili harby taýýarlyk görmek hakynda sorajak bolanlarynda ol jogap bermekden boýun towlap:

– Özüňiz nätseňiz, şeýdiň. Indi şäheriň eýesi siz. Häzir meň ýanyma hälki gara lybasly monahy getiriň. Tatarlaryň arasynda bolanda nämeler görenini birin-birin aýtdyraýyn – diýdi.

Knýazyň kiçi ogly – gyz ýaly ýalyňýüz, entek murtam garalmadyk Wladimir monahy tapmak üçin daşaryk ylgady.

Gürrüňe goşulman oturan Rýazanyň knýazy Roman Ingwarýewiç şeýle diýdi:

– Şo monaha meň pisindim oturanok. Ýüz keşbem birhili tanyş ýaly bolup dur. Onuň nirden peýda bolup, bu ýere nädip aralaşanyna akylym haýran.

Wladnmiriň ýany bilen içerik giren hyzmatkär beýik knýazyň öňünde iki epilip tagzym edensoň söze başlady:

– Knýaz Georgiý Wsewolodowiç! Biziň günämizi öt! Ol garry monahyň nähili mekirlik bilen seniň bolýan jaýyňa girenini hudaý bilsin. Bize-hä «Rýazan knýazy bilen bile geldim» diýip, ant içip, awy ýalady. Ýöne samanhananyň dar gapysyndan girjek bolanda, ýokarky kese agaja degip, telpegi gaçdy. Şonda saçynyň syrylgydygyny göräýdim. Garry monaham, heý, saçsyz bolarmy? Soň ol meniň bilen eňekleşip başlady. Bir seretsem, eýýäm ýanymda ýok. Edil ýere giren ýaly. Ol gözbagçy jadygöýden başga zat däldir! Hatda onuň başga dilde: «Nih-nih, zapalam, bada kumara!» diýip, pyşyrdap doga okanynam eşitdim. Biziň başymyzdan bir bela inderip, özi alaka öwrülip, gaçan bolmasa-da biri!

## DÖRDÜNJI BAP

### «Watany goramaga howlugyň!»

Knýaz Georgiý Wsewolodowiçiň kiçi ogly Wladimir kakasy bilen hoşlaşyp, onuň süýem barmagy ullakan ýüzükli elini öpdi-de:

– Kaka, men ýanym bilen näçe esger alaýyn? – diýip sorady.

– Meniň esgerlerim bu ýerde şöhratly şäherimizi goramak üçin gerek bolar. Şoň üçinem, öňki sözümden dänmeli boljak. Filipp Nýankany ýanyňa goşýaryn. Ol seň üçin goşundanam ygtybarly bolar. Özem şäher ilatyndan, daýhanlardan adam toplap, dessine goşun düzmegi başarjak adamdyr. Onuň köpi gören, tejribeli nazarynyň astynda bolsaň, senden ähli duşmanlaryň döwi pes geler. Sen diňe ýöwsellemän, berk durup söweş! Men ol atbakarlaryň häsiýetine belet: galanyň daşynda aýlanyp-öwrülip, girip bilmejegine gözleri ýetensoň, ýene öz sähralaryna bakan giderler.

– Kaka, Rýazanyň nä güne düşenini eşitdiňiz-ä? Şoňam galasy biziňkiden ejiz däldi.

– Rýazanly gürrüňi goý! Ýagşam bir gep tapdyň! Onuň galasyndan pişigem arkaýyn böküp geçjek. Onsoňam esasy mesele adamlarda. Rýazanlylardanam bir urşan bolarmy? Aýaklary gysga, eginleri giň töňňe pisint bir zad-a olar. Bize – suzdallylardyr wladimirlilere gara: uzyn boýly, döşümiz gapak ýaly – göreňde gözüň dokunaýýar. Öňem rýazanlylaryň ýakasy-da, biziň elimizdi. Mundan buýana-da şeýle bolar. Sen, oglum, berk dur! Moskwany elden gidiräýme!

– Nähilem bolsa, maňa-da az-owlak goşun ber, kaka! Agam Wsewoloda alty ýüz adam dagy berdiň-ä!

– Wsewolod Kolomna barýar ahyryn. Kolomna Moskwadan möhümräk. Ol edil Wagşy meýdan bilen sepgitde dur-a. Moskwa bolsa dört sany kiçijik derýaň çatrygynda ýerleşen şäher. Çakym çak bolsa, tatarlaryň Moskwada gözem äginesi ýok. Özüňi gorarlary ýaly ýanyňa on sany esger alsaň, alaý. Olar bu ýerdäki işlerden meni habardar eder ýaly çapar ýollamaga-da gerek bolar. Ýeri, bolýar. Agyr söweşlerde gudraty güýçli taňry seni öz penasynda saklasyn! Şan-şöhrat bilen dolanyp gelseň, hezzetiňi ýetirin!

– Rýazana knýaz edip belläý.

– Bar, göwnüň galmasyn – Rýazan seňki! Ony öz knýazlygyma goşmak hakda özümem köpden bäri oýýlanyp ýördüm.

Beýik knýaz Georgiý Wsewolodowiç iki ýegeni hem ýüz atly esger bilen ýola şaýlandy. Uzyn boýly, daýaw, egni samyr derisinden tikilen possunly aýaly ony köşgüň soňky basgançagyna çenli ugratdy. Ol aşpez aýallary uzyn gije ýatyrman, ärine ýolda iýer ýaly her dürli naz-nygmatlar bişirdipdi. Dyňzap gelen gözýaşyny saklajak bolup azara galýan knýaz aýaly tagzym edip, äri bilen hoşlaşdy. Ol öz aýdyşy ýaly, adamsynyň basym dolanyp geljegine ynanýardy.

Knýaz aýy derisinden tikilen possunyna çolanyp, ýerme gar arabasyna mäkäm ornaşandan, oňa goşulan üç at ýerinden gozgandy. Iň öňdäki atyň üstünde goja hyzmatkär, ökde argun[103] otyrdy. Derwezeden çykyp barýarkalar knýaz duş gelen adamlar tanamaz ýaly possunynyň gunduz ýakasyny galdyrdy.

Şäheriň darajyk egri köçeleri entegem garaňkydy. Agaç jaýlaryň käbiriniň kiçijik penjiresinden öçügsi, gyzgylt yşyk göze ilýärdi. Bu – adamlaryň eýýämden peç ýakmak, hamyr ýugurmak, nandyr somsa bişirmek ýaly gündelik aladalaryna girişendiginiň alamatydy.

Knýazyň ýigrimi sany gar arabasyndan hem ýüz, atlydan ybarat göçi şäher derwezesiniň agzynda saklanmaly boldy. Garawul Şibalka bu gelýänleriň kimdigini anyklajak bolýardy. Knýaz bolsa ähli nökerleridir hyzmatkärlerine öz adyny gizlin saklamagy tabşyrypdy. Gar arabasynyň üstünde possuna çolanyp oturan adamyň içinden geçip gelýän gözlerine nazary kaklyşandan onuň kimdigini aňan Şibalka telpegini çykaryp, tagzym etdi-de, agyr dub derwezäni açmak üçin ýüwürdi.

Atlylaryň yzy bilen eli uzyn hasaly, sakgallak monaham derwezeden çykdy.

– Nirä seretseň, şular. Baý, bulaň köpelýänini! – diýip, Şibalka hüňürdedi. – Özem gara pişik ýaly bolup, beýik knýazyň ýoluny kesdi. Bu gowulygyň alamaty-ha däl!...

Ýaş knýaz Wladimir bilen goşun başlygy Filip Nýanka ikisi Moskwa çaltrak ýetmek üçin aty gamça basdylar. Olaryň ýanynda diňe on sany atly bardy. Münüp barýanlaryndan başga ýene bir artkymaç atam ýanlaryndady. Yzlarynda bolsa üstüne sowutdyr başga ýaraglar, esgerler üçin iýmitdir atlara berer ýaly arpa ýüklenen on sany gar arabasy gelýärdi.

Ilki Klýazma derýasynyň ýakasy bilen, soň bolsa garly meýdandan gönüläp gitdiler. Tokaýyň içinde ýerleşen bölek obalaryň ählisinde birhili başly-baratlyk, howsala höküm sürýärdi. Bütin demirgazyk tarapdaky obalaryň hemmesine mahsus bir ýagdaý bardy: daýhanlaryň ählisi paltadyr naýzalaryny çarhlap, goşunyň nirä ýygnanýandygyny soraýardylar. Ruslaryň ähli güýjüni bir ýere jemläp bilsek adamyň ýoklugy üçin hiç kim bu sowala anyk jogap berip bilenokdy.

Knýaz Wladimir tokaýyň içindäki obalaryň birinde atlary iýmlemek üçin düşledi. Ol jaýyň gapdalyndaky tümmegiň üstünde otyrdy. Eli ullakan naýzaly, arkasy ýaýly uzyn boýly bir adam tokaýdan çykyp gelýärdi. Egnine ýabany geçiniň läşini atan ol adamyň ädim urşy merdemsidi. Wladimiriň ýanyna gelip telpegini çykaranda, ýaşulynyň ujy saralan ak saçlary egnine seçelendi. Ýakasyndan çykaran ak sakgaly ýaýbaň döşüni ýapdy.

Oturan ýaş ýigidiň Wladimiriň knýazynyň ogludygyny aňan garry egnindäki geçiniň läşini onuň aýagynyň ýanynda goýdy.

– Knýazyň ogly, şuny öz esgerleriň bilen iýiň! Noş bolsun! Men bir gezip ýören monahdan rus topragyna san-sajaksyz duşman dökülipdir diýip eşitdim. Şol habar menem öýümde arkaýyn oturmaga goýmady. Köp ýyllardan bäri batgalykda aýydyr sugunlaryň arasynda ýaşap ýörün. Agaçlaryň köweginden ary balyny[104] ýygnap, şondanam eklenýän!.. Ine, indem bar aladam ogullarymdyr agtyklarymy urşa taýynlamak. Olar tüweleme, ýigrimi ýedi adam dagy bar! Hemmämiz duşman bilen döwüşmäge çykmakçy. Her haýsymyz olaryň iki atyny alyp bilsek, az däl. Adamlar nirä ýygnanýarka?

– Bu ýerden Wladimir şäheri ýakyn. Şol ýere git.

– Seň kakaň – knýaz Georgiý Wsewolodowiçiň ýanynamy? Ýok, men oň ýanyna barman! Onuň eli agyr, üstesine-de, eden işi şowuna däl. Mundan ýigrimi ýyl ozal seň kakaň Suzdalyň goşuny bilen ilki Gza, soňam Lipisa derýasynyň boýunda aýak çekdi. Ol ýerdenem Awdow dagyna geçip bütin goşunyny ardurja gyrgyna berdi. Şonda suzdallylardan on müň adam öldi. Hemmesem men diýen ýigitlerdi! Olaryň başyna ýeten kimlerdir öýdýäň? Öz ildeşlerimiz – nowgorodlylar, smolenskliler, rostowlylar. Jeňiň sebäbi nämede? Seň o zatlardan habaryň ýokdur!..

[103] A r g u n – agaç ussalarynyň gadymdan gelýän lakamy, Wladimirli agaç ussalaryny häzir şeýle atlandyrýarlar.

[104] Ol döwürlerde gant bolmany üçin bal söwdasy ýurduň öz içinde-de, beýleki ýurtlarda-da ul rol oýnapdyr.

– Agzalalyga knýazlaryň özleri sebäpkär boldy: Wladimiriň knýazy Georgiý Wsewolodowiç bolmalymy ýa-da onuň süýtdeş dogany Rostowyň knýazy Konstantin oturmalymy diýen dawa ýüze çykdy. Şeýdibem, dogan dogana pyçak göterdi. Kabyl Habyly öldürmekçi boldy.[105] Olar zerarly öz işine gümra bolup ýören daýhanlar garpyşdy. Biz üçin iki doganyň haýsysy knýaz bolanda-da parhy ýok. «Iki at depişer, arasynda eşek öler» diýlişi ýaly, näme bolsa bigünä daýhana boldy. Tatarlar hakda-ha ol wagtlar bilýänem ýokdy. Ýöne iki doganyň urşy tataryňam çeni bolmady. Häzir seň kakaň ýeňsesini gaşap, arman çekip, nähak gurban bolan şol on müň adamy jadygöýleriň dirilik suwy bilen aýaga galdyryp bolmazmyka diýip näler arzuw edýändir. Eh, ýagşy ýigit, iň ýamanam dünýäden öten adamy hiç hili tär, doga bilen direldip bolmaýanlygy! Meniň ýaly şol jeňe gatnaşyp, bolan işleri hakydasynda saklaýan adamlaryň hiç birem knýaz Georginiň yzyna düşmez!

– Sen näme ters gürrüň edýäň? – diýip, ýaş knýaz gaharlandy. – Adyň näme? Şu diýen zatlaryň üçin duran ýeriňde çapyp taşlaryn!

– Beýtseň, ýene bir maslyk artdyrdygyň bolar-da. Tatar belasy bolsa bizden sowlup geçmez. Knýazlar muny isleýärmi-islemeýärmi – duşman bilen garpyşyp, olary topragymyzdan kowup çykarjak ýene biz – daýhanlardyrys! Knýaz Georgiý Wsewolodowiçiň nähili uruşjagyny entek görübereris! Men ogullarymdyr agtyklaryma baş bolup, başga-da isleg bildiren adamlary ýanyma toplaryn. Tatarlary tutup, naýzadan geçireris... Sen, han ogul, meniň ýaly akyly çaşan garra gaharlanma! Bu geçinem öz esgerleriň bilenjik iý. Ýöne söweş wagty duşmana ýeňse görkezmeseňiz bolýar...

Garry telpegini çykaryp, knýazyň ogluna tagzym edensoň öz ugruna ýöneldi. Şol wagt gyrymsy tokaýlygyň içinden çykan elleri naýzadyr ýaýly, eginleri goýun derisinden tikilen possunly, ýaşulynyň özi ýaly uzyn boýly, daýaw bir topar adam onuň yzy bilen ugrady.

## BÄŞINJI BAP

### «Muşkafyň üstüne ugralyň!»

Subudaý batyr Baty hana şeýle diýdi:

– Jahangir, öz wepaly hyzmatkäriň diýjek sözlerine gulak as! Öňde birgiden möhüm iş ýatyr. Biz haýal etmän Maşfa[106] şäherine ugrap, ony beýleki hanlardan öňürti eýelemeli. Ol ýerde çet ýurtlardan getirilen harytlar üçin ýörite skladlar salnypmyş. Çet ýurtly täjirlerem şol ýerde ýaşaýarmyş. Eger beýlekilerden öňürtsek, ullakan baýlygy ele alýas. Deňizden aňyrdan geçirilen altyn-kümüşler, grekleriň gyrmyzy çakyry hem germanlaryň mazudy biziňki bolýar.

Gözüni süzüp oturan Baty han ýadaw ses bilen jogap berdi:

– Meň häzir möhüm iş bilen zada elim ýetenok. Ony ertir etsegem bolar.

Subudaý haşlap, agzyny Baty hanyň altyn halka sallanyp duran gulagynyň ýanyna eltip, gazaply pyşyrdady:

– Uruşda bihuda ýitirilen her gün, her sagat elden gidirilen ýeňişdir, togsan dokuz ýylky azabyň biderek köýmegine barabardyr. Sen möhüm günleriňi boş zatlara sarp edýäň. Töweregiňi gallap oturan bu birgiden bihepbe ýalýagylaryňy kow jyrralt-da. Dözmeýän bolsaň, maňa tabşyr. Müň sany «guduzlarymyň» demine düşensoňlar, eneleriniň adyny tapmazlar.

Gahardan ýaňa Baty hanyň eňegi saňňyldap ugrady. Giň açylan gözleri Subudaýa dikildi. Ol bu ýowuz serkerdäniň süzük gözlerine, dünýä ineli bäri ýuwulmadyk, tyg yzyndan doly ýüzüne, bölek-büçek çykan gaty sakgalyna, ak köpürjik bolup gyşaran büzük dodagyna nazar saldy. Bu zatlar Subudaýyň gazaba münüp ugrandygynyň alamatydy.

Öz terbiýeçisiniň ýarylaryndan gorkan Baty hanyň saly gowşady. Ol arza gelip, çöküne düşüp başlaryny egip oturan mongollary synlady. Arzçylaryň uzyn hatary agaç buthananyň bütin boýuna uzalyp, yzy gapydanam aňyrda – garly meýdanda gutarýardy. Baty han kalbyndaky galagopluga basalyk berip, şeýle diýdi:

– Halk maňa «gowy», «rehimdar» Söýün han diýip ýöne ýere at dakanok! Wepaly adamlaryň ählisine öz ýanyma gelip, arz-şikaýatlaryny ýüzüme aýtmaga ygtyýar berdim...

[105] Esasy dini kitaplarda – Töwrat, Injil hem Gurhanda beýan edilişine görä, Adam atanyň ilkinji çagalary Kabyl hem Habyl bolupdyr. Kabyl görübilmezçilik edip, Habyly daş bilen urup öldüripdir. Bu waka adamzat taryhynda birinji gezek adam adamy, aga inini öldürişi hökmünde ýatlanýar.

[106] M a ş f a ýa-da M u ş k a f – gadymy gündogar sene ýazgylarynda Moskwa şeýle atlandyrylypdyr.

Subudaý batyr uzyn dili bilen dodaklaryny ýalady. Baty han oňa garady-da:

– Men bulaň ýene ikisiniň arzyny diňläýin. Soň ikimiz arkaýyn gürleşäýeris – diýdi.

Baty han buthananyň tagta meňzeş kürsüsiniň üstünde aýbogdaşyny gurup otyrdy. Ikonalar asylan diwaryň açyk duran gapysyndan giren egni alabeder gypjak donly bir garry dyzanaklap onuň alkymyna geldi. Oňa göwnübir halda nazar salan Bata hanyň ýene gözleri süzüldi:

– Näme arzyň bar?

– Meň adym Nazar Kärizek. Sygnak şäherini alalyň bäri seniň ýeňilmez goşunyňdan galman gelýän... Bar yhlasymy gaýgyrman siziň hyzmatyňyzda...

– Ysgynsyz garry halyňa sen näme iş bilen meşgullanýaň?

– Meň işim edermenleriň edermeni Subudaý batyryň arzyly horazyny garawullap, wagtly-wagtynda naharlamakdan ybarat.

Öz gazaply terbiýeçisiniň üstünden arz edilse Baty hana hoş ýakýardy. Şoň üçinem ol «Ýagşy, ýagşy» diýip pyşyrdady.

– Näme ýetmeziň bolsa aýdyber? Ýa Subudaý batyr göwnüňe degdimi?

– Ýok, beýikleriň beýigi! Meni – gurbany boldugym Alla gargady. Meň bilen birlikde biri-birinden çakgan dört oglum seniň goşunyňa goşulypdy.

– Bu seň üçin ullakan hormat ahyry!

– Urusutlar bilen ilkinji söweşde meniň Demir atly iň uly, batyr oglum gurban boldy. Alla onuň jaýyny jennet edewersin! – Garry gözlerini ýeňi bilen ýapyp, hamsykdy.

– Seň ogluň söweşde ölenine guwanmaly. Nähili serpaý etsem, seň göwnüň hoş boljak?

– Men seniň sadyk guluň! Seň rehimdar sözleriň meň üçin aňrybaş serpaý!

Subudaý pyşyrdap ara goşuldy:

– Men bu garryny tanaýan. Hyzmat edişem gaty yhlasly. Oňa özümize peýdaly ýumuşlary tabşyrsak ýalňyşmarys. Sen, garry, çete çekil-de biraz garaş!

Arz etmäge gelen indiki adam arap lybasyndady: egninde ýüňden dokalan alabeder ýapynjasy, başynda bolsa gaba sellesi bardy. Onuň ýyrtylan dony sal-sal bolup durdy. Dyzanaklap kürsä ýakynlaşan ol söwdagär basyk sesi bilen zarynlap bir zatlar samrap durşuna döşüni ýumruklaýardy.

– O näme isleýär? Diýen Zatlaryna men-ä düşünmedim.

Dilmaç ýagdaýy aýan etdi:

– Bu buharaly söwdagär. Özem on iki söwdagäriň baştutanymyş. Olar seň ýeňilmezek goşunyndan galman, esgerleriň söweşde olja düşen geýimleridir gaýry zatlaryny satyn alýarlar. Bu ýere gelip arz etmeginiň sebäbi – seniň esgerleriň ony ýenjip, ähli zatlaryny alypdyrlar.

Baty han gozgalaň tapdy. Ýyrtyjy ýaly syrtaranda onuň keşbi-de üýtgedi. Ol aýasy bilen dyzyna patladyp, şeýle diýdi:

– Söwdagärler peýdaly adamlar! Olar bizi gerek harytlar bilen üpjün edýär. Meniň uzak uruşlarda näçe diýseň baýlyk toplan esgerlerim üçin olar hasam zerur. Olaryň şonça köp baýlygy jahanyň soňsuz ýollarynda ondan-oňa süýräp ýörmäge olaryň ýagdaýy ýok. Maňa peýdaly söwdagärlere azar beren adamyň ýetmedik ajala el buladygydyr. Özüňi talan sary köpekleri maňa görkezip bilermiň?

– Seniň goşunlaryň sany bahar aýy süri-süri bolup geçýän guşlardanam köp. Şolaryň içinden özümi talanlara duşup bilsem, görkezerin.

Subudaý ara goşuldy:

– Maňa ýönekeýje bir maslahat bermäge rugsat et! Ýaňky horaza seredýän garryny çet ýurtly söwdagärlere goragçy hem dilmaç edip belle. Ol mekirdir: söwdagärlerem gorar, özünem gözden salmaz.

– Bar, seň diýeniň bolsun! – diýip, Baty han aýaklaryny kürsüden sallady.

Nökerler oňa aşak düşmäge kömekleşdiler. Baty han buthananyň içi bilen çykalga tarap ýöneldi. Arz etmäge gelenleriň naýynjar sesleri dik asmana göterildi:

– Beýik, merhemetli Söýün han, biziňem arzymyzy diňle!

Subudaý gaharly seslendi:

– Şu arzaçylary düwdagyn et diýip aýtdym-a men saňa. Seniň işiň arz-şikaýat diňlemek däl-de, uruşmak. Nökerler, olaň ählisini kowuň. Şu jelegaýda biriniň garasy görnäýmesin!

Aýratyn otrýadlara bölünen tatar tümenleri edil gerlen penjäniň barmaklary ýaly ýaýraň görnüşde ýola düşdi. Olaryň beýtmesi obadyr şäherler talananda birek-birege päsgel bermezlik üçindi. Gabaw awunda bolşy ýaly, mongollar rus topragynyň daşyna halka bolup aýlanmaga çalyşýarlar. Niýetleri – adamlary çar tarapdan orta gabap, olaryň deri eýlemegi, ýarag ýasamagy, geýim tikmegi başarýan hünärlilerinden galanlaryny gyrmakdy. Ýollary üstünden düşen obalaryň ählisini öýme-öý sümsünişip barlaşdyrýan mongol hem gypjak esgerleri nägile hüňürdeýärdiler:

– Baty hanyň bizi getiren ýerine sered-ä! «Urusutlaryň ählisi samyr telpekli, gunduz possunly gezýär. Olaryň egninden sypyryp, ähliňiz noýonlardyr baý söwdagärler ýaly geýnersiňiz» diýip, agzymyzy suwartdy. Bize duşýan urusutlaryň-a hijisiniň hatda gaýyş ädigem ýok. Hemmesiniň egnindäki ýamaly kenep köýnekdir şyry çykan köne possun. Aýaklaryndakam agaç gabygyndan örülen köwüş. Şular üçin dagy ýol söküp geleniňe-de degenok! Atlarymyzam üçege basylan köne samandyr çowdara dänesini iýip keselleýär. Galyň garyň astynda galan ota-da ýetip bilenoklar. Bu ýagdaýda uzaklaşman atlarymyzdan dynarys. Urusutlaryň aty bolsa çozuşa ýaramaz. Arabamyza doňan sygyr etini ýükläýmesek, tilki hamyna ýüzümiz düşjek däl ýaly. Mekir urusutlar derde ýarar ýaly zatlarynyň ählisini tokaýlarynda gizläpdirler. Ol ýere barýan ýodalaram guşaklykdan gar bilen gömlen. Bir gysym ot tapjak gümanyňam ýok. Her düýp agajyň aňyrsyndan ajal jyklap duran ýaly...

Oljasy oňmadyk mongol urşujylary gazaba münüp, ähli gaharyny ýesirlerden çykarýardylar. Ozalam geýimleri sal-sal bolup duran biçäreleri çyp-ýalaňaç edýärdiler. Ýaralylardyr ýesirleri aýylganç aýaz saň-gaty edip taşlaýardy.

Baty hanyň hem Subudaý batyryň otrýadlary egrem-bugram bolup uzalyp gidýän Oka derýasynyň akym ugruna tizlik bilen menzil aşýardy. Olar çet ýurtlaryň harytlary känmiş diýlip gürrüňi edilýän uly bolmadyk Muşkaf şäherine tizräk ýetmäge howlugýardylar.

Ýekegöz serkerde bulgar söwdagärleriniň bir toparyny öz ýanynda saklaýardy. Düşleg mahaly olardan şähere haýsy ýol bilen nähili baranlaryny, çet ýurtlardan näme harytlar eltip, gysyk urusutlardan haýsy zatlar satyn alanlaryny soraşdyrýardy. Muşkaf şäheri nähili? Söwdagärler nirede ýaşaýar, olaryň harytly skladlary haýsy ýerde? Olar altynlaryny nirede gizläpdirler? Söwda etmek amatlymy? Söwda işini nirede öwrendiňiz? Subudaýy şu sowallar gyzyklandyrýardy.

Baty hanyň «ýedi ýyldyzy» iň öňdäki otrýadyň yzyndan barýardy. Bu jahangiriň öz islegi bilen şeýle edilipdi. «Meniň ýyldyzlarym» nirä gitsem ýanymda bolsun!» diýýän Baty han aýallarynyň talap alan zatlary üçin sklada öwrülen ýyly buthanada galmagyny islänokdy. Aýallar öz çorulary bilen birlikde gar arabasyna ýüklenen örme sebetleriň içinde otyrdylýar. Jahangiriň diňe baýry mongol aýalynyň görülmedik gülleriň şekili çekilip, altyn çaýylan haçlar bilen bezelen arabada gitmäge ygtyýary bardy. Öňler bu arabany Rýazanyň iň beýik ruhanysy müner eken. Onuň haçlar bilen bezelen bu arabasyny gören urusutlar däp boýunça çokunyp, dyza çöküpdirler.

Derýanyň öwrümleriňiň birinde Baty han gara atynyň başyny çekip, otrýady duşundan geçirdi. Jahangiriň yzyndan ony goraýan ýüz atly hatara düzüldi.

Geçip barýan esgerleriň köpüsiniň içi bugdaýly gaýyş horjundyr gaýry zatlar ýüklenen artykmaç bir ýa iki aty bardy.

Öňdäki otrýad geçip gutaransoň, üstünde Baty hanyň ýedi aýalydyr olaryň çorulary ýerleşen gar arabalarynyň hatarlary ýakynlaşdy. Baty han nökerleriň birni çagyryp, gulagyna bir zatlar pyşyrdady.

Baýry aýalyň münüp barýan gyzyl arabasyny üç sany ak at çekip barýardy. Öňdäki atyň üstünde eli naýzaly atbakar otyrdy. Onuň yzyndan her dürli ýükleriň üsti aýynyň hamy bilen ýapylan bäş sany gar arabasy gelýärdi. Gyzyl araba saklandy Jahangiriň giň gyrmyzy köýnek geýen semiz aýaly arabanyň gapysyndan gysylyp zordan çykdy. Mongollaryň däbine görä, ol galyň garyň üstünde çökdi-de, garaşmaga durdy.

Baty han gymyldaman durdy. Baýry aýalyň ýanyna baran nöker şeýle diýdi:

– Jahangir arabaňyzda oturmagy buýurýar. Häzir çapyşyk boljak.

Şol wagt Baty hanyň egni daşyna parça tutulan samyr possunly ikinji aýalam ýetip geldi. Onuň arabasyny ýanaşyk goşulan üç at çekýärdi. Mum reňkli atlaryň üçüsiniňem ýaly ap-akdy. Öňdäki atyň üstünde ýagyşdyr wagt geçmegi bilen solup ugran parça köýnekli ýaş atbakar otyrdy.

Yzyna sary sygyr tirkeleni üçin arabalar ýuwaş ýöreýärdi. Sygryň yzyna bili kendir guşakly, geýimleri ýyrtyk ýaş urusut düşüp gelýärdi. Ol kämahal hötjetlik edip ýörişini gowşadyp, arabadan

aslyşýan sygry çybyk bilen saýgylaýardy. Olardan yzda üstüne goş ýüklenen üç araba gelýärdi. Arabalaryň iň yzdakysynda üç sany ýesir rus aýaly otyrdy.

Jahangiriň beýleki aýallarynyň oturan arabalarynyňam ýüki ýetikdi. Goşulan atlaryň hersi bir reňkdedi. Biri gara, biri çypar, biri semendi biri gyzyl, biri çaldy. Altynjy aýalyň – gypjak Baýander hanyň gyzynyň oturan arabasynyň yzyndan gelýän arkasy içirgili iki sany çapyşyk atynyň uýany gypjak atbakarynyň elindedi. Bars ýaly alabeder üç at goşulan iň soňky arabanyň üsti boşdy. Arabalar togtansoň, aýallaryň ählisi düşdi-de, bir dyzlaryny epip, jahangiriň merhemedine garaşdylar.

– Ýyldyz hatyn nirede? – diýip, Baty han sorady. Bir nöker öňde ala atyň üstünde oturan adamyň ýanyna haýdap gitdi-de, aldyrany bar ýaly gar tozadyp ýene yzyna gelip, habaryny berdi.

– Ýyldyz hatyn öz kenizi bilen birlikde çapylýan atlara münüp, öňdäki aňtaw otrýadyna gidipdir.

Baty han ýüzbaşy Kunduýy ýanyna çagyrdy-da, gaharly hüňürdedi:

– Aýallaryň ählisine aýt. Hemmesi haýal etmän meniň Rýazanyň ýanyndaky lagerime barsynlar. Goý, olar şol ýerde dynç alsynlar. Hiç ýana çykaýmasynlar! Ähli ýerde urusut derençileri[107] enteşip ýör. Bize söweş garaşýar. Ýanymyzda bolsa aýallaryň güni kynalar.

Baty han ýol bilen atyny ýüzin salyp gitdi. Goragçy ýüz atlam onuň yzyna düşdi.

Aýallar aglaşyp, gygyryşyp başladylar:

– Durugeý! Nämüçin jahangiriň ýany bilen diňe gara jürjene, hyzmatkär aýal gidýär? Goý, Ýyldyz hatynam yzyna dolansyn! Jahangir älemiň aňry çetine gitse-de, bizem ondan galmarys...

Hemişe Baty hanyň buýruklaryny daşýany bilen ýerine ýetirýän Kunduýuň tabşyrygy boýunça nökerler zorluk bilen aýallary araba oturtdylar-da, atlaryň başyny Rýazana bakan gidýän ýola öwürdiler.

Arabalary elli nöker goraýardy. Ilki aglap-eňreşen aýallar soňabaka biri-biriniň ýanyna geçip, pyşyrdaşyp, gülüşip başladylar. Ol gürrüňler Baty hanyň Rýazandan, Pereýaslawldan, Iželawldyr beýleki şäherlerden olja alan geň-enaýy zatlary baradady.

– Çet ýurtly söwdagärleriň harytlaryndan doly Muşkaf şäherine barmak bize miýesser etmedi! Ýöne jahangir jomartdyr – bizem gözden salmaz!..

## ALTYNJY BAP

### Baty han Moskwanyň alkymynda

Baty han Muşkaf şäherine hemmeden öňürti ýetmek üçin howlugýardy.

– Bu täze şäher – diýip, bulgar söwdagärleri gürrüň berýärdi. – Baý Uldemir şäherine hem bulgara barýan dürli ýurtlardan bolan söwdagärler galapyn şol ýerde düşläp geçýärler.

Jahangir Çingiz hanyň neberesinden bolap beýleki hanlaryň hiç birini Muşkafa goýbermeli däl diýen karara geldi. Olar hiç bir bähbit ýok ýerinden şäheri biderek harap ederler. Onuň, belki, jahangire gerek boljagy hakda oýlanmazlaram. Baty han öz oý-pikirleri hem planlary barada dymma Subudaý batyr bilen maslahatlaşypdy. Garry serkerde onuň aýdanlaryna: «Şeýle! Bararys, göreris!» diýip, tutuklyk bilen açyk bir zat pyşgyrmandy.

Baty hanyň öňüni çekip barýan müň atlysy ir bilen kenarynda garry sosna agaçlary ösen derýa ýetdi. Pesde buza basyrynyp ýatan derýa uzalyp gidýärdi.

Beýleki kenarda alaňyň üstünde gurlup, daşy agaç haýat bilen gurşalan kiçiräk şäherjik görünýärdi. Agaçdan ýasalan köşkler, skladlardyr kiçiräk buthanalar tertipsiz görnüşde biri-birine gysylyşyp otyrdy. Galyň gara basyrynyp oturan şäherjigiň depesini çal tüsse gaplap alypdyr.

Beýik knýaz kiçi ogly Wladimiri Moskwa iberenem bolsa, şäher ilaty entekler üstlerine duşman döküler diýip güman etmeýän bolara çemeli. Şähere ýönelen ýükli arabalar, derýa tarap ýa-da ondan yzyna barýan adamlar, eginlerindäki ýaý şekilli agajyň her ujuna bir bedre ildirip suw alyp barýan aýallar asuda, parahat durmuşdan habar berýärdi. Derýanyň buzy döwlen ýerde üsti çelekli gar arabasy dur. Bir adam susak bilen suw alýar. Beýleräkde derýanyň içine ep-esli uzalan paýapyl ýaly tagtanyň üstünde duran aýallar kir ýuwýarlar.

Derýanyň ýakasynda hatara gurlan kiçijik gara jaýjagazlardan goýy bug göterilýärdi, olardan tasap çykýan ýalaňaç adamlar buzuň deşigine gelip suwa çümýärdiler-de, ýene yza eňýärdiler.

Baty han gamçysyny gara turbalara tarap uzadyp:

---

[107] D e r e n ç i — garakçy.

– O sähneler näme iş edýär? – diýip sorady.

– Ol öýjagazlara «hammam» diýilýär diýip – dilmaç düşündirdi. – Adamlar endamlaryna berýoza sübsesi bilen urup, gyzgyn suwa ýa-da kwasa ýuwunýarlar. Soňam derýaň suwuna çümýärler. Bu gaty peýdaly zat. Şoň üçinem urusutlar güýçli, sagdyn bolýar.

Baty han tekepbir gürledi:

– Ýuwunýan adamyň kiri bilen birlikde bagty-da sypyrylyp aýrylýar. Mongollar hiç wagt endamyna suw degirmeýäni üçin, söweşde hemişe olara bagt gülüp bakýar.

Baty han derýanyň boýunda düňderilip ýatan ullakan gaýyklar bilen gyzyklandy. Birnäçe gaýyk buzuň ortasynda durdy, olaryň töwereginde adamlar gaýmalaşýardy, ot burugsaýardy.

– Bu ýerde söwdagärler hem olaryň hyzmatkärleri ýaşaýar – diýip, dilmaç düşündirdi. – Söwdagärler ol gaýyklarda Bulgara hem Smolenskiniň üsti bilen latynlaryň[108] ýurduna gidýärler. Bu ýyl sowuk ir düşüp, derýa doňany üçin olar Muşkafda galmaga mejbur bolupdyrlar.

– Meniň çet ýurtly söwdagärler bilen duşuşasym, gürleşesim gelýär – diýip, Baty han seslendi. – Olary öldürmän, ele düşenini meň ýanyma getirmegi tabşyrýaryn.

Belent sosna agajynyň ýanyna baryp, Baty han atynyň başyny çekdi. Golaýda bir kiçijik jaý gara gömlüp gyşaryp durdy. Özem içinde adam bara meňzeýär: gapynyň ýokarsyndaky kiçijik penjireden tüsse çykýardy. Iki nöker gödeksi ýasalan gapyny şakyrdatdy. Içeriden ilki biriniň üsgürýäni eşidildi, soňam gaharly gykylyk çykdy:

– Näme gerek saňa? Jyn ursun seni! Öýi ýykaýsaň nätjek! Ozalam çalamydar.

Mongollar gapyny şakyrdatmagy dowam etdi.

– Duruň ahyry, nälet siňenler! Häzir gapyny özüm açýan. Geýinmäge bir goýuň.

Kiçijik gapy açyldy. Egni çal çäkmenli arryk adam eglip daş çykdy. Onuň ýygyrt-ýygyrt ýüzündäki ak gyllaryň bitertip görnüşi haşşaryp duran ýelegi ýadyňa salýardy. Gyzyl gözleri ýaşaryp durdy. Ol elini çal gaşlarynyň üstüne kölegeledip, özüni bimaza eden nökerlere seretdi. Nökerler garrynyň tirseginden ýapyşdylar-da, Baty hanyň ýanyna idirdedip eltdiler. Pessejik külbede ömür eglip ýaşamaga endik eden uzyn arryk gojanyň daş keşbi durna çalym edýärdi.

– Kim bolarsyň? – diýip, Baty han sorady.

– Men gabyr gazyp ýören adam.

– Adyň näme?

– Neupokoý diýýärler, hristiainça Nikita bolmaly. Aýdyşlaryna görä, ondan arwaham elheder alanmyş...

– O nähili beýle?

– Nähili bolsun? Meň pirime – keramatly Nikita diýýärler. Arwahlar ondan gorkusyna umma gaçýarlar.

– Mana tüýs sen ýaly adam gerek.

– Meni nämä ýaratjak? Özüm-ä garry, üstesine-de keselbent.

– Bu ýerde näme iş edýäň?

– Bendeleriniň günäsini geçmegini ýalbaryp Hudaýa nalyş edýän. Kömek sorap ýüz tutan adamlaryň jyn-arwahlaryny kowup berýän.

– Jyn-arwah diýýäniň näme?

– Olar guýrukly, şahly, käte adam sypat melgunlar. «Şeýtanyň azdyrany – özüniňki» diýilşi ýaly, olar Hudaýyň bendelerini dürs ýoldan sowup bilseler, şonça şat.

– Men olary bilýän! – diýip, Baty han seslendi. – Biz onuň ýaly melgunlara gyzyl manguslar diýýäs. Özlerem adama meňzeş. Maňa-da kän erbetlik etdiler. Sen oňat adam ekeniň. Näme dilegiň bolsa bitirmäge taýyn.

– Adyny bilmesemem, haýyşymy bir aýdyp galaýyn. Öz ýaramazja ýabym bilen Moskwanyň töweregindäki obalara aýlanyp ölüleri jaýlasam, dogan-garyndaşsyz meýdanda jan berýän garyp biçäreleriň gözlerini ýumdursam, mana başga zat gerek del. Nökerleriň meni çapyp taşlamaz ýaly ýarlyk berseň, senden başga dilegim ýok.

Baty han başyny atyp:

– Ýurtçy, garryň boýnundan agaç paýszany as. Ol muny biziň gylyjymyzyň zarbyndan gorar – diýdi.

Biraz dymyp duran Baty han ýene gabyr gazýan goja ýüzlendi:

---

108 L a t y n l a r – ruslar katolik dinine uýýan çet ýurtlulara şeýle at beripdirler.

– Sen derdi dep edip bilýärmiň?

– Bilýän, mungallaryň beýik hany. Dogadyr her hili dermanlar, guradylan otlar bilenem keseli, gaýgy-hasraty kowmak mümkin. Edil el bilen aýrylan ýaly zym-zyýat bolaýar...

Emma Baty han eýýäm ony diňlemesini goýupdy.

Uzakda – Muşkaf şäheriniň aňyrsyndan goýy gara tüsse towlanyp asmana göterildi. Üç oba bir wagtyň özünde ýanyp ugrady. Burum-burum gara tüssäniň arasyndan ýalnyň gyzyl dilleri çabyrap gidýärdi. Üssesine labyrdap ýanýan gury jaýlaryň şatylap töwerege zyňylýan agaçlary gapdaldakylaryň üstüne düşüp, ýangyny has güýçlendirýärdi. Derýanyň boýunda-da, şäherde-de adamlar iki-baka elewreýärdiler. Suw daşaýan adam arabasyny taşlap, şäher derwezesine bakan atyny gamça basdy. Aýallar ýuwan kirlerini howul-hara ýygnaşdyryp, dürli tarapa düw-dagyn boldular.

– Şeýbany!.. Şeýbany han gelipdir!.. – diýip, mongollar geň galyp biri-birine seredişdiler. – Ol bizden öňürtdi başga tarapdan Muşkafyň üstüne döküldi!

Baty hanyň ýanyna gelen Subudaý batyr gözüni süzüp, ýangyny synlamaga durdy.

– Şeýbany nirden çykdy? – diýip, Baty han sorady.

– Şähere ot beren-ä Şeýbany han – diýip, Subudaý batyr dillendi. – Ol bizden öňürtmek üçin Žizdara hem Ugra derýalarynyň buzunyň üsti bilen gelendir. Adamlary uçdan tutma gyrmagam mümkin. Sen şäheri bäri tarapdan gabamaga hem söwdagärlerdir hünärmentleri tutmaga buýruk ber. Basym ýaş knýaz Uldemir seň ýanyňa baş egip, ýalbaryp geler.

– Men şu depäň üstünde durmakçy – diýip, Baty han atdan düşüp durka aýtdy. – Maňa öý diksinler.

Subudaý batyr garşy çykdy.

– Şu ýakynda şemal öwüsmeýän bir oýda oba bar. Sen şol ýerde ýyly, arassa jaýda ýaşasaň gowy bolar.

– Gerek däl! Ikimiz alaw başynda ýatmaga öwrenişen ahyry.

– Ol-a dogry – diýip, Subudaý makullady. – Ýöne bu sowukda öýüň tüssesine boglup oturmagyň nämä geregi bar? Muşkafy eýelemek bize o diýen ýeňil düşmez. Şäher mekir hem garry goşun başlygynyň elinde. Oň bilen birneme südüre girmeli bolsak gerek.

– Zyýany ýok. Ýöne Muşkaf meňki bolmaly!

Baty han hem onuň dogany Şeýbany Moskwany bäş günläp gabadylar. Şäher iläty pürslerden edilen berk diwarlary penalap, gazaply uruşýardylar, merduwan diräp dymaşýan tatarlary agdarýardylar. Goşun başlygy Filipp Nýanka bilen knýaz Wladimir goranyşa ýolbaşçylyk edip, ýadan urşujylary çalyşýardy, has howply ýerlere kömek iberýärdi.

Gabaw bäşinji gün diýilende şäher diwarynyň ýanyna atyjy maşynlar getirildi. Olaryň atýan ujy ýaga batyrylyp otlanan letdeli uzyn oklary durşuna agaç jaýlardan gurlan şäheriň birnäçe ýerinde ýangyn döretdi. Adamlar olary söndürip ýetişip bilenokdylar.

Kenarda iki alawyň arasynda ýykylan sosna agajynyň şahasyna atylan halynyň üstünde Baty han, onuň gapdalynda bolsa Subudaý batyr otyrdy. Olar ýalna gabsalan şähere göwnübir halda syn edýärdiler. Ýansa ýanypdyr-da Muşkaf! Bir şäheriň artyk ýa kem bolany olar üçin hiç zat. Hytaýda, Horezmde hem gaýry birnäçe ýurtlarda olaryň otlan, ýer-ýegsan eden şäherleriniň sany ummadan çykandyr...

Nökerler birnäçe ýesiri öňlerine salyp Baty hanyň ýanyna getirdiler. Sowukdan ýaňa gögerip giden ol ýesirler endam-janlary ýüp bilen saralgam bolsa özlerini buýsançly tutmaga çalyşýardylar.

Olaryň arasynda entek tatarlaryň şatysyny görmedik bir geýnüwli ýesir aýratyn saýlanýardy. Onuň egninde etegine samyr derisi tutulan kelte ýeňli gyzyl possuny bardy. Içki donunyň ýüpek ýeňi, alabeder ýüň joraby, demir halkaly köwşi, etegi giň mahmal şlýapasy hem oňa sanjylan ýelekler – bu ýesiriň çet ýurtlydygyna güwä geçýärdi.

Nökeriň ýany bilen Hajy Rahymdyr Nazar Kärizegem gelip, Baty hanyň gaşynda durdylar.

Arryk, ýüzi ýygyrt-ýygyrt, geçi sakgal hem gözleri oýnaklap duran Nazar Kärizek özüni ýeser görkezjek bolup, biraz öňe süýşdi. Onuň bir elinde ýesirler daňylan ýüpüň ujy, beýleki elinde bolsa ýalaňaç egri gylyç bardy. Garry telpegini çykaryp, mongol hökümdarynyň öňünde dyzyna çökdi. Geýnüwli ýesirem onuň hereketini gaýtalady.

– Dyza çöküň! – diýip, Nazar Kärizek hemle urdy.

Ýesirler dyzlaryny gara goýdular.

– Kim bu adamlar? – diýip, Baty han sorady.

– Sen çet ýurtly söwdagärleri görmegi höwes edýärdiň. Ine, olar garşyňda durlar. Hemmesiniňem ullakan gaýyklary hem harytly skladlary bar. Fakyh Hajy Rahym ikimiz bulary howpdan çekinmän gaty kynlyk bilen kementden boşadyp, seň ýanyňa getirdik. Bu duran geýnüwli söwdagär hemmesiniň baştutany. Nökerler munam sypyran ekenler. Ýüzüniň gök-ala bolup durşam birneme şaty görene meňzeýär. Şeýle-de bolsa sizi hormatlap, mübärek ýüzüňizi görmek üçin gizläp goýan geýimlerini geýip gaşyňyza geldi.

– Hany, beýle bolsa, gürrüň bersin – diýip, Baty han seslendi. – Kim ol, ady näme, haýsy ýurtdan, haýsy şäherden gelen? Muşkafda näme iş bilen meşgul?

Söwdagärleriň baştutany ýerinden turup, bir aýagyny öňe basdy-da, ýelek sanjylan şlýapasyny gar süpürýän ýaly iki ýana galgadyp, epilip tagzym etdi. Söwdagär rus dilinde gürläp başlady. Ruslar bilen köpden bäri iş salyşansoň, bu dili ýetik bilýär eken. Dilmaç onuň sözlerini terjime etdi.

– Men hem meniň gadyrdan iki ýoldaşym German ýurdunyň Wend welaýatynyň Lýubek diýen baý şäherinden. Beýlekileriň hersi bir şäheriň adamy: Ditmar Brýuggenden, Rudolf Dortmunddan, Reýngold Sestadan, Karol Medebahdan. Hemmämiz «Ruzariler» täjirlerinden bolup, kakalarymyz ýaly, bizem indi onlarça ýylyň içidir, ruslar bilen söwda edýäs. Bu şäherde biziň harytly skladlarymyz hem birnäçe ullakan gaýygymyz bar. Tomusda biz şol gaýyklarda rus derýalarynda ýüzüp, gerek ýerlerimize ugraýas. Uz ýurdumyzda bize «ganzeýçiler»[109], diýip at berýärler. Howp-hatardan çekinmän, uzak ýurtlar bilen gämili söwda edýän adamlar şeýle atlandyrylýar. Ruslar bilen söwda-satygy esasan Smolensk şäheri arkaly alyp barýas. Ol ýerden biz Dnepr derýasy arkaly Kiýewe, ondanam gündogara ugur alýas. Käbir ganzeýçilerimiz haryt almak üçin uzak Nowgorod, ondanam daşda – Kama derýasynyň boýunda ýerleşen baý Bulgar şäherlerine-de gidýärler.

– Nähili harytlar bilen söwda edýäňiz? – diýip, Baty han sorady.

– Biz bulgarlardan hem araplardan gündogar harytlaryny: süýji kökler, burç, ysly otlar, kişmiş, kişde alýas. Ruslardan alýan harytlarymyz mum, bal, her hili haýwanlaryň derisi, ýüň, çöpür, garaýag, agaç ýagy, gaýyş, mal ýagy hem zygyr süýümi ýaly zatlar.

– Özüňiz näme satýaňyz?

– Biz Germaniýanyň meşhur, gowy mawutlaryny, ap-ak kenep matalaryny satýas. Mundan başga-da, biz her hili ýaraglar, demir, Reýn şäherinde ýasalan gowy çakyr, altyn, kümüş hem beýleki gymmat bahaly magdanlardan ýasalan owadan şaý-seplerem getirýäs. Misden edilen zatlar, galaýy tarelkalardyr kürüşgeler, gurşun, boýaglar hem gök reňkem bizde bar.

– Häzir maňa şol harytlaryňyzy görkezip bilermisiňiz?

Söwdagär ýene-de baş egdi.

– Han hezretlerine öz satýan zatlarymyzy görkezmek biz üçin aňrybaş bagtlylyk bolardy. Ýöne, gynançly ýeri, bir ujypsyzja näsazlyk, düşünişmezlik ýüze çykdy. Onam beýik mertebeli han, siziň sähelçe aladaňyz ap-aňsat düzedip biljek.

– Näme boldy? – diýip, gözünde şatlyk uçgunlary oýnaklaýan Baty han öňki haýbatly görnüşini üýtgetmän sorady.

– Biziň harytly skladlarymyza seniň hormatly hem batyr esgerleriň myhman bolup düşdi. Her kim göwni halan zadyny aldy. Olar gaty köp bolansoňlar harytlarymyz hemmesine deň-derman ýetmedem. Her kim ýetdiginden bir bölek mawut ýa-da kenep aldy. Çakyrlaram sokga sordular. Hormatly myhmanlar juda köp bolany üçin size öz wepalylygymyzy bildirer ýaly huzuryňyza getirmegi niýetlän harytlarymyzdan hiç zat alyp galmak başartmady.

– Bulary çapyp taşlamaga buýruk ber! – diýip, Subudaý batyr ýuwaş pyşyrdady. – Bulaň ählisi mekir jansyzdyr.

– Ýok! Men bulary hormatlap, sylag-serpaý ederin! – diýip, Baty han bir durkuny saklap jogap berdi.

– Beýtmek howply bolaýmasyn!..

– Sesiňi çykarma! Şeýtmek zerur! – diýip, Baty han kesgitli aýtdy-da, ýene söwdagärlere

[109] G a n z a ýa-da G a n z e – gadymy got sözi bolup, çet ýurtlar bilen söwda edýän german şereketi diýen manyny aňladýar. Has soňrak, XIV – XVII asyrlarda dürli şäherlerdäki ganza şereketleri birleşip, kuwwatly soýuza öwrüldi. Bu soýuzyň öz başyna söwda hem harby flotlary, Gibraltardan Nowgoroda çenli portlarda daşary ýurt kontoralary bardy. Baty han döwründe ganza söwdagärleri (entek bir bütewi soýuza birleşmedik wagtlary) Wladimire hem bulgara çenli ýetip, Günbatar Dwina, Dunaý, Dnepr boýunça gyzgalaňly söwda edipdirler. Tatarlaryň çozuşlary Günbataryň Gündogar bilen Kiýew arkaly edýän günorta ugruny dargadyp, demirgazyk ugrunyň güýçlenmegine getirdi, ýokarda agzalan Ganza soýuzyny hem-de onuň «Keramatly Pýotryň Nowgoroddaky kontorasyny» döretdi.

ýüzlendi:

– Diýmek, siz meniň esgerlerimden nägile-dä?

– Ýok-la! – diýip, söwdagärleriň baştutany jogap gaýtardy. – Men diňe myhmanlary ýeterlik derejede garşylap bilmänimiz üçin gynanýan. Nähilem bolsa, merhemetli han, siz üçin kiçijik peşgeş saklap galmak mada başartdy.

Söwdagär goltugyndan ajaýyp nagyşlar hem şekiller bilen bezelen ullakan kümüş bulgury çykardy.

Ýüzünde ýylgyryş peýda bolan Baty han humraýyp oturan Subudaý batyra seretdi. Soň bulgury eline alyp, nagyşlaryny synlady, gapagyny galdyryp, içine seretdi.

– Mäme üçin bu guşuň ýarpy göwresi ýok? Bu açar nämäni aňladýar?

– Ol biziň Lýubekdäki ganza şereketimiziň belligi. Germanlaryň gara bürgüdiniň ýarysy hem söwdagärleriň penakäri keramatly Petryň açary şekillendirilen. Hemmä belli bolşy ýaly, ol imanly bendeleriň amanadyny tabşyransoň barýan ýeri bolan Hudaýyň bagynyň – jennetiň gapysynyň açaryny saklap dur.

– Ýagşy, ýagşy! – diýip, Baty han hoş bolup güldi. – Siz, söwdagärler, özüňizi imanly bendeler hasaplaýarmysyňyz? Basym siz öz kuboklaryňyzdyr pullaryňyzyň ýüzüne «Baty han, jahangir, älemi boýun egdiriji» diýip ýazmaly bolarsyňyz. Men siziň ýurduňyzyň içiňden geçip, Lýubek diýen şäheriňizi zabt edip alaryn.

Ýalaňaç ganzaly söwdagärler sowukdan gagşap duruşlaryna:

– Sen Lýubek şäherini alýançaň, biz sowuk alyp ölmez ýaly, eşiklerimizi gaýtaryp ber! – diýip naladylar.

– Men size rehim edýän. Heriňize bir tatar possunyny bererin. Siz ýaly ýürekli söwdagärleri men gowy görýän. Gözleýänim siz ýaly adamlar. Mundan beýläk bulgar, urusut, german ýa-da gaýry patyşalyklar bolman, ýeke-täk beýik mongol patyşalygy bolar... Siz, söwdagärler, meniň bütin patyşalygymda erkin gezip, maňa gerek harytlar bilen söwda edersiňiz. Basym siz elden gideren ähli baýlygyňyzyň öwezini dolup, çet ýurtly söwdagärleriň iň gurplusy, iň bagtlysy bolarsyňyz. Maňa ýene näme haýyşyňyz bar?

– Biz öz gaýyklarymyzy gaýgy edýäs. Siziň batyr esgerleriňiz olary owradyp, oda ýakyp ugrapdylar. Öz esgerleriňe bu peýdaly şähere, bizni skladlarymyzdyr gaýyklarymyza degmez ýaly bir alaç edäýseň...

Baty hanyň gaşlary çytylyp, ýumrugy düwüldi.

– Siz diňe gaýyş, mum, mawut ýaly özüňize degişli zatlaryň gürrüňini ediň. Meniň esgerlerim bilen işiňiz bolmasyn! Ýaýdan sypan peýkamy yzyna dolap bolýan däldir. «Şäheri almaly!» diýip buýruk berenimden soň meniň erkim gutarýar. «Ýasanyň» kanunlary boýunça alnan şäheri üç günläp talamaga, otlamaga özlerine ygtyýar berilýändigi urşujylara aýan. Şol döwürde olary ygtyýar edilen şatlyk-şagalaňdan hiç kim mahrum edip bilmez. Ýene üç günden talanan şäherde kim görünse, biloňurgasyny ýazdyraryn. Haýyşyňyzy gutaryň! Gitmäge rugsat!

Söwdagärler näme etjeklerini bilmän, biri-biriniň ýüzüne gorkuly seredişdiler. Şol wagt peýda bolan Nazar Kärizek olara barmagy bilen bärik geliň diýen yşarat edip:

– Hany, ýörüň! Wada berlen possunlary serenjamçydan alalyň! – diýdi.

– Bu söwdagärler akylly hem gürleşmäge mylaýym adam eken! – diýip, Baty han Subudaýyň ýüzüne seretdi.

– Şoň üçinem, aýratyn howply – diýip, garry serkerde ýüzüni eňşidip jogap gaýtardy.

Muşkaf şäherini gaplap alan ýangyn entegem köşeşenokdy. Agaç jaýlar sähel salymda üýşmek köze öwrülýärdi. Asmany örten gara tüssäniň arasynda kämahal ak kepderileriň sudury göze kaklyşýardy. Boguk sesleri bilen töwerege ýaň salýan zakyjadyr gara gargalaryň sürüleri dumly-duşda gaýmalaşýardy. Tüsseden, howurdan ýaňa ýanýan jaýlaryň golaýyna barar ýaly däldi. Oljadan ýüklenen tatarlar tizräk şäherden çykmaga alňasaýardylar. Nökerleriň käbiri bir topar aýaly öňüne salyp sürse, birnäçesi elden-aýakdan çykyp aglaýan çagalary atyň öňüne basyp barýardy. Beýleki bir toparlary bolsa elleri arkasyna daňylan ýesirleri syrtmak atyp süýreýärdi.

Şäher hem onuň töweregindäki obalar iki günläp tatarlaryň ygtyýarynda boldy. Olar çar ýana at salyp, harabalaryň arasyny dörünýärdiler, derdine ýaramajak ýesirleri çapyp taşlaýardylar.

Tatarlar üçünji gün otrýadlara toplanyşyp başladylar. Olar dumly-duşdan odun üýşürip, ölen urşujylaryny hatar-hatar edip ýerleşdirdiler. Moskwanyň, harabalarynyň arasyndan alawlar tüsseläp

ugrady. Oduň daşynda döwre gurap, taý etini iýýän tatarlar seslerini sokduryp, iki baka yranyşyp, gurban bolan ýoldaşlary bilen hoşlaşyk hökmünde: «Baýartaý!» diýşip gygyryşýardylar.

Ertesi irden tatarlar edil gelişleri ýaly tizlik bilen şäheri terk etdiler. Olaryň ýekejesi dagam göze ilenokdy. Şondan soň arryk Neupokoý çalajan atyna atlanyp adam jesetleri gyzyl-ýaýyrt bolup ýatan doň derýadan geçdi. Onuň süýräp barýan gar arabasy daş ýaly doňup galan jesetleriň üstünden geçende naýynjar jygyldaýardy...

Neupokoý ýörejek ýoluny arassalajak bolsa-da, buza ýelmeşip ýatan jesetler aňsat gopanokdy.

– Ýer merhumlary berk saklaýar. Beresi gelenok ýaly – diýip, ol öz ýanyndan samrap, ýuwaşlyk bilen ýoluny dowam etdi. Basym onuň ýanyna ýerdöleden çykan bir goja bilen ýaş ýigit goşuldy. Goja çagalaryny ýitiripdir, ýaş ýigit bolsa zol ýeňi bilen ýüzüni süpürip, magşugynyň jesedini gözleýärdi.

– Näme beýle şumjarýaň? – diýip, Neupokoý ýaş ýigide ýüzlendi. – Öz Lýubaşaň çapylanyny gözüň bilen görmedik halyňa beýdip durmaň bolanok. Ony haýsydyr bir tatar hany özüne aýal edip alan bolsa näbilýäň?

– Ýüregim syzýar! – diýip, ýigit hamsykdy.

– Muňa sered-ä! Ýüregi syzýarmyş! Bol, gowusy, kömekleş! Bu ýatan bendelere gara! Janlary gijelerine aýlanyp ýörmez ýaly, bulaň baryny jaýlamak gerek.

Olar buza ýelmeşip ýatan jesetleri araba ýükläp, daşamaga başladylar. Bir döwüm nan gözläp, olaryň jübülerini dördüler. Soňra merhumlary hatarlap üýşürdiler. Olaryň arasynda birnäçe tataryňam jesedi bardy. Neupokoý çokundy-da, pessaý ses bilen mydyrdady:

– Indi-hä urşup bolan bolsaňyz gerek. Basym buzlar eräp, derýa açylar-da, ähliňizi gök deňize äkider. Siz juda köp! Hemmäňizi mazar gazyp jaýlamaga mende gurbat barmy!

## ÝEDINJI BAP

### Kulkan han Kolomnanyň eteginde

Mongollar Kolomna[110] galasyny entek Moskwa weýran edilmezden öň gabapdylar. Köne agaç diwarlar şähere ygtybarly gorag ýaly görünýärdi. Pos basyp giden demirler bilen näçe diýseň berkidilen derweze ýapykdy. Adamlar galanyň üstüne çykyp, şäheriň daşynda eýläk-beýläk ýüwürýän görülmedik atlylara gazap bilen seredýärdiler. Olaryň pes boýly, çakgan atlary kä kiçiräk tümmeklerdir çöp-çalamlaryň üstünden ýüzin salýardy, käte bolsa bir duran ýerinde aýlanyp, soň başga ýana ýönelýärdi.

Kämahal demir derweze jygyldap açylýardy-da, rus atlylarynyň ýüzüsi şäherden çykyp, goşun başlygynyň ýesir tutmak baradaky buýrugyny ýerine ýetirmek üçin galanyň töwereginde köw-söw edişip ýören mongollaryň üstüne çozýardylar. Aýak aldygyna gaçan bolup, al salmaga öwrenen mongollar olary golaýyna getirenokdylar. Rus atlylary bolsa goşun başlygynyň buýrugyny ýatlarynda saklap, şäherden daşlaşmaga gorkýardylar.

Tatarlaryň has ýüreklileri edil derwezäniň alkymyna gelip, ýokardan özlerini synlap duran ruslara peýkam atýardylar. Olaryň ujy demir tygly uzyn peýkamlary galapyn halatda boş geçmän, nyşana alan adamsynyň kükreginden parran sümýärdi.

Garry urşujy hykylap, sögünip bedenine sümen peýkamy çykardy. Henize çenli görülmedik geň peýkama hemmeler haýran galyp seredişdiler. Onuň ujundaky palçykdan edilen jürlewük peýkam uçup gelýärkä jürläp, gorkunç ses çykarýardy.

Çakgan atly tatarlaryň bir topary uruşmaga çagyryp, gyjalat berýän ýaly şäher derwezesiniň edil alkymyna geldiler. Kolomnaly batyrlar tatarlar bilen uruşmak üçin goşun başlygyndan rugsat soranlarynda, garry, köpi gören urşujy olary saklady:

– Entek soňky pursat gelenok. Mekir tatarlara ynanmaň. Olar al saljak bolýar!

Kolomnany goramak işine polowesler bilen söweşlerde şöhrat gazanan Ýeremeý Glebowiç ýolbaşçylyk edýärdi. Beýik knýazyň ogly Wsewolod Georgiýewiç bilen Rýazandan aman galan knýaz Roman Ingwarýewiç oňa kömekleşýärdi. Olaryň hersi bir goşuna – Wsewolod – suzdallylara, Roman bolsa Rýazandan gaçyp gelip toplanan esgerlere baştutanlyk edýärdi.

Ilki göräýmäge, tatarlar onçakly köp däl ýalydy. Kolomnany goraýjylaram şäheriň daşyna halkalaýyn aýlanan tatar otrýadlary bilen sandaşyrak bardy. Ýaş knýazlar Wsewolod bilen Romanyň

[110] K o l o m n a – şol döwürde Rýazany çarwalaryň çozuşlaryndan gorap duran öňdäki gala bolupdyr.

duşman bilen garpyşasy gelip içlerini it ýyrtýardy. Bu ýerdäkileri çym-pytrak edip, söweşde şöhrat gazanaslary, soňra beýleki toparlary ýok etmäge ugraslary gelýärdi.

Goşun başlygy ýüzbaşylaryň onusyna daňdanlar şäheriň ähli derwezelerinden daşa çykmaga taýyn bolup durmagy buýurdy. Onuň pikiri tatarlaryň lagerine darap gaýtmakdy.

– Tatarlardan ýesir aljak boluň. Olardan goşunlarynyň sanyny bilmegimiz, Kolomnanyň üstüne haýsy hanyň gelenini, beýleki hanlaryň nirededigini, olar öz otrýadlaryny bärik sürjeklermi ýa-da beýleki şäherleriň üstüne ugrajaklarmy – şu zatlary anyklamagymyz gerek. Ýesir alman yza dolanaýmaň!

Kolomnany gaban goşunyň baştutany beýik Çingiz hanyň kiçi ogly, ýaş Kulkan handy. Tatar-mongol atlylaryndan on mün adamdan ybarat tümen onuň elindedi. Mundan başga-da, onuň ygtyýarynda Baýander hanyň bäş müň adamdan ybarat gypjak goşuny hem dürli tatar taýpalaryndan düzülen garyşyk tümen bardy. Ýöne ol otrýadlar Kolomna gelmän, Suzdal topragyna ýaýrap, tokaýa gaçan ilaty talamak bilen meşguldy. Bir aýyň dowamynda olaryň otlap, külüni göge sowuran kiçeňräk şäherleriniň sany on dörde ýetdi.

Kulkan han Kolomnanyň etegine aýazly gyş güni geldi. Ol ýöriş öýlerini derýanyň beýleki kenarynda, sosna tokaýlygynyň gyrasynda dikmegi buýurdy. Bu ýerden Kolomnanyň diş-diş bolup duran agaç diwary, ýapyk demir derweze hem galanyň gözaralaryndaky ýaragly adamlar açyk-aýdyň görünýärdi. Derýanyň depesinde gargalaryň sürüsi gaýmalaşýan doňup ýatan yns-jynssyz tekiz buzy öňde duran söweş wagtynda goşun üçin aýlanmaga-öwrülmäge amatly meýdandy.

Kakasy Çingiz han ýaly uzyn boýly, güýçli, pälwan sypat Kulkan öz öýüniň gapdalynda duran ýerinden galany teşnelik bilen synlaýardy, onuň derbi-dagyn edilmeginiň özi üçin ilkinji söweş şöhraty boljagy barada oýlanýardy. Kulkanyň ýüz keşbinde galagopluk duýulmasa-da, kalbynda harasat gopýardy, edermenlik görkezmäge dyzmaçlyk, özüňden nägilelik ýaly duýgular asynda at salýardy.

«Men eýýäm on dokuz ýaşymda, emma ýüze tutarlyk eden işim ýok! – diýip, ol oýlanýardy. – Dogry, men ýaşymdaka kakamam hiç zat etmändir. Ol döwürde kakam aç nökerleri daşyndan sypyrylyp giden ýönekeý onbaşynyň garyp ogly eken. Soň ol gul edilip, boýny agyr gandally ýagdaýda rehimsiz hojaýynyň gamçysyny iýip, agyr sandal bilen demir ýenjipdir. Men bolsa häzir gudratly Kulkan han! Älemiň ähli halklarynyň hökümdarynyň ogly. Meniň ajaýyp atlarym, ygtyýarymda ýigrimi bäş müň adamly goşunym bar. Olar men golumy nirä salgasam, şol ýana-da ugraýarlar. Men, Kulkan han, kakamyň ýerine ýetirip bilmedik işinem başaryp, älemi boýun egdirip, soňky deňze çenli giderin. Ýöne bäsdeşlerim maňa päsgel berýär. Olaryň birinjisi – Guýuk han. Tä ýeňiş gazanýançam, onuň bilen dostlugy bozmaly däl. Baryndan güýçlüsi – Baty han. Näme üçin ony jahangir edip saýladylarka? Ilkinji şowsuzlyga uçran ýerinde ony iş oňarmazlykda aýyplap, jezalandyrmaly. Soň bolsa Guýuk hanyň ýoguna ýanmaly. Iň esasy zat şu ýerde – Kolomnanyň eteginde edermenlik, batyrlyk görkezmeli. Nökerlere jomartlyk etmeli. Goý, olar ot başynda otyrkalar men şanyma öwgüli gürrüňler etsinler. Soň bolsa beýik kagan boljak mahalym maňa arka durarlar...»

Öz bäş müň gypjak esgerleri bilen Baýander hanam Kulkan hanyň goşunyndady. Gypjaklar takwa musulman bolanlary üçin, mongol-tatar otrýadlary bilen garyşman, özbaşlaryna aýratyn lager bolup ýerleşipdiler. Olaryň arasynda özlerini pygamber öwlady hasaplaýan ýaşyl selleli, ýaşyl guşakly seýitlerem bardy. Olar gypjaklara Yslam dininiň kada-kanunlary, uruşda özüňi nähili alyp barmalydygy, din ugrunda gurban bolmagyň sogap işdigi barada takal okaýardylar. Agyzlaryny köpürjedip gürleýän seýitler sözleriniň soňuny şeýle çagyryş bilen tamamlaýardylar:

– Dini başgalary gyryň! Din ugrunda gurban bolanyň jaýy jennetdir! Şeýle adama ol ýerde ebedi bagt hem rahatlyk ýar bolar!

Musulman esgerleri öz dini mezhepleri boýunça sünnüler hem şaýylar diýen iki topara bölünýärdi. Sünni mezhepdäkilere – gypjaklar, şaýylara bolsa pars dilinde gürleýän eýranly esgerler girýärdi. Düşleg mahaly olar hiç wagt bile oturyp, bir gazanda nahar iýmezdiler. Şaýylaryň mezhebini wagyz edýän ymamlar ot başynda gadym zamanda gaýyn bolup giden, ýöne şindem diri «Ahyrzaman pygamberi» ymam Mätiniň peýda boljagy hakyndaky rowaýatlary aýdyp berýärdiler.

– Dünýäde zulum, sütem hetden aşyp, aňry pellesine ýetende, gaýyp bolan ymam Mäti ikinji gezek jahana iner. Şondan soň dünýäde adalat berkarar bolup, baý, garyp diýen sözler ýiter, ähli adam deň hem bagtyýar ömür sürer.

Bu gürrüňler şaýylaryň gulagyna hoş ýakýardy. Olar seýitlere öz gazanlarynyň başyndan ýer berip, «Ymam Mäti çet illerde gizlenip, bibi Merýemiň mübärek göwsünden akan süýdüň dökülen guýusyny agtaryp ýören bolmasyn? Aýdyşlaryna görä, şol süýt guýyň düýbünde aý şöhlesine meňzäp durmuşyn. Şol gep dogrumyka?» diýip soraýardylar.

– Biz dogry şol guýyny nazarlap barýas – diýip, gabarylyp oturan seýit üç barmagy bilen ýarma symyşlaýardy. – Diýýän sözlerime müňkür bolmaň: şol guýa seredip, bibi Merýemiň süýdünden emele gelen täze aýy – Hylaly gören adamyň gözleri dowzah oduna seretmekden halasdyr...

Gypjak esgerleri gadymy batyrlaryň edermenlikleri baradaky hekaýatlary ýa-da kel pälwan Keçeliň başdan geçiren gülkünç wakalaryny diňlemegi halaýardylar. Aýratynam, el-aýagy daňylgy urusut ýesiriniň ýüzbaşy Tulapbergeniň gowy atyny alyn gaçyşyny ýatlap, onuň çetine degmegi gowy görýärdiler.

Kolomnanyň etegine gelenlerinde derwezeden çykýan urusut esgerleriniň arasynda Tulapbergeniň atyny münüp oturan bir batyry görendikleri hakynda köp kişi gürrüň edýärdi. Şol aty nädip ele salyp boljagy barada her kim bildiginden maslahat beren bolýardy.

Dişini gyjap, ýüzüni kese-kese sowýan Tulapbergeniň bu degişesi gelip dili gijeýänleri çapyp taşlaýasy gelýärdi.

– Meň şol çyparym ýaly at biziň bütin goşunymyzda-da ýok. Onuň üstündekäm, ähli aty tozana garýardym. Indi nämä münüp, atymyň yzyndan kowalaýyn? Siziň münüp ýören bolgusyz atlaryňyza dagy ol zygam etdirmez.

Abdyresul molla gamhorluk eden bolup, oňa göwünlik berýärdi:

– Hemişe bolşy ýaly, bu işi düzetmäge diňe aýal maşgalanyň kömegi deger.

– O nähili? Nädip? – diýip, gypjaklar gyzyklandy.

– Saňa gerek aty diňe Kulkan han berip biler. Ýel ýaly ýüwrük atlar diňe şonda bar. Ýöne ol diňe şeraba sahy-da, ata gezek galanda gaty husytdyr. Sen gara gaşly, al ýaňakly urusut gözelini tutup, Kulkan hana eltip ber. Şeýle sowgatly barsaň, ol saňa at berer.

– Başbütin däl-de, diňe öz atymy ele salýançam berse-de bolany! – diýip, Tulapbergen ah çekdi.

– Häzir bol! Birden urusut seni ol atyňdanam dyndaraýmasyn! Alla saklawersin! – diýip, molla sözüniň üstüni ýetirdi.

Ýüzbaşy Tulapbergen kömek hantama bolup Kulkan hanyň ýanyna ugrady. Üst-başy gara gömlen iki sakçy uzak ýalbardyp ony öýe goýberdiler. Keramatly hökümdaryň kiçi ogly sosna şahalary taşlanan alawyň aňyrsynda bars derilerini ýazynyp otyrdy. Onuň çep tarapynda biri-birine gysylyşyp oturan alty müňbaşynyň hersiniň elinde agaç käse bardy. Ädiksiz aýaklary diňe keçe joraply hyzmatkär mongol tärimden sallanyp goýlan meşigiň ýanyndaky halynyň üstünde durşuna susak bilen käselere arza (aýran şeraby) guýýardy. Tulapbergen telpegini çykaryp, takdyra kaýyllyk alamaty hökmünde guşagyny boýnundan asdy-da, bir çetde mysapyrlyk bilen garaşmaga durdy. Kulkan han ulumsylyk bilen oňa üns bermän, öňki gürrüňini dowam etdirdi. Ahyram sessiz sömelip duran Tulapbergene ýüzlendi:

– Hä, näme arz-şikaýat bilen geldiň, edermen Tulapbergen batyr? Hany, tere geç-de, bize golaýrak otyr!

– Janym saňa gurban bolsun! Meň dadyma ýetişjek bir sen. Eger senem kömek etmeseň, özümi jeňe urup, döşümi urusutlaň gylyjyna tutaryn. Özüme ýol arçap, şöhrat gazanyp bilmedik ýerimde, ölenimi ybaly görerin.

– Näme beýle agzyňdan ýalyn çabraýar? – diýip, Çingiz hanyň şöhrat gazanan tejribeli serkerdesi, garry müňbaşy Burundaý oňa ýüzlendi. – Entek ýaş janyň bar. Ot başynda-da sen hakda edermen urşujy, taýsyz aňtawçy diýip gürrüň edýärler. Öňkiň ýaly gaýrat ediberseň, täze şan-şöhrata-da ýetersiň!

– Olaň bary geçen zat! Häzir gylyjy dogry göterip, bir zarbada duşmanyň kellesini ýolmaga güýji ýetmeýän her bir agzy sary maňa gyjalat berýär.

– Hany, gönüläp, dilegiňi aýtsana! – diýip, Kulkan han oňa ýüzlendi.

– Dilegim... Maňa bir rehim edäýseňiz diýip geldim. Kolomnanyň derwezesinden her gün bir urusut meniň ogurladan atymy münüp çykýar. Her gezek şoňa gözüm düşende, janym ýanyp, hiç alaç tapamok...

– Heý-de, gaýraty bolan urşujy duşmanyň öz atyny münüp ýörmegine çydap bilermi? Ony tut-da, çapym-çapym edip taşla!

– Öz sadyk gullaryňyzyň ýüregindäki oý-pikiri saňa edil kitapdan okan ýaly aýan bolany üçin, nähili dileg bilen gelenimi-de bilip dursuňyz.

– Men baryna düşündim! Wepaly Tulapbergene bir käse şerap beriň. Ol tekepbir urusuty at bilen birlikde ele salmak üçin men gabaw awuny guraryn. Saňa iň gowy atlara atlanan kyrk adam berýärin. Sen olary her üç ýüz ädim aralykdan dört-dörtden derýanyň kenarynda ýerleşdir. Urusutlar derwezeden çykan batlaryna meniň ýüz atlym olaryn ortasyna urup girer-de, iki bölüp, seň atyň üstünde oturan it ogluny bir çete kowar. Awçylar kemendini taýýarlap, onuň yzyndan kowarlar. Ýol boýy şol kowga seniň goýan atlylaryň dört-dörtden goşular barar. Seň atyň her neneň ýüwrügem bolsa, beýleki goşulan atlar dynç durany üçin ahyry yzyndan ýeter. Ana, şondan soň atyň boýnuna kement ataýmaly bolar...

– Sen beýik hem jomart han!

– Ol oglanjykdan özüm sorag ederin. Sen bolsa, Tulapbergen, ol dogrusyny aýdar ýaly, arkasyny ot bilen daglarsyň. Bu gyzykly aw üçin men saňa bir gowy at bererin.

– Ömrüm boýy janym saňa gurban bolsun!

## SEKIZINJI BAP

### Gabaw awy

*...Ol düşbi ýigitdi.*
*Çykardy sagdakdan gaty ýaýyny,*
*Bir peýkamy sogrup kirşe goýdy-da,*
*dartdy gulagynyň deňine çenli...*
*Ýaýdan zarply şuwlap çykan ol peýkam*
*Ýaş ýigidiň ýüregine sanjyldy.*

(Gadymy rus aýdymyndan)

Toropka Kolomna knýaz Roman Ingwarýewýçiň rýazanly otrýadynyň arasy bilen gelipdi. Çakganlygy hem buýrulan ýumşy wagtynda bitirýänligi üçin knýaz ýaş ýigidi hat gatnadýan edip öz ýanynda saklaýardy.

– Toropka buýran işiňden arkaýyn bolaýmaly – diýip, knýaz Roman ony öwýärdi. Oda girmelem bolsa çekinip durmasy ýok. Gaýta birdir-ýarymdyr aňkaw duşsa-da, öňüne salyp geläýýär.

Tatar ýesirliginden alyp gaçan çypar aty Toropkanyň iň eý görýän hemrasydy. Ol atyny bakyp, besleýärdi, özi aç galsa-da, soňky bölek nanyny oňa iýdirerdi. Kolomnada nandyr saman tapmak barha kynlaşýany üçin atam horlanyp ugrady. Adamlar bu gabawyň näçe wagta çekjegini bilmänsoňlar, ätiýaç üçin nanlaryny aýap, gizläp saklaýardylar. Töwerekden pena gözläp gelen bosgunlaram goşulansoň, şäheriň ilaty hasam artypdy. Atyň etini haram saýýan-da bolsalar, adamlar hatda şonam iýmäge başladylar.

Toropka söýgüli atyny halas etmek üçin iň howply, kyn tabşyryklary-da ýerine ýetirmäge taýyndy. Diňe şäherden çyksa armany ýokdy. Onuň aty hemişe eýerlengi, jylawy gaýtarylgydy. Içi ýol üçin salnan arpadan doly horjuny at çapan wagty gaçyp galmaz ýaly, kemer bilen mäkäm saralandy.

Ol öldürilen mongoldan alan ýaýynda peýkam atmaga türgenleşip başlady. Günüň-güni mongol lagerinden şuwlaşyp, galada duran esgerleri ýaralaýan peýkamlary çöpleşdirip alsaňam azlyk eder ýaly däldi.

Toropka diwarda içi ýonuşgaly halta goýdy-da, atyň üstünden peýkam bilen dogry urmagy öwrenmäge başlady. Bu ilki bada mümkin däl ýaly göründi. Sebäbi, dag geçisiniň gara şahyndan ýasalan mongol ýaýy juda gatydy. Peýkamyň diňe ýarysyna çenli çekmäge güýji ýetýän Toropkanyň oky nyşana ýetmän, hol bärik patlap gaçýardy. Mongollar bolsa kirişi dartman, eňekleriniň gabadynda saklap, çep ellerini ýazanlarynda ýaýyn özi dartylýardy. Kiriş sag gulagyň deňine ýetende sypdyrylyp goýberilýän peýkam şuwlap barşyna islendik nyşanany urýardy. Dura-bara Toropka-da oňa ökdeledi.

Bir gezek knýaz Roman Toropkany ýanyna çagyrdy-da, gyzyl mata dolanan kagyzy eline tutduryp, şeýle diýdi:

– Toropka-alňasak diýip, saňa ýöne ýere at dakan däldirler. Knýaz Wsewolod saňa möhüm iş tabşyrýar. Ertir biz garaşman durkalar tatarlaryň üstüne çozmakçy. Söweş gazaply bolar. Çaknyşyk

mazaly gyzan wagty derýadan geçip, sosna tokaýlygyna özüňi atyp bilseň, tatarlar seni görmän galar. Ol ýerden awçy ýodalaryna düşüp, demirgazyk taýa gitmäge çalyş. Knýaz Wsewolod bu hatda öz kakasy, beýik knýaz Georgiý Wsewolodowiçe şäheri goramagyň nähili kyn düşýänini habar berip, ony kömege çagyrýar. Bu ýagdaýda tatarlaryň basym bizi mynjyratmaklary mümkin. Sen Kiržaç, Rostow hem Ugliç tarapa ýola düş. Ol ýere entek tatarlar ýetenok, şoň üçinem, ýol açyk. Biziň bir, iki aýlap saklanmaga gurbumyz çatar. Eger beýik knýaz şol wagta çenli ýetişmese, ählimiz gurban bolarys. Başga çykalga ýok. Umydymyz sende. Tiz ýetiş-de, beýik knýazy tapyp, onuň goşunlary bilen bize kömege gel.

Bellenilen gün daň atmazynyň öň ýanynda ýaragly atlylar şäher derwezelerine barýan darajyk köçeleri doldurdylar.

Toropkanyň hem başga-da üç sany knýaz ogullaryndan bolan ýigdekçäniň duran ýeri edil derwezäniň agzydy. Ol ýigdekçelere-de garaňkyny penalap tatar postlaryndan geçip, hersine aýry şähere hat eltmek tabşyrylypdy.

Gije başlanan harasat entegem köşeşer ýaly däldi. Çapgyn şemal jaýlaň üçegindäki garlary duran atlylaryň üstüne tozadýardy. Esgerleriň az sanlysynda sowut bardy. Galanlarynyň egni o ýeri-bu ýerine apbasy ýaly demir bölekleridir süňk dakylan possunlydy.

– Indi nämä garaşyp durus! Eý, derwezeban, aç derwezäni! – diýip, esgerleriň birnäçesi basyk ses bilen gygyrdy.

Derwezäniň poslap giden petleleri jygyldap, dubdan edilen gapylar iki ýana serpildi-de, ýüregiňe wehim salýan garaňky boşluga ýol açyldy. Ol ýerde ajal garaşyp durdy. Elleri ýalaw ýaly egri gylyçly müňläp mongol gyýyk gözlerini gyrpman, häzir bolup durdy.

Beýlekileriň yzy bilen Toropkanyň atam ýerinden gozgandy. Töweregi janpenalar bilen gurşalan knýaz Roman Ingwarýewiç otrýadyň öňünden barýardy. Esgerler öz etmeli işlerini – derýanyň beýleki kenaryndaky tokaýyň içinde uklap ýatan tatar lageriniň üstüne çozmalydygyny bilýärdi. Esgerler biri-birine gysylyşyp, atlaryny gorgunyna sürdüler. Ak garyň üstünden gara kölegeler süýşüp barýardy. Bulutly asman gündogardan kem-kem ýagtylyp ugrady.

Derýanyň orta gürpüne ýeten Toropka atynyň başyny bir ýana burup, böwrüne hürsekledi. Birden onuň edil golaýyndan inçejik çirkin ses ýaňlandy:

– Khu-khu, khu-khu, mongollar!..

Buzuň üstünde at toýnaklarynyň güpürdisi artdy. Öňden çapyp gelýän atlylar nätanyş dilde özara gygyryşýardylar.

Toropka bada-bat atynyň başyny bir tarapa burdy. Ýöne öňünde entegem adamlaryň, atlaryň kölegeleri gaýmalaşýardy. Atyny yza öwren Toropkanyň nazary çala saýgardýan ýoda kaklyşdy. Şoňa düşüp haýdap barşyna ol atynyň sürçek buzda taýyp ýykylaryndan gorkýardy.

Bir gapdaldan üç mongol atylyp çykdy. Zarply gelýän peýkamlar Toropkanyň gulagynyň duşundan şuwlap geçýärdi. Çypar at tümmeklerdir buzlaryň üstünden aldygyna çapyp barýardy. Tatarlar gazaply gygyryşyp birsalym ony kowaladylar-da, soň yza galdylar. Öňde ýene-de adam sesleridir at toýnaklarynyň güpürdisi eşidildi. Dessine ugruny üýtgeden Toropkanyň ýoly atlarynyň jylawyndan tutup duran bir topar mongolyň üstünden düşdi. Şadyýan gykylyklar eşidildi:

– Tulapbergen, seň çypar atyň göni üstüňe gelýär! Tut ony!

Mongollar haýdan-haý atlanyp, Toropkanyň yzyndan eňdiler. Olaryň atlary gowy bolany üçin ara barha ýygrylýardy. Çypar atyň güýji gaçyp ugrady. Toropka atyň başyny çekmän, öz ugruna goýberdi. Soňam yzyna gaňryldy-da, ýaýy zarply çekip, has golaýlan atlynyň kellesini nyşana alyp, peýkamy sypdyrdy. Gelýän atly ellerini gerdi-de, atdan agdy. Onuň yzyndan atlaryny ýüzin salyp gelýän mongollar wagşyýana sesleri bilen gygyryşdylar:

– Waý! Dat! Kulkan han! Kulkan han öldürildi!

Çypar at eýýäm kowgudan daşlaşypdy. Mongollar yzda galdy.

Toropka atynyň başyny derýanyň kiçijik goşandyna sowup, kenarda ösen gür jeňňeliň arasyndaky mesaňa-mälim bildirip duran ýola düşdi. Bu ýerler oňa tanyşdy. Ýylan ýaly towlanyp akýan bu derýajyk öz gözbaşyny Toropkanyň önüp-ösen ýeri bolan Perunow Boruň ýanyndaky batgalyklardan alyp gaýdýardy. Hasylap dem alýan at ilki ýörişini haýalladyp, soňam durdy. Daş-töwerek gar basan garry ýolkalar bilen gurşalandy. Asman ýagtylyp ugrady. Şemal ýalňyz ösen kiçiräk dub agaçlarynyň ýapraklaryny şygyrdadýardy.

Awçy ýodasyna düşüp, atynyň jylawyndan idip barýan Toropka eşidilýän her bir şygyrda üns bilen diň salýardy.

«Näme üçin men demirgazyga barýan ýoly taşlap, Perunow Bora gidip otyryn? – diýip, ol içini gepledýärdi. – Meni ol ýerde özüne çekýän zat näme? Weşnýankanyň gözleri bolaýmasyn? ýok, mongollar meni kowalap, öz obama ýakynlaşdyrdylar. Bu ýere gelibem, oňa degmän geçsem, nähili bolar? Belki, diri galan adamlar bardyr. Ol ýerlerde bolan wakalary şolardan eşiderin.»

Gün orta bolanda ol ýoluň yns-jynssyz, howply ýerine ýetdi. Batgalyk buz bilen örtülipdir. Dine käýerlerde batganyň bürküldäp gaýnaýan ýerinden çykýan bug bulut ýaly ýokary göterilýärdi. Sähelçe säwligiň aty düýpsüz batgalygyň teýine iterip biljekdigine gözi ýetýän Toropka geçi ýodasy bilen seresaply ädim urýardy.

Ahyrsoňy agaçlaryň arasyndaky açyklykdan Perunow Boruň ýakynynda ösen garry tanyş dublar onuň gözüne ildi. Äpet daragtlara tarap ädim uran Toropka edil köne dostlary bilen duşuşýan ýaly tolgundy. Ol ýerde ata-babalarynyň çokunan ullakan agaç heýkeli-de ýykylyp ýatyrdy. Kimdir biri ýap-ýaňy bu ýerde bolup, onuň garyny süpüripdir. Munuň şeýledigini gapdalynda ýatan sübseden çen tutup biläýmelidi. Heýkeliň peträp duran gözleri asmana dikilgidi, ýüz keşbinde bolsa: «Näme üçin meni beýdip agdaryp gitdiler?» diýen nägilelik alamaty bardy.

Daş-töwerekde täze yzlar garyň üstünde açyk görünýärdi. Çaky, golaýda bu ýere aýallardyr çagalar gelip giden bolara çemeli. Toropka atyny debsiläp, kiçiräk depäniň üstüne çykdy.

Obanyň öýleriniň ýarysy gara köýük bolup ýatyrdy. Diňe çetdäkiler aman galypdyr. Kim otladyka? Garyp biçäreleri bu sowukda öýsüz-öwzarsyz galdyrmaga dözen kimkä?

Saweliý Dikorosyň öýi ýokdy. Onuň ornunda tüssäniň derdinden garalyp giden, palçykdan salnan ullakan peç hem ujuna sübse daňylan uzyn syryk durdy. Töwerekde ýary gara gömülen hüýt gara agaçlar çaşyp ýatyrdy.

Bir tüýlek ala köpek üýrüp topuldy. Başga ýerlerdenem itler üýrüp, oňa ses goşdy. Bu Pegaş ýalyla? Entegem diri gezip ýörmüň? Öz ýaş hojaýynyňy tanan ala köpek begenjinden ýaňa üzeňňä towusmaga başlady.

Toropka Zwýaganyň ýalyn çabrap garalyp giden jaýyna ýakynlaşdy. Penjiräniň ýşyndan içerä ujypsyzja ýagty düşýärdi. Toropka penjiräniň gabadyna baryp:

– Heý, diri adam barmy bu ýerde? Gapyny açyň! Gelen öz adamyňyz! – diýip gygyrdy.

Özara pyşyrdaşýan çagalaryň inçejik sesleri eşidildi:

– Eje jan, açma! Belki, erbet adamdyr? Ilki kimdigini sora.

Penjiräniň aňyrsyndan biriniň sesi geldi:

– Saňa kim diýýärler? Nireli borsuň?

– Näme, tanaňzokmy? Men Toropka. Saweliý Dikorosyň ogly. Tizräk gapyny açyň. Ozalam gyssanyp barýan. Ýetmeli ýerim uzak!

Derweze şakyrdap açyldy. Zwýaganyň egni ýyrtyk possunly uzyn, arryk aýaly atyň jylawyndan tutdy-da, bassyrma tarap idip ugrady.

– Bede tapylarmyka?

– Az-kem bar, balam. Häzir getireýin. Ony indi aýap nädeýin? Nälet siňenler atymyzdanam, sygrymyzdanam el ýuwurdylar. Içeri gir ahyry!

Käýerinde ýalnyň gyzgylt dilleri görnüp gidýän-de bolsa, galapyn odunyň ýanyşy ýaramazdy. Zwýaganyň aýaly hem mele saçly üç çagajygy Toropkanyň daşyny gallap oturyşlaryna, agyzlaryny açyp, oňa syn edýärdiler. Egnindäki sowudyny, başyndaky ujy çiş demir tuwulgasyny, gonjy belent gyzyl ädigini ellän görýärdiler...

– Ol nälet siňenler asmandan inen ýaly bolun, bu ýerinem tozduryp gitdiler – diýip, halys ysgyndan gaçan naçar derdinmäge başlady. – Iýer ýaly zatlaryň hemmesini syryp-süpürdiler, jaýlardyr küdeleri otladylar, aýallary, gyzlary, ýene-de birgiden çagany sürüp äkitdiler. Meňkileriň şu üçüjigi şahalaryň astynda gizlenip galypdyr hernä. Galan üçüsini bolsa Hudaý bilsin – nirä äkitdiler... Şondan bäri didarlaryna zar. Opalýonihanam äkitdiler. Seň Weşnýankaňam ýanynda. – Onuň bokurdagy doldy. – Olara doga okagyn. Tatarlaryň eline düşeniň dolanyp geljegine ynam ýok. Meniň Zwýagam niredekä? Bir-ä ony Rýazan galasynda gördük diýýär, ýene birem – gaçyp, tokaýda gizlenip ýör diýip habar getirýär. Eger şol dogry bolsa-ha basym öýe köwlener... Al, nan bir iýip otur, balam! Nanymyzyň ýarysy sosna agajynyň gabygydyr. Şony döwüp, çowdary ununa garyp hamyr edýäs. Mydar-da ýöne. Uny

aýawly tutmasaň boljak däl. Ýaz çykaryna ýetmezligi ahmal... Käte kölden balyk tutan bolýas. Gyzgyn nahar dagam ýat bolup gitdi. Gyzgyn suwa un sepip bulamak bişirýän. Çagalaryň bar mydary şol...

– Beýleki erkek kişilerden näme habar?

– Tokaýa gaçyp, janyny gutaranlar otrýada goşulanmyş. Iki-eke çete çykan, yza galan tatary öldürip, at-ýaragyny alýarmyşlar. Aýdyşlaryna görä, tatarlar gaty köpmüşin. Çöpde-çörde san bar, olarda ýok diýýärler. Biziň erkeklerimizem möjek ýaly uruşýarlar. Boýun egäýer ýaly däl. Aňlaýşyma görä, tatarlar biziň ýerimizde biraz wagt bolup, soň nirädir bir ýere gitseler gerek. Soň dagy özümizi dürsäp, içerimizi-daşarymyzy düzederis-dä...

Biraz dem-dynç alan Toropka ýene ýola düşdi. Onuň öňünden guýrugyny dik asmana tutup, Pegaş seňkildäp barýardy. Onuň bolup barşy hojaýynyna duşansoň beýleki itlere gyjalat berýän ýalydy.

## DOKUZYNJY BAP

### Baty hanyň gazaby

Yzly-yzyna ýollanan çaparlar Çingiz hanyň kiçi ogly Kulkan hanyň öldürilendigi baradaky habary Baty hana ýetirdiler.

Jahangiriň hiç kimi göresi gelenokdy. Çaparlar bolsa «at iým iýýänçä-de» garaşmaga wagtlarynyň ýokdugyny, häziriň özünde jahangiriň jogabyny alyp yza ugramalydygyny aýdyp gyssanýardylar.

– Biz serkerdesiz galdyk. Goşun näme etjegini bilenok! – diýip, olar gygyryşýardylar.

Sakçylar gödeklik bilen olaryň döşünden itip:

– Girmäge rugsat ýok. Garaşyň! – diýip, azm urýardylar.

Çaparlar ýanlaryndan geçýän nökerlere pyşyrdaýardy:

– Jahangir näme iş bilen meşgul?

– Möhüm iş bilen. Urusut jadygöýi bilen pal atyp, geljekki ýeňişleriň ýoluny biljek bolýar.

Çaparlar atlarynyň uýanyny guşagyna daňyp, öýüň golaýynda çommalyp ornaşýardylar. Täze gelen çaparlaram olara goşulýardy.

Sakçy esgerleriň baştutany, ýüzbaşy Arapşa geçip barýarka olary görüp saklandy. Uzyn boýly, agajet, tutuk keşpli, ýüzbaşy olaryň ýanyna gelip, ýeke-ekeden dykgatly nazar saldy.

– Iş bitiripsiňiz! – diýip, Arapşa olara ýüzlendi. – Indi günüňize it aglar.

– Biziň näme günämiz bar? Wezipämiz buýrugy ýerine ýetirmek. Jahangire müňbaşy Burundaýyň habaryny getirdik.

– Şum habar getiripsiňiz. Oňa-da özüňiz günäkär. Özüňize näme garaşýanyny bilýäňizmi?

Çaparlar hasyr-husur ýerlerinden turup, atlanmaga hyýallandylar.

– Gulak asyň hem boýun synyň! – diýip, Arapşa gygyrdy. – Nökerler, bu şum habar getirenleriň hiç birini goýberäýmäň. Atlaryny tutuň. Siz garaşmaly bolarsyňyz. Basym jahangir siz bilen gürleşmekçi.

Arapşa öýe girdi. Ýüzi çytyk, aýbogdaşyny gurup, başyny aşak salyp oturan Baty hanyň nazary ýumuk barmaklarynyň ujuna gönügendi.

Subudaý batyr onuň gapdalynda çöküne düşüp otyrdy. Ol gapynyň agzynda duran Arapşa seretdi. Ýüzbaşynyň: «Dursam bolarmy?» diýen sessiz sowalyna «Bolar» diýip, baş atyp yşarat etdi.

– Guýuk han ýaly, ol hem meniň iň ýigrenji duşmanymdy – diýip, Baty han seslendi. – Bu habara men begenmän, kim begensin? Başga edip biljek zadym ýok. Zäherli ýylanyň ýok edilenine men gaty şat!

– Baty han hökmünde şatlanyp bilersiň, ýöne jahangir hökmünde sen hasrat çekmeli! – diýip, Subudaý kesgitli garşy çykdy.

– Kulkan meniň ölümimi dileýärdi. Ol maňa sakgally aýal diýip gygyrdy. Onuň kükregini hanjar bilen ýaryp, zäherli ýüregini sogrup taşlamaga maňa päsgel beren sen. Meniň duşmanlarymyň köpüsi entek diri gezip ýör. Iň esasysy Guýuk han. Entek oň bilen haklaşyk wagty geler.

– Näme üçin sen o zatlary ýatlaýaň? Wepaly hyzmatkäriň bolan men gije-gündiz seniň goragyňda dälmi eýsem?..

– Arapşa kastyma iberilen satlyk haýynlardan meni üç gezek halas etdi...

– Ýuwaşrak! – diýip, Subudaý gaharly haşlady. – Goşunda bu zatlar barada bir adamam bilmeli däl. Serkerde syr saklamagy başarmaly diýýän özüň dälmi?.. Eger seniň şatlanýanyňy görseler, ähli kişi:

«Baty hanam özümiz ýaly adam eken!» diýmezmi? Sen edil duýulman durka ýaňlanan gök gürrüldisi ýaly Guýuk hanyň aňkaw, ýal ýagylaryny aňk et! Olary nirä gitmeli, näme iş etmelidiklerini biler ýaly, maksadyňa tarap gönükdir. Özüňi adatdan daşary, bilip, düşünip bolmaýan adam hökmünde alyp bar...

Baty han aýňalyp, syçrap ýerinden turdy-da:

– Şum habar getirenler nirede? Indi näme etjegimi özüm bilýän – diýip, aýgytly seslendi.

– Olar öýüň ýakynynda seniň buýrugyňa garaşyp otyrlar – diýip, Arapşa jogap berdi.

Eli ýalaňaç gylyçly öýden çykan Baty han oturanlara birlaý göz gezdirdi. Çaparlar dyza çeküp tagzym etdiler.

Ilki dişinden syzdyryp ýuwaş gepläp ugran Baty hanyň sesi soňabaka gatalyp, ahyram gykylyga ýazdy:

– Size günüň parasy bolan Keramatly hökümdaryň ogluny serdar edinmek ýaly beýik bagt miýesser edipdi. Hany, nätdiňiz ony?

– Özüm uruşjak diýse, biz ne alaç edeli? – diýşip, çaparlar sazanaklaşdylar.

– Sizem begendiňiz, şeýlemi? Öňdäki otrýadda gylyçlaşmak eýsem serkerdäniň işimidir? Keramatly hökümdar – beýik Çingiz han şeýdýärmidi? Hakyky serkerde ana, şol. Goşunyň yzynda barşyna ol dokuz agyz söz bilen onlarça, hatda ýüzlerçe müň atla ýol görkezýärdi. Şeýdip ol dünýäni titreden ýeňişler gazanmagy başardy...

– Biz ony bilýäs... O biziň ýadymyzda...

– Ýadyňyzda bolsa, näme üçin Kulkan hanyň ölümine ýol berdiňiz? Siz onuň ýönekeý nöker ýaly, öňüňize düşüp, urusutlar bilen söweşe topulanyna begenip, içiňiz gülendir. Hiç haýsyňyz ony saklap, yza geçmegi ündän dälsiňiz, öz göwräňiz bilen ony penalamak ýadyňyza-da düşen däldir. Siz dönük. Menden hiç hili rehim-şepagata garaşmaň...

Çaparlar ýüzlerini gara berip, ýere ýazyldylar.

– Yzyňyza ugraň! Goşuna «Eger günäňizi ýuwjak bolsaňyz, men barýançam Kolomna galasyny almaly!» diýen buýrugymy ýetiriň... Men baranymdan soňam şäheriň daşynda köw-söw edip ýören bolsaňyz, Çingiz hanyň döreden goşunynyň zibili hökmünde ähliňizi gylyçdan geçirmäge buýruk bererin. Güm boluň şu ýerden, öz atasynyň jesedini iýen sary gulak itler! Näme ommalyşyp ýatyrsyňyz?

Bokurdagy hyrlap duran Baty han gylyjyny aýlady.

Hasyr-husur turup, atlarynyň üstüne özlerini oklan çaparlar sähel salymyň içinde jyn dagan ýaly boldular.

– Edişim boldumy, Subudaý batyr?

– Hawa, Nurana! Ýaňky sözleriňiz maňa atańyzyň owazyny ýatlatdy!

– Men urusutlara beýik Çingiz hanyň ogluny öldürmegiň soňunyň näme bilen gutarýanyny görkezerin!.. Men urusutlaň ýerini bütinleý gana gark ederin... Ähli ilatyny iň soňky çaga, iň soňky itine çenli gyraryn. Mongol goşuny aýylganç ýangyn ýaly çabrap, urusutlaň ýurduny gum-guk mazarystanlyga öwrer. Ol ýerde gargalaň gygyldysy bilen börüleň uwwuldysyndan başga ses eşidilmez. Çaltrak meniň atymy getiriň!..

Baty hanyň gözleri petredi, agzy köpürjikledi. Aýagy bilen ýer depip, guduzlan ýaly gygyrdy:–

– Atymy getiriň! Çaltrak!

Batly urlan mis bölekleri güňleç zaryňňyldap, nökerleri aýaga galdyrdy. Surnaýlaryň sesi ýöriş habaryny hemmä jar etdi. Diňe Subudaý batyr bilen Arapşa öňküleri ýaly gymyldaman durdular.

– Nurana, saňa bir zady ýatlatmaga ygtyýar et! – diýip, Subudaý oňa ýüzlendi. – Çaparlary ugratdyň-da, öldürilen hanyň deregine adam bellemediň.

– Häzirlikçe düzgün boýunça, uly müňbaşy Burundaý goşuna baştutanlyk eder. Onuň beýle işlerde ýeterlik tejribesi bardyr. Ýene bir günden soň özüm ol ýere baryp, galany nädip zabt edip almalydygyny görkezerin!..

Baty hanyň hem Subudaý batyryň otrýadlary diýlen gün Kolomnanyň alkymyna bardylar. Söweş näçe diýseň gyzypdyr. Sap-sap bolup hüjüm edýän mongollar galany goraýjylaryň zarbyna çydaman yza serpilýärdiler. Ýöne hiç tarapdan kömek gelmäni üçin rus esgerleriniň güýji barha asgynlaýardy. Ahyry tatarlara şähere girmek başartdy.

Rýazan knýazy Roman Ingwarýewiç öz esgerleriniň arasynda görülmedik edermenlik bilen söweşip, mertlerçe gurban boldy. Goşun başlygy Ýeremeý Glebowiçem onuň ýanynda watan üçin çal başyny goýdy.

Tatarlar gözüne ileni rehimsizlik bilen çapýardylar. Ölmän galan az sanly adamam olaryň eline ýesir düşdi. Kolomnanyň tüsseläp duran harabalygynda tatarlar üç günläp şagal mesligini edip, ýaýnadylar. Baty han şäheriň ortasyndaky ýanan Woskreseniýe buthanasynyň ýerleşen meýdanynda odun üýşürip, onuň üstünde ýaş Kulkan hanyň jesedini goýmagy buýurdy. Onuň bilen birlikde mongollar Kolomnanyň iň gözel gyzlarynyň kyrkysyny ýakdylar. Ýaş hanyň altyn esbaplar bilen bezelen iki sany söýgüli atyny onuň aýagynyň ýanynda öldürdiler. Gyzlaram, atlaram «o dünýä» bile baryp, özleriniň ýaş ölen eýelerine wepaly hyzmat etmelimişler.

Şol meýdanda ölen mongol esgerleri üçin ýene bir alaw ýakyldy. Otlar bir wagtda alaşdy. Bu zatlary gara atynyň üstünde oturan ýerinden tutuk nazar bilen synlaýan Baty han kämahal beýleki esgerleriň hoşlaşyk gykylygyna ses goşýardy:

– Baýartaý, baýartaý!

## ONUNJY BAP

### Wagşylar paýtagta howp salýar

Wladimiriň beýik knýazynyň aýaly Agafýanyň günleri galagoply geçýärdi. Ol sürnüp gelýän harasada unutjak bolup, köp wagtyny maşgala, köşgüň hojalyk işlerine güýmenýärdi, hemmelere: «Mert boluň, dowla düşmäň!» diýip göwünlik berýärdi. Onuň ýaş gelinleri Mariýa, Hristina hem başga-da bir topar boýar aýallary «Ahyrzaman başymyzdan indi» diýşip, ýaka ýyrtyp esreşýärdiler. Çagalar knýazyň köşgünden gaçyp, galanyň üstüne çykýardylar.

– Mekdepde okasymyz gelenok! – diýip, olar gowur turuzýardy. – Indi biziň uruşmaly wagtymyz geldi. Biz esgerlere kömekleşeris, tatarlara ok atarys, daş zyňarys.

Agafýa gündizini, gijesini doga okap geçirýärdi. Her gün irden ol Uspeniýa ybadathanasyna baryp, tutuk ýüzli, gyňyr ýepiskop Mitrofan bilen söhbet ederdi.

– Gudraty güýçli Perwerdigär rus goşunlaryna hemaýat berip, dini başga tatarlary dep eder ýaly doga okaň! – diýip, ruhany oňa göwünlik berýärdi. – Adamyň knýaz Georgiý Wsewolodowiçi hem ogullaryny Hudaý öz penasynda ýowuz duşmanyň gazabyndan aman saklar ýaly ybadat ediň!

Agafýa äriniň öz söz berşi ýaly, basym uly goşun toplap geljegine hem rus topragyny tatarlardan azat etjegine ýürekden ynanýardy. Ol yhlas bilen doga okap, gözlerini ýumanda, ynamly gürleýän, uzyn boýly, güýçli äri edil garşysynda duran ýaly, aňynda janlanýardy... «Ol söweş işlerine belet. Basym goşun toplap, tatarlary kowar. Ol öz söýgüli ak atynyň üstünde Wladimiriň Altyn derwezesinden girende, men gelinlerim bilen garşylamaga çykaryn. Atynyň jylawyndan tutup, köşge özüm elterin...» diýip göwün ýüwürdýärdi.

Knýaz Wsewolod az sanly esgeri bilen Kolomnadan gaçyp geldi. Agafýa dessine ýakyn boýarlaryny geňeşe çagyrdy. Maslahata goşun başlygy Petr Oslýadukowiç, müňbaşylaryň käbiri hem knýazyň iki gelni gatnaşdy.

– Meniň o beladan aman sypyp, bu ýere gelmegim baryp ýatan gudrat. Jebraýyl perişde penakärlik etdi. Tatarlar Kolomnany çar tarapdan gabadylar. Olaryň goşuny şeýle köp. Goşuna olaryň iň ululary bolan Çagoniziň kiçi ogly baştutanlyk edýärdi. Üçünji gün diýlende birden tatarlaryň düşleginden çirkin dat-perýat, deprek sesleri çykyp başlady. Ýesirleriň aýtmagyna görä, olaryň serdary Kulkan han ruslaryň biriniň okundan gurban bolupdyr. Şol sebäplem olar öz hudaýlaryna arzlaryny aýdyp, perýat edýär ekenler. Maňa şol başly-baratlykdan peýdalanyp, gaçyp çykmak başartdy. Tatarlar bu ýere edil bahar aýyndaky suw daşgyny ýaly, ähli ýeri basyp, ägirt uly güýç bilen geler. Olaryň öňünde durmaga biziň güýjümiz ýetmez... Aýallaryň ýaraýany goý, demirgazyga – Nowgorod, Kostroma, Galiç ýa-da Belozero şäherlerine gaçyp gitsin. Tokaýda ýa bolmasa beýleki gizlin ýerlere özümizi atmaly. Wladimirde erbet gyrgynçylyk bolar. Kakam gelýänçä olary saklamaga güýjümiz ýetmezmikä diýýän.

Agafýa kesgitli jogap gaýtardy:

– Biz sizi taşlap gitmeris. Ajal şerbetini bile içişeris!

Onuň iki gelni aglap, şeýle diýdi:

– Sizi bu ýerde goýup, bir ädimem ätmeris! Ýeke özümiziň ýat ýerlerde näme işimiz bar? Ýaş çagalarymyz bilen ýat illerde ölüp galarys. Ondan ýanyňyzda durup, söweşenimiz gowy!

– Söweş diýlen zat aýal işi däl! – diýip, goşun başlygy Petr Oslýadukowiç garşy çykdy.

Knýazyň maşgalasynyň gyzlyga alan ýetimegi Prokuda iki gelniň ortasynda oturan ýerinden söze goşuldy:

– Meniň eşidişime görä, tatarlaryň aýallaram ata münüp, öz ärleridir doganlarynyň ýanynda söweşýärmişler.

– Goý sesiňi, Prokuda! – diýip, Agafýa ona azgyryldy. – Halys başyňa gidipsiň. Köşkde oturmaly halyňa galanyň üstünde ylgap, garyplaryň çagalary bilenem gürleşip ýörsüň.

– Barybir sizden gaçyp, Wolga tokaýlaryna, özümi çokundyran atamyň ýanyna giderin. Bu ýerde ah-wah edip oturmakdan näme haýyr bar? Ondan tokaýda ýa-da meýdanda duşman bilen ýüzbe-ýüz durup urşanyň has gowy. Bir başa – bir ölüm bar. Nirede bolsaňam, ondan gaçyp gutulma ýok.

– Jaýda gulp astynda oturasyň gelýändir seň! – diýip, Agafýa oňa azgyryldy.

– Tatarlar gelse jaýam bolmaz, ikimizem galmarys!

– Bu nä bela bold-a! – diýip, knýaz aýaly uludan demini aldy. – Aýu, eneke! Prokudany öz jaýyna äkit basymrak!

– Bu gün mekdepde okuw bar. Mugallym bilen hoşlaşyp gelmäge rugsat et! – diýip, Prokuda ylgap gitdi.

## ON BIRINJI BAP

### Grek-rus mekdebinde

Ybadathananyň ýanyndaky daşdan salnan kiçiräk jaýa gelýän oglanlar gapynyň agzynda üst-başlarynyň garyny kakyp, köwüşlerini arassalaýardylar. Jaýa girip, possunlaryny bir burça oklansoňlar, tekjede duran agaç daragy alyp, aşak etegi gyradeň edilip kesilen saçlaryny daraýardylar. Zalyň ortasyna baryp, öňünde şem ýanyp duran ikona yhlas bilen çokunýardylar. Soň bolsa oýulyp haşamlanan agaç kürsüde oturan mugallymyň gaşyna baryp, gaty ses bilen:

– Uzak ýyllar sag-salamat boluň, Maksim Dalmatowiç! – diýip, salamlaşýardylar.

Garaýagyz, gara sakgal, ullakan burnunyň ujy inçe mugallym oglanlara agras nazaryny aýlady-da, guraksy jogap gaýtardy:

– Ýerli-ýeriňizde oturyp, kitaplaryňyzy açyň!

Oglanlaryň bary on iki sanydy. Olar berýoza agajyndan ýasalan uzyn insiz stoluň iki tarapyndan uzalyp gidýän tagtanyň üstünde edep bilen oturyp, golýazma kitaplaryny açdylar. Pergament kagyzlaryna kir, ýag ornap giden ol kitaplar öňem köp okuwçylaryň elinden geçene meňzeýärdi.

– Turuň! – diýip, deri telpegini kitaply tekjäniň ýanyndaky diwara kakylan agaç çüýden ildiren mugallym seslendi. Oglanlar ör turdy. Olaryň biri doga okady.

– Oturyň!

Oglanlar oturan badyna jaýyň gapysy jarka açylyp, Prokuda içerik kürsäp girdi. Onuň yzynda garry eneke-de bardy. Ol Prokudanyň possunyny çykaryp, köýnegini düzedişdirdi-de, burçda duran sandygyň üstünde çökdi.

Prokuda mugallyma ilki eglip tagzym etdi, soňra salam berip, çetde oturan oglany egni bilen birýana süýşürip, olaryň hatarynda ornaşdy.

Mugallym kesewi ýaly elini sakgalynyň üstünden ýöredip, üsgürindi-de, söze başlady:

– Bu gün meniň size berjek aýratyn nesihatym bar. Bulatko, bäriňe seret. Wereşaga, Çapyrany dürteklemäňi bes et. Meniň gözüme garap oturyň.

Birden gaty üsgürip başlan mugallym özüni dürsänsoň, sözüni dowam etdi:

– Monah Maksim bolanym üçin meniň işim kitap ýazmakdan, siz ýaly çagalara okamagy, ýazmagy öwretmekden ybarat. Siz hemme harplary öwrendiňiz. Meniň niýetim basgançaga alyp çykan ýaly size dogalary, dini aýdymlary hem gaýry şulara meňzeş hudaýhonlygy ündeýän zatlary öwretmekdi.

Çagalar onuň gürrüňine agyzlaryny açyp gulak asýardylar. Ýumrugyny eňegine diräp oturan Prokuda gaşlaryny gerip, mugallymyň aňmasy kyn sözlerine düşünjek bolup azara galýardy.

– Bu mekdebi Wladimir-Suzdalyň beýik knýazy, şöhratly hem paýhasly hökümdar Konstantin Wsewolodowiç saldyrypdy. Kitaphon adam bolany üçin ol öz dergähinde köp alym kişileri saklaýardy, özi-de kitap ýazýardy. Onda diňe grekçe kitaplaryň sany müňden geçýärdi. Olaryň bir toparyny özi satyn alsa, bir toparyny Sargradyň beýik ruhanysy sowgat beripdi.

Mugallym elini ýüzüne tutdy-da, stola tarap eglip, sesini kesdi.

Çagalar biri-birin tirsekleri bilen dürtüşip «Bu gepleri näme üçin aýdýarka? Oňa bir zat bolýan bolaýmasyn?» diýip pyşyrdaşdylar.

Mugallym elini ýüzünden aýyrdy-da, kellesini silkip, gürrüňini dowam etdi:

– Çekip-çydardan çökder agyr zamana geldi. Biziň garaňky gijedäki yşyk dek ýagty saçyp duran şu mekdebimiziň ýerleşýän şäheri bolan Wladimire ähli zady küle öwürmegi niýet edinen göwsi tupanly, ýyldyrymly gara bulutlar süýşüp gelýär. Bu mekdebem, bu gymmat bahaly kitaplaram wagşy halk üçin zadyň alnyndan däl. Geçen asyrlaryň ýadygärligi bolan bu kitaplary tatarlar atyň aýagyny bişirip iýmek üçin odun deregine ýakarlar.

Mugallym gözlerini süpürdi-de, soňky gezek synlaýan ýaly, çagalara üns bilen nazar saldy.

– Şu gün biziň iň soňky sapagymyz. Indiden beýläk siziň ornuňyz şäher galasynyň üstünde bolar. Gylyç, naýza götermek biziň – uly adamlaryň işi. Siz bolsa peýkam daşamak, suw, nan getirmek ýaly işlerde kakalaryňyza, agalaryňyza kömek bermeli bolarsyňyz...

– Biziň isleýänimizem şol! – diýşip, çagalar gygyryşdylar.

– Meniň sizden ýene bir – iň soňky haýyşym bar. Tatarlaryň mekdebe kürsäp girmegi, ony otlamagy mümkin. Şoň üçinem, bu kitaplaryň ählisini sandyklara salmagymyz, ýerzemine eltip daş bilen mäkäm gizlemegimiz gerek. Eger haýsymyz diri galsak, ýerzemini ýadyňda saklap, tatarlar gidensoň öz nebereleriňiz okar ýaly, şol kitaplary daşa çykarmaly. Aň-bilimiň bu gymmat bahaly şamçyragyny gizlemek biziň mukaddes borjumyz... Hany donlaryňyzy geýiň.

Çagalar gürre örüp, etmeli gyzykly işlerine begenişip, geýinmäge durdular. Prokuda oglanlaryň biriniň ýanyna baryp, ony çete çekdi.

– Bulatko! Men saňa bir zat aýtjak. Ýöne hiç kimiň ýanynda dil ýaraýmagyn! Maňa don, köýnek, dolak, köwüş – umuman birlaý oglan eşigini tapyp ber...

– Mende täze zad-a ýok, hemmesi ýyrtyk.

– Maňa geregem şol-da. Ejeligim tatarlar gelse, ybadathanaň bir jaýyny içinden gulplap, otlanyp ölmegi ýüregine düwdi... Meniň oglan geýimine girip, tokaýa gaçasym, tä ýok edip kowýançak tatarlar bilen urşasym gelýär...

– Menem seň bilen, Prokuda! Diýen zatlaň hemmesini taparyn! – diýip, Bulatko şatlandy. – Beýlekilerem senden galmaz!

## ON IKINJI BAP

### Wladimir şäheriniň hasratly günleri

Tatarlar şäheriň eteginde duýdansyz peýda boldular. Daňdanlar birgiden araba gerek bolaýjak paty-putularyny ýüklän şäherliler tokaýda janyny gutarmak üçin derwezeden çykdylar. Günortan aralar bolsa daşy gabalan Wladimir şäheriniň bütin älem bilen baglanyşygy kesildi.

Tatarlaryň ilki göreniňde howlukman, parahat gelişleri baýramçylyk dabarasyna ýygnanýan adamlaryň bolşuny ýatladýardy. Olar sagatsaýyn köpelip, tizden töwerekdäki bütin meýdany doldurdylar. Ähli ýerde alaw ýakylyp, ýükli arabalar olaryň ýanynda goýuldy. Araba goşulan atlary boşadýan tatarlaryň özlerini alyp barşy rus goşunyndan hiç hili ätiýaç etmeýäne meňzeýärdi.

Soňra atlylaryň ençemesi topar tutup, Wladimiriň galasynyň düýbünde aýlanyşyp başlady. Olaryň egninde ýere meňzeş uzyn garamtyl possun bardy. Çümre geýen gaba telpekleriniň derdinden gyýyk gözleri çala ýyldyrap görünýärdi. Olar gaty gygyryp bir zatlar diýýärdiler, sögünýärdiler. Asuda sowuk howada olaryň düşnüksiz geň sözleri, wagşyýana gykylyklary açyk eşidilýärdi.

Geň däp-dessurlary, görülmedik zalymlyklary hakynda iniňi tikenekllediji gürrüňler edilýän bu del halkyň esgerlerini synlamak üçin Wladimiriň bütin halky gala tarap eňdi.

Knýaz aýaly Agafýa, onuň gelinleri Mariýadyr Hristina hem öz ýakyn boýar aýallarynyň, enekeleriň ugratmagynda Altyn derwezäniň golaýyndaky galanyň üstüne çykdylar. Goşun başlygy, ýaş knýazlar Wsewolod bilen Mstislaw eýýäm ol ýerde tatar goşunlarynyň hereketine üns bilen seredip durdular.

Altyn derwezäniň agzyna gelen otrýadyň arasynda eginleri ala hem gyzyl çyzmykly matadan tikilen lybasly bezemen hanlar saýlanýardy. Olaryň münen satanlak, daýaw atlarynyň esbaplary

altyndan bejerilendi. Eginlerindäki sowutlaryň käsi simden, beýlekileri bolsa demirdendi. Hanlaryň daşynda elleri inçe naýzaly ýüz sany esger bardy.

Sypatyna seretseň, gaçyp geçen polowes bolaýsa gerek diýdirýän dilmaç endamy tegmilli atyny derwezä golaýladyp, galanyň üstündäkilere ýüzlendi:

– Ok atmaň! Gulak asyň! Beýik jahangir Baty han öz ýeňilmezek güýçli goşuny bilen üstüňize geldi. Beýik knýaz hem hökümdar Georgiý Wsewolodowiçiň ondan habary barmyka? Näme üçin siziň hanyňyz henize çenli beýik hanyň ýanyna baş egip gelenok? Näme üçin sowgat-serpaý ýollap, wepalylyk kasamyny içip, şäheriň derwezelerini açanok? Ol nirede gizlenip ýatyr? Ony bärik iberiň, biziň diýjek zatlarymyz bar!..

Diwarda duran boýarlar özara pyşyrdaşdylar. Goşun başlygy:

– Bu nähili agyr zamana boldy! – diýip, uludan dem aldy.

Dyzmaç wladimirlileriň käbiri peýkamy ýaýdan sypdyrdy. Ýaralanan tataryň aty bir duran ýerinde aýlanyp başlady. Tatarlar galadakylara onlarça peýkam bilen jogap berdiler. Ok degen bolara çemeli – kimdir biri janhowluna gygyrdy.

Tatar dilmajy ýene galadakylara ýüzlendi:

– Ok atman! Bärik garaň: öňüňizde duranyň kimdigini tanaýaňyzmy?

Iki atly ýüp bilei saralan uzyn boýly, arryk ýaş ýigidi süýrekläp getirdi. Ol ysgynsyzlygyndan ýaňa entirekläp, aýaklarynyň üstünde zordan saklanýardy. Boýnuna oralan ýüp dartyp durmasa, ýykyljagy gümansyzdy. Atlylar ýigidi-de edil howply wagşy haýwan alnyp barylýarka topulmasyn üçin saralýan ýüpi iki tarapdan berk çekişleri ýaly edip saklaýardylar.

Galanyň üstünden çirkin ses çykdy. Ol ýesiriň Moskwany goramaga giden ogly – knýaz Wladimirdigini tanan knýaz aýaly Agafýanyň sesidi. Onuň ýanynda duran beýleki aýallaram bu aldajy sowukda egni ýuka kenep köýnek-balakly, aýagyna ädige derek letde oralan ýaş ýigide nebisleri agyryp aglaşdylar.

– Jan balam, Waduşka! – diýip, Agafýa gözýaş döküp eňreýärdi. – Seni nä günlere duçar edipdirler!

– Eje jan, aglama! – diýip knýaz Wladimir gygyrdy. – Mähriban şäherimiziň goragynda berk duruň! Duşmany hiç zatdan çekinmän, urun! Bular biziň ýurdumyzda uzak durmazlar, basym Wagşy meýdana giderler. Meni gynap, ezýet baryny berselerem, bulara boýun egmedim. Biziň üstümizden höküm sürmek bulara başartmaz! Berk durup, gaýtawul beriň!

Ýaş ýigidi tutup duran tatarlar onuň depesinden gamçy inderip başladylar.

– Kes sesiňi! – diýip, dilmaç ara goşuldy. – Hötjet wladimirliler, gulak asyň! Ine, akylsyz, tekepbir ýaş knýaz Uldemir siziň öňüňizde dur. Munuň özüni nähili agyr külpede sezewar edenine serediň. Beýik jahangire boýun egmäni üçin şu güne düşdi. Boýnuýogynlyk, kesirlik edenleriň hemmesiniň ykbaly şeýle bolar. Rýazan, Pronsk, Ižeslawl, Muşkaf hem başga-da togsan dokuz şäher alnyp, barynyň küli göge sowruldy. Boýun egmedik adamlaryň bary çapyldy ýa-da ýesir edilip sürüldi. Bu duran knýaz Uldemiri biz aýy ýaly ýüp bilen sarap, adamlara göz etmek üçin aýlap ýörüs. Sizem şuň kysmatyny isleýärmisiňiz? Şäher derwezeleriniň açaryny bize gowşuryň. Biziň beýik Baty hanymyzyň saýasynda siz gowy hem erkana ömür sürersiňiz!..

– Muňa gulak asmaň! – diýip, Wladimir gygyrdy. – Goranyň! Tatarlarda rehim diýlen zadyň düşnügem ýok. Siz boýun bolaýanyňyzda-da, barybir, ähliňizi gyrarlar! Nälet siňenler sizi aldajak bolýar!

– Öleris, emma boýun egmeris! – diýip, galada duranlar gygyrdylar. – Gelen sähraňyza tarap güm, boluň! Rus topragynda görüňiz ýok!

Tatarlar yza dolandylar. Wladimiri getiren iki atly ony ýykdy-da, jeset ýaly edip, garyň üstünden süýräp äkitdiler.

Şol günüň özünde tatarlar Altyn derwezäniň gabat garşysyndaky depäniň üstünde sary çadyr dikdiler. Onuň iki gapdalynda ýerleşen on sany akly-garaly öýler telpege meňzäp tegelenişip otyrdylar. Çar tarapda sakçylaryň ýakan otlary alawlap görünýärdi.

Wladimir şäheriniň adamlary tatarlaryň hereketlerine gözlerini dikip durdular. Boýun egmek, tabynlyk hakynda hiç kim kelam agyz gep aýdanokdy. Ýesir düşenleriň takdyrynyň nähili bolýany, dürli ýollar bilen şähere girjek bolup dyrjaşýan tatarlaryň hilegärlikleri hemmä aýandy. «Olary şähere goýbereniň dat gününe» diýen gürrüňden adamlaryň gulagy ganypdy.

Knýazlar Wsewolod bilen Mstislaw öz esgerlerini alyp şäherden daşarda duşman bilen garpyşmagy ýüreklerine düwdüler:

– Ölsegem, namysymyzy saklap, jeň meýdanynda ölenimiz ýagşy!

Garry goşun başlygy Petr Oslýadukowiç olaryň bu niýetini unamady:

– Ölüme gyssanman, öňürti tatarlaň köpüsini gabra itermek gerek. Häzirlikçe alňasaman, tagapyl eden ýagşy. Hökümdarymyz, beýik knýaz Georgiý Wsowolodowiç gol gowşuryp, bikär oturan däldir. Ol ullakan goşuny bilen basym bize kömege geler, ýerlerimizi hem paýtagtymyzy halas eder.

Tatarlar hüjüme taýýarlanýan wagtynda, olaryň uly otrýady bölündi-de, Suzdala tarap ugrady. Şäheriň adamlary iki günläp gorandylar. Üçünji gün tatarlar Suzdala kürsäp girip, talaňçylyga başladylar, knýazyň köşgüni hem Dmitriýew monastyryny otladylar, adamlary gyrdylar. Suzdallylardan diňe ozal tokaýa gaçyp ýetişenler aman galdy. Olar ähli garry adamlary, ejiz kempirleri, maýyplary, körleri, hatda ozal degmeýänem bolsalar, Suzdalyň poplaryny, monahlarydyr monah aýallaryna çenli gyrdylar. Diňe monah gyzlary öldürmän, ýesir edip äkitdiler.

Çetde, gür tokaýyň içinde ýerleşen Bibi Merýem diýlip at berilýän gyzlar monastyry talaňdan aman galdy. Wladimiriň eteginde ýerleşýän lagerine howlugýan tatarlar gyssagarada oly tapyp bilmediler.

1238-nji ýylyň[111] 6-njy fewraly güni tatarlaryň bir müň adamdan ybarat mähellesi wladimirlileriň henize çenli görmedik pürslerden ýasalan gurallaryny şäher galasynyň düýbüne süýräp getirdiler. Olar diwar ýumurýan hem daş atýan maşynlardy. Tatarlar arabalara ýükläp, harsaň daşlary, doňan kesekleri, şahalardyr pürsleri daşap, barysyny bir sre üýşürdiler. Gala diwaryna dyrmaşar ýaly agaçlary söýediler. Olar şäherden hiç kim gaçyp çykmaz ýaly, gyssanmaçlyk bilen şäheriň daşyna halkalaýyn aýlandylar.

Şeýlelikde, wladimirlilerde halas bolmaga hiç hili umyt galmady. Tatarlar şeýle köp bolany üçin, şäherlileriň hersine ýigrimi adamdan dagy ýetýärdi. Wladimirliler biri-biri bilen gözýaş edip hoşlaşdylar.

– Ertir, keramatly Fedor Stratilatyň hatyrasy gününde gar harasady gopup, hemmämize baky ýasyn okar!

Ýedinji fewralda daňdanlar tatarlar şäheriň çar tarapyndan hüjüme geçdiler.

Knýaz aýaly Agafýa, onuň iki gelni, ýakyn boýar aýallary, garry poplar hem monahlar daşdan salnan esasy ybadathanada gizlendiler. Ol ýerde bulara uzyn boýly, arryk, gara sakgally, gara gözleriniň owasy gyzaryp duran ýepiskop Mitrofan garaşýardy. Onuň ýanynda ikonalar goýulýan tekjeleriň öňündäki belent ýerde uzyn gara lybasa çolanan din hadymlary durdy. Olar ses goşup doga okaýardy. Ýepiskop pessaý, emma kesgitli gürläp, hemmeleri ölümi merdana hem iman bilen garşylamaga çagyrdy.

– Duşmana garşylyk görkezmäge derek Hudaýyň erkine bil baglaň hem imanyňyzyň halas bolmagyny diläň. Hemmäňiz günäden saplanyp, perişdeler ýaly päkize bolýaňyz. Tatarlaryň elinden şehit bolup, bütin äleme hökmi ýöreýän Hudaýyň gaşyna – dogry jennete uçup gidersiňiz... Eý, biribar, biz bendeleriňe göze görünmeýän goluňy uzat! Sadyk gullaryňa öz penana ýygna!

Duranlaryň hemmesi gezek-gezegine Mitrofanyň ýanyna bardy. Ol dini däp boýunça hemmäniň saçyndan bir tutam gyrkyp, maňlaýlaryna keramatly ýag bilen hajyň şekilini çyzdy. Saçlaryny kesdirip, özlerini pida etmäge taýyn bolan adamlar maňlaýy ak haçly gara çiş telpegi geýip, biri-biriniň golundan berk tutdular. Hemmesi egin-egne berip duruşlaryna ses goşup dini aýdyma gygyrdylar. Daşardan tatarlaryň gazaply gykylyklary, ajal ýakasyndan tutan aýallaryň janhowluna gygyrýan çirkin sesleri gelýärdi.

Pürsleriň ybadathananyň gapysyna gütläp degýän sesleri, jaýrylýan agaçlaryň şatyrdysy eşidilip ugran mahaly birden Agafýa gyzlygy Prokudanyň ýokdugyny görüp, elewräp ugrady. Enekeler Prokudany gözläp gygyrdylar, ýokarky otaglara, jaň kakylýan ýere çenli barladylar. Ýöne ony hiç ýerden tapmadylar.

– Ak pata alman, toba etmän dünýeden ötmeli boldy-da! – diýip, Agafýa eňredi. – Ol jennete-de meň bilen bile düşmez! Tüýs bagtygara men boldum! Hemme dogan-garyndaşlarymdan birden jyda düşdüm!

[111] 1238-nji ýyl – şol wagtyň sene hasaby boýunça dünýäniň döredileninden bäri 6746-njy ýyla gabat gelýär.

## ON ÜÇÜNJI BAP

### Diri alaw

Baty han Klýazma derýasynyň belent kenarynda duran ýerinden Wladimir şäherine edilýän hüjüme üns bilen syn edýärdi. Ýanýan şäheriň gyrmyzy ýalny onuň atynyň altyndan edilen bezeglerinde oýnaýardy. Başyndaky polat tuwulgasynyň altyn gupbasy gyzyl çog bolup ýaldyraýardy.

Baş derwezäniň agzyna aşyrym-aşyrym gelýän tolkunlar ýaly, tatar atlylarynyň täze güýçleri toplanýardy. Olar atlaryny aşakda goýup, gala direlen germewlere, gabaw merduwanlaryna dyrmaşýardylar.

Ýokardaky daş diwarda gazaply söweş gidýärdi. Wladimirliler erjellik bilen gaýtawul berýärdiler. Tatarlar olar bilen tutaklaşyp, diwardan şäher taýa bökmäge synanyşýardylar. Rus urşujylary gurban bolanlaryň ýerini dolmaga dyrjaşýardylar. Ýöne olaryň sany barha azalýardy. Tatarlaryň bolsa täze tapgyrlary gykylyklaşyp, gala dyrmaşýardy.

Baty hanyň çep tarapynda pes boýly gyr atyň üstünde eginlek Subudaý batyr daş heýkel ýaly dommarylyp otyrdy. Ol şäherde gopýan goha, ahy-perýada sesini çykarman diň salýardy. Baty hanyň sag tarapynda ýogyn aýakly ýorganyň üstünde arryk müňbaşy Burundaý hökgerilip otyrdy.

– Jahangir, serediň! – diýip, saryýagyz Burundaý tüýsüz ýalyň ýüzüni Baty hana tarap öwürdi. – Guýuk hanyň urşujylary şähere iki çetden ot berdi!

Subudaý ýüzüni kürşertdi.

– Guýuk hanyň esgerleri ömür iliň yzyndadyr. Ot olaryňky däl. Şäheri urusutlaryň özleri otlady...

– «Ýeňilmezekler» näme haýal deprenýär? – diýip, Burundaý gygyrdy.

– Burundaýa gulak asma! – diýip, Subudaý batyr dişlerini gyjyrdatdy. – Gabawdakylar ir bilen batyr, erjel ýaly görünýändir. Biraz tagapyl etmek gerek. Günortan bezemen possunly garrylar sandyraşyp, şäher derwezeleriniň açarlaryny tylla gabyň üstünde goýup getirerler... Hawa! Hemişe – Hytaýda-da, Tangutda-da, Buharada-da, Samarkantda-da şeýle bolupdy! Bu gün şu ýerde-de şeýle bolar!

Baty hanyň garaşasy gelenokdy. Ol dyňzap duran gaharyndan ýaňa ýarylaýjak bolup, hüňürdeýärdi. Aty hem aýagyny gazap, duran ýerinde towsaklap, öňe okdurylmaga çemelenýärdi.

– Müňbaşy Burundaý! Derwezäniň ýanyna tiz ýet-de, barla: hytaýly ussa Li Tun-po uklap galaýan-a däldir-dä?

Burundaý gamçy çalandan, ýorga ok ýaly atyldy. Derwezäniň agzynda ujuna demir geýdirilen taran batly hallan atyp, gapa güýç bilen urulýardy. Ýarym ýalaňaç ýesirler birsydyrgyn hallanlaýan tarana bat berýärdiler.

– Ur güýçlüräk! Ur ýene! – diýen sesler ýaňlanýardy.

Mongollar has güýçli iteletjek bolup, ýesirleri gamçy bilen saýgylaýardylar. Duşmanlara kömekleşmekden boýun towlan birnäçe ýesiri mongollar duran ýerinde çapyp taşladylar.

Ýokardan – galanyň gözaralaryndan, Altyn derwezedäki kiçijik buthananyň penjirelerinden mongollaryň üstüne kerpiç, otly kesindilerdir peýkamlar ýagyp başlady. Dub derweze taranyň zarbasyna çydaman, çat açyp, ahyry ýykyldy. Tatarlar şadyýan gygyryşyp, galany goraýjylaryň öňlerinden çykanyny atlaryna kakdyryp, öňe okduryldylar.

Darajyk köçe pürsler, arabalardyr agaç diwaryň bölekleri bilen beklenendi. Wladimirliler tatarlary palta hem agyr serdesseler bilen garşyladylar. Jaýlaryň üçegine çykan şäherliler duşmana peýkam atýardylar, depelerinden harsaň daşlary inderýärdiler... Köçelerde münder bolup ýatan jesetlerem gazaply öňe dyzaýan tatarlaryň badyny gowşadyp bilenokdy. Olar atdan düşüp, ölüleriň geýmini sypyrýardylar, öýleri, dükanlary talap, ýene öňe okdurylýardylar. Pes boýly, çydamly atlar her hili päsgelçiliklerden, keserip ýatan pürsleriň üstünden geçýärdi, büdräp, eýesi bilen birlikde ýykylýardy. Nökerler yzlaryndan gelýän Baty han hem onuň ýanyndakylar üçin haýdap ýol arçaýardylar.

Jahangir atyny ýuwaş sürüp gelýärdi. Onuň gara aty gulaklaryny keýerdip, horguryp zordan süýrenýän ýaralylaryň üstünden böküp geçýärdi. Çar tarapdan naýynjar iňňildiler, çasly eňreme hem dabaraly gykylyklar eşidilýärdi.

Baty han «ýeňilmezekleriň» üýşüp duran ýeri bolan esasy meýdandaky daş ybadathananyň öňünde saklandy. Onuň golaýa gelenini gören esgerler talaňçylygy bes edip, ýüzlerini gara berdiler.

Baty han olara üns bermän, öňküsi ýaly gabarylyp otyrdy. Käte onuň hereketsiz ýüzünde wagşyýana ýylgyryş peýda bolýardy. Ol Subudaý batyra garap:

– Bulgardan hem Rezandan soň şu alanym üçünji paýtagt bolýar! – diýdi.

Subudaý oňa şeýle diýdi:

– Hawa! Mongollaryň beýik ýörişiniň ahyryna çenli basyp alan paýtagtlaryň sany togsan dokuza ýeter!..

– Hany, seň diýen açarly garrylaryň görünmedi-le? – diýip, olaryň ýanyna gelen Burundaý inçe sesi bilen ýaňsylaýjy äheňde sorady.

– Eger olar häzir gelmeseler, özlerine şonça-da erbet bolar! – diýip, Subudaý beýlesine öwrüldi.

– Özlerine erbet bolar! – diýip, Baty hanam onuň diýenini gaýtalady. – Men olaryň rehim etmek hakdaky haýyşlaryna gulak asman... Şäheriň ähli ilaty gylyçdan geçiriler! Şu gün Kulkan hanyň hununy urusutlardan daş ýany bilen üzlüşerin.

Ak daşlardan salnan belent, haýbatly ybadathana alyp bolmajak derejede berk ýaly görünýärdi. Onuň girilýän gapysynyň ýanynda üýşen eli paltaly tatarlar oýma nagyşlar bilen bezelen dub gapyny döwjek bolup azara galýardylar. Ybadathanadan doga okaýan adamlaryň endigan çogup çykýan sesleri eşidilýärdi.

– Bu ses näme? Dilmaçlar nirede? – diýip, jahangir sorady.

– Men bärde! – diýip, knýaz Gleb seslendi. – Ybadathanada gizlenen adamlar ölmek aňsat bolar ýaly, öz jynazalaryny okaýarlar.

Nökerler uzyn pürs getirdiler-de, ellerinde hallanladyp urup duruşlaryna ybadathananyň gapysyny döwdüler.

Aýdym sesi öňküsinden güýçlendi. Ýarym aýlaw derweze ýaly girelgäniň garalyp duran deşiginden aýallaryň gorkularyndan ýaňa üýtgän ýüzleri göründi. Maňlaýyna ak haç tikilen gara telpekli, gara lybasly aýallar ellerinde ýanyp duran mum şemleri tutup duruşlaryna: «Keramatlylaryň hatarynda baky rahatlyga ýetir!..» diýen dogany sokduryp aýdýardylar.

Ybadathananyň ortasyndaky sekiniň üstünde egni gara lybasly, başyna ruhanylaryň altyn telpegini geýen ýepiskop Mitrofan durdy. Ol iki eli bilen ýokary göteren altyn hajyny dört tarapyna aýlap, belent sesde doga okaýardy:

– Doganlar, uýalar, toba eliň! Kyýamat başymyzdan indi! Gorkyny kalbyňyzdan kowuň!.. Şehit ölenleriň jany imanly bendeleriň hatarynda jaý tapar! Toba ediň!..

Sandyraşyp duran biçäre aýallar biri-birine mäkäm gysylyşyp, agyzlaryny giň açyp gygyryşdylar:

– Bizi özüň halas et, Taňrym! Toba etdik!..

Olaryn bir topary henizem: «Keramatlylaryň hatarynda baky rahatlyga ýetir!..» diýen dogany sanaýardy.

Baş han atyny segredip, basgançaklar bilen daş aýmança çykdy-da, ybadathananyň içine nazar aýlady. Soňam gysylyşyp duran nökerlerine ýüzlendi:

– Urragh! Edermen bürgütler! Öňüňizde gar ýaly ak gazlar hem semiz ördekler dur. Bary siziň oljaňyz! Paýlaşyň!

Mongollar şatlykly gygyryşdylar:

– Urragh! Khu-khu!

Ybadathananyň gapysy öňürti girjek bolup bary birden bosan mongollara dar geldi. Uzyn gara lybas geýen elleri paltaly monahlar olary gazaply urgy bilen garşyladylar. Gapynyň agzynda münderlenen jesetler yzdakylara olja barýan ýoly bekledi.

– Otlamak gerek! – diýip, Subudaý batyr Bagy hanyň gulagyna pyşyrdady.

– Otlaň! – diýip, Baty han buýruk berdi.

Nökerler ýakyndaky agaç haýatlary döwüp, gapynyň agzynda uly ot ýakdylar. Alşan oduň ýalny garaňky girelgäni tutuşlygyna ýapdy. Ot ybadathananyň içine çabrap, daş diwarlary ýalap ugrady. Ýokarky penjirelerden goýy gara tüsse burugsap çykýardy. Ýalnyň, tüssäň arasyndan eşidilýän doga sesini aýallaryň çirkin gykylygy bölýärdi.

Ýalyn belende göterildigiçe, aýdym sesem barha ýuwaşaýardy. Wladimirli aýallaryň erjelligine hem barlyşyksyzlygyna haýran galan mongollar gymyldaman durdular.

Iň soňky sesler ýatyşdy. Biriniň naýynjar agysy eşidilip, olam kesildi. Ýanýan agaçlaryň şatdyldysyndan başga hiç hili ses-selem ýokdy.

Mongollar ody bir ýana süýşürip, ybadathananyň içine girdiler. Ýarym beýhuş, çala jan aýallary süýräp howla çykardylar. Ellerindäki çagalaryny alyp, töwerekde ýanyp duran jaýlara zyňyp goýberýärdiler. Aýallaryň geýimlerini sypyryp, üstüne bökýärdiler. Göwünlerini hoşlansoňlar, olaryň göwüslerini kesip, hanjar bilen garynlaryny ýaryp, atlaryna tarap haýdaýardylar. Tapan-tupan zatlaryny düwünçege düwüp, atlaryny mas ýüklän mongollar täze oljaň gözlegine çykýardylar.

Parahat, tekepbir görnüşini saklaýan Baty han öz paýyna – «mukaddes olja»[112] garaşýardy.

Meýdana ýazylan aýal possunlarynyň üstüne merjen monjuklar, kümüş hem altyn haçlar, bilezikler, ýüzüklerdir gaýry gymmat bahaly şaý-sepler üýşüp ugrady. Poplaryň zerli geýimleri, boýarlaryň possunlary, ikonalardan alnan kümüşler, keramatly diýilýän tylla jamlaram olaryň üstüne atyldy. Barynyň depesinde ýepiskop Mitrofanyň tylla telpegi ýaldyrap durdy.

Mongollar huşundan giden knýaz aýaly Agafýany süýräp getirip, jahangiriň atynyň aýagynyň ýanyna okladylar.

Nökerler onuň ýüpek köýnegini, başyndaky dürden düzülip edilen bezeglerini, kümüş nally gyzyl ädigini sypyryp, öňki zatlaryň üstüne taşladylar.

Bu zatlara biperwaý garap duran Baty han:

– Ýagşy, ýagşy! Bu urusut gözelini kimiň göwni isleýär? – diýip sorady. – Menden-ä çekinmäň!

– Bu müňbaşy Burundaýyň paýy! – diýip, mongollar gülşüp gygyryşdylar. – Onuň halaýany etli-ganly, daýaw aýallar!..

Burundaý çuw-ýalaňaç ýatan aýalyň ýanyna baryp, esli mahal synlap durdy. Onuň ala ýorgasy boýnuny aşak egip, horguryp, yza tesýärdi. Ol üsgürnip atdan düşdi. Bisabyr müňbaşylaryň bir topary Burundaýdan soň göwünlerini hoşlamak üçin ýarym aýlaw bolup toplanyşyp durdular.

Knýaz aýaly Agafýa aglamadam, gygyrmadam. Ýalaňaç bedenini elleri bilen ýapmaga synanyşdy. Utançdan hem gorkudan ýaňa bütin göwresi bilen ýygrylyp, doňup galan gözleri bilen özüne golaýlaşýan arryk, süňkleri somalyşyp duran göwräni synlady...

Mongollar Baty hanyň ýanyna bir daýaw ýaşulyny süýrekläp getirdiler. Endam-jany ýüp bilen saralan garry sypjak bolup, güýjünde baryndan dyzaýardy.

– Jahangir! Sen duşmanyň edenli batyrlaryny görmek isleýärdiň! – diýip, onuň ýanyna gelen ýüzbaşy Arapşa seslendi. – Ine, şu garry urusut Hudaýynyň öňünde galan ýeke-täk adam. Hemmämize garşy munuň bir özi uruşdy... Tüsse-de, odam, böwründen sümen üç peýkamam muny ýere ýazyp bilmedi...

– Berekella! – diýip, Baty han seslendi. – Konaz Gleb, garrydan sorag et!

Knýaz Gleb onuň adyny, haçandan bäri goşundadygyny sorady.

– Meniň adym Şibalka. Altyn derwezäň ýanyndaky galanyň üstünde otuz ýyl bäri gözegçilik edýän.

– Men seniň günäňi geçýän! – diýip, Baty han gabaryldy. – Seni özüme nöker edip almakçy.

– Şibalka! – diýip, knýaz Gleb jahangiriň aýdanlaryny oňa düşündirdi. – Tatarlaryň beýik patyşasy saňa uly rehimdarlyk etdi. Ol seniň günäni geçdi. Ýöne samsyklyk edip, onuň garşysyna ýarag götermeli dälsiň. Ol seni öz ýanynda gulluk etmäge alýar. Dyzyňa çök-de, oňa tagzym edip, minnetdarlyk bildir!

Şibalka ganguýma gözlerini töweregine gahar bilen aýlady. Demigip, agzyny giňden açdy. Onuň böwründe üç ok somalyp durdy.

– Bolýar, men oňa ak ýürek bilen wepaly hyzmat edeýin. Meniň naýzamy elime beriň. Ony tatar patyşasynyň ýogyn garnyndan süsdüreýin! Sen dönügem kerçärin!

Garry soňky güýjüni jemläp, gan gatyşykly tüýküligini knýaz Glebiň gözüne palçyldatdy...

– Sarygulak it! – diýip, Baty han dişini gyjap, Şibalkanyň ýüzükessir gamçyny aýlady. Garry öňküsi ýaly sarsman durdy. Dört sany mongol onuň ellerinden asyldy.

– Eý, nöker! – diýip, Subudaý batyr gyryljyk ses bilen gygyrdy.

Golaýda duran nöker atdan böküp düşdi-de, egri gylyjyny gynyndan sogrup, tä sapyna çenli Şibalkanyň garnyndan sokdy.

Garrynyň agzyndan akan gan çal sakgalyndan syrykdy.

– Biziň topragymyzyňam azat boljak güni geler! – diýip, Şibalka batly seslendi-de, ýuwaşlyk

[112] «Ýasanyň» berk kanunlaryna laýyklykda, her bir nöker söweşden soň jahangiriň ýanyna gelip, sag dyzyna çöküp, ähli talap alan zatlarynyň iň gymmatlarynyň bäşden bir bölegini onuň öňünde goýmaga borçly. Mundan başga-da, aýratyn bir bölek mongol ýurdundaky beýik Kagana ibermek üçin aýrylyp goýlupdyr.

bilen aşak çöküp, ýüzüni gara berdi...

Rus döwletiniň beýleki şäherleriniň arasynda Kiýew şäheri ýaly tiz kaddyny dikläp, Demirgazyk-Gündogar Russiýanyň görki – şöhratly Wladimir şäheri şeýdip weýran boldy.

Ak daşdan gurlan ajaýyp ybadathanalar oňa bezeg berýärdi. Şäheriň ähli çet ýurtlulary haýran galdyran kaşaň knýaz köşgüniň şöhraty uzaklarda-da bellidi. Onuň gala ymaratlary bilen ýarym aýlaw şekilli birleşýän Altyn derwezesi şäheriň harby goranyş jähtden berkdigine güwä geçýärdi. Kiýewde bolşy ýaly, onuňam söwda edilýän meýdanlarynda gündogardan, günortadan, günbatardan gelen söwdagärleriň gowry peselenokdy. Hünärmentçiler ýerleşen ýerinde bolsa hemişe zähmet joş urýardy. Wladimirli ussalaryň elinden çykan zatlar ähli ýerde ýörgünlidi. Wladimiriň daşdan ymarat salmakda şöhrat gazanan ussalarynyň şöhraty has-da ýokarydy. Olaryň Suzdalyň şäherlerinde bina eden daş ýüzi çeper heýkeller bilen bezelen ajaýyp ybadathanalaryny görmäge göz gerekdi.

Wladimir şäheri dine bir özüniň maddy baýlygy ýa-da boýardyr söwdagärleriniň köplügi bilenem däl-de, eýsem, magaryfy, kitaphanalary, ybadathanalardaky akylyny haýran edýän nagyşlary, beýik knýazyň hazynasyna toplanan çeper eserleri bilenem meşhurdy.

Ine, idi olaryň bary wagşy mongol esgerleriniň aýagynyň astynda depgilenip, wes-weýran bolup galdy.

# ÝEDINJI BÖLÜM

## GAZAPLY ÝEWPATIÝ

*Ýada salýar gum-guk mazarystany!*
*Hasrat doly boşluk baksaň her ýana*
*Munda ömür süren ynsanlaň bary*
*Ajal şerbetinden içipdir gana.*

(W. Gýugo, «Gündogar aýdymlary»)

## BIRINJI BAP

### Rýazanyň köki

Wagşy meýdanyň içinden Çernigowdan Rýazana çenli uzap gidýän ýol bilen eginleri demir sowutly, başlary tuwulgaly, dyzlaryna galkan şekilli polat geýdirilen bir topar atly esger barýardy. Uzyn hatar tutup, seslerini çykarman barýan otrýadyň ýaraglary gün nuruna ýaldyraýardy. Hemişeki degişme, şadyýanlyk, jedel hiç kimiň ýadyna düşenokdy. Rýazana golaýlaşdyklaryça talanan obalar, ne däne, ne saman goýlan harmanlar tiz-tizden duş gelip ugrady... bu ýerlerde tatarlaryň hojaýynlyk edenligi bes-bellidi.

Galdaw polowes atynyň üstünde oturan ýaş pälwan otrýadyň iň öňünden barýardy... Ol tiz-tizden üzeňňä galyp, dumanlap duran alyslyklara nazar salýardy. Kalbynda harasat gopýardy. «Mähriban Rýazanymda maňa nämeler garaşýarka? Gijä galaýdykmykak? Belki, indi olara kömegiň geregem ýokdur?..» diýen oýlar aňynda at salýardy.

Ol ýakynda bolup geçen işleri ýadyna saldy.

...Rýazandan ilçi bolup baran Ýewpatiý Kolowraty[113] Çernigowyň knýazy Mihail sowuk-sala garşylapdy. Şeýle-de bolsa Ýewpatiý özüne basalyk berip, knýaza hormat bilen tagzym etdi:

– Siziň huzuryňyza baş egip, haýyş bilen geldim. Bize kömek et! Rýazanyň beýik knýazy hem hökümdary Ýuriý Ingwarýewiç häzirki agyr pursatda ýardam bermegiňizi haýyş edip, meni siziň ýanyňyza ýollady!..

Ýewpatiý knýaza hem çernigowly boýarlara Wagşy meýdanyň içi bilen Demirgazyk Russiýa tarap çekirtge ýaly süýşüp gelýän mongol ýygyny barada gürrüň berdi. «Rýazanlylaryň garrysy-ýaşy öz mähriban topragyny goramaga aýaga galdy. Ýöne san-sajaksyz tatarlara bir-özleri hötde gelerden rýazanlylar az!» diýip sözüniň üstüni ýetirdi.

– Gep owadanlamaga-ha ökdeläpsiň, Ýewpatiý! – diýip, Çernigowyň knýazy Mihail söze başlady. – Seň haýyşyňa anyk jogap bermek üçin birneme kelle döwmek gerek... Ýöne size goşun-a berip bilmezmikäk diýýän!

Boýarlar gowur turuzdy.

– Öz uly polkumyzy mungallaryň üstüne iberip bilmeris!

– Goşunsyz Çernigowyň başyna nä günler geler?

– Bizi kim gorasyn?

Olar uzak jedelleşdi. Ýewpatiý boýarlara haýyş edip, ýagdaýy düşündirip, kän azap çekdi. Ahyry özleri höwesek gitjekleri ibermeli diýen karara geldiler.

Jarçylar jar çekip, Çernigowyň halkyny ýygnady. Münbere çykan Ýewpatiý Rýazana hem bütin rus ýurduna abanýan howp hakynda gürrüň berdi. Ol bu ýeriň halky bilenem edil uly maslahatda öz şäheriniň adamlarylyň öňünde gürleýşi ýaly gürrüň etdi.

Çernigowlylar onuň aýdanlaryny makulladylar. Gitmäge höwesek adamlar köpdi. Ýöne bular ýaly ýaragsyz, ýyly geýimsiz, pyýada ýygyndan haýyr azdy... «Rýazanlylaryň-a kömege garaşyp, gözleri ýolda. Bular bolsa...» diýip oýlanan Ýewpatiniň gaşlary gaharly çytyldy.

– Gulak as, Ýewpatiý! Men bir karara geldim – diýip, Çernigowyň knýazy Mihail oňa ýüzlendi.

[113] Käbir gadymy çeşmelerde Ýewpatiý Kolowart «Gazaply Ýewpatiý» diýlip atlandyrylýar.

– Şularyň içinden üç ýüz sany batyry saýlap al! Olary gowy atlar, uruşa zerur bolan ýaraglardyr geýim, ýol üçin azyk bilen üpjün etmegi öz boýnuma alýan. Bolany şol! Bizden mundan artyk zada garaşma!

Ýewpatiý Çernigowyň halkyna minnetdarlyk bildirip, üç ýüz sany men diýen batyry saýlap aldy. Knýaz Mihailden gerek zatlaryny alansoň, otrýad duşman bilen garpyşyp, halys ysgyndan gaçan Rýazana tarap howlukmaç ýola düşdi.

Sähranyň geçmesi kyn düşen menzillerini yzda goýup, Rýazana ýakynlaşan otrýad atlarynyň badyny çaltlandyrdy. Oka derýasynyň belent kenarynda ýaňy-ýakynda-da seleňläp oturan gözel şäheriň deregine gar basyp ýatan gum-guk harabalara olaryň gözi düşdi.

Atlylar doňup ýatan derýadan geçdiler. Çöp-çalamlaryň arasynda, çukurlarda doňup galan jesetler göze ilýärdi. Derýanyň ýapgyt kenarynda-da, şäher galasynda-da, ýolda-da buz bilen örtülen jesetler ýaýraşyp ýatyrdy.

Şäheriň daşyndaky berk agaç diwar ýykylypdyr. Esasy derwezäniň ýerinde garalyp duran giň köwekden çykan ýabana dönen tüýlek itler çar ýana pytrap, dessine gizlendiler.

Atlylar ýykylan pürsleriň, üýşüp ýatan kerpiçlerdir zir-zibilleriň arasy bilen seresaply ýöräp esasy meýdana çykdylar. Bu ýerde şowhunly halk maslahatlary bolardy, uly ybadathananyň reňbe-reň gümmezleri biri-birine utgaşyp, göwnüni göterýärdi, knýazyň ýonulan agaçlar bilen enaýy haşamlanan kaşaň köşgüni germäge göz gerekdi. Knýaz käte şol ýerde durup halk bilen gürrüň ederdi. Tatarlaryň ýer bilen ýegsan eden bu ymaratlarynyň çaşyp ýatan meýdanyny Ýewpatiý zordan tanady.

Meýdanyň ortasynda äpet alawyň yzlary bildirip durdy. Gara köýük bolan adam süňkleri, kelleçanaklar, ýalyn çabran tatar tuwulgalary hem galkanlary çaşyp ýatyrdy.

– Bu ýerde tatarlaryňam amanadyny tabşyrany az däl ýaly-la! – diýip, urşujylaryň käbiri seslendi.

Olar ýadaw atlardan düşüp, taşlanyp gidilen öwlüýä ýaly gum-guk, hasratly şähere tutuk nazar salyp bir salym durdular. Maslahat geçirilýän meýdandan seretseň, talanan, otlanan Rýazan edil eliň aýasynda ýaly görünýärdi. Nazar salan tarapyň – jesetler, ýykan-ýumranlyk.

Abat galan daş sekiniň ýanynda hemişe günleç zaňy bilen rýazanlylary şowhunly maslahatlara çagyran mis jaň bir gapdala gyşaryp ýatyrdy.

Sesini çykarman, ýuwaşlyk bilen bir çete ýönelen Ýewpatä urşujylar sowlup ýol berdiler.

Ol öz dogduk öýüniň duran ýerini kynlyk bilen tapdy. Anha, köçäniň burçundaky buthananyň daş basgançaklary, ana, hol ýerdäki depäniň üstünde onuň köne, emma giň külbesi durardy. Ýykylan jaýyň ýanan pürsleriniň arasyndan diňe palçykdan ýasalan ullakan gara peç somalyp görünýärdi.

Ýewpatiý başly-barat ýatan agaçlaryň, daşlardyr simleriň arasyndan zordan geçip, ol ýere bardy. Bir adam ýykyk diwaryň üstünde kellesini iki eli bilen tutup, gymyldaman otyrdy, ol adamyň giň eginleri, uzyn çal saçy Ýewpatä birhili tanyş göründi.

Ýewpatiniň aýagynyň astyndan bir daş togalanyp gitdi. Oturan adam yzyna garady:

– Ýewpatiý!.. Saňa köp garaşdym, dostum! – diýip, Ratibor ýaş urşujyny gujaklady. – Geljegiňi bilýärdim. Seň sözüň-sözdügine ynanýan-a men...

– Gelmesin-ä geldim. Ýöne giç-dä! – diýip, Ýewpatiý harabaçylyga elini aýlady. – Meň çagalam nirede? Habaryň ýokmy?

– Hemme zat Hudaýyň erkinde, Ýewpatiý! Mert bol!.. Men bu ýere gelenimde ejeň amanadyny tabşyrmagyň öň ýanyndady. Aýalyňy tatarlar ýesir edip äkitjek boldular. Ol palta bilen gorandy. Soň ol tatarlaryň gylyjyndan jan berdi.

– Çagalara näme boldy?

– Olary... beýlekiler bilen birlikde ýesir edip äkitdiler...

Ýewpatiý dymdy.

– Ýewpatiý! – diýip, Ratibor oňa ýüzlendi. – Duşmanlaryň yzyndan kowaly! Haklaşmak gerek! Çernigowlylary getirdiňmi?

– Getirdim. Ýöne az. Bary üç ýüz atly. Azam bolsa, biri ýüze degýän edermen ýigitler!

– Adam tapylar! Köp kişi tokaýda gizlendi. Men olaryň arasynda boldum. Sanlary gün-günden artýar. Birleşeliň-de, tatarlaryň üstüne eňeliň... Ýör, dostum!

Ýewpatiý haraba bolup ýatan öýüne soňky gezek nazar saldy-da:

– Gideli! – diýip aýgytly seslendi.

Dostlar maslahat geçirilýän meýdana tarap ýöneldiler. Ýolda Ratibor Wagşy meýdanda Rýazan polkunyň heläk bolşy, özüni ýaş knýaz Romanyň jeň meýdanyndan alyp gaýdyşy, şähere bile gelişleri,

ýaraly aýagynyň azar bereni üçin yza galmaly bolandygyny, Rýazana ýetmäge howlugýan knýazyň özüni taşlap gidişi hakynda Ýewpatä gürrüň berdi. «Az-kem özüme gelemsoň, Rýazana tarap ýola düşdüm. Gelsem, mähriban şäherim kesek, kül bolup ýatyr. Tatarlar Wladimir taýa gidipdirler. Bu töwerekde biriniňem garasy görnenok» diýip, ol sözüniň üstüni ýetirdi.

Ýanan nawlaryň üstünde dynç alyp oturan çernigowly urşujylar özlerine golaý gelen iki dosty görüp, ör turdular.

Çernigowlylaryň baştutany bolan daýaw urşujy öňe çykdy-da:

– Näme etsek diýýäň, Ýewpatiý? – diýip sorady.

Ýewpatiý polat tuwulgasyny çykardy-da, duranlara parahat nazar aýlap:

– Siziň pikiriňiz nähili, çernigowly doganlar? – diýdi.

– Bizi rýazanlylara kömek bermek üçin alyp gaýdan özüň. Rýazanyňam boljagy bolupdyr. Taşlanan öwlüýäden enaýylygy ýok.

Ýewpatiý dymyp durdy.

– Bu wagşylyga göz ýumaýmaly borusmy? – diýip, daýaw urşujy dowam etdi. – Biler bolsaň, biz çernigowlylar bolup, duşmandan ar almaly diýen karara geldik!

Ýewpatiý minnetdarlyk bilen baş egdi.

– Sag boluň! Doganlar! Ratibor ata bilen meňem pikirim şeýle. Haýal-ýagallyk etmän, tatarlaryň yzyny alyp, ýola düşeliň. Belki, ýesirleri halas etmek başardar...

– Gideliň! Gideliň! – diýip, urşujylar gowur, turuzdy.

– Ilki bilen goşun başlygy edip kimi saýlajagyňyzy anyklaň.

– Ýewpatiý! Goý, Ýewpatiý bize ýolbaşçylyk etsin!..

Daýaw urşujy ýene söz aldy:

– Senden başga bizi tatarlaň üstüne äkidip biljek adam barmy, Ýewpatiý? Bu ýeriň ýollaryna sen belet, üstesine-de, söweş işlerindenem gowy baş çykarýaň. Biz bir daýhan adamlar. Kündämi taşlap, ýaraga ýapyşyşymyz... Beý diýsem, iňkise gidäýme! Öz ýerimiz üçin döş gerip durmagy, gerek bolsa baş goýmagy-da başararys! Tokaý çalmaga ökdelän eller tatarlary çapmagam başarar. Olara daýhan paltasynyň zarbyny görkezeris!

– Dogry! Hak aýdýaň!

– Sag boluň, doganlar! Sizden tamamam şeýledi! – diýip, Ýewpatiý hoş boldy.

Şol wagt dowamly, zaryn owaz eşidildi. Ýewpatiý yzyna garady. Bir topar adam ýykylan jaňy galdyrjak bolup başagaýdy. Olar jaňy üç sany pürs tapyp dikeltdiler-de, ýokarsyny birleşdirip mäkäm daňdylar. Bir topary jaňa berkidilen ýüpden dartsa, beýlekiler töwerekden gop berýärdi. Ahyry jaňy asdylar. Käbiri agyr ýük zerarly tanapyň zoruna çydaman dyrnaklarynyň teýinden jyzlap çykan gany sorýardy.

– Beýdip ýatmagyna dözer ýalymy? – diýip, olaryň biri ýanlaryna ýetip gelen esgerlere seredip seslendi. – Munuň sesi – halkymyzyň sesi ahyryn!..

– Belki, jaň, kakýanlaryň diri galany bardyr? – diýip, Ýewpatiý sorady. – Hany, içiňizde ýaşyragyňyz kim? Kak bakaly, jaňy! Tatarlaryň gyrany bilen, entek rýazanlylaryň tohumy gutarardan kändir.

Ýaş esger jaňyň ýüp daňylan dilini bir ýana batly çekdi. Güýçli, dowamly ses töwerege ýaň saldy.

– Barybir, ölüler direlesi ýok! – diýip, urşujylaryň biri seslendi.

Ýaş esger jaň kakmagyny dowam etdi. Günleç ses gum-guk şähere, golaý-goltumdaky hem has daşrakdaky weýran edilen obalara-da ýetdi.

Ýewpatiý jaňyň dikilen sekisiniň üstünde duran ýerinden töwerege syn etdi. «Heý, bu sesi eşidip, gara beren adam bolmazmyka?..»

O gara nämekä? Ýumrulan jaýyň üýşmek keseklerin arasyndan bir adam dikeldi-de, elini gözüniň üstünde kölegeledip, jaň sesi gelen tarapa seretdi. Soň ikinji, üçünji adam göründi. Garalyp duran gowak ýaly deşiklerden, ýykylan jaýlaryň sümelgesinden, ýerdölelerden çykan ysgynsyz, ýüz-gözleri hüýt gara esgerleriň, garrylaryň, aýallardyr çagalaryň sany barha köpeldi. Olar ysgynsyzlykdan ýaňa yrgyldaşyp, keýtikläp, jaňly meýdana tarap howlukman gaýtdylar.

Dym-dyrs ýatan şähere jan giren ýaly boldy. Bir tümmekden beýlekä böküp, haýdaşyp gelýän adamlar büdräp ýykylýardylar. Turup, ýene-de öňe ümzük atýardylar. Olar azam bolsa, diri galan rýazanlylardy!

Uzakda – şäher töweregindeki garly meýdanda gymyldaýan gara nokatlar göze kaklyşyp ugrady. Köp mahallap gizlenip gün gören adamlar özlerini çagyrýan tanyş jaň sesine – Rýazanyň harabalyklaryna tarap haýdaşlap gelýärdiler.

Olara tarap gollaryny gerip ylgan Ratibor begenjinden gygyrdy:

– Rus diri!.. Rýazanyň kökem entek diri!

## IKINJI BAP

### Tokaýyň ortasyndaky meýdanda

Sümme tokaýyň içi dym-dyrslykdy. Diňe şahadan tokga garyň gaçyşy, belkanyň ýa-da gyşlamaga galan ýalňyz guşuň ganatlarynyň sesi eşidilýärdi. Käte uzakdaky ýolka tokaýlygyndan sowukdan ýaňa çat açan agajyň sesi ümsümligi bozýardy. Başyny şemal yraýan syrdam sosnalar kämahal ýuwaşja şygyrdap, ýene-de syrly dymyp duran garry tokaýy dabaraly ümsümlik gaplaýardy.

Arçanyň ýere degip duran şahalary, itüzümdir gaýry gyrymsy ösümlikler gar üýşmeginiň astynda galypdyr. Bu gardan aşagyna atyň derisi tutulan lyžaň bolaýmasa pyýada-da, atlam geçjek miltiň ýokdy.

Diňe çala sudur bolup bildirýän egri-bugry ýodajyk tokaýyň ortasyndaky meýdana tarap uzalyp gidýärdi. Ol meýdan «tarapdarlaryň»[114] ýygnanýan ýeridi. Bu ýere üýşenler – bagty işläp, tatarlaryň ýiti gylyjyndan, berk kemendinden sypan adamlardy. Hersi bir ýerden üýşen bu adamlaryň arasynda ýandyrylan obalaryň daýhanlary-da, Rýazany goraýjylaryň aman galanlary-da, gyrlan otrýadlardan sypyp galan esgerler-de bardy. Tokaýyň aňyrsyndaky mähriban meýdanlarda gaýgy-hasratdan gözýaşlar dökülýär, gylyçlar ýaldyrap, rus adamlarynyň gany akýar, öýler ýanýar...

Esgerler sosna şahalarynyň üstünde gyşaryşyp, oda çoýunýardylar.

Biri pessaý, gaýgyly ses bilen aýdyma başlady:

Näme beýle, doganlar, agyr oýa batdyňyz?
Näme beýle, oglanlar, siziň halyňyz harap,
Buýsançly başyňyzy, ötgür nazarlarňyzy,
Galdyrman otyrsyňyz, baryňyz ýere garap?

Aýdymy birnäçe adam alyp göterdi:

Gözüň dikip ýene-de ýurdumyza, ýermize,
Ýowuz, zalym tatarlar azar berermi bize...

Ýaş tarapdarlaryň biri:

– Bu aýdymyňyz eýgilige bolaýbilse ýagşydyr!.. – diýip, gaharly hüňürdäp beýlesine öwrüldi. Biriniň güýçli eli onuň egnine batly kakdy. Seretse, egni kelte possunly, başy itiň hamyndan tikilen gulakjynly, guşagyna palta gysdyrylan uzyn boýly biri üstüne abanyp dur.

– Näme gagyldaýaň? – diýip, ol gaharly sorady.

Ýigit egnini sypalap:

– Zwýaga, senmi-aýt bi? Egnimi çökerdiň-le!.. – diýdi.

– Aýdymyň nämesini halamadyň?

– Tatarlar eşidermikä diýdim...

– Olaryň bu ýere gelip biljek gumanlary barmy? Gara gömlüp galaýmazlarmy.

– Şeýle-de bolsa, aýdymyň wagty däl-dä...

– O nämüçin wagty dälmişin?

– Öýümizi otladylar... Atamy çapdylar... Gelinligimi alyp gitdiler... – diýip, ýigit hamsykdy.

– Şeýle diýsene!.. Näme, bu güne düşen bir senmi? Boýnuňy sallama-da, mert bol! Barymyzam dertdeş. Ertir biz olaň eýini ýetiris! Barybir, güm edip kowýançak ynjalmarys!

Ýigit ynamsyzlyk bilen başyny ýaýkady.

---

[114] «T a r a p d a r l a r» – häzirki manysy boýunça «partizanlar» sözüne ýakyn.

– Ýok! Nähilem bolsa aýdym aýtmak gerek! – diýip, şahaň üstüne çöken Zwýaga sözüni dowam etdi. – Biz hak işiň ugrunda. Näme üçin tatarlar şadyýan aýdym aýtmaga derek möjek bolup uwlaýarlar? Sebäbi olaryň işi nähäk. Hak iş tutan adam aýdym aýtsa, aýyp däl. Ine, şeýle!..

– Meňem içegelem açlykdan ýaňa owaz edýär – diýip, ýigit ýeň bermedi.

– Görüň muny! – diýip, olara golaýlan üçünji biri güldi. – Seň üçin gazan atarmagam unudaýypdyrys.

– Zyýany ýok – diýip, Zwýaga arkaýyn seslendi. – Gapdaky suw gaýnasa, bulamak bişirinip, garnymyzy mazaly ýazarys. Ýöne aýyplaşmagyn – duz ýokdur.

– Ol-a duz eken. Unam bary-ýogy bir gysym galdy...

– O hiç-le. Gowy uklarys-da, düýşümizde somsadan doýaýarys.

Garaşylman durka batly ses çykdy:

– Dur! Kim gelýär?

Tokaý tarapdan eginlek, kelte boýly daýhan lyžaly haýdap gelýärdi. Tarapdarlara seredip, kellesini silkende, onuň gara sakgaly selkildäp gidýärdi. Inedördül pyýadanyň arkasynda bir halta un bardy. Tarapdarlaryň birnäçesi oňa ýakynlaşdy. Galanlary alawyň gapdalynda öňküsi ýaly gyşaryp ýatyrdylar.

Kimdir biri degişmä salyp gygyrdy:

– Heý, garadan gaýtmaz batyrlar! Ýüz menzil ýol aşyp, gaýynyndan gaçyp gaýdan giýewe garaň! Özem boş däl-de, arkasynda bir halta çowdary uny bar. Hany, ýaltanmaň-da geliň, jamlyň jamyňyzy, bolmasa-da, goşawujyňyzy ýa-da telpegiňizi tutuň! Külçe bişirsegem, nan ýapsagam, unumyz-a bar!..

– O nähili un? Kim getirdi? – diýip, gyşaryşyp ýatanlar gozgalaň tapdy.

– Ine, şu inedördül, kepjesakgal kişi getirdi. Muny pejiň üstünde ýatyrka tatarlar turzupdyr welin, gorkusyndan dili tutulaýypdyr. Şondan bärem muňa Waula sakaw diýýärler.

Zwýaga tarsa ýerinden turdy:

– Waula! Gudam!.. – diýip, dostuny gujaklady.

– Sizi bu ýerde aç ýatansyňyz diýdim-de, un alyp gaýdyberdim – diýip, Waula düşündirdi.

– Aý, berekella, saňa! Içimiz eljuk diýip durka dadymyza ýetişäýdiň! – diýip, daýhanlar begendi.

– Gel, Waula, biziň odumyzyň başyna!

– Ýok, biziňkä gel!..

– Hany, soň nämeler başyňa düşenini gürrüň bersene! – diýip, Zwýaga sorady. – Rýazan galasyndan derýa togalananyňy gördüm. Dogrusy, gark bolup gidensiň öýdüp ýördüm...

– Hälem, sanalgym dolman eken. Itiň gününde kenara çykdym. Tä geýimlem guraýança iki gije-gündizläp tokaýda entedim.

– Baý-ba! – diýip, daýhanlar gülüşdiler. – Onça gezen bolsaň, öz gyzgynyňa-da guransyň.

– Dagy nädendir öýdýäň? Güýjümiň ýetdiginden haýdap, sizi gözläp ýörşüme, kiçijik obaň üstünden bardym. O ýerde iki sany garry meni ýylyndyryp, lyža tapyl berdiler. Bu nandyr bir halta unam şolar berdi. Soňam «Şundan demirgazyk tarapa gidiberseň, edermen tarapdarlara duşarsyň» diýip, ýola saldylar. «Watany goraýan ol edermenlere bizden köp salam aýt! Bizem, garram bolsak, naýzamyzy çarhlap otyrys. Uzaklaşman olara goşularys» diýdiler.

– O taraplarda näme gep-gürrüň bar?

– O ýeriň ýagdaýyndan siz bihabarmy? Ýaman döwür boldy. Dumly-duşda tatarlar at salyp ýör. Duşan adamsyny çapýar, boýnuna ýüp salyp bogup öldürýär. Hiç kimi sylap goýanoklar.

Uzakdan ilki dowamly sykylyk, soňam garawulyň gygyrýan sesi eşidildi:

– Heý, dur! Tatar atyny münüp gelýän kim?

Ýaş ýigidiň çasly ses bilen beren jogaby eşidildi:

– At tatarlaňkam bolsa, üstünde oturan özüňiz ýaly adam!

Açyk meýdanda bir atly göründi. Atyň burny tüňňüdi. Garny tazyňky ýaly gapyşyp durdy. Esbaby gyzyl reňkli daşlar hem kümüş haşamlar bilen bezelen atyň eýerinde ala horjun bardy. Onuň üstünde ullakan telpekli, egni ýamaly çäkmenli bir oglan otyrdy. Gaýyş köwüşli inçe aýaklary kelte tatar üzeňňisindedi. Onuň yzyndan atyň guýrugyna ýapyşyp ýene bir oglanjyk gelýärdi.

– Ha-ha-ha! – edip, töwerekdäkiler gülüşdiler. – Ine, saňa gerek bolsa esger!

– Munuň ýoldaşam bar eken. Hanha, atyň guýrugyna ýapyşyp dur.

– Ýap-ýaňam oturgyjyň astyna sümüp, aýy bolan bolup oýnaýan çaga-da bular.

– Bular ýaly edenli urşujylary dogran enä berekella!

Atly oglan tarapdarlaryň ýanyna geldi.
– Bizem öz araňyza alaýyň-da, agalar! Tatar ýesirliginden gaçyp gaýtdyk.
– Berekella, oglanlar!
– Hany, ýakynraga gel, körpeje! A bu yzyňdan galman gelýän kim?
– Ady Pospelka. Häzir ol ýadaw. Gaçanymyzda ata syrtlaşypdyk. Soňam gezek-gezegine mündük.
– Geliň, bärde oturyň, oglanlar!
Oglan atdan düşdi-de, jylawyny ýolka iltäp oduň başyna geldi. Onuň aksowult, inçe ýüzüne seredeniňde, gözleri ullakan ýaly görünýärdi. Oglan özüniň ýoldaşyna garady-da, hamsykdy.
– Goý, Pospelka! Gutuldyk. Indi aglama.
– Tatarlar Bulatkany näderlerkä?
– Biz ony halas ederis!
– Aýdyň hany, oglanlar! Nädip ýesirlikden gaçdyňyz?
– Häzir aýdaryn. Sizde ata berer ýaly azajygam bolsa bede ýokmy? Gutulanymyz üçin ata minnetdar bolaýmaly.
– Görüň munuň göwnüniň isleýänini! Nirden saňa bede tapaly? Eýeriň yzyndaky horjunyňy gury nandan doldurypsyň öýdýän?
– Horjun meňki däl. Içinde näme baryndan habarym ýok.
– Tatarlaň saňa näme serpaý edenini häzir bileris.
Adamlaryň birnäçesi atyň üstündäki horjuny alyp, gözegini çözdüler. Ýere don ýazyp, horjuny başak silkdiler. Onuň içinden nagyşlanan aýal köýnekleri, kümüş bulgur, boýna asylýan birnäçe haçlar hem üç sany reňkli düwünçek çykdy. Düwünçekleriň birinde altyn hem mis gulakhalkalar, beýlekisinde – bir gysym mis hem kümüş teňňeler, üçünji – ulurak düwünçekde bolsa owradylan gaty nan bar eken.
– Bu gaty nanlar seňki. Azam bolsa, atyňa ýürekselik bolar – diýip, duranlar seslendi.
– Doganlar! Muňa serediň! Zalymlar gyzlarymyzyň gulakhalkalaryny gulaklary bilen bile kesip alaýypdyrlar!
Daýhanlar ýerlerinden turup, gulakhalkalary ellerine alyp gördüler.
– Bu edenlerini olaryn burunlaryndan getiris! Garakçy, ogrular häzir niredekä? Oglanlar, siz haýsy ýerden gaýtdyňyz?
Oduň başyna çöken oglanlar biri-birinden beter howlugyp, gürrüňe başladylar:
– Biz Wladimirden gaçyp gaýtdyk. Tatarlar şäheri otladylar. Biz üç oglan bolup, siziň ýanyňyza ýetmek üçin tokaýa gaçdyk... Bizi Baýmyradyň otrýadyndan bolan tatarlar tutdy. Olar wagşy haýwan ýaly gazaply. Bizi ýüp bilen sarap, südürläp äkitdiler. Olar köp adamy ýesir alypdyrlar. Elleri daňylgy ýesirlere iýer-içere hiç zat bermän, şol sürüp otyrlar, Ýarustowoda tatarlar birnäçe çelek doly çakyr, piwo tapdylar-da, içip, zyr boldular. Uklansoňlar, biz Pospelka bilen daňan kemerlerini kesip, Baýmyradyň atyny mündük-de, gaçdyk. Haýp, Bulatkany halas edip bilmedik!
Waula ýerinden turdy-da, ýoldaşlaryna ýüzlendi:
– Doganlar, Ýarustowo uzakda däl. Men o ýere barýan ýoly bilýän. Gideliň!
Tarapdarlar gowur turuzdy:
– Dogry aýdýar! Gitmeli. Belki, garakçylar entek özlerine-de gelen däldir...
– Zwýaga ikimiz ol ýeriň her çöpüne belet – diýip, Waula dowam etdi. – Ýol salgy bermek biz bilen!
– Gideliň! Gideliň! – diýşip, tarapdarlar derrew ýol şaýyny tutmaga başladylar.
– Pospelka! Ýör, bizem Bulatkany halas etmäge gideli! – diýip, beýleki oglan ýerinden çakgan turdy.
– Berekella, ýigdekçe! Adyň näme seň?
– Meňmi? Prokuda.
– Näme? Prokuda diýdiňmi? Gyz oguşýaň?
– Ýogsam näme? – diýip, ol güldi-de, telpegini çykaryp uzyn saçlaryny silkeledi.
Tizden tarapdarlaryň otrýady Ýarustowa tarap ýola düşdi. Iň öňden Waula, onuň yzyndan bolsa Prokuda bilen Pospelka barýardy. Un hem beýleki azyklar ýüklenen tatar atyny Zwýaga idip barýardy.

## ÜÇÜNJI BAP

### «Aman!..»

Dolan aý bolluk bilen nur saçýardy. Tizlik bilen göç edýän ygym-sagym bölejik bulutlar aýyň öňüni az salymlyk örtüp, ýene geçip gidýärdiler.

Waula aladaly görnüşde başyny ýaýkap, gapdalyndan barýan sakgallak tarapdara ýüzlendi:

– Basym harasat gopsa gerek!

– Şeýle bolaýar çaky bar öz-ä – diýip, ýoldaşy makullady.

– Tupanyň turmagy biz üçin-ä kemem däl – diýip, Zwýaga seslendi. – Tatarlaň bary öýe sokulyp, barýanymyzy germän galarlar.

Aýyň ýüzüni galyň bulut örtüp, tokaýy garaňkylyk gaplady. Tarapdarlar uzyn tirkeş gurap, biri-birinden galman barýardylar. Öňden barýan lyžalylar yzlaryndan dyzdan gara batyp-çomup, erjellik bilen ädim urup gelýän pyýadalardan o diýen ara açanokdylar.

– Laçynlar, ýygyrak ýöräň! Tizräk ädim uruň!..

Harasat birden gopdy. Tokaýyň uzak bir ýerlerinden güwwüldi eşidilip, seleňläp oturan äpet sosnalardyr ýolkalaryň belent başlary yranyp ugrady. Sykylyklap öwüsýän güýçli şemal ýerdäki gary göterip, barýan adamlaryň depesinden sowurýardy.

Tizden daş-töwerek yzy üzülmeýän güwwüldiden, omrulýan şahalardyr ýykylýan agaçlaryň şatyrdysyndan doldy.

– Yza galma-aň! – diýip, Zwýaga gygyrdy.

Ýol ýöremek barha kynlaşýardy. Köwsarlap, bat bilen urulýan gar tozgalary ýüzüni dyrnaýardy. Şemal demligiňi daraldyp, aýagyňa badak salýardy.

– Eý, laçynla-ar! Yza galma-aň! – diýen sesler alys bir ýerlerden gelýän ýaly çala eşidilýärdi.

Tarapdarlar bu apy-tupanda biri-birinden galmajak bolup, kynam bolsa, gaýrat bilen uzak ýol geçdiler. Munuň ýaly wagtda tokaýda ýeke galanyň başyna nä günleriň geljegine hemmeleriň gözi ýetikdi.

Ahyrsoňy iň öňden barýan Waula şeýle diýdi:

– Indi ýuwaşrak ýöräliň. Ýarustowa golaýladyk...

Şemalyň şuwwuldysyna garyşyp, it sesleri eşidildi. Olar adatça gije üýrüşleri ýaly «wowh!» edip oňaýman, edil duşman golaýlaşýanyny syzýan dek yzyny üzmän, boglup-boglup üýrýärdiler.

Aýak çekip biraz diňşirgenip duran tarapdarlar:

– Itler bize tatarlaryň obadadygyny habar berýär! – diýen pikire geldiler.

– Ýakynrak geliň! Toplanyň! – diýip, olar habarlaşdylar.

Tokaýyn çetindäki meýdança toplanan tarapdarlar köwsarlaýan garyň arasy bilen oba tarap dykgatly seretmäge başladylar. Tiz-tizden öňüni bulut tutýan aýyň öçügsi ýagtysyna obanyň jaýlary gara tegmil bolup çala saýgardýardy. Olaryň käbiriniň depesinden tüsse çykýardy. Ýakylýan ýagyň hem çowdary nanynyň ysy burna urýardy. Käýerde darajyk penjirelerden öçügsi yşyk görünýärdi.

Prokuda Zwýaganyň ýeňinden çekip:

– Olaryň iň ulusy Baýmyradyň bolýany hol çetdäki jaý – diýdi.

Zwýaga diňşirgenip, şeýle diýdi:

– Her hili sesler gelýär welin, olar entegem köşeşmändirler öýdýän.

Köwsarlaýan şemala goşulyp, bir aýalyň ahy-perýady, naýynjar iňňildiler, serhoş adamlaryň gykylygy eşidilýärdi.

Zwýaganyň pessaý ses bilen berýän buýrugyny hemmeler üns bilen diňledi. Soňra toparlara bölünip, ýuwaşlyk bilen öňe ugradylar. Prokuda Zwýaganyň yzy bilen barýan kiçiräk toparyň arasyndady, beýleki topar Waulanyň yzyna düşdi. Halys lüti çykan Pospelka tokaýyň gyrasynda tatar atyna sakçylyk etmäge galdy.

Harasat başlanyşy ýaly tiz diňdi. Tarapdarlar ses-üýnlerini çykarman, agaç haýatyň ýanyna ýetdiler. Edil öň ýanlarynda pürse gysylyp, tatar garawuly irkilip otyrdy. Bildirmän baran Zwýaganyň jaýdar urgusy ony ýere ýazdy. Agaç haýata tatar atlarynyň birnäçesi daňylgy durdy. Şol ýerde gynalyp öldürilen bir topar adamyň ýalaňaç jesetleri garyň üstünde gözgyny bolup ýatyrdy.

– Eý, Hudaý! Bu biçäreleri edäýenlerini! – diýip, tarapdarlar pyşyrdaşdylar.

– Ýörüň! – diýip, Zwýaga olary gyssady. – Belki, diri galanlary halas etmäge ýetişeris!

Tarapdarlar atlara münüp, ägälik bilen obanyň daşyna aýlandylar. Ýolda olara ýarym ýabany mongol hem ogurlanyp gaýdylan rus atlary duşdy. Olar bu atlaram idip, naýzalaryny, paltalaryny, ujy çiş ýogyn simleridir gürzülerini mäkäm tutup, ýollaryny dowam etdiler.

Bir howlynyň daşyna germelen agaç haýatyň ýanyna ýetensoňlar, üç kişi çetde garalyp duran köne saraýa süýşenekläp baryp, ot berdi. Saman bada-bat alyşdy. Oduň gyzyl dilleri saraýyň üçegini dessine ýalap, birbada sönen ýaly etdi-de, gaýtadan tutaşdy. Burum-burum bolup göge galýan gara tüssäniň içi bilen göterilen ýalyn töwerege ýagty salyp ugrady.

– Rýazanlylar, öňe! – diýen ses çykansoň, daýhanlar çar tarapdan öýe okduryldylar. Tatarlaryň gazaply gykylygy olaryň sesi bilen goşulyşdy.

Garaşylmadyk wakadan haýýaty göterilen tatarlar ýyly jaýdan atylyp sowuga çykýardylar. Ýap-ýaňky çökder serhoşlykdan özlerine gelip bilmän, atlaryny gözläp çar ýana elewreýärdiler. Şo barmana-da, garaňkydan çykan näbelli adamlar olaryň üstüne topulyp, palta bilen çapýardylar. Gaçanlarynam yzyndan kowup ýetip, janlaryny jähenneme iberýärdiler.

Tarapdarlar saraýdaky elleri daňylgy rus ýesirlerini boşatdylar. Halas bolan ýesirler haýatyň agaçlaryny goparyp alyp, özlerine ejir berenleriň söbügine münýärdiler.

Waula popuň öýüniň işiginde oturan serhoş garawuly bir ýumrukda serreltdi-de, ýuwaşlyk bilen içerik girdi.

Ýap-ýaňy sowlan meýlisiň alamatlary – gemrilip taşlanan süňkler, nanyň gyňaklary, düňderilen käseler stoluň üstünde ýaýraşyp ýatyrdy. Ýerde bulaşyp ýatan bir topar serhoş tatar dünýäden bihabardy. Geýimleri sypyrylyp alnan ýarym ýalaňaç pop burçda dyzlaryny gujaklap oturyşyna: «Eý, Biribar! Eý, Perwerdigär! Özüň ýalkaweri! Bu mahluklar näme edýänlerini özlerem bilenoklar!» diýip, yzyny üzmän samyrdaýardy.

Gyzgyn pejiň üstünde popuň uzyn lybasyny ýapynan Baýmyrat hor çekip ýatyrdy. Onuň gapdalynda garry popuň gyz agtygy arryk eginlerini silkip sojaýardy.

Tarapdarlar elleri daňylgy Baýmyrady daş-töweregi buz bolup ýatan belent çarhly guýynyň ýanyna idirdedip eltdiler. Ol yranyp durşuna nämeleriň bolýanyna entegem akyl ýetirip bilenokdy. Ganguýma serhoş gözlerini garşysynda üýşüp duran daýhanlara aýlap, gazaply tüňňerilip duran ýüzbaşy:

– Aman, aman!.. – diýip gaýtalaýardy.

Waula kesilen gulakdan sallanyp duran gulakhalkany Baýmyradyň gözüne dürtäýjek bolup gygyrdy:

– Şeýle iş edibem, aman dileýärmiň? Şu gulakhalka nireden çykandyr öýdýäň? Seň haltaňdan çykdy! Gyzlarymyzyň gulaklaryny kesen kim? Zorlap, gan eňreden kim? Ýesirleri ýalaňaçlap gara taşlan kim? Şulaň bary sen işiň, it ogly! Bu işler üçin kime jeza bermeli? Sana, nejisiň biri!

Şol wagt bularyň ýanyna ylgap gelen Prokuda düwülgi ýumrugyny galgadyp gygyrdy:

– Bulatkany näme edenlerinden habaryňyz barmy? Guýyň çarhyna daňyp, üstünden sowuk suw guýupdyrlar... Ana, hol ýerde ýatyr. Çala demi bar.

– Bu garakçyň özüni çarha daňyň! – diýip, Waula buýruk berdi. – Iki gulagynam sütüne çüýläň. Gyzlarymyzyň gulagyny kesen haramzadanyň özem onuň ejirini çeksin!..

Tatar atyna münüp, bularyň ýanyňa gelen Zwýaga:

– Näme bu nejis bilen henizem çekeleşip dursuňyz? Janyny jähenneme ýollaň-da, atlanyň! Obada ýekeje tataram galmady... – diýdi.

Duşman elinden halas bolanlaryna begenip aglaşýan aýallardyr çagalar garbanara nan soradylar. Tarapdarlar tatarlaryň oljasyndan atlary, sowutlardyr ýaraglary alyp, galan zatlary ýesirlikden boşanlara paýladylar. Olaryň arasyndaky erkek kişileriň ählisi tarapdarlara goşuldylar. Aýallardyr çagalar tokaýyň içindäki az gatnawly ýodalar bilen öz obalaryna ýetmäge howlukdylar.

– Dynç almak bolanok! – diýip, Zwýaga gygyrdy. – Biz entek az. Tatarlar özüni dürseýänçäler, yzymyzy ýitirip, çaltrak bu ýerden daşlaşmagymyz gerek... Hany, rýazanlylar, çaltrak ugralyň!

– Men aýallar bilen gitjek däl! – diýip, Prokuda aýgytly seslendi. – Siz bilen gitjek!..

Ol Bulatka ata münmäge kömekleşip, yzynda-da Pospelkany oturtdy.

– Bulatkany berk saklagyn! – diýip tabşyrdy.

Soň öz tatar atyna mündi-de, olar bilen gapdallaşyp ugrady.

Jahan ýagtylyp ugrady. Bulutlar dargap, töweregi edil harasat bolmadyk ýaly imisalalyk gaplap aldy. Adam-gara galmadyk Ýarustowo obasynda diňe öldürilen tatarlaryň jesetleri ýaýrap ýatyrdy. Diňe

itler seslerini çykarman, taşlanan jaýlaryň arasynda seňkildeşip ýördüler. Täze jesetleriň ysyny alan garga sürüsi gagyldaşyp aýlanýardy.

Birnäçe it guýynyň ýanynda ýarym aýlaw bolup otyrdy. Olar çarha daňylan çalajan Baýmyratdan gözlerini aýyrman ýalmanyşýardylar. Gözlerini gaharly alardyp oturan ýüzbaşynyň agzynda zordan aýlanýan dili:

– Aman! Aman!.. – diýip gaýtalaýardy.

## DÖRDÜNJI BAP

### «Slyş ty...»

Subudaý batyr öz öňünde çöke düşüp oturan üç ýurtça soňky buýruklaryny berýärdi. Olar garry serkerdäniň ýygyrtdan hem tyg yzlaryndan doly ýüzüne gorky bilen garap, aýdýan sözleriniň birinem sypdyrmazlyga çalyşýardylar.

– Hemme zatdan möhümi... uzyn sakgallaryň... täze otrýadlarynyň... nirede ýygnanýandygyny bilmeli...

– Düşündik! – diýip, ýurtçular seslendi.

– Ýesirler bilýändir... Her zat edip aýtdyryň...

– Mejbur ederis!

Subudaý dyzyny ýumruklady.

– Nämä garaşyp otyrsyňyz? Indi näme gerek size? Ugraň!

– Gulak asýas hem boýun synýas! – diýşip pyşyrdan ýurtçular howul-hara gapa ýöneldiler.

Bir özi galan Subudaý jaýyň ikonalar asylgy burçundaky köne, çat açan oturgyjyň üstünde aýbogdaş gurap otyrdy.

Gapy jygyldap açyldy-da, ilki Opalýoniha, yzyndanam Weşnýanka içerik girdi. Ogluny halas eden gününden bäri Subudaý batyr bu garry aýaly ýanyndan goýanokdy.

Egnindäki towşanyň hamyndan tikilen kelte posunyny kürsiniň üstüne taşlan Opalýoniha kenep köýneginiň nagyşly ýeňini tirsekdenem ýokaryk çermäp, elini ýuwmaga durdy. Soňra gaty gyzdyrylan pejiň ýanynda duran hamyrturşa çokunyp, ýuwaşlyk bilen gapagyny galdyrdy-da, Weşnýanka ýüzlendi:

– Hamyr alypdyr. Garybersegem boljak!..

Opalýonihanyň birsydyrgyn hereket bilen hamyr garýan boldumly goşarlaryna, goltugynyň aşagyndan daňylan öňlügini galdyryp duran gaba göwüslerine tiňkesini dikip oturan Subudaý ýygyrt-ýygyrt dodagyny çömmeltdi. Soňam goltugyndan çykaran mis çemçesine pyçagy bilen birnäçe gezek kakdy. Üsti-başy gar, eňegi taýpy ýaly nöker haýdap içeri girdi-de:

– Gulak asýan hem boýun synýan! – diýip, boguk seslendi.

– Al atyň syrtyna bökderilgi horjuny alyp gel!

Nöker haýdap daş çykdy.

Opalýoniha galdyran hamyryny agaç çanaga gaharly taşlady. Soň ýarym açyk galan ganyny egni bilen batly itip, hüňürdedi:

– Samsyk köse! Içeriň bar ýylysyny aldy-da!

Weşnýanka Opalýonihanyň gulagyna pyşyrdady:

– Gyýyk gözüň saňa seredäýşini! Edil gözi bilen iýäýjek bolýar...

– Oňa seretsem ýüregim bulanýar – diýip, Opalýoniha gaharly jogap gaýtardy.

Dolanyp gelen nöker egnindäki horjuny ýerde goýdy.

– Çöz!

Nöker gözelgi horjunyň agzyny çözdi-de, elini onuň bir taýyna sokup, şo bada yzyna çekdi.

– Näme beýdýäň? – diýip, Subudaý heňkirdi. – Ýa bir zat saldyňmy o ýere? Bar, güm bol!

Zähresi ýarylan nöker atylyp öýden çykdy.

Subudaý aýallara ýüzüni öwrüp:

– Slyş ty! Slyş ty![115] – diýip seslendi.

– Ol seni çagyrýar – diýip, Weşnýanka ýoldaşyna ýüzlendi.

Ellerini öňlügine süpüren Opalýoniha äwmezlik bilen çaýkanjyrap, Subudaýa golaýlaşdy. Garry

[115] Rus dilini bilmeýän Subudaýyň bolşuna görä «Eşidýärmiň!» diýip ýüzlenişi.

serkerde ýene öňki sözlerini gaýtalady:

– Slyş ty, slyş ty! Wişnak!

Weşnýanka ýygrylyp, onuň ýanyna bardy. Subudaý batyr agzy çözük horjuny görkezip, gepini düşündirjek bolup çytraşdy:

– Dawaý! Mina! Dawaý!..[116]

Olar biri-biriniň ýüzüne seredişdiler. Weşnýanka dyzyna çöküp horjunyň içindäki düwünçegi çykardy. Ýaglygy çözen Opalýonihanyň gözi ýüpek parçadan tikilen nagyşly aýal köýneklerine, ýiti burny jaýtarylyp duran gyzyl köwşe düşdi. Subudaý üm bilen Opalýoniha köýnegi geý diýen yşarat etdi.

– Slyş ty! Çaltrak! – diýip gyssady.

Opalýoniha egnini gysyp dillendi:

– Sahawatly han, gowusy, sen bu zatlary maňa däl-de, Weşnýanka geýdir! Bu geýimler indi maňa gelişmez.

– Ýok! Kiçileri men halamok! – diýip, Subudaý rusça çalgyrt gürläp, gepini ýarpy-ýalta düşündirdi.

– Gör, muň mekgardygyny! – diýip, Opalýoniha seslendi. – Biziň dilimizde geplän bolýar...

Soň ol pejiň ýanyna baryp, ýüpek köýnegi geýdi, epinlerini ýazyşdyrdy. Özüne gaty geň görünýän gyzyl köwşem aýagyna sokdy.

– Bärik gel! Eşidýärmiň! Bärik! – diýip, Subudaý çagyrdy.

Opalýoniha onuň ýanyna bardy. Oturgyja ýazylan ýaşyl matanyň üstünde ýaldyraýan almazlar, öwşün atýan sary, gök, gan ýaly gyzyl daşlar bilen bezelen şaý-sepler ýatyrdy. Subudaý olaryň arasyndan ullakan tylla teňňeler sallanyp duran boýuna dakylýan şaýlary, dür monjuklardan düzülen maňlaýlyklary hem birnäçe altyn bilezikleri alyp, Opalýoniha uzatdy-da:

– Al bulary! Tizräk! – diýip, boguk seslendi.

Opalýoniha egnini ýygryp, şaýlary boýnundan asdy, dür sapaklary kellesine orap, maňlaýragyna süýşürdi. Soňam gara gaşlarynyň astyndan mekirlik bilen ýaldyraýan göreçlerini gazaply serkerdä dikdi. Bir burça çekilip, özüne göwnüýetijilik bilen ellerini bykynyna urup, edil tomaşa görkezmäge çykan ýaly, jaýyň içinde eýläk-beýläk gezim etdi. Gülküsi dyňzap gelen Weşnýanka gülmejek bolup, elini agzyna tutup, zordan saklanýardy.

– Bu albasdy haýranyň kellesine gelip ýören zatlara sered-ä!

Aýasy bilen dyzyny şapbatlap, Opalýoniha tiňkesini diken Subudaý:

– Kýurýultýu! Kýurýultýu![117] – diýip, mylaýym seslendi.

Jaýyň orta gürpünde saklanan Opalýoniha:

– Besdir! Oýun etmäňem çaky ýagşy. Külçe bişirmäge wagt boldy! – diýip, aýgytly seslendi-de, çykaryp zyňmak üçin ýüpek köýnege ýapyşdy.

Subudaý ellerini galgadyp gygyrdy:

– Dur! Beýtme! Ol saňa!.. Eşidýärmiň! Saňa!..

Ol birden beýlesine öwrüldi-de, penjirä tarap egilip, diň salmaga başlady. Daşardan: «Urusutlar! Urusutlar!» diýen sesler eşidildi, mis galkanyň güňleç sesi ýaňlandy.

Subudaýyň ýüzi aýylganç görnüşe girdi. Ol pyçagy bilen mis çemçesine batly kakdy-da, şaý-sepleri horjuna dykyp, aýallara seretmän, hükgerilip öýden çykdy.

Gorkan Weşnýankany gujaklap duran Opalýoniha daşaryk diň saldy. At toýnaklarynyň güpürdisi hem mongollaryň gykylygy barha daşlaşyp, eşidilmesi galansoň, Opalýoniha gapydan daşaryk boýnuny uzatdy.

– Ählisi nirädir bir ýere ýitirim bolupdyr... Bol, çaltrak Weşnýanka, gaçaly! Hiç haçanam şundan amatly pursat tapylmaz!

Ol bezemen köýnegini tizlik bilen sypyrdy-da, gymmat baha şaý-sepleriň hem köwşüň gapdalynda goýdy.

– Men-ä gorkýan! – diýip, howlukmaç geýnip duran Weşnýanka seslendi. – Ele düşäýsek, erbet ederler. Gyýyk göz bize azar berenokdy...

– Bize oň azaram gerek däl, rehnedem!..

Kenep köýneginiň üstünden possunyny geýen Opalýoniha, köwşüni aýagyna sokup, başyna

---

[116] «Alyp ber! Maňa alyp ber!» diýşi.

[117] K ý u r ý u l t ý u – arzylym (mongolça).

köne ýüň ýaglygyny orandy. Weşnýanka eýýäm taýyn bolup durdy.

– Gaçaly!.. Hudaý ugruna edip, özümiziňkilere goşulaýadyk-da!..

Olar usullyk bilei jaýdan çykdylar-da, gapyny jebis ýapdylar. Gyzgyn pelsiň ýanynda ýatdan çykarylan hamyr güberilip durdy.

## BÄŞINJI BAP

### Baty hanyň yzyndan kowgy

Rus topragyna «Kül-kesek bolup ýatan Rýazanyň harabalygyndaky ýanan buthanalaryň ýykylan jaňlary öz-özünden owaz çykaryp başlapdyr» diýen habar ýaýrady... Soň ol habar has ulalyp, «Şäheriň ilatyny maslahata çagyrýan uly jaň birden dikelipdir-de, al-asmanda hallan atyp, rýazanlylary tatarlar bilen göreşe çagyryp başlapdyr» diýen gürrüň ile doldy...

Talanan rus halky köp ýerlerde baş göterip, tokaýa siňen adamlar tarapdarlaryň otrýadyna goşulýarmyşlar, olara edermen, gaýratly, tokaýyň ähli ýodalaryna belet, aýy awlamakda at alan Ýewpatiý Kolowrat baştutanlyk edýärmiş. Onuň esgerleri mongollaryň üstüne çozup, birnäçe otrýadyny ýok edenmiş diýen gürrüňler agyzdan-agza geçdi.

Bu gürrüňlerden soň köp ýyllardan bäri tokaýda daýhançylyk, awçylyk bilen meşgullanyp ýören adamlaryň ýarag tutmaga gurbaty, gözüniň nury barlary haýdan-haý syrygyň ujuna pyçakdyr orak daňmaga, naýzadyr gaýry derege ýaraýjak gurallary ýiteltmäge başladylar. Paltalaryny guşaklaryna gysdyryp, Ýewpatiniň söweşjeň esgerleriniň gözlegine çykdylar.

Ol wagtlar Ýewpatiý Baty hanyň goşunynyň yzyny çalyp, demirgazyga barýardy.

Öz islegi bilen otrýadyna ýolda goşulan adamlary Ýewpatiý onluklara hem ýüzlüklere bölüp, baştutan belledi. Mekir duşman bilen nähili uruşmak, al salmagyň ýollary, olaryň pirimine aldanmazlyk barada hemmelere düşündirdi. Ýewpatiniň atly goşuny ähli esgerleriniň üçden birine-de ýeter-ýetmezdi. Ýöne pyýadalaram atlylardan galman, haýdaşlap, uzak menzil aşýardylar.

Ýewpatiý gyssanýardy. Ol ýolda duşan adamlardan Batynyň ganly gadamynyň haýsy tarapa ugur alanyny soraşdyrýardy. Tokaýda az salymlyk dynç alyşdan soň atlara iým, nökerlere nan şaýyny tutup, ýene-de baş duşmany bolan Batynyň yzy bilen öňe hereket edýärdiler.

Düşlegleriň birinde sakçylar iki monahy tutup getirdiler. Uzyn gara donlarynyň syýy gaýyş kemerlerine gysdyrylan, arkalary goşhaltaly monahlar günorta – polowes sähralaryna tarap uzalýan ýoda bilen haýdaşyp barýardylar.

Öňden barýan monah syryk ýaly uzyn hem arrykdy. Beýlekisi – kelte boýly, eginlek monah ýaşaryp duran şully gözlerini gyrp-gyrp edip, hasasynyň egri tutaýyny ýoldaşynyň kemerinden ildirip, galmajak bolup haýdaýardy.

– Aldyranyňyz bar ýaly, nirä eňip barýaňyz? – diýip, Waula olara ýüzlendi. – Donuňyz näme amanat ýaly asyl-asyl bolup dur?

Gözi şully monah çypar sakgalyny selkildedip, oňe ätdi-de, iki bükülip tagzym etdi.

– Gözüne ileni gyrýan tatar diýlen beladan gaçyp barýas...

– Näme, bu gara lybasyňyzy geýeniňiz biten olar sizi sylap goýar öýdýäňizmi?

– Bu lybasy biz köpden bäri geýip ýörüs. Şoň üçinem holparyp gitdi-dä bular – diýip, uzyn monah aýal sesi bilen jyňňyldady.

– Ýurt garyp düşüp, adamlaryň husytlygy artany üçin, biz ýaly Hudaýyň bendelerine haýyr-sahawat edýän azaldy. Gözlerimiziň görmedik zady ýok – diýip, şully monah sözüni dowam etdi. – Häzirki bolýan işleri görse, haýwanlaram, duýgusyz daşlaram ah çekip, gözýaş döker, pygan dartar.

– Hany aýdyň, ugruňyz nirä? – diýip, Waula sesine bat berdi. – Ajaldan gaçyp barýaňyzmy ýa-da üstüne ugraýşyňyzmy?

– Agzyňa alýan sözleň näme?.. Altyn gümmezli gadymy paýtagtymyz Kiýewe barýas! Eşidişimize görä, ol ýerde monahlar bärdäki ýaly aç-hor syňsyraklaşyp ýörmän, öz mertebelerine laýyk hezzet-hormat bilen monastyryň hüjrelerinde asudalykda ýaşaýarmyşlar... Ol ýeriň hudaýhon, haýyr-yhsanly halky tatar zulumyndan halasmyş. Olaryň tatar diýlen beladan habarlaram ýokmuşyn.

– Siz palta tutmaga ýaraýaňyzmy ýa-da ony pejiň aňyrsynda gizläp, gaçyp barşyňyzmy? – diýip Waula sorady.

– Dünýä inip elimize palta alyp gören adam däl biz. Onuň ýaly zatlar bize ýat. Dini tarypnamalary aýdyp bermek, magryfet diläp, doga okamak, lezzetli aýatlary sanamak – biziň bir başarýan işimiz, ine, şular.

– Size mongollaryň ýurda gan çaýkap, çagalary oda taşlaýan wagtynda asuda ýer gözläp, gaçyp barýan adamlar diýerler! – diýip, Zwýaga gaharly aýtdy – Monahlar biziň otrýadymyzda-da bar. Biriniň adyna Ratibor diýýärler. Başga-da dört monah ruhany donlaryny taşlap, daýhan çäkmenini geýdiler ellerine ýarag aldylar. Siziň bolşuňyz nähili? Ile, ýurda jinnek ýaly haýry degmeýän bihepbe, ýal ýagylary diýerler size! Hany, çaltrak tatarlary nirede göreniňizi aýdyň!

– Suzdal topragynda gördük, doganlar! Olar ähli obalara dolup, hristianlara zorluk edýärler, öýleri otlaýarlar.

– Hiç zatdan ätiýaç edenoklarmy.

– Kimden ätiýaç etsinler? Aýdyşlaryna görä, Süzdalyň knýazy Georgiý Wsewolodowiç uly goşun toplamak üçin Belozer tokaýlaryna gidipdir, onuň yzda galan esgerleridir beýleki adamlary bolsa şäheriň derwezelerini berk ýapyp, galanyň içinde mydar edýärmişler... Bir zat garbanaýmasag-a halys ajam öldük...

– Bolýar. Hany, oduň başyna geçiň! Belki, biriniň rehimi iner!

Iki monah eginlerindäki goşhaltalarynam aýyrman, üstünde gara gazan gaýnap duran oduň başynda çökdüler.

– Nämejik bişirýäňiz?

– Göreňokmy nämedigini? Balyk çorbasy.

– Özem täze balykdan ä? Biziň nesibämiz zor eken. Şeýle gerek, Awraam ata? Ýöne bi tokaýyň içinde balygy nirden tapýanyňyz geň.

– Nämesi geň? – diýip, Waula söze başlady. – Çortan balygy bilen bir ak balyk bu ýerdäki tokaýda aýlanyp ýör ekenler. Dag ösüp, tokaý ýykylanda çortan balygyň guýrugy üzülip galypdyr...

– Toba, beýle-de gudrat bolup biljek eken!

Uzyn monah gazana seredip:

– Gazanda-ha balyk görnenok – diýdi.

– Gazanda görünmese-de, seň goşhaltaňdan-a bir balygyň guýrugy çykyp dur. Hany, al bärik ony! Balyk goşhalta däl-de, gazana ýaraşýar.

Monah göwünsizlik bilen hüňürdäp goşhaltasyndaky doňan balygy çykardy.

– Sahawatly adamlaryň ýol azygy diýip beren zady bu. Kiýewe çenli ýol uzak. Aç ölmän ýetäýmek hyllalla. Iýseňiz iýiň, ýöne özümize azar bermeseňiz kaýyl.

Waula balygy aldy-da, pyçak bilen teňňelerini arassalap, bölekleşdirip gazana atdy.

– Az-kem una bularys welin, baryp ýatan balyk çorbasy bolar. Duzuň-a ýokdur?

– Bir gysym ýal-a bar...

– Al bäri. Köpden bäri duz tapman, halys şorsuradygam.

Uzyn monah uludan dem alyp, goşhaltasyndan çykaran düwünçeginden az-kem duz alyp, ýene yzyna saldy. Iki monah agaç çemçelerini häzirläp, gazana golaý süýşdüler.

– Näme beýle uludan dem alýaň, ata? – diýip, Zwýaga sorady. – «Uçup geldi bir kölege, uçup geldi Petr güni. Gonup tööňäniň üstüne, döküp otyr gözýaşyny: Saçlaryny ýoldy ol, tokaýa gowga saldy ol...» diýen ýaly bir gep barmy? Sen nämä şumjarýaň? Duzuňy ýanyň bilen o dünýä äkitjekmi? Barybam, tatarlar bilen nähili urşuşyňyz hakda Hudaýa takal okarsyňyz!

– Ýok-la. Biziň ýüzümizi sallaýanymyz başga zatdan. Bar zadymyzy sizden aýamarys. Özümiz göwünjeň bereris – diýip, gorkan monahlar mydyrdadylar. – Bize rehimiňiz gelsin. Nahary iýip bolanymyzdan soň bizi sag-salamat öz ýolumyza goýberiň.

– Sizi saklaýan ýok, çar tarapyňyz açyk – diýip, Waula olary köşeşdirdi. – Käşgä bir zada nepiňiz degýän bolsa. Artykmaç ýük edip, sizi başymyza ýapalymy?

Iki monah naharam unudyp, çemçelerini ýygnadylar-da, başly-barat çokunyp, tagzym edip, günorta tarap haýdap ugradylar.

Tarapdarlar olara gülşüp, nahary ýaňy orta alanlarynda agaçlaryň arasyndan atyny idip gelýän bir ýolagçy göründi.

– Kim borsuň? – diýip, garawul gygyrdy.

– Men Kolomnadan iberilen çapar!

– Bize iň gerek adam sen. Ýör, baştutanymyzyň ýanyna baraly!

Tokaýyň ortasyndaky açyk meýdanda ot ýanýardy. Bir gyrada atlar daňylgy durdy. Urşujylar oduň daşynda döwre gurap otyrdylar. Egni kelte possunly biri mumlanan ýüp bilen ädigini ýamaýardy. Ikinji biri paltasyny daşa çalyp ýiteldýärdi. Başga bir esger bolsa gürrüňe gyzygypdyr.

– «...Edil şol wagt Alýoşa pälwanyň ýanynda peçenegleriň Rededýa atlandyrylýan batyry peýda bolup, kellesi bilen onuň kükregine hütletmekçi boldy. Çakgan Alýoşa Popowiç onuň kellesinden tutagadan, al-asmanda kelemenledip, ýere pylçapdyr welin, Rededýanyň jany jähenneme gidipdir!..»

Gürrüň berip oturan sesini kesdi. Hemmeleriň nazary özlerine tarap gelýän oglana dikildi. Entek murty hem tabamadyk ýigdekçäniň egninde sowut, aýagynda gonjy belent bulgar ädigi bardy. Owadan, daýaw aty juda ýadaw görünýärdi.

– Atyň halys tapdan düşüpdir welin, çaky, uzak ýol söken bolmaga çemeliň? – diýip, oturanlaryň biri sorady.

– Kolomnadan gaýtdym. Beýik knýaz Georginiň ýanyna çapar ýolladylar.

– Näme beýle aýlawly ýoldan gaýtdyň? – diýip, ädigini ýamap oturan esger sorady.

– Ähli ýerde tatarlar kaňkaşyp ýör. Olaryň gözüne ilmejek bolup gaýdyşym...

– Oglum, keşbiň maňa birhili tanyş görünýär-le?

– Men-ä seni tanaýan – diýip, çapar jogap berdi. – Bir gezek Perunow Bora aýy awlamaga baran sen dälmi? Kakam – Saweliý Dikoros ikiňiz awa bile gidipdiňiz. Salam, Ýewpatiý Kolowrat!

– Toropka? Bu senmi asyl? Pälwan ýigit bolup gidipsiň! Näme dik dursuň? Hany, otur şu ýerde!

Toropka atyny agaja baglady-da, üýşmek ýolka pürüniň üstünde çökdi. Ol Kolomnanyň, Wladimiriň gabalyşy, özüniň mongollar bilei çaknyşyp, zordan sypyp gaçyşy hakynda oturanlara jikme-jik gürrüň berdi. Ýewpatiý ondan tatar otrýadlarynyň häzirki duran ýeri, Batynyň haýsy ýana ýöneleni barada sorady. Toropka öz bilýän zatlaryny birin-birin habar berdi. Şondan soň Ýewpatiý esgerlerine tarap öwrüldi-de, hökümli seslendi:

– Ýigitler, atlanyň! Demirgazyga ugraýarys!

## ALTYNJY BAP

### Gijeki garpyşyk

*...Biz azlygam bolsak, slawýandyrys!*
*Ellerimiz türgen, zarbymyz batly...*

(N. M. Ýazykow)

Ýewpatiý ýolda duşan obalaryň adamlaryndan «Beýik knýaz Georgiý Wsewolodowiçiň Suzdalyň golaýyndaky mülkünde tatarlaryň bir otrýady meýlis gurap, her hili eden-etdilik bilen meşgullanýar, ol ýere öz tuglaryny göterip, atly hanlaryň bir topary geldi» diýen habary eşitdi.

«Belki, patyşa Batyga-da şol ýerdedir? – diýip, Ýewpatiý oýlandy. – Şeýle bolsa, haklaşyk güni geldi!..»

Iki topara bölünen otrýad Suzdala tarap gyssanmaç ugrady. Atly «laçynlar» uly ýollarda olja agtaryp, kaňkaşyp ýören tatar otrýadlaryna görünmezlik üçin uzak öwrümler edip, aýlanyp gitdiler. Pyýada «börüler» bolsa tokaýyň içindäki ýodalar bilen gönüläp ugradylar.

Mülke ýetilensoň Ýewpatiý çernigowly atlylary tokaýda galdyryp, özi aňtamak üçin golaýrak bardy.

Belent agaç haýatyň aňyrsyndan sogup çykýan aýdym sesleri, tatar tüýdükleriniň endirewük owazy eşidilýärdi. Basym iňrik garaldy. Mülküň derwezesinden ýüz çemesi tatar atlylary çykdy. Olaryň biriniň elinde dokuz guýrukly ak baýdak galgaýardy. Mongollar atlaryna gamçy çalyp, ýol bilen ýüzin salyp gitdiler.

Garaňky mazaly düşüp, nurly aý garalyp ýatan tokaýyň depesine galanda Zwýaga Ýewpatiniň ýanyna bardy.

– Börüler bu ýerde taýyn bolup durlar. Wagt bolmadymyka?

– Kemi galan däldir. Başlalyň! – diýip, Ýewpatiý jogap berdi. «Ýöne hiç hili goh-galmagal bolmasyn. Sessiz söweşiň!..»

Tarapdarlar aýdylyşy ýaly, seslerini çykarman söweşe topuldylar. Agyr uka giden serhoş mongollar nämeler gopýanyna, görülmedik duşmanyň nireden depelerinden inenine akyl ýetirip

bilmediler. Mülküň giň howlusynda çaltlyk bilen öwrüm edip, seslerini çykarman öz işlerini bitirýän atlylaryň polat sowutlary aý nuruna gögümtil reňk bilen lowurdaýardy. Uzyn göni gylyçlar hem agyr serdesseler degen adamsyny galmaz edýärdi. Ümsümligi diňe janhowluna urunýan tatarlaryň iňňildisi bozýardy.

– Ganatly manguslar! – diýen gykylyk eşidildi. Ukudan ýaňy oýanan äm-säm tatarlaryň bir topary bu sözi gaýtalap gygyrdylar. Ukulary zym-zyýat bolan adamlar janlaryny gutarmak üçin howlynyň içinde elewreşip, derwezä tarap okdurylýardylar. Ýöne baran ýerlerinde olary näbelli adamlaryň agyr paltasy garşylaýardy.

Gazaply söweş mazaly alşan köne agaç jaýlaryň ýagtysynda uzak gije dowam etdi. Gapyllykda üstüni aldyryp, elini-aýagyny ýitiren mongollar ýanýan jaýlardyr athanalaryň arasynda iki-baka elewreýärdiler.

Bu gijeki gazaply garpyşykda tatarlaryň uly otrýadyny ýok eden tarapdarlaryň özlerindenem ep-esli adam gurban boldy.

## ÝEDINJI BAP

### Berendeý batgalygy

Mongol otrýadynyň gyrylanyny eşiden Baty han Suzdal topragynda olja gözläp enteşip ýören goşunlaryna dessine ýygnanmaly diýen tabşyryk bilen çar tarapa çapar gönderdi. Goşunlara Pereýaslaw-Zalesskiý şäheriniň ýanynda toplanmak hakynda buýruk berildi. Otrýadlar gabaw awy wagtyndaky ýaly halka görnüşinde kem-kemden gysylyp, duş gelen adamlary orta kowmalydy.

Täze gelen çaparlar ele düşmezek «uçýan urusutlaryň» tatarlaryň ýene-de birnäçe otrýadyny ýok edip, sümme tokaýda gürüm-jürüm bolanlaryny habar berdiler.

Şol wagt Ýewpatiý özüniň tarapdarlary bilen demirgazyk taýa barýardy. Tokaýda gizlenen adamlardan Ýewpatiý tatarlaryň öňe hereket etmän, yzlaryna dolanandyklaryny anyklady. Bu habar onuň kalbyna gozgalaň saldy. Duşmanyň onda-munda görnüp ugrany üçin, olaryň arasyndan bildirmän geçmek gerekdi. Ýöne atlaryňam, adamlaryňam azygy gutarypdy.

Ýewpatiý tokaý ýodasy bilen Berendeý batgalygyna çykdy. Pleşeýew kölüne guýýan Trubež derýajygy öz gözbaşyny şu batgalykdan alýardy. Ýewpatiý derýanyň boýuny syryp, tatar otrýadlarynyň halkasyndan çykmagy, soňam Ugliçe tarap ugramagy ýüregine düwýärdi.

Doňan batgalykda birden tatar atlylary peýda boldy. Pes boýly, çydamly atlara münen tatarlar naýzalaryny gezäp, Ýewpatiniň batgalygyň üstünden hatar tutup barýan otrýadyna tarap okduryldylar. Birnäçe ädim golaýa gelip, olara peýkam atdylar-da, garşydaşlaryny gižželeýän ýaly, bada-bat yzlaryna öwrülip gaçdylar.

Tatarlaryň bu hilesine belet Ýewpatiý öz otrýadyny Pleşeýew kölüne tarap äkitdi. Ýöne ýene-de öňlerinde atly tatarlaryň uly topary göründi. Olar söweşden gaça durup, ýuwaşlyk bilen tokaýa çekildiler. Trubež derýasyna golaýlan Ýewpatiý öňki ýoluny dowam etdi.

Oňde töweregi sosna agaçlary bilen örtülen belentlik seleňläp göründi. Onuň ýalaňaç gerşinde gadym eýýamlarda salnan binalaryň geň harabaçylygy gara gömlüp ýatyrdy.

– Berendeý patyşanyň galasy! – diýip tarapdarlardan biri seslendi. – Bu ýerde «sakgaly dyzyna düşüp duran Berendeý patyşa» ýaşapdyr!

Harabalaryň gapdalyndaky alaňyň üstünde tatarlaryň täze otrýady göründi. Olaryň öňünde bäş burçly baýdagyň uzyn uçlary şemala galgaýardy.

– Batyga şo ýerde! Öňe, laçynlarym! – diýip, Ýewpatiý gygyrdy-da, otrýady bilen alaňa tarap at saldy.

Çernigowlylara kömege ýetişmäge taýyn bolup barýan pyýada tarapdarlar öňküleri ýaly ýollaryny dowam etdiler. Gozgalaň tapyp, aşak düşmäge başlan tatarlaryň bir topary etekde rus atlylary bilen garpyşdy. Öňünden çykan tatarlaryň ençemesini gyr-ýapyr eden Ýewpatiý ýokaryk – ýüzüne garçgaýyň şekili çekilen ak baýdaga tarap haýdady.

Çypar at münen bir äpet mongol egri gylyjyny depesine göterip, Ýewpatiniň üstüne eňdi. Çakganlyk bilen atyny sowup ýetişen Ýewpatiý mongol bilen deňleşdi. Ýewpatiniň güýçli urgusy duşmanyň gazap bilen inen gylyjyny omurdy. Aýylganç zarp bilen inen gylyjyň ikinji urgusy mongoly biline çenli iki bölüp, atdan agdardy. Tatarlaryň arasyndan çirkin sesler göterildi:

– Waý! Togrul öldi! Waý, dat! Togrul öldi!..

Ýewpatiý ýanyna gelen öz atlylary bilen ýene depä tarap okduryldy. Olar üstlerine topulan duşman atlylary bilen garpyşyp, batlaryny gowşatman barýardylar. Depäniň üstünde duran tatarlar jyn dagan ýaly boldular.

Ýewpatiý depä çykyp, töweregine göz aýlady. Tatarlar çar tarapda göze ilýärdi. Tokaýdan çykan täze-täze otrýadlar «laçynlardyr» «börüleriň» duran depesiniň töweregine halkalaýyn aýlandylar.

Jeň uzak wagtlap dowam etdi. San-sajaksyz duşmanyň gür hatarlary rus urşujylarynyň üstüne hüjüm edýärdi. Atlaryndan düşüp, berk diwar ýaly sap tutup duran çernigowlylar duşmanyň güýçli hüjümine hötde gelýärdiler. Ýaraglary ugursyzam bolsa, tarapdarlar gazaply garpyşykda ençeme duşmany paýhynladylar. Ýöne ruslaryň hatarlary tiz seýrekläp ugrady.

Esgerleriň has gysylyşýan, peýkamlaryň has ýygy şuwlaýan, gylyçlaryň has batly çaknyşýan ýerinde iki sany uzyn boýly urşujy aýratyn saýlanýardy. Olar gylyjyň, peýkamlaryň zarbyndan ätiýaç edip egilmän, ör boýlaryna galyp, bir ädimem yza çekilmän, gazaply garpyşýardylar.

Olaryň ýanyndaky beýleki rus esgerleri-de jebis hatarlaryny bozman söweş edýärdiler. Tatarlaryň türgenlik bilen atylan peýkamlaram, egri gylyçlarynyň zarbasam olaryň eginlerindäki sowudyny böwsüp bilenokdy. Sarsmaz gala ýaly bolup duran rus esgerleri duşmanyň ýygy hüjümine mertlik bilen hötde gelýärdi.

Kämahal tatarlaryň wagşy gykylyklaryny, ruslaryň dartýan nagralarynyň, atlaryň kişňemesiniň, ýaralylaryň iňňildisiniň arasy bilen Ratiboryň ýogyn, batly sesi ýaňlanýardy:

– Berk dur, dostum Ýewpatiý! Gyr, bu nälet siňenleri!..

Maslahatlarda rýazanlylaryň diňläp, gulaklary ganan ýakymly sesi oňa jogap gaýtardy:

– Ratibor ata, gorkmaň! Berk durandyryn!

Ýewpatiniň elindäki göni gylyç şuwlap batly inýärdi. Onuň gapdalyndaky Ratiboryň agyr serdessesi dykylyp gelen duşmanlaryň kellesini pytradýardy.

Hanlar bularyň garşysyna özleriniň iň gowy atlylaryny iberipdiler. Atlaryň birnäçesi gorkularyna çarpaýa galyp, bir gapdala zyňylýardy. Beýleki bir topary pälwanlaryň zarbyndan paýyny alyp, eýesi bilen birlikde ýykylýardylar. Ýewpatiniň gylyjyndan aman sypanlar Ratiboryň serdessesiniň astyna düşýärdi.

Egnine dökülip duran çal saçlarynyň üstünden ýaldyrawuk tuwulga geýen, bugdaý reňk keşbi nurana gara gözleri ýanyp duran eli agyr serdesseli Ratibor öz görnüşi bilen duşmanlaryň ýüregine wehim salýardy. Edermen, okgunly Ýewpatiniňem ýowuzlygy onuňkydan pes däldi.

Bu iki pälwandan elheder alan tatarlar gorkularyna yzlaryna tesip başladylar.

Bir gyrada esasy müňbaşylaryny daşyna üýşüren Baty han söweşe syn edýärdi. Ol eli bilen yşarat edip Subudaý batyry ýanyna çagyrdy-da:

– Şol urusutlaryň ikisinem diri tutup getirmegi buýurýaryn! – diýdi.

Subudaý saýlama atlylardan ilki ýüzüsüni, soň ýene şonçany jeň meýdanyna ýollady... Olar yzlaryna öwrülip geldiler. Ruslar bolsa söweşi dowam etdirýärdiler.

Özüne tarap ýüzin salyp gelýän ata Baty hanyň gözi düşdi. Onuň üstünde ýaraly esger zordan otyrdy. At olaryň ýanyna gelen badyna esger Baty hanyň edil öňüne agyp düşdi:

– Jahangir! Olary ele salar ýaly däl! Urusutlaryň uruş hudaýy şolaryň özleri bolaýmasyn!

Iň soňky sözleri çala eşidilen ýaraly esger titräp gitdi, soňam aýaklaryny uzatdy-da, sessiz-üýnsiz süýndi. Nökerler ony bir çete süýräp äkitdiler. Gahardan ýaňa ýüzi bagyr ýaly garalan Baty han beýlesine öwrüldi-de:

– Meň porhanlarym näme üçin uklap ýatyrlar? – diýip, gazaply seslendi.

Ylgaşyp gelen porhanlar böküşip, depregi batly-batly urmaga başladylar. Olar urusutlaryň hudaýyny ýok ederi ýaly, hemme zada güýji ýetýän mongol hudaýy Sulde ýalbardylar. Özleriniň bulutlaryň ýokarsyndaky hudaýlaryna kömek sorap ýalbarýan porhanlar dokuz sany gara aty hem togsan dokuz sany ýaş ýesiri hudaý ýoluna aýtdylar.

Uruş hudaýlary Sulde olaryň arzyny diňlemedi. Ol asmanda oturan ýerinden galyň gara, düýpsüz batgalyga düşüp, mongollara hemaýat etmegi islemedi. Ruslaryň sowuk hem gazaply harasatlar köwsarlaýan ýurdy porhanlara-da ýaranokdy. Olaryň öz sahawatly hudaýlarynyň ýaşaýan ýeri bolan giň mongol sähralaryna çaltrak dolanaslary gelýärdi.

Rus pälwanlarynyň töwereginde tatar esgerleriniň jesetleri barha köpelýärdi.

Urşuň başlanaly bäri. kän wagt geçipdi. Ýöne Ratibor bilen Ýewpatiý entek ýadawlyk duýanokdylar. Serdesse öňküsi ýaly aýylganç güýç bilen inip galýardy, ýiti gylyjam şol bir badyna işleýärdi. Ratiboryň batly ses bilen diýýän zatlaryna Ýewpatiý öňküsi ýaly ynamly jogap gaýtarýardy.

Rus esgerleri ýadawlygy ýatdan çykaryp, hatarlaryny jebis saklap söweşýärdiler... Olar:

– Çernigowlylar, öňe!.. Rýazan, berk dur!.. Rus ýurdunyň azatlygy üçin!.. – diýşip, biri-birlerine söz bilen goltgy berip, tatarlaryň üstüne topulýardylar.

Bar ünsüni berip söweşi synlaýan Baty han üçünji gezek gezek iberilen ýüz esgerem ruslaryň ýowuz zarbasyndan ýere ýazylansoň:

– Iň gowy urşujylarym gyrlyp gutaryp barýar!.. – diýip eňredi.

Onuň töweregine üýşüp duran müňbaşylar näderlerini bilmän:

– Waý, dat! Bulara näme alaç etsekkäk? Olar adam däl-de, gaty daşa meňzeýär! – diýip, gowur turuzdylar.

Baty han öz çekgelerine şarpyk çalyp:

– Subudaý! Subudaý! – diýip gygyrdy.

Ol ýanyna gelen garry serkerdä bir zatlar tabşyrdy.

Şondan soň nökerler iki ýana ylgaşyp başladylar. At toýnaklarynyň güpürdisi, geň jygyldy, goh-galmagal eşidilip ugrady. Ýene tatarlaryň haýkyryşýan sesleri, tapyrdy, gümmürdi ýaňlandy. Mis galkandan çykýan güňleç owaz ruslar bilen söweşip ýören tatar esgerlerini yza çekilmäge çagyrdy.

Tatarlaryň yza dönenini gören Ýewpatiý gylyjyny belende göterip:

– Öňe! Meniň... – diýip, batly gygyrdy.

Şol wagt edil kükregine degen batly zarba onuň sesini bokurdagynda doňdurdy. Ýewpatiý gana bulaşyp bir gapdala agdy.

Ruslaryň üýşüp duran depesine tarap aýylganç zarp bilen ähli zady ýykyp-ýumrup barýan äpet daşlar ýagyp ugrady.

Tatarlar hytaýlylaryň ýasan daş zyňýan maşynlaryny aşagyna agaç goýup, süýräp getiripdiler.

Ratibor ýolbars ýaly nagra dartyp, elindäki serdessesini taşlady-da, dostuna bakan ylgady. Ony silkeläp, howlukmaç samyrdady:

– Ýewpatiý, dostum, dirimiň? Ses ber ahyryn!

Soň usullyk bilen gulagyny onuň döşüne tutup diňşirgendi. Dem-düýt ýok! Indi olara mähriban rus topragy üçin egin-egne berip söweşmek miýesser etmez.

Ratibor başyny galdyryp, töweregine seretdi. Çar tarapdan mähnet daşlar rus batyrlarynyň depesinden inýärdi.

Ratibor dostunyň jesedine baş egdi-de, äpet göwresini dikeltdi. Gazapdan ýaňa gözleri ýanyp duran pälwan giň kükregini gerip, gutulgysyz ajalyň üstüne germeçläp gadam urdy.

## SEKIZINJI BAP

### Depede galanlar

*...Ýewpatiň mazarynyň nirede galanyny*
*Bilýär nurly şapaklar hem gadym depeler..*
*Bilýär ol pälwan hakda düzülen köne aýdym,*
*Onam ýeller, tupanlar çykarypdyr ummadan!..*

(Lew Meý, «Ýewpatiý hakynda aýdym»)

Söweş kiparlady.

Töweregi sosna agaçlary bilen gurşalan depäniň üstünde bir kowçum adam entegem durdy. Olar Ýewpatiý Kolowradyň otrýadyndan diri galanlaryň iň soňkularydy. Döşlerini gerip, biri-birlerine gysylyşyp ölümlerini boýunlaryna alanlary üçin gorky-ürküsiz arkaýyn duran adamlara zyňylýan daşlar seýrekledi. Duran adamlaryň hiç birinde atara peýkam galmandy. Bu ýagdaýda başga edip biljek işiň ýok.

Beýle däl... Bar eken!

Garaşylman durka biri çaganyň sesine çalymdaş dury, belent owazy bilen aýdyma başlady... Sogup ýaňlanýan aýdym gussalydy, mähribandy:

Näme beýle, doganlar, agyr oýa batdyňyz?
Näme beýle, oglanlar, siziň halyňyz harap?
Buýsançly başyňyzy, ötgür nazarlarňyzy...

Beýleki duranlaram alyp göterensoň, batyrgaý hem erkana aýdym töwerege ýaň saldy. Aýdym – göýä ölümiň öň ýanynda duran rus adamlarynyň mähriban watan bilen hoşlaşygyny ýadyňa salýardy. Aýdym – göýä, tatarlar ruslary ýeňip bilmediler diýip, ile jar çekýän ýalydy.

Üýşüp duran bir kowçum rus esgerlerine syn eden Baty han daş zyňýan maşynlary togtatmagy buýurdy. Olaryň sesi galansoň, edil degirmeniň suwy sowlan ýaly boldy. Şondan soň mongol goşun başlyklarynyň gulagyna sogup çykýan aýdym sesi eşidilip ugrady. Geň galyp, gulak asyp duran jahangir:

– Olary meň ýanyma diri tutup getiriň! – diýip, buýruk berdi.

«Ýeňilmezekler» jahangiriň mukaddes buýrugyny ýerine ýetirmek üçin gyssandylar. Olar çar tarapdan topulyp, kement taşlap, ruslaryň görkezýän peýdasyz garşylyklaryny ýeňdiler, ellerini arkalaryna mäkäm saradylar. Jahangiriň berk buýrugy bolmadyk bolsa, mongollar olary duran ýerlerinde çapyp taşlajakdylar.

Baty han ýanyna getirilen ýesirleri üns bilen synlady. Ruslaryň köpüsi ýaralydy, ganlary endamynda gataşyp durdy, daş degip, käbiriniň eli, aýagy döwlüpdir. Olaryň arasynda ak sakgally garrylar-da, iki sany ýaş oglan-da bardy. Ýesirler ýüzlerini çytyp, parahat durdular. Olaryň hiç biri baş egmedi. Ýüreklerinde ne tolgunma, ne-de gorky bardy. Ölümlerini boýna alan adamlar ýowuz hanyň dogry gözüne seredýärdiler.

– Ýesirleriň ellerini çözüň! – diýip, Baty han buýruk berdi. Subudaý batyr, her urusutyň boýnundan agaç paýsza as!

– Gulak asýan hem boýun synýan! – diýip garry serkerde jogap berdi. – Serenjamçy, bar, meniň paýszaly haltamy getir!

Soň Baty han öz yzynda duran garry dilmaja ýüzlendi:

– Konaz Galib, edermen urusutlaryň günäsini ötüp, ganlaryny geçýänimi hem azatlyk bagyş edýänimi bulara aýt. Bular deňsiz-taýsyz batyr ekenler!

Knýaz Gleb ýüzüni kürşertse-de, özüne syn edilýänini aňany üçin Baty hanyň buýrugyny ýerine ýetirmäge gyssandy.

Baty han ýesir ruslary görkezip, ähli esgerleri eşider ýaly gaty gygyrdy:

– Öz mähriban ýurduňy, ine, şular ýaly goramak gerek!

Sene ýazyjysy fakyh Hajy Rahym ýaş jahangiriň gaşyna gelip, baş egip, tagzym edensoň, şeýle diýdi:

– Sen beýik hem adalatly! Häzir sen öz parasatly ataň, keramatly hökümdaryň dili bilen gürlediň! Ol hut şeýle hereket etmegi öwredýärdi...

Entek nämeler bolýanyna düşünip bilmän duran ruslara tarap ugran serenjamçyny Baty han saklady. Knýaz Gleb jahangiriň sowalyny terjime etdi:

– Aýdym aýdan kim?

Ruslar bir-birleriniň ýüzüne seredişdiler. Üç sany sakgallak esger bir wagtyň özünde öňe çykdy. Şol mahal ýaş esger olary iteläp öňlerine geçdi-de:

– Aýdym aýdan bular däl, men! – diýip, inçejik, dury sesi bilen gygyrdy. Ol başyny dik tutup, göni jahangire garap durdy.

Baty han zordan ýylgyrman saklandy. Ol çalaran gyýyk gözlerini süzüp, garşysynda duran oglanyň çaganyňka meňzeş näzik ýüzüne, tolgunmadan ýaňa oýnaklap duran göreçlerine seretdi. Jahangir dilmaja sereden mahaly arryk, uzyn müňbaşy Burundaý ara sokuldy. Ol oglanyň ýanyna bardy-da, heňkirdi:

– Nurananyň gaşyna gelenler ýeri öpmelidir, urusut! Häziriň özünde dyza çök-de, rehim etmegini, sora! – Şeýle diýdi-de, ol gödeklik bilen oglany, iteledi. Ýykylan oglanyň telpegi gaçyp, iki örüm sary saçlary seçelenip gitdi.

Başga bir rus oglany ylgap bardy-da, Burundaýa ýapyşdy:

– Oňa degme!

Gylyjyna eline ýetiren Burundaýy jahangiriň hökümli hereketi saklady. Gahardan ýaňa ýüzi üýtgän Burundaý bialaç gyra çekildi.

Ýaş esgeriň saçlaryny tokgalap, telpeginiň aşagynda gizleýşine gyzyklanma bilen syn edip duran Baty han:

– Gyz oguşýa? – diýip seslendi. – Bu gyzyň ady nämekä?

– Ol knýa... – diýip, soň gelen oglan dillenen badyna gyz dessine onuň sözlerini agzyndan kakdy:

– Ümsüm dur, Pospelka! Ol menden soraýar! – Soň Baty hana tarap öwrülip, arkaýyn jogap gaýtardy: – Meniň adym Prokuda. Biçäre ýetim...

– Özüň haýsy ýerden?

– Paýtagt şäher Wladimirden.

Baty han kellesini silkdi.

– Ony meň esgerlem otlady. Uldemir diýen şäher indi ýok!

– Bilýän. Siziň şäheri nähili otlanyňyzam gördüm. Pospelka ikimiz şondan soň gaçyp gaýtdyk.

Baty han ýylgyryp, pessaý seslendi:

– Berekella!

Şol wagt ylgaşyp gelen nökerler iki pälwan urusutyň – daş degip ölen ýaş esgeriň hem garry porhanyň jesediniň tapylandygyny habar berdiler. Baty hanyň olary göresi geldi. Nökerler Ýewpatiý bilen Ratiboryň jesetlerini obalylaryň ýaýbaň arabasyna ýükläp getirdiler. Olary üns bilen synlap duran Baty han Ýewpatiniň ýarym açyk gözlerine barmagyny çalaja degirdi.

– Ýok, bular mangusam, porhanam däl-de, edermen esgerler, garadan gaýtmaz batyrlar! Eger diri galan bolsalar, men bulary öz ýanymdan goýmazdym... Bu iki pälwanyň batyrlygy meniň esgerlerim üçin görelde bolmalydyr!

Soň Baty han töwerekde gysylyşyp duran mongollara ýüzlenip, şeýle diýdi:

– Bularyň mertebesini hormatlalyň!

Şondan soň ýeňilmez serkerde Subudaý batyr, çytyk keşpli ýowuz müňbaşylar hem esgerler ýüzlerini ,sallap, gylyçlaryny gynyndan sogurdylar-da depelerine göterip, üç gezek:

– Khu! Khu! Khu! – diýip gygyrdylar.

# SEKIZINJI BÖLÜM

## HARASAT GÜÝJEÝÄR

---

*Baty hanyň baştutanlygynda tatarlar Gündogar Rusy basyp aldylar hem-de weýran etdiler. Ruslar hemme ýerde öz Watanyny gahrymanlarça goradylar; ýekeje şäherem, ýekeje knýazam meýletin tabyn bolmady.*

(N. Kostomarow, «Rus taryhy»)

## BIRINJI BAP

### Rostow knýazy Wasilko

Beýik knýaz hem hökümdar Georgiý Wsewolodowiç öz paýtagt şäheri Wladimiri taşlap, demirgazyk tarapa ugur aldy.

Gar arabasyna goşulan üç at dem-dynç alman, her obada çalşyrylyp, menzil söküp barýardy. Beýik knýaz baran obasynyň ylgaşyp öňünden çykýan ilatyna şeýle diýýärdi:

– Eliňize gylyç, palta alyň! Esgerleň hataryna goşulyp, knýazlaň töweregine toplanyň, mekir hem birehim duşman bilen aldym-berdimli söweşe taýynlanyň! Duşmany gelen ýerine kowuşmaga bize keseden kömek berjek barmy? Ýok! Mähriban topragymyzy halas etmeli diňe özümiz. Hudaýa sygynalyň! Penakärimiz – diňe şol! Söweşe sizi özüm äkiderin!

Atlar dar ýol bilen ýene öňe okduryldylar. Açyk gar arabasynda oturan knýazyň egni aýy hamyndan tikilen possunlydy. Yzdaky arabada onuň iki ýegeni, üçünji arabada bolsa garry hyzmatkär bilen her dürli azyk bardy. Knýazyň bu göçüni birnäçe atly esger garawullaýardy. Ýolbelet esli öňden at çapdyryp barýardy. Gyşda garly düzlükler, biri-birine meňzeş obalar ahmal bolsaň azaşdyrjakdy.

Knýaz arabakeşleri gyssap, hiç ýerde togtaman haýdap otyrdy. Arassa, sowuk howa, taýyp barýan gar arabasynyň endigan çaýkamasy, at toýnaklarynyň birsydyrgyn güpürdisi, arabakeşleriň «hä, çüw» diýip häli-şindi gaýtalanýan sesleri knýazy meýmiredýärdi. Aýaly Agafýanyň dolmuş, gyzgyn elleri bilen gujaklap: «Näme üçin söýgüli ýanýoldaşyňy taşlap gidýäň? Seň bilen ölüme gitmäge-de men taýyn!» diýen soňky sözleri ýarym ukuly oturan hökümdaryň gulagynda ýaňlanýardy.

Aýalynyň özüne ýapyşan ellerini gödeklik bilen siltäp aýryşyny hakydasyna getiren knýaz: «Elbetde, ony hatda garganyňam kynlyk bilen uçup ýetýän ýeri bolan Belo-Ozerä ugradaýanam bolsam, bolman durjak däl eken. Ýöne şäheriň ilaty: «Özem gitdi, aýalynam ugratdy!» diýip gürrüň etseler, abraý däl-dä!» diýip oýlandy.

Oý-pikirden aýňalyp, öňde – öwrümiň aňyrsynda garalyp oturan bir topar gyrymsy ösümlige gözi düşen knýaz tisginip gitdi. Olary atyň ýalyna ýapyrylyp, ullakan ýaýlarynda peýkam atmaga häzirlenýän tatar atlylarydyr öýtdi... Şol wagt arabakeşiň sykylygy eşidildi. Ürküp özlerini bir gapdala zyňan atlar ýene ýola düşdüler. Ýaňky garalar yzda galdy.

Ertesi agşamaralar knýaz gar basan tekiz Nero kölünden geçdi. Öňde Rostow kremliniň diwarlary görnüp ugrady.

Knýaz Georgiý Wsewolodowiç öz ýegeni knýaz Wasilko Konstantinowiçi görmek üçin Rostowda bir gije düşläp geçmegi makul bildi. Wasilkony dogan-garyndaşlaram, beýleki knýazlaram gowy görýärdiler, hormat goýýardylar. Il içinde ol hakda: «Hemmä deň sylag-hormat edýär, sahawatly, ak ýürekli, gyr jyny tekepbirlik» diýip gürrüň edýärdiler. Bulardan başga-da, ol garadan gaýtmaz batyrdy. On bäş ýyl ozal – entek ýaş ýigitkä ol rostowlylaryň otrýady bilen Kiýewe – Kalka derýasynyň boýunda tatarlar bilen bolan söweşe gatnaşypdy.

Rostowyň dar köçelerinden ýuwaşlyk bilen barýan gar arabalary knýazyň köşgüniň öňünde togtady. Ylgaşyp gelen hyzmatkärler hem esgerler knýaza arabadan düşmäge kömekleşdiler, goltugyndan gop berip, ýokaryk çykmaga ýardam etdiler.

– Meň söýgüli ýegenim knýaz Wasilko Konstantinowiç nirede?
– Demir ussahanasynda.
– O ýerde onuň näme işi barka?
– Gylyç ýasaýar!
– Hany, meni şoň ýanyna eltiň!
Agyr üstki geýimini taşlan Georgiý Wsewolodowiç egni tilki derisinden tikilen kelte possunly şäheriň öwrüm-öwrüm köçelerinden esgerleriň yzyna düşüp ugrady.
– Biziň demir ussahanamyz şäher galasynyň daşynda ýerleşýär – diýip, esgerleriň biri aýtdy.
Kölüň gyrasynda uzyn hatar bolup ýerleşen demir ussahanalaryndan çekiçleriň zarply owazlary eşidilýärdi. Turbalardan çykýan gyzgylt tüsse burum-burum bolup asmana göterilýärdi. Tüssäniň içi bilen çykýan uçgunlar biraz ýylpyldap, garalyp duran asmanda ýitip gidýärdiler.
Ussahanalarda iş gyzyşypdyr. Sandallaryň üstüne egilişip duran ussalar demir gysaç bilen agarýança gyzdyrylan uzyn demir böleklerini süýşürip, ýoldaşyna çekiji nirä urmalydygyny görkezýärdi. Daýaw ýoldaşy haslap äpet ýekedabany onuň diýen ýerinden inderýärdi.
– Häzir, häzir, gadyrly myhman! – diýip, beýlekilerden tapawudy bolmadyk, ýüz-gözi guruma bulanan ýekedabançy gygyrdy. – Ine, şu iki bölek demirem taplap bolaýyn. Demir tapmagam görgi! Derwezeleriň kiltlerini, arabaň tigirleriniň daşyna geýdirilen demir halkalary, garaz, bir ýerde demir görsek ýygnap, paltadyr gylyç ýasaýas... Demirçi ussalar azlyk edýäni üçin, özümem kömekleşmeli bolýan...
– Bu nä boluş, knýaz Wasilko? Bu durşuňa seň beýleki ussalardan tapawudyň ýok!
Ýakynda duran ussa ara goşuldy:
– Biziň knýazymyz haýsy iş etmelem bolsa men diýen ussadan pes oturanok!
– Häzir elimi ýuwaýyn, soň biziňkä gideris. Keýwanyň hödür-kereminiň başynda gümür-ýamyr ederis. Eý, Tyrýa! Tizräk bärik gel-de, meň deregime işle!
Ol ýekedabanyny uzyn boýly, ýüzüni mama dişän ýaş ýigide uzatdy. Agaç bedredäki suwa elini ýuwdy-da, ot degip garalan öňlügine süpürinip, Georgiý Wsewolodowiçiň ýanyna ugrady. Peçde ýanyp duran oduň ýagtysynda bu uzyn boýly, syratly pälwanyň açyk, emma haýbatly keşbini synlamak mümkindi. Knýazyň gerlip duran gara gaşlary, synçylyk bilen garaýan ýiti gözleri laçyny ýadyňa salýardy.
Knýazlar gujaklaşyp, üç gezek ogşaşdylar.
– Nähili zamana boldy! Günüň-güni eşidýäniň: «Pylan şäher elden gitdi, pylan pälwan öldürildi, pylanylaryň aýallary masgaralandy» diýen ýaly şum habarlar!.. Şoň üçinem, hemmämiziň agyz birikdirip, bir bütewi ýumruga düwülmegimiz gerek...
– Hem bir baştutana boýun egmegimiz gerek! – diýip, onuň sözüniň üstüne goşan knýaz Georgiý Wsewolodowiç tekepbirlik hem özüne göwnüýetijilik bilen gabarylyp, ýegeniniň yzyna düşüp ussahanadan çykdy.

Iki knýaz gije stoluň başynda kenep ýagy salnan çyranyň ýşygynda uzak mahal gürrüň edip oturdylar. Içine her dürli balyk salnyp bişirilen somsalardan, külçelerden datdylar. Daglanan aýy etinden iýip, köne bal şerabyndan içip oturyşlaryna etmeli-goýmaly işler hakynda pikir alyşdylar.
Gýeorgiý Wsewolodowiç öz söweş planyny düşündirdi:
– Tatarlar daşan derýanyň suwy ýaly, maýda toparlara bölünip, bütin rus topragyna ýaýradylar. Biziň ähli güýçlerimizi jemläp, bir bütewi kuwwatly goşun toplamagymyz gerek. Ýöne biziň güýçlerimiziň nirede jemlenýänini tatarlar bilmez ýaly, goh-galmagalsyz, gizlin ýagdaýda tokaýyň jümmüşinde bir ýeri belleşip ýygnanyşmaly. Soňam birleşmäge maý bermän, tatar otrýadlaryny ýeke-ýekeden ýok etmeli.
– Wagt geçip dur. Sen goşuny nirede toplamagy ýüregiňe düwdüň?
– Galiç bormy, Wesýegonskmi ýa-da Beloýe Ozerodamy – şularyň birinde.
– Olar gaty daş-la!
– Onda Mologa derýasynyň boýunda toplansagam bolar! O ýerde geçip bolmajak gür tokaýlar bar. Şerwinsk tokaýy dagy hasam amatly! Diýýän ýerlerimiň ýene bir amatly tarapy bar: tatarlar olja gyzygyp, Nowgoroda giderler. Nowgorodyň skladlaryndaky çet ýurtly söwdagärleriň del harytlaryny olaryň başga ýerden tapjak gümanlary barmy? Biz tatarlaryň nowgorodlylar bilen çaknyşýan mahaly ýeňselerinden urarys. Şeýdibem, olar bilen biryaňalyk ederis!

– Men başgaça hereket etmegiň tarapdary – diýip, Wasilko söze başlady. – Ýewpatiý Kolowradyň bary-ýogy bir ýarym müň töweregi esgerli kiçiräk goşuny bardy. Emma şolar bilen ol tatarlaryň başyna nähili oýun saldy?!

– Özem heläk boldy-da!..

– O dogry. Ýöne eden işi nähili? Duşman bilen şeýle söweşmek gerek. Olaryň söbügine düşüp, ukuda ýatyrkalar duýdansyz çozmaly. Tokaýda gizlenip, amatly pursata garaşmaly... Meniň pikirimçe, ähli ýerden meýletinleri toplap, olar kömek bermeli. Şeýtsek, tatarlar özlerine haýsy ýerden howp abanýanyny bilip bilmezler.

– Ýok, seň bu pikiriň göwne makul däl! Beýdip güýçleri bölmek bolmaz. Hudaýyň hemaýatyna bil baglap, poplary öňe salyp, ybadathana baýdaklaryny göterip, ýa almaly, ýa ölmeli edip jeňe girmegimiz gerek. Şeýtsek, Hudaý bize hemaýat edip, öz gazabyny zalymlaryň depesinden inderer. Men özümiň şeýle şanly ýeňiş gazanyp biljegime ynanýaryn! Kömek bererime garaşýan bütin Rus ýurduny özüm halas ederin!.. Knýaz Wasilko Konstantinowiç, senden bu işde maňa ýardam bermegiňi haýyş edýän! Il seniň sözüňe ynanýar, maslahatyňa gulak asýar. Ähli knýazlara, boýarlardyr goşun başlyklaryna çapar ýolla. Goý, olar öz gol astyndaky esgerleri hem halkdan ýygnanan meýletinler bilen Mologa derýasynyň boýuna gelsinler!.. Men ol ýerde söweşjeň lager gurap, şöhratly goşuna özüm baştutanlyk edip, tatarlaryň kastyna sürerin!

– Men Watana kömek üçin güýjümde baryny gaýgyrmaryn! Rostowly pälwanlara özüm baştutan bolup bararyn!

## IKINJI BAP

### Söweşjeň lager

Rostowdan çar ýama çaparlar ýollandy. Olar beýik knýaz Georgiý Wsewolodowiç bilen knýaz Wasilko Konstantinowiçiň Nowgorod, Pskow, Polosk, Wolga boýundaky şäherlerden Sudislawl, Ýaroslawl, Kostroma, olardanam alysdaky Galiç hem Beloýe Ozero şäherleriniň knýazlaryna goşun başlyklarydyr welaýatyň ygtyýarly adamlaryna ýazan hatlaryny alyp gitdiler. Bu hatlarda knýazlar ilatyň söweşe ýaraýanyny hemmeleriň toplanýan ýeri bolan Krasnyý Holmyň ýakynyndaky söweşjeň lagere çagyrýardy.

Dumly-duşdan bellenilen ýere gelýän esgerleriň käbirinde at, sowut, gylyçdyr naýza bardy. Galanlaryň ählisi pyýadady, eginleri mawutdan tikilen dondur kelte possunly, elleri bolsa aýy awlanýan agaç naýzaly hem paltalydy.

Krasnaýa Holmda knýaz Georgiý görnenokdy.

– Söweşjeň lager niredekä? – diýip, gelen esgerler soraşýardylar.

– O ýeri gizlin saklaýarlar. Şeýtmeseň, tatarlara wagtyndan öň aýan bolmagy mümkin...

Oda çoýunyp oturan esgerler özara gürrüň edýärdiler:

– Wladimiriň beýik knýazy uzak pikirlenmesini goýup, herekete geçjek ýaly!

– Ol häzir iň güýçli knýaz. Rus goşunlaryna baştutanlyk etmäge oňa wagt ýetdi. Bu hereketini has irräk – tatarlaryň gelýäni hakda gürrüň edip ugran uçurlarynda eden bolsa, juda-da gowy bolardy!.. Ol şonda rýazanlylara kömek bermän gaty ýalňyşdy...

– Pursat elden gidirileni üçin, biziňkileriň näçesi armanly heläk boldy!..

– Duşmanyň garşysyna bütin halk bolup aýaga galmak gerek. Diňe şonda olardan üstün çykyp bileris...

– Wah, ýurduň bagtyny ýatyrýan knýazlaryň özara dawa-jenjelleri-le!...

Beýik knýaz Georgiý Wsewolodowiç Rostowda uzak eglenmän Ugliçe ugrady. Wolganyň boýy bilen Mişkina bardy. Ol ýerden tokaý ýollaryna düşüp, Sit derýasynyň Mologa guýýan ýeriniň golaýyndan ötdi. Knýaz ol ýerde Boženka obasynda pop Wahrameýiň öýüne düşdi.

Pop özi hem gyşaryp duran agaç buthanasy ýaly çagşandy, gadymyýetden söz açmany gowy görýärdi. Sypaty alan hamyra çalymdaş aýaly Olimpiada garrylygyna garamazdan, myhmanyň göwnüni tapjak bolup hozanaklaýardy. Saçaga içi duzlanan kömelekli hem balyk bilen sogan garylyp bişirilen somsalary daşaýardy.

Pop Wahrameý Boženka obasyna günbatardan Bežeskiden gelýän ýeke ýoluň bardygyny, gündogardan bolsa diňe gyşyna Mologa hem Sit derýalary boýunça gelmek mümkindigini düşündirdi.

«Daş-töwerek sümme tokaýlyk, tomusda düýpsüz batgalyklaryň derdinden bu jelegaýlara golaýlaşar ýaly däl. O batgalar hatda gyşyň aňzagynda-da doňman, bugaryşyp durlar» diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

– Çaky, tatarlar bu töwerege gelip biljek däl-dä? – diýip, knýaz Georgiý sorady.

– Geläýselerem, bary batgaň teýine gider! – diýip, Wahrameý ynamly aýtdy.

– Tüýs meň gözleýän ýerlerim eken. Söweşjeň lageri şu ýerde gursam gowy boljak ýaly.

– Hudaý işiňi ugruna etsin! – diýip, Wahrameý makullady. – Başlaberiň, hökümdar! Men her gün sen goşunlaryna medetkär bolup, duşmanlary tar-mar etmäge hemaýat bermegini diläp, hudaýa ybadat ederin.

Çakylyga ilkinji bolup, iň golaýdaky Sit knýazlary seslendi. Olar söweşjeň lagere goşun, bededir un, duzlanan balyk iberdiler. Eginleri galyň mawut donly, towşan derisinden edilip, reňkli lentalar bilen bezelen kelte possunly, möjek hamyndan tikilen gulakjynly, saçlary eginlerine düşüp duran Sit daýhanlary geldi. Olar knýazyň bolýan jaýynyň eýwanynyň öňünde aýy awlaýan agaç naýzalaryna söýenişip durdular. Knýazyň eýwana çykanyny göreninden daýhanlaryň ýaşulysy özlerine mahsus dilde «ç» harpyny «ss» bilen çalşyryp, tiz-tizden gepledi:

– Näme üçin sagyrdyňyz? Bizi ornumyzdan gozgamak näme gerek boldy? Biz bir tokaýda odun sapyp ýören adamlar. Aýt, näme sapmaly?

Knýaz Georgiý özüniň hojalyk işlerine ökdeligini bada-bat subut etdi: adamlaryň birnäçesine Sit derýasynyň kenarynda pürslerden jaý dikmekligi tabşyryp, olaryň içinde palçykdan hem daşdan peçleriň bolmalydygyny aýratyn tekrarlady. Beýleki bir toparyna bolsa adam boýy çuňlukda uzyn garymlar gazmagy tabşyrdy.

– Tüýs biziň başaraýjak işimiz! – diýip, Sit daýhanlary seslendiler. – Batgalykdan ýap gazmak, agaç çapmak endik edip giden kärimiz.

Hatar tutup tokaýa ugran daýhanlaryň paltalarynyň sesi tiz eşidilip ugrady. Sosnadyr ýolka agaçlaryny daşap, pesden akýan Sit derýasynyň belent kenarynda üsti gabyk bilen ýapylan ýaýbaň üçekli jaýlar salyp başladylar. Birnäçe gün geçensoň, ol täze jaýlaryň turbasyndan tüsse çykyp ugrady.

Ýekelikde ýa-da topar bolup gelýän meýletin esgerleriň sany barha köpelýärdi. Knýaz Georgiý olaryň ählisine iş tapýardy: birnäçesi ýerdöle gazsa, beýlekileri çapylan ýa-da guran agaçlardyr töňňeleri daşap, olardan haýat salýardy.

Aradan köp wagt geçmänkä Rostow knýazy Wasilko Konstantinowiç öz üç ýüz atlysy hem müň adamdan ybarat pyýada goşuny bilen geldi. Olaryň yzyndan üstüne et, halta-halta un hem bede ýüklenen gar arabalary uzyn hatar tutup gelýärdi.

Goh-galmagaly lageriň daşyna aýlanyp çykan knýaz agaç jaýlara gaşyny çytyp syn etdi, soň haýatyň ýanynda atyny saklady-da, başyny ýaýkap, buthana tarap ýöneldi. Popuňky bilen ýanaşyk salnan täze jaýyň depesinde beýik knýazyň gara baýdagy pasyrdaýardy. Baýdagyň ýüzüne altyn sapaklar bilen «Spas-Nerukotwornynyň»[118] suraty çekilendi.

Şol wagt ak çokga sakgally, saçy örülen garry pop uzyn donunyň syýyny süýräp eýwana çykdy.

– Şan-şöhradyň belent bolsun, knýaz Wasilko Konstantinowiç! Merhemet ediň, öýe giriň, ýylynyň!

– Salam, Wahrameý ata! Görüşmänimize köp wagt bolupdyr. Şol gezekki sugun awundan soň duşamzogam ýaly. Senem, köneje buthanaňam bir mydar barmysyňyz?

– Bilim bükülse-de, çal başym-a şükür, entek ýerinde. Belki, ýene-de gerek ýeri bolar.

Knýaz owadan gyr atyndan düşen badyna, bir esger ylgap gelip, aty jylawyndan idip äkitdi. Köne jaýyň eýwanyna çykan Wasilko Wahrameý atanyň özüne çokunýan ýygyrt-ýygyrt elini öpdi.

– Görýän welin, şäher gurup başlapsyňyz ýaly-la?

– Hawa, şeýleräk öz-ä – diýip, pop jogap berdi.

– Bu şäher näçe wagt durmaly? Bir ýylmy, iki ýylmy ýa-da köpräkmi?

– Men bir öz işine gümra pop. O zatlary bilmen. Ähli zat beýik knýaz Georgiý Wsewolodowiçiň ygtyýarynda. Agaç daşamagy, jaý gurmagy buýran ol. Şondan bärem haýdap oturyşlary.

– Birneme adam-a üýşüpdir. Olary näme bilen naharlaýaňyz?

– Ähli zat barada oýlanyp, ölçerip-dökmek hökümdaryň işi. Gelen esgerleriň hemmesiniň iýere nany ýanynda. Mundan başga-da, beýik knýazyň buýrugy bilen ähli ýerden undur duzlanan balyklar getirilýär. Onsoňam bu ýerli aýallaryň ählisiniň işi nan ýapmak.

---

[118] «S p a s-N e r u k o t w o r n y ý» – hristian dininde keramatlylaryň biri.

– Bedäňiz barmy? Esgerlerimiň atlary üçin gerek.

– Mende seň atyň iýer ýaly bede bar. Ony tomusda sygrym üçin ýygnapdym. Esgerleriň atyna gerek bedäni knýaz berer. Daýhanlaryň bede getirýänini| görüpdim... Näme, daş işikde sowuga daňlyp durus? Meniň garyp külbäme giriň, knýaz!

Knýaz Wasilko derýanyň kenarynda uzyn hatar bolup duran esgerlerine tarap öwrüldi-de, öňdäki ýüz atlyň baştutanyny ýanyna çagyrdy.

– Lagere aýlan-da, atlary daňar ýaly ýer gözle, ot-iým barada knýaz Georgiý Wsewolodowiç bilen özüm gürleşerin.

– Atlara üç gün iýerlik bedämiz-ä bar. Arpamyzam on güne dagy ýetse gerek.

– Atlarymyzy soýup, nahar etmeli bolmasak ýagşy. Mähelläň köpdügini görýäňmi!.. Ana, beýik knýazyň özem gelýär!

Possunyny ýelbegeý atynyp, apaň-apaň basyp gelýän Georgiý Wsewolodowiçiň žozzuk gyzyl ýüzünde şatlyk alamaty oýnaýardy.

– Hammamyň bugy hezil beräýdi! Halaýan zadym-da! Bu ýerde guran hammamlarymyzyň sany alta dagy ýetýär... Olar dagy bolmasa, adamlary bit basyp gitjek. Ähli zadyň pikirini edip, kelläm halys hum ýaly çişdi!.. Salam, ýegenim! Ömrüň uzak bolsun! Hany, ilki bir gujaklaşyp görşeli bakaly! Soňam meniň täze jaýyma gideli!

## ÜÇÜNJI BAP

### Baty han monastyrda

Baty han Ugliç şäherine golaýlaşyp, atynyň başyny çekdi. Ol gamçysyny biri-birine süýşürip ýelmeşdirilen ýaly geň görnüşli, üçekleri haçly agaç jaýlara tarap uzadyp:

– Bu näme? – diýip sorady.

Onuň gapdalyndan barýan Subudaý batyr ukudan açylan ýaly tisginip:

– Dilmaç! Dilmajy çagyryň! – diýip gygyrdy.

– Dilmaç! – diýşip, nökerlerem gygyryşdylar.

Garry polowes dilmajy gelşine düşündirip başlady:

– Bu Woskresenskiý diýlip atlandyrylýan erkekler monastyry. Munda ýüzlerçe monah ýaşaýar. Siziň porhanlaryňyz ýaly, olara-da aýal maşgala seretmek gadagan. Bar işleri hudaýa ybadat etmek...

– Näme hakda ybadat edýärler?

– Ýerde parahatlyk hem asudalyk bolsun diýip...

– Onuň maňa geregi ýok!

– Açlyk, ýer yranma, ýangyn ýaly belalar bolmaz ýaly...

– O zatlaram maňa gerek däl! Olar meniň konaz Gýurga bilen etjek urşumyň näme bilen gutarjagyny aýdyp berip bilerlermi?

– Elbetde!

– Men gijäni hudaýyň şu öýünde geçirmekçi – diýdi-de, Baty han Subudaýa gözüniň gytagyny aýlady. Garry serkerde haşlap uludan dem aldy-da:

– Dilmaç! – diýip gygyrdy. – Ýanyňa ýüz sany nöker al-da, göni urusut hudaýynyň öýüne ugra. Baş porhana «häzir beýik jahangir Baty han gelýär» diýip habar ber.

– Emriňiz ýerine ýetiriler!

Dilmaç ýüz nökere baş bolup, monastyra at goýdy. Subudaý batyr ýüzbaşyny gerekläp ugran badyna Arapşa bezemen aty bilen häzir boldy. Gara atyň boýnuna dakylan kümüş bezeg ýaldyraýardy. Haýsydyr bir öldürilen rus goşun başlygynyň atyndan sypyrylyp alnan kümüş hem altyn çaýylan esbaplar aýratyn saýlanyp durdy.

– Monastyryň daşyna aýlan! – diýip, Subudaý batyr ona buýruk berdi. – Her derwezäň agzynda saklaw goý! Ähli jaýlary, ýerzeminleri barlap çyk: gizlenip oturan esgerler ýa-da başga bir hilegärlik bar bolaýmasyn. Ol ýerdäki urusutlara: «Bagtyňyz geldi. ÄlemIň hökümdarynyň özi monastyrda bir gije myhman bolmaga isleg bildirdi!» diýip habar ber. Jaýlaryň içinde, eýwanlarda hem geçilýän esasy ýerlerde saklaw goý. Iň aç nökerlerden onusyny aşhana elt. Hem-ä özleri garynlaryny doýursynlar, hemem ýaramaz bir zatlar taýynlaýmazlar ýaly porhanlara esewan bolsunlar. Olaryň nädogry iş

edýänini görseler ýa-da bozuk niýetlerini aňsalar, dessine çäre görsünler. Baty han ol ýerde dynç alýan wagtynda beýleki otrýadlardan bolan mongol esgerleriniň birem aýagyny sekmesin.

– Gulak asýaryn hem boýun synýaryn! – diýip, Arapşa jogap berdi-de, buýrugy ýerine ýetirmäge eňdi.

Monastyryň esasy jaýynda ybadat dabarasy dowam edýärdi. Öň tarapdaky diwaryň düýbündäki üstüne haly ýazylan aýmançada arka direlýän belent iki sany kürsi goýlupdyr. Olaryň birinde aýbogdaşyny gurap, egri gylyjyny dyzynyň üstünde goýup Baty han otyrdy. Beýlekisinde oturan altyn nagyşlar hem dür sapaklar bilen bezelen belent gara telpekli Ýyldyz hatyndy. Esasy hanlaryň altysy Baty hanyň golaýynda ornaşypdyr. Subudaý batyram şol ýerdedi. Ol ybadat dabarasyna gözüni süzüp, ynamsyzlyk bilen üns berip seredýärdi.

Ybadatyň gidişi gaty dabaralydy. Oňa tatarlardan bu ýere gaçyp atan ýepiskopyň özi ýolbaşçylyk edýärdi. Arryk, bili bükülen ýepiskop egnine zerbap donuny, başyna altyn telpegini geýip, ortadaky münberde dim-dik durdy. Onuň sag hem çep tarapynda alty-altydan hatara duran on iki popuňam eginleri baýramçylyk lybaslydy. Ýepiskopyň iki tarapynda bezemen geýnen, elleri uzyn şemli iki oglan durdy. Ikonanyň öňünde şemler hem çyralar ýanýardy. Duranlaryň eginlerindäki geýimler, ikonalaryň altyn çarçuwalary çyralaryň öçügsi yşygyna lowurdaýardy.

Baty han heniz görmedik bu tomaşasyna hezil edip syn edýärdi. Ol başyny yrap, ýylgyryp oturyşyna käte üýşüp aýdym aýdýan mähellä sesini goşjak bolup synanýardy. Çyralaryň yşygy onuň ýüzüni gorar ýaly altyndan pena edilen polat tuwulgasyna, kümüşsöw sowudyna, boýnundan asylan iri zümerret hem almaz daşlary bilen bezelen şaýyna düşüp oýnaklaýardy. Uzyn boýly, daýaw kömekçi ruhany her gezek, ýanyna gelip, elindäki ýakymly ys ýaýradyp tüteýän gabyny aýlanda, Baty han meýmiräp başyny egýärdi, hoşboý ysy demine dartýardy.

Ýyldyz hatyn çuň kürsüde gymyldaman otyrdy. Egnindäki kümüş sapaklar bilen nagyşlanan hytaý köýnegi, boýnundan asan gymmat bahaly şaýlary almaz ýüzükleri, gurjagyňka meňzeş agardylan ýüzi ony kiçijik daş heýkele meňzedýärdi. Onuň dIňe giň açylan gözleri howatyrly oýnaklaýardy.

Kürsiniň ýanynda duran wepaly gyrnak I La-he Ýyldyz hatyna tarap eglip, gulagyna pyşyrdady:

– Asuda otur! Tolgunýanyňy bildirme! Hökümdaryň aňmagy mümkin!

– Hanha ol! O ýerde – penjiräň ýanynda... ýakynjakda dur! Men onuň bilen hökman gepleşmeli – diýip, Ýyldyz pyşyrdap jogap gaýtardy.

Gapdaldaky çykalganyň ýanynda bir nöker naýzasyna söýenip durdy. Onuň başynda polat tuwulgasy, egninde polatdan sowudy, aýagynda bolsa gyzyl reňkli bulgar ädigi bardy. Heniz sakgal-murt çykmadyk ter ýüzi biperwaý görünýärdi. Kämahal Baty hana seredýän nökeriň esasy ünsi dumanly, sowuk gyş gününiň tutuksy şöhlesi düşýän kiçijik penjirä gönügendi. Ol – gapyň agzyna garawul goýlan Musukdy. Birden ol Baty hanyň aýalynyň özüne üns berip seredýänini gördi. Beýlesine öwrüldi. Ýöne biraz wagtdan ýene-de şol kiçijik aýalyň ýiti nazaryny duýdy.

«Näme beýle tiňkesini dikýärkä? – diýip, Musuk oýa batdy. – Käşgä ilden üýtgeşik ýerim bar bolsa!.. »

Olaryň nazary ýene-de kaklyşdy. Musuk gyrnagyň han aýalyna tarap eglip, köşeşdiriji bir zatlar diýýänini aňşyrdy. Birden aňynda peýda bolan bir pikire onuň ýüregi jigläp gitdi: «Bu gara gözler, inçejik eňekli ýüz... Äl, meňzeşdigini! Ýöne sährada ýaşaýan garyp gyz bilen älemi boýun egdirijiniň gymmat bahaly şaý-seplere çümüp oturan aýalynyň arasynda nähili baglanyşyk bolup biler! Ýok! Mümkin däl! Bu düýşümdir!» – Ol ýene penjirä garamagyny dowam etdi.

Garaşylman durka çykan ýogyn ses Musugy özüne getirdi. Äpet göwreli kömekçi ruhany sesiniň ýetdiginden gygyrmaga başlady:

– Hökmürowan, şan-şöhratly hana...

Monastyryň hazynaçysy – äpet görnüşli, nurana ýaşuly monahlardan aýrylyp, ýeňil ädip, kömekçi ruhanynyň ýanyna geldi-de, onuň çym-gyzyl, etlek gulagyna pyşyrdady:

– Entegem gatyrak gygyr!

Kömekçi ruhany öňküsindenem bäşbeter arlady:

– Öz hökümdarymyza...

– Ýene birneme belendiräkden al! – diýip, beýleki öz eňegine tutdy.

Çygylmadan ýaňa ýüzi, gözi gyzaran kömekçi ruhanynyň bu gezekki gygyryşy öňküleriňem çaky bolmady:

– Öz hökümdarymyzyň hem ýakyn, alys halklaryň patyşasy Batyga Juçiýewiçiň jany sag, ömri uzak bolsun!..

Dabaraly ybadatdan soň has atly poplardyr monahlar nahar başyna geçdiler. Dar hem uzyn nahar otagyna hazyna başlygy bilen birlikde aşpez monahlaryň yhlas edip bişiren iň datly tagamlary getirildi. Olaryň arasynda balyk çorbasy, tutuşlygyna bişirilen ullakan bekre balygy, balykly hem kömelekli somsalar, bal bilen garylyp bişirilen bugdaý köjesi, ezilip, gyşa saklanan almalar, balygyň gara işbili bardy. Hyzmatkärler naharlary nagyşly, ullakan agaç gaplarda getirdiler. Monahlar ýerdöleden göm-gök şeraply küýzeleri hem güýçli bal şeraplaryny daşadylar. Köpürjikläp duran piwolardyr alça hem beýleki miwelerden edilen şerbetleri içdiler.

Nahar stolunyň aňry çetinde Baty han, onuň sag tarapymda arhimandrit, soň Subudaý batyr oturdylar. Çep tarapda reňbe-reň geýimlerini hem şaý-seplerini ýaldyradyp Ýyldyz hatyn, onuň yzynda bolsa ýakyn hanlaryň altysy ýerleşipdir. Olardan pesräkde eginleri uzyn gara lybasly, başlary ruhany telpekli hormatly garry monahlar oturdylar.

Garry ýepiskop nahar başynda oturanlara birnäçe hoş sözler aýtdy-da, saglyk ýagdaýynyň ýaramazdygyny bahanalap, öz hüjresine dynç almaga gitdi.

Baty han juda az iýse-de, uly howatyr bilen her tagamdan döwüm-dişlem dadyp gördi. Subudaý batyr diňe zygyr ýagyna bişirilen içi soganly şüle bilen mydar etdi. Ol uly gapda duran şüläni goltugyndan çykaran öz çemçesi bilen iýdi. Ähli içgilerdenem şol çemçesi bilen alyp, dilini degrip gördi. Halamadygyny ýere serpip goýberdi.

Nahar iýişligiň gyzyşan mahaly hytaýly gyrnak I La-he Baty hanyň ýanyna baryp:

– Ýyldyz hatyn duzly balygyň ysyna, urusut porhanlarynyň gödek seslerine çydanok. Çaşaýmagy mümkin. Ony häziriň özünde bu ýerden äkitmek gerek! – diýdi.

Bagy han Ýyldyz hatyna seretdi. Ol gymyldaman, edil ukuda ýaly, gabagyny sallap otyrdy. Jahangir ony dynç almaga ugratmagy buýurdy.

Äpet hazyna başlygy ör turdy-da, gür sakgalyny sypalap, han aýalyny hem hytaýly gyrnagy iň gowy hüjrä tarap alyp ugrady.

## DÖRDÜNJI BAP

### Hüjräniň gapysynda

Arapşa Musugy ýanyna çagyrdy. Olar tirkeşip baryşlaryna basgançaklar bilen ýokary galyp, üsti ýapyk geçitlerden ötüp, garaňky künçlere aralaşdylar. Arapşa ahyry Musugy uzyn, darajyk geçitde saklady. Bir tarapdaky kiçijik penjirelerden tutuksy yşyk görünýärdi, beýleki tarapda bolsa birnäçe ýapyk gapy bardy. Arapşa bir gapyny görkezip:

– Bu ýerde jahangiriň kiçi aýaly dynç alýar. Hiç kimi goýberäýme. Uzyn gije garawullamaly bolarsyň. Deregiňe özüm gelerin. Şu ýerden gozganaýma! – diýip tabşyrdy.

Musuk köp durdy. Kämahal onuň gapdalyndan lybaslaram, telpeklerem gara monahlar geçýärdi. Olar mum şemlerini elleri bilen penalap baryşlaryna bir zatlar pyşyrdaşýardylar.

Adam sesleri eşidildi. Ilki Subudaý batyr göründi. Onuň yzyndan Baty hany goltugyndan söýget berip alyp gelýärdiler. Aýak üstünde durmaga rowgaty galmadyk jahangir nämedir bir zat tutjak bolýan ýaly eli bilen howany sermeläp gelşine bazzyk-buzzuk edip düşnüksiz samyrdaýardy:

– Keramatly hökümdar aýda üç gezek içmäge rugsat edýärdi... Ýöne bir gezek göwnejaý içseň gowy... Men aýdýan... mongol porhanlaram, arap mollalaram, urusut poplaram... maňa diýseň peýdaly hem wepaly adamlar diýýän! Olar halka häkimiýete tabyn bolmagy, bulagaýlyk etmezligi, salgytlary wagtynda tölemegi öwredýärler. Meniň soraýan ýerlerimde erkin gezip, pul ýygnarlary ýaly ähli porhanlara paýsza berjek. Porhanlar, mollalardyr poplar hiç hili salgyt tölemeli däl diýip buýruk etjek...

Arhimandrit hem başga-da elleri şemli dört monah Baty hany niýetlenen hüjresiniň agzyna eltdiler. Ol entirekläp içerik girdi.

Soň arhimandrit Subudaýa epilip tagzym etdi-de, monahlaram alyp gitdi.

Subudaý batyr şeýle diýdi:

– Häzir Hudaýyň bu öýündäkileriň sagy ýok. Bary serhoş. Men biziň nökerlerimiz monahlaryň göwnüne degip, birden gyrlyşyk bolaýmasyn diýip howatyr edýän. Sen, nöker, şu duran ýeriňden

gymyldaman, ähli zada üns bilen esewan et, gulak as! Monastyryň daşyna aýlanyp, sakçylary özüm barlag etjek.

Musugyň ynjalygy gaçypdy, aňynda şol bir pikir köwsar urýardy: «Ýyldyzmyka?.. Däl bolaýmasyn?.. Ýok! Bu pikirim ýalňyşdyr. Durmuşda beýle zadyň bolmagy mümkin däl. Onda hurmalar näme? Çöl-beýewanda meniň adymy tutan ses kimiňki? Ujuna külçedir altyn teňňeler düwlen ýüpek ýaglygy oklan çepiksije el kiminki?..»

Penjirä aýna deregine tutulan ýelim ýaly ýuka zadyň ýyrtygyndan baglaryň ýalaňaç şahalary garalyp görünýärdi. Depe-depe bolup ýatan gögümtil garyň arasyndaky gatnalan ýoda bagy kesip geçýärdi. Ol ýodadan uzyn possunly, eli naýzaly nöker iki-baka gezim edýärdi... Penjirä batly urulýan şemal Musugyň üstüne gar tozadýardy...

Çygşyldy eşidildi. Musuk yzyna gaňryldy. Görse – öňünde ýuka ýüpek geýme çolanan çepiksi aýal dur. Kellesine ala-mula galyň mata orapdyr. Giň açylan gözleri bir zadyň jogabyna garaşýan ýaly howsalaly garaýardy.

Aýal bir ädim öňe süýşüp:

– Sen Musukmy? – diýdi.

Beýlesine öwrülen nökeriň polat sowudy şygyrdap seslendi.

– Bir pikir maňa ýatsam-tursam ynjalyk berenok – diýip, ol aýal söze başlady. – Meniň bahama geçirilen puldan senem aldyňmy?

Musuk aýalyň uçganaklap duran göreçlerine teşnelik bilen garady.

– Meniň bar günäm – doganlarym seni alyp giden mahaly öýde ýoklugym. Eger ýanlarynda bolan bolsam, olar bilen edil ganym duşmanym ýaly söweşe girerdim. Soňra eden işlerini eşidip, kakamdanam, doganlarymdanam geçip, öýi terk edip gaýtdym.

– Indi men arkaýyn ýaşap bilerin!

Zenan ýene bir zat diýjek boldy-da, sägindi.

Musuk kesgitli äheňde pert-pert gürläp ugrady:

– Ýyldyz indi meniň, hökümdarymyň aýaly. Hökümdar maňa at, gylyç, sowut berdi. Ol öz nökerlerine jomart, adalatly, olaryň aladasyny edýär. Ol edermen hem uzak oýlanyp durman, belli karara gelmegi başarýar. Ol beýik işleri amala aşyrýar. Ol bütin älemiň içinden geçer, emma ony ýeňip biljek bir serkerde-de tapylmaz... Şonuň üçinem, men ony gowy görýärdim...

– Häzir nähili? – diýip, Ýyldyz tolgunmadan ýaňa sesini sandyradyp sorady.

– Indi ony ýigrenmeli bolaryn.

Ýyldyz çalasynlyk bilen Musugy gujaklady. Gymyldaman biperwaý duran Musugam edil egnindäki sowudy ýaly sowukdy. Onuň diňe meňzi agardy.

– Menden belli-külli dönüpsiň öýdýän, Musuk, şeýlemi?

Ýyldyzyň çepiksi elleri onuň çekgelerini sypalady.

Näbelli gülleriň ysy burnuna uran Musuk melul halda gözlerini süzüp, näme etjegini bilmän ýaýdandy.

– Ýyldyz, hany aýt, ol seni tüýs ýürekden söýýärmi?

– Meňimi?.. Oňuň näme üçin söýýändigini özümem bilemok! Baty han maňa bir gezek aç-hor ýagdaýda duşmanlaryndan gaçyp ýörkä üç sany ýyljak çörek berenimi ýatlatdy. Şol üç çörek üçin ol maňa üç patyşalygy – demirgazyk, gündogar hem günbatar patyşalyklary peşgeş bermäge boýun boldy... Häzir seni doganym diýip oňa tanatsam, üstüňi baýlykdan gömer. Zerbap lybaslar, almaz gaşly ýüzük hem bir süri ýylky berer.

– Maňa doganym diýjek bolýarmyň? Doganlarym meniň üçin bütin älemden gymmatly bolan seni maňa nesip etdirmän, satyp goýberdiler. Diňe atym bar. Ol maňa dogandanam gymmatly. Men Baty hany terk etmeli bolaryn...

Birden yza tesen Ýyldyz ýeňe-de Musugyň ýanyna gelip, tutuk ýüzüni mylaýymlyk bilen sypalady.

Gapy jygyldap, kimdir biriniň «Dze, dze!» diýen sesi eşidildi. Ikisem ses çykan taýa garadylar. Gapynyň agzynda Baty han durdy.

Golaýdaky hüjrelerden jahangiriň ýanynda bolýan hanlar ýarym açyk gada seredişýärdiler.

## BÄŞINJI BAP

### «Tiz bol!»

Açar saklaýan garrynyň dar hüjresinde düşegiň üstünde atylan goýun derisiniň üstünde eginlek, daýaw Subudaý batyr aýbogdaş gurap otyrdy. Garry serkerde gözlerini gyrpman güberçekläp duran tagtanyň ýüzüne çekilen gadymy ikona seredýärdi. Ikonada öý haýwanlarynyň hem gaýry haýwanlaryň piri keramatly Wlasiý şekillendirilipdir.

– Bu hudaý biziň mongol ulusymyz üçinem ýakymly! – diýip, Subudaý Wlasiniň garaýagyz, tutuk keşbini, uçlary halkaly ak sakgalyny synlap durşuna gaty gürläp, pikir öwürýärdi. – Mallary gowy görýän bolsa, sygyrlary, goýunlardyr atlary goraýan bolsa, bu tüýs biziň hudaýymyz eken. Urusutlaryň ähli ýeri batgalyklar, belent-belent agaçlar bilen örtülen ýurdunda atlarymyz gyrylmaz ýaly, bize şeýle penakär gerek. Bu gaharjaň millet bolsa bize gahar edip, ähli bedeleridir samanlaryny otlaýar... Hany, Saklab, özüň urust bolanyň üçin, olaryň näme sebäbe beýdýänlerini maňa düşündir! Baty hana boýun egesleri gelmän edýän işleri bolaýmasyn!?

Gapynyň ýanyndaky tagtanyň üstünde oturan arryk gul göwünli-göwünsiz jogap gaýtardy:

– Meniň bu ýerlerde bolmanyma kyrk ýyl dagy geçipdir. Şonuň üçinem, biziň suzdally daýhanlarymyzyň häzir näme pikir edýänlerinden bihabar. Sen nirä gitseň, ýanyňdan galman, tirkeşip ýörün. Başga hiç kim bilen gürleşemok. Gazan bilen susakdan başga görýän zadym barmy meň?

Subudaý öz guluna öwüt bermegini dowam etdi:

– Ähli zady unudypsyň, Saklab. Munyň nädogry! Hemme zady ýatda saklamagy, öz hojaýynyňa düşündirmegi başarmaly. – Subudaý dikeldi-de, hökümli ses bilen şeýle diýdi: – Bar, seret, nökerler ýerli-ýerinde uklaman, sak durlarmy? Gidişiň-gelşiň deň bolsun!

– Şeýle boljagyny bilýärdim-le. Hatda gije-de rahatlyk ýok! – diýip, Saklab çykyp barşyna hüňürdedi.

Subudaý gözüni ýumdy. Kellesi aşak eglip, agzy açyldy. Ol eýýäm uklap, düýş görüp başlady... Uç gyraksyz, gök otlara basyrynyp ýatan sähra, şemala tolkun atýan sary güller onuň düýşüne girdi. Nury öçen gyrmyzy gün gyzgylt öwüsýän depeleriň aňyrsyna sallandy. Bir süri saýgak Günüň üstünden böküp, giň sähradan ok ýaly atylyp gitdi. «Tiz bol, gün ýaşmanka urtona[119] et!» diýip, kimdir biriniň pyşyrdysy eşidilýär. Ol Güni saklajak bolup, naýzaly elini uzadýar. El bütin sähranyň göwsünden uzalyp, naýza Günüň içinden parran geçýär... Ol eýýäm Gün däl-de, rýazanly goşun başlygy Kofanyň gana boýalan kellesidi. Ýaraly wagty nökerleriň ele salan ol pälwany tä Togrul gylyjy bilen kellesini alýança garşylyk görkezmegini bes etmändi... Ganly kelle gözlerini açdy-da, üstünden gülýän terzde bir gözüni gypyp pyşyrdady: «Tiz bol! Ýogsam seniň goşunyň gara gömlüp galar...»

Gapy batly kakyldy. Öçügsi çyranyň ýalyny tebil tapyp, iki ýana çaýkandy. Daýaw mongol nökeri ätmer-sätmer edip içerik girdi. Üsti-başy gara gömlen nöker deri gulakjynynyň gulaklaryny ýatyrany üçin, ýüzi çala görünýärdi. Sowuk daran burny gyzaryp duran nöker dodaklaryny zordan gymyldadyp:

– Gulak asýan hem boýun synýan! – diýdi.

– Aýdyber, diňleýän! – diýip, garry serkerde sowuklaç seslendi.

– Gara urusut porhany: «Baýza,[120] Subudaý» diýen sözleri gaýtalap, bu ýere girjek bolup dyzady. Ýüzbaşy Aragşa ony seniň ýanyňa getirmegi buýurdy.

– Gara porhan nirede?

– Şu ýerde – meň arkamda dur – diýip, nöker bir gyra çekildi. Onuň yzynda üstüne gar syraň, eli uzyn hasaly, arkasy torbaly, gara telpegi gür gaşlaryny basan gara monah durdy.

Subudaý gözüni süzüp, oňa nazar saldy. Şol wagt telpegini çykaran monahyň çal saçlary, uzyn gara sakgaly Subudaýa birhili tanyş göründi. Monah tatarça gürläp ugrady:

– Baýza! Subudaý batyr! Möhüm habar bar!

Garry serkerde nökere garap:

– Çyk-da, gapynyň aňyrsynda dur. Özüm çagyrýançam girme! – diýdi.

Nöker ullakan ädigini gorsuldadyp daşaryk ýöneldi. Gapy ýapyldy. Monah töweregine garanjaklap, üstki giň geýimini taşlady-da, Subudaýyň ýanyňa gelip, gapdalynda çökdi:

---

[119] U r t o n – kerwen ýollaryndaky düşlenilýän jaý.

[120] B a ý z a – üns ber diýen manyda.

– Men monah lybasyna girdim. Nadan halka doga okadym. Hemmeler meniň elimden öpdüler.

– Aýdyber, konaz Galib!

– Men hemmelerden beýik knýaz Georgiý Wsewolodowiçiň nirede bolýanyny soradym. «Knýaz Georgiý niredekä? Goşun nirede toplanýarka?» diýip soraýan başga-da kändi. Ilatyň eli ýarag tutmaga ýaraýany naýzadyr paltalaryny ýiteltmek bilen meşgul. Ählisiniň ýüzi demirgazyk taýa. Menem gyssanmaly boldum. Seň göwnüňe ýetjek bolup, kä gar arabasynda, käte bolsa paý-pyýada ýol sökdüm.

– Aýdyber, konaz Galib! Soň näme?

– Sada halk meni arabasyna mündürip: «Biziň ýeňmegimiz üçin doga oka!» diýip ýalbardy.

– Bu warsakyňy goý! Konaz Gýurga nirede?

– Men gadymy gür tokaýlaryň içindäki ýodalar bilen geçdim...

– Nirä?..

– Mologa derýasyna.

– Mologa diýdiňmi? O nirede bolýar?

– Demirgazyk tarapda... Maňa «Möhüm habar getirseň, bir halta altyn bereýin» diýipdiňiz.

– Enteg-ä möhüm habar eşidemok. Şol gidip barşyň, ýeten ýeriň ýok.

Knýaz Gleb sesini kesip, serkerdäniň daş ýaly gyňyr ýüzüne ynamsyzlyk bilen seretdi. Onuň gaňyrçak ýaly barmaklary söz berlen altyny aljak bolýan ýaly öňe uzaldy.

– Men öz mähriban halkyma ýamanlyk edip, ullakan günäni boýnuma alýaryn. O dünýäde maňa dowzah ody garaşýar.

– Gowy-da garaşýan bolsa! Saňa geregem şol-da.

– Maňa altyn gerek.

– Altyn bererin. Köpem bererin. Sen bilýän zatlaryňy aýt.

– Mologa Wolga derýasyna, Sit derýajygy bolsa Mologa guýýar. Ana, şol derýajygyň boýunda Boženki diýilýän oba bolup, onuňam köne buthanasy bar. Knýaz Georgiý Wsewolodowiç şol ýerdäki popuň öýünde ýaşaýar hem goşun toplaýar.

Tisginip, yza tesen Subudaý jaýyň ýokarsyndaky kerep baglan agaçlary synlaýan ýaly, gözüni göge dikdi. Ol elini goltugyna sokdy-da, ujuna togalajyk ýantar dakylan alaja bagly köne gaýyş gapjygyny çykardy.

– Şunuň içinde üç ýüz altyn bar. Häzir ýarysyny berýän, galanynam Sit derýajygyna baranymyzdan soň alarsyň. Özüňem bize ýol görkezersiň. Eger aldan bolsaň, Sit derýajygynyň boýunda etiňi çişe düzüp, oda kebap ederis. Adamy diriligine oda daglamak meniň nökerlerimiň tüýs halaýan zady.

Knýaz Gleb sakawlap:

– Bu bereniň gaty az – diýdi.

– Az görýän bolsaň, alma-da!

Subudaý bir elinde tutup duran gapjygynyň bagyny dişi bilen çözdi-de, sanaman altynyň ýarysyny dyzynyň üstüne döküp, bir gysymyny knýaza uzatdy. Goşawujyny tutan knýaz:

– Men bu altyny öz göz öňünde tutan işimiň bähbidi üçin alýan – diýdi. – Subudaý batyr, ýöne sen ýöriş tamam bolansoň, maňa Rýazan, Suzdal hem beýleki ýerlere beýik knýaz bolmaga kömek edermiň? Men size diňe şol maksat bilen öz duşmanym bolal knýaz Georgini ýok etmäge kömek berýän!

– Ertirki işi wagty gelende oýlanyşarys.

Gapynyň batly kakylmagy olaryň gürrüňiniň arasyny böldi. Kimdir biri gapyny ýumruklap durşuna:

– Baýza, baýza! Subudaý batyr, baýza! – diýip, howlukmaç gygyrýardy.

Monah altynlary gyssanmaç ýygnansoň, Subudaý batyr ýerinden turdy-da, gapynyň agaç kildini aýyrdy. Hüjrä gara ýüpek şala çolanan hytaýly gyrnak I La-he kürsäp girdi. Ol dyza çökdi-de, demi-demine ýetmän, haşlap, serkerdäniň syýyndan ýapyşdy. Subudaý ony iteläp, monahy hüjreden çykardy-da, keremara gapyny içinden ildirdi.

– Betbagtlyk! Işimiz gaýtdy! – diýip, hytaýly gyrnak gözýaşa boglup samraýardy.– Urusut hudaýynyň bu nälet siňen öýünde porhanlar jahangire awy beripdirler. Häzirki bolşy göýä akylyndan azaşyp, guduzlana meňzeýär. Ol gylyjy bilen gözüne ilen zady, hatda urusut hudaýlarynyň suratlarynam çapýar. Kürsüleri diwara urup pytradýar.

– O zatlar meň işim däl – diýip, Subudaý sowukganlylyk bilen jogap gaýtardy. – Men diňe harby geňeşdar. Jahangir öýünde näme etse, öz işi.

I La-he onuň syýyny goýbermän eňremegini dowam edýärdi. Subudaý gyrnagyň gan-petsiz inçe ýüzüne, oýmak ýaly leblerine, towşanyňka meňzäp, öňe çykyp duran iki alyn dişine bilesigelijilik bilen nazar saldy.

– Näme beýle aglaýaň? Urusut hudaýlarynyň çapylanyna nebsiň agyrýarmy?

Oň eden işine seret ahyry! Gaharyna Ýyldyz hatynyň elini-aýagyny saramagy buýurdy!..

– Äriň öz aýalyny nätse – etmäge haky bar.

– Meniň näzik bikämi onuň işiginde duran nöker bilen bile sarap, adamhor itleriň aýlanyşyp ýören bagyna – garyň üstüne taşladylar... Häzir porhan Beki hem onuň kömekçileri gelip, Ýyldyzam ýaş nökerem bogup öldürerler.

– O zatlar meniň işim däl. Men uruş adamy jahangiriň haremhanasynda bolýan işler onuň porhanlaryna hem hytaýly agtalara degişli.

– Jahangir bir saňa gulak asýar. Ýyldyz hatyna haýpyň gelsin! Onuň hiç hili erbetlik etmänine ant içýän. Ýaş nöker onuň süýtdeş dogany!

– Saňa edip biljek kömegim ýok. Gowusy Hajy Rahymyň ýanyna bar. Ol Baty hanyň ýörişleri barada kitap ýazýan adam. Üstesine-de, öz mugallymy bolany üçin jahangir ony sylaýar. Onuň beren däri-dermany bilen Baty han öňki kaddyna geler, aýalynyň günäsini geçer.

– Bu garaňkyň içinde, ähli ýer sakçydan doluka men nädip gideýin? Bu wagt Hajy Rahymy nireden tapaýyn! Şu gün porhanlar Ýyldyz hatyny bogup öldürerler. Ertir hiç kimiň kömeginden oňa haýyr bolmaz!..

Hytaýly gyrnak ýer bagyrtlap, kellesini pola urup eňredi.

Subudaý usullyk bilen onuň daşyndan aýlandy-da, gapyny açyp, sakçy duran nökere gygyrdy:

– Ýurtçynyň üstüne ylga! Häziriň özünde meň ýanyma gelsinler! Hemmesi gelsin!

– Gulak asýan hem boýun synýan! – diýip, jogap beren nöker ýaraglaryny şakyrdadyp, ylgap gitdi.

## ALTYNJY BAP

### Monastyryň bagynda

Şahalarynda topbak garlar agaryşyp görünýän monastyryň baglary orak ýaly ýitigsi aýyň gögümtil ýagtysynda goýy kölegä gaplanypdy.

Giň ýaýran egri şahalarynyň birnäçesine omrulmaz ýaly direg urlan garry alma agajynyň astynda bir mongol nökeri naýzasyna söýenip durdy. Dyzdan garyň içinde duran nöker öňündäki oý ýere haýran galyp seredýärdi. Ol ýerde hersi bir ýapa bakdyrylyp bile saralan iki adam ýatyrdy. Olaryň biri egni sowutly esger, beýlekisi bolsa sary ýüpek köýnekli ýaş aýaldy. Esgeriň başy açyk bolany üçin, ýaş gypjaklylara mahsus uzyn gara saçlary egniniň üstüne seçelenip durdy.

Esgeriň diýýän sözlerine ýaş aýal iňläp, seýrek jogap gaýtarýardy. Nöker olaryň näme hakda pyşyrdaşýanlaryna düşünmese-de, käte naýzasyny ýere gütledip, öz bardygyny bildirýärdi.

– Men seni doganym diýip tanadaryn. Şeýtsem, jahangir seni boşadar, altyndyr at berip, egniňe gymmat baha halat-serpaý ýapar...

– Doganyň bolasym gelenok. Häzir seniň bilen bile ölmäge-de taýýar. Men Baty hana-da «Bu meniň söýgülim!» diýerin.

– Onuň ýaly zat diýme. Bize häzir bu betbagtlykdan başymyzy gutarmak gerek... Sen maňa uýam diýip Alladan ant iç.

Nöker naýzasyny göterip:

– Baýza! Sesiňizi kesiň! Jahangir size gepleşmegi gadagan etdi! – diýdi.

Nöker eli, aýagy saralgy bu ýigidi tanaýardy.

Hemişe gowy at münüp gezýän bu edermen, çalasyn ýaş ýigidiň ýüzbaşy Arapşanyň gowy görýän nökeridiginden onuň habary bardy.

«Jahangiriň aýaly bilen bulaşyp ýörşi-hä akyly ýerindäki adamyň etjek işi däl! Ýetmedik ajala el bulamak nämä gerek bolduka?» diýip, nöker içinden pikir öwürýärdi.

Agaçlaryň arasyndan monastyryň äpet itleriniň bir sürüsi göründi. Öňdäki itler daňylgy ýatanlara golaý gelip, öz awlaryna seredýän ýaly tamakin nazar saldylar. Olaryň biri batyrgaýlyk bilen has golaýlaşanda, nöker naýzasyny zyňdy. Arkasyndan naýza degen it çirkin çyňsap, ümdüzine gaçdy. Beýleki itlerem onuň yzyna eýerdiler. Nöker gara batyp-çomup, naýzasyny alyp geldi-de, ýene öňki ýerinde durdy.

Eýwanyň gapysy jygyldap açyldy-da, içerden birnäçe adam çykyp, ýoda bilen ugrady. Itler ala- -goh bolup, olara tarap okduryldylar.

Golaýlaşanlarynda – olaryň Subudaý batyr, Arapşa, Hajy Rahym hem üç sany nökerdigi belli boldy. Hajy Rahymyň elinde haşamlanan çyra bardy. Ol giň ädimläp Ýyldyzyň ýanyna bardy, egilip, çyranyň öçügsi ýagtysyny onuň ýüzüne tutdy.

– Bir wagtlar meni eklän sendiň... Biçäre derwüş aç ölmez ýaly süýtdür ýyljak nan getirip berýärdiň. Indi näme urusutlaň garyna gömlüp ýatyrsyň, Ýyldyz hatyn? Bu ýagdaýda töwerekde enteşip ýören aç itlere şam bolarsyň. Hany, çaltrak gözüňi aç!

Hajy Rahym çyrany garyň üstünde goýup, sowukda saň-gaty bolan ýüpi kynlyk bilen çözdi. Soň ýarym bihuş Ýyldyzy ýerden galdyrdy, Arapşa onuň egnine samyr possun atdy. Eli, aýagy çözülen Musuk yraň-daraň basyp, bir gyrada bolýan zatlara biparh syn edip duran Subudaý batyryň ýanyna bardy.

– Sen kimiň ogly borsuň? Dogryňy aýt! – diýip, Hajy Rahym oňa ýüzlendi.

– Erkana şemalyň ogly! – diýip, Musuk jogap berdi.

– Bu aýal kim? Ony tanaýaňmy?

Musuk sesini çykarmady. Şol wagt possunyň içinden ysgynsyz aýal sesi çykdy:

– Ol meniň doganym, Musuk. Biz sygnakly Nazar Kärizegiň çagalary.

– Dogry! – diýip, Hajy Rahym makullady. – Men bulary tanaýan.

– Ine, boldy! – diýip, Subudaý batyr ara goşuldy. – Hajy Rahymyň hara gepi bolmaz! Gara porhanlaryň bu öýi adam barynyň akylyny çaşyrdy... Musuk! Sen «erkana şemalyň ogludygyňy» subut etmeli bolarsyn! Seni öne, iň kyn aňtawa ibererin... Nökerler! Ýyldyz hatyny öz hüjresine äkidiň!

Jahangiriň bolýan hüjresinden wagşyýana, çirkin gykylyk, uwwuldy eşidilýärdi.

Nökerler diwara gysylyşyp durdular.

– Näme bolýar o ýerde? – diýip, Subudaý batyr sorady.

– Jahangir guduz açýar. Ol urusut hudaýlaryny hem öz ýalýagylaryndan bolan iki adamy çapyp taşlady. Indem aglaýar.

– O nähili? Dogrudanam, aglaýarmy?

– Näme, özüň eşideňokmy?

Subudaý gapa golaýlady. Içerden şagalyň sesine meňzeş uwwuldy eşidilýärdi.

– Içerik girme. Şu wagt senem sylap goýasy ýok...

Arapşa Ýyldyzy goňşy hüjrä eltdi-de, düşekde ýatyrdy. Hytaýly gyrnak çakganlyk bilen onuň endamyny owkalamaga başlady.

Gapynyň agzynda duran Subudaýyň gulagyna ýene-de gykylyk eşidildi:

– Bu nä jeza boldugy! O-o! Bu nähili hyýanat!.. O-o!.. Duşmanlarym ýene ýoluma böwet bolýarlar!.. O-o!.. Olara Çingiz hanyň agtygy bilen erjeşmegiň näme eltýänini görkezerin! Barynyň gözünde ot ýakaryn!..

Subudaý ýüregini bire baglap, hükgerilip gapyny açdy.

Stoluň aşagynda çapylan adamlaryň aýaklary görünýärdi, olaryň gany ýerde kölçe bolup durdy.

Baty han stoluň üstünde aýbogdaşyny gurup otyrdy. Egri gylyjy dyzlarynyň üstündedi. Ýüzi, gabaklary ýellenen jahangir çym-gyzyl gazaply gözlerini Subudaýa dikdi. Kaddyny dikläp, onuň dogry ýüzüne sereden Subudaý mähirli seslendi:

– Aglar ýaly näme boldy saňa, jahangir?

Baty han edil birini çapjak ýaly gylyjyny ýokary göterdi. Soňam keramatly Wlasiniň suratyny gylyçlap başlady. Batly inýän gylyç zarňyldap, ikonanyň agaç çarçuwasyndan gopýan bölekler her taýa pytraýardy.

– Beýder ýaly, urusutlan hudaýynyň näme ýazygy bar? – diýip, Subudaý özüne mahsus bolmadyk mähirlilik bilen sorady.

– Maňa bu uzyn sakgally hudaý betbagtlary halas edip, janly-jandarlaryň ählisine penakärlik edýär diýip düşündirdiler. Maňa bolsa onuň hiç hili nepi degenok. Gaýta diwarda duran ýerinden maňa tekepbir seredýär. Urusut hudaýlarynyň ýoguna ýanmaly!

– Başga näme boldy? Ölen-ýiten ýok dälmi?

Baty han ümezläp duran serhoş gözlerini Subudaýa dikdi.

– Ölen-ýiten diýýäňmi? O-ho! Senem meniň dostlarymyň arasynda bolasyň gelýärmi? Maňa dost däl-de, wepaly hyzmatkärler gerek!.. Mekirlik edenler bilen men başgaça gepleşýän. Hanha, öňki dostlarymyň ikisi gana bulaşyp ýatyr. Meniň adymdan buýruk bermäge het edenleri üçin ikisinem burça gabadym. Çingiz han döwründe dagy şeýle iş eden bolsunlar! Bu öýüň ýşlaryndan çykýan her hili gazaply, gara bela-beterler adamlary akylyndan azaşdyrýar...

Subudaý öňküsi ýaly arkaýyn durdy. Baty han böküp ýere düşdi-de, onuň ýeňinden çekdi:

– Ýör! Men saňa olaň eden işlerini görkezeýin! Yzyma düş!.. Hajy Rahym, senem bizden galma! Çyraň nirede? Ýak ony!

Tizlik bilen öňe düşüp ugran Baty han baga tarap ýöneldi. Beýlekiler bilen birlikde ondan galman barýan Subudaý:

– O ýerde hiç kim ýok! – diýip seslendi.

– Näme, meni aldajak bolýarmyň?

Baty han ullakan alma agajynyň ýanyna baryp aýak çekdi. Töwerege göz aýlady-da, sygyrdy. Soňam: «Ýagşy, ýagşy!» diýip mydyrdap, howlukmaç öňe ugrady. Olar bagyň gapysyndan çykyp, monastyryň ümsüm howlusyna girdiler. Ol ýerde saraýlardyr at ýataklary uzyn hatar bolup ýerleşendi.

– Hajy Rahym, çyraňy şu ýere tut!

Garyň üstünde gara at aýaklaryny uzadyp süýnüp ýatyrdy. Janawar kellesini galdyrdy-da, akylly gözlerini Baty hana dikdi. Soň ýene rowgaty bolman, kellesini gara ýaplap, dyzyna çenli ak aýaklaryny däbşenekletdi.

– Ýowuz manguslarmy, urusutlaryň gara porhanlarymy ýa-da dostlarymyzyň işimi – bilmedim. Ýöne kimem bolsa, biri aty jadylapdyr. Özem meniň konaz Gýurganyň yzyndan ýetip, kellesini kesmegimi islemeýänleriň eden işi... O-o! Gara atym, hany aýt, kim seni beýtdi?

At adam ýaly iňläp, boýnuny öwürdi-de, böwründäki ýaranyň ganyny ýalamaga başlady.

– Hajy Rahym! Sen ýyldyzlar bilen gepleşmegi başarýaň. Ata gulak as-da, kimiň beýle hyýanata ýüz uranyny anykla!

Hajy Rahym çyrasyny atyň böwrüne tutup, ýarany elledi.

– Bu ýerde gan bilen iriň çykyp duran çiş bar. Atyň ajalyna şu sebäpkär. – Ol ýaradan inçejik demir simi sogrup aldy.

Baty han çyranyň öçügsi ýagtysyna egilip ýara seretdi.

– Bu aýallaryň saçyna ildirýän simi – diýip, kimdir biri yzdan ynamly seslendi.

– Ýok, bu aýallar saç ildirewajy däl – diýip, sime syn edip duran Subudaý garşy çykdy. – Aýallar ildirewaçlary bilen aty däl-de, ukudaka ärlerini öldürýärler. Bu kimem bolsa dostlarymyzyň biriniň eden işi. Men sana töweregiňde ähli gepiňi makullap oturan ýaranjaň ýalýagylary ýok et-de, olara derek ygtybarly hyzmatkärleri sakla diýip köp aýtdym... Bu hanjaryň ujy. Başga zat däl!

At süýnüp aýaklaryny kakdy. Onuň öňünde çommalyp oturan Baty han:

– Wepaly atym, indi sen meniň basyp alyp, ot beren şäherlerime oýnaklap girmeden mahrum bolduň... Maňa wepaly hyzmat etdiň. Ýöne ömrüň gysga eken. O-o! – diýip eňredi.

Soň ol syçrap ýerinden turdy-da, bagyň içinden ylgap geçip, eýwana tarap ýöneldi. Beýlekilerem onuň yzyndan haýdadylar. Baty han öz hüjresiniň işiginde aýak çekip, kimdir birini gözleýän ýaly, ümezli nazaryny töwerege aýlady. Soňra içerik girip şeraply küýzäni alyp çykdy-da, Subudaýa garap:

– Gapdaldaky hüjrede kim bar? – diýdi.

– Özüň gir-de göräý!

Baty han eli küýzeli goňşy hüjrä girdi. Şemiň öçügsi ýagtysyna çala saýgardýan düşekde Ýyldyz hatyn ýatyrdy. Ol özüne golaýlaşan Baty hana gussaly nazar saldy-da, samyr possuny bilen ýüzüni ýapdy.

– Jany bir sagmy? – diýip, Baty han sorady.

– Hawa, sag, kem zady ýok – diýip, hytaýly gyrnak I La-he jogap gaýtardy.

Baty han Subudaý batyra tarap öwrülip:

– Bu seň işiňmi? Muny halas eden senmi? – diýdi.

– Hawa, men!

– Maňa bir sen düşünýäň. Sen meniň iň wepaly hyzmatkärim! Men ony jezalandyryň diýemok. Dostlarym meniň adymdan buýruk berendirler... – Ol küýzäni göterdi-de, döşünden sarkdyryp, şerap içmäge başlady. Birdenem entirekläp, özüni ýere goýberdi-de, uzyn süýndi.

Subudaý batyr şeraply küýzäni emaýlyk bilen alyp, ümsüm daş çykdy.

– Daň saz beren badyna ýola düşýäs – diýip, ol garaşyp duran nökerlere ýüzlendi. – Öňde alys hem örän tizlik bilen geçmeli ýol ýatyr. Taýyn bolup duruň! Men ýurtçulary çagyryň diýipdim! Hany olar?

– Hemmesi saňa garaşyp durlar, ýeňilmez serkerde!

## ÝEDINJI BAP

### Baty hanyň düýşi

Ugliçi otlan mongollar ýalyn mazaly tutaşansoň şäheri terk etdiler. Dört tarapyndan ot berlen monastyr äpet alawa meňzeýärdi. Elewreşýän monahlar içi şerapdan hem zeýtun ýagyndan doly çelekleri haýdap togalaýardylar, ikonalary halas edip çykarýardylar. Nökerler Baty hanyň: «Urusut porhanlaryny öldürmek ýa-da göwnüne degmek gadagan» diýen gazaply buýrugyny berjaý edýärdiler. Ýöne gabady gelse, ýüzbaşylaryň gözüne güýdüşip, monahlaryň giň tikilen zerbap geýimlerini sypyrýardylar.

Baty han monastyrda köne bal şerabydyr beýleki içgilerden gerk-gäbe doýaly bäri töwerekde bolup geçýän zatlary o diýen aňşyranokdy. Subudaý batyr ony arhimandritiň getiren uzyn, tüýli possunyna emaý bilen dolamagy buýruk berdi. Jahangiri içine galyň edip saman ýazylan reňkli gar arabasynyň üstünde ýatyrdylar. Şal oranan Ýyldyz hatyny onuň gapdalynda oturtdylar. Ýedinji ýyldyzyň goşlaryny saklaýan I La-he başga bir arabadady. Demirgazyk hem günbatar tarapa giň ýaýran derýa daşgyny ýaly bolup ugran mongol otrýadlary öňlerinden çykan obalara daraýardy. Nökerler öýin-öýin sümsünişip, sandyklarda ýatan polotensa, aýal köýnekleri, balakdyr gaýry gözüne ilen zatlary alyp, horjunlaryna dykýardylar ýa-da otrýadyň yzyndan gelýän arabalara ýükleýärdiler. Urulardaky bugdaýlary gazyp alyp, gazanda gowranlaryndan soň oduň başynda oturan ýerlerinde gysymlap iýýärdiler.

Ertesi bir düşlegde özüne gelen Baty han çakganlyk bilen ýerinden turup, töweregine geň galyp seretdi. Arabalaryň ýanynda agyzlaryna torba geýdirilen atlar daňylgy durdy. Garyň üstünde arpadyr bölek-büçek bede ýaýrap ýatyrdy.

Arabada ýumak ýaly ýygrylyp bir çepiksi aýal otyrdy. Onuň gunduz telpeginiň astyndan ýaldyrap görünýän gara gözleri ünsli garaýardy. Baty han beýlesine öwrüldi. Golaýda ýaş ýolka tokaýlygy görünýärdi. Onuň eteginde alawlar tüsseläp, adamlar, atly esgerler gaýmalaşýardy. Ondan aňyrda bir çeti görünýän obany ýalyn gaplapdyr. O ýerden adamlaryň gykylygy, itleriň janygyp üýrmeleri eşidilýärdi.

– Bu ýer nire? – diýip, Baty han sorady.

Telpegini gyraw baglan, heýkel ýaly doňup duran nöker dodaklaryny kynlyk bilen gymyldadyp:

– Biz urusut porhanlarynyň jaýyny otlap gaýdan şäherimizden bir günlük daşlykda durus – diýdi.

– Bu haýsy oba?

– Erbet oba eken. Urusutlar boýun egmän, paltaly söweşe girdiler. Esgerlerimiziň ençemesi şu ýerde gurban boldy. Biz olaryň söbügine düşýäs. Gutulmajaklaryna gözleri ýetip dursa-da, edil möjek ýaly çeýneşýärler.

– Subudaý batyr nirede?

– Uzakda däl – hol oduň başynda otyr. Müňbaşylaram şol ýerde.

– Çagyr!

Nöker ellerini agzyna tutup gygyrdy:

– Gulak asyň hem boýun synyň! Jahangir oýandy!

Çaltlyk bilen turan mongol goşun başlyklary owşanaklaşyp, araba tarap eňdiler-de, olary oduň başyna eltdiler. Baty han töweregindäkilere ynamsyz nazar salyp durdy. Soň ol arabadan çykyp, çöke düşdi-de, ýeňini çermäp, kirli ellerini oda gerdi.

Ýarym aýlaw bolup duran noýonlardyr müňbaşylar tabynlyk bilen onuň diýjek sözlerine garaşýardylar.

Baty han ýerinden turdy. Her zada kaýyl bolup duran beýleki adamlaryň ini dyglap gitdi.

– Gara porhanlar – poplar dem salnan miwelerdir otlardan ýasalan jadyly şeraplardan içirip, meni uklatdylar. Ýöne men diri galdym. Bulutlaryň ýokarsynda ýaşaýan hudaýlar meni mongollaryň adyny şöhratlandyrjak beýik işler üçin aýap sakladylar. Ukudakam ruhum agzymdan çykyp, meni atamyň – keramatly hökümdaryň şalyk sürýän ýeri bolan uç-gyraksyz gök asmana alyp bardy. Hawa, men ony gördüm, gürleşdimem...

Hemmeler birden: «Bä!» diýip el çarpdylar-da, ýene ümsüm boldular.

– Hawa, men ony gördüm. Ol öňküsindenem daýaw, eginleri giň, ak sakgaly ösüp, tas dyzyna ýeteňkirläpdir. Ol maňa şeýle diýdi: «Agtygym, beýik işlerimi dowam etdirişiň göwnümden turýar. Sen belent kedr agajynyň düýbünde altyn tabytda meniň jesedim gömlen Burhan-Haldun dagyndan gaty uzaklara gitdiň. Hiç zat meniň nazarymdan, ünsümden sypanok. Sen kiçi oglum Kulkan hany goramagy başarmadyň. Nähili beýle boldy?» diýip, ol sorady. Men oňa: «Janym saňa gurban bolsun! Bu işde men günäkär. Nätseň, ygtyýar özüňde. Edeniňe kaýyl!» diýip jogap gaýtardym. «Seni jezalandyrardan entek irräk. Kulkan han öldürilende, sen ondan uzakdadyň – diýip, keramatly hökümdar sözüni dowam etdi. Ilki bilen men ony öldürenlere jeza bermeli. Kulkan han entegem meniň ýanyma gelenok. Onuň ruhy urusutlaryň gar basan sowuk sähralarynda aýlanyp ýör. Sümme tokaýlarda möjek bolup uwlap, gijelerine uklap ýatan mongollaryň arasynda aýlanyp, öz gandarlaryny gözleýär. Kulkan han: «Men ýeňişler bilen şöhratlanmagy arzuw edýärdim. Emma at-abraý gazanmaga ýetişmän, ýaşlygymda dünýäden ötdüm. Ýaş Kulkan hany şöhratlandyryp hiç kim aýdym aýdanok. Mongollar beýik işler bilen özlerini şöhratlandyrýançalar men ynjalyk tapman. Özem şol iş duşmanlarymyz gorky, wehim bilen ýatlar ýaly derejede bolmaly...» diýip ah çekip, gözýaş dökýär.

Baty han ýüzüni çytyp sesini kesdi-de, süzük gözlerini töwereginde duranlara aýlady.

– Keramatly hökümdaryň diýen sözlerini eşitdiňiz gerek?

– Eşitdigem, düşündigem! – diýip, duranlar pyşyrdap jogap gaýtardylar.

– Men beýik serdara şeýle diýdim: «Gulak asýan hem boýun synýan!» Men bu goýberen geçirimsiz hatamy ýerine salaryn. Hökümdarymyz, Kulkan hanyň ruhy ýerde karar tapyp, seniň asmandaky esgerleriň sapynda orun almak üçin, ýanyňa ganatly at münüp uçup barar!»

Şol wagt giň ädigi bilen galyň gary gütürdedip gelen Subudaý batyr bularyň ýanynda aýak çekdi. Ol başyny atmak bilen, aýdylanlary makullap, hamsygyp gürledi:

– Dogry!.. Hak aýdýaň! Aýdyşyň ýaly ederis!

– Kulkan han öldürilen güni ýanynda kim bardy?

– Müňbaşy Burundaý bardy – diýip, duranlaryň bary birden seslendi.

– Hany, nirede ol?

Uzyn boýly, arryk, sargylt köseleç ýüzi ýap-ýasy bir mongol dyzyna çökdi.

– Oňa men günäkär! Ýeterlik üns bermändirin!

Keşbine gazap alamaty çaýylan Baty han onuň ýanyna bardy.

– Sen ýa günäňi ýuwarsyň ýa-da bolmasa, janyňdan el üzersiň! Saňa bir iş tabşyrmakçy. Ýerine ýetirýäňçäň yza dolanmaly däl. Sen öz goşunyň hem gypjaklaryň ýygyndy tümeni bilen şu ýana ugramaly! – Baty han gar örten düzlüge tarap elini salgady. – Ol ýerdäki sümme tokaýlaryň aňyrsynda, doňup ýatan...

– Sit derýasynyň – diýip, Subudaý batyr oňa ýatlatdy.

– Sit derýasynyň boýunda urusut konazy Gýurga harby lager gurýar. Sen ýeňip bolarmyka, bolmazmyka diýen pikiri ýadyňa salman, olaryň üstüne çozmaly. Esgerleriň bir ädimem yza tesmän, olar bilen garpyşar. Seň goşunyň öňünde Kulkan hanyň ruhunyň boljagyny ýadyňdan çykarma. Gazanjak ýeňşiň onuň ruhuny ynjaldar. Diňe şondan soň Kulkan öz kakasynyň – men atamyň ýanyna mongollaryň täze ýeňşi hakdaky hoş habar bilen barar. Eger-de ýeňlip, ýaryganat ýaly bir ýerde karar tapman, ondan-oňa entän ýörseň, Kulkan hanyň ruhy gijelerine ýanyňa gelip, gözüňden ganyňy sorar...

Baty han sesini kesdi. Burnunyň deşikleri giňeldi. Uludan dem alyp, Subudaý batyryň ýüzüne garady. Ol beýlesine garap durşuna:

– Dogry, dogry! – diýip tekrarlady.

– Şu gije öz esgerleriňi çozuşa taýynla. Olaryň şu wagta çenli urusut aýallarynyň eteginden aslyşanlary besdir. Men hem Subudaý batyr öz tümenlerimiz bilen seniň yzyňdan gitjekdigimizi ýadyňdan çykarma. Ahmal bolup, yza galaýsaň, dat günüňe. Onda duşmana ilkinji urgyny biz urarys...

– Gulak asýan hem boýun synýan! – diýip, Burundaý ýüzüni ýere berip, gar öpdi. Soňam syçrap ýerinden turdy-da, guşagyndan sallanyp duran egri gylyjyny bir eli bilen tutup, öz esgerlerine tarap ylgap gitdi.

Baty han bir gyra çekilip, Subudaý batyr bilen pyşyrdap gürleşdi. Garry serkerde gyryk sesi bilen oňa düşündirdi:

– Musugy seniň ýedinji ýyldyzyň doganydygyna garamazdan, uzak bir ýere ýollamak gerek. Özem bäri-bäri däl-de, togsan dokuz ýylda geler ýaly ýa-da asla gelmez ýaly alysa ýollamaly. Adatça täze şa aýalynyň doganynyň özünden pesdäkilerden sowgat, beýikdäkilerden serpaý almaga haky bar. Şeýle ýagdaýda ol basym baýaýar-da, öz täze dostlary bilen gününi meý-mestlikde geçirip ugrar, tizdenem ýyrtyk meşik ýaly hiç zada ýaramaýan derejä ýeter. Oňa howply, ýöne özüne mynasyp iş tabşyr. Goý, ol ýerine ýetirmesi kyn bolan şol işiň özüne ynanylanyna guwansyn... Ony ýüz atla baş edip Sit derýasyna – konaz Gýurganyň lagerine aňtawa ýolla. Onuň şeýle tabşyryk bilen gidenini hatda müňbaşy Burundaýam bilmesin. Şeýtseň, biz Burundaýyň näme iş edýänini, seniň buýrugyňy nähili ýerine ýetirýänini barlap bileris.

Baty han bu sözleriň aňyrsynda nähili syrly manynyň ýatanyny biljek bolup, garry serkerdäniň ýüzüne üns bilen garady. Soň gaşyny çytyp, uludan demini aldy-da, şeýle diýdi:

– Sen meniň wepaly hyzmatkärim hem mugallymym. Aýdyşyň ýaly edeýin. Urusutlaryň ýesir düşen oglanjygyna atyny ogurladan ýüzbaşy Tulapbergeni Musugyň ýanyna goşaryn. Ol batyr ýigit häzir bir iş tabşyrsaň, ölenini-galanyny bilmez!

– Dogry! – diýip, Subudaý onuň sözlerini makullady. – Biziň gyssanmagymyz, edil garçgaýyň gyrga topulyşy ýaly, konaz Gýurga garaşman durka urusutlaryň goşunynyň üstüne çozmagymyz gerek.

## SEKIZINJI BAP

### Batynyň ýodasy

*...Wolganyň ýokary akymyndaky tokaýlarda hem batgalyklarda ruslar gadymdan bäri mekan tutupdyrlar... Batynyň barşy hem eden ýykgynçylyklary baradaky hekaýatlary ol ýerde häzirem gürrüň edýärler. «Batynyň ýolunam» görkezýärler... O ýerdeki ruslar gadym eýýamlardaky durkuny saklapdyrlar...*

(P. I. Melnikow-Peçerskiý, «Tokaýlarda»)

Wladimir-suzdalskiý şäherini derbi-dagyn edenlerinden soň tatar goşunlary üç bölege bölünip, demirgazyk-günbatara ugrady. Bir topar müňbaşy Buruňdaýyň baştutanlygynda Suzdal, Pereýaslawl, Sknýatin hem Kaşin[121] şäherlerine tarap gitdi. Tatarlar ol ýerlerden geçip, Beżesk hem Krasnyý Holm tarapa ugradylar.

Baty hanyň otrýady Ugliçe gelip, ol ýerdenem Koroželçnaýa derýasyny ýakalap, ýokary akymda – tokaýyň içinde ýerleşýän Koý obasyna çenli gitdi. Üçünji otrýad Myşkin şäherine tarap ýola düşüp, soňra tokaý ýollary bilen Mologa derýasynyň ýokary akymyna ýöneldi. Tatarlar knýaz Georginiň söweşjeň lageriniň nirede ýerleşýänini aýtdyrjak bolup, ýolda ellerine düşen daýhanlary ot bilen daglap gynaýardylar.

Baty han kiçiräk tatar otrýadlarynyň birnäçesini beýik Wladimir knýazlygyny talamak üçin iberdi. Olar öňlerinden çykan şäherlerdir obalary otlap, öňe gitdiler.

Mart aýynyň başlarynda Koý obasyna baran Baty han ol ýerde ýazda derýadan akdyryp äkitmek üçin taýýarlanyp goýlan ummasyz kän bedäni ele saldy. Müňbaşy Burundaý bolsa Bežeskde ornaşdy.

[121] Kalýazin şäheri ol wagt ýokdy. Onuň düýbi XV asyrda tutulypdyr.

Olaryň ikisem golaý bir ýerde – tokaýyň ortasynda beýik knýaz Georginiň goşunlarynyň toplanýanyndan habardardy.

Müňbaşylaryň maslahatynda Baty han şeýle diýdi:

– Men bir söweşde urusut goşunlarynyň esasy güýjüni ýok etmek isleýän. Şeýtmesek, özümiz gara gömlüp, tokaýda azaşyp, batga batyp, nam-nyşansyz heläk bolarys. Size jan aýaman uruşmagy tabşyrýan. Esasy güýçlerini ýok edemsoň, men bütin urusut topragynyň ýeke-täk hökümdary bolup galýan. Soň maňa baş göterere garşydaş galanok. Diňe şondan soň bu uzyn sakgal aýylaryň ýurdunda sessiz tabynlyk hem öwlüýädäki ýaly dym-dyrslyk höküm sürer. Ähli adamlaryň iň beýigi bolan meniň atam, "keramatly" hökümdar öz söweşlerinde hemişe şeýle edýärdi, hem şeýtmegi öwredýärdi. Ertir mongol ady üçin beýik şöhradyň ýa-da aňrybaş masgaraçylygyň güni bolar.

– Masgara bolmarys! – diýip, müňbaşylar gygyryşdylar.

– Konaz Gýurgany ýer-ýegsan edenimizden soňam biz dynç alyp oturmarys. Atlarymyzyň başyny urusut şäherleriniň iň baýy bolan Nowgoroda eltýän uly ýola öwreris. Ol ýere biz güýjümizde bar çaltlyk bilen haýdap, derýalaryň buzlary eräp başlamanka ýetmäge gyssanmaly...

– Soň nirä? – diýip, müňbaşylaryň biri sorady.

– Soň garnymyzy ýazyp, aýallaryň göbeklerinde dem-dynjymyzy alarys-da, Muşkafda ele salan tekepbir söwdagärlerimiziň ýurduna tarap ugrarys. Ol ýurduň şäherleri Nowgoroddanam has baý. Hajy Rahym, aýt hany, şol şäherleriň ady nämedir-ä?

– Riga, Lýubek, Gamburg, Brýugge, Lignis – diýip, Hajy Rahym pessaý ses bilen sanaşdyrdy.

– Hawa, şolar! Men bu şäherleriň baryny oz ýöriş donumyň ýeňine dykaryn. Ondan bärde biz urusut konazy Gýurga bilen bellisini etmeli.

## DOKUZYNJY BAP

### Sümme tokaýlykda

*...Tokaý garaňky – ýitmegiň mümkin,*
*Batgadan gitseň – batmagyň mümkin.*

(Gadymy hekaýatdan)

Ýüzbaşy Tulapbergen bilen Ýyldyz hatynyň jahangiriň merhemedi arkaly belent derejä göterilen dogany Musuk taýjy[122] uzak wagtlap maslahatlaşdylar. Olar uly gahrymanlyk görkezip, hatda Subudaý batyry haýran galdyrmagy, şeýdibem, şan-şöhrada eýe bolmagy ýüreklerine düwdüler. Bagty synap görmek kararyna gelip, olar ruslaryň sümme tokaýlygyna girip, öňe gitdiler. Ýörişlerde, hüjümlerde birneme tejribe toplan Tulapbergen ýolbaşçylygy öz eline alypdy. Musuk taýjy özüniň bu täze, ýaşy uly dostunyň diýýän zatlarynyň ählisi bilen ylalaşýardy.

– Örän oňat! Mundan beýläk harby işlerde hemişe maňa ýol görkezersiň! – diýip, ol begençli seslendi.

Olaryň öňünde ruslaryň entek boýun egdirilmedik welaýatlarynyň jümmüşine aralaşyp, knýaz Georginiň lageriniň ýerleşýän ýerini anyklamak wezipesi durdy. Koýda ýerleşen Baty han Tulapbergeniň iberjek habaryna garaşýardy.

Daş-töwerek geçip bolmajak gür tokaý bilen gurşalandy. Garrap giden äpet ýolkalaryň arasyndan egrem-bugram bolup uzalýan ýollar biri-birine gaty meňzeşdi. Ele salnan tokaý awçylarynyň dillerine aňsat düşüner ýaly däldi.

«Sawo hoses?»[123] diýip, olar şol bir sowaly tekrarlaýardylar. Soňam: «Biz, siskarlar çetde ýaşaýarys. Şoň üçinem, hiç zat bilemzogam, eşidemzogam, göremzogam!» diýip içýakgyç jogap gaýtarýardydar. Hötjetlik edenleri üçin tatarlar awçylaryň geýimlerini sypyrdylar. Aýaklarynda diňe agaç gabygyndan örülen köwüşleri galan çüw-ýalanaç awçylar tokaýa gaçdylar. Hol aňyrda her hili ýaramaz hereketler edip, böküşip tatarlaryň gaharyny getirýärdiler.

Olaryň bolup durşuna gaty gahary gelen iki sany tatar atlysy öldürmek niýeti bilen awçylara tarap ugrady. Doňup ýatan kiçijik kölden geçjek bolanlarynda buz jaýrylyp atlary bilen birlikde batganyň

[122] T a ý j y – mongolça beg, şazada diýen manyda.
[123] Ssawo hoses (Чего хочешь? – Näme isleýäň?) – siskarlaryň öz şiwelerinde aýdyşy.

teýine gitdiler. Ýalaňaç siskarlar bolsa towşan ýaly böküşip tokaýa siňdiler.

Tulapbergen bilen Musuk tokaýyň her hili howpdan doludygyna, her ädimiňi aýratyn eserdeňlik bilen ätmelidigine göz ýetirdiler. Olar iki topara bölündiler. Tulapbergen öz otrýady bilen ýollaryň kesişýän ýerini saklamaly, Musuk bolsa on atlysy bilei aňtawa gitmeli.

Harasat güýjedi. Köwsarlap gar tozadýan şemal ýollary gömýärdi. Öňde itleriň sesi eşidildi. Musuk atyny ýoldaşyna tabşyryp, usullyk bilen öne hereket etdi. Golaýda agaç haýat hem oňa baglanan atlar göründi. Bu ruslaryň garawulçylyk edýän ýeridi. Ýuwaşlyk bilen yzyNa dolanan Musuk Tulapbergeniň ýanyna ýetmäge howlukdy.

Tulapbergen haýal etmän Burundaýa çapar ýollady-da, nökerleri bilen gizlenip, garaşmaga başlady. Burundaýyň jogaby agşamlyk gowuşdy. Ol garawullara hiç zat degmän, garaşmagy buýurýardy.

Tizden Burundaýyň öňdäki ýüz atlysy geldi. Olar garawullaryň bolýan ýeriniň daşyna aýlanyp, birden topuldylar. Atlary ele salyp, ýerdölede zatdan bihabar oturan garawullaryň daş çykanlaryny gyrdylar. Diri galan iki esger ýesir alyndy. Bolan işe saçlaryny ýolup ökünýän esgerler soralýan zatlara jogap bermekden boýun gaçyrdylar. Diňe bu gyrylan esgerleriň goşun başlygy Dorožanyn garawul otrýadydygyny aýtdylar. Öldürilenleriň haýsynyň Dorožadygyny anyklamak tatarlara başartmady. Sebäbi hemmesiniň possunlaram, köwüşlerem birmeňzeşdi. Bir özüň ýigrimi adamyň garşysyna çykmaly bolan söweşde janlaryndan el üzen rus esgerleri gözlerini armanly ýumupdylar.

Burundaý at çapdyryp gelen mahaly ruslaryň ýekeje-de diri galany ýokdy. Ol Baty hana çapar ýollap: «Ýok edilen garawulhananyň golaýyndaky ýollaryň aýak yzlardan doludygyndan çen tutsaň, konaz Gýurganyň lageri gaty daşda bolmaly däl» diýip habar berdi. Özüniň gijäni şu ýerde geçirip, daň bilen ugramakçydygyny duýdurdy.

Musuk gije üç atlyny ýanyna alyp, ýene aňtawa ugrady. Onuň ýoly ortasyny derýa kesip geçýän meýdanyň üstünden düşdi. Hol pesden uzalyp gidýän derýa buz bilen örtülendi. Onuň beýleki kenarynda gadymy agaç buthanaly bir oba görünýärdi. Ol ýerde atlylar, pyýada adamlar aýlanyşýardy, gaty köp täze salynýan jaýlar göze ilýärdi.

Musuk konaz Gýurganyň söweşjeň lageri hakykatdanam şu bolmaly diýen karara geldi. Ol ýolka agaçlaryny penalap, garaşmaga başlady. Iňrik düşüp, meýdan dumana duwlandy. Harasat köşeşdi. Orak ýaly inçejik aý ýolkanyň depesine dakylan şaý ýaly bolup öçügsi nur saçýardy. Musuk oba girmek hakynda töwekgel pikire geldi. Oba asudalygyň goýnunda meýmiräp oturdy. Kämahal ondan-mundan it sesleri eşidilýärdi, derýaňyň beýleki kenarynda birnäçe ýerde öçügsi yşyklar ýylpyldap göründi. Soň olaram ýeke-ýekeden öçdi.

Garaňkylyga dykgat bilen nazar salyp, diňşirgenip barýan Musuk ruslaryň berkitmeleriniň nähili ýerleşenini, nirden hüjüm edilse amatly boljagyny anyklamaga çalyşýardy.

Birden garaňkydan ses eşidilip, uzyn boýly biri göni oňa garşy ugrady. Musuk tizlik bilen atynyň başyny yza öwürdi-de, otrýada tarap haýdap barşyna eýýýäm yzymdan kowgy gelýän bolaýmasyn diýip howpurgady. Ýöne tokaýda asudalyk hököm sürýärdi.

Burundaý öz otrýadyny Musugyň görüp, habar beren obasyna golaýlatdy. Goşun bütin gijäni atlarynyň gapdalynda garyň üstünde çugutdyryp geçirmegi makul bildi. Gijäniň ýarymynda ýel turup, güýçli gar ýagyp başlady. Harasat köwsarlap, belent daragtlaryň depesi iki ýana çaýkanýardy. Daňa ýakyn şeýle buýruk berildi: «Atlara birnäçe gysym däne bermeli. Ýaraglaryň guratlygyny barlamaly. Biz bu ýerde uzak wagtlap uruşmaly bolarys. Ýaňy doglan çaga garrap gidýänçä söweşeris, emma yza dönmeris».

## ONUNJY BAP

### Ak periler, sizden medet!

Gar üç gije-gündizläp yzyny uzmän ýagdy. Barha güýjeýän şemal belent daragtlaryň depesinde guwleýärdi. Ýel bady bilen ýeňil gary tozadyp, bir görseň onda, ýene bir görseň munda üýşürýärdi. Söweşjeň lageriň biri-birine ýanaşyk salnan çatmalarydyr ýerdöleleri garyň derdinden ak mata bilen örtülene meňzedi.

Köwsarlaýan harasatdan janyny gutarmak üçin hemme yns-jyns gizlendi.

Diňe bir adam ýyldyrym urup omrulan berýoza ýaly depäniň üstünde garalyp durdy. Bir haýwanyň derisine çolanan ol adam elindäki aýy awlanýan naýzasyna mäkäm söýenip durşuna gar üýemekleriniň kölege ýaly köwsarlaýan boş meýdanyna garap sesine bat berip gürleýärdi. Harasadam onuň gepini tekrarlaýan ýaly aşyrym-aşyrym şuwwuldaýardy. Ol adamyň sesi kä gaty, käte pessaý eşidilýärdi:

– Men derwezeden çykyp, Wagşy meýdana, giň öleňlere, uzak menzillere, garaňky tokaýlara, sowuk suwly çeşmä bararyn. Ol ýerde garrap giden dub agajy bar, gapdalynda bolsa ýanyp duran Alatyr atly gyzgyn daş ýatyr... Şol daşyň teýinde hiç hili gandalsyz, bagsyz ýedi sany garry ýaşaýar. Şol Alatyr daşyny göterip birýana taşlaryn-da, tagzym edip olara ýüzlenerin: «Eý, babalar, demir sandyklaryňyzy açyň-da, ak perileri boşadyň!.. Goý, olar asmana göterilip, tatarlaryň goşunynyň depesinden harasat, tupan indersin, galyň gara gömüp, aldajy aýaz bilen saň-gaty edip taşlasyn!.. Tatarlar, tatarlar päli bozuk zalymlar! Siz näme üçin biziň ýurdumyza döküldiňiz? Size bu harasat ýaly öz erkinize dagdan geçip gitmek başartmaz. Seniň köküň köwläp alys ýere zyňaryn. Şonda sen tozga dek dargap, gül dek solarsyň!.. Öz etmişine düşünersiň, ýöne giç bolar. Meniň bu aýdýanlarym gaýduwsyz adamyň sözleri, olarda ikilik ýok. Meniň sözlerim mergeniň oky, esgeriň gylyjy ýaly ötgür... Gaý-harasadam, gar-ýagyşdyr joşýan sillerem meniň owazymy öçürerden ejiz geler... Meniň goşunym güýçli, ýüregim suwly. Meniň sözüm ukudanam, pälwandanam güýçli. Entek sözüm gutarmanka islegim berjaý bolar. Jadyly sözlerim hemme zatdan ötgür hem güýçlüdir!..

Onuň jadyly sözlerine tabyn bolan ýaly harasat has-da güýçli köwsarlaly. Güýçli şemal gepläp duran adamy ýykmak isleýän ýaly barha gazaba münýärdi.

Bir tarapdan gykylyk eşidildi:

– He-eý! Diri adam bar bolsa seslensin! Öler hala ýetdik!

Jadygöý jogap berdi:

– Bärik geli-iň! Ýol bärde-e!

Ýeri-gögi gapyşdyran çap-çal harasadyň içinden ilki bir, soň ikinji, üçünji adamyň sudury saýgaryldy.

– Saglygyňyzy dileýäs! Bu ýer nire?

– Tüýs saňa gerek ýer. Tatarlar bilen söweşmekçimi?

– Niýetimiz-ä şol. Biz on üç oglan bilen ýedi gyz...

– Tas bir goşunlyk bar ekeniňiz-ow! Bizem bu ýerde tatarlara garşy ýarag çenäp otyrys.

– Biz knýaz Georgiý Wsewolodowiçiň söweşjeň lagerini agtaryp ýörüs.

– Sizi dogran enä berekella. Tokaýlarda azaşman, göni gözläp ýören adamlaryňyzyň üstünden gelmegiňiz, işiňiziň ugruna boljagynyň alamaty. Meniň basan ýerimden basyp, yzyma düşüň! Azaşaýsaňyz al-arwahlaryň eline düşersiňiz. Uzak gijäňizi iki düýp agajyň arasynda gatnap geçirmeli bolarsyňyz.

– Heý, rýazanlylar, tokaýçylar, tarapdarlar! Nirede siz, geliň-ä bärik! Tizräk ýöräň, ýogsam bu garry bizi taşlap gider...

Yzdan gelýän adamlaryň bary ses goşup gygyrdylar:

– Barýas, ata, hemmämiz üýşüp barýas!

– Bu yzyňdan gelýänler kimler? – diýip, garry sorady.

– Bular meniň on iki oglum, galanlary gyzlarym... Tatar ýesirliginden gaçyp gelen gyzlarymam söweşe dyzaýarlar.

– Beýle gyzlara aperin diýmeli!

Olar uzyn hatar tutup, naýzalaryny söýget edinişip barýardylar. Iň öňde tatarlary gömer ýaly harasat çagyran garry barýardy, yzdan bolsa eginleri goýun derisinden tikilen possunly, sagdyn, eginlek, aýaklary kelte, aýy kysymly rýazanlylar gelýärdiler.

Doňup ýatan derýadan geçensoňlar, rýazanlylar harasatdan gizlenip, ýerdölelere sümlen rus esgerlerini gördüler. Gar üýşmeklerinden çala saýlanýan ýerdöleler uzyn hatar edilip salnypdyr. Diňe turbalardan zogdurylyp çykýan çal tüsseler gar tümmekleriniň aşagynyň ýylylygyndan, adam ýaşaýanlygyndan, nahar başynda rus esgerleriniň ondan-mundan gürrüň edip oturanlaryndan habar berýärdi.

# ON BIRINJI BAP

## Sit batgalygynda

Knýaz Wasilkonyň ukusy tutmansoň, üstüne ýapynan possunyny düzedişdirip, bir egninden beýlekä agdarylýardy. Ol gapynyň golaýynda bir çetde ýere düşelen otuň üstünde ýatyrdy. Onuň töwereginde gurt ýatyşyny edip uka giden esgerleriň horruldysy jaýy göçüräýjek bolýardy. Gapynyň jaýrygyndan sowuk girip, yşlarda ýel sykylyklaýardy.

«Halkyň başyna häzirki ýaly agyr külpet inen mahaly näme edilse gowy borka?» diýen pikirler onuň aňynda köwsarlap, ukyny umma kowýardy.

«Knýaz Georginiň bu ýerde edýän işlerine hiç düşünip bilemok. Ýa özüne täze mülk gurýarmyka? Tatarlaryň özleriniň giderine garaşýan bolaýmasyn? Duşman ýeňse berdigi, Demirgazyk Rossiýanyň iň güýçli knýazy bolan Georgiý bu ýerde öz Wladimiri ýaly haýbatly paýtagt dikelder. Köpden bäri ammar, ury gazmak, derýany üç ýerinden bekläp, suw degirmenlerini gurmak hakynda gürrüň etmesi şo zatlaryň alamatyna meňzeýär. Ol öz gepini: «Esgerlige gelýän halkyň sany-sajagy ýok. Şoň üçinem, iýjek unumyzy özümiz üwesek gowy boljak...» diýip delillendirýär. Tokaýyň aňyrsynda bolsa obalar ýanyp, tatar atlylary gözüne ilen adamlary gylyçdan geçirip ýör... Men-ä beýdip uzak ýatyp bilmen. Eger knýaz Georgiý basym urşa başlamasa, öz rostowlylarymy alyp tokaýa siňerin. Uly ýola golaý bir ýerde mekan tutup, tatarlar bilen gaça uruş ederin. Belki-de, Baty hanyň özüni ele salmak başardar...»

Knýaz dikeldi-de, garaňkyda sermeläp pejiň golaýynda guratmak üçin goýan kenep dolagyny tapdy. Onuň üstünden ýüň dolagyny dolanyp, gön köwşüni geýdi. Kelte possunyny ýeňlenip, göni gylyjy sallanyp duran kemerini dakyndy-da, gapyny itdi. Öýdäkileriň hemmesi süýji ukuda ýatyrdy.

Asuda, ýyldyzsyz asmanda täze dogan orak ýaly aý nur saçýardy. Köwsar urýan şemal üstüne gar tozadýardy. Knýaz lageri ýakalap ugrady. Daň atmagyna az salym galypdy. Täze salnan agaç jaýlar, ýerdöleler, haýatlar garly meýdanda açyk-aýdyň bildirýärdi. Söweşjeň lager dym-dyrslykdy. Hemmeler ukuda. Duşman uzakda. Munuň ýaly gazaply sowukda bu gyrak-çete kim gelsin? Ne garawulyň gykylygy, ne tyrkyldy, ne-de aýak sesiniň garda çykarýan gütürdisi, eşidilýär...

Ýere dikilen bölek agajyň üstüne çöken knýazyň kalbyny gussa gaplady.

«Mährem rus topragym! – diýip, ol öz ýanyndan pikir öwürmäge başlady. – Gardyr tokaýlar bilen örtülen giň göwsüň neneňsi ajap! Diňe tokaýlaryň garaňky göwsi hem daýhanlaryň kuwwaty seniň ýalňyz goragçyň! Ähli obalardan daýhanlar ýygnanyp, garry Ilýa Muromes baştutan bolup, olary söweşe äkitsedi! Onda dagy heý, bir duşman zorumyza çydap bilermidi? Ozalkylarymyz ýaly, ähli duşmanlaryň merkini bererdik! Ýowuz, rehimsiz, ýat halk ýurdumyzy tozduryp ýör. Olar rus topragynyň ýüregine aralaşyp, ýurdy maýda böleklere böldi-de, dem almaga maý bermän, gemrip ýuwdup ýatyr... Güýjümizi birikdirip, gerşimize münen ýagynyň ýoguna ýansaň-da!..»

Üzeňňiniň şakyrdysy eşidildi. Ana, kölege süýşüp gelýär. Bir atly barha golaýlaşýar. Knýaz gymyldaman durşuna, üns bilen nazar saldy. Gijäniň içinde lagerde kim, näme zerurlyk bilen aýlanyp bilerkä? Knýaz Georgi-hä däldir-dä? Belent boýly, syratly atam gypjak atyna meňzeş. Üstündäki biziňkilerden-ä däl. Bu ýere nireden düşdükä? Tatar bolaýmasyn? Knýaz Wasilko gylyjyna ýapyşyp, öňe okduryldy. At ürküp bir gapdala towusdy-da, meýdandan ýüzin salyp, gür tokaýa siňdi.

– Tatar!.. Aňtawçy!..

Wasilko onuň yzyndan ylgady. Ýöne ýetjek gümanyň ýokdy. Başga tarapdan ýene-de bir atly göründi. Ullakan ala it onuň öňüne düşüp gelýärdi. «Büýem tatar ýaly-la? Sen-ä sypaýmasaň gerek...»

Atly barha golaýlaýardy. Syrdam, owadan at seýkin basyp gelýärdi. It hyňrandy-da durdy. Atlam atynyň jylawyny dartdy.

– Kim bu gelýän?

– Men Wladimirden gelýän çapar. Beýik knýaz Georgiý Wsewolodowiçiň ýanyna barmakçy.

– Beýle bolsa, gözleýän ýeriňe geldiň. Wladimirden gaýdanyňa köp wagt boldumy?

– On bäş gün dagy boldy. Aýlaw ýol bilen gaýtdym. Ähli ýerde tatarlar enteşip ýör. Olara üç gezek duşup, gaçyp gutuldym. Minneti atymdan çekäýmeli.

– Wladimir hakda näme gürrüň bar?

– Men gaýdan mahalym-a abat durdy. Ýöne ýoldakam her hili ýaramaz habarlar gulagyma degip ugrady...

– Wladimirem elden gidäýdimikä?

– Aýdyşlaryna görä, ýakypdyrlar. Asman üç günläp çym-gyzyl boldy durdy diýýärler...

Knýaz Wasilko başyny egdi. Ýene tizdenem özüni ele alyp:

– Ýaňy seniň öň ýanyňdan şu ýere bir atly geldi. Men gygyrdym welin, gaçyp tokaýa siňdi... – diýdi.

– Biziňkilerden bolsa-ha gaçmaly däl. Tatar aňtawçysy bolaýmasyn?! Häzir bolmak gerek! Olar golaýa gelendir. Pursady sähelçe elden berdigiň, güpbasdy ederler...

– Ýör, tizräk knýazyň ýanyna baraly!

## ON IKINJI BAP

### Sitiň üstünde tupan turýar

Wladimirden çapar bolup gelen Toropka bu ýerde öz ildeşlerine duşdy. Olar kakasy Saweliý Dikorosyň şu ýerdedigini, ýöne ol gelmeziniň öňüsyrasy arabaly un, bugdaý, bede getirmek üçin gidendigini habar berdiler. Toropkany söweşjeň lagerde goýmadylar. Rostowyň knýazy Wasilko oňa Sit derýasyndan Myşkin şäherine barýan ýoluň çatrygynda ýerleşýän garawulhana baryp gelmegi tabşyrdy.

– Seniň ýel ýaly ýyndam atyň bar – diýip, knýaz Wasilko oňa ýüzlendi. – Eger ýolda tatarlaryň gelýänini gördügiň, dessine bize habar ýetir. Birden gapyllykda üstümizi aldyraýmaly.

Üstüne belent uçut abanyp duran jaryň düýbünde üýşürilen odunlaryň ortasynda kiçijik alaw ýylpyldaýardy.

– Nähili zamana boldy! Ähli ýerde tatarlar ysyrganyşyp, kaňkaşyp ýörler. Tokaýda-da ot ýakynjak miltiň ýok. Derrew alkymyňda häzir bolýarlar... Doga okap gutararyna goýman, kelläni togalaýarlar.

Garawullaryn tatarlar görmez ýaly alawyň daşyna odun baryny basanlary şonuň üçindi.

Jaryň sähelçe aňry ýanynda gür tokaýlyk diwar ýaly bolup garalyp durdy. Awçylaryň aýdyşlaryna görä, ol demirgazyga – tä Studen deňzine[124] çenli uzalyp gidýärdi. Bu tokaýda diňe ýabany haýwanlaryň ýodasyndan ýöräýmeseň, başga çykalga ýokdy. Bu ýodalardan näçe asyr bäri ýabany haýwanlar, tokaý döwleridir şeýtanlar ýöreýärmişler. Ondan sähelçe çykan adam ýykylyşyp ýatan agaçlaryň arasynda azaşyp, üsti zeňlän ot bilen basyrylgy batgalyga boýyn gidýärmiş...

Oduň gapdalynda gyşaryp ýatan dört ýigit – tüýs ýagyşam, garam, gaý-harasatdyr jadygöýleriň dogasam kär etmeýän ýigrimi bäşiň dälijesi diýilýänlerdendi! Goýun hem beýleki ýabany haýwanlaryň derilerinden tikilen possuna çolanan ýigitler aşaklaryna ýolkanyň pürlerini düşäp, şahadan ykyşak taşa edinip, biperwaý halda gyş harasadynyň sykylygyna gulak asyp ýatyrdylar. Oduň üstünde ýukajyk dogralan at eti jyzyrdaýardy. Gapdallaryndaky agajyň şahasynda haram öläýmänkä halallamaga ýetişilen çypar atyň hamy serilgi durdy. Toropka hem şol ýerdedi. Oduň gapdalynda nirä gitse ýanyndan galmaýan iti Pegaş ýumak ýaly düýrülip ýatyrdy.

Rýazanda önüp-ösen bu dört gerçek ýigit tatarlaryň syrtmagyndan aman sypansoňlar, «erkin awçylar» bolup, iki-ýeke duş gelýän tatar esgerlerini öldürmek bilen meşgullanyp ugradylar. Knýaz Georgiý Wsewolodowiçiň Wolganyň ýokary akymynda bir ýerde goşun toplaýanyny eşiden ýigitler awçy lyžalarynda uzak ýol söküp onuň ýanyna geldiler. Knýaz olara çet ýoluň ugrundaky şu jarda garawul durmagy tabşyrypdy.

Howp abanan halaty çalt habar bererleri ýaly, bir ýeňil aýak at beren knýaz haýwany aç öldürmän saklamak öz boýnuňyza diýip, olary ot-iým bilen üpjün etmekden boýun towlady. Töwerekde ne ot küdesi, ne-de bir gamyşly batgalyk bar! Şonuň üçinem, ygtybarly ulag hökmünde aýaklarydyr lyžalaryna bil baglamagy ýüregine düwen garawullar ol aty soýup iýdiler.

Garawullar wagt geçirmek üçin gadym batyrlaryň edermenlikleri, perilerdir jadygöýleriň çyna berimsiz gudratlary hakyndaky gürrüňlere güýmenýärdiler. Bu gün garawul durmak Toropkanyň paýyna düşüpdi. Ol gürrüňlere gulak asyp durşuna çypar atyň şaha serilgi hamyna gözüniň gytagyny aýlap, öz söýgüli atynyň şu güne düşerinden howatyr edýärdi.

– Bir gezek – diýip, ýigitleriň biri gürrüňe başlady. – Tokaýdan gelýän daýhanlar gabarasy öz göwresinden on esse uly oduny arkasyna alyp gelýän kiçijik küýki goja sataşypdyrlar. «Hä, goja, tokaýda

[124] S t u d e n  d e ň z i – Ak deňiz.

odun bol mahaly beýdip görgä galyp ýörmäň näme?» diýip, oňa ýüzlenipdirler. «Biler bolsaňyz, bu odunlar bilen men tatarlara garşy söweşip, mähriban ýurdumyzy azat etmege barýan» diýip, goja jogap beripdir. «Eý, akyly çaşan çal, heý, odun bilenem duşmanyň garşysyna çykyp bolarmy?» diýip, daýhanlar ör-gökden gelipdirler. Edil şol wagtam bularyn üstüne tatarlar dökülenmiş. Küýki goja gazaba münüp, odunlaryny ýeke-ýekeden aýlap salmaga başlapdyr. Onuň bir zyňan oduny bir esgere öwrülipmiş. Ýene birini zyňanda tutuş goşun peýda bolupmyş. Ol goşun surnaý çalyp, deprek kakyp, gylyçlaryny galgadyp, tatarlaryň üstüne topulypdyrlar-da, olary edil palaç ýatyran ýaly edipdirler.... Beletleriň aýtmagyna görä, şol küýki goja häzir tatarlar bilen uruşmak üçin Sit derýasynyň boýuna gelenmiş.

– Bu ýere bir daýhan geldi – diýip, garawullaryň beýlekisi gürrüňe başlady. – Sakgaly uzyn, murtlaram edil lakgaň murty ýaly, gulaklarynyň ýeňsesinden çataýmaly. Ol «eger islesem, gar-harasat gopduraryn, islesem, jadym bilen güni gyzdyryp, galyň garlary erederin» diýip öwündi. Perileriň agy, garasy oňa tabyn eken. «Perilerimi çagyraryn welin, olar tatarlaryň depesinden gar ýagdyryp, demikdirip öldürerler. Hristian bolanlary üçin periler ruslara hiç hili zyýan edenoklar. Onsoňam, ruslar döw-perileriň gazabyny dep edýän dogalary bilýärler» diýdi. Ol jadygöýiň adyna Baryba diýýärler...

Toropka uzak garawul durmak nesip etmedi. Sit derýasyna uzalýan ýola seredende, alysda burum-burum bolup asmana göterilýän tüssä onuň gözi düşdi.

– Ýanýan hakyt Boženka gyşlagy-da! – diýip, ol aljyraňňy seslendi. – Tatarlar dökülen bolaýmasyn?..

Ýigitleriň biri garawul durmaga galyp, beýlekileri söweşjeň lagere tarap gyssanmaç ugrady.

## ON ÜÇÜNJI BAP

### Aýylganç habar

Knýaz Georgiý pop Wahrameýiň öýündäki garalyp giden köne dub stoluň başynda iki eli bilen kellesini tutup, perişan halda otyrdy. Ol seçelenip duran çal saçlaryny penjeläp, pessaý ses bilen eňreýärdi. Knýazyň öňünde mukaddes kitapdan howlukmaç ýyrtylyp alnan bölek sary kagyz ýatyrdy. Ol aýaly Agafýanyň setirleri gyşyk, tanyş hatyny öwran-öwran okapdy:

«Algyr laçynym, knýaz Georgiý! Söýgüli aýalyňy terk edip, sen nirelere uçup gitdiň? San-sajaksyz ýowuz tatarlar şäheri çar tarapdan gabadylar. Maňa, çagalarymyza hem ähli ilata ölüm howpy abandy. Uçup gelip, duşmanlary dargadarsyň diýip, bar göz dikýänimiz sen... Seniň mährem keşbiňi ýene bir görsem diýip umytda gije-gündiz Hudaýa sygynýan! Hernä, Hudaý nalyşymy eşidip, rehim edäýedi-dä. Tizräk gel...»

Gadymy mis hajyny döşüne gysan pop Wahrameý knýaza basalyk bermek, göwnüni götermek üçin azara galýardy. Knýaz onuň aýdýan sözlerini diňlemän, aýaly bilei köşgüň eýwanyndaky iň soňky hoşlaşyk pursadyny, gorkudan agaryp, titreýän leblerini ýaňaklaryndan syrygýan gözýaşlary hem boýnuna oralan ak posalak, gyzgyn gollaryny ýadyna salýardy...

Şol wagt daşarydan kimdir biriniň:

– Knýaz nirede? Çaltrak turuzyň ony!.. – diýen howsalaly sesi eşidildi.

Knýaz Georgiý özüni dürsäp, oňa gulak asdy.

– Knýaza aýdyň – tatarlar sil ýaly ýňdarylyp gelýär!

Knýaz tarsa ýerinden turup, daşaryk okduryldy. Badyna oturgyç ýykylyp, gapy açyk galdy. Daşarynyň sowuk, ümürli howasy gyzgyn içerä kürsäp girdi. Giň possunyny howul-hara ýeňlenip, odun çykaýan ýüpi bilen bilini guşanan pop Wahrameý mis hajyny aldy-da, gorkusyndan ýaňa näderini bilmän ellerini göterip duran kempirine ýüzlendi:

– Seni hudaý penasynda saklasyn, Olimpiadam! Indi meniň bolmaly ýerim – esgerleriň arasy. Aldym-berdimli jeň alkyma gelene meňzeýär...

Pop Wahrameý saňňyldaýan aýaklaryny ýygy-ýygy basyp, dumanyň içinde gözden ýitdi.

Knýaz Georgiý täze salnan agaç jaýyna ylgap gelşine:

– Argun! Tiz bol! Sowudymy, gyzyl ädigimi äber! Çaltrak, Argun! Atymy eýerle!.. – diýip gygyrdy.

Aljyraňňy knýaz agaç çüýden asylgy duran ýaraglaryny silteşdirip aldy. Garry hyzmatkär oňa kelte possunynyň üstünden sowudyny geýmäge, kemerini berkitmäge kömekleşdi. Ylgap gelen esgerler knýazyň buýrugyny eşidip, ýene yzlaryna eňýärdiler. Howludan gykylyk eşidilýärdi.

Bir esger sowugyň derdinden gögerip giden iki sany ýalaňaç adamy jaýa südürledi.

Olar:

– Bu näme etdigiň? Biz bu ýagdaýda utanýas!.. – diýip hüňürdeýärdi.

– Baryň! Baryň! Habaryňyzy knýaza özüňiz aýdyň...

Esger aljyraňňy ylgaşyp gygyryşýan ýoldaşlarynyň sesini basmak üçin has gaty ses bilen ýüzi çytyk, aladaly knýaza ýüzlendi:

– Bu batyr siskarlara serediň, beýIk knýaz! Tatarlar eşiklerini sypyransoňlaram bular suw ýylan ýaly olardan gaçyp sypmagy başarypdyrlar!

– Berekella, batyrlar! – diýip, knýaz Georgiý seslendi. – Argun, bularyň ikisine-de possundyr köwüş ber!

Esger sözüni dowam etdi:

– Bular tatarlary aňtapdyrlar. Goşun başlygy Dorožanyň tä ölýänçä nähili urşanyny görüpdirler... Tatarlar gaty golaýdamyş. Uzaklaşman bu ýere gelerler...

Knýaz Georgiý ylgap howla çykdy. Esgerler onuň atynyň çekisini berk dartdylar. Belent atyna atlanan knýaz alabeder elligini geýip, jylawy dartdy. Sol elini kiçiräk galkandan geçirdi. Altyn tuwulgasyny gaşynyň üstüne çümre geýdi.

– Laçynlarym, taýýarmysyňyz?

Atlarynyň uýanyny ellerine oran esgerler çar tarapdan haýdaşyp gelýärdiler.

Söweşjeň lageriň ähli künjünde kerneý-surnaýlaryň sesi ýaňlanyp, kiçijik deprekler takyrdan ugrady.

## ON DÖRDÜNJI BAP

### Söweş

*...Atlary meýdana duşaklap kowuň.*
*Ýatjak bolsaň, berk bolsun saklawyň.*

(Gadymy kozak aýdymyndan)

Hajy Rahym şeýle ýazýar:

«Eý, baky asman! Sen meni şu wagta çenli kalbymy lerzana salýan haýhatly wakalara şaýat bolmaga, ejizligim sebäpli gazabymy ýuwutmaga, halkyň halyna gyýlyp, peýdasyz hasrat çekmäge mejbur edip gelýäň!

Men gazaply sowukda doňup ýatan düýpsüz batgalygyň üstünde tutaşan aýylganç söweşi, wagşy haýwan ýaly gazaply onlarça müň adamly tatar goşunynyň birnäçe müň esgerden ybarat urusut daýhanlary bilen garpyşanyny gördüm. Urusutlaryň ýekejesem ýesir düşmek hakynda pikirem etmän, edil awçylara daşyny aldyran möjek ýaly janyýangynlylyk bilen gylyçlaryny, pyçakdyr paltalaryny işledip, iň soňky demlerine çenli uruşdylar. Men bu zatlary öz gözüm bilen görsem-de, ölmän, henizem diri gezip ýörün!..»

Hajy Rahym müňbaşy Burundaýyň ýigrimi müň esgerden ybarat goşunynyň içindedi. Onuň müňbaşydan alan ýuwaş atyna ýüklän gaýyş gabynyň içi arassa daňylardan, külkelenen kükürt, ýanyk keçe, her hili däri-dermanlardyr ýaralylary bejermäge gerek bolaýjak beýleki zatlardan doludy.

Müçesi kiçi, güýçli mongol aty otrýadyň atlary dursa durýardy, çapsa çapýardy. Hajy Rahym özüne baş bermeýän atyndan agmajak bolup, kä eýere, käte bolsa atyň ýalyna berk ýapyşyp zordan otur ýardy.

Burundaý otrýadyna söweş surnaýy ýaňlanan badyna çozmaga taýýar bolup durmagy buýurdy. Jylawy guşaklaryna daňan esgerler edil atlarynyň öň aýaklarynyň ýanynda pişik ýaly düýrlenip, uzak gijäni garyň üstünde geçirdiler. Ertesi jahan ýagtylanda surnaýyň sesine oýanan esgerler atlarynyň durşuna gyraw bilen örtülenini gördüler.

Öňde goranmaga, garpyşmaga taýýar bolup duran ruslar bilen howply söweşiň garaşýany her bir mongol esgerine aýandy. Bu söweşde olara üstünlik ýar boljakmy ýa-da ýat ilde meýitleri serlip galjakmy – belli däldi.

Otrýad kä maýdalyna, mümkin bolan ýerde atlaryny çapdyryp öňe ugrady. Ençe müň atyň toýnagynyň güpürdisinden elenýän ýeriň güwwüldisi, jaýrylýan buzlaryň sesi ýüregiňe wehim salýardy.

Hajy Rahym atyny öz erkine goýberdi.

Tokaý seýrekleşip, öňde doňup ýatan egri-bugry derýa göründi.

Burundaýýň:

– Ýaraglaryňyzy eliňizde taýyn tutuň! – diýen buýrugy bir hatardan beýleki hatara geçip, bütin goşuna ýaýrady.

Mongollar sag eliniň ýeňini tirsegine çenli çermäp, egri gylyçlaryny gynyndan sogrup, eginlerine aldylar. Atlaryň ýörişi tizleşdi. Iň soňky agaçlar yzda galyp, ýaýylyp ýatan garly düzlüge çykan mongollar wagşyýana gykylyk bilen öňe okduryldylar:

– Khu, khu, mongollar! Urragh, urragh!

Düzlük derýanyň boýy bilen alyslara uzalyp gidýärdi. Çep tarapda içi batgalyklardan doly agaçlary pesräk gür tokaý görünýärdi. Üsti on düýp çemesi sosna agaçly gar basan depe seleňläp otyrdy. Derýanyň sag kenaryny ýakalap köne buthanaly bir oba uzalyp gidýärdi. Ol ýerde täze salnan ak jaýlaryň hatary aýyl-saýyl bildirýärdi.

Derýanyň iki kenaram atlar geçip bilmez ýaly uzyn kökli töňňelerdir agaç haýatlar bilen berkidilendi.

Çaky, ruslar duşman çozar öýdüp pikir etmeýän bolara çemeli. Olar öňden çykyşlaryna ýol ugra geýnip, üstünde gara baýdak galgaýan jaýa bakan haýdaşýardylar. Mongollar meýdanda peýda bolanlaryndan soň ruslar surnaý çalyp, deprek kakmaga başladylar.

Tizden buthananyň ýanynda belent, owadan atyň üstünde egni kümüş sowutly, başy altyn tuwulgaly, ýaýbaň gara sakgally bir atly göründi. Ol ruslaryň hökümdary knýaz Georgidi. Başga bir üç atly ondan galman gelýärdi. Ortaky atlynyň elinde, ýüzüne altyn sapaklar bilen päkize Spasyň[125] suraty çekilen gara baýdak bardy.

Mongollar jahangiriň «Hiç hili päsgelçilikden ýaýdanyp, ýöwsellemeli däl!» diýen buýrugyny berk ýatda saklaýardylar. Otrýadlaryň biri derýanyň beýleki kenaryna geçip, jaýlara tarap ýöneldi. Çep tarapa ugran otrýad berkitmäniň duşundan böwür berip geçdi-de, derýa inip, şol ýerde – buzuň üstünde rus esgerleri bilen çaknyşdy.

Mongol goşunynyň ortaky – üçünji topary hiç hili päsgelçiliklere pitiwa etmän, berkitmedir garymlaryň üstaşyry gözi ýok ýaly öňe okduryldy. Agaç berkitmeleri döşi bilen ýykyp, öňe dyzaýan müňlerçe atlaryň birentegi üstündäki esger bilen birlikde agyp gidýärdi. Yzdan bosup gelýän atlylar ýykylanlary depgiläp, hüjümi gowşatman, bar güýji bilen derýa tarap dyzaýardy.

Agrama çydaman jaýrylýan buzuň tenine gidýän atlylaryň sany barha artyp ugrady.

Beýleki kenarda toplanan ruslar mongollara garşy hüjüme geçdiler. Iki tarapdanam suwa ýykylan esgerler gark bolup barýarkalaram biri-birine gylyç salmagy dowam edýärdiler.

Knýaz Georgiý ýanyndaky birnäçe ýüz atlysy bilen dessine derýa indi-de, çep kenara çykdy Ruslar duşmanyň tokaýdan çykyp gelýän täze toparlary bilen garpyşýardylar. Uzyn, agyr gylyçlar göwnejaý işleýärdi. Rus gylyjynyň güýçli zarbasy mongollaryň ýuka polatdan ýasalan söweş lybaslaryny para-para edýärdi. Rus esgerleriniň hersi özbaşdak söweşýärdi. On-ondan toplanyp hüjüm edýän duşmana öz hataryny bölmän saklaýardy.

Aldygyna çapyp barýan köp atyň arasyna düşen Hajy Rahym germewe tarap okdurylýan atyny saklap bilmäninden soň, aňry gitse heläkçilige uçrajagyna gözi ýetip, özüni garyň üstüne goýberdi. Bagtyna – gapdalyndan zymdyrylyp geçýän atlaryň hiç biriniň toýnagy oňa degmedi. Ol dikeldi-de, özüni çete çekdi.

Öňde kiçiräk depe görünýärdi. Hajy Rahym onuň üstüne çykyp, gyzyşan söweşe syn edip durşuna: «Eger-de konaz Gýurga öz esgerleri bilen egin-egne berip, bile söweşmegi başarsa, tatar goşunlarynyň içinden özüne ýol arçap, tokaýa siňip, halas bolmaga ýagdaýy bar. Bu boluşlaryna olaryň heläk boljagy şu wagtdan aýdyň» diýip oýlanýardy. Rus esgerleri biri-birinden üzňelikde kä çepde, kä

[125] Hristianlaryň «Päkize halasgär» atlandyrylýan keramatlysynyň ady.

sagda söweşýärdiler. Az salymlyk çaknyşykdan soň olaram tatarlaryň arasynda ýitip gidýärdiler. Knýaz Georginiň gara baýdagy birbada hüjüm edýän rus esgerleriniň depesinde pasyrdap, soň çaýkanyp ugrady, ahyram ýykyldy. Göwsünden peýkamdyr naýza sümen knýazyň özem golaý bir ýerde jan berdi.

Söweşe baştutanlyk edýän müňbaşy Burundaý Hajy Rahymyň gaçyp atan üsti sosnaly depesinde durdy. Gyr atyň[126] üstünde oturan uzyn, arryk bir durkundan üýtgemeýän saryýagyz keşpli Burundaý müňlerçe atlydyr pyýada esgerleriň ondan-oňa okdurylyp, garpyşyşlaryny, biri-birlerini rehimsiz çapyşlaryny biperwaý synlap durdy.

Gara baýdagyň çaýkanyp, ahyram ýykylanyny gören Burundaý ukudan oýanan ýaly bolup: «Meniň yzym bilen, öňe!» diýip, wagşyýana gygyrdy-da, özüni goraglaýan ýüz atlysy bilen depeden aşak indi. Onuň nökerleri öňlerinden çykany gazap bilen bir gapdala zyňyp, özlerine ýol arçap baryşlaryna knýaz Georgini diri ele salmak islegi bilen, onuň görlen ýerine bakan haýdaýardylar. Ol ýerde ölenler hem ýaralananlar depe bolup ýatany üçin knýazy tapmak aňsat düşmedi. Ahyry ony tapdylar. Kümüş sowut bilen gyzyl ädik bu ýatanyň knýazdygyndan habar berýärdi. Gaty kän jesediň hem iňleýän ýaralylaryň aşagynda galan gara baýdak knýazyň ýatan ýerinden uzakda däldi. Tatarlar ruslaryň ýaralylaryny öldürip, özleriniňkileri olaryň arasyndan sogrup aldylar.

Batly inen tatar gylyjynyň zarbyndan tuwulgasy parran bölünen, kellesi çapylan, bokurdagyna iki peýkam sümen knýaz Georgiý bireýýäm jan beripdir.

Atyny saklan Burundaý gan siňip, çym-gyzyl bolan gary depgiläp knýazyň ýanyna bardy. Kiçijik ýiti pyçagy bilen howlukman onuň kellesini kesdi. Soňra kelläniň iki gulagyndan inçejik gaýyş geçirdi-de, seçelenip duran çal saçly, uzyn gara sakgally kelläni atynyň guýrugyna daňdy. Gana boýalan barmaklaryny süpürensoň, atyna mündi-de göwnühoş seslendi:

– Ine, urusut konazynyň kellesi atymyň guýrugyndan asylgy dur! Baty han indi-hä maňa hem nökerlerime «Mongollaryň şan-şöhradyny belende götermek üçin arrygyňyzy gynaňzok» diýip igenmese gerek!

– Ýöne ol kelle Baty hanyň atynyň däl-de seň atyň guýrugyndan asylgy – diýip, garry nökerleriň biri duýduryş berdi. – Häzir bol! Jahangir munuň ýaly zady bagyşlaýan däldir!..

Dek düýnem adamlar jaý gurup, gezişip ýa-da beýleki zerur işleri bilen gümra bolup ýören ýeri bolan söweşjeň lagere haýdap gelen Toropka öz gözlerine ynanmajak boldy: ähli ýerde gazaply söweş gidýärdi. Derýanyň iki kenaryndaky meýdanda özlerine düşnükli dilde wagşyýana gygyryşyp egri gylyçlaryny galgadyp ondan-oňa at salyp ýören tatarlar gaty köplükdi. Gözsüz batyrlyk bilen topulýan ruslar aýy awlaýan naýzadyr paltalary bilen erjel söweşýärdiler.

Çep tarapda rostowly esgerleriň öň hatarynda gelýän knýaz Wasilko Toropkanyň gözüne ildi. Elleri gylyçdyr paltaly esgerler hatarlaryny bozman, sap-sap bolup duşmanyň üstüne eňip gelýärdiler.

Bu berk hatary bozmak islän tatarlar olaryn üstüne at goýdular. Ýöne rostowlylar biri-birine mäkäm jebisleşip, duşmanyň gürmek ýerine süsňäp girip, tokaýa tarap öňe sürnüp ugradylar.

Iki tarapyňam güýçleri deňleşipdi. Rus esgerleri duşmanyň birinji hüjümini yza serpikdirip, olaň özlerini gysyp başladylar. Tatarlar çar tarapa dargap, az salym ara açýardylar-da, ýene atlarynyň başyny yza öwrüp, hüjüme geçýärdiler. Rostowly esgerleriň arasynda knýaz Wasilko aýratyn gaýratlylyk bilen söweşýärdi. Toropka onuň ýanyna ýetmek üçin haýdady.

Ruslar duşmany basyberen mahaly tokaýdan atly tatarlaryň täze otrýady göründi. «Bularyň soňy barmyka?» diýdirýän tatar esgerleri iniňi jümşüldedýän inçe sesleri bilen çirkin gygyryşyp hüjüme geçdiler.

Bu gelenler Subudaý batyryň hem-de Baty hanyň özüniň tümenidi. Duýdansyz çozan tatarlaryň biri knýaz Wasilkonyň boýnuna kement taşlady. Ýüpi kesmäge hyýallanan mahaly ýaňadan boýnuna oralan kement knýazy atdan agdardy. Tatarlar dabaraly gykylyklaşyp, ony garyň üsti bilen süýräp ugradylar.[127]

Toropka oňa kömek bermek üçin okduryldy. Çapyp gelen bir atyň güýçli zarbasy ony ýere ýazdy. Toropka dikeldi-de, jesetleriň üstünden böküp ýene birnäçe ädim aralyga ylgady. Depesinden inen batly urgy Toropkany bütinleý ýere ýazdy. Ol tatar hem rus esgerleriniň arasyna ýykyldy. Sähel salym eşitmek miýesser eden söweş gykylyklary tizden köşeşdi. Toropka özünden gitdi.

---

[126] Çingiz han gyr at müneni üçin onuň garry serkerdelerem hökümdarlaryna öýkünmegi gowy görüpdirler.

[127] Sene ýazgylarynda berilýän maglumata görä, tatarlar Rostowyň knýazy Wasilkony öz lagerlerine getirip, hezzet-hormat edipdirler, onuň edermenligini magtap, Baty hanyň goşunynda galmaga yrjak bolupdyrlar. Wasilko öz ýurdunyň duşmanlarynyň hödür-kereminden ýüz öwrüp, Baty hana gulluk etmekden kes-kelläm boýun towlapdyr. Şonda Baty han

edepsiz, hormatsyz sözleri üçin knýaz Wasnlkony gynap öldürmegi buýrupdyr. Ol ählI ejire mertlik bilen döz gelip, iňlemän gahrymanlarça gurban bolupdyr.

## ON BÄŞINJI BAP

### Haýhatly gün

*1238. Ýuriý II (Suzdalyň ýa-da Wladimiriň beýik knýazy)... Sit derýasynyň boýunda çympytrak edilip, tanymal adamlary bilen birlikde jeň meýdanynda heläk boldy. Rossiýanyň şondan soňky agyr ykbaly iki ýarym asyra çekdi.*

(K. Marks, Hronologik göçürmeler)

Baty han öz tümeniniň öňüni başlap söweş bolap meýdana haýdady. Subudaý batyryň oňa:

– Öz parasatly ataňy ýatla. Ol hiç wagt özüni batyr görkezjek bolup, serhoş nöker ýaly goşunyň öňünden at çapdyryp gitmezdi. Hemişe demir ýaly berk düzgün-nyzamly, ýeňilmezek tümeniniň yzyndan ýöräp, olara ussatlyk bilen baştutanlyk ederdi, nirä aýgytly zarba urmaly bolsa, şol ýere kömek ýollardy. Öz ýaş, çalbeýni, geldi-geçer daýyň Kulkan hanyň nä güne düşenini ýadyňdan çykarma. Ol gözsüz batyrlyk edip, soňuny saýman hereket edeni üçin bokurdagyndan peýkam sümüp, bikär ýere ýok bolup gitdi... – diýip, öwüt bermegi ýer tutmady.

Baty han göwünsizlik bilei närazy äheňde jogap gaýtardy:

– Şeýle-de bolsa, men müňbaşy Burundaýyň elimiň astyndaky beýik ýeňşi çekip almagyny islämok.

Baty hanyň esgerleri Sit derýasynyň boýuna baran mahallary tatar goşunlarynyň saly suw üstündedi. Olar gaýduwsyz söweşýän rus goşunlarynyň zarbyna döz gelip bilmän, bitertip görnüşde ondan-oňa alakjaýardylar. Erjel garşydaşlaryny bir zarbada ýok etmek isleýän müňbaşy Burundaýa öz dargan atlylarynyň başyny jemlemek başartmady.

Soň gelen iki tümen beýik söweşiň ykbalyny çözdi. Yza çekilip ugran ruslar kert kenardan pese inip, janyny gutarmak üçin tokaýa gaçmaga başladylar. Çünki, täze gelen tatar otrýadlaryna garşy uruşmak olara başartjak däldi. Içlerinde otrýady bir ýere jemläp, söweşiň howply ýerine ýollamagy başarýan serdar ýokdy. Gara baýdak ýykyldy, knýaz Georgiý öldürildi, batyr hem tejribeli knýaz Wasilko bolsa ýesir düşüpdi.

Rus goşunlarynyň önki berk tertibi dargady. Her kim öz ýerinde başardygyndan söweşýärdi. Esgerleriň batyrlygynyň özüňi gurban etmäge taýynlygyň indi ýagdaýy düzetjek gümany ýokdy.

Depäniň üstüne çykan Baty han öz esgerleriniň ala-goh bolup çar ýana at salyşlaryna, ruslara topulan mahallary gohlaryny goýup, iki tarapyň biri-birlerini gazap bilen sessiz çapyşlaryna syn edip durdy. Gar basyp ýatan düzlükde diňe agyr ýaralanan esgerleriň janagyryly gykylyklary hem iňňildileri eşidilýärdi.

Müňbaşy Burundaý atdan düşüp, howlukman depe dyrmaşyp ugrady. Hemişe çytyk ýüzli, gyňyr Burundaý Baty hana ýakynlaşyp, bir dyzyna çökdi-de, onuň atynyň toýnagyny ogşady. Soňra beýlesine öwrülip, yzynda duran nökeriň elindäki kiçiräk polat galkany aldy-da, depesine göterdi. Altyn nagyşlar bilen bezelen ol galkanyň içinde knýaz Gýeorginiň kellesi ýatyrdy.

Burundaýy görmeýän ýaly, uzaklara garap duran Baty han:

– Näme üçin urusut Hudaýynyň öýüni otladyňyz? – diýip, närazy äheňde seslendi. – Mongollaryň beýik kaganynyň işiniň şowuna bolmagy üçin doga okarlary ýaly, urusut porhanlaryna azar bermeli däl diýip beren buýrugymy unutdyňyzmy?

Burundaý henizem galkany depesine göterip, aýagynyň üstünde sessiz durdy. Baty han knýaz Georginiň kellesine nazar saldy. Onuň gara sakgaly, seçelenip duran uzyn saçly, garamtyl goýy gan gatan ýüzi gaýgy-hasratdan bihabar, göýä uklap ýatan ýaly görünýärdi.

Baty han egildi-de, kesilen kelläniň gulagyny elläp gördi.

– Gulak deşilipdir!.. Sen muny öz atyň guýrugyna daňyp aýlanyňdan soň maňa sowgat diýip getirýärmiň? Ýa üstümden güljek bolýarmyň? Ýok bol!

Baty han galkany kakyp goýberdi. Ýere gaçan kelle depeden aşak togalandy-da, gara batyp durdy. Saryýagyz ýüzi gazapdan ýaňa eňşäp duran Burundaý iki bükülip, hormat bilen ýorgalap özüni bir gyra çekdi.

Baty hanyň töweregindeki adamlar jahangiriň gazabyny nädip köşeşdirjegine gyzyklanma bilei syn edýärdiler. Baty han bir keşbini üýtgetmän, öňküsi ýaly söweşiň gidişine tomaşa etmäge durdy. Ähli ýerde yza çekilýän ruslar özlerini kert kenardan derýa goýberip, beýle tarapa geçýärdiler-de, tokaýa siňip gözden ýitýärdiler. Yzlaryndan ýetip, garpyşýan tatarlar olar bilen bellisini edensoňlar, ýene öňe okdurylýardylar. Garly düzlükde öldürilenleriň jesetleri ýaýrap ýatyrdy.

Knýaz Georginiň jesedini görmek islän Baty han depeden düşüp ugrady. Onuň çal aty garly meýdandan usullyk bilen basyp barşyna, ýaýrap ýatan jesetleriň üstünden böküp geçýärdi. Burundaý ýol görkezmek üçin öňden barýardy.

Rus knýazynyň j觉sediniň ýanynda iki esger gyzyl ýumruga giripdir. Olaryň biri öliniň gyzyl ädiginiň bir taýyny goltugyna gysyp, indem beýlekisini aljak bolup dyrjaşýardy. Garabaşlaryna gaý bolup, çekeleşip duruşlaryna olar jahangiriň golaýa geleninem aňmadylar.

– Olary tutuň! – diýip, Baty han buýruk berdi. – Ädikleri meniň ýüküme eltiň...

Nökerler atdan böküp düşdüler-de, urşup duranlaryň üstüne topuldylar. Baty han şeýle diýdi:

– Mongol goşunynda dawa-jenjel bolmaly däldir. Älemi boýun egdiriji beýik jahangiriň esgerleri üçin uruş, ogurlyk, birek-biregi öldürmek ýaly zatlar ýat bolmalydyr. Eger-de mongol esgerleri biri-birleri bilen urşup ýörse, ýeňiş gazanyp bolarmy? Çingiz hanyň Ýasasynyň parasatly kanunlaryny hemişe ýatda saklamak gerek. Şoňa boýun egmedikleriň paýy ölümdir. Hany, bularyň ikisine-de mynasyp jeza beriň!

Nökerler şadyýanlyk bilen ele düşen esgerleriň birini başşak tutup, kellesini gara sokdular. O biçäräniň ujy çiş, uzyn ökjeli, köne sary ädikli aýaklary howada däbşenekleýärdi. Sypjak bolup urunýan esger «Bu işde men günäkär däl. Baryna doňuz ogly gypjak Böri günäkär» diýip gygyrýardy.

Iki sany daýaw nöker onuň dabanyny gaňryp, tä ýeňsesine degýänçä eplediler. Süňkleriň gütürdisi eşidilip, esgeriň jynssyz gykylygy şobada kesildi. «Men Subudaý batyryň horazynyň garawuly Nazar Kärizegiň ogly Börübaý» diýip gygyrýan beýleki esgerem öňki ýoldaşynyň gününe düşdi. Biloňurgalary ýazdyrylan iki esger gözlerini giň açyp, garyn üstünde serlip galdy.

Söweş tamam boldy. Mongollar daşy gabalyp, çykgynsyz ýagdaýda galandyklaryna garamazdan, entegem garşylyk görkezýän ruslary gyryp gutardylar.

Baty han esgerleriň hem atlaryň jesetleri çaşyp ýatan rus berkitmeleriniň gapdaly bilen atyny sürüp, derýanyň beýleki kenaryna geçdi-de, ýanan buthananyň ýanynda aýak çekdi. Ol şu ýerde dynç almagy ýüregine düwdi. Nökerler rus porhanynyň öýünden doňdurylan bütewi goýun etini tapyp, agaç syhy içinden geçirip, şol durşuna oda kakladylar.

Baty hanyň gapdalynda keçe içirginiň üstünde oturan Subudaý batyr asmana elini uzadyp hümürdedi:

– Her näme-de bolsa urusut porhanlary gaty güýçli. Olar bize bir zyýan ýetirerler. Biziň bu garaňky tokaýdan çaltrak çykyp gitmegimiz gerek.

– Men ilki Nowgorody alaýyn – diýip, Baty han jogap berdi.

Günortana ýakyn şemalyň ugry üýtgäp, başga tarapa öwsüp ugrady. Çal bulutlar dargap, pöwrize daşy ýaly gök asmanda parlak gün göründi. Onuň bütin meýdana çaýylan altyn nurlaryndan gar eräp, bulaklar akyp ugrady. Ýumşak gar atlaryň dyzyna ýetýärdi.

Uçup gelen birnäçe garga gara gömlüp ýatan jesetleriň üstüne gondy. Telpeklerini çykaran tatarlar syrylgy kellelerini gaşap, howany ysgamaga başladylar.

– Bu ýyly şemal mongol sähralaryndan gelýär. Seret, hol gara guş öz yzyna düşürip, ýazy getirdi!

Mis jaň yzly-yzyna batly zaryňňyldady. Demir ýaly düzgün-nyzama tabyn mongollar jesetleri talamaklaryny bes edip, närazy hüňürdeşip, atlaryny yza öwürdiler-de, ozalky obanyň ýerindäki tüsseläp duran ýangyna bakan ugradylar. Ol ýerde abat galan bir ak jaýyň öňündäki uzyn syrykda jahangiriň mis hem altyn bilen bezelip, ujuna çypar atyň guýrugy daňlan tugy al-asmanda galgaýardy.

Ýüzbaşylar çar ýana at salyp, esgerleri aýratyn otrýadlara ýygnaýardylar.

– Baý Nowgorod şäherine ugraýas! Bu jadyly batgalyklardan tizräk ara açalyň! Basym boluň! Bolmasa, barymyz bu ýerde ölüp galarys! – diýen sesler ondan-da-mundan eşidilýärdi.

Boguk sesleri bilen gygyryşýan tatarlar dessine onluklara hem ýüzlüklere toplandylar. Olaryň käbiri olja alan arryk ýabylaryny idip gelýärdi.

Tizden jahangiriň tugy çaýkanyp, goragçy ýüz atlynyň öňüni çekip ugrady. Tutuk keşpli Baty han endamy menekli boz atyň üstünde otyrdy. Onuň süzük gözleri gür tokaýyň göwsüni dilip uzalyp gidýän ýola gönügendi.

Subudaý batyr hem beýleki hanlar onuň yzyna düşüp barýardylar. Olardan soň bolsa tatar esgerleriniň soňsuz hatarlary uzalyp gidýärdi.

## ON ALTYNJY BAP

### Söweşden soň

*...Rus aýdymy!*
*Sen öz-özüň jahana gaýyp düşen gudrat däl:*
*Harabalaň içinde ýagyş, gara ezildiň.*
*Gurum, tüssäň içinde demikdiň sen, boguldyň.*
*Öwlüýäň üstünde gopan tupanlar aýtdy seni...*

(Lew Meý, «Aýdym»)

Törpi ýaly büdür-südür, gyzgyn dil huşsuz ýatan adamyň ýüzüni ýalaýardy. Ilki ýuwaş çyňsama, soňam itiň kelte üýrýäni eşidildi... Bu kimkä? Toropka kynlyk bilen kem-kemden özüne gelip ugrady. Kellesine ilki gelen pikir ony gaty gorkuzdy: «Adamhor it bolaýmasyn? Häzir ýüzümiň ganyny ýalaýandyr, soňam gemrip başlar!»

Toropka agyr bir zadyň aşagynda galan elini zordan çekip aldy-da, itiň bokurdagyndan ýapyşdy. Eli ýüpe ildi... Bu Pegaş ýaly-la! Toropka garaňkynyň içinde sermeläp, itiniň uzyn tumşugyny, keýerip duran gulaklaryny, möjegiň dişinden galan ýaranyň yzy bildirýän giň döşüni tanady.

Ýerinden galjak bolup dyzaýan Toropka ölen atyň aşagyndan aýaklaryny alyp bilmedi. Çep elem agyr bir zadyň aşagynda galypdyr... Belki-de, bu basýan ajalymdyr?.. Ol ölüleriň arasynda ýatyr. Indi ýagty jahan bilen hoşlaşmak nobaty oňky. Suw içsediň! Toropka bir gysym gary agzyna saldy. Garda ganyň tagamy bar!

Ol nirede ýatyrka? Iň soňky pursatlar hakydasyna gelýär – atlaryny ondan-oňa ýüzin salyp ýören ýowuz tatarlar. Kellesine agyr bir zat degeni, ýykylany... ýadyna düşýär... Diýmek, bu ýer söweş bolan meýdan. Onda bu ümsümlik nämekä? Depesine gerlip duran garaňky asmanyň göwsünde orak ýaly inçejik aý nur saçýar. Onuň öçügsi nuruna garly meýdan, golaýdaky ümsüm tokaý, garry, belent ýolkalar çala saýgardýar.

Iňňildi eşidildi. Kimem bolsa, öz-ä adam. Soňra has naýynjar, has gussaly iňňildiler ondan-da- -mundan eşidilip ugrady. Göwnüňe bolmasa, rus topragy bu ganly meýdanda baş goýan ogullarynyň ýasyny tutup, iňleýän ýalydy!

Tatarlar niredekä? Olaryň söweşden soň aýlanyp ýaraly ýatanlary öldürmesi bardy-la? Kömege çagyryp gygyrasy gelýän Toropka tatarlar eşider öýdüp, gorkusyna sesini çykarmady!..

Birsalym ümsüm duran Pegaş diňşirgenip, birden hyňranmaga başlady. Gijäniň ümsümliginde şygyrdy, aýak sesleri, yzyndanam düşnüksiz hümürdi eşidildi. Bir-ä öz ýanyndan samrap gelýär. Toropka kynlyk bilen başyny göterdi. Onuň garşysynda başy çiş telpekli, dony topugyny ýapyp duran, uzyn boýly adam sömelip durdy. Kemere baglanan torbasy arkasyndady. Bir elinde hasa, beýlekisinde bolsa panus bardy. Hallan atýan panusyň öçügsi yşygy garda ak tegmil bolup oýnaýardy.

«Ýaralylary öldürmek üçin aýlanyp ýören gije garakçysy-ha däldir-dä?..»

Golaýda ýene biriniň iňňildisi eşidildi:

– Ah, ajal!.. Bir owurt suw!.. Ölýän...

Uzyn boýly nätanyş golaýlaşyp, edil öňünde ýatan adamyň üstüne egildi. Ýüregine daş baglan Toropka:

– Bärik! Meň ýanyma gel! – diýip gygyrdy.

Nätanyş golaýa geldi-de, ätiýaç üçin hasasyny çemläp aýak çekdi. Tüýleri syh-syh bolan Pegaş üýrmäge başlady.

– Pegaş! Ýat!

Ol adam ýene bir ädim ätdi-de, çalgyrt dilde:

– Men tebip... Ýaralylara em edýän... – diýdi.

Tatar tebibi bolaýmasyn? Belki, rehimi iner?

Birden meniň tatar däldigimi aňyp, hasasy bilen ýelmäýse... Bir başa – bir ölüm. Haýyş bir edip göreýin» diýip oýlanan Toropka:

– Kömek ediň! – diýip seslendi.

Uzyn sakgally adam onuň üstüne egilip, mum şem ýakylan panusyny ýüzüne tutdy. Soň panusyny ölen atyň garnynda goýup, torbasy bilen hasasyny garys üstüne taşlady. Toropkany basyp ýatan iki läşi galdyrjak bolup güýjünde baryndan dyzady. Hykylap, düşnüksiz sözler samyrdady.

Toropkanyň biraz ýüki ýeňläp, beýleki elinem gymyldatmaga ýagdaý döredi. Indi atyň aşagyndan aýagyny sogrup bolsa. Gaty kynlyk bilen aýagynam sypdyrdy.

Biraz yza çekilen Toropka dikelip oturdy. Tebip onuň kellesini, eginlerini elleşdirip gördi. Saçy gan bilen gatapdyr. Tebip çöküne düşüp, usullyk bilen Toropkanyň kelte possunynyň iliklerini ýazdyrdy, gatap galan gan bilen boýalan egnini açdy. Torbasyndan çykaran gülli ýaglygyny çüýşeden ezdi-de, ýarany daňyp, possuny öňküsi ýaly geýdirdi.

– Gutularsyň hernä! –diýip hümürdedi-de, elini döşüne degrip:

– Tebip Hajy Rahym!.. – diýip özüni tanatdy.

Tebip ýuwaş, ynamly ädimläp, iňňildi eşidilýän tarapa ugrady. Toropka ölen atyň garnyna münüp oturyşyna: «Indi näme etmeli? Tatarlar nirä sumat boldularka? Haýsy tarapa gitdilerkä? Tizräk tokaýyn içinde daňylgy duran aç atymyň ýanyna ýetmegim gerek. Soň tokaý ýodalary bilen öýe – Perunow Bora tarap gideýin. Iki dostum – atym bilen Pegaş ýanymda. Kakam niredekä? Bu aýylganç söweşde gurban bolaýan-a däldir-dä? Gözläp tapmak gerek diýip oýlanýardy.

Toropka bu niýetini garşysynda ýuwaşja çyňsap, öň aýaklary bilen ýer dyrnap ýatan itine düşündirmäge jan edýär.

– Pegaş! Meýdana aýlan-da, ölen adamlara ýeke-ýeke seredip, hojaýynyňy gözle! Eýäň nirede? Hany, eýäňi tap! Bol, gözle!

Toropka Pegaşyň tumşugyny sypalap, meýdana iteledi.

– Bar, gözle-de, eýäňi tap!

It meýdana ok ýaly atyldy. Jesetleriň üstünden böküp, eýläk-beýläk aýlandy, ysyrgandy. Bir jesediň ýanynda togtady-da üýrdi, soňam inçe ses bilen uwlady.

Ýerinden turan Toropka jesetlere büdremejek bolup seresaplylyk bilen ses gelen taýa ýöneldi... Atyň aşagynda galyp, gaty agyran aýagy diýen etmejek bolsa-da, ol özüne zor salyp, ädim urýardy.

«Pegaş kakamy tapan bolaýmasyn?» diýip oýlanan Toropka ýörişini çaltlandyrdy. Wepaly it tatar peýkamy ýa-da naýzasy nähili ýagdaýda degene bolsa, şo hili görnüşde ýaýrap ýatan bir topar jesediň ýanynda durdy.

Ysytma tutýan ýaly gagşaýan Toropka çekinjeňlik bilen gar basan hereketsiz jesetleriň üstüne egildi... Ýok! Bü-ýä kakam däl. Ýaş, owadan, ýöne mum ýaly agaran keşp... Oglan ýaly... Uzyn kirpikli gök gözler asmana dikilipdir. Kirpiklere gar tozgalary ýelmeşipdir. Ýaňaklarda uşajyk menekler görünýär. Gelşikli lebler mähirli sözler pyşyrdaýan ýaly çalarak açylyp durdy...

Öz-ä gaty tanyş ýüz!.. Weşnýanka! Sen bu ýere nädip düşdüň? Eşigem oglanyňky!.. Senem tatarlaryň zarbasyndan heläk bolupsyň-da!

Toropka onuň gapdalynda çökdi. Bu ýatanlaram erkek geýimine giren gyzlar. Bary Watan üçin baş goýupdyrlar!

Usullyk bilen eglip Weşnýankanyň sowuk ýüzünden öpen Toropka onuň mähirli ýylgyryşyny, hoşlaşan mahalyndaky aýdan gussaly sözlerini ýatlady.

– Weşnýanka! – diýip, ol pyşyrdady. – Iň soňky gezek hoşlaşyp, ýekeje söz diý-ä! Maňa garaşmaga wada beripdiň. Ahyram gam-hasrata gaplanan meýdanda şeýle ýagdaýda görüşmeli bolduk!..

Ol Weşnýankanyň buz ýaly leblerinden ýene bir ýola öpdi, sowuk, gaty ellerini sypalady... Soňam başyny aşak salyp, oýa batdy.

Birden ses-selemsiz, sowuk howada sogup çykýan aýdym sesi eşidildi. Bu aýdym oňa tanyşdy. Perunow Bordaka obadaşlarynyň jaýlanan öwlüýäsinde kän gezek diňläpdi.

Aýdymy inçeden belent aýal sesi başlady. Oňa ýene bir kükrekden çykýan pessaý sesli aýal goşuldy. Soňra ol sesler goşulyşyp, bilelikde ýaňlanyp ugrady. Owaz edil gulak asýan ýaly gözleri açyk ýatan rus esgerleriniň depesinde edalyk bilen sogup aýlanýardy.

Inçe ses aýdyma başlady:

Tylla güneş tyglaryny ýygnady,
Gizledi özüni belent daglara,
Dulandy ol sümme, gür tokaýlara
Awara bulutlar örtdi ýüzüni
Nurly ýyldyzlary taşlady gitdi...
Men bagtygarany ýalňyz galdyryp
Goýdy mal-gara hem çagalam bilen
Indi hasrat içre günüm tigirläp
Ömürboý gam çekip, köýüp ýörmeli!

Pessaý ses aýdymy dowam etdi:

Biwagt ajal gelip, ýakadan tutdy
Ogryn, gizlin geldi maňa bildirmän.
Eýwanyma geçdi ýaş gelin deýin,
Gözel gyz dek ýalbyrady törümde.
Ýurt söküp ýören bir gedaý ýaly,
Biçäre sypatda sermenip geldi,
Gara garga deýin penjirä gonup,
Bildirmän başuja geçip oturdy
Hem-de sogrup aldy şirin janlary...

Ysgynsyzlygyndan ýaňa yranyp zordan ýöreýän Toropka aýdym aýdýan aýallaryň ýanyna bardy. Olar ýarym aýlaw bolup oturdylar. Ortada esgerleriň jesetleri biri-birine degşip ýatyrdy. Aýallaryň köpüsi erkek geýmindedi. Gapdallarynda paltalardyr aýy awlanýan naýzalar pytraşyp ýatyrdy. Golaýla gelen Toropka çekinjeňlik hem bilesigeljilik bilen seredişen aýallar seslerini kesdiler.

– Salowmaleýkim! Bularyň gapdalynda ýene bir merhuma gonmaga rugsat berermisiňiz?

– Gel, bärik geç! Özüň nireli borsuň?

– Rýazan tarapdan...

– Merhumlara ýasyn okaýarys. Tabytsyzam bolsa, bolşuna görä ärlerimiz bilen bilelikde jaýlajak bolarys.

Bir aýal ýerinden turup, Toropkanyň yzyna düşdi.  Weşnýankany getirip, öz merhumlarynyň gapdalynda ýerleşdirdiler. Toropka garyň üstüne çöküp, aýallaryň kä bilelikde, käte bolsa gezek-gezegine aýdýan aýdymlaryna gulak asdy:

Ös meniň gam-hasratym, näbelli ot dek,
Açylgyn gül bolup parla, açyl-da,
.............. ötegçi adamlaň baryn.
Kempirler seredip – gözýaş etsinler,
Ýüz ýaşly gojalar ýakasyn tutsun...

Oturanlaryň arasyna sessiz ädimläp Hajy Rahym geldi. Bildirmän geleni üçin birden gözi düşüp, aýdym aýdýan aýallaryň sesi tapba ýatdy. Ol elini döşüniň ýanynda hem maňlaýyna goýup, salam berýänini beýan etdi.

– Öz adatlary boýunça çokunýar – diýip, oturanlaryň biri seslendi. Kimä bü?

– Bu tatar tebibi – diýip, Toropka jogap berdi. – Görnüşi derwüş pisint bolsa-da, özi keramatla meňzeýär. Özleriniňki bolsun, biziňki bolsun – tapawudy ýok. Däri-derman edýär, muzduna hiç zat alanok.

Hasasyna söýenip duran Hajy Rahym hatarlanyp ýatan ölülere uzak wagtlap seretdi. Gaty köp wagtlap şeýdip durany üçin, aýallar biri-birine seredişip, ýene-de zaryn ses edip ugradylar. Arka

tarapdan guýrugyny ýamzyna gysyp gelen Pegaş nätanyş tebibiň ýanyna bardy-da, eşigini ysgady. Soňra göwnübir ýaly çete çekilip, Toropkanyň aýagynyň ýanynda düýrlenip ýatdy.

Hajy Rahym beýlesine öwrülip, ellerini asmana göterdi. Onuň gara gözleri oduň ýalkymyna ýaldyraýardy. Aýdym sesi kesildi. Ol rusça çalgyrt gepläp, joşup gürledi:

– Görüň, munuň diýýän zatlaryny! Gepine düşünip bolmasa-da, öz-ä alym adama meňzeýär! – diýip, aýallaryň hyşy-wyşysy eşidildi.

Tatar tebibi hoşlaşýan terzde elini salgady-da, ýuwaş ädim urup garaňka siňip gitdi.

## ON ÝEDINJI BAP

### Ignaç-hajyň golaýyndaky düşleg

Hajy Rahym şeýle ýazýar: «...Daş-töweregimde nirä nazar aýlasam, ölüme gözüm düşýär. Naýzanyň, gylyjyň hem peýkamyň zarbasy enteg-ä menden sowa geçýär. Ýöne men betbagtlyk tygynyň depämden asylyp duranyny bilýän. Özem ol garaşman durkam başyma ýeter... »

Hajy Rahym orak ýaly aýyň öçügsi nuruna çala saýgardýan tokaý ýodasy bilen gidip barýar. Bu ýodadan gary depgiläp, taýyp, ýykylyp-sürşüp müňläp tatar atlylarynyň geçeni äşgär bildirip durdy.

Ýoluň çatrygyna baranda Hajy Rahym kimdir biriniň öz adyny tutup gygyrýanyny eşitdi. Dört atla onuň gözi düşdi. Olaryň biri derwüşiň atynyň jylawyndan tutup durdy. Dört esgeriň biri Arapşa bolup çykdy.

Ýüzbaşy atyndan düşdi-de, Hajy Rahymyň elinden öpüp, ýüzüne syldy.

– Müridiň bolanym üçin seni howp-hataryň ortasynda taşlap gitmäge bognum ysmady. Seniň mongol otrýadlarynyň arasynda üsti adamsyz çapyp ýören atyňy jahangir görüp, tanady. Ol maňa yza dolanyp, seniň jesediňi gözläp tapmagy buýurdy. Ellerine düşäýen bolsaň urusutlar damagyňy çalardy.

– Urusutlaram biz ýaly adamlar – diýip, Hajy Rahym seslendi. – Men ýaraly urusutlaryň derdine em etdim, diri galanlaryň öz merhumlary bilen hoşlaşyk aýdymlaryna gulak asdym. Maňa azar beren adam bolmady. Ykbalyň eli hem wepaly dostum meni ýene-de betbagtlyk guýusynyň teýinden çekip aldy.

Arapşa üzeňňini tutup, Hajy Rahyma ata münmäge kömekleşdi.

Uzak gije hem ertesi irden mongol goşuny ruslaryň demirgazykdaky baý paýtagty bolan Nowgoroda tarap hereket etdi. Günortana golaý ýol ýöremek gaty kynlaşdy. Atlar ýumşan galyň gara garnyna çenli batýardylar. Doňy çözlüp, durşuna läbik bolup ýatan ýolda taýyp ýykylýardylar. Olary turuzjak bolup jan edýän adamlarda-da ysgyn-mydar galanokdy. Ýol görkezýän ýesir ruslar: «Indiki geçmeli ýolumyz hasam erbet. Derýalaryň çişen suwy tä deňize guýulaýýança, elli günläp gatnaw kesiler» diýýärdiler.

Baty han gazaplydy. Ol batga ýykylan esgerlere agzyny giň açyp, gaty gülen rusy öz eli bilen çapyp taşlady-da, şeýle diýdi:

– Edermen hem erjel adam üçin geçip bolmajak hiç hili päsgelçilik bolmaly däldir. Ýolbeletler bizi batga batyrmak üçin bu ýere bilgeşlän getirdiler. Ýöne biz olardan güýçli hem mekirdiris. Biz şöhratly hem baý Nowgorod şäherine hökman ýeteris!

Esgerler uly gowur turuzdylar. Ýoluň üç adam boýy belentlikde agaç haç dikilen bir çatrygynda goşun togtady. Biraz dynç almak üçin tatarlar atdan düşdüler. Penakär hudaýlara ýüzlenmegi maslahat beren Subudaý batyr porhan Kerinkeý-Zadany çagyrmagy buýurdy.

Porhan aýal pes boýly, tüýlek gara atyny münüp geldi. Ol Baty hana gözi düşenden deprek kakmaga, eýeriň üstünde towsaklap, doga okamaga başlady.

– Hany, aýt, asman hudaýlarynyň hyzmatkäri! – diýip, Baty han oňa ýüzlendi. – Men öňe hereket etmelimi ýa-da ýok? Nowgorodda maňa näme garaşýar: oljamy ýa-da ajal? Şu zatlary asman hudaýlaryndan sora.

Egnine aýy derisini atan, telpegi guş ýelekleri bilen bezelen Kerinkeý-Zadan atdan böküp düşdi-de, deprek kakyp, diriň-diriň bökmäge başlady. Birsalym öwrüm edip aýlanansoň, ol birden açyk meýdanda ösüp oturan bir düýp belent sosna tarap eňdi.

– Men bulutlar bilen gürleşip, alyslara göz aýlajak! – diýip, ol gygyrdy. – Hudaýlara ähli zat aýan. Soran zadyňa hökman jogap bererler!

Porhan aýal çalasynlyk bilen agaja dyrmaşdy-da, yralap başlady. Sosnanyň kem-kemden birýana gyşarýany bildirýärdi.

– Häzir bol! Düş basymrak! – diýip, mongollar gygyryşdylar.

Barha çalt gyşarýany bildirýän sosna ahyry gürpüldäp gaýtdy. Batly ýykylan porhan aýalyň badyna buz döwlüp, ol läbik suwa çümüp ugrady. Özüni ýuwdup barýan batgalykdan çykjak bolup, ellerini kelemenledip elewreýärdi.

– Kement tapyň-da, çaltrak oklaň! – diýip, Subudaý batyr gygyrdy. Soňam eýeriň gaşyna berkidilgi kemendini alyp, oňa zyňdy. Kement porhana ýetenokdy. Subudaý atyny heläk bolup barýan Kerinkeý-Zadana golaýladyp, ýüpi külterlemäge başlady. Dyzdan gara batyp, usullyk bilen ädim urup barýan at arany biraz ýygransoň, Subudaý kemendi ýene zyňdy. Bu gezek ýüp porhanyň kellesinden ildi. Çümüp barýan porhan janhowluna kementden ýapyşdy. Subudaýyň ýene bir ädim öňe süýşen atynyň aşagyndaky buz jaýryldy. Atyndan böküp düşmek islän Subudaý özüni arkanlygyna zyňdy. Güýjünde baryny edip aýaklaryny däbşenekledýän at gara lüýge barha çalt çökýärdi.

– Ýeňilmezek serkerde batga gitdi! Çaltrak kömege ýetişiň! – diýip, mongollar gygyryşdylar.

Birnäçe esger Subudaýyň batga giden ýerine gorky bilen töwerekleýin golaýlaşmaga başladylar. Howada galgan kementler garry serkerdäniň ýokary galdyran ellerine hem boýnuna çolandy. Mongollar güýjünde baryny edip öz hökümdaryny çekip ugradylar. Kementler kiriş ýaly dartyldy. Subudaý şol ýagdaýda-da:

– Aty gidirmäň!.. Meň gyr atymy halas ediň! – diýip gygyrýardy.

Subudaýy çekip ýola çykardylar. Boýnuna çenli batga çümen at janawar pyşgyrdy. Batgadan diňe kellesi çykyp duran at soňky gezek adamyňka çalymdaş ses bilen aýylganç haýkyrdy-da, gözden ýitdi. Atam, porhanam dereksiz gürüm-jürüm boldular. Diňe buzuň garalyp görünýän gorkunç deşiginde porhanyň depregi ýüzüp ýördi.

Üsti-başy durşuna palçyk bolan Subudaýy nökerler zordan saklaýardylar. Ol atynyň yzyndan batga bökjek bolup dyzap durşuna:

– Gyr atym! Meni hemişe betbagtlykdan halas edýän sendiň! Paýhasly geňeşdarym sendiň! Sensiz meniň günüm nähili geçer! Nälet siňen urusut topragy!.. – diýip, gaharly gygyrýardy.

Garry mongollaryň bir topary atdan düşüp, garry serkerdäniň daşyna berk halka bolup aýlandylar-da, güýç bilen kellesini aşak basyp, şeýle diýdiler:

– Atyňy ýuwdan batgalyga seretme-de, şu oturyşyňa otur! Bu ýerlere hudaýyň gargyşy siňipdir. Urusutlaryň gara manguslary janyny alara gurban gözläp ýören ekenler. Olar gaýratly Kerinkeý-Zadan bilen seniň ýadamazak, akylly atyňy ýuwutdylar. Biziň bu ýerde ýörişi bes edip, yza dolanmagymyz gerek. Dikilgi duran bu ullakan agaç hajy görýärmiň? Ol urusutlaryň ölen porhanlarynyň başujuna dikýän zatlary. Özem bu ýerde ozalam ençeme ýolagçynyň heläk bolanyndan habar berýär. Garakçy Ignaç adamlary öldürip soňam batga zyňýarmyş... Jahangire düşündir: bize Nowgorodam, onuň baýlygam derkar däl!.. Yza dolanalyň! Sana gyr atyň ýerini tutjak at tapylar. Halanyňy saýla-da tut!

Subudaý batyr egnini silkip, özüni basyp duran mongollaryň elinden sypdy-da, ýerinden turdy. Batgalyga nazar salman, ol golaýda duran atlaryn birini münüp Baty hanyň ýanyna ugrady. Jahangir endamy tegmilli çal, emma häzir derden hem ýelmeşen palçykdan ýaňa garamtyl görünýän atynyň jylawyndan tutup, oňa gara nanyň gyňagyny iýdirip durdy.

Subudaý batyr atdan düşüp, Baty hanyň aýagynyň ýanynda çommalyp oturdy. Müňbaşylar ol ikisiniň töweregine halkalaýyn egrildiler. Hemmeler seslerini çykarman, öz hökümdarlarynyň nähili karara geljegine bisabyr garaşýardylar. Baty han şeýle diýdi:

– Şu wagta çenli meniň badymy saklap bilen zat bolmandy. Meniň goşunym çölden howatyr etmedi, Itil hem beýleki uly derýalardan ýüzüp geçmegi başardy. Indi bolsa urusutlaryň ýowuz manguslary derýalaryň suwy joşup, ýollar köle dönen mahaly meniň ähli goşunymy gyrmagyň kastyna çykdylar. Men Gypjak sähralaryna gidip dynç almak üçin yza dolanmakçy.

– Yza dolanýas! Sähra gidýäs! – diýip, mongollar gygyryşdylar.

Şatlykly habar çalpaw ýoldan uzyn hatar bolup gelýän bütin goşuna ýaýrady.

## ON SEKIZINJI BAP

### «Boýun egmezlik alawuny söndürmeli!»

*...Depelenmez Watanmyzyň namysy...*
*Eger oň başyna bela inäýse, –*
*Hötdesinden geler soňky nesiller!*

(A. K. Tolstoý, «Zmeý Tugarin»)

Hajy Rahym şeýle ýazýar: «Hasratly, şol bir wagtyň özünde-de şöhratly sahypalary ýazyp beýan etmäge ellerim zordan diýen edýär...»

Birnäçe akyma bölünen tatar goşunlary rus topragyndan yza – Gypjak sähralaryna tarap süýşüp ugrady. Tatarlar ýol ugrunda duş gelen şäherleri basyp aldylar hem ýok etdiler, obalary talap, ot berdiler, adamlary gyrdylar. Toržok, Twer, Wolok, Dmitrow hem beýleki şäherler haraba dönderildi. Düşlemek pikiri bolmany üçin tatarlar: «Goý, urusutlar biziň gazabymyzdan eýmensin!..» diýen niýet bilen hiç zady, hiç kimi aýap goýman, rehimsiz ýakyp-ýandyrdylar.

Atlar ot-iým bolmany üçin hor düşüp, ölýärdiler. Munuňam üstesine, taýgak hem palçykly ýoldan gitmek olaryň ysgyn-mydaryny alýardy. Gar suwy goşulyp, daşan derýajyklaryň güzeri tapylmany üçin, çem gelen ýerinden geçmeli bolýardy. Ysgyndan gaçan atlar derýanyň batly akymyna tap getirip bilmän, gark bolýardylar.

Tatarlaryň aran ýaly penjesine ilip, araba atylan zatlaryň ählisi – köne possunlar, gan ýokan geýimler, içi derde ýaramajak ökjesi gopan ädiklerden doly haltalar, döwük gap-gaçlar, moý atan agaç çanaklar, gurap, çakyry çykan hamytlardyr eýerler ýoluň bütin dowamynda ýaýraşyp ýatyrdylýar. Bularyň bary daýhanlardan zorluk bilen alnan atlara ýüklenendi. Tatarlaryň duş gelen zady süpläp barýan ullakan açgöz ordasyna bede-de, iýmem ýetenokdy. Aç, gapyrgalaryndan torba asaýmaly arryk atlar tirkelen arabalary kynlyk bilen çekýärdiler. Belende çykjak bolanlarynda janawarlaryň güýji ýetmän, öň aýaklary esli ýokary galýardy. Ýesir daýhanlar ýykylan atlaryň çem gelen ýerinden gop berip, galdyryp bilmänsoňlar, özlerini eklän janawarlaryň gözgyny halyna ýürekleri awap, aglaýardylar. Tatarlar sykylyk atyşyp, gowünleri bir ýaly, ölen atlary yzyndaky ýüki bilen birlikde ýolda taşlap gidýärdiler. Tatar goşunynyň bir bölegi ruslaryň polowes sährasy bilen serhetde ýerleşýän şagalaňly garawul posty bolan Kozelsk şäheriniň galasynyň ýanynda saklandy.

Tatar goşunynyň bu bölegine Guýuk han baştutanlyk edýärdi. Şanly ýeňişler gazanyp, şöhrada beslenesi gelip, içini it ýyrtsa-da, beýleki goşun başlyklary hemişe ondan öňürdýärdiler.

Kozelskiniň gabawy uzaga çekdi. Kelte gylyçlar bilen ýaraglanan şäher ilaty gazaply garşylyk görkezýärdi, gije duýdurman galadan çykyp, dynç alt oturan tatarlaryň üstüne çozýardylar. Erjellik bilen gala diwaryna dyrmaşýan duşman, güýçli urga duçar bolup, arkan serpikýärdi.

Guýuk han beýleki tatar otrýadlarynyň Gypjak sährasyna tarap süýşüp barýanyny gördi. Onuň kyn gabawdan eňkamy agan esgerleriniň rus batgalyklaryny terk edip, Wagşy meýdanyň giň düzlüklerine gidesleri gelýärdi. Guýuk han gabawy aýyrmak kararyna geldi. Onuň bu pikirini aňan Baty han bada-bat öz «ýeňilmezekleri» bilen şäheriň daşyna berk halka bolup aýlandy. Subudaý batyryň «guduzlary» bolsa Guýuk hany yza çekilýän goşunynyň öňüni baglap, Kozelsk şäheriniň galasyna tarap sürdi.

Şähere entek çaga ýaşyndaky Wasiliý knýazlyk edýärdi. Şäheri goraýjylar tutanýerli söweşip, tatarlaryň başyna oýun salýardylar. Ýesir düşen goraýjylar şeýle diýýärdiler:

– Biziň knýazymyz entek çaga. Watanyň wepaly ogullary bolanymyz üçin biz iň soňky adamymyza çenli uruşmagy ýüregimize düwdük. Özümizden ýagşy at galar ýaly, biz gerek bolsa janymyzdan geçmäge taýyn...

Közelskiniň eteginde kyrk dokuz günläp duran tatarlar şäheriň edermen goraýjylaryna kär edip bilmediler. Şäher ilaty duşmanyň hoş sözlerine, berýän wadalaryna ynanmady, haýbatlaryndan heder etmedi. Ahyry duşman gala ýykýan maşynlaryny işe girizip, şäher diwaryny ýumurdy. Şäheriň pyçak syryp, başa-baş söweşe giren ilaty edil guduzlan ýaly garpyşýardy. Bir günüň içinde tatar esgerlerinden dört müňüsiniň jany jähenneme ýollandy. Şäheri goraýjylaram olaryň gapdalynda baş goýdular. Baty han şäheriň aýallaryna, çagalaryna çenli ähli ilatyny gyrmagy buýruk berdi.

– Bu ýowuz şäheri ýeriň ýüzünden süpürip taşlamaly! – diýip, ol gazaply gygyrdy. – Eger-de şäheriň gaýduwsyz garakçylarynyň gözlerinde ot ýakmasam, bu ýerde hemişe boýun egmezlik alawy köräp, gizlin dildüwşükler ynjalyk bermez. Bulgarlaram, mordwalaram, Rýazan, Wladimir hem beýleki ýüz şäheriň ilatam men goşunymy günbatara sürenimde, ýeňsämden urmak üçin naýzalaryny ýiteldip ugrarlar. Meniň Älemi Sarsdyran beýik Çingiz hanyň erki bilen döredilen keramatly hökümdarlygyma tabyn bolmazlygyň soňunyň nämä eltýändigini gazaply urusutlar berk bellesinler! Eger ýaşaslary gelýän bolsa, olar maňa hormat bilen boýun egmeli bolarlar!..

Baty hanyň nökerleri ot berlen şäheriň ähli ýerlerini aýlanyp şunça gözleselerem kiçijik knýaz Wasilini tapyp bilmediler. Käbirleri «Ol gana gark bolup ölüpdir» diýip ynandyrjak boldular.

Baty han şäherde bir günem eglenmän, goşunyny Gypjak sährasaryna sürdi.

Hemişeki köp adamly, şowhunly Kozelsk şäherň üýşüp ýatan küle, kesege öwrüldi.

Tabyn edilen, talanan, ölüm ýarasy salnan rus, topragy yzda galdy...

Baty han:

– Urusutlaryň ýurdy hiç haçan bu ýarasyndan gutulyp, aýak üstüne galyp bilmez! Meniň erkim, ine, şeýle! – diýdi.

## ON DOKUZYNJY BAP

### Ýene-de sährä!

Hajy Rahym şeýle ýazýar: «Islegiňe çalt ýetmek – eşretiň aňrybaşydyr! Ynsap üçin, iň ýokary bagt – öz ýurduňda, dury suwly çeşmäň gyrasynda külbe dikmekdir. Ýat illerde soňsuz sergezdanlyk edip ýören adamyň ölümine hiç kim gynanmaýar!..»

Mongol goşuny daşan derýanyň suwy ýaly ýaýrap Gypjak sähralarynyň içi bilei günorta tarapa ýöneldi. Dik asmana galan nurly gün gyzgyn howruny sähra ýollary ýaly soňsuz hem birmeňzeş aýdyma gygyryşyp barýan hoşwagt, şadyýan atlylaryň depesinden gysganman saçýardy. Arryklygyndan ýaňa tüýleri bulaşan atlar ýaňyja dürterip çykan sähra otlaryna nebsewürlik bilen agyz urýardylar.

Mylaýym ýaz şemaly ýowşandyr beýleki sähra otlarynyň ysyny getirýärdi. Käte oňa ýakymsyz ýiti ys goşulýardy. Ol – onda-munda ýaýrap ýatan, ýyrtyjy haýwanlara şam bolan çüýrük jesetleriň ysydy.

Ýapgyt belentlikler kä ýerinde topbak gar saklanyp galan, kiçiräk kölleri ýaldyraşýan jülgeler bilen ornuny çalyşýardy. Kölleriň ýokarsynda bulut bolup aýlanýan ördek sürüsi, kümüşsöw öwüsýän guwlardyr gazlar görünýärdi.

Otrýadlar atlar üçin otuň bolrak ýerini peýläp, biri-birinden esli ara açyp düşlediler.

Baty han täze atlar getirmegi buýurdy. Polowes hanlary ýaýaplaşyp, saýlama atlaryň hem baýtallaryň birnäçe sürüsini alyp geldiler. Sürüleriň birinde Baty hanyň ýörişe ugran uçurlarynda münen gar ýaly aty – Akçianam bardy. Tohum arap atyna dözmedik jahangir Rýazany alanyndan soň ony polowes hanlaryna saklamaga beripdi. Olar Baty hanyň aýdanyny yhlas bilen berjaý edipdiler.

Towsaklap duran Akçiana münen Baty han özüni goraýan «ýeňilmezekleri» hem beýleki ýanynda bolýan adamlaryň kiçiräk topary bilen sähra derýajygynyň kenarynda öňden bellenip goýlan düşleg ýerine ugrady.

Töweregi seleňläp duran gadymy depeler bilen gurşalan jülgede jahangiriň altyn reňk sary çadyry gurnalypdy. Onuň töwereginde bolsa hanyň ýedi aýalynyň çadyrlary dikildi.

Jahangir iň hormatly baýry aýalyndan başlap, gezek-gezegine çadyrlaryň ählisine girip çykdy. Ol aýallarynyň her birine bilezik, monjuk, ýüzük, bir top mahmal ýa da ýüpek mata ýaly zatlary sowgat berýärdi. Aýallar ýalbaryp, gözýaş edip, eňreşip ony saklajak bolýardylar. Baty han olaryň birine-de gulak asman, iň kiçi ýedinji aýaly Ýyldyz hatynyň çadyryna girip, şol ýerde gypjak hanlarynyň getiren gymyzlaryny içmäge isleg bildirdi.

Çadyryň gapysynyň ýanynda hormat bilen dyzlaryny epip, gala ýumurýan maşynlary ýasaýan äpet göwreli, tutuk keşpli Li Tun-po hem-de bezemen geýnen Musuk taýjy durdy. Hytaýlynyň egninde altyn sapaklar bilen aždarhanyň suraty çekilen giň ýüpek köýnegi, başynda tawusyň ýelegi dakylan, gök reňkli kiçijik telpegi bardy. Musugyň alabeder hindi sellesini almaz daşlary bezeýärdi, bilindäki alyn guşakdan Damask poladyndan edilen egri gylyç sallanyp durdy.

Jahangir ol ikisine çaltlyk bilen göz aýlap, bir keşbini üýtgetmän şeýle diýdi:

– Men seni çagyrypdym, beýik ussa Li Tun-po. Ýanyňdaky edermen ýigidiň goragy astynda ýene bir ýüz atlyny ýanyňa alyp, goşunymyzyň Itil derýasyndan geçen ýerine ugramaly. Ol ýerde jadylanan Urak dagy bardyr. Aýlan-da, maňa ýöriş köşgüni gurar ýaly amatly ýer tap. Özem deňizden gelýän gämiler onuň basgançaklaryna degip durar ýaly bolsun. Üçegine çykamda mähriban sähramyz, golaýda baýtallar otlaşyp ýören ýaşyl öleňler görünsin. Köşgi açyk ýerde gurmak bolmaz. Sähra galtamanlarynyň çozaýmagy mümkin. Şonuň üçinem, derýanyň goly ýuwup duran ada tapmaga çalyş.

– Gulak asýan hem boýun synýan! – diýip, Li Tun-po, jogap gaýtardy.

– Meniň köşgüm älemiň ýüregi hem başy bolar. Meniň buýruklarym peýkam ýaly atylyp, ähli ýurtlara ýeter. Men Karakorumda beýik kaganlary saýlamakçy. Boýun egdiren şäherlerimiň ählisinde öz salgyt ýygnaýjylarymy oturdaryn. Gündogaryň hem Günbataryň ähli ýerleri meniň erkime tabyn bolar... Ana, şonda meniň beýik Çingiz hanyň wesýetini ýerine ýetirdigim bolar!

– Gulak asýan hem boýun synýan! – diýip, Li Tun-po gaýtalady.

– Şeýle-de bolar! – diýip, Subudaý batyr seslendi. – Sen altyn köşgüň, üçeginde oturan ýeriňden Älemiň boýnuna syrtmak teşlap, güýçli gollaryň bilen özüňe çekersiň!..

Baty han garaýagyz Musugyň tutuk ýüzüne seredip, şeýle diýdi:

– Ussa Li Tun-pony goramaly ýüz atlynyň baştutany edip seni belleýärin. Haçan-da ol köşk bina ediljek amatly ýer tapyp, ilkinji gözegçilik diňini salanda, sen maňa çapar ýolla. Älem-jahanda öňde-soňda gurlan-u-guruljak köşkleriň ählisinden gowy bolmaly.

– Düşünýän hem boýun synýan! – diýip, Musuk jogap berdi.

– Şu günüň özünde ýola düşüň! – diýdi-de, Baty ham çadyra girdi. Jahangiriň söýgüli dogany Urdu, ýeňilmezek serkerde Subudaý batyrdyr sene ýazyjysy Hajy Rahymam onuň yzyndan girdiler.

Zagpyran reňkli köýnegine altyn sapaklar bilen dürli güller çekilen Ýyldyz hatyn Baty hany gözlerini tegeläp garşylady. Ol dyzyna çökdi-de, ýüzin düşüp, Baty hanyň öldürilen knýaz Georgiden sypyryp alan gyzyl ädigini öpdi. Hytaýly gyrnak I La-he ysgynsyzlygyndan ýaňa yraň atyp duran Ýyldyz hatyna yza çekilip, gaýyş ýassygyň üstünde oturmaga kömekleşdi.

– Çepiksije hatynyň ýarawlygy ýok – diýip, hytaýly gyrnak ýagdaýy düşündirdi. – Köp wagtlap sizden habar-hatyr bolmansoň, ol ähli wagtyny hasrat çekip geçirdi. Ysgynsyzlygy sebäpli häzir oňa ýöremegem kyn. Oňa öňki güýjüni gaýtaryp berere tejribeli tebipler gerek.

– Oňa ynanma! – diýip, Ýyldyz hatyn garşy çykdy-da, ýere seretdi. – Öz hökümdarymyň sag-gurgundygyny görenimden soň men ýene-de işlemäge, aýdym hem erteki aýtmaga güýç taparyn...

Baty han Ýyldyz hatynyň gapdalyndaky halynyň üstüne çökdi. Öýe giren serenjamçy oňa ýaşyl ýüpek ýaglygy uzatdy. Baty han rus şäherlerinden talap alan boýundan asylýan haçlary, kiçijik ikonalary, içine doga-tumar salynýan gutujyklary, gulakhalkalary, monjuklary, bileziklerdir gaýry şulara meňzeş owadanja zatlary ýaglygyň üstüne dökdi.

Hytaýly gyrnak olary ýeke-ekeden eline alyp, öz bikesine görkezmäge başlady. Ýyldyz hatyn o zatlara parhsyz garap oturyşyna:

– Saňa gaty minnetdar, beýik jahangir! Bularyň baram owadan zatlar. Men seň merhemediňe mynasyp däl – diýdi.

Ýyldyz hatynyň agardylan ýüzi, reňk bilen uzaldylan goýy gök gaşlary öňküsi ýaly gussaly hem öçügsidi. Ol diňe kiçiräk kümüş aýna gözi düşende biraz janlandy. Soň aýnany eline aldy-da, ýaldyrap duran tarapyna dykgat bilen nazar saldy.

– Gör, men nähili bolaýypdyryn! Birçaklar uzakly gün sährada gezýän mahallarym ýüzüm güne ýanyp, altynsöw öwüsýärdi.

– Sen häzirem isleseň öz işine ezber I La-heniň ýüzüne çalýan zatlaryndan boýun towlap bilersiň – diýip, Baty han oňa ýüzlendi. – Belki, seniň başga göwnüň isleýän zady bardyr? Çekinme-de aýdaý.

– Meniň ýekeje haýyşym bar. Özem ol seň üçin hiç zat. Sen otrýadyňda bir garry bar. Şonuň ýakymsyz ýüzüni gördügim, ysgynym gaçýar. Şol garryny yzyna – Sygnak şäherine ugratmaga buýruk ber. Meň ýüregim diňe şondan soň ynjalyk tapar.

– Eger ol garry saňa göz degrip, kesel ýollaýan bolsa, gark etmäge buýruk bererin. Onuň adyny, nirededigini maňa aýt!

– Ýok, oňa hiç hili ýamanlyk etme. Öňküleriň ýaly belent hem geçirimli bol! Sen oňa arkasyna haly ýapylan dört sany aty sowgat ber. Özem ýeke günem haýal-ýagallyk etmän, ýurduna ugrasyn. Onuň ady Nazar Kärizek. Hemişe Subudaý batyryň ýanynda bolup, onuň horazyna gözegçilik edýär.

– Gulak asýan hem boýun synýan! – diýip, Subudaý batyr seslendi. – Ýyldyz hatynyň islegi – meniň üçin buýrukdyr. Men ol garra saklaýan horazy, düýesi hem iki kejebe bilen gitmäge rugsat berýärin. Goý, ol urusutlaryň şäherlerinden ýygnan mukaddes oljasynam[128] düýä ýükläp, öýüne äkitsin.

## ÝIGRIMINJI BAP

### Haýynlygyň muzdy

Içerik giren knýaz Gleb syr aňjak bolýan ýaly, oturanlaryň ýüzüne dykgat bilen çiňerildi. Baty hanyň oturyşynda nämedir bir zatdan hoşallyk alamaty bardy, Subudaý batyryň görnüşi hemişekileri ýaly ýowuz däldi. Knýaz Gleb iki bükülip tagzym etdi-de, Baty hanyň ýanyna dyzanaklap baryp, ýeri öpdi. Baty han ünsüni başga tarapa sowdy. Knýaz Gleb dyzlaryny ýere urup oturyşyna özünden habar soralaryna garaşýardy.

Ahyry Baty han oňa dikanlap garady-da:

– Konaz Galib, saňa näme gerek? – diýdi.

– Sen beýik! Sen jomart! Öz sadyk guluňa...

– Saňa näme gerek? – diýip, Baty han gaşyny çytyp öňki sowalyny ýene gaýtalady.

– Eý, Nurana! Beýik ýörişiň wagtynda men saňa ak ýürek bilen wepaly hyzmat etdim. Indi bolsa seniň ýeňilmez goşunyň öz mähriban sährasyna dolanyp barýar...

Knýaz Gleb Baty hanyň hereketsiz keşbine garamak üçin sözüne dyngy berdi.

– Näme islegiň bar?

– Mundan beýlägem seniň hyzmatynda bolmaga ygtyýar et!

Baty han dymdy. Knýaz Gleb has ekizlenip sözüni dowam etdi:

– Siziň gül-pürçük sähraňyzda saňa edip biljek hyzmatym ýok. Rus topragynda bolsam, elimden köp zat geler... Maňa merhemet et! Rýazanda öz salgyt ýygnaýjyň et-de belläý. Wepaly hyzmatlarymy ýadyňa sal...

Knýaz Gleb goldaw hantamaçylygy bilen Subudaý batyryň ýüzüne seretdi. Ol doňan ýaly bolup, ýeke gözüni gyrpman, ýere garap otyrdy. Ýyldyz hatyn beýlesine bakdy.

Baty han söze başlady:

– Watanyna haýynlyk eden adamda ygtybar bolmaz. Şeýle adama ynandygyň – işiň gaýtdygy. Amatyna garap, hojaýynyna-da haýynlyk etmegi hiç zatça görmez.

– Meniň wepalydygymy özüň gördüň-ä! – diýip, knýaz Gleb janykdy. – Senden möhüm hyzmatlarymy aýamadym... Knýaz Georginiň lagerini tapyp berdim...

– Şeýle...

– Ýadyňda bolsa, özüm sen hyzmatyňa meýletin gelipdim!

– Meýletin gelmän, başga gidere ýeriň barmydy? Urusutlar-a seni näletläp kowupdyrlar. Gypjak sähralaram meň gol astymda.

– Ýöne...

Baty han Subudaý batyra tarap öwrüldi:

– Parasatly geňeşdarym! Sen meniň beýik atamyň edermen Wan han bilen göreşi barada gürrüň bermäge boýun bolupdyň.

Subudaý batyr edil ukudan açylan ýaly kellesini göterdi-de, ýaş jahangire üns bilen nazar saldy. Soňam parahat ses bilen gürrüňe başlady:

– Ölmez-ýitmez urşujy bolan sen ataň karaitleriň[129] hökümdary Wan han bilen söweş gurdy. Kuwwatly hem güýçli taýpa dyza çökerildi. Ýöne edermen Wan han boýun egmek islemedi. Ol diri galan az sanly batyr esgerlerini daşyna toplap, edil möjek ýaly çeýneşdi. Ol, hakykatdanam, ýowuz duşmandy! Seniň beýik ataň onuň edermenligine sarpa goýýardy...

---

[128] «M u k a d d e s  o l j a» – şähere hüjüm edilende talanylyp alnan zatlar. Ol döwürde «mukaddes» hasaplanylan şol zatlar ýeňijiniň öz zady hökmünde görlüpdir.

[129] K a r a i t l e r – şol döwürlerde Merkezi Aziýadaky iň güýçli taýpalaryň biri. Çingiz han ýaş wagtlary karait hany Wanyň elinde ýönekeý nöker bolup gulluk edipdir.

– Soň näme boldy?

– Çingiz hanyň goşuny ýeňiş gazandy. Onuň garşysyna çykan özüň bolma. Wan hanyň daşy gabaldy. Ähli nökerleri gyrlansoň, iki sany hyzmatkäri bilen gabawdan sypyp gaçdy...

Baty han üns bilen diňläp oturyşyna makullaýjy äheňde başyny atýardy. Ýyldyz hatyn ýakynrak süýşdi. I La-he tolgunmadan ýaňa ellerini döşüne berk gysdy. Knýaz Gleb hemmelere gaharly nazaryny aýlady.

– Şöhratly Wan han gaçyp gutuldymyka?

Subudaý batyr haşlap dem aldy:

– Ýok, başarmandyr. Hyzmatkärleri bolan sary gulak itler oňa haýynlyk edipdirler. Wan han ukuda ýatyrka iki hyzmatkär duýdurman baryp, ony öldüripdirler-de, kellesini Çingiz hana getirip beripdirler.

Hemmeler dymdy. Subudaý batyr sözüni dowam etdi:

– Olar bu işleri üçin Çingiz handan sylag-serpaý hantama ekenler. Emma ol gazaplanyp, şeýle diýipdir: «Wan han kuwwatly hem güýçli wagtynda siz oňa hyzmat etdiňiz. Haçan-da, güni bulaşyp, size arka dirände, onuň hasratyndan peýdalanypsyňyz!..» Parasatly Çingiz han şeýle diýipdir-de, haýynlaryň ikisiniňem biloňurgasyny ýazdyrmagy buýrupdyr...

Baty han ýuwaşlyk bilen beýlesine öwrülip:

– Eşitdiň gerek?.. – diýip, knýaz Glebe ýüzlendi.

Knýaz Gleb jahangiriň aýaklaryny gujaklady. Baty han ony ýigrenç bilen depip goýberdi-de, şeýle diýdi:

– Sen maňa hyzmat etdim diýýärmiň? Olaryň üçin saňa altyn berdik. Ýöne haýynlygyň üçin jezaňy çekmeli bolarsyň... Haýynyň ýüpüne odun goýup bilmen...

Baty han knýaz Glebiň kül urlan ýaly öliniň reňki ornan ýüzüne gözüniň gytagyny aýlady-da:

– Hakyky adam ölümden gorkmaly däldir – diýdi.

– Nurana! Günämi geç! Rehimiň insin! – diýip, knýaz Gleb samrady.

Ýyldyz hatynyň sandyraýan eli Baty hanyň goňras, güýçli eline degdi.

– Ýeri, bolýa-da... Ýaşaber!

Knýaz Gleb Baty hanyň gyzyl ädigini ogşamaga çemlendi.

– Çyk, ugra! – diýip, Baty han sesine bat berdi. – Arapşa! Nökerlere tabşyr: konazy lagerden çykaryp, sähra kowsunlar!

– Men nirä başymy uraýyn? – diýip, knýaz Gleb zarynlady. – Mende watan galmady ahyryn!

Baty han ondan ünsüni sowdy. Iki sany nöker gitmejek bolup arkan gaýyşýan Glebi daşaryk südürledi.[130] Syr bildirmeýän parahat ýüzli Arapşa ol çykansoň, öýüň agyr eňsisini aşak goýberdi.

## ÝIGRIMI BIRINJI BAP

### «Rus ýene-de dikeldilýär!»

Mart aýynda Perunow Bor obasynda ümsümlik höküm sürýärdi, adam-gara görnenokdy. Gelip ýetýän gürrüňlere görä, obadan Rýazan knýazynyň çakylygy boýunça giden esgerler Suzdalyň eteginde, Berendeý batgalygynda, Sit hem Mologa derýalarynyň kenarlarynda söweşipdirler.

Duşmanyň basyp alan şäher-obalarynyň ilatyny rehimsiz gyrýanyndan habarly adamlaryň gidenleriň diri dolanjagyna känbir ynamlary ýokdy...

Tatarlaryň ilki talap, soňam ot beren jaýlarynyň ornunda diňe laýdan salnan peçlerdir harabalaryň gara köýük bolan diwarlary gözgyny bolup ýatyrdy. Diňe kölüň golaýynda ýerleşen jaýlar biri-birine gysylyşyp otyrdylar. Olarda ýagydan sypyp aman galan oglanjyklar ýaşaýardy. Zwýaganyň öňküsindenem ep-esli horlanan aýaly hem başga-da iki sany öýsüz-öwzarsyz kempir olara göz-gulak bolýardylar. Olar her gün köle atan çeňňeklerini barlap düşen balyklar bilen ölmez-ödi edinýärdiler. Munuň daşyndanam owradylan sosna gabygy bilen külke samany goşup, külçe bişirinýärdiler.

Baharyň ýyly güni gür tokaýda baslygyp ýatan galyň garlary eretdi. Perunow Boruň töweregi durşuna çalpaw bolup ýatany üçin geçer ýaly bolmady. Uçup gelen süri-süri guşlaryň hersi özleriçe

[130] Sene ýazgylarynda berilýän maglumata görä, knýaz Gleb köp wagtlap polowes sähralarynda sergezdan bolup gezipdir. Ömrüniň ahyrlarynda ol däliräpdir. Ölen senesi näbelli.

saýrap, biri-birlerine ses goşýardylar. Agaçlaryň gabygyna irginsiz urýan daşdeşenleriň «Çok-çoky!» ýygy-ýygydan eşidilýärdi.

Apreliň başlarynda gaçyp tokaýa siňen adamlardan iki-ýekesi görnüp ugrady. Olar kölden gaýykly geçip, göýä tatarlar seslerini eşidäýjek ýaly, balykçy kempirleriň gulagyna pyşyrdap gürrüň edýärdiler:

– Esasy güýçleri Wagşy meýdana gidenem bolsa, ýollarda enteşip ýören tatarlar entegem kän. Galan otrýadlaryňam ugry şo ýana. Size goşulaýsak kem bolmajak ýaly... Ýüksürenmäweriň! Bu taýy tüýs biziň küýseýän ýerlerimiz. Uly ýollardan daşda, asuda ýerler. Kölde balyklar böküşýär... Ýazlyk ekinleri ekeris, garynlarymyz nandan doýar. Bu ýere gelip, hiç kim azabymyza şärik bolmaz.

Gelýän adamlaryň sany barha köpeldi. Ýagyşlar kiparlap, suwlar çekilip, ýollar çalygansoň hor düşen atlar ysgynsyzlykdan ýaňa yrgyldaşyp, azaldyr malalary süýräp meýdana çykdylar.

Perunow Bory şadyýanlyk gurşap aldy. Ondan-da-mundan çykýan palta sesleri daşdeşeniň dükgüldisi hem beýleki saýrak guşlaryň owazy bilen goşulyşdy. Agaç jaýlaryň uzyn hatarlary peýda boldy. Bir ýerlerden ygyp gelen tüýlek itleriň gijesi-gündizi eşidilýän sesleri obany oba meňzetdi.

Tatarlar hakyndaky gürrüňler barha seýrek eşidilýärdi. Daýhanlaryň ähli pikir-küýleri ertirki gün baradady. Hemmeler «Birçak polowesleriň edişi ýaly, tatarlaram Wagşy meýdana çekilensoňlar, bu ýerlere dolanyp gelmezler» diýen pikirdedi.

Uzyn boýly, arryk aýal göründi. Ol ýöremejek bolup aýaklaryny dikýän, süňkleri somalyşyp duran gaty hor sygryň yzyndan itekläp gelýärdi. Aýallar sary sygryň daşyna egrilişip, gurap giden letde ýaly ýelnini görkezip, başlaryny ýaýkaýardylar. Sygryň eýesi öz malyndan göwnühoşlyk bilen:

– Meni ekläp-saklajak şudur! Ýaz otlary doýum bolar welin, daýanar ötägider. Men bu ýerlerde nirede nähili otuň ösýänine gaty beletdirin – diýýärdi.

– Sen näme, bu ýerlimiň?

– Eýsem näme? Ana, hol görünýän meň külbämiň peji. Çagalykdan oýnap-ösen ýerlerim-ä bu ýerler.

– Waý, sen Opalýoniha ýaly-la? – diýip, Zwýaganyň dul galan aýaly beýlekileriň arasyndan ylgap çykdy-da, oňa tarap okduryldy.

Iki aýal biri-birini gujaklap bir salym gözýaş etdiler.

– Hakyt, tanar ýaly bolmansyň, Opalýoniha! Öňki görk-görmegiňden nam-nyşan galmandyr! – diýip, Zwýaganyň aýaly aglady.

– Seň çagalaň nirede? Ýa olaram bir söwüdiň teýinde ýer düýnäp ýatyrlarmy? – diýip, Opalýoniha sojap durşuna soraýardy.

Olar obadan urşa giden erkekler barada soraşsalar-da, biri-birine derekli aýdyp bilen habarlary bolmady.

– Aýdyşlaryna görä, Saweliý Sit derýasynyň ýanyndaky söweşde öldürilipdir. Waulany Suzdalyň etegindäki tarapdarlaryň arasynda görüpdirler. Toropka batyr ýigit bolup ýetişipdir. Olam gara berenok welin, tatar peýkamy peýmanasyny dolduran bolaýmasa ýagşydyr.

Toropka maý aýynda paý-pyýada oba dolanyp geldi. Özem on iki synasy sagat. Bir üýtgeşen zady – boýy ösüpdir. Köp wagt bäri ýyly-yssa dişi degmäni üçin arryk görünýär. Ol duş gelen adamlaryň ählisinden ene-atasynyň diridigini ýa däldigini, olary nireden gözläp tapyp biljegini sorag-ideg edip ugrady. Özi hakynda şeýle gürrüň berdi: «Meniň ýyndam tatar atym bardy. Yzymdan duşmanlar kowalady. Gaçyp barýarkam atym jardan bökdi-de geçip bilmän, düýbüne ýykylyp, aýagyny döwdürdi. Men gür şahalaryň arasyna gaçyp atyp gizlendim. Tatarlar şunça gözleseler-de, tapyp bilmediler.»

Şol gün polowes atyny münen Lihar Kudrýaşam oba dolanyp geldi. Toropkadan Weşnýankanyň heläk bolanyny eşidenden, ol özüni atdan goýberip, esli salymlap ýer ýumruklap aglady. Kempirler ony köşeşdirjek bolup ot-elek boldular, suw sepelediler. Emma Lihar Kudrýaş olara gulak asman:

– Indi men kim üçin ýaşaýyn? Gyzym bolmasa ýagty jahan gözüme görnenok!.. – diýip nalaýardy.

Soň ol nämedir bir zat hakynda oýlanýan ýaly esli mahallap sesini çykarman ýatdy. Bir salymdan dikelip, pessaýdan kesgitli äheňde gapdalynda oturan Toropka ýüzlendi:

– Gulak as, injik! Bilýän zadymy aýdaýyn. Tatarlaryň esasy güýçleri gitdi. Ýöne uly şäherlerde entegem olaryň käbir otrýadlary bar. Olar biziň adamlarymyz bulagaýlyk edäýmesin diýen niýet bilen goýlan. Wladimiriň täze knýazy Ýaroslaw Wsewolodowiç öz Pereýaslawldaky mülküne gelende, onuň

täze goşun toplamaga girişenini maňa aýtdylar. Men knýaza öz ynamdar ýigitlerimi toplap gelmäge söz berdim.

Töwerekde duran oglanjyklar barmaklaryny agzyna sokup, Kudrýaşyň egnindäki alabeder polowes geýimlerine, telpegine geň galyp seredýärdiler.

– Görýäňmi, bu oglanjyklar entek kiçijik. Bulary iýdirip, geýdirip ýigit çykarýançaň kän wagt gerek. Hemmesiniň kakalary uruşda wepat bolan. Indi biz boýun egdirilen adamlar hökmünde tatar zulmy astynda bilimizi epmeli bolarys... Soň bir wagt ähli zat üçin haklaşyk güni geler! Knýaz Ýaroslaw Wsewolodowiçiň özi esgerlere şeýle diýdi.

– Men seň bilen gidýän! – diýip, Toropka aýgytly seslendi.

Olar tizden Perunow Bory yzda goýup, tokaýyň içi bilen ýola düşdüler. Tokaýyň tupanyň öňýanyndaky asudalygynda oba tarapdan palta sesleri, täze salynýan jaýlar üçin agaç daşaýan aýallaryň gykylyklary olaryň gulagyna köp wagtlap eşidildi durdy.

Lihar aýak çekip, palta seslerine diň salyp durşuna Perunow Bor obasyna tarap elini uzadyp:

– Rus ýene-de dikeldilýär! – diýip seslendi.

## ÝIGRIMI IKINJI BAP

### Alysdaky watanda

Garry Nazar Kärizek Baty hanyň goşunyndan watanyna dolanmaga isleg bildiren ýaraly gypjaklylardyr uýgurlaryň uly toplumyna goşulyp gaýtdy. Baty hanyň ýörişe ugran ýoly bilen yzlaryna gaýdan ol topar dört aý ýol ýöräp, güýzüň başlarynda Sygnak şäherine gelip ýetdiler.

Şäheriň hem golaý-goltumdaky obalaryň aýallary indi köp wagt bäri gözlerini demirgazykdan uzalýan ýola dikip, öz ýörüşe giden erkeklerine bisabyr garaşýardylar.

Nazar Kärizegiň kempiri Gyzdogmaz kiçijik ogly Turtgan hem dört gelni bilen öz öýleriniň gapdalynda durdy. Olar golaýlaşýan atlylaryň garört bolan ýüzlerine howsala bilen seredýärdiler.

Bir düýe han ýörişi ýaly apaň-apaň ädimläp olaryň öýüne tarap ýöneldi. Onuň yzy bilen eýerleriniň üstüne haly ýapylan dört at gelýärdi. Düýäniň üstündäki kejebede bir nätanyş goja gabarylyp otyrdy. Egnindäki ýüpek dony, başyndaky samyr derisinden tikilen tegelek telpegi ol gojany görülmedik ýurduň çaparyna meňzedýärdi. Elinde-de uzyn aýakly horaz bardy.

Birden kiçijik Turganyň çasly sesi ýaňlandy:

– Bu gelýän kakam! Ýöne doganlarym ýok!

Gyzdogmazyň hem onuň gelinleriniň turzan gykylygyna bütin obaň ilaty ýygnandy. Eýeri boş dört aty hem hersiniň gapdalyndaky asylgy duran gylyjy görenleriň ählisi toba edip, ýakalaryny tutdular. Gelinler ylgap baryp atlaryň jylawyndan ýapyşdylar-da, eňreşip, öz öýlerine tarap idip äkitdiler. Gyzdogmaz çygly ýerde ýüzin düşüp ýatyşyna ýer peşäp, çal saçlaryny ütüp perýat edýärdi:

– Waý, balalarym! Hany meň balalarym? Kim olary gaýtaryp berer?

Nazar Kärizek düýeden düşdi-de, dabaraly görnüşde aýalyna şeýle diýdi:

– Dört batyr ogluňy elden gidereňsoň, indi öz çal başyň dikligini dile! – Gojanyň özem saklanyp bilmän ýeňi bilen ýüzüni ýapdy.

Birden Gyzdogmaz kaddyny dikläp, oňa ýüzlendi:

– Hany, oglum Musuk? Heý, ondan derek bilýärmiň?

Nazar Kärizek sesini çykarman, nämedir bir zatlary ýadyna saljak bolýan ýaly, gaşlaryny gerdi. Soňam çal sakgalyny sypalap şeýle diýdi:

– Men Musuga at berdim, uzak ömri, goý, Alla bersin!

Goňşy aýallar gelip, Gyzdogmazy ýerinden turuzdylar-da, öýe saldylar. Başardyklaryndan oňa teselli berjek bolup gamgyn aýdym aýtdylar. Demirgazyga bolan beýik ýörişde baş goýan dört gypjak batyry – Demiriň, Börübaýyň, Ýantagyň hem Gylyçnyýazyň ýasyny tutup, ýakalaryny çäkläp, ýüzlerini dyrçanaklap pers-ala etdiler.

– Hany, seniň mukaddes oljaň – diýip, goňşular Nazar Kärizege ýüzlendiler.

– Oljammy? Hä... niredekä ol? Baýander han gaty kän gul sürüp gelýär. Onuň mukaddes oljasyny ullakan kerwen zordan göterýär... Men weli... Men han däl-ä!

Agşam palaw iýlip bolansoň (palawa Subudaý batyry oýarýan horazyň eti atylypdy), Nazar Kärizek çagşan öýüniň işiginde atyň içirgisiniň üstünde ornaşdy. Töwerekde gysylyşyp oturan

gypjaklylar Nazar Kärizegiň köp suwly Itil derýasyndan aňyrda ýaşaýan geň halklar hem beýik urşujy – Çingiz hanyň agtygy, Juçynyň ogly, ýaş, batyr serkerde Baty hanyň olary boýun egdirişi baradaky gürrüňlerini teşnelik bilen diňleýärdiler.

«Urusutlaryň ekin meýdanlarynda-da, sümme tokaýlyklarynda-da, ýaýylyp ýatan Gypjak sähralarynda-da gaty kän mongol gany döküldi... Çarwalaryň rehimsiz goşunyna garşylyk görkezen parahat ilatyň döken gany olaryňkydan-da has kän. Bu zatlaryň bary mongol adyny belende götermek, şol at bilen halklary gorkuzmak üçin edildi.

Gypjak sähralaryna dolanyp gelmegi bilen, Baty hanyň bulgarlaryň, urusutlaryň, burtaslaryň ýurduny hem Demirgazykda ýaşaýan beýleki halklary basyp almak üçin guran birinji ýörşi tamamlandy.

Ýöne Çingiz hanyň agtygy bolan ýaş serkerdäniň ýowuz niýetleri munuň bilen çäklenmedi. Iki ýyl Gygpjak sährasynda bolup, ýörişde ysgyndan gaçan mongol atlary güýç toplansoň, Baty han öz ummasyz uly ordasy bilen Demirgazyga täze, öňküden-de aýylganç ýörişe girişdi – ilki bilen urusutlaryň altyn gümmezli Kiwamen şäherine, soň bolsa has aňyrda ýerleşýän ýurtlaryň depesinden elhençlik hem howsala inderdi.

Ýöne bu zatlaryň barysy hakynda men başga kitapda ýazypdym. Men bilesigeliji okyja möwç urýan urşuň ýangynynyň halklara getirýän hasratlaryndan halas bolup, parahat hem uzak ömür arzuw etmek bilen, şol kitaba salgylanmagy maslahat berýärin...»

*(«Hajy Rahymyň ýol ýazgylaryndan» göçürme)*

S O Ň Y.

# MAZMUNY

## BIRINJI BÖLÜM

### Çingiz hanyň wesýeti


Birinji bap. *Gündogar sene ýazyjysynyň külbesinde* . . . . . 6

Ikinji bap. *Tümlükden çykan myhman* . . . . . 8

Üçünji bap. *Atdyr ýigidiň gaýraty* . . . . . 9

Dördünji bap. *Ýigidiň ömür ýodasy* . . . . . 11

Bäşinji bap. *Mongollar ýöriş şaýyny tutýarlar* . . . . . 13

Altynjy bap. *Ýeňilmez serkerde* . . . . . 14

Ýedinji bap. *Ymamlar kyn ýagdaýda galdy* . . . . . 15

Sekizinji bap. *Guýuk hanyň pilçesi* . . . . . 17

Dokuzynjy bap. *Batyr Nazar Kärizek* . . . . . 18

Onunjy bap. *Han jomartlygy* . . . . . 19

On birinji bap. *Atyň yzyny çalyp* . . . . . 21

On ikinji bap. *Ak at* . . . . . 23

On üçünji bap. *Atbakar doganlar* . . . . . 24

On dördünji bap. *Tez atyň tabyn edilmegi* . . . . . 26

On bäşinji bap. *Adyl kazylar* . . . . . 28

On altynjy bap. *Aýal maslahaty* . . . . . 30

On ýedinji bap. *Ýyldyz* . . . . . 31

On sekizinji bap. *“Ähli derwüşleri çagyrmaly!”* . . . . . 32

On dokuzynjy bap. *Basybalyjynyň arzuwy* . . . . . 34

Ýigriminji bap. *Jahangir – älemi boýun egdiriji* . . . . . 36

Ýigrimi birinji bap. *Baş serdaryň saýlanylmagy* . . . . . 37


## IKINJI BÖLÜM

### Baty han Günbatara ugrady


Birinji bap. *Goşun ýola düşdi* . . . . . 41

Ikinji bap. *Ýolda* . . . . . 43

Üçünji bap. *Yza galanyň paýy – ölüm* . . . . . 44

Dördünji bap. *Çölde ýalňyz galan adam* . . . . . . . . . . 46
Bäşinji bap. *«Halklaryň derwezesi»* . . . . . . . . . . 48
Altynjy bap. *Baty hanyň ýedi ýyldyzy* . . . . . . . . . . 49
Ýedinji bap. *Ýedinji ýyldyz* . . . . . . . . . . 50
Sekizinji bap. *Jahangir bilen söhbet* . . . . . . . . . . 52
Dokuzynjy bap. *Çingiz hanyň nebereleriniň beýik maslahaty* . . . . . . . . . . 54
Onunjy bap. *Itil derýasynyň kenarynda* . . . . . . . . . . 58
On birinji bap. *Goja Wawila* . . . . . . . . . . 60
On ikinji bap. *Itil derýasyndan geçiş* . . . . . . . . . . 62
On üçünji bap. *Süýnen ýyldyz* . . . . . . . . . . 64
On dördünji bap. *Urak dagynyň jadygöýi* . . . . . . . . . . 67
On bäşinji bap. *Mongol goşunynyň baýramy* . . . . . . . . . . 69
On altynjy bap. *Ýowuz gije* . . . . . . . . . . 71
On ýedinji bap. *Itil han hakynda erteki* . . . . . . . . . . 73

## ÜÇÜNJI BÖLÜM

**Mongollar rusuň üstüne süýşip ugrady**

Birinji bap. *Ýaşuly tokaýçy* . . . . . . . . . . 78
Ikinji bap. *«Uly ilden» gelenler* . . . . . . . . . . 80
Üçünji bap. *Ilkinji howsala* . . . . . . . . . . 81
Dördünji bap. *Wagşy meýdana ugradylar* . . . . . . . . . . 82
Bäşinji bap. *Halk başagaýlygy* . . . . . . . . . . 83
Altynjy bap. *Rýazan maslahaty* . . . . . . . . . . 85
Ýedinji bap. *Tatar ilçileri* . . . . . . . . . . 86
Sekizinji bap. *Wagşy meýdanda* . . . . . . . . . . 88
Dokuzynjy bap. *Tatarlar ugrady* . . . . . . . . . . 91
Onunjy bap. *Tatarlaryň öňdäki ýüzlüginde* . . . . . . . . . . 93
On birinji bap. *Ilkinji rus ýesiri* . . . . . . . . . . 95

## DÖRDÜNJI BÖLÜM

**Mongollar bilen ilkinji çaknyşyklar**

Birinji bap. *Rus ilçileri Baty hanyňkyda* . . . . . . . . . . 97

Ikinji bap. *Woronež derýasynyň boýundaky tatar lagerinde* . . . . . 99
Üçünji bap. *Mongollar bilen parahat duşuşyk* . . . . . 104
Dördünji bap. *Tatar düşelgesiniň üstünde gopan harasat* . . . . . 107
Bäşinji bap. *Mongollar hüjüme geçýär* . . . . . 111
Altynjy bap. *Knýaz aýaly Ýewpraksiýa* . . . . . 112
Ýedinji bap. *Ýesir mongollar* . . . . . 114
Sekizinji bap. *Wagşy meýdandaky söweş* . . . . . 116
Dokuzynjy bap. *Rýazanyň üstüne ýöriş* . . . . . 118
Onunjy bap. *Öli meýdan* . . . . . 119

## BÄŞINJI BÖLÜM

**Rýazan topragy ot içinde**

Birinji bap. *Paltanyň sapyny berk tutuň!* . . . . . 121
Ikinji bap. *Rýazanyň diwarlarynyň öňünde* . . . . . 122
Üçünji bap. *«Tatarlar gelýär!»* . . . . . 124
Dördünji bap. *Rýazanyň gabalmagy* . . . . . 126
Bäşinji bap. *«Itleriň üýrüşlerini eşidýärmiň?»* . . . . . 127
Altynjy bap. *Şäher etegindäki obada* . . . . . 128
Ýedinji bap. *«Biz haýwana-da rehim edýäs»* . . . . . 131
Sekizinji bap. *Galagoply gijeler* . . . . . 133
Dokuzynjy bap. *«Kimiň hudaýy has güýçli?»* . . . . . 134
Onunjy bap. *Rýazanyň iň soňky günleri* . . . . . 136
On birinji bap. *Ölenler bilen hoşlaşyk* . . . . . 138

## ALTYNJY BÖLÜM

**Rus topragyna abanan gara bulut**

Birinji bap. *«Jygyldaýar!»* . . . . . 142
Ikinji bap. *Knýazyň eli uzyn, özi husyt* . . . . . 143
Üçünji bap. *Tatarlar golaýda* . . . . . 145
Dördünji bap. *«Watany goramaga howlugyň!»* . . . . . 148
Bäşinji bap. *«Muşkafyň üstüne ugralyň!»* . . . . . 150
Altynjy bap. *Baty han Moskwanyň alkymynda* . . . . . 153

Ýedinji bap. *Kulkan han Kolomnanyň eteginde* . . . . . . . . . . 158
Sekizinji bap. *Gabaw awy* . . . . . . . . . . 161
Dokuzynjy bap. *Baty hanyň gazaby* . . . . . . . . . . 164
Onunjy bap. *Wagşylar paýtagta howp salýar* . . . . . . . . . . 166
On birinji bap. *Grek-rus mekdebinde* . . . . . . . . . . 167
On ikinji bap. *Wladimir şäheriniň hasratly günleri* . . . . . . . . . . 168
On üçünji bap. *Diri alaw* . . . . . . . . . . 171

## ÝEDINJI BÖLÜM

### Gazaply Ýewpatiý

Birinji bap. *Rýazanyň köki* . . . . . . . . . . 175
Ikinji bap. *Tokaýyň ortasyndaky meýdanda* . . . . . . . . . . 178
Üçünji bap. *«Aman!..»* . . . . . . . . . . 181
Dördünji bap. *«Slyş ty...»* . . . . . . . . . . 183
Bäşinji bap. *Baty hanyň yzyndan kowgy* . . . . . . . . . . 185
Altynjy bap. *Gijeki garpyşyk* . . . . . . . . . . 187
Ýedinji bap. *Berendeý batgalygy* . . . . . . . . . . 188
Sekizinji bap. *Depede galanlar* . . . . . . . . . . 190

## SEKIZINJI BÖLÜM

### Harasat güýjeýär

Birinji bap. *Rostow knýazy Wasilko* . . . . . . . . . . 193
Ikinji bap. *Söweşjeň lager* . . . . . . . . . . 195
Üçünji bap. *Baty han monastyrda* . . . . . . . . . . 197
Dördünji bap. *Hüjräniň gapysynda* . . . . . . . . . . 199
Bäşinjinji bap. *«Tiz bol!»* . . . . . . . . . . 201
Altynjy bap. *Monastyryň bagynda* . . . . . . . . . . 203
Ýedinji bap. *Baty hanyň düýşi* . . . . . . . . . . 206
Sekizinji bap. *Batynyň ýodasy* . . . . . . . . . . 208
Dokuzynjy bap. *Sümme tokaýlykda* . . . . . . . . . . 209
Onunjy bap. *Ak periler, sizden medet!* . . . . . . . . . . 210
On birinji bap. *Sit batgalygynda* . . . . . . . . . . 212
On ikinji bap. *Sitiň üstünde tupan turýar* . . . . . . . . . . 213

On üçünji bap. *Aýylganç habar* . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 214

On dördünji bap. *Söweş* . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 215

On bäşinji bap. *Haýhatly gün* . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 218

On altynjy bap. *Söweşden soň* . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 220

On ýedinji bap. *Ignaç-hajyň golaýyndaky düşleg* . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 223

On sekizinji bap. *«Boýun egmezlik alawuny söndürmeli!»* . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 225

On dokuzynjy bap. *Ýene-de sährä!* . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 226

Ýigriminji bap. *Haýynlygyň muzdy* . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 228

Ýigrimi birinji bap. *«Rus ýene-de dikeldilýär!»* . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 229

Ýigrimi ikinji bap. *Alysdaky watanda* . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 231

# Maglumat

Redaktor E.Ataýew
Suratçy A.Smetanin
Surat redaktory B.Kuraýew
Tehredaktory D.Annagurdowa
Korrektor J.Söhbetowa

Ýygnamaga berildi 05.05.85 ý. Çat etmäge rugsat edildi 26.05.86 ý. Formaty 84 x 108 $^{1/32}$. Tipografiýa kagyzy № 2. Ýokary çap ediş usuly. «Edebi» garniturasy. Şertli reňkli ottiski 26,103. Fiz. çap listi 15,5. Çap listi 26,04. Uçýot-neşir listi 25,805. Tiražy 40 000 ekz.

Zakaz № 3300. Bahasy 2 m. 30 k.

«Türkmenistan» neşirýaty, Ö.Kulyýew köçesiniň 31-nji jaýy.
Mary oblast çaphanasy, Leningrad köçesiniň 139-njy jaýy.